**B. Esenow, H. Çakanow**

# GADYMY DÜNÝÄ TARYHY

## (Gresiýa)

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Türkmen döwlet neşirýat gullugy
Aşgabat – 2013

UOK 94 (38) + 378
E 67

**Esenow B., Çakanow H.**
**E 56** **Gadymy dünýä taryhy (Gresiýa).** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2013.

Okuw kitabynyň girişi, 1–11-nji hem-de 16–17-nji paragraflary, möhüm seneleri, edebiýat sanawy B. Esenow, 12, 13, 14, 15-nji paragraflary H. Çakanow tarapyndan ýazyldy.

Taryh ylymlarynyň kandidaty Y. Annaorazowyň redaksiýasy bilen

TDKP № 56, 2013 KBK 63.3 (4) ýa 73

© B. Esenow, H. Çakanow, 2013.



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# GIRIŞ

**«Antiki taryh» barada düşünje.** Häzirki zaman Ýewropa siwilizasiýasy özüniň gözbaşyny gadymy grek we rim medeniýetinden alyp gaýdýar. «Antik» sözi (latyn antiguus–gadymy) dünýäniň hemme ýurtlarynyň gadymy döwrüni aňlatman, eýsem, diňe gadymy grek-rim dünýäsini aňladýar. Sebäbi bu döwürde grekler we rimliler tarapyndan geljekki Ýewropa medeniýetiniň ösüşiniň esaslary goýulýar. Şondan hem grek-rim dünýäsiniň medeniýetini aňladaýan nusgawy (latyn sözi ***klassisus***–birinji derejeli) döwür gelip çykýar. Şol döwür hem, adamzadyň medeni taýdan ösüşiniň kämilleşmegi üçin, köp asyrlap ýörelge bolup hyzmat edipdir. Şoňa görä-de, Gadymy dünýä taryhynyň ikinji bölümi dünýä ylmynda «Antiki taryh» diýlip atlandyrylýar. Ol Gadymy Gresiýanyň we Gadymy Rimiň taryhyny öz içine alýar.

Antiki döwrüň nusgawy medeniýetini döreden gadymy grekler we rimliler garyndaş halklar bolupdyrlar. Olar hindi-ýewropa dil maşgalasyna degişli bolup, gadymy döwürden bäri olaryň däp-dessurlaram meňzeşräk bolupdyr. Emma muňa garamazdan, grekler taryhy ösüş ýoluna ilkinji düşüpdirler we ilkinjiler bolup antiki siwilizasiýanyň düýbüni tutupdyrlar. Rimliler hem gijräk şol antiki siwilizasiýa ýoluna goşulypdyrlar. Şol sebäpden bu döwre alymlar antiki döwür diýip kesgitleme berýärler.

Ýöne gadymy grekler bilen rimlileriň medeniýete goşan goşantlary dürli-dürlidir. Eger-de grekler döwletiň demokratik ýörelgeleriniň iň kämil görnüşini, ýagny çeper edebiýaty, sungaty, jemgyýetçilik ylymlarynyň esaslary bolan–filosofiýany we taryhy döreden bolsalar, rimliler greklerden döwlet gurluşyny we olaryň medeniýeti ösdürmegiň ýol-ýörelgelerinden ugur alyp, Ortaýer deňiz sebitini bir bütewi Rim imperiýasyna birleşdirip, binagärçiligi we inženerçiligi ösdürýärler. Hukuk ulgamyny kämilleşdirmekligiň ýollaryny işleýärler, kanunlary neşir edip, täze döwür üçin döwletiň hukuk esaslaryny döredýärler.

Grekleriň demirgazyk Balkandan, Dunaýyň orta akymlaryndan Gresiýa göçüp gelendigi çaklanylýar. Grekler köp sanly garyndaş taýpalar bolup, özlerine ellinler, ýurtlaryna bolsa Ellada diýipdirler. «Grek, Gresiýa» diýlen adalgalar gijräk Rimde ýüze çykýar. «Grek» ady Gresiýanyň demirgazyk-günbatar sebitlerinde ýaşaýan grek taýpalarynyň biriniň ady bolup, olar ir wagtdan italikler bilen gatnaşykda bolupdyrlar, şolar hem ellinleri «grekler» diýip atlandyrypdyrlar. Gijräk döwürlerde beýleki halklar hem ellinleri «grekler» diýip atlandyryp başlapdyrlar.

Grekleriň bütewi bir halk diýlip adynyň tutulyp başlanmagy b.e. öňki VIII–VII asyrlara degişlidir. Ondan öň grekler diňe taýpalaryň atlary boýunça: ioniýler, aheýler, eoliýler, doriýler diýlip atlandyrylypdyr.

**Gadymy Gresiýanyň geografiki ýerleşişi.** Gadymy Gresiýa geografiki taýdan bir çäkde saklanmandyr, ol özüniň taryhy ösüşine görä üýtgäp, giňäp durupdyr. Gadymy Gresiýanyň eýeleýän ýerleri boýunça üç bölege: Materik ýa-da Balkan Gresiýasy, adalardaky Gresiýa we Kiçi Aziýa Gresiýasyna bölünýär. Gadymy grekler Balkan ýarymadasynyň günorta bölegini, Egeý deňziniň köp sanly adalaryny we Kiçi Aziýanyň günbatar kenar ýakalaryny eýeläpdir. Gadymy grekleriň umumy ýaşaýan ýerleri (adalar bilen) 65 müň inedördül kilometere barabar bolupdyr.

Gresiýanyň tutýan meýdanynyň 80 göterimi daglyk ýerlerden ybaratdyr. Balkan Gresiýasy öz gezeginde üç sany uly bölege–Demirgazyk, Orta we Günorta Gresiýa bölünýär. Gresiýanyň Günbatar deňiz kenarlary daglyk bolup, bu ýerlerde amatly bir gämi duralgasy ýokdur. Gündogar bölegi hem daglyk bolup, onuň dag gerişleri gündogara tarap uzap, Egeý deňziniň üsti bilen Kiçi Aziýa baryp ýetýär. Gresiýanyň bu böleginiň hem kenar ýakalary ululy-kiçili daglar bilen kesilipdir, emma Gresiýanyň gündogar kenarlarynyň söwda we harby gämiler üçin amatly duralgalary köpdür. Balkan daglarynyň günorta bölegi o diýen beýik däldir, olaryň iň beýik ýeri 3 km ýetenok, emma olar grek welaýatlarynyň biri-biri bilen birleşmegine päsgel beripdir. Olar diňe käbir jülgeleriň üsti bilen birleşip bilipdir. Gresiýanyň Demirgazyk böleginde Epir we Fessaliýa welaýatlary daglyk ýerlerinde ýerleşýär. Epir welaýatynyň tebigy şertleri birneme ýowuzrak bolup, ekerançylyk üçin ýaramly ýerleri azdyr. Epiriň dag jülgeleri we baýyrlyklary maldarlar üçin amatly bolupdyr. Ilat, esasan, maldarçylyk bilen meşgullanypdyr.

Fessaliýa welaýatynyň töweregi dag ulgamlary bilen gurşalan giň düzlükde ýerleşipdir. Onuň içinden Peneý derýasy akyp geçýär. Lakonikanyň ýerinden bolsa Ewrot derýasy akýar, emma olar hem gämide ýüzmek üçin amatsyz bolupdyr. Tomus aýlary olaryň suwy mazaly azalypdyr ýa-da guramak derejesine ýetipdir. Bu ýerlerde ilat, esasan, gallaçylyk bilen meşgullanypdyr. Fessaliýada atçylyk hem giň gerime eýe bolupdyr.

Gresiýanyň howasy birmeňzeş bolmandyr. Deňiz kenarlarynda iýul-awgust aýlarynda kölegede gyzgynlyk 40°-sa ýetse, açyk günüň aşagynda 70–80°-sa ýetýän wagtlary hem bolupdyr. Ýagynly aýlar sentýabrdan başlap, noýabr-dekabr aýlaryna çenli dowam edýär. Gresiýanyň gyşy gysga bolup, ol 1,5-2 aýdan geçmeýär. Ýaz aýlary hem gysga bolup, aprel aýynda agaçlar gülleýär, emma ýagyn ýagmasy kemelýär, maý aýynda bolsa meýdanyň otlary guraýar. Emma iýun aýynda 500–600 metr dag beýikliginde howa mazaly sowaýar.

Gresiýanyň umumy tutýan meýdanynyň diňe 20 göterim töweregi ekin üçin amatlydyr, şol ýerler hem grekleri önüm bilen üpjün edipdir. Gresiýanyň esasy öndürýän önümi arpa, üzüm, zeýtun bolupdyr. Et önümleri greklerde gymmat bolupdyr, ol diňe gurply hojalyklara elýeterli bolupdyr. Gresiýanyň ekerançy ilatynyň esasy höregi hökmünde arpadan bişirilýän «çörek» bolupdyr. Şäher ilatynyň köpelmegi bilen çörek meselesi mydama kynlaşypdyr. Galla önümi özüne ýetmeýän welaýatlarda daşyndan çörek getirmek elmydama başartmandyr we bu ýagdaý açlygyň döremegine hem-de çöregiň bahasynyň has gymmatlamagyna getiripdir. Grekleriň gündelik nahary çörekden başga-da zeýtun ýagy, geçi peýniri, balyk we gök önümler bolupdyr. Zeýtun agaçlary greklerde esasy agaç bolup, olaryň arasy 12 metrden, hatarlarynyň arasy 18 metrden ekilipdir. Şeýle ýagdaýda zeýtun agajy hasyly köp beripdir, onuň üçin bolsa giň ýerler gerek bolupdyr. Az ýerli adamlar zeýtun hasylyny ýeterlik alyp bilmändirler. Zeýtun agajy 250 ýyl ýaşap bilýär, ondan hemişe hasyl alnypdyr.

Grekleriň oba hojalygynda üzümçilik we çakyr öndürmek uly orun tutupdyr. Suw bilen garylan çakyr giň ýaýran içgileriň biri bolupdyr. Zeýtun ýagy bilen bir hatarda çakyr grekleriň goňşy ýurtlara çykarýan esasy harydyna öwrülipdir.

Gresiýada gazylyp alynýan magdanlardan, esasan, demir alnypdyr. Demir az mukdarda bolsa-da, Gresiýanyň hemme welaýat-

laryndan tapylypdyr. Demriň iň oňat hili Lakonika welaýatyndan alnypdyr. Käbir etraplarynda mis känleri hem bolupdyr, olaryň köp bölegi Ewbeýa adasynda ýerleşipdir. Gresiýada az sanly kümüş känleri diňe Attikada, Fasos adasynda we Kiçi Aziýada tapylypdyr. Altyn bilen kümşüň iň köp ýeri demirgazykda ýerleşýän Frakiýanyň Pangeý daglaryndan tapylypdyr.

Emma Gresiýanyň çykarýan metaly özüne ýeterlikli bolmansoň, demri Etrur welaýatyndan hem-de Kiçi Aziýadan getiripdirler. Kümüş känleri Illiriýada, Kiçi Aziýada we Frakiýada köp bolup, olar şol ýurtlardan getirilipdir. Gresiýa, Egeý deňziniň adalary we Kiçi Aziýanyň ýerleri gurluşyk hem-de mermer daşlaryna baý bolupdyr. Ak mermer daşyna Attika we Paros adasy baýdyr. Gresiýada çal, çal-gök mermer daşlary hem ýeterliklidir.

**Gresiýanyň ilaty.** Olaryň meşgul bolan kärleri. Balkan ýarymadasynyň günorta bölegi, Egeý deňziniň adalary, Kiçi Aziýanyň kenarýaka sebitleri irki daş asyry (paleolit) döwründe ilatlaşypdyr. Gresiýanyň ilki başky ilaty gaýry taýpalardan bolupdyr. Soňra gelen grekler bu ýeriň gadymy ýaşaýjylaryny pelasgalar, kariýler, lelegler diýip atlandyrypdyrlar.

Grek taýpalarynyň Balkan ýarymadasyna we Egeý deňziniň adalaryna ýaýrap başlamagy b.e. öňki III müňýyllygyň ahyrlaryna (XXI asyra) gabat gelýär. Olara aheýler diýilýär. Aheýleriň gelmegi bilen ýerli halkyň bir bölegi gysylyp çykarylypdyr. Galan bölegi olara garyşyp gidipdir. Gomerçilik döwründe-de taýpalaryň diňe käbirleriniň atlary belli bolupdyr. Olaryň içinde aýratyn hem, «aheýler» bilen «danaýlar» bellidir. Soňra bu taýpalar özlerini ellinler, ýurduny bolsa Ellada diýip atlandyrypdyrlar. «Ellada» adalgasy Gomer tarapyndan «Iliada» eserinde ýatlanylýan Fessaliýadaky welaýatlar we şäherler bolmagy hem mümkin. Soňra bütin Demirgazyk we Orta Gresiýa hem şeýle atlandyrylypdyr. Günorta Gresiýada «Ellada» adalgasy diňe grek-pars uruşlary döwründe atlandyrylypdyr. Aleksandr Makedonskiniň zamanynda «Ellada» ady grekleriň ýaýran ýerlerine aýdylypdyr.

Iň gadymy grek halky biri-birine garyndaş birnäçe taýpalardan düzülipdir. Bu taýpalary etniki we medeni taýdan ýakynlygy hem-de taryhy ösüşiniň umumylygy biri-birine ýakynlaşdyrypdyr. Emma ykdysady we syýasy bitewiligiň bolmazlygy grek taýpalarynyň bir bitewi halka öwrülmegine uzak wagtlap päsgel beripdir.

Ilki başlarda grekler Balkan ýarymadasyna we oňa ýakyn adalara ýaýrapdyrlar, soňra olar öz medeniýetini Sisiliýa we Günorta Italiýa, Demirgazyk Afrika, Kiçi Aziýa we Gara deňiz kenarlaryna ýaýradypdyrlar. Has giçkiräk döwürde, Aleksandryň basybalyjylykly ýörişleri döwründe olar bütin Alynky we Orta Gündogara ýaýrapdyrlar. Bu harby ýörişleriň netijesinde bolsa, grekler bu ýerlerde özboluşly şäherleri we döwletleri döredipdir, olar soňra ösen medeniýet ojaklaryna öwrülipdir.

Gresiýanyň ýerinde ilkinji şäher döwletleri b.e. öňki III-II müňýyllyklarda grekleriň iki sany taýpasy bolan aheýler we ioniler tarapyndan döredilipdir. Grek taýpalarynyň ikinji uly topary b.e. öňki XII–XI asyrlarda gelipdir. Olar, esasan, doriý we eoliýler taýpalaryndan ybarat bolup, aheý medeniýetiniň esasy merkezlerini dargadypdyrlar.

Doriýler göçüp gelenlerinden soň, esasy grek taýpalary şeýleräk ýerleşipdirler: Aheýler Peloponnesiň günortasyndaky zolak ýere gysylyp çykarylypdyr. Balkan ýarymadasynyň Demirgazyk böleginde, Orta Gresiýanyň Beotiýa welaýatynda, Egeý deňziniň adalarynda hem-de Kiçi Aziýanyň Günbatar kenarynyň Demirgazyk böleginde eoliler, Orta Gresiýanyň Gündogar böleginde, Egeý deňiziniň adalarynyň we Kiçi Aziýanyň günbatar kenarynyň Merkezi böleginde ioniler ornaşypdyr. Doriýler Peloponnesi, Egeý deňziniň günorta adalaryny we Kiçi Aziýanyň günorta çetini eýeläpdirler.

Gadymy Grek diliniň esasy şiweleriniň (aheýler, doriýler, ioniýler we eoliýler) ýaýrawy şol taýpalaryň ýerleşen sebitlerine gabat gelipdir. Şiwe dilleri biri-birine golaý bolupdyr we dürli şiwede gürleýän grekler biri-birleri bilen aňsat düşünişipdirler. Umumygrek dili diňe ellinizm zamanynda kemala gelipdir. Gadymy Grek dili hindi-ýewropa diliniň aýratyn şahasyny düzüpdir.

**Gresiýanyň esasy welaýatlary.** Orta Gresiýada Attika, Beotiýa, ýene-de birnäçe welaýatlar ýerleşipdir. Geçmesi kyn dag gerişleri Demirgazyk bilen Attikanyň arasyny bölüpdir. Demirgazyga ýeke-täk amatly geçelge Fermopil jülgesi bolup, ol Gündogarda deňze ýakyn ýerde ýerleşipdir. Grek halkynyň taryhynda möhüm orun tutan Gresiýanyň Attika bölegi daglyk welaýatdyr. Onuň kenar ýakasyndaky amatly gämi duralgalary söwdanyň ösmegine

ýardam edipdir. Attikanyň topragy daşlyk we az hasyllydyr. Oba hojalygynda, esasan, arpa ekilipdir. Üzüm we zeýtun agaçlary ösdürilip ýetişdirilipdir.

Beotiýa welaýaty Orta Gresiýada hasylly topragy bilen şöhratlanypdyr. Onuň içinden Kefis derýasynyň akmagy ekerançylygy hem maldarçylygy Beotiýanyň hojalygynyň esasy pudaklaryna öwrüpdir. Orta Gresiýanyň Fokida, Lokrida we Dorida welaýatlary ykdysady taýdan birneme yza galypdyr.

Orta Gresiýa Gündogar tarapdan Ewbeý adasy goşulýar. Onuň tebigy-geografiki şertleri ýurduň materik bölegininkä çalymdaşdyr. Korinf geçelgesi Orta Gresiýany Günorta bilen birleşdirýär. Gresiýanyň bu bölegine Peloponnes diýilýär. Peloponnesiň uly bölegini gür tokaýlar bilen örtülen dag gerişleri tutýar. Onda Ahaýýa, Elida, Argolida, Arkadiýa, Messeniýa we Lakoniýa welaýatlary ýerleşýär.

Elida welaýaty düzlükde ýerleşýär. Welaýatyň ilaty ekerançylyk hem maldarçylyk bilen meşgullanypdyr. Grek hudaýlarynyň mesgeni hasaplanan meşhur Olimp daglary hem Elidada ýerleşipdir.

Günortada ýerleşen Messeniýa we Lakoniýa welaýatlary topragy hasylly, maýyl hem ygally howasy bilen tapawutlanypdyr. Bu welaýatlarda gallaçylyk, üzümçilik we bagçylyk giň gerime eýe bolupdyr. Argolida, Ahaýýa, Arkadiýa Peloponnesiň az ilatly we ykdysady taýdan gowşak ösen welaýatlary bolupdyr. Umuman alanyňda, aýry-aýry sebitleriň tebigy şertleriniň käbir aýratynlyklaryna garamazdan, grek taýpalarynyň ýaşan ýerleriniň ählisine maýyl subtropik klimat häsiýetlidir. Ylaýta-da, Egeý deňziniň adalarynyň howasy gyşyna ýumşakdyr. Tomus aýlarynda, adatça, gurak hem yssy howa agdyklyk edýär.

Gadymy Gresiýa ösümlik hem haýwanat dünýäsine baý bolupdyr. Dag gerişleri pürli we ýaprakly tokaýlar bilen örtülipdir. Baýyrlyklar her dürli gyrymsy agaçlara bürenipdir. Tokaýlarda aýy, möjek, tilki, ýekegapan, sugun, towşan ýaly haýwanlar köp bolupdyr.

Tebigy baýlyklardan demir, mis, kümüş, altyn, duz alnypdyr. Küýze ýasamaga ýaramly toýun Gresiýanyň ähli ýerinde bol bolupdyr. Kenar ýakasynda gämi duralgasy üçin amatly ýerleriň köp bolmagy, Gresiýada ir döwürlerden başlap, deňizde ýüzmegiň we deňiz söwdasynyň ösmegine ýardam edipdir.

**Geografiki we hronologiki çäkleri.** Gadymy Gresiýanyň taryhy geografiki jähtden Balkan ýarymadasynyň günortasynda, Egeý

deňziniň adalarynda, Sisiliýanyň kenarlarynda, Günorta Italiýada, Kritde, Kiprde, Kiçi Aziýanyň günbatar kenarýaka sebitlerinde, Gara deňziň kenar ýakalarynda ýaşan halklary öz içine alýar. Şeýlede, Isgender Zülkarneýiniň (Aleksandr Makedonskiniň) ýörişinden soň emele gelen, ellinçilik diýlip atlandyrylýan Kiçi Aziýanyň we Afrikanyň Demirgazyk-Gündogar böleginde, Alynky Aziýada dörän döwletleriň ýerlerini öz içine alýar.

Gadymy Gresiýanyň taryhy, bu grek dünýäsinde ilkidurmuş urug-taýpaçylyk gatnaşygynyň dargamagynyň, Gresiýa mahsus aýratynlyklary bolan siwilizasiýalaryň döreýişiniň, ösüşiniň we pese düşüşiniň, ylmy edebiýatlarda «nusgawy» diýlip atlandyrylýan gul eýeçilik jemgyýetiniň döreýişiniň we ösüşiniň taryhydyr.

Gadymy Gresiýanyň taryhy bütindünýä taryhyň ösüşinde möhüm döwür bolup uly ähmiýete eýedir. Çünki Gresiýada gul zähmetiniň giňden ulanylmagy ekerançylyk bilen hünärmentçiligiň arasynda jemgyýetçilik zähmet bölünişiginiň has giň möçberde amala aşyrylmagyna getiripdir. Şonuň esasynda grek dowletiniň, grek sungatynyň, grek medeniýetiniň ösmegi geljekde dünýä medeniýetiniň ösmegine şert döredipdir. Onuň taryhy b.e. öňki III–II müňýyllyklaryň çatrygyndan, ýagny Krit adasynda ilkinji döwletiň döremeginden başlap, Gresiýanyň hem-de Ortaýer deňziniň Gündogar kenarlaryndaky ellinçilik döwletleriniň b.e. öňki II-I asyrlarda rimliler tarapyndan basylyp alynmagy bilen tamamlanýar.

Gadymy grekler Gadymy Gündogar halklarynyň medeni taýdan gazananlaryny öwrenipdirler we kabul edipdirler, ony öz medeniýetleri bilen utgaşdyryp ösdüripdirler, şeýle hem, Antiki medeniýet diýlip atlandyrylýan medeniýeti kemala getiripdirler. Ýokarda aýdyşymyz ýaly, Antiki medeniýet bolsa öz gezeginde häzirkizaman Ýewropa medeniýetiniň binýady bolup hyzmat edipdir.

**Gadymy Gresiýanyň taryhynyň döwürlere bölünişi.** Gadymy Gresiýanyň taryhyny 3 sany uly döwüre bölüp bolar: 1. B.e. öňki II müňýyylykda ilkinji synpy jemgyýetiň we ilkinji döwletleriň döremegi bilen häsiýetlendirilýär (Krit we Aheý Gresiýasynyň taryhy); 2. Polisleriň ýüze çykyp, gülläp ösmegi, nusgawy görnüşindäki gul eýeçilik gatnaşyklarynyň emele gelmegi, ösen medeniýetiň döredilmegi (b.e. öňki XI–IV asyrlar) bilen häsiyetlendirilýär; 3. Grekler tara-

pyndan Pars patyşalygynyň basylyp alynmagy, ellinçilik jemgyýetiň we döwletleriň döremegi (b.e. öňki IV asyryň ahyrlary - III asyr).

Hakykat ýüzünde Gresiýanyň taryhyny alymlar 5 döwre bölýärler. Olar: 1. Egeý ýa-da Krit-Miken döwrüne (b.e. öňki III–II müňýyllyklar); 2. Gomerçilik döwrüne ýa-da polislerden öňki döwre (b.e. öňki XI–IX a.); 3. Arhaiki döwre, ýagny polisleriň emele gelen döwrüne (b.e. öňki IX–VI a.); 4. Nusgawy döwrüne (b.e. öňki V–IV a.); 5. Ellinizm döwrüne (b.e. öňki IV asyryň 2-nji ýarymyndan b.e. öňki 30-njy ýyla çenli) bölýärler.

Birinji döwürde Balkan Gresiýasynda we adalarda ilkidurmuş urug-taýpaçylyk gatnaşyklarynyň dargamagy we Krit adasynda hem-de Balkan Gresiýasynyň Günorta böleginde (Peloponnesde) irki synpy jemgyýetleriň we döwletleriň döremegi bolup geçýär. Bu dörän irki döwletleriň gurluşynda tire-taýpa gurluşy saklanyp, olar Ortaýer deňziniň Gündogarynda ýerleşen döwletler bilen ýakyndan gatnaşykda bolupdyrlar. Gresiýada dörän ilkinji döwletlerde ýerli, greklerden öňki ilatyň täsiri uly bolupdyr. Krit adasynda synpy jemgyýet we döwlet Balkan Gresiýasyndan ir ýüze çykyp, onda ýerli krit halky (grek däl halk) esasy orny eýeläpdir. Balkan Gresiýasynda bolsa b.e. öňki III müňýyllygyň içinde demirgazykdan gelen aheýler–grekler agdyklyk edipdir.

Krit-aheý zamany öz gezeginde jemgyýetçilik ösüşiň derejesine görä üç döwre bölünýär. Bu döwürler Kritiň taryhy üçin şeýle-de Balkan Gresiýasynyň taryhy üçin dürli-dürlüdir. Kritiň taryhy üçin olar minoýyň döwri (Kritde patyşalyk eden Minoýyň ady), Balkan Gresiýasy üçin ellinleriň döwri diýlip atlandyrylýar. Minoý döwri hem üç döwre bölünýär: 1. Irki minoý döwri (b.e. öňki XXX–XXIII a.) urug gatnaşyklarynyň agalyk eden döwri; 2. Orta minoý döwri (b.e. öňki XXII–XVIII a.), ýagny döwletiň, durmuşy gatlaklaryň, hatyň ýüze çykan hem-de Kritiň bitewi döwlete birleşen döwri; 3. Giçki minoý döwri (b.e. öňki XVII-XII as.), Kritde döwletiň, medeniýetiň ýüze çykmagy, Kritiň uly deňiz döwletine öwrülmegi, aheýleriň Kriti basyp almaklary we Kritiň ýykylmagy ýaly döwürlere bölünýär.

Aheýleriň Balkan Gresiýasyndaky ellin döwrüni hem alymlar üç döwre bölýärler: *Birinji döwür*, irki ellin döwri diýlip atlandyrylýar (b.e. öňki XX–XVII a.), ol greklerden öňki ilatyň ilkidurmuş gatnaşyklary zamanyny öz içine alýar. *Ikinji döwür*, orta ellin döwri

(b.e. öňki XXII–XVIII a.) diýlip atlandyrylýar. Bu döwür aheý-grekleriniň çozup gelen we Balkan Gresiýasynyň Günorta böleginde ornaşan zamanyny öz içine alýar. Döwrüň ahyry bolsa, urug gatnaşyklarynyň dargamagy bilen tamamlanýar. *Üçünji döwür*, giçki ellin ýa-da miken döwri (b.e. öň XVI–XII a.) bolup, bu döwürde Gresiýada irki synpy jemgyýet ýüze çykýar, döwletler emele gelýär. Şeýle-de bu döwür hatyň ýüze çykmagy, miken siwilizasiýasynyň gülläp ösmegi we pese gaçmagy bilen häsiýetlendirilýär.

B.e. öňki II–I müňýyllygyň sepgidinde Balkan ýarymadasynda taýpalaryň goşulyşmaklary olaryň durmuş ýagdaýlarynyň üýtgemegine, şol sanda, olaryň jemgyýetçilik gatnaşyklarynda hem öňe gidişlikler bolupdyr. B.e. öňki XII asyrda Gresiýanyň demirgazygynda, Dunaý derýasynyň boýlarynda ýaşaýan greklere garyndaş doriý taýpalarynyň çozmaklary netijesinde Gresiýadaky irki döwletler ýykylýar. Gelmişek taýpalar jemgyýetçilik ösüşiniň derejesi boýunça greklerden yza galypdyr. Olar ýaňy urug taýpa gatnaşyklarynyň dargaýyş pursatlarynda ýaşapdyrlar. Netijede, Aheý döwleti heläk bolup, hat-ýazuw hem ýatdan çykarylýar. Kritde, şol sanda Gresiýada ýene-de ilkidurmuş gatnaşyklary gaýdyp gelýär, jemgyýetiň durmuş-ykdysady we syýasy taýdan ösüşi pese gaçýar. Şeýlelik bilen, grek taryhynyň täze polis görnüşli döwri, ýagny urug-taýpa gatnaşyklarynyň dargap, aheý döwletiniň ýykylmagy hem-de doriý taýpalarynyň bosup gelmekleri bilen başlanýar.

Gadymy Gresiýanyň polis eýýamynyň taryhy grek taryhynda iň ähmiýetli eýýam bolup, ol üç döwürden durýar: 1. Gomerçilik döwür ýa-da polisiň öň ýüzündäki döwür. Bu döwür Gresiýada tire-taýpa gatnaşyklary döwrüni (b.e. öňki XI–IX a.) öz içine alýar. Gomerçilik döwrüniň esasy wakasy saklanyp galan ýerli taýpalarda we göçüp gelenlerde urug-taýpa gatnaşyklarynyň dargamagy bolup geçýär. 2. Arhaiki döwür diýlip atlandyrylýar, ýagny synpy jemgyýetiň we döwletiň polis görnüşinde emele gelýän döwri bolup, ol b.e. öňki VIII–V asyrlary öz içine alýar. Grekleriň Ortaýer we Gara deňizleriniň kenarlaryna ýaýran döwri (grekleriň beýik koloniýaçylyk döwri). 3. Grek taryhynyň nusgawy döwri (b.e. öňki V–IV a.) bolup, Gadymy grek gul eýeçilik jemgyýetiniň, polis gurluşynyň, grek medeniýetiniň gülläp ösen döwri hökmünde häsiýetlendirilýär.

Arhaiki döwürde Gresiýada gul eýeçilik jemgyýeti berkarar bolýar. Gresiýanyň ähli ýerinde diýen ýaly uly bolmadyk döwletler–polisler emele gelip ykdysadyýetde-de, syýasy durmuşda-da uly özgerişler bolup geçýär. Bu döwür indiki taryhy döwrüň esasyny düzýär. Arhaiki döwür (b.e. öňki 800–500-nji ýyllar) grek taryhynyň öwrenilip başlanan döwri hasaplanylýar.

Taryhy ösüşiň täze basgançagy demriň ýaýramagy bilen başlanýar. Bu döwürde ykdysadyýet ýokary derejede ösýär. Netijede, senetçiligiň we söwdanyň gutarnykly ekerançylykdan bölünip aýrylmagy, şolaryň esasynda-da, şäherleriň döremegi hem-de hakyky söwda-senetçilik merkezleriniň ýüze çykmagy bolup geçýär. Emma ykdysadyýetdäki özgerişler patriarhal gurluşyň esaslaryny mazaly sarsdyrýar, ýagny halk köpçüliginiň, ilki bilen hem daýhanlaryň maddy ýagadaýynyň pese gaçmagyna getirýär. Netijede, garyplaşan ilat bilen ýerlere eýeçilik edýän urug begleriniň arasynda ýiti gapma-garşylyklaryň ýüze çykmagyna getirýär. Bu ýagdaý ahyr soňunda ýurduň içerki ýagdaýynyň 150 ýyl diýen ýaly dowam eden syýasy we ykdysady çökgünlige (krizise) düşmegine getirýär. Gresiýada ýer ýetmezçiligi, adamlaryň ýer eýelerine bagly bolup galmaklary, şeýle-de, halk köpçüliginiň syýasy taýdan hukuklarynyň bolmazlygy jemgyýetiň syýasy çökgünlige düşmeginiň esasy sebäpleridir. Arhaiki döwür hem güýçli demokratik hereketiň başlan döwri bolup, onuň hereketlendiriji güýji daýhanlaryň giň köpçüligi we kemala gelýän şäherliler bolupdyr. Galyberse-de, bu herekete öz döwründe ýokary gatlagyň baý emeldarlary tarapyndan syýasy we ykdysady taýdan hukuklary çäklendirilen ownuk emeldarlar gatlagy goşulypdyrlar hem-de halk köpçüligine baş bolupdyrlar.

Nusgawy döwür Gresiýanyň polisiň çäginde ykdysady, syýasy we medeni taýdan gülläp ösen eýýamy bolupdyr. Bu döwürde gul eýeçilik gatnaşyklary ösen – nusgawy derejesine ýetýär. Emma b.e. öňki IV asyryň ortalarynda gadymy Grek gul eýeçilik jemgyýeti polisiň çäginde çuň syýasy we ykdysady çökgünligi başdan geçirýär.

Aleksandr Makedonskiniň ýörişleri bilen başlanýan döwre Gresiýanyň taryhynyň ellinizm döwri diýlip atlandyrylýar. Aleksandryň döwletiniň dargamagy netijesinde, Müsürde, Alynky Aziýada dörän ellinçilik döwletleri diýlip atlandyrylýan patyşalyklaryň taryhy hem Gresiýanyň taryhynyň dowamy hökmünde öwrenilýär. Ellinçilik

döwründe gul eýeçilik gatnaşyklary has giň möçberde öz ösüşini dowam etdirýär. Emma ellinçilik döwrüniň ösüşi uzak dowam etmeýär. B.e. öňki III asyryň ahyrlarynda bu döwletleriň üstüne uly howp abanyp başlaýar. Günbatarda güýçli Rim imperiýasy döräp, Karfagenden üstün çykandan soň, bar ünsüni Balkan ýarymadasyna we Kiçi Aziýa gönükdirýär. Gündogarda bolsa güýçli Parfiýa döwleti emele gelip, selewkileriň mülklerine hüjüm edip başlaýar. Bu ellinçilik döwletleriň içki gurluşynda hem gowşaklyk ýüze çykypdyr. Patyşa häkimligi bilen grek şäher döwletleriniň dolandyryş ulgamyndaky aýratynlyklar, olaryň özara gatnaşyklarynda kynçylyklary döredipdir we bu döwletleriň ir ýykylmagyna sebäp bolupdyr.

B.e. öňki II asyryň içinde rimlileriň greklere garşy hüjümi başlanyp, birnäçe söweşleriň netijesinde Makedoniýa goşunlary derbi-dagyn edilýär. Asyryň ahyrynda bolsa Aheý bileleşigi hem dargadylýar. B.e. öňki 146-njy ýylda rimliler Balkan ýarymadasyny özlerine tabyn edip, bu ýerde Makedon hem Aheý welaýatlaryny döredýär. Rimliler Aziýada hem uly üstünliklere eýe bolýar. Olar ilki bilen Pergamyň kömegi bilen selewkileriň goşunyny ýeňip, selewki patyşasy Antiohy Kiçi Aziýadan (b.e. öňki 192–188-nji ýý.) gitmäge mejbur edýär. B.e. öňki 133–129-njy ýyllarda Rimiň ýarany bolan Pergam döwleti Rim döwletine birikdirilýär we onuň bir welaýatyna öwrülýär.

Bu döwre çenli ellinçilik Ptolemeýleriň Müsür döwleti hem häkimlik ugrundaky göreşleriň hem-de rim söwdagärleriniň eden-etdilikleriniň netijesinde doly gowşaýar. Onuň iň soňky patyşasy Kleopatra VII ilki Ýuliý Sezar bilen, soňra bolsa Mark Antoniý bilen öz ykbalyny baglap, Rime daýanmaga çalyşýar. Rimde häkimlik ugrunda Oktawian bilen bolan uruşlarda Antoniý ýeňilýär, ol öz duşmanynyň eline düşmejek bolup özüni heläkleýär. Kleopatra bolsa Oktawian bilen ylalaşmaga çalyşýar, emma özüniň öldüriljekdigine gözi ýetip, ol hem Antoniý ýaly öz janyna kast edýär. Netijede, Ptolemeýleriň Müsür döwleti hem rimliler tarapyndan basylyp alynýar (b.e. öňki 30-njy ýyl) hem-de Rimiň bir welaýatyna öwrülýär. Gadymy grek ellinçilik döwrüniň taryhy, gul eýeçilik jemgyýetiniň we döwletiniň köp asyrlyk taryhy «Gadymy Gresiýanyň taryhy» dersiniň beýanynyň esasyny düzýär.

2 Sargyt № 2730

I.

# GADYMY GRESIÝANYŇ TARYHY ÇEŞMELERI

**Maddy medeniýetiň ýadygälikleri.** Gadymy Gresiýanyň taryhy boýunça köpsanly taryhy çeşmeler saklanypdyr. Olary ýüze çykarmak, derňemek, rejelemek bilen dürli ýurtlaryň alymlary meşgullanýarlar. Olar grekleriň ýaşan ähli ýerlerinde saklanypdyr. Olar ýerastynda galan gadymy şäherleriň we obalaryň harabalary, jaýlaýyş desgalary, ýeriň ýüzünde saklanan desgalaryň galyndylary–gadymy köşkler, buthanalar we beýlekilerdir. Gadymy Gresiýanyň arheologiýa ýadygärliklerini dürli ýurtlaryň alymlary 200 ýyl bäri öwrenýärler. Gadymy şäherleriň we obalaryň, köşkleriň we buthanalaryň, teatrlaryň, ýaşaýyş jaýlarynyň, ussahanalaryň ençemesi öwrenildi. Gazuw-agtaryş işleriniň dowamynda iňňän köp mukdarda ýaraglar, zähmet we hojalyk gurallary, küýzegärçilik önümleri, öý goşlary, sungat eserleri ýüze çykaryldy.

Arheologlaryň ýadawsyz zähmeti bilen toplanan ägirt köp mukdardaky maddy medeniýetiň ýadygärlikleri gadymy grekleriň daş keşbini, tehniki üstünliklerini, ykdysadyýetini, jemgyýetçilik gatnaşyklaryny medeniýetiniň dürli ugurlaryny öwrenmäge mümkinçilik berýär.

**Ýazuw ýadygärlikleri. Teňňeler. Edebi eserler.** Çeşmeleriň iň möhüm görnüşleriniň biri-de ýazuw ýadygärlikleridir. Mazmuny boýunça olar dürli-dürlüdir. Gresiýadan tapylan iň irki ýazgylar Krit-Miken döwrüne (b.e. öňki II müňýyllygyň II ýarymyna) degişlidir. Olar küýze döwükleriniň ýüzüne ýazylan, mazmuny boýunça hojalyk häsiýetli ýazgylardyr.

Doriý taýpalarynyň çozuşlarynyň netijesinde grekler ösen medeniýetini, gadymy hatlaryny unudyp, ýene-de urug-taýpa gatnaşyklaryna geçipdirler. Gresiýada hat-ýazuw diňe b.e. öňki I müňýyllygyň başlarynda täzeden peýda bolýar. Şol döwürde grekler öz hatlaryny finikiýa elipbiýinde ýazypdyrlar. Finikiýa elipbiýinde ýazylan iň gadymy grek ýazgysy Fera adasynda gaýanyň ýüzüne ýazylypdyr. Ol b.e. öňki VIII asyra degişlidir. Gresiýada gabat gelýän irki ýazgylar gaýanyň ýa-da ýörite ýasalan daş sütünleriň ýüzüne ýazylypdyr. Arhaiki döwre degişli ýazgylar kän däldir. Nusgawy we ellinizm döwürlerinde olaryň sany üzül-kesil artýar. Mazmuny boýunça olar hususy hatlardan we resmi ýazgylardan ybaratdyr. Hususy hatlarda aýry-aýry adamlaryň hudaýa dileg bilen ýüzlenmeleri, emläk ýazgylary we ş.m. girýär. Res-

mi ýazgylar: kanunlardan, döwletara şertnamalardan, salgyt tölenişi baradaky belliklerden, emeldarlaryň sanawyndan we ş.m. ybaratdyr. B.e. öňki I müňýyllygyň ortalaryna we ikinji ýarymyna degişli küýze döwükleriniň ýüzüne ýazylan ýazgylar köp gabat gelýär. Adatça olar bir-iki sözden, hatda bir harpdan hem durýanlary bolupdyr. Şeýle ýazgylara **grafitti** diýilýär.

Ýazgylar, köplenç, onda beýan edilýän wakalar bilen döwürdeş bolýar. Olarda anyk hem hakyky maglumatlaryň berilmegi ýazgylaryň taryhy çeşme hökmünde ähmiýetini artdyrýar. Emma olaryň gysga, üzlem-saplam bolmagy, döwürler hem sebitler boýunça ýaýrawynyň gyradeň bolmazlygy taryhy wakalary yzygider beýan etmäge mümkinçilk bermeýär.

Gresiýanyň taryhynyň ellinizm döwrüni öwrenmekde papiruslara ýazylan ýazgylaryň uly ähmiýeti bardyr. Ýazuw kagyzy hökmünde papirus ulanylypdyr, ol Müsürde köp öndürilipdir. XIX asyryň ahyrynda XX asyryň içinde Müsürde geçirilen gazuw-agtaryş işleriniň dowamynda ägirt köp mukdarda (200 müň çemesi) papirusa ýazylan ýazgylar tapyldy. Olaryň köpüsi şahsy hatlardan, dil hatlaryndan, wesýetnamalardan, söwda-satyk işleri barada ýazylan hatlardan, gurluşyk işleri barada berilýän maglumatlardan ybarat.

Gadymy grekleriň edebi we ylmy eserleri hem papirus ýapraklaryna ýazylypdyr. Müsürde ýaşan grekler öz ýazyjylarynyň we alymlarynyň eserlerini höwes bilen okapdyrlar we göçüripdirler. Olaryň arasynda häzire çenli ylymda belli bolmadyk, näbelli ýazyjylaryň we alymlaryň eserlerinden bölekler hem gabat gelýär. Munuň özi çeşme höküminde papiruslaryň ähmiýetini has artdyrýar. Özboluşly, möhüm taryhy çeşmeleriň biri-de teňňelerdir. Zikgelenen teňňeler ilkinji gezek Kiçi Aziýada–Lidiýa patyşalygynda b.e. öňki VII asyrda peýda bolýar. Soňra teňňe zikgelemek beýleki döwletlere, şol sanda Gresiýa hem ýaýraýar. Teňňelerdäki şekiller we ýazgylar kähalatlarda beýleki çeşmelerde duşmaýan, gymmatly maglumatlary özünde jemleýär. Gadymy teňňeleri tapmak, olary öwrenmek bilen, esasan, numizmatika ylmy meşgullanýar.

Gadymy Gresiýanyň taryhyny öwrenmek boýunça iň möhüm çeşme baý gadymy grek edebiýatydyr. Olaryň iň gadymylary mifler (rowaýatlar), ertekiler, epiki poemalar we halk döredijiliginiň beýleki eserleridir. Hudaýlar hem gadymy gahrymanlar hakyndaky rowaýatlar

bolan mifler örän gadymy döwürlerde ýüze çykypdyr. Mifler gadymy grekleriň dünýägaraýyşyny öwrenmäge baý maglumatlary berýär.

Miflerdäki hyýaly gürrüňlerde gadymy grekleriň tebigat hadysalaryndan baş çykarmaga, adamyň tebigata bolan gatnaşygyna, jemgyýetçilik gatnaşyklaryna düşünmäge bolan synanyşyklary şöhlelendirilýär. Erteklerden tapawutlylykda mifler haýsydyr bir taryhy wakalara esaslanýar. Emma mifdäki hakykaty anyklamak örän çylşyrymly derňewleri talap edýär.

B.e. öňki II müňýyllygyň ahyrynda I müňýyllygyň başlarynda döredilen grekleriň gahrymançylykly eposlary «Iliada» we «Odisseýa» poemalary miflerň has irki görnüşlerini özünde jemleýär. Ol poemalar Krit – Miken we Gomerçilik döwrüniň taryhy boýunça örän gymmatly maglumatlary berýärler.

Arhaiki döwürde ýaşan grek şahyrlarynyň eserleri-de taryhy çeşmeleriň hataryna goşulýar. Gesiodyň, Arhilohyň, Alkeýiň, Solonyň goşgularynda b.e. öňki VIII–VI asyrlarda grek daýhanlarynyň güzerany, zähmet gurallary, jemgyýetde bolup geçýän durmuşy we syýasy wakalar hakynda çeper teswirlemeleriň üsti bilen gürrüň berilýär.

**Taryhy we ylmy eserler.** Taryhy eserleri döretmeklik ilki Kiçi Aziýada ýaşaýan greklerde peýda bolupdyr. Çünki olar Gadymy Gündogaryň beýik siwilizasiýalaryny döreden Wawilon, Müsür we beýleki halklar bilen ýakyndan aragatnaşyk saklapdyrlar. Olaryň medeni mirasy bilen tanşypdyrlar, olardan görelde alypdyrlar.

Edebi çeşmeleriň ähmiýetlisi gadymy grek ýazyjylarynyň-taryhçylarynyň eserleridir. Öz eserlerini kyssa bilen ýazan irki ýazyjylara grekler logografçylar diýipdirler. Olar öz eserlerinde iň gadymy, rowaýatlar döwri barada köp gürrüň edip, öz ýaşan döwürleri barada berýän gürrüňlerini has gysga beýan edipdirler. Olar, köplenç, rowaýat bilen hakykatyň tapawudyny seljerip bilmändirler. Olaryň eserleriniň uly bölegini halklar hem ýurtlar hakyndaky gürrüňler tutupdyr.

Ellada-da ir wagtdan alnyp barylan ýazgylaryň biri hem sene (kalendar) ýazgylary bolup, olar ähli dini we syýasy merkezlerde ýöredilipdir. Sene ýazgylarynda ilki bilen umumy grek dini baýramçylyklarynyň we ýaryşlarda üstün çykan ýeňijileriň sanawlary berlipdir. Şunuň bilen birlikde, dürli ýerlerde wezipeli ruhanylaryň we saýlawly magistratlaryň sanawlary ýöredilipdir. Mysal üçin, Argosda

iň gadymy döwürden Geri ruhanylarynyň, Spartada – eforlaryň, Afinada bolsa her ýylda saýlanýan arhontlaryň sanawlary saklanýar.

Grekler sene ýazgylary bilen hem çäklenmändirler, olar wezipeli adamlaryň işlän döwürlerinde şäherlerde bolup geçen dürli wakalary hem ýazyp fastlara geçiripdirler. Netijede, resmi sene ýazgylary artyp, arhaiki we nusgawy döwürleriň sepgidinde hakyky hronika beýan etmelere öwrülipdir. Bu bolsa köp sanly alymlaryň we ýazyjylaryň üç tapgyrynyň bir asyryň dowamynda yzygiderli döredijilik işleri bilen meşgullanmaklary netijesinde taryh ylmynyň ýüze çykmagyna getiripdir. Olaryň birinji tapgyryny logograflar düzüpdirler. Olaryň arasynda iň görnüklisi Gekateýdir (b.e. öňki 540–478-nji ýý.) Ol «Genalogiýa» (şejere) we «Ýurtlaryň ýazgysy» atly eserleri ýazypdyr. Gekateý öz eserlerinde mifleri tankydy seljermäge synanyşypdyr. Tanymal logograflaryň ýene birisi Lesbosly Gellanikdir (b.e. öňki V a.). Ol birnäçe «Şejeräniň» awtory bolup, özlerini urug-taýpa serdarlaryndan alyp gaýdýan, soňra bolsa grek şäherlerini esaslandyryjylar hasaplanylýan gahrymanlaryň şejeresini yzarlapdyr. Gellanik Afinanyň taryhy boýunça ilkinji bolup, «Attida» atly ýörite eserini ýazypdyr. Emma grek logograflarynyň eserleri taryhy beýan etmekligiň ýönekeý görnüşi bolsa-da, olaryň käbir bölekleriniň saklanyp galanyna garamazdan, olar geljekki grek taryhy eserleriniň ýazylmagyna ýol açypdyrlar. Şeýlelik bilen, taryhy rowaýaty (mifiki) beýan etmeklikden logos görnüşine, ýagny hakyky wakalary beýan etmeklige, ýazuw ýadygärliklerini hem goşmak bilen taryh beýan edilip başlanypdyr. Şunlukda, b.e. öňki V asyrda Gresiýada edebiýatyň ýörite pudagy – taryhnama ýüze çykýar. Taryhçylar rowaýaty we logos eserlerinden tapawutlylykda gadymy rowaýaty döwri däl-de, öz ýaşan döwürleriniň wakalaryny beýan edipdirler.

Grek taryhçylarynyň içinde ‘Taryhyň atasy» adyny alan meşhur taryhçy Gerodotdyr (takmynan b.e. öňki 484–425-nji ýý.). Ol Kiçi Aziýadaky Galikarnas şäherinde doglupdyr. Gerodot Galikarnas şäheriniň syýasy durmuşyna gatnaşyp, tirançylyga garşy göreşipdir. Şol sebäpli hem, ol öz doglan şäherini taşlap gitmeli bolupdyr. Şondan soň ol Müsüre, Siriýa, Gara deňziniň demirgazyk kenarlaryna, Wawilona, Eýrana we başga-da köp ýurtlara syýahat edipdir. Gerodot Samosda, Afinada ýaşapdyr, Afinada ol görnükli jemgyýetçilik

işgärleri (Perikl, Sofokl) bilen ýakynlaşypdyr. Ol ömrüniň ahyrynda afinalylaryň Italiýadaky koloniýasy bolan Fury şäherinde ýaşapdyr.

Gerodotyň «Grek-pars uruşlary» atly eseri şu sözler bilen başlanýar: «Galikarnasly Gerodotyň şu aşakdaky gözlegleri ýazmagynyň sebäpleri, şol döwrüň adamlarynyň bitiren işleri ýitip, bilinmän galmasyn, şeýle-de ellinler we beýleki halklar tarapyndan özlerine mynasyp geň galarlykly, ägirt uly binalary guranlar şöhratsyz, ýatdan çykyp gitmesin, esasan hem, grek-pars uruşlarynyň başlanmagynyň sebäpleri bilinmän galmasyn diýip beýan edildi».

Gerodot öz işlerinde adatdan daşary wakalara müňkürlik eden hem bolsa, olara uly ähmiýet beripdir. Şonuň üçin, onuň öz öňünde goýan taryhy temalary özüniň has giňligi bilen logograflardan düýpgöter tapawutlanypdyr. Ol geçmişden, esasan, öz döwrüniň taryhy wakalaryny beýan etmek üçin subutnamalary gözläpdir.

Gerodot «Wakalaryň beýany» (taryh) atly eseri döredipdir. Soňra ellinçilik döwrüň Aleksandriýaly alymlary ony öwrenip, grekleriň zenan hudaýlarynyň–muzalarynyň 9-synyň atlary bilen atlandyryp, bu eseri 9 kitaba bölüpdirler. Gerodotyň «Taryhy» iki sany uly bölekden düzülipdir. Birinji böleginde (1–4 kitaplar) Gresiýanyň, Müsüriň, Wawilonyň, Eýranyň, Midiýanyň, skifleriň we liwiýalylaryň iň gadymy döwründen grek-pars uruşlaryna çenli döwri beýan edilýär. Taryhçylaryň bellemeklerine görä, Gerodot bu işiniň birinji bölümini heniz Afina gelmezinden öň ýazypdyr. Ikinji bölegi 5–9-njy kitaplar grek-pars uruşlarynyň wakalaryna bagyşlanypdyr. Grek-pars uruşlarynyň taryhyny beýan etmek pikiri Gerodotda Afina geleninden soň döreýär. Çak edilişine görä, eser doly tamamlanmandyr. Çünki ol b.e. öňki 478-nji ýylyň wakalary bilen gutarýar. Onda urşuň ahyrky döwri we umumy jemleýji bölümi berilmändir.

Gerodotyň taryhy Pars patyşalygyna goşulan döwletleriň taryhyndan başlanýar. Onuň birinji kitaby Kiriň massagetlere garşy geçiren ýörişi hem-de onuň heläk bolmagy bilen tamamlanýar. Ikinji kitaby durşuna Müsüriň taryhyna bagyşlanypdyr. Üçünji kitapda Kambisiň ýörişleri, onuň patyşalyk etmegi we Dariniň häkimiýet başyna gelen ilkinji ýyllary beýan edilipdir. Dördünji kitapda Skifler hem-de olara garşy Dariniň geçiren ýörişleri we beýleki wakalar barada gürrüň berilýär. Bäşinji kitapda Kiçi Aziýadaky Ioni grekleriniň pars agalygyna garşy başlan gozgalaňlarynyň beýanyndan başlanýar.

Galan beýanlaryň hemmesi grek-pars uruşlaryna bagyşlanýar. Taryh b.e. öňki 479-njy ýyl Mikale burnunyň we Plateýanyň eteginde bolan söweşlerde parslaryň ýeňilmegini beýan etmek bilen tamalanýar. Gerodot grek-pars uruşlaryna dünýä derejesindäki waka hökmünde garaýar. Ol pars basybalyjylaryna garşy göreşde grekleriň beýikligini görkezmäge çalyşýar. Gerodot bu uruşda ellinleriň bitiren işlerini, Leonid patyşanyň ýolbaşçylygynda az sanly spartalylaryň parslar bilen deň bolmadyk söweşde görkezen gahrymançylygyny ýa-da grekleriň Marafon söweşinde bitiren işlerini «Taryh» işinde giňden beýan edýär.

Gerodot özünden öňki awtorlaryň Gekateý Miletskiniň işlerinden, resmi ýazgylardan, arakulyň ýazgylaryndan çeşme hökmünde peýdalanypdyr. Onuň beýanlaryna tankydy seljermäge synanyşypdyr. Halk döredijiliginde berilýän hekaýatlara uly ähmiýet beripdir, wakalara gatnaşan döwürdeşleriniň gürrüňlerini giňden ulanypdyr. Ol wakalary dogruçyl beýan etmäge çalşypdyr. Emma şol döwrüň wekili bolmak bilen, Gerodot bolýan taryhy wakalara hudaýlaryň täsir edýändigi hakyndaky düşünjä eýeripdir.

Gerodot döwrüň syýasy wakalary bilen bagly maglumatlary peýdalanyp, grek-pars uruşlary döwründe grek döwletleriniň tutýan ornuny hem görkezmegi başarypdyr. Ol Afinanyň harby we syýasy wakalarda bitiren işlerine uly baha berýär. «Hakykatyň hatyrasy üçin, afinalylary Elladany halas edijiler diýip aýdyp bolar» diýip, ol ýazýar. Ol Delflileriň bitiren işlerine hem ýokary baha berýär. Gerodot spartalylaryň parsalara garşy uruşda bitiren işlerini kemsitmändir. Emma Gerodot grekleriň umumy bähbitlerini taşlap, parslaryň ýaranlary bolan grek döwletlerini ýazgarypdyr. Ol aýratyn hem fiwylileri ýazgarypdyr.

Şeýlelik bilen, Gerodotyň beýanlarynda taryhy ýazgylara, berilýän gürrüňlere tankydy garaýyşlar berlipdir. «Men näme aýtsalar şolary ýazmaly, emma olaryň hemmesine ynanmaga men borçly däl, bu meniň beýanlarymyň hemmesine degişlidir» – diýip Gerodot ýazypdyr.

Gerodotyň öz döwürdeşlerine täsiri uly bolup, ol antiki döwrüň hemme asyrlarynda iň belli adamlaryň biri bolupdyr. Şonuň üçin, rimiň görnükli döwlet işgäri, ussat dilewar Siseron ony «taryhyň atasy» diýip atlandyrypdyr, bu ada ol gürrüňsiz mynasyp hem bolupdyr.

Gadymy grek taryhçysy Fukidid (takmynan b.e. öňki 460–395 ýý.) baý Afinaly, asly Frakiýaly maşgaladan bolupdyr. Fukidid görnük-

li döwlet işgäri bolupdyr. Peloponnes urşunda strateg – serkerde wezipesine saýlanyp, Afinanyň harby gämilerine serkerdelik edýär we Frakiýanyň kenarlaryny spartalylardan goramak üçin iberilýär. Haçan-da, Sparta Amfipola hüjüm edip başlanda, ol öz wagtynda kömek berip bilmänsoň, ony dönüklikde aýyplap, 20 ýyl möhleti bilen Afinydan sürgün edipdirler. Watanyndan çykarylan Fukidid Frakiýa göçüp barýar. Sürgün edilen ýyllarynda ol taryhy eser ýazmak maksady bilen, Peloponnes urşunyň gidişine, onuň wakalaryna üns berýär. Zerur bolan maglumatlary toplaýar. Uruş tamamlanmazynyň öňüsyrasynda onuň günäsi geçilýär we Afina dolanyp gelýär. Fukidid galan ömrüni taryh ýazmak bilen meşgullanýar. Ol Peloponnes urşunyň taryhyny ýazýar. Soňra alymlar onuň taryhyny 8 kitaba bölüpdirler. Fukididiň 1-nji kitabynda Gresiýanyň iň gadymy döwründen Peloponnes urşuna çenli taryhy, soňraky 7 kitapda bolsa Peloponnes urşunyň wakalary beýan edilýär. Eser b.e. öňki 411-nji ýylyň wakalary bilen tamamlanýar. Fukidid hem öz eserini doly tamamlap ýetişmändir.

Fukididiň esasy çeşmesi öz ýygnan we jikme-jik barlan maglumatlary, wakalaryň şaýatlarynyň gürrüňleri, resmi ýazgylar we özüniň şahsy gözegçiligi bolupdyr. Ol takyk hem dogruçyl ýazmaga çalşypdyr. Ol Gerodotdan tapawutlylykda, hudaýlaryň adamlaryň işine gatnaşýandygy baradaky düşünjelerden el çekipdir. Onuň eseri hakyky taryhçynyň, akyldaryň işi bolup, antiki döwrüň ýeten iň ýokary derejesidir. Fukudidiň dünýägaraýyşlary we syýasy garaýyşlary Afinada Perikliň döwründe ýüze çykýar. Ol ömrüniň ahyryna çenli Perikliň muşdagy bolup galypdyr.

Fukididiň gürrüňine görä, onuň işiniň esasy maksady hakykaty gözlemek bolupdyr. Onuň aýtmagyna görä, «logograflar özleriniň hekaýalaryny gürrüň berenlerinde hakykaty aýtmak üçin däl-de, eýsem wagtyň gadymylygy bilen bir wagtlar ertekilere öwrülen göwnüňi göteriji, geň galdyryjy gürrüňler bilen beýan edýärler. Olar hiç bir subutnamasyz wakalary beýan edipdirler» diýip ýazýar. Alymlar tarapyndan Fukididi tankydy taryhy ylmy taýdan esaslandyran alym hökmünde ykrar edýärler.

Fukidid maglumatlary saýlamaklyga aýratyn üns beripdir. Peloponnes urşunyň wakalaryna degişli maglumatlary jemlände, ol wakalaryň bolan ýerlerine baryp, onuň hakykatlygyna göz ýetrip, ondan soň maglumatlary peýdalanypdyr. Wakalara gatnaşan adam-

lardan alan maglumatlaryndan daşary Fukidid resmi maglumatlardan peýdalanypdyr, olaryň käbirlerini bolsa durşuna diýen ýaly işine goşupdyr. Mysal üçin, Afinalylaryň Argos, Mantineý we Elida bilen baglaşan ylalaşyklarynyň beýanlary Fukididiň işinde hem-de ýazgy görnüşinde biziň döwrümize çenli doly saklanyp galypdyr. Haçan-da, ol maglumatlar deňeşdirilip görlende, ýazgylaryň doly meňzeş gelýändigi anyklanyldy.

Fukidid tebigy bolýan hadysalara: güýçli tupanlara, günüň tutulmagyna, ýer titremelere käbir döwürdeşlerinden tapawutlylykda, adatdan daşary bir güýjüň alamaty hökmünde garaman, olara tebigy hadysa hökmünde garapdyr.

Fukididiň birinji kitabynyň ilkinji 20 bölümi «Fukididiň arheologiýasy» diýlip atlandyrylýar. Olar kitabyň girişinde Peloponnes urşundan öňki döwri beýan edýär. Fukidide işiň girişinde Gresiýanyň geçmişinde Peloponnes urşy ýaly urşuň hiç haçan bolmandygyny suratlandyrmak gerek bolupdyr. Fukididiň pikirine görä, Gresiýada oturymly ilat uzak bolmadyk döwürde ýüze çykypdyr. Bu onuň kritmiken medeniýeti barada hiç hili habarynyň ýokdugyny görkezýär.

Grek taryhynyň irki döwrüni beýan edende Fukidid ýurduň tebigy ýagdaýyna uly ähmiýet berýär. Ilatyň meşgul bolan kärlerini alyş-çalyş bilen baglanyşdyryp, şäherleriň ösmeginde söwdanyň ähmiýetiniň uludygyna üns beripdir. Emma ol gomerçilik adatlara tankydy garapdyr. Troýa urşy barada ýatlap, Fukidid «Meniň pikirime görä, goşun ýygnap, Troýa ýörişe gidilmeginiň sebäbi, Ýelenany halas etmeklik däl-de, Agamemnonyň häkimiýetiniň öz döwürdeşlerinden kuwwatlylygyny görkezmek niýeti ony Troýa gitmäge mejbur edipdir» diýip belleýär.

Peloponnes urşunyň wakalary Fukidid tarapyndan yzygiderlikde beýan edilipdir. Onuň beýanlarynda ilki bilen harby taryhy görkezilipdir. Ýörişler, goşunyň ýagdaýy, harby hereketler awtor tarapyndan gutarnykly, öz işini bilýän serkerde hökmünde beýan edilipdir.

Fukidid harby wakalara aýratyn döwletleriň içinde bolýan syýasy göreşleriň täsirini, aýratyn hem, Afinada bolýan göreşiň täsirini görkezipdir. Fukidid özüniň syýasy garaýyşlary boýunça aram demokrat bolup, Periklä ýakyn durupdyr, emma aram oligarh Feramene hem ýokary baha beripdir. Maglumatlary yzygiderli beýan etmek bilen Fukidid köp sanly taryhy şahsyýetleriň atlaryny berýär, emma aýratyn raýatlaryň

taryhy orny barada durup, olaryň bu uruşda tutýan ornuna baha berip durmaýar. Emma Perikl we Alkiwiad ýaly beýik şahsyýetleriň bitiren işlerine, olaryň taryhda tutýan ornuna doly baha berýär. Fukididiň işinde bu uly wakada–Peloponnes urşunda beýleki şahsyýetleriň beýan edilişi ýüzleý berilýär. Muňa garamazdan, ol wakalaryň gidişinden dogry netije çykaryp, onuň ahyrky netijesine göz ýetirip bilmekligiň gerekdigine öz işinde uly ähmiýet beripdir.

Fukididiň işi bize Peloponnes urşunyň taryhyna göz ýetirmäge mümkinçilik berýär. Fukididiň beýikligini – onuň taryhy wakalara tankydy garamaklygy we taryhy beýanlardan umumy netije çykarmaklygy kesgitleýär. Fukidid taryhçy hökmünde beýleki taryhçylara garanda has öňe çykan, taryh ylmynda uly ädim ätmegi başaran taryhçydyr. Ol taryh dürli häsiýetdäki şahsyýetleriň, adamlardan ybarat toparlaryň, şol sanda aýratyn ýolbaşçylaryň bähbitleriniň çaknyşmagy netijesinde ösýär diýen pikiri öňe sürüpdir. Emma antiki döwürde onuň taryhynyň bu taraplary bilinmän galýar. Taryhçylar onuň barlaglary geçirmeginiň usulyýetine üns bermän, diňe taryhy beýan edişine öýkünipdirler. Diňe täze zamanda, haçan-da, Gresiýanyň taryhy ylmy taýdan öwrenilip başlananda, Fukidide taryh ylmynda bitiren işine ýokary baha berilýär.

Tanymal grek taryhçylarynyň ýene biri Ksenofontdyr (takmynan b.e. öňki 430-355-nji ýý.). Ol Afinanyň baý raýatlarynyň toparyndan bolup, syýasy garaýşy boýunça demokratik gurluşa garşy gidip, spartanyň döwlet gurluşyny wagyz edipdir. Ýaş döwründe ol filosof Sokratyň okuwçysy bolýar. B. e. öň 404-nji ýylda Afinada oligarhlardan (iň baý adamlardan) düzülen «30-laryň» häkimligi döredilende, ol bu hökümetiň tarapynda durýar. Demokratiýa dikeldilenden soň, Ksenofont Afinany taşlap, grekleriň hakynatutma goşunynyň hatarynda bolup, uruşlara gatnaşýar. Soňra Pars tagtynyň mirasdary Kiçi Kiriň goşunynda gulluk edýär hem-de pars patyşasy Artakserks II garşysyna tagt üstünde bolan uruşlara gatnaşýar. Kir öldürilinden soň, ol öz hakynatutma esgerlerine baş bolup, ýurduna dolanyp gelýär. Ksenofont öz goşunynyň bir bölegi bilen Sparta goşunyna gulluga durýar. Afinanyň garşysyna harby hereketlere gatnaşýar, netijede, ol Afina hökümeti tarapyndan gaýybana watan dönügi hökmünde ölüme buýrulyp, emlägi elinden alynmaly edilýär, soňra bolsa ömürlik sürgün etmek barada höküm çykarylýar.

Ksenofondyň iň ähmiýetli taryhy eseri 7 kitapdan ybarat «Gresiýanyň taryhy» atly işidir. Ol Fukididiň eseriniň dowamy bolup, awtoryň ýaşan döwrüni öz içine alýar. Onda b.e. öňki 411–362-nji ýyllaryň wakalary sparta jähtinden beýan edilip, Matineýiň ýanynda bolan söweş bilen tamamlanýar. Peloponnes urşy hronologiki taýdan yzygiderlikde beýan edilse-de, ol guraksy ýazylypdyr. Emma Argun adasynyň ýanynda gazanylan ýeňişden soň, halk ýygnagynyň karary bilen jezalandyrylyp öldürilen Afina serkerdeleri baradaky suduň geçirilişiniň beýanlary has aýdyň görkezilipdir. Soňky kitaplarynda hem köp meselelerde awtorda yza çekilmeler gabat gelýär. Kähalatlarda Ksenofondyň taryhy ýadygärlik ýazgylarynyň ýazylyşyny ýatladýar, şonuň üçin ony ýadygarlik ýazgy eserlerine goşmak hem bolar. Ksenofondyň «Gresiýanyň taryhy» işi dürli döwürde ýazylan bolmaly. Iş b.e. öňki 403-nji ýylda başlanyp b.e. öň 360-njy ýyllarda awtoryň garran wagty tamamlanýar.

Ksenofont patyşa Agesilaýyň goşunynda gulluk edip, öz işinde ony adatdan daşary mahabatlandyryp görkezýär. Antalkid ýaraşyk şertnamasy baglaşylandan soň, Ksenofont spartalylar tarapyndan Peloponnesde, Olimpiýanyň golaýynda berlen mülke göçüp barýar we edebiýat bilen meşgullanyp başlaýar. Emma Spartanyň Beotiler bilen bolan uruşda şowsuzlyga uçramagy netijesinde, ol Korinfa göçmäge mejbur bolýar. Afina bilen Spartanyň gatnaşyklary gowulanandan soň, Ksenofont baradaky kararlar ýatyrylýar. Muňa garamazdan Ksenofont Afina hiç wagt dolanyp barmandyr.

Ksenofont kähalatlarda taryhy wakalara gözi ýetip duran hem bolsa, ol öz beýanlarynda olary bilgeşleýin ýatlaman geçýär, käbirlerini bolsa has gysga beýan edýär. Mysal üçin, ol «Gresiýanyň taryhy» atly işinde Ikinji Afina deňiz bileleşiginiň döredilen (b.e. öňki 378-nji ý.) wagtyny hem ýatlamaýar. Sparta garşy hereket eden Beotiý bileleşiginiň liderlerini–Pelopidi we Epaminondy hem ýatlaman geçýär. Ol Knidiň eteginde (b.e. öňki 394-nji ý.) bolan söweşde spartalylaryň ýeňilmegi bilen tamamlanan söweşe hem ýüzleý degip geçýär.

Taryhçy hökmünde Ksenofont Fukididden pes durýar. Çünki ol dürli yrymlara, düýş görmelere, adamlaryň işleri grek hudaýlaryna bagly diýen düşünjelere ynanýar. Ol wakalara bir taraply

– öz toparynyň bähbidini aramak bilen baha berýär hem-de taryhy ýoýup ýazýar. Ksenofondyň «Gresiýanyň taryhy» atly eseri ýatlama görnüşinde ýazylypdyr. Bu zatlara garamazdan, Ksenofondyň «Gresiýanyň taryhy» atly işi biz üçin belli bir derejede ähmiýetli iş hasaplanýar. Sebäbi onda berilýän taryhy wakalar, olaryň bolup geçen wagty we taryhy şahsyýetler hakyky maglumatlar bolup durýarlar.

Ksenofont başga-da dürli temalardan onlarça eser döredipdir. «Lakedomon politiýasy» işinde Spartanyň döwlet gurluşy, «Hojalyk barada» işinde b.e. öňki IV asyryň I ýarymynda Gresiýanyň ykdysadyýeti, ýaşaýyş-durmuşynyň aýratynlyklary, «Girdejiler barada» atly işinde hojalygy öndürijilikli guramagyň ýollary barada maglumat berilýär.

Ksenofondyň «Kiropediýa» atly işi Uly Kiriň (Kir II) terbiýelenişi hakynda hyýaly bir roman hökmünde bolup, Ksenofondyň monarhiýa gurluşyna ymtylandygyny görkezýär.

Ksenofondyň döwürdeşleriniň içinde Sokratyň ýene bir okuwçysy, filosof Platonyň (b.e. öňki 427–347-nji ýý.) işleri aýratyn bellemäge mynasypdyr. Syýasy garaýşy boýunça Afina demokratiýasynyň duşmany bolan Platon Spartanyň döwlet gurluşyny, onuň düzgünlerini aşa mahabatlandyryp görkezýär.

Platon Afinada içki syýasy göreşiň ýitileşen döwründe ýaşap, demokratiýa Afina döwletini heläkçilige alyp barar diýip hasap edipdir. Şonuň üçin, Platon jemgyýetiň gatlaklardan ybarat bolmalydygyny tekrarlapdyr hem-de asylzada begleriň bähbidini göz öňünde tutýan taslamasyny işläp düzüp, ony iň kämil jemgyýetçilik hem döwlet gurluşy hasaplapdyr. Şu mesele boýunça ol «Politiýa» ýa-da «Döwlet» we «Kanunlar» diýen işlerini ýazypdyr. Platonyň işlerinde Gresiýada dörän döwletleriň syýasy gurluşy barada maglumat berilýär.

B.e. öň IV asyrda grek polisleriniň içerki gurluşy barasynda birnäçe işler peýda bolýar. Olaryň arasynda iň ähmiýetli işler meşhur filosof Aristotele (b.e. öňki 384–322-nji ýý.) degişlidir. Ol öz okuwçylary bilen şol wagtdaky grek hem grek däl döwletleriň 158-siniň döwlet gurluşy barada eser (politiýa) ýazypdyr. Ýöne bu işleriň köpüsi ýitirilip, olardan diňe bölekler bize gelip ýetipdir. Emma 1890-njy ýylda Müsürden Britaniýa muzeýine getirilen papiruslaryň içinde «Afina syýasaty» atly eseriniň golýazmasynyň üsti açylýar. Ol 1891-nji ýylda iňlis alymy Kenion tarapyndan ilkinji gezek çap edilýär, soňra beýleki dillere hem geçirilip neşir edilýär. Bu işiň ähmiýetli tarapy Aristoteliň

Afina döwletiniň syýasy taryhyny we olaryň syýasy gurluşyny yzygiderli beýan etmegindedir. Politiýalaryň maglumatlarynyň esasynda Aristotel döwlet gurluşynyň dürli görnüşlerine garap, onda erkin raýatlar üçin syýasy gurluşy, has kämil döwleti gurmak barada pikirleri öňe sürýär. Ol syýasy garaýşy boýunça aram demokratiýanyň tarapdary bolupdyr. Aristoteliň bu işinde grek şäherleriniň taryhy barada hem maglumatlar berlip, beýleki çeşmeleriň üstüni doldurýar.

Grekleriň syýasy durmuşynyň umumy meselelerine Isokratyň (takmynan b.e. öňki 436–338-nji ýý.) eserlerinde hem degilip geçilýär. Isokrat demokratiýanyň duşmany bolupdyr. Ol gadymy Afina dolandyryşyň tarapdary, parslara garşy ýörişi gurnamaklygyň wagyzçysy, ömrüniň ahyrynda bolsa makedoniýanyň patyşasy Filipp II-niň tarapdary bolup çykyş edýär.

B.e. öňki V–IV asyrlarda ýaşan grek ýazyjy-şahyrlary Sofoklyň, Ýewripidiň, Aristofanyň ýazan çeper eserlerinde-de, olaryň grekleriň gündelik durmuşy, iş aladalary, dünýägaraýyşlary barasynda maglumatlar berilýär. Şol döwrüň özboluşly publisistik eserleri hasaplanylýan, Afinyda ýaşan dilewar Andokidiň (b.e. öňki 468-394-nji ýý.) çykyşlary, sözlän sözleri Peloponnes urşunyň ikinji döwründe Afinada dörän syýasy toparlar barada maglumatlary berýär. Kazyýetçilikde, sud işlerinde aklawjy bolup çykyş eden Afina dilewary Lisiniň (b.e. öňki 459–380-nji ýý.) çykyşlarynda Afina şäheriniň içki durmuşy barada maglumatlary berýär. Şeýle-de Afina dilewary Eshin (b.e. önki 390–-314 ýý.) Filipp Makedonskiniň tarapdary bolupdyr. Onuň hem Filipp II-ni mahabatlandyryp eden çykyşlarynyň üçüsi saklanyp galypdyr. Bu publisistik çykyşlarda Afinada bolup geçýän syýasy durmuş häsiýetlendirilýär.

Gadymyýetiň görnükli dilewarlarynyň biri-de Demosfen (b.e. öňki 384–322-nji ýý.) bolup, ol Filipp Makedonskiniň ilkinji duşmany bolupdyr. Demosfen dilewarlyk (suhangöýlük) sungatyny ele alyp, Afinada özüniň syýasy çykyşlary bilen çäksiz şöhrata eýe bolýar. Onuň Filipp II-niň garşysyna eden çykyşlarynda ony Filippjik diýip atlandyrypdyr. Demosfeniň çykyşlary Makedoniýanyň ýokary göterilýän döwrüniň taryhyny, Gresiýanyň jemgyýetçilik gatnaşyklaryny häsiýetlendirmek üçin iň ähmiýetli maglumatlardyr.

Suhangöýlük sungatynyň ösmegine, ýaýramagyna Gresiýanyň syýasy durmuşynda bolup geçýän ýagdaýlar hem ýardam edipdir. Bu

sungat mekdeplerde hem iň esasy dersleriň birine öwrülýär. Sözlenýän sözleriň, syýasy degişmeleriň ýomaklar ýaly ähmiýeti ýokary bolupdyr, emma olar awtorlaryň özleri tarapyndan çykarylypdyr. Owadan sözlemek barada dilewarlykdan ýörite traktatlar–kitapçalar ýazylypdyr. Suhangöýlügiň ilkinji mugallymlary sopular (sufistler) bolupdyr. Dilewarlykda uly özgerişleri Sokrat geçiripdir. Ol mähelläniň öňünde edilmeli çykyşlaryň her bir sözüni kämilleşdiripdir. Owadan sözlemek Isokratyň pikiri boýunça terbiýäniň esasy alamatlarynyň biri bolmaly. Aristotel hem dilewarlygyň taglymatlaryna bagyşlap, sözleýiş sungatynyň maksadyny we häsiýetini görkezýän «Ritorika» – «Dilewarlyk»atly işini ýazypdyr.

Gadymy Gresiýada dilewarlar öz çykyşlaryny has janlandyrmak maksady bilen, taryhy maglumatlary peýdalanypdyrlar. Owadan sözlemek maksady bilen, olaryň kähalatlarda taryhy hakykaty ýoýýan wagtlary hem az bolmandyr. Umuman, dilewarlyk sungaty edebiýatyň dürli ugurlarynyň, şeýle-de, taryh ylmynyň mundan beýläk ösmegine özüniň täsirini ýetiripdir.

B.e. öňki V–IV asyrlarda ýaşan görnükli grek söz ussatlary Lisiniň, Isokratyň, Demosfeniň, Eshiniň, Giperidiniň we beýlekileriň çykyşlary Gresiýanyň taryhy boýunça gymmatly maglumatlar hasaplanylýar.

**Ellinizm we Rimiň agalyk eden döwrüniň taryhy.** Ellinizm döwrüniň edebiýatlary has hem köpdür. Aýratyn hem, Aleksandr Makedonskiniň ýörişleri taryhy edebiýatlarda köp suratlandyrylýar. Aleksandryň ýörişlerini ilkinji bolup, onuň serkerdesi, soňra Müsür patyşasy Ptolomeý I (b.e. öňki 367-66–283-nji ýý.) beýan edipdir. Ol Aleksandra gelen hatlary we köşkde ýöredilýän gündelikleri peýdalanypdyr. Aleksandryň ýörişlerine bagyşlanan işlere onuň egindeşleri bolan Aristobulyň we Klitarhyň işlerini goşup bolar. Bu işler biziň döwrümize gelip ýetmändir, ýöne ol işlerden b.e. II asyr taryhçysy Arrian (takmynan 95–170-nji ýý.) peýdalanypdyr. Arrianyň «Anabasis» eserinde Aleksandryň ýörişleri yzygiderlikde beýan edilýär.

Ellinizm döwrüniň görnükli taryhçylarynyň biri hem Polibidir (b.e. öňki 201–120-nji ýý.). Gresiýanyň Arkadiýa welaýatynda doglan, edermen serkerde Polibiý Rimiň Makedoniýa garşy urşy döwründe Makedoniýanyň patyşasy Perseýiň tarapynda söweşip, ol Aheý harby bileleşiginiň atly goşunyna ýolbaşçylyk edipdir. Ma-

kedoniýa ýeňlenden soňra (b.e. öňki 168-nji ý.) girew hökmünde 1000 sany tanymal aheýliler bilen birlikde Polibiý hem Rime alyp gidilýär. Ol Rimde 16 ýyl ýaşapdyr. Polibiý köp syýahat edip, «Ähli umumy taryh» atly işini ýazmaga girişýär. Onuň bu işi 40 tomdan ybarat. Bu uly iş Gresiýanyň b.e. öňki 220–146-njy ýyllar aralygynyň taryhyny öz içine alýar. Emma onuň işiniň diňe ilkinji 5 kitaby bize doly gelip ýetipdir, olaryň hem dördünji we bäşinji tomlary ellinizm döwrüniň taryhyna degişlidir. Onuň galan işlerinden diňe käbir bölekler saklanyp galypdyr. Eseriň esasy maksady – käbir Rim döwletiniň çalt ýokary göterilmeginiň we onuň harby üstünlikleriniň sebäplerini düşündirmekden we beýan etmekden ybarat bolup durýar. Polibiniň taryhy wakalary beýan ediş usuly Fukididä ýakyndyr. Fukididiň «Peloponnes urşunyň taryhy» işinden soň, Polibiniň taryhy iň ähmiýetli işleriň biri hasaplanylýar. Polibiý jemgyýetde döwlet gurluşynyň şol bir görnüşleriniň aýlanyp, gaýtalanyp gelýändigi baradaky pikiri öňe sürýär. Onuň düşündirişine görä, döwlet gurluşynyň monarhiýa, tiranlyk, aristokratiýa, oligarhiýa, demokratiýa görnüşleri biri-birini yzygiderli çalyşýarlar we ýene-de öňki ýagdaýyna dolanyp gelýär, täze aýlaw ýene-de monarhiýadan başlanýar.

Polibiniň işini dowam etdirijileriň biri hem Posidoniý (b.e. öňki 135–51-nji ýý.) hasap edilýär. Emma bu awtoryň işiniň käbir bölekleri saklanypdyr, galanlary bolsa ýitirilipdir. Ýöne Posidoniň işini öz döwründe peýdalanan beýleki taryhçylaryň ýazmaklaryna görä, ol Gresiýanyň taryhyny b.e. öňki I asyryň 80-nji ýyllaryna çenli beýan edipdir.

Grek taryhnamasy Rimiň agalyk eden döwründe-de öz ösüşini dowam edipdir. Ol döwrüň görnükli taryhçylarynyň biri Sisiliýaly grek Diodordyr (b.e. öňki 90-21-nji ýý.). Ol köp jahankeşdelik edipdir. 30 ýyl çemesi Rimde ýaşap, 40 kitaplyk «Taryhy kitaphana» atly eserini ýazýar. Onuň bu işi Gadymy Gündogaryň, Gresiýanyň we Rimiň taryhyny öz içine alýar. Ol dürli ýyl ýazgylaryny deňeşdirip: olimpiadalar, arhontlar we başgalar esasynda taryhy beýan edipdir. Bu beýan ediş hemme wagt oňyn netije bermedik hem bolsa, onda taryhy hronologiki yzygiderlikde beýan etmek üçin, gymmatly taryhy maglumatlar saklanypdyr.

Onuň peýdalanan köp sanly çeşmeleri biziň günlerimize gelip ýetmändir. Diodor häzirki wagtda Polibiniň ýitirilen «Ählumumy taryhy», Posidonyň «Taryh» atly kitaplaryndan we beýleki awtorlaryň işlerinden habarly bolupdyr. Diodor taryhy çeşmelere

we eserlere tankydy jähtden garamandyr, şonuň üçin, ony «göçüriji taryhçy» diýip atlandyryp bolar. Diodoryň eseriniň ilkinji 5 kitaby doly, 20-nji kitaba çenli bölekleýin saklanypdyr. Onuň ilkinji 10 kitaby Gadymy Gündogaryň, 11–20-nji kitaplary Gadymy Gresiýanyň taryhyna bagyşlanypdyr. Soňraky kitaplary Rim taryhyna degişli bolupdyr, emma olar bize gelip ýetmändir.

Diodoryň «Taryhy kitaphana» işinde Gresiýanyň taryhyna degişli bölümlerde beýleki çeşmelerde berilmedik maglumatlar saklanypdyr. Olaryň üsti Gerodotyň, Fukididiň, Ksenofondyň taryhy işlerinden alnyp, Sisiliýanyň ilatynyň durmuşyna bagyşlanan maglumatlar bilen doldurylypdyr. Diodoryň işinde Filipp II we Aleksandr Makedonskiý barada hem gymmatly maglumatlar goşulypdyr. Diodor özünden öňki, şol sanda bize näbelli bolan awtorlaryň işlerini hiç-hili derňemezden, seljermezden öz kitabyna girizipdir. Ýitirilen köp sanly işleriň Diodoryň kitabyna girizilmegi onuň kitabynyň ähmiýetli tarapydyr.

Gadymy Gresiýanyň taryhy boýunça möhüm maglumatlar b.e. öňki I – b.e. I asyrlarynda ýaşan Strabonyň «Geografiýa», Tit Liwiniň ýitirilen «Rim şäheriniň esaslandyrylandan bäri taryhy», Pompeý Trogyň, Siseronyň işlerinde hem berilýär.

Gadymy Gresiýanyň taryhyny öwrenmekde grek ýazyjysy Plutarhyň (takmynan 46–126-njy ýý.) eserleri örän möhüm ähmiýete eýedir. Plutarh Beotiý welaýatynyň Heroneý şäherinde doglup, Afinada bilim alypdyr. Rimiň ýokary emeldarlary bilen ýakyndan gatnaşykda bolup, ol Gresiýada Rim imperatorynyň mülküni dolandyrypdyr.

Plutarh antiki zamanda iň belli ýazyjylaryň biri bolup, 200-den gowrak eser ýazypdyr. Olaryň köp bölegi biziň günlerimize gelip ýetmändir. Taryhçy üçin, olaryň içinde iň ähmiýetlisi »Şahsyýetleriň ömürbeýanlaryna» bagyşlanan eserdir. Bu kitapda Gadymy Gresiýanyň we Rimiň görnükli döwlet işgärleriniň 50-siniň terjimehallary berilýär.

Plutarh ömürbeýanlary ýazýan ýazyjylaryň, taryhy şahsyýetleriň oňyn we kemter taraplaryny häsiýetlendirmegi başarmalydygyny belleýär. Onuň pikirine görä, kiçiräk hereketler ýa-da degişme hökmünde aýdylan sözler kähalatlarda taryhy wakalardan has ähmiýetli hem ýokary bolup biler. Plutarh taryhçy däl-de, ahlakçy ýazyjydyr. Ol esasy ünsüni taryhy wakalara däl-de, öz gahrymanynyň ahlak, adamkärçilik

sypatlaryna gönükdiripdir. Plutarh dini taglymatlaryň täsirinde bolmak bilen, öz döreden ömürbeýanlarynda adatdan daşary güýçleri, mukaddesligi görkezipdir. Netijede, onuň ýazyp beýan eden şahsyýetleri ägirt uly şan-şöhrata eýe bolupdyr. Plutarhyň eserleriniň taryhy ähmiýeti, olarda biziň günlerimize çenli gelip ýetmedik gadymy taryhçylaryň işleri barada köp sanly maglumatlaryň saklanmagydyr.

Gadymy grek taryhnamasynda köp üns berlen meseleleriň biri-de Isgender Zulkarneýiniň ömrüniň we amala aşyran işleriniň beýanydyr. Bu mesele boýunça Isgender bilen döwürdeş awtorlar hem ondan soňky döwürde ýaşan awtorlar hem örän köp işleri ýazyp galdyrypdyrlar. Emma olaryň diňe az bölegi bize gelip ýetipdir. Olardan b.e. II asyrynda ýaşan grek taryhçysy Arrianyň «Aleksandryň anabasis» («Isgenderiň ýokary göterilmegi») eseri has ynamdar hasap edilýär. Arrian Isgenderiň döwürdeşleriniň işlerini, hatda makedon şalarynyň köşgünde ýörite ýöredilen ýazgy depderini – gündeligini peýdalanypdyr. Arrianyň eserinde Isgender Zulkarneýiniň amala aşyran işlerine guwanmak, ony öwmek bilen baha berilýär. Emma b.e. öňki I asyrda ýaşan Rim taryhçysy Kwint Kursiý Rufyň «Aleksandryň durmuş ýoly we amala aşyran işleri» barasyndaky eserinde ol gazaply basybalyjy hökmünde häsiýetlendirilýär. Agzalan taryhy eserler täze döwürde Gadymy Gresiýanyň taryhyny giňden öwrenmäge esasy çeşme bolup hyzmat edýär.

B.e. II asyryna degişli bolan Pawsanyň «Elladanyň beýany» atly işi hem grek taryhynyň ýadygärliklerine degişlidir. Onuň bu işinde Gresiýanyň gadymyýeti barada köp sanly hekaýalar beýan edilýär.

Gresiýanyň taryhy bilen Rim taryhçylary hem gyzyklanypdyrlar. Grek taryhyndan getirilýän mysallar Rimiň iň görnükli dilewary bolan Siseronyň işlerinde hem az däl. B.e. öňki I asyryň ahyrlarynda, Awgustyň dolandyran ýyllarynda, Pompeý Trogyň latyn dilinde ýazylan taryhy eseri hem ähmiýetli işleriň biri bolupdyr. Ondan alnan käbir maglumatlar b.e. II asyrynda ýaşan ýazyjy Ýustiniň işlerinde saklanyp galypdyr.

Umuman, antiki döwrüň taryhy eserleri grek taryhynyň ösüşiniň esasy wakalaryny şöhlelendiripdir. Olar gadymy grek jemgyýetiniň dürli döwürlerde ösüşini öwrenmek üçin, esasy maglumatlary özünde jemleýärler.

Gresiýanyň taryhyny öwrenmekde we beýan etmekde biziň döwrümize gelip ýeten resmi ýazgylaryň ähmiýeti hem uludyr. Anti-

3 Sargyt № 2730

ki döwürde syýasy ýazgylaryň iň zerurlary resmi ýazgylar hökmünde daşa ýazylyp, şäher meýdançasynda ýa-da köçelerde asylyp goýlupdyr. Nusgawy we ellinçilik zamanlarynyň daş ýazgylarynyň bir bölegi biziň günlerimize gelip ýetipdir, olara epigrafika diýilýär. Bu ylym taryh dersiniň kömekçi hünäri bolan daş ýazgylaryny öwrenýär. Bu ýazgylar hem Gresiýanyň taryhyny öwrenmekde gymmatly maglumatlar bolup hyzmat edýärler. Mysal üçin, iň gadymy diplomatik maglumatlardan Elido bilen Gereeýiň arasynda baglaşylan ylalaşygyň ýazgylary Olimpiýadadan tapylýar. 1884-nji ýylda üsti açylan Gortin ýazgylary b.e. öňki VI asyra degişli bolup, Kritiň Gortin şäherinden tapylýar. Ol ýazgylarda maşgala we emläk gatnaşyklary, bergidarçylyk gulçulygy we başga-da köp sanly agyr etmişler barada maglumatlar berilýär. Gortin ýazgylary esasynda irki döwürde gullaryň we bergidarlaryň ýagdaýyny kesgitläp bolýar.

Köp sanly ellin döwrüne degişli daş ýazgylary Pergamdan we beýleki Kiçi Aziýa şäherlerinden, Delos, Rodos adalaryndan we Müsürden tapylýar.

Gresiýanyň taryhyny öwrenmekde köp sanly täze arheologiki barlaglar netijesinde tapylan maglumatlar ýazuw çeşmeleriniň üstüni dolduryar. Has irki döwrüň taryhyny öwrenmekde Krit we beýleki adalarda geçirilen barlaglar, şeýle-de, Kiçi Aziýanyň we Balkan Gresiýasynyň deňiz kenarlarynda geçirilen barlaglar mümkinçilik berýär.

**Gadymy Gresiýanyň taryhynyň täze döwürde öwrenilişi.** Günbatar Rim imperiýasy ýykylandan soň, birnäçe asyryň dowamynda antiki döwrüň taryhy juda az adamlary gyzyklandyrypdyr.

Diňe XIV asyrdan başlap (Ýewropada gaýtadan galkynyş döwrüniň başlanmagy bilen) Italiýanyň şäherlerinde saklanyp galan gadymy awtorlaryň golýazmalaryny ýygnamak we öwrenmek başlanýar. XV asyrda Italiýanyň bu göreldesine beýleki Ýewropa ýurtlary-da eýeripdirler. XVI asyrda çap etmek usuly açylandan soň, gadymy grek-rim awtorlarynyň eserleri köpeldilýär we giň köpçülige elýeterli edilýar. XVI asyrda Gadymy grek-rim taryhy ýörite ders hökmünde uniwersitetlerde we gimnaziýalarda okadylyp başlanýar.

XVII asyryň başynda Fransuz alymy, filolog Jozef Ýust Skaliger antiki taryhyň ylmy senenamasyny düzýär. Gresiýanyň ýerinde ilkinji arheologiýa barlaglary-da şol ýüzýyllykda başlanýar. XVIII asyr-

da Angliýada hem arheologiýa maglumatlarynyň esasynda ýazylan Gadymy Gresiýanyň taryhy boýunça ylmy işler peýda bolýar.

XVIII asyryň ahyrynda XIX asyryň başlarynda Gadymy Gresiýanyň taryhy boýunça «Gomer meselesi» atly ylmy jedel ýüze çykýar. Nemes filology Fridrih Wolf (1759–1824-nji ýý.) «Iliada» we «Odisseýa» poemalaryny derňäp, olary bir awtoryň işi hökmünde kabul bolmajakdygy hakyndaky netijä gelýär. Ol poemalaryň aýry-aýry epiki aýdymlaryň biri-biri bilen utgaşdyrylmagy netijesinde kem-kemden dörändigini tassyklaýar. Wolf Gomeri taryhy şahsyýet hökmünde inkär etmeýär. Ýöne onuň poemalaryň awtory däl-de il arasynda olary aýdym edip aýdan, ady belli dessançylaryň biri bolandygyny tassyklaýar. Onuň adyny soňraky nesiller ýatda saklapdyr we poemalaryň awtory hökmünde kabul edendiklerini aýdýar. Başga bir nemes filology Fridrih Şiller bolsa Wolfyň tersine poemalaryň ikisiniň-de edebi bitewiligini subut edip, olaryň awtorlarynyň Gomerdigini tassyklaýar. Bu ylmy jedel häzire çenli dowam edýän we doly çözülmedik meseleleriň biri bolmagynda galýar.

XIX asyryň başynda taryhy çeşmeleri öwrenmekde, olary tankydy derňemek usuly ýüze çykdy. Bu usuly ilkinji ulanan Geýdelberg uniwersitetiniň professory Bartold Georg Niburdyr. Ol antiki awtorlaryň işlerini biri-biri bilen hem-de arheologiýa we etnologiýa ylmynyň maglumatlary bilen deňeşdirmek arkaly wakalaryň anyklygyny kesgitlemegi öňe sürýär. Nibur deňeşdirme usuly bilen aýry-aýry wakalary--da, taryhyň umumy ösüşini-de kesgitlemäge synanyşýar.

1817-nji ýylda Berlinde Awgust Bekiň (1775–1867-nji ýý.) «Afinalylaryň döwlet hojalygy» atly işi çap edilýär. Onda Afinanyň maliýe ýagdaýy derňelýär. Bu işde erkin ilatyň sany, gullaryň sany, hünärmenleriň zähmet haky, azyk önümleriniň bahasy anyklanylýar. Awgust Bek öz okuwçylary bilen ýygnan gadymy grek ýazgylarynyň 4 tomlugyny çap edýär.

A. Bekiň okuwçylaryndan biri Iogan Gustaw Droýzen (1808–1884-nji ýý.) 1833-nji ýylda «Beýik Isgenderiň taryhy» atly eserini çap edýär. Onda Filipp II Gresiýany boýun egdirişi we Isgender Zülkarneýiniň basybalyşlary mahabatlandyrmak bilen beýan edilýär. Droýzen 1836-njy ýylda «Diodohlaryň taryhy», 1842-nji ýylda «Epigonparyň taryhy» eserlerini çap edýär. Olarda Isgenderiň oruntutarlarynyň döwründe, ýagny b.e. öňki 223–221-nji ýyllarda, Ortaýer deňzi sebitiniň harby-syýasy taryhy açylyp görkezilýär.

XIX asyryň 70-nji ýyllarynda Droýzen ýokarda görkezilen işlerini birleşdirip, «Ellinizmiň taryhy» atly işini çap edýär. Şeýlelikde, ol taryh ylmyna «ellinizm» diýen täze adalga girizýär. Onuň pikiriçe, bu b.e. öňki IV asyryň ahyryndan b.e. öňki II asyra çenli aralygy öz içine alýan döwri, grek agalygynyň we grek medeniýetiniň Gündogar halklaryna ýaýran we ellinizm medeniýetiniň emele gelen döwri bolupdyr. Emma onuň mazmuny Droýzeniň kesgitlemesinden tapawutlanýan hem bolsa, ellinizm adalgasy Gresiýanyň taryhynyň soňky döwrüni we Aleksandr Makedonskiniň ýörişlerinden soň Alynky Aziýada we Müsürde emele gelen patyşalyklaryň taryhyny öz içine alýan döwrüň ady hökmünde berk ornaşýar.

XIX asyryň II ýarymynda gadymy Gresiýanyň taryhy boýunça 2 sany uly iş neşir edilýär. Olaryň biri Nemes alymy Ernest Kusirusyň (1814–1897-nji ýý.) 3 tomluk «Gresiýanyň taryhy» eseri bolup, onda iň gadymy döwürden b.e. öňki 338-nji ýyla çenli bolan wakalar beýan edilýär. Ol eserde gadymy Grek jemgyýetiniň medeni durmuşyna aýratyn uly orun berlipdir. Beýleki bir işiň awtory iňlis alymy Žorž Grotdyr (1809–1871-nji ýý.). Grotyň eseri 12 tomdan ybarat bolup «Gresiýanyň taryhy» diýlip atlandyrylýar. Eseriň gadymy döwürden b.e. öňki 301-nji ýyla çenli aralygy öz içine alýar. Grot medeniýetiň taryhyna – edebiýata, filosofiýa, sungata aýratyn üns beripdir. Ol Afina demokratiýasyny has mahabatlandyryp görkezipdir. Emma Perikliň, Kleonyň, Demosfeniň hereketlerini, Isgender Zulkarneýiniň ýörişlerini dogruçyl beýan edipdir.

XIX asyryň II ýarymynda Ýewropada bolup geçen durmuş-ykdysady we syýasy özgerişler bilen baglanyşykly adamzat taryhynyň ösüşi barada täze nazaryýetler peýda bolýar. Şeýle nazaryýetleriň biri-de taryhy materializmdir. Ol nazaryýet K.Marksyň we F. Engelsiň «Kapital», «Tebigat dialektikasy» «Anti Dýuring» we beýleki eserlerinde esaslandyrylýar. Onda adamzat taryhynyň durmuş-ykdysady formasiýa diýlip atlandyrylýan we bir-birini çalyşýan 5 sany uly döwürlerden düzülýändigi baradaky pikir öňe sürülýär. Şol döwürleriň ikinjisini, ýagny Gadymy döwri olar gul eýeçligiň jemgyýetçilik ykdysady formasiýasy hökümünde häsiýetlendirýärler.

XIX asyryň ahyrynda ýüze çykan beýleki bir nazaryýet «adamzat jemgyýetiniň taryhy gaýtalanyp duryan aýlawlardan ybaratdyr» diýen pikiri öňe sürýär. Şoňa laýyklykda, adamzat jemgyýeti öz ösüşinde

şol bir basgançaklary geçenden soň, täzeden gaýtalanýar. Ol aýlawlar (sikller) nazarýeti adyny aldy. Şu nazarýete görä, gadymy döwrüň ösüş basgançaklaryny degişlilikde Ýewropanyň taryhynyň orta asyrlary we täze taryhy bilen deňeşdirmek mümkindigi aýdylýar.

**Gadymy Gresiýanyň ýerlerinde geçirilen arheologiki barlaglar we olaryň netijeleri.** XIX asyryň ikinji ýarymy – XX asyryň başlary Gadymy Gresiýanyň arheologiýasyny öwrenmekligiň we taryhy açyşlaryň döwrüdir. Uly möçberli arheologiýa işleriniň başyny nemes barlagçysy Genrih Şliman (1822–1890-njy ýý.) başlaýar. Ol ilkinji bolup, 1873, 1878–1879-njy ýyllarda Kiçi Aziýanyň Gissarlyk diýen ýerinde gadymy Troýanyň ýerleşýändigi baradaky rowaýatyň esasynda gazuw-agtaryş işlerini geçirýär we bu şäheriň üsti açylýar. Şlimanyň başlan işini soňra Wilgelm Derpfeld (1883–1940-njy ýý.) amala aşyrýar. Barlaglar Gissarlyk ýadygärliginiň gadymy Troýa şäheriniň galyndylarydygyny subut edýän maglumatlaryň üstüni açýar.

1874–1877-nji ýyllarda G. Şliman Peloponnesiň demirgazyk-günbatar böleginde ýerleşen Mikende arheologiýa barlaglaryny geçirip, örän köp ýadygärlikleriň üstüni açýar. Bu ýerde b.e. öňki XVII–XVI asyrlara degişli ýerasty–şahta guburhanalary diýilýän guburhanalaryň üsti açylýar.

Iňlis alymy Artur Ewans (1851-1941-nji ýý.) tarapyndan 1900-nji ýylda Krit adasynda gazuw-agtaryş işleri geçirilýär. Ol ýerde A. Ewans ägirt uly desganyň galyndysyny açýar we ony «Minosyň köşgi» diýip atlandyrýar. XX asyryň başlarynda şeýle desgalar ýene-de Egeý deňziniň adalarynda we Balkan Gresiýasynyň birnäçe ýerinde ýüze çykarylýar. Netijede, Kritiň beýleki ýerlerinde geçirilen barlaglar, alymlara Gadymy Krit medeniýetiniň aýratynlyklarynyň üstüni açmaga mümkinçilik berýär. Şol döwürlerde beýleki bir nemes barlagçysy Ernest Kursius Gresiýanyň Olimpiadasynda (1875), birneme soňrak bolsa, Pergamda uly möçberli arheologiýa barlaglaryny amala aşyrýar.

Bu döwürde Afinada we beýleki grek şaherlerinde yzygiderli arheologiki barlaglar, ähmiýetli barlaglarar fransuz arheologlary tarapyndan dini merkez bolan Delfde we Olimpiadada geçirilýär. Delos we Rodos adalarynda, Kiçi Aziýanyň iri merkezleri bolan we ellinizm döwründe gülläp ösen Miletde, Pergamda we beýleki şäherlerde, ellinizmiň täsiri ýeten Müsürde, Siriýada we beýleki ýurtlarda geçirilen köp sanly arheologiki barlaglar, Gadymy Gresiýanyň taryhy barada köp möçberde maglumatlary toplamaga mümkinçilik berýär.

1875-nji ýylda nemes arheologlary Olimpiadada gazuw-agtaryş işlerini geçirip, ol ýerden Geriniň we Zewsiň ybadathanalarynyň, köp sanly heýkelleriň, şol sanda görnükli heýkeltaraş Fidiniň ussahanasynyň üstüni açýarlar. Emma Fidi tarapyndan taýýarlanan we grekler tarapyndan dünýäniň ýedi täsinlikleriniň biri hasaplanan Zewsiň heýkeli tapylman galýar.

XIX asyryň ahyrlarynda iňlis, amerikan, fransuz, grek arheolog alymlarynyň geçiren köp sanly ekspedisiýalary gadymy grek şaherleriniň harabaçylyklarynda gazuw-agtatyş işlerini geçirip, ol ýerlerden köp sanly ybadathanalaryň , köşkleriň, teatrlaryň, stadionlaryň, bürünçden ýasalan heýkelleriň, teňňeleriň, kitaphanalaryň üstüni açmagy başarýarlar. Grekleriň özleri Afina Akropolyny öwrenmek boýunça uly işleri amala aşyrýarlar.

Ylmy barlaglar XIX asyryň ikinji ýarymynda XX asyryň içinde hem dowam etdirilip, dürli ýurtlaryň arheologlary tarapyndan Gresiýanyň gadymy taryhy öwrenilýär. Şol döwürlerden başlap, rus alymlary A. Lýusenko, K. Demberg, A. Uwarow, I.E. Zabelin, P.M. Leontew., A.P. Smirnow we beýlekiler tarapyndan Gara deňiz kenarlarynda, Don derýasynyň aşaky akymlarynda, Kerçde köp sanly gazuw-agtaryş işleri geçirilýär. Netijede, gadymy grek şäher döwletleri bolan Hersones, Bospor patyşalygynyň paýtagty Pantikopeý, Olwiýa şaherleriniň üsti açylýar. Bularyň netijesinde üsti açylan arheologiýa tapyndylary, alymlara Gadymy Gresiýanyň taryhyny öwrenmekde düýpli öwrülişik etmäge mümkinçilik berýär.

**XX asyrda Gadymy Gresiýanyň taryhynyň öwrenilişi.** XIX asyryň soňky çärýeginde XX asyryň başlarynda görnükli nemes taryhçysy Eduard Meýeriň «Gadymyýetiň taryhy» atly eseri çap edilýär. Meýer Gadymy ýurtlaryň taryhyny beýleki awtorlaryňky ýaly yzygiderlikde – Gündogar ýurtlary, Gresiýa, Rim – diýip atlandyrman, eýsem ol taryhy utgaşykly beýan edýär. Ýagny beýan ediş yzygiderliligi ýurtlar boýunça däl-de, wakalaryň senesi boýunça ýazyp, «Taryhyň ösüşi aýlaw boýunça hereket edýär» diýip tekrarlaýar. Ol bu nazarýetiň belli wekilleriniň biri bolansoň, ýurtlaryň taryhyny aýry-aýrylykda beýan etmän, eýsem döwürler, wakalar boýunça beýan edipdir.

E. Meýeriň «Gadymyýetiň taryhy» atly işi 5 tomdan ybarat bolup, soňra ol täze maglumatlaryň toplanmagy bilen, işiniň üstüni täzeden ýetirip, birnäçe gezek neşir edýär.

Birinji Jahan urşundan soň taryh ylmynyň merkezi hökmünde Fransiýa we Angliýa öňe saýlanýar. XX asyryň 20–30-njy ýyllarynda Kritde we Gresiýanyň beýleki ýerlerinde möhüm arheologiýa açyşlary edilýär. 1938-nji ýylda Mikende «Nestoryň köşgi» atlandyrylan gadymy harabaçylykdan ýüzi hatly toýun kerpiçjikler tapylýar. Ol ýerde gazuw-agtaryş işleri soňky döwürlere çenli dowam etdirilip gelinýär we ýüzi hatly kerpiçjikleriň üsti açylýar. Soňky ýyllarda Amerikaly alymlar ellinizm döwrüne degişli ýerlerde möhüm arheologiýa barlag işlerini geçirýärler. Ýewfrat derýasynyň boýunda ýerleşen gadymy Dura Ewropos şäherinde geçirlen barlaglaryň netijesinde örän gymmatly maglumatlar toplanylýar. XX asyryň 50-nji ýyllarynda iňlis alymlary M. Windersiň we J. Çadwigiň Krit-Miken döwründe Gresiýada ulanylan iýeroglif («A» we «B» belgili hat») hatyny okamagyň usulyny açmagy Gadymy Gresiýanyň taryhyny öwrenmekde uly öňe gidişlik boldy. Şol maglumatlaryň netijesinde, taryhçy alymlar tarapyndan 7 tomdan ybarat Gresiýanyň taryhy ýazylýar. Ikinji Jahan urşundan soň, Günbatar Ýewropa taryhçylary tarapyndan ýazylan köp tomluk taryhy eserlerden «Siwilizasiýanyň ählumumy taryhy» (Fransiýa) atly işi belläp bolar.

XIX–XX asyrlaryň içinde rus alymlary tarapyndan Gresiýanyň taryhy barada köp sanly işler ýazylýar. Olardan S.A. Žebelýewiň «B.e. öňki 229–231-nji ýyllaryň Afina taryhy» (1898-nji ý.), M.M. Hwostowyň «Grek-rim Müsüriniň Gündogar söwdasynyň taryhy», »Afina demokratiýasy»(1909-njy ý.) «Gresiýanyň taryhyna giriş» (1915-nji ý.) ýaly işleri çap edilýär. Şeýle-de R.Ýu. Wipperiň «Gresiýanyň nusgawy döwrüniň taryhy» diýen işi ýazylýar. Sowet eýýamynda hem Gadymy Gresiýanyň taryhynyň aýry-aýry meseleleri, döwürleri boýunça umumylaşdyryjy häsiýetdäki işleriň uly topary çapdan çykarylýar. Olardan A.B. Ranowiçiň «Ellinizm we onuň taryhy ähmiýeti» (1950-nji ý.), A.N. Zograf «Antiki monetalar (teňňeler)», W.I. Awdiýewiň we N.N. Pikusyň «Gadymy Gresiýanyň taryhy» (1962-nji ý.), «Antiki Gresiýa. Polisiň ösüşiniň meseleleri» T. 1-2. (1983-nji ý.), A.S. Şofmanyň iki bölümden ybarat «Antiki Makedoniýanyň taryhy» (1960–1963-nji ýý.) we beýleki onlarça taryhçylaryň işlerini belläp bolar. W.S. Sergeýewiň «Gadymy Gresiýanyň taryhy» atly kitaby bolsa birnäçe gezek neşir edilýär. XX asyryň ikinji ýarymynda SSSR-de çap edilen 10 tomluk «Ählumumy taryhyň» I-II tomlary hem gadymy döwrüň taryhyny beýan edýär.

## II.
# GRESIÝA KRIT WE MIKEN SIWILIZASIÝALARY DÖWRÜNDE

**Gresiýada siwilizasiýanyň ýüze çykmagy.** Balkan ýarymadasy entek gadymy daş asyry döwründe ilatlaşypdyr. B.e. öňki VII müňýyllykda bu sebitde ekerançylyk we maldarçylyk ösüp başlaýar. Küýzegärçilik ýüze çykýar. B.e. öňki VI–IV müňýyllyklarda Dunaýdan günortadaky ýerlerde ösen neolit (täze daş asyry) medeniýeti peýda bolýar. Balkan ýarymadasynyň we Egeý deňziniň adalarynyň has amatly ýerlerinde ilatyň sany çalt köpelýär. B.e. öňki IV müňýyllykda olar mis eretmegi özleşdiripdirler. Metal gurallar öndüriji güýçleriň çalt ösmegine ýardam edipdir. Ol hem öz gezeginde ilkidurmuş gatnaşyklarynyň dargamagyna getirýär. Bu hereket, ylaýta-da, Kritde we Elladanyň kenarýaka ýerlerinde çaltlaşypdyr we ol ýerlerde siwilizasiýanyň örän ir ýüze çykmagyna alyp barypdyr.

Emma XIX asyryň 70-nji ýyllaryna çenli Gadymy Gresiýanyň taryhy bilen meşgul bolan alymlar, Gresiýanyň başlangyç taryhyny b.e. öň VIII asyrdan beýan edipdirler. Mysal üçin, Žorž Grot (1794–1871-nji ýý.) 12 tomdan ybarat «Gresiýanyň taryhy» atly işinde Gresiýanyň taryhyny Elide welaýatynda ýerleşýän we Gresiýada giňden ýaýran Olimpiýa oýunlarynyň başlanan senesinden (b.e. öňki 776-njy ýyl) alyp gaýdýar. Žorž bu köp tomluk işinde grekleriň has irki taryhy barada hiç zat agzaman geçýär. Emma grekleriň gadymy taryhy halk rowaýatlarynda-da, ertekilerde-de saklanyp, dilden-dile geçip gelipdir we antiki taryhçylarynyň – Gerodotyň, Fukididiň, Diodoryň we beýlekileriň işlerinde giňden beýan edilipdir. Şol rowaýatlara görä, Krit adasynda has irki döwürde kuwwatly patyşalyk döräp, onda Minos diýen bir patyşa ýurdy dolandyrypdyr.

XX asyryň dowamynda geçirilen arheologiýa barlaglary Gadymy Gresiýanyň taryhynyň başlangyç senesiniň has irki döwürlere degişlidigini aýan etdi. Gresiýada ilkinji siwilizasiýalaryň ikisiniň b.e. öňki III–II müňýyllyklarda ýüze çykandygy anyklanyldy. Ýewropa taryhynyň ilkinji sahypalary şu siwilizasiýalaryň taryhynyň beýany bilen açylýar. Bu döwürde Ýewropada ilkinji döwletler emele gelip, ilkinji hat-ýazuw, ilkinji sungatyň nusgalary ýüze çykýar. Bu döwrüň wakalary we gahrymanlary soňraky grekler tarapyndan kuwwatly

Krit patyşasy Minoý barada, Gerakl bilen Teseýiň gahrymançylyklary barada, Argonawtlaryň we Troýa urşy baradaky rowaýatlaryň döremegine getirýär.

**Genrih Şlimanyň barlaglary. Troýa we Miken baradaky maglumatlaryň açylmagy.** XX asyryň 70-nji ýyllaryna çenli alymlar bu rowaýatlary inkär edip geldiler. Bu garaýyş diňe XIX asyryň 70-nji ýyllaryndan, esasan hem, Genrih Şlimanyň arheologiki açyşlaryndan başlaýar. Genrih Şliman (1822–1890-njy ýý.) Germaniýada baý bolmadyk maşgaladan bolup, heniz oglan wagtynda ony atasy söwda işlerine ugrukdyrýar. Ýaş Şliman söwda işlerinde özüniň ukybyny görkezip, gazanç edip, mal toplap, özi uly bolmadyk söwda merkezini açýar. 1846-njy ýylda ol Russiýa gidip, Peterburgda täjirçilik merkezini açýar. Krym urşy bilen baglylykda onuň söwdasy has güýjäp, 60-njy ýyllarda millioner bolýar. G. Şliman diňe bir söwdada däl, eýsem, dil öwrenmekde hem juda erjel bolup, Ýewropa dillerini, şol sanda rus dilini hem öwrenýär. Ol gadymy grek dili bilen we antiki awtorlaryň işleri bilen gyzyklanýar, «Iliada» we «Odisseýa» poemalaryny okap, bu eserleriň mazmuny taryhy hakykat esasynda döredilendigine ynanýar. Şondan soň, Şliman söwda işlerini taşlap, öz hasabyna, gadymy Troýany tapmaga girişýär hem-de 1870-nji ýylda Kiçi Aziýada ýerleşýän Gissarlyk depede gazuw işlerine başlaýar. Netijede, birnäçe günden soň, bu ýerde köp asyr mundan öň ýumrulyp ýene-de täzeden dikeldilen şäheriň üstüni açýar. Tapylan köp sanly daşdan, bürünçden we gymmat bahaly metallardan ýasalan zatlaryň täsin hem kämil ýasalyşy ony geň galdyrýar. Aýratyn hem, hemmeleri geň galdyran zat Şliman tarapyndan Prima diýip atlandyrylan hazynanyň üstüniň açylmagy bolýar. Tapyndylaryň içinde altyndan, kümüşden we misden ýasalan zergärçilik işleri (halkalar, bilezikler, şelpeler), örän inçeden sünnälenip daşdan hem bürünçden ýasalan ýaraglar bar. Ownuk altyndan ýasalan zatlaryň sany 8 müňden geçýär. Şlimanyň arheologiýa hünäri bolmansoň, ol gadymy şaheriň dürli döwrüniň medeni gatlaklaryny dogry kesgitläp bilmändir, şonuň üçin, ol öz açyşyny «Gomerçilik Troýany» has irki oturymly ýer hasaplap, «Troýa II» diýip atlandyrýar, emma onuň «Gomerçilik Troýasy» «Troýa VII» hasaplanýar. Bu kemçiliklerine garamazdan, Şlimanyň açyşlary öz ylmy ähmiýetini asla ýitirmeýär. Şeýlelik bilen, alymlaryň

eposlary inkär etmekliginiň öňi alynýar. Gomeriň adyna ýazylýan epiki eserlerde hem taryhy hakykatyň şöhlelendigi ýüze çykarylýar. Şlimanyň ýolyny alymlaryň köpüsi dowam etdirýär. Şliman diňe bir Troýany gazmak bilen çäklenmändir, ol 1874-nji ýylda gadymy Mikende hem gazuw işlerini geçirýär.

«Iliada» poemasyna görä, Mikende patyşa Agamemnonyň ýaşaýan köşgi bolupdyr. Agamemnon grek halk ýygymyna baş bolup, Troýa ýöriş edipdir. Miken Akrapolynyň galyndylary beýik baýryň üstünde heniz gazuw işleri geçirilmezinden öň hem üsti açyk görnüp durupdyr. Bu baýyr Argoliý aýlagynyň kenaryndan 18 km uzaklykda, deňiz derejesinden 278 metr beýiklikde ýerleşipdir. Baýyr goranyş taýdan juda amatly ýerde ýerleşip, ol ýerde daşdan gala galdyrylypdyr. Galanyň girelgesinde iki sany ýolbars heýkeli oturdylyp, oňa «ýolbars derwezesi» diýlip atlandyrylypdyr. Şliman 1876-njy ýylda Miken Akrapolyndan daş bolmadyk ýerde alty sany «şahta guburhanalary» diýlip atlandyrlan guburhanalaryň hem üstüni açýar. Olar gaýada gönüburç şekilli guýular bolup, ýokarsy daş plitalar bilen ýapylypdyr. Bularyň käbirleri irki döwürde talanypdyr, beýlekilerinden bolsa, köp sanly çeper bezelen şaý-sepler: maňlaýlyk, egme ýüzükler, zynjyrlar, owadan hem gymmat bahaly daşlar bilen bezelen ýaraglar, gymmat bahaly metaldan ýasalan gaplar (mysal üçin, kümüşden öküziň kellesi şekilindäki ritonlar), altyndan ýasalan merhuma geýdirilýän, onuň ýüz şekilini berýän guýma tuwulga tapylýar. XX asyryň 50-nji ýyllarynyň içinde Mikende 30-a golaý merhum jaýlanýan «G» topar diýlip atlandyrylýan gaýa guburhanalaryň üsti açylýar. Bu guburlardaky ýüze geýilýän tuwulga-perdeler o diýen görmegeý ýasalmasa-da, olar tebigy kümüş garylan metaldan ýasalypdyr. Şlimanyň açyşlaryndan soň, bütin Balkan ýarymadasynda, Egeý deňziniň adalarynda köp sanly arheologiki barlaglar geçirilip başlanýar.

**Gadymy Kritiň taryhy döwürleri.** Krit we Miken medeniýetiniň açylmagy bilen olary döwürleşdirmek meselesi ýüze çykýar. Bu meseläni çözmekde Kritiň Müsür bilen söwda gatnaşyklary uly ýardam edýär, sebäbi krit-miken hünärmençilik önümleriniň Müsürden tapylmagy, Gadymy Kritiň medeni ýadygärlikleriniň esasy senesini kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Olaryň takyk senesi iňlis alymy A.

Ewans tarapyndan kesgitlenipdir. Ewans Kritiň ähli arheologiki tapyndylaryny üç döwre bölüpdir. Ol Krit medeniýetini legendar patyşa Minoýyň ady bilen şertleýin atlandyrypdyr.

**Irki minoý döwri (b.e. öňki 2600–2000-nji ýý.).** Bu döwre çenli neolitik tapyndylar, misden we altyndan ýasalan metal önümleriň galyndylary gadymy oturymly obalaryň ýerlerinde üsti açylýar. Şol döwürde urug jemgyýetinde köpçülikleýin merhumlary jaýlamaklygyň bolandygy hem anyklanýar. Ol guburlar daşky görnüşi boýunça tegelek gazylan guburlar bolup, olarda kähalatlarda 700-e çenli adam ýerleşdirilipdir. Irki minoý döwrüniň ahyrlarynda keramiki önümler ýüze çykyp, olar ýörite bişirilýän küreleriň kömegi bilen ýasalypdyr.

**Orta minoý döwri (b.e. öňki 2000–1550-nji ýý.).** Bu döwür bürünjiň ýaýran döwri bolýar. Bu döwürde köşkler gurlupdyr, Knos şäheri Fest bilen hem-de Messara düzlügini Krit adasynyň demirgazyk kenarlary bilen birleşdirýän ýollar gurlupdyr. Keramikadan gap-gaçlaryň ýasalmagy ýüze çykýar. Ilkinji gezek laýdan ýasalyp, günde guradylan çyzykly (lineýniý) krit «A» ýazgysy–tablisasy peýda bolýar. Bu ýazgylar alymlaryň bellemegine görä, b.e. öň XVII asyra degişli bolupdyr. Orta minoý medeniýeti döwründe döredilen köşkler we beýleki binalar güýçli ýer titremesi netijesinde weýran bolýar. Alymlaryň bir topary bu weýrançylyklary ýer titremesi bilen, beýlekileri ot almagy bilen baglanyşdyrýarlar. Häzirki döwürde ylymda bu ýumrulyşygyň sebäbini Balkan ýarymadasyndan gelen aheýler taýpalarynyň b. e. öňki XVII asyrda bosup gelmekleri bilen baglanyşdyrylýar. Emma tiz wagtyň içinde Kritde durmuş dikeldilýär, ýykylan jaýlar täzeden gurulýar. Aheýleriň bir bölegi ýerli halklar bilen garyşyp gidýärler. Şol döwürde hem aheýleriň gelmegi bilen Krit adasynda çyzykly krit «B» haty ýüze çykýar.

**Giçki minoý döwri (b.e. öň 1500–1150-nji ýý.).** Bu döwürde Kritiň ähli ýerlerine Knosyň häkimliginiň ýaýran döwri bolýar. Döwrüň häsiýetli tarapy hem ýollar abatlanyp, adanyň ähli etraplaryna ýol çekilipdir. Knosyň köşgi täzeden gurulýar, diwarlarda täze şekiller peýda bolýar. (Knosyň hökümdarlarynyň biriniň şekili, öküzler bilen söweşmek ýaly şekiller). Emma bu döwür hem weýrançylyk bilen, oýun guramak – köşkleriň ýumrulmagy bilen tamamlanýar (b.e. öň 1450-nji ý.). Mundan soň kritlileriň aheý medeniýeti ýitýär.

Şeýlelik bilen, doriý taýpalarynyň bosup gelmegi başlanýar. Netijede, Krit doriler tarapyndan eýelenýär. Kritiň gadymy taryhynyň ahyrynda onuň esasy ilaty doriý taýpalary bolupdyr.

**Krit siwilizasiýasynyň açylmagy. Knos köşgüniň gurluşy.** XIX asyryň ahyrynda, XX asyryň başlarynda Krit adasynda iňlis alymy Artur Ewans (1851-1841-nji ýý.) tarapyndan geçirlen arheologik barlaglar düýpli maglumatlary ýüze çykarýar. Gazuw-agtaryş işleri döwründe, hakykatdan hem, bu ýerde 300 töweregi dürli otaglardan ybarat 16 müň inedördül metr meýdany tutýan ägirt uly binagärçilik toplumy bolan Knos kösgüniň üsti açylýar. Ony arheologlar «köşkler» diýip atlandyrýarlar. Rowaýata görä, bu ýerde Kritiň patyşasy Minosyň köşgi ýerleşipdir. Grekler oňa Labirint diýip at beripdirler. Rowaýatlarda ol örän köp otaglardan we dälizlerden ybarat bolan uly ymarat hökmünde suratlandyrylýar. Onuň içine giren adam özbaşdak daşyna çykmagyň ýoluny tapman heläk bolýarmyş.

Köşgüň otaglary bir ugurly däl-de, örän başly-barat ýerleşdirilipdir. Emma içerki bitertiplige garamazdan, ol bitewi bir desga görnüşine eýe bolupdyr. Ony bitewi görnüşe getirýän esasy zat merkezde ýerleşen uly meýdança bolup, otaglaryň ählisinden şol meýdança barmaga mümkinçilik berýän çykalgalaryň bolmagydyr. Meýdança dörtburç biçüwde bolup, oňa daş düşelipdir. Meýdança hojalyk maksatlary üçin däl-de, dini dessurlary geçirmek üçin niýetlenipdir. Köşk, esasan, iki gatdan ybarat salnypdyr, gatlara sütünlere berkidilen basgançaklar arkaly çykylypdyr. Köşgüň merkezinde uly howly bolup, onuň daşyny köp sanly otaglar tutupdyr, olar hem öz gezeginde howlujyklara bölünipdirler. Otaglaryň köpüsiniň aşagynda ýerzeminler gurlupdyr. Knos köşgüniň käbir otaglary azyk önümlerini saklamak üçin niýetlenipdir. Köşgüň aşaky gatynda ýarag saklanýan ammar bolupdyr, ol ýerde naharhana-da ýerleşipdir. Köşk hyzmatkärleri we ussahana üçin hem ýörite otaglar gurlupdyr.

Köşgüň günorta böleginde bolsa hammam toplumy bolup, ol ýerde ýuwunylypdyr. Köşgüň özünde üçekden akýan ýagyn suwuny hammam üçin peýdalanypdyrlar, onuň üçin bolsa ýörite howuz gurlupdyr. Şeýle-de, ol ýerde köşk adamlary üçin kir ýuwulýan ýer hem bolupdyr. Köşge suw geler ýaly keramiki turbalar hem çekilipdir.

Patyşanyň meýlis guraýan, myhman kabul edýän uly zalynyň düşegi gyzyl suwag bilen suwalypdyr. Onuň gapdalynda arassalanmak

üçin howuz gurlupdyr. Patyşanyň tagtynyň iki gapdalynda diwaryň boýy bilen deň gežden (gipsden) ýasalan oturgyçlar goýlupdyr. Myhman otagynyň günbatar tarapynda hemişe ot ýanyp duran otag bolup, ol ýerde hudaýlara sežde edilipdir.

Knos köşgüne meňzeş köşkler Feste, Mallin, Agia-Triada ýaly şäherlerde hem gurlupdyr, emma olar has kiçi ölçeglerde bolupdyr.

Knos köşgi ýer titremesi zerarly birnäçe gezek ýumrulypdyr we gaýtadan dikeldilipdir. Köşkleriň ilkinji peýda bolan wagtyny alymlar b.e. öň 2000-nji ýyl diýip kesgitleýärler, bu ýerde ýaşaýşyň togtan, köşkleriň ýykylan wagtyny bolsa, b.e. öň 1200 ýyl bilen seneleýärler.

**Minos we umumy Krit döwletiniň döremegi.** Minos barada, onuň güýçli döwleti barada köp sanly taryhy gürrüňler saklanyp galypdyr. Mysal üçin, Diodor Sisiliýskiý «Taryhy kitaphana» atly işinde Minos baradaky beýanlarynda: «Hudaýlar dünýä inenden soň, köp nesilleriň geçmegi bilen Kritde has edenli serkerdeler–gahrymanlar öňe çykypdyrlar. Olaryň içinde has şöhrat gazananlary Minos, Radamant we Sarpedon bolupdyr. Rowaýatlara görä, olar Zewsiň ogullary bolupdyrlar»… Doganlaryň ulusy Minos Kritiň patyşasy bolup, birnäçe şäherleriň düýbüni tutupdyr. Şäherleriň içinde has kuwwatlylary Knos bolup, ol adanyň Aziýa tarapynda ýerleşipdir, Fest şäheri adanyň günortasynda, deňiz kenarynda ýerleşipdir, olardan başga-da, Kidoniýa şäheri bolup, ol adanyň günbatar tarapynda ýerleşip, Peloponnese tarap bakyp durupdyr. Minos öz kakasy Zews bilen gowaklaryň birinde duşuşyp, ondan köp sanly kanunlary alyp kritlilere berendigini yglan edipdir. Minos köp sanly harby gämileri ýasapdyr, olaryň kömegi bilen deňizdäki adalaryň köpüsini özüne tabyn edip, ellinlerden ilkinji bolup, deňizde agalyk sürüpdir. Ol şöhrat gazanypdyr, emma Sisiliýadaky Kokala şäherine edilen ýörişde heläk bolýar» – diýip, ol ýazýar. Fukididiň taryhynda hem Minosyň harby gämi ýasap deňizde garakçylara garşy göreşip, olary ýok edişi hem-de ilkinji bolup Ellin deňzinde agalyk sürşi beýan edilýär.

Minos Balkan Gresiýasynyň hem birnäçe welaýatlaryna öz häkimligini ýöredipdir, oňa Attika hem tabyn edilipdir. Attikanyň kritlileriň tabynlygyndan çykyşy baradaky saklanan rowaýatlar hem grek taryhçylarynyň işlerinde ýatlanyp geçilýär.

**Döwletiň durmuş-ykdysady ýagdaýy.** Ýewropada ilkinji siwilizasiýanyň ojagy, ýokarda belleýşimiz ýaly, Krit adasydyr. Balkan

ýarymadasyny, Egeý deňziniň adalaryny Kiçi Aziýa we Müsür bilen birleşdirýän iň gadymy deňiz söwda ýoly Kritiň üstünden geçipdir. Onuň şeýle bolandygyny Aristotel hem «Syýasat» atly işinde «Krit deňziň ortasynda ýerleşip, Ýewropanyň, Aziýanyň we Afrikanyň kenarlaryndan barmak üçin ýakyndyr… şonuň üçin, oňa öňdäkileriň biri bolmaga mümkinçilik bolupdyr» diýip ýazýar. Şoňa görä-de, bu ýerde ýüze çykan Minoý medeniýeti adyny alan ilkinji siwilizasiýa bir tarapdan, ýakyn Gündogaryň siwilizasiýalarynyň, ikinji tarapdan, Kiçi Aziýanyň we Balkan ýarymadasynyň neolit medeniýetleriniň güýçli täsirine sezewar bolýar.

Kritiň tehnikasy we hojalygy gadymy döwür üçin aýratyn ösüşe eýe bolýar. Ilki bilen hem metal işlemeklik ýokary derejä ýetýär. Bürünçden hanjarlar, uzynlygy 1 metre ýetýän gylyçlar ýasalypdyr. Olar altyn nagyşlar bilen bezelipdir. Altyndan we kümüşden ýasalan okaralar her hili owadan şekiller bilen bezelipdir.

Kritiň önümçiliginde ikinji ýerde keramika önümleri durýar, küýze gaplar bişirilýän ojaklar hem bolupdyr. Özüniň täsin owadanlygy bilen Krit wazalaryna taý geljek wazalar bütin Alynky Aziýada bolmandyr. Şonuň üçin, olar Müsüre, Siriýa we ondan hem aňryk Gündogara äkidilip satylypdyr.

Ekerançylyk hem Kritde ösüpdir, muny ýerzeminlerden tapylan laýdan ýasalan ägirt uly küýzeler hem subut edýär. Ol gaplarda däne, çakyr, zeýtun ýagy saklanypdyr. Deňizde ýüzmek, söwda işlerini alyp barmak, gämi gurluşygy ýokary derejede ösüpdir, misden söwda üçin teňňeler guýulypdyr.

Söwdanyň ösmegi bilen hasap işleri artypdyr. Onuň üçin laýdan ýasalan kerpiçjiklere gadymy ieroglifiki hatlar ýazylypdyr, emma alymlara diňe bir öňki belgileri däl, eýsem, b.e. öň XVII asyrda ýüze çykan çyzykly hatlary okamaklygyň hem usulyny açmaklyk başartman gelýär.

Kritiň köşgünde, merkezi meýdança golaý ýerde, tagt goýlan otag ýerleşipdir. Ol ýerde patyşa-ruhany döwlet işlerini çözüpdir we hudaýlara gurban bermek däbini ýerine ýetiripdir. Köşk ähli amatlyklar bilen üpjün edilipdir. Suw geçiriji, hapa suwlary akdyryjy keramiki turbalar bolupdyr. Amatly ýelejiretme we ýagtylandyrma

üpjünçiligi gurlupdyr. Köşgüň jaýlarynyň aşaky gaty dürli önümleri saklamak üçin ammar bolup hyzmat edipdir.

**Kritiň şekillendiriş sungaty we dini garaýyşlary.** Kritde geçirilen arheologiki barlaglar döwründe ussatlyk bilen ýerine ýetirilen köpsanly sungat eserleriniň üsti açylýar. Aýratyn hem, Knos köşgüniň diwarlarynyň ýüzüne çekilen suratlar ähmiýetli şekillerdir. Olarda, esasan, ösümlikler, deňiz haýwanlary şekillendirilipdir. Suratlaryň arasynda köşgüň ýaşaýjylarynyň şekilleri-de gabat gelýär. Suratlarda syrdam, uzyn boýly, gara saçly erkek adamlar we aşagy giňelip gidýän uzyn köýnekli aýallar şekillendirilipdir. Knossyň gadymy suratçylary adamlaryň we haýwanlaryň hereket edýän pursatlaryny şekillendirmekde uly ussatlyga ýetipdirler.

Suratlaryň esasy aýratynlygy olarda asuda, parahat durmuş görkezilýär. Sungatdaky asudalyk hem parahatlyk Kritiň beýleki döwletlerden çetde ýerleşmegi, Kritiň deňiz bilen goragly bolmagy, onuň daşky çozuşlardan halas bolmagyny üpjün edipdir. Olaryň durmuşy hem asuda bolupdyr.

Gazuw-agtaryş işleri Kritiň ýaşaýjylarynyň dini düşünjesi bilen bagly köp maglumatlary ýüze çykardy. Kritde köp hudaýlylyk dini bolupdyr. Olar, esasan, aýal hudaýy «mukaddes Enä» sežde edipdirler. Ol daglaryň, tokaýlaryň, ýabany haýwanlaryň, ösümlikleriň, öňi bilen galla ekinleriniň we miweli baglaryň hudaýy hasap edilipdir. Köşkdäki we öýlerdäki sežde edilýän burçda eli ýylanly hudaý aýalynyň heýkelleri gabat gelýär. Olar, esasan, pil süňkünden ýasalyp, gyzyl bilen hem çaýylypdyr. Şol hudaýlaryň laýdan ýasalan heýkeljikleri garyp adamlaryň öýlerinden hem tapylýar. «Mukaddes Ene» bilen bir hatarda kritliler tebigatyň heläkleýji güýçlerini aňladýan gazaply hudaýa-da sežde edipdirler. Olar hudaýy göwresi adam, kellesi öküz şekilinde, ýabany görnüşde göz öňüne getiripdirler. Onuň gahar-gazabyny köşeşdirmek üçin, dürli sadakalary, şol sanda adamlary-da gurban beripdirler.

Emma Kritde uly ybadathanalar gurulmandyr. Köşkde, şol sanda orta gatlak ilatyň öýlerinde gazuw-agtaryş işleri geçirilende uly bolmadyk dileg edilýän, sadaka berilýän we hudaýyň uly bolmadyk heýkeliniň goýulýan ýeri tapyldy. Din kritlileriň durmuşynda örän uly

orun tutupdyr. Din bilen bagly köpsanly tapyndylardan başga-da, Kritdäki köşgüň otaglarynyň bir böleginiň dini maksatlara niýetlenendigi hem muňa şaýatlyk edýär. Şoňa görä-de, bu ymaratlaryň toplumy hem köşk, hem buthana bolandygy çaklanylýar. Şeýlelikde, Kritde döwletiň özboluşly görnüşi – teokratiýa emele gelipdir. Şeýle döwletde patyşa dünýewi döwlet häkimligi wezipesini hem-de baş ruhany wezipesini alyp barypdyr. Ol döwleti edara etmekde dini däplerden ugur alypdyr. Hökümdar keramatly şahsyýet hasap edilip, ýönekeý adamlara onuň adyny tutmaklyk, ýüzüne seretmeklik hem uly günä hasap edilipdir. Alymlar Kritdäki suratlaryň arasynda patyşanyň şekiliniň ýokdugyny hem şunuň bilen düşündirýärler.

Ajaýyp köşkler, ondaky tükeniksiz baýlyk, rahat ýaşaýyş köpsanly garamaýak ilatyň zähmeti bilen döredilipdir. Olar köşkden uzakdaky obalarda, ýönekeý külbelerde ýaşapdyrlar. Zähmetkeş ilatyň köşge önüm görnüşinde salgyt töländigini hem-de dürli borçlary ýerine ýetirendigini çaklamak bolar. Köşge getirilýän önümleriň ählisi döwlet gullukçylary tarapyndan hasaba alnypdyr we toýun kerpiçjikleriň ýüzüne ýazylypdyr. Köşükde b.e. öň II müňýyllyga degişli ýazuw ýadygärlikleriniň üsti açylýar. Olar möhürlerde, gap-gaçlarda piktografiýa görnüşinde ýazylypdyr. Olardan başga-da, ýüzi hatly palçyk tablisalarynyň 10 müňden gowrak bogunly hatlarynyň üsti açylýar. Olara çyzykly (lineýniý) ýazgylar diýilýär. Şeýle hatly kerpiçjikleriň örän köp mukdary köşk arhiwinde saklanypdyr. Çyzykly haty okamagyň usuly hökmünde iňlis alymlary M. Wentris we Ž. Çedwik tarapyndan hödürlenen usul dünýä alymlary tarapyndan ykrar edilýär. Olar «B» haty diýilýän ýazgy Peloponnesiň ýerinde heniz doriý taýpalarynyň bosup gelmeklerinden kän öň ýaşan gadymy aheý grekleriniň ýazuwy diýip hasaplapdyrlar. Aheý diliniň alamatlary bolsa has giçki döwürde Arkadiý welaýatynda (Peloponnesde) doriler gelenden soň hem saklanypdyr. Aheýleriň köpüsi dorilerden gaçyp, Kipr adasyna barypdyrlar. Olar Krite aheý dilini we hatyny getripdirler. Şeýlelikde, iňlis alymlary aheý hatyny Kipr hatlary bilen deňeşdirip, köp sanly dilleriň fonetiki ähmiýetini kesgitlemegi başarypdyrlar. Kritden tapylan ýüzi hatly kerpiçjikler bilen sowet alymy S. Ýa. Lurýe hem işläp, aheý hatynyň grammatikasyny ýazýar hem-de iňlis alymlarynyň açyşynyň üstüni doldurýar. Gazuw-agtaryş

döwründe Knos köşgüniň arhiwinden ýüzi hatly hasap kerpiçjikleriniň hem bäş müňüsi tapylýar.

Minoý siwilizasiýasynyň gülläp ösen döwri b.e. öň XV asyra gabat gelýär. Bu döwürde tutuş Krit adasy bir döwletiň düzümine giripdir. Kritiň hemme welaýatlarynyň Knosyň töweregine jemlenmegini patyşa Minosyň amala aşyrandygy çaklanylýar. Grek taryhçylary Minosy «deňizleriň ilkinji hojaýyny» diýip atlandyrýarlar. Minos baradaky ýazgylarda: «Ol uly gämi döredip, deňzi garakçylardan arassalady hem-de Egeý deňziniň, ondaky adalaryň üstünden öz agalygyny berkarar etdi» diýip habar berilýär.



**Knos köşgüniň sütünleri**



**Köşükdäki patyşa kabulhanasy. B.e. öň 1500-nji ýý.**

Bu ýazgylarda berilýän maglumatlar hakykata laýyk gelýär diýip bolar. Çünki, b.e. öň XVI asyrdan başlap, Egeý deňziniň kenar ýakalarynda, adalarda, hatda Kiçi Aziýanyň kenar ýakalarynda, Miletiň töwereklerinde hem Kritiň kolaniýalary peýda bolýar. Krit Müsür we Finikiýa şäherleri bilen söwda hem-de diplomatik gatnaşyklary ýola goýýar.

Kritde tapylan köp sanly tapyndylar başga ýurtlardan getirilen zatlardan ýasalypdyr. Mysal üçin, altyndan hem pil süňkünden ýasalan tapyndylar (möhürler, gaplar we ş.m.) ýerli bolmandyr. Sebäbi Kritde altyn känleri bolmandyr, pillerem ýaşamandyr. Altynam, pil süňki hem Müsürden we Afrikanyň beýleki ýurtlaryndan getirilipdir. Şonuň ýaly kümüş hem Ispaniýadan, Sardiniýadan getirlipdir. Krit, aýratyn hem, Müsür bilen ýakyn aragatnaşykda bolupdyr. Onuň şeýledigine Kritden tapylan Müsüriň gežden ýasalan gaplary oňa güwä geçýärler.

Has ähmiýetli tapyndylaryň biri-de, faraon Amenhotep III-niň aýaly Tiiniň ady ýazylan möhüridir. Bu möhür köp sanly beýleki krit tapyndylary bilen birlikde Agia-Triada şäheriniň guburhanasynda geçirilen barlaglaryň netijesinde tapylýar. Müsürden hem krit senetçileriniň ýasan önümleriniň üsti açylýar. Tapyndylaryň içinde aýratyn ähmiýetlileri Müsür guburlarynyň diwarlarynda kritlileriň sowgat berip duran şekilleri bar. Olar patyşa Hatşepsutyň binagärçiliginiň (b.e. öň XV asyr), Faraon Tutmos III-niň weziri User-Amonyň we beýlekileriň mazar diwarlarynda çekilipdir. Bularyň hemmesi Krit bilen Müsüriň arasynda gyzgalaňly söwda gatnaşyklarynyň bolandygyna güwä geçýär.

Krit senetçileriniň ýasan önümleriniň Kiçi Aziýanyň Günbatar kenarlaryndaky Egeý deňziniň adalaryndan tapylmagy, Kritiň bu sebitler bilen yzygiderli gatnaşyk saklandygyny görkezýär. Krit bütin Ortaýer deňziniň sebitleri boýunça iň güýçli deňiz döwleti bolupdyr. Müsür bolsa, olaryň patyşalary bilen dostlukly gatnaşykda bolmaga çalşypdyr.

**Teseý baradaky rowaýatdan**

Attikanyň ýaşaýjylary her dokuz ýyldan ýetginjek oglanlaryň we ýetişen gyzlaryň ýedisini Krite, elhenç jandar – Minotawr iýer ýaly ibermeli bolupdyrlar. Minotawryň kellesi öküziň kellesi, bedeniniň aşaky bölegi adam şekilli bolup, Minos ony labirintde saklapdyr. Labirinte taşlanan ýesirler, onuň köp sanly otaglaryndan, geçelgelerinden çykmak üçin ysgyndan gaçyp, elhenç jandaryň pidasy bolupdyrlar. Bir gezek Attikanyň patyşasy Egeýiň ogly Teseý beýleki ýesirler bilen bile gitmekligi we Minotawry öldürmegi, Attikanyň ilatyny bu masgaraçylykly salgytdan halas etmegi meýilleşdiryär.

Teseý Krite gelende patyşa Minoýyň gyzy Ariadna oňa aşyk bolýar. Ol Teseýe jadyly top we bir ýumak ýüp berip, onuň ujuny labirintiň girelgesine daňyp gitmegi tabşyrýar. Teseý bu gazaply söweşde Minotawry öldürýär we şol ýüp bilen labirintden çykýar. Teseý kritliler yzyndan kowmaz ýaly, olaryň gämilerini deşişdirip, öz gämileri bilen Attika ugrapdyr. Teseý patyşa Egeý bilen eden şertinde, eger-de ýuwdarhadan üstün çyksa, ol gämidäki gara baýdagy ak baýdak bilen çalşyryp, atasyna ýeňendigini duýdurmaly eken. Emma Teseý ony ýatdan çykaryp ýüzüp gaýdypdyr. Egeý patyşa gara baýdagy görüp, ogly heläk bolandyr öýdüp, özüni gaýadan deňze oklap, heläk bolupdyr, şondan soň, deňze Egeý deňzi diýip at beripdirler. Halk Teseýi Attikany halas ediji hökmünde kabul edipdir. Teseý atasynyň tagtyna çykypdyr. Teseýiň bitiren işi halkyň aňynda saklanyp galyp, ol baradaky gürrüňler nesilden-nesle geçip gelipdir.

**Krit siwilizasiýasynyň ýykylmagy.** B.e. öň XV asyryň ortasynda Kritde ýagdaý çürt-kesik özgerýär. Krit heläkçilige duçar bolýar. Köşkler hem obalar (Knosyň köşgünden galany) ýumrulýar. Şol heläkçilikden soň, Krit özüni dürsäp bilmändir. Krit b.e. öňki XV asyryň ortalaryndan başlap, pese düşüp başlaýar we öňdebaryjy medeni merkez hökmünde ähmiýetini ýitirýär. Bu heläkçiligiň düýp sebäbi şu çaka çenli doly anyklanylanok. Grek arheology S. Marinostos köşkleriň heläk bolmagyny Egeý deňziniň günortasynda ýerleşen Fera (häzirki Santorin) adasynda ägirt uly wulkanyň atylmagy bilen baglanyşdyrýar. Güýçli ýer titremesi zerarly, köşkleriň köpüsi ýumrulýar. Wulkandan çykýan gurumyň hem tüssäniň uzak wagtlap Günüň öňüni tutup durmagynyň ekerançylyga hem maldarçylyga uly zyýan ýetirendigini belleýär. Alymlaryň beýleki bir topary heläkçiligiň sebäbini Aheý grekleriniň çozup gelmegi bilen baglanyşdyrýarlar. Hakykatdan hem, şu wakalardan soňky käbir medeni özgerişler, başga bir halkyň göçüp gelendigine şaýatlyk edýär. Çünki sungatda Minoý siwilizasiýasyna häsiýetli ösümlikleriň we haýwanlaryň şekilleriniň ornuna guraksy we ýönekeý çyzyklardan ybarat bezegler peýda bolýar. Merhumlaryň guburlarynda bolsa, dürli ýaraglary goýmak däbi peýda bolýar. Ýokardaky aýdylanlardan ugur alynsa, Minoý siwilizasiýasy ilki tebygy heläkçilik zerarly gowşapdyr, soň bolsa çozup gelen aheýliler tarapyndan basylyp alnypdyr diýip çaklamak bolar.

Şondan soň, Krit gutarnykly pese düşýär we Gresiýanyň yzagalak bölegine öwrülýär. Medeni ösüşiň esasy merkezi indi demirgazyga, Balkan Gresiýasyna we Egeý deňzindäki adalara geçýär.

**Aheýleriň Gresiýa gelmekleri. Miken siwilizasiýasy.** Miken medeniýetini b.e. öňki III–II müňýyllygyň çäklerinde demirgazykdan çozup gelen aheý grekleri döredipdir. Olar Balkan ýarymadasynyň günortasyna süýşmek bilen ýerli halkyň bir bölegini ýok edipdirler, beýleki bölegi bilen bolsa garyşypdyrlar. Ilki başlarda Miken medeniýeti öňdebaryjy Minoý medeniýetiniň täsirine düşüpdir. Birnäçe dini dessurlar köşkleriň diwarlarynyň ýüzüne reňk bilen surat çekmek, ýaragyň birnäçe görnüşleri, bogunly hat-ýazuw ýaly Minoý siwilizasiýasynyň gazananlaryny kabul edipdirler. Emma Aheý medeniýeti tutuşlygyna ikinji Minoý medeniýeti, onuň dowamy diýip hasap etmäge esas bermeýär. Çünki Aheý medeniýeti öz gözbaşyny ýerli köklerden alyp gaýdýan özbaşdak medeniýet bolupdyr diýip, A. Ewans öz barlaglarynda tekrarlaýar.

Şeýlelikde, bu medeniýeti esaslandyryjylaryň aheý grekleri bolandygy we onuň ilkinji ýadygärlikleriniň Peloponnesiň Miken diýen ýerinde açylandygy üçin, oňa Aheý ýa-da Miken siwilizasiýasy, käte bolsa, Aheý-Miken siwilizasiýasy diýlip taryha girizilipdir.

Miken medeniýetiniň iň irki ýadygärlikleri şahta guburhanalary diýlip atlandyrylan, Peloponnesiň Miken diýen ýerinde üsti açylan ýadygärlikleridir. Olar 1876-njy ýylda G. Şliman tarapyndan açylýar. Mikendäki ýerasty äpet guburhanada merhumyň gapdalynda örän köp mukdarda altyndan, kümüşden ýasalan bezegleri, gymmat baha ýaraglary goýupdyrlar. Şliman ony Iliada poemasyndaky grekleriň serdary Agamemnonyň guburhanasy diýip hasaplapdyr. Emma Agamemnonyň gatnaşan Troýa urşy taryhy maglumatlara görä b.e. öňki XIII–XII asyryň sepgidinde bolup geçýär. Guburhanalar bolsa b.e. öňki XVI asyra degişli bolup çykýar. Äpet guburhanalar we ondaky ummasyz baýlyk, olarda jaýlananlaryň ýönekeý taýpa serdary bolman, döwlet ýolbaşçysy, hökümdar bolandygyna şaýatlyk edýär. XX asyryň 50-nji ýyllarynda Mikenden gadymy guburhanalaryň ýenede birnäçesiniň üsti açylýar. Senesi boýunça olaryň ozalkylardan hem 100 ýyl gadymydygy anyklanylýar. Bu açyşlar b.e. öňki XVII asyrda Gresiýada ilkinji döwletleriň ýüze çykandygyna şaýatlyk edýär.

Miken medeniýeti b.e. öňki 1400-1300 ýyllarda ösüşiň ýokary derejesine ýetipdir. Şu döwürde onuň ýaýrawy Peloponnesi, Merkezi Gresiýany, Fessaliýany, şeýle hem Egeý deňziniň adalaryny öz içine alypdyr. Şol ýerlerde birmeňzeş ýaşaýyş jaýlary, jaýlaýyş dessurlary, küýzegärçiligi we ş.m. bolan umumy medeniýet emele gelipdir. Miken medeniýetiniň esasy merkezleri-de Kritdäki ýaly köşkler bolupdyr. Olaryň has ululary Mikende, Trinfde, Pilosda (Peloponnes), Afinada, Fiwide, Orhomende (Merkezi Gresiýa), Ilokda (Fessaliýa) gurlupdyr. Emma olaryň gurluşy Kritlileriň binagärçiliginden kän tapawutlanyp, olar goranyş diwarlaryndan ybarat bolupdyr. Edil şonuň ýaly, köşkleriň otaglary Kritdäki ýaly dürli durmuş hajatlary üçin niýet-



**XV–XIII Troýadaky gala.**

lenen hem bolsa, onuň merkezi uly meýdan bolman, eýsem ýokarsy daralýan dört sany diwar sütüninden ybarat otag bolup, onuň ojagy ortada ýerleşipdir, oňa megaron diýlipdir. Megarona beýleki otaglar hem birikdirilip salnypdyr. Köşgüň aşagyndan ýörite emeli suw geçirji gurlupdyr. Mikende hem suw geçiriji turbalaryň galyndylarynyň üsti açylýar. Bu şäheri duşman gaban wagtynda ilaty suw bilen üpjün etmek üçin, ýörite howuz hem gurlupdyr.

Miken köşgüne juda meňzeş, Mikenden 15 km uzaklykda, deňiz kenarynda ýerleşýän Tirinfde hem has kuwwatly diwarlar bilen berkidilen köşk salnypdyr. Trinf köşgüniň merkezinde megaron ýerleşip, onuň daşyny dört sany ýokarlygyna beýgelýän diwarlar gabapdyr. Üsti açylan Pilosdaky we beýleki köşkler hem Miken we Trinf köşkleri ýaly gurlup, olaryň ortasyny megaron tutupdyr.

Miken köşkleriniň ählisi diýen ýaly gyralary taraşlanan äpet dörtburç daşlardan örülen berk diwarlar bilen gurşalypdyr. Trinfdäki gala Miken berkitmeleriniň has kämil nusgasydyr. Bu ýerde käbiriniň agramy 12 tonna çenli ýetýän äpet daş böleklerinden gurlan, gala diwarynyň galyňlygy 4,5 m., beýikligi 7,5 metre ýetýär. Miken döwrüniň köşkleriniň arasynda Pilosdaky «Nestoryň köşgi», has tapawutlanýar. Köşgüň esasy otaglary bir hatara düzülip, merkezde uly dörtburç otag ýerleşipdir. Oňa-da grekler megaron diýipdirler, sebäbi megaronyň ortasynda daşdan örülen tegelek ojak ýerleşipdir. Onuň ýokarsynda, üçekde tüsse çykar ýaly tüýnük ýerleşipdir. Ojagyň daşynda dikilen dört sany daş sütün jaýyň üçegine direg bolup hyzmat edipdir. Onuň diwarlary suratlar bilen bezelipdir. Ol Pilos hökümdarynyň myhman kabul edýän we dabara geçirýän otagy bolupdyr. Köşgüň beýleki jaýlary megaronyň iki tarapynda simmetrik görnüşde ýerleşipdir. Olaryň arasynda ýörite hammam otaglary, ýazgylar saklanýan otaglar bolupdyr. Köşgüň jaýlary suw geçiriji we hapa suwlary akydyryjylar bilen üpjün edi-



**Mikendäki guburhana şahtasy (b.e. öň XVII asyryň ahyry XVI asyryň birinji ýarymy)**

lipdir. Barlaglaryň dowamynda köşkdäki otaglaryň birinden 1000-den gowrak ýüzi hatly toýun kerpiçjikleriň üsti açylýar.

**Durmuş-ykdysady gatnaşyklar.** Şeýle uly desgalary gurmak we saklamak jemgyýetde köp sanly arzan işçi güýjüniň bolandygyna we ýeterlik ösen döwlet dolandyryş guramasynyň ýüze çykandygyna şaýatlyk edýär. Köşkden tapylan ýazgylaryň okalmagy bu ýurtlarda gulçulygyň hem ir ýüze çykandygyny tassyklaýar. Ýazgylaryň arasynda köşk hojalygynda işleýän gullaryň sanawy barada maglumat berilýär. Sanawda gullaryň toparlary, her topardaky gyrnaklaryň we gullaryň sany, olaryň hünärleri we çagalary barada maglumat berilýär. Ýazgylarda her topardaky gullaryň sanynyň 200-e, köşkdäki ähli gullaryň sanynyň 3000-e ýetendigi, esasan hem, aýallardan bolan gullar barada maglumatlar kän berilýär.

Maglumatlarda adaty gullar bilen bir hatarda «Taňrynyň gullary» diýlip atlandyrylýan topar ýatlanylýar. Çak edilişine görä, olar öz ýer paýyny ýitiren, kärendeçilik bilen eklenýän, doly hukukly hasap edilmeýän adamlar bolupdyr. «Taňrynyň gullary» adalgasy bu gatlagyň buthanalaryň hyzmatynda durýan we onuň penakärliginden peýdalanýan adamlara – gullara aýdylypdyr.

Ýazgylaryň aglabasy hünärmenleri we olaryň öndürýän önümini hasaba alýan ýazgylardan düzülipdir. Olarda demirçiler, küýzegärler, daş örüjiler, tikinçiler, neçjarlar, zergärler, ýarag ussalary we ş.m. onlarça hünärler görkezilipdir. Hünärmenler köşk işgäri diýlip çaklanylýar. Çünki olar köşkde çig mal bilen üpjün edilipdir, olardan kömekçi bellenipdir we öndüren önümleri üçin hak tölenipdir.

Ýazgylardan görnüşi ýaly, patyşa hojalygy köp pudakly we kuwwatly hojalyk bolupdyr. Hususy hojalyk köşk hojalygyna garaşly bolup, jemgyýetde ikinji derejeli ähmiýete eýe bolupdyr.

**Döwlet dolandyryş ulgamy. Aheý bileleşiginiň döremegi.** Berk gözegçilige we hasaplamalara esaslanýan köşk hojalygyny ýöretmek üçin, hökümdara dolandyryş guramasy gerek bolupdyr. Dolandyryş guramasynda köpsanly hasapçylardyr mürzelerden başga-da, hojalygyň dürli pudaklaryna gözegçilik edýän emeldarlar işläpdir. Pilos döwletini patyşa dolandyrypdyr. Ýazgylarda ol «wanake» diýip atlandyrylypdyr. Hökümdar döwleti öz garamagyndaky dürli pudaklara ýolbaşçylyk edýän ýokary emeldarlar toparynyň kömegi bilen do-

landyrypdyr. Olaryň içinde has täsirlisi «lawaget» – baş serkerde, baş salgyt ýygnaýjy we ýokary ruhany bolupdyr. Lawaget ýokary wezipe bolup, käbir adamlary salgytlardan boşatmaga, ilatdan salgyt ýygnamaga, harby işlere gözegçilik etmäge hukugy bolupdyr. Wanake we lawagete döwletiň beýleki dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylary – telestler, basileýler we başgalar tabyn bolupdyrlar.

Pilos patyşalygyna degişli ähli ýerleriň 16 welaýata bölünendigi ýazgylarda saklanypdyr. Her welaýatyň başynda basileýler diýlip atlandyrylan häkimler durupdyr. Olaryň esasy borjy özüne berkidilen welaýatyň salgytlarynyň wagtynda tölenmegine gözegçilik etmekden ybarat bolupdyr. Basileýler gös-göni önümçilige gözegçilik edipdirler.

Şol bir wagtyň özünde patyşa, lawaget, basileýler we beýleki ýokary wezipeli adamlar iri ýer eýeleri bolupdyrlar. Pilos patyşalygynda ýeriň ölçeg möçberi – galla möçberi diýlip atlandyrylýan ölçeg bolupdyr. Onuň näçe durýandygy häzire çenli kesgitlenen däldir. Emma berlen ýerler baradaky ýazgy maglumatlary, ýokary wezipeli adamlar bilen aşaky gatlagyň aratapawudyny has aýdyň görkezýär. Mysal üçin, patyşanyň eýeçiligine degişli ýeriň möçberi 1800 galla möçberinde bolsa, lawageta berilýän ýer 600 galla möçberinde bolupdyr. Emma garamaýak adamlara berilýän ýerler 9-10 galla möçberinden geçmändir. Patyşadan we wezipeli adamlardan başga-da, ýere ruhanylar hem eýeçilik edipdirler, emma olar diňe ybadathana degişli ýerlere eýeçilik edipdirler. Käbir hususy adamlar 50-den 500 galla möçberine çenli ýere eýeçilik edipdirler.

Pilos döwletinde jemgyýetçilik ýerleri kärendesine berlipdir. Kärendeçileriň içinde köp ýerlere eýeçilik edýän emeldarlar hem, az ýeri kärendesine alýan hojalyklar hem bolupdyr. Ýazgylaryň berýän maglumatlaryna görä, ybadathana ýerlerinden 60, hususy ýer eýelerinden 30 galla möçberde kärendesine ýer alyp, jemi 90 galla möçberde kärende alýan adamlar hem bolupdyr. Şeýlelik bilen, gadymy grek hatlaryny okamagyň usulynyň açylmagy, diňe bir Kritde däl, eýsem Balkan Gresiýasynda hem irki gul eýýeçilik döwletiniň bolandygyna güwä geçýär.

Ýazgylaryň çäkliligi Miken döwrüniň syýasy taryhyny doly öwrenmäge mümkinçilik bermeýär. Ol döwürde Gresiýa syýasy taýdan bir bitewi döwlet bolman, eýsem özbaşdak öwnuk döwletlerden

ybarat bolupdyr. Çünki köşkleriň daşynyň berk gala bilen gurşalmagy, olaryň daşardan çozjak keseki duşmanlardan däl-de, eýsem öz ýakyn goňşularsyndan goranmaga niýetlenendigi oňa şaýatlyk edýär. Aýry-aýry döwürlerde Aheý döwletleri özara birleşipdirler. Oňa mysal edip, Troýa urşuny görkezmek bolar. Troýa urşy, takmynan, b.e. öňki XIII–XII asyrlaryň sepgidinde bolupdyr. Troýanyň garşysyna uruşmak üçin ähli grekler harby güýçlerini birleşdiripdirler. Ähli goşunlaryň serkerdesi hökmünde Mikeniň patyşasy Agamemnon saýlanypdyr. Troýanyň garşysyna bolan uruş 10 ýyl dowam edipdir. Grekler ýeňiş gazanypdyrlar. Troýa ýykylypdyr.

**Miken siwilizasiýasynyň ýykylmagy.** Miken-aheý siwilizasiýasy b.e. öňki XII asyryň başlarynda ýykylypdyr. Ol demirgazyk Balkan halklarynyň hereketi bilen baglanyşykly bolupdyr. Şu döwürde Balkan ýarymadasynyň demirgazygynda ýaşan grek hem grek däl taýpalaryň uly topary, näbelli sebäplere görä, öz ýaşaýan ýerlerini taşlap, günorta – Merkezi Gresiýa, Peloponnese we Kiçi Aziýa ýerlerine çozup gelipdirler. Olar öz ýollarynda gabat gelen Miken obalaryny we köşklerini ýumrupdyrlar. Miken döwletleriniň hojalygyna düzedip bolmajak zyýan ýetiripdirler. Söwdanyň hem hünärmentçiligiň üzül-kesil pese düşmegi, ilatyň sanynyň mazaly azalmagy oňa şaýatlyk edýär.

Soňky wakalary doly anyklamaga bar bolan çeşmeler mümkinçilik bermeýär. Çozup gelen taýpalaryň uly bölegi ýurdy talanlaryndan soň, ýene-de yzyna, demirgazyga gidendigi çaklanylýar. Diňe uly bolmadyk doriý taýpalary Peloponnesiň kenarýaka sebitlerinde ornaşypdyrlar. Şol döwürden grekleriň Egeý deňziniň adalaryna, Kiçi Aziýanyň günbatar kenarýaka ýerlerine ýaýramagy başlanýar. Gündogara göçmek hereketine Peloponnese we Merkezi Gresiýa geçirilen çozuşlardan aman galan ioniler we eoliler diýlip atlandyrylan aheý grekleri, soňra gelen doriler gatnaşypdyrlar. Onuň netijesinde Egeý deňziniň adalarynda we Kiçi Aziýanyň günbatar kenarlarynda grekleriň oturymly ýerleri peýda bolýar. Olaryň içinden soňra has iri şäherlere öwrülen Smirna, Kolofon, Efes, Milet, Galikarnas ýaly şäherler döräpdir.

III.

# GRESIÝA GOMERÇILIK ZAMANYNDA (b.e. öňki XI–IX asyrlar)

**«Gomer meselesi».** B.e. öň XII asyrda krit-miken siwilizasýasy ýykylandan soň, grek jemgyýeti uzak wagtlap pese gaçmaklygy başyndan geçirýär. Indi ösen ykdysadyýetli, merkezleşdirilen döwletiň ornuny öz-özüni dolandyrýan oba jemagaty we natural hojalyk eýeleýär. Döwrüň ahyrlarynda täze taryhy ýagdaýlarda krit--miken hem-de öz döwrüniň gündogar medeniýetlerinden tapawutlylykda düýbünden täze antiki medeniýet ýüze çykýar.

Bu döwürde Gresiýanyň durmuşynda uly özgerişler bolup geçýär: 1. B.e. öňki XI asyrda Kiçi Aziýanyň deňiz kenarlary grekleriň ioniler taýpalary tarapyndan koloniýalaşdyrylýar. 2. B.e. öňki XI–X asyrlarda demirden ýasalan zähmet we ýarag gurallarynyň giň möçberde ýaýramagy bolup geçýär. 3. B.e. öňki X–IX asyrlarda uly bolmadyk şäherler ýüze çykýar hem-de grekler tarapyndan hatyň-ýazuwyň täze görnüşi döredilýär. 4. B.e. öňki IX asyrda daşdan iň gadymy ybadathanalar bina edilýär (Delfde, Gadymy Eretriýada, Etoliniň Ferminde we ş.m.). 5. B.e. öňki IX–VIII asyrlaryň çatrygynda Gomer tarapyndan «Iliada» we «Odisseýa» poemalary peýda bolýar.

Şu mesele bilen baglanyşyklylykda hem Gresiýanyň taryhynyň ikinji döwrüni alymlar Gomer döwri diýip atlandyrýarlar. Çünki Gomeriňki hasap edilýän meşhur «Iliada» we «Odisseýa» poemalary şol döwrüň taryhyny öwrenmekde esasy çeşme bolup hyzmat edýär. Emma «Iliada» we «Odisseýa» poemalarynyň gelip çykyşy baradaky XVIII asyrda ýüze çykan we ylymda «Gomer meselesi» adyny alan ylmy jedel häzire çenli doly çözülmedik meseleleriň biri bolup galýar. Şeýle-de bolsa, iki asyrdan hem gowrak dowam eden bu ylmy jedel netijesiz bolmady. Häzir poemalaryň b.e.öňki VIII asyrda, Kiçi Aziýanyň grek diliniň ion şahasynda gürlän ilatyň ýaşan sebitlerinde ýüze çykandygy, «Iliada» poemasynyň «Odisseýa» poemasyndan birneme öňräk ýazylandygy anyklanyldy. Poemalar boş ýerden döremändir. Ol belli Troýa urşy



**Gomeriň heýkeli**

baradaky grekleriň gahrymançylykly aýdymlarynyň esasynda döredilipdir. Ol aýdymlary ir döwürde toýda – baýramçylyklarda, halkyň üýşen ýerinde «aedler» diýlip atlandyrylýan aýdymçylar–bagşylar ýerine ýetiripdirler. Gomer şol aedleriň biri bolup, köp sanly aýdymlary ýygnap, taraşlap, bitewi bir eser görnüşine getiren zehinli bagşy hem şahyr bolupdyr diýip hasap edilýär. Dünýä edebiýatynyň genji hazynalaryndan biri bolan bu poemalardaky taryhy maglumatlar örän çylşyrymlylygy bilen tapawutlanýar. Sebäbi onda Miken döwrüniň Troýa urşundan irki döwürlerine degişli maglumatlar hem berilýär. Emma Gomer üçin ol wakalar örän gadymy, gaty aýdyň bolmadyk döwür bolup galýar. Irki döwür barada gürrüň etmek bilen awtor adatça, olary has giçki taryhy döwre geçirýär. Mysal üçin, demri işläp bejermek, finikiýaly söwdagärleriň Gresiýada peýda bolmagy b.e. öňki IX asyra degişli bolsa-da, Gomer olary Miken döwrüniň b.e. öňki XVII–XIII asyrlaryň wakalary hökmünde suratlandyrýar. Hakykat ýüzünde poemalaryň aglaba wakalary Gresiýanyň taryhynyň b.e. öňki XI–IX asyrlaryny öz içine alýar. Şoňa görä-de, poemalar okalanda olaryň çeper eserdigini, dürli döwrüň wakalarynyň bir ulgama goşulyp berlendigini unutmak bolmaz. Ikinjiden, olary taryhy çeşme hökmünde peýdalanylanda berilýän maglumatlary örän içgin seljermegiň zerurdygyny ýatdan çykarmak bolmaz.

**Arheologiýa ýadygärlikleri.** Häzirki döwürde Gomeriň poemalarynyň üsti köp sanly arheologiýa maglumatlary bilen doldurylýar. Soňky döwürde käbir awtorlar Awgust Wolfuň (1759–1824-nji ýý.) «Gomere giriş» diýen işinde, gadymyýetde poemanyň bütewi bir toplumy bolmandygyny belleýär. Onuň beýanynda, Gomeriň ýaşan döwründe poemalar ýazylmaly däl, sebäbi onuň döwründe ýazuw ýaýramandyr. Ol köp wagtlap diňe dilden-dile geçip gelipdir hem-de Pisistratyň (b.e. öňki 560–527-nji ýý.) döwründe bir ýerik jemlenipdir diýip ýazýar. Galyberse-de, şeýle uly eseri döretmeklik üçin hat-ýazuw gerek, ýogsam ony ýazmak mümkin däl diýip belleýär. Şeýlelik bilen, Wolfuň pikirine görä poemalar dürli döwürlerde, dürli şahyrlar tarapyndan ýazylan eserleriň emeli usul bilen jemlenmegi bolupdyr.

Soňra Wolfuň pikirini Karl Lahman (1793–1851-nji ýý.) has hem aýdyňlaşdyrýar. Alym «Iliadany» 16 sany özbaşdak aýdymlara bölýär, olary özara baglaşdyrmak üçin bolsa birnäçe täze aýdymlary hem goşýar. Ol poemanyň XXIII-XXIV aýdymlaryny asla «Iliada» degişli däl ha-

saplapdyr. K. Lahman poemadaky gapma-garşylyklar şol aýdymlaryň awtorlary başga şahyrlar bolany sebäpli ýüze çykýandygyny belleýär. Galyberse-de, poemanyň käbir bölümleri, mysal üçin, «Domediň gahrymançylygy» – V aýdym, «Patroklyň gahrymançylygy» – XVI–XVII aýdymlar ýa-da «Ahillanyň gahrymançylygy» – XVIII–XXII aýdymlar alymyň pikirine göra uly bolmadyk, aýratyn ýazylan bolmaly.

Wolf bilen Lahmanyň öňe süren pikirleri alymlaryň arasynda jedelleriň ýüze çykmagyna alyp barýar. Alymlaryň bir bölegi bu pikiri goldan bolsalar, ikinji bir topary düýpgöter garşy çykypdyrlar. Mysal üçin, Gregor W. Niç (b.e. 1790–1861-nji ýý.) özüniň «Gomeriň taryhy baradaky barlaglar», soňra «Grekleriň poeziýa baradaky hekaýalary» atly işlerinde Wolfuň tersine greklerde ýazuwyň has ir döwürden bardygyny tekrarlaýar. Eger-de b.e. öňki VII asyrda kanunlary çap etmek üçin ýazuw ulanylan bolsa, onda ýazuw halkyň içinde has öňden ulanylan bolmaly diýip W. Niç nygtaýar. Wolfuň poemanyň Pisistratyň döwründe göçürilendigi baradaky pikirini bolsa, Niç giçki grek alymlarynyň taryhy ähmiýeti bolmadyk pikiri diýip hasap edipdir. Ol şeýle-de, Wolfuň şular ýaly uly eseri ýazmak üçin hökman ýazuw gerekdigi baradaky pikirine garşy, orta asyr şahyry Wolfram fon Eşenbahyň 24 müň goşgudan ybarat ýazan «Parsifal» poemasy, awtoryň özüniň aýtmagyna görä, asla bilimi bolmandyr diýip, deňeşdirmeler bilen Wolfuň Gomer baradaky pikirini doly inkär edýär.

Şeýlelik bilen, Wolf bilen Lahmanyň Gomer baradaky pikirleri, alymlar tarapyndan tankytlanyp doly inkär edilýär. Niç poemanyň awtory b.e. öňki IX asyrdan giç bolmadyk döwürde ýaşap, gadymy halk aýdymlarynyň maglumatlaryndan peýadalanyp, olary täzeden işläp, goşgulary bir bütewi çeper esere goşandygyny tekrarlaýar. Niçiň bu tankydy pikiri biziň döwrümizde doly ykrar edilýär.

B.e. öňki XI–IX asyrlar boýunça «Iliada» we «Odisseýa» poemalary Gresiýanyň taryhynyň ýeke-täk çeşmesi däl. Şoňa görä-de, ol döwri «Gomerçilik döwür» diýip atlandyrmagyň dogry däldigini tassyklan alymlar hem az bolmandyr. Emma hakykat ýüzünde häzire çenli şeýle ajaýyp poemalaryň saklanyp galmagynda, ony wagyz etmekde Gomeriň taryhda tutýan ornunyň juda uly bolandygyny olar ýatdan çykarmaýarlar. Şonuň üçin, taryhçy we edebiýatçy alymlaryň esasy bölegi, Gresiýanyň taryhynyň XI-IX asyrlaryny Gomeriň döwri diýlip atlandyrylmaga doly mynasyp diýip ykrar edýärler.

**«Iliada» we «Odisseýa» poemalaryň mazmuny.** Gomeriň «lIiada» we «Odisseýa» poemalarynyň watany Kiçi Aziýanyň deňiz kenarynda ýaşaýan ioniý taýpalarynyň dilinde ýazylmagy hem subut edýär. Onuň mazmuny Troýa rowaýatlaryndan alnypdyr. Rowaýata görä Troýa patyşasynyň ogly Priama, Paris (onuň ikinji ady Aleksandr) Zewsiň görkezmesi bilen «gözelleriň gözeli» diýlip ýazylan almany üç hudaýyň haýsam bolsa birine – Gera, Afrodita hem-de Afina gowşurmaly bolupdyr. Öz peýdasyna jedeli çözmek üçin, hudaýlaryň her biri Parisi öz tarapyna çekmek üçin oňa wada beripdirler. Gera Parisa häkimligi we baýlygy bermegi wada edipdir, Afina akyllylygy we şöhraty wada beripdir, Afrodita bolsa dünýäniň iň owadan zenanyny bermegi wada berýär. Paris şondan soň almany Afrodita berýär, ol bolsa Parisa Sparta patyşasy Meneleýiň aýaly Ýelenany alyp gaçmaga kömek berýär. Bu alyp gaçmaklyk hem Troýa urşunyň başlanmagyna bahana bolýar. Gahar-gazaba münen Meneleý we onuň dogany Miken patyşasy Agememnon grek taýpalaryny kömege çagyryp, Troýa (ýa-da Ilion) garşy harby ýöriş gurupdyr. Agememnonyň ýolbaşçylygynda grekler dokuz ýyl Troýany gabapdyrlar, diňe onunjy ýylda aldaw ýoly we ýeserlik bilen olar Troýany basyp alypdyrlar hem-de ony weýran edipdirler.

«Iliada», ýagny Ilon baradaky poemada bu urşuň diňe onunjy ýylynda bolan bir wakany beýan edýär. «Iliadanyň» baş gahrymany Ahill. Ol Fessaliýanyň patyşasy Peleýiň we deňiz hudaýy Feditiň ogly bolupdyr. «Iliada» poemasynda ähli grek esgerleriniň serdary Agamemnon bilen Ahillanyň arasynda bolan dawa beýan edilýär, eseriň esasy mazmuny hem şondan ybarat bolupdyr. Agamemnon tarapyndan masgaralanan Ahill mundan beýläk harby herekete gatnaşmakdan ýüz öwürýär, grekler bolsa yzly-yzyna ýeňlişlere sezewar bolýar. Grekler bilen troýalylaryň urşuna hudaýlar hem goşulypdyrlar, olaryň birleri grekleriň tarapynda, beýlekileri bolsa troýalylaryň tarapynda göreşipdirler. Ahyr soňunda Ahilliň ýakyn dosty Patrokl Troýanyň patyşasynyň ogly Gektor bilen başa-baş söweşde heläk bolandan soň, Agamemnon bilen ýaraşmak üçin troýalylaryň garşysyna urşa girýär. Ar almak hyjuwy bilen Ahill Gektory öldürýär, onuň meýdini bolsa öz atyna tirkelen arabasyna (kolesnisa) daňyp, Troýanyň diwarynyň daşyndan süýräp aýlanýar. Diňe troýalylar köp gezek haýyş edenlerinden soň we köp möçberde töleg tölänlerinden soň Ahill Gektoryň meýdini bermäge razy bolýar. Poema Gektoryň bütin şäher ilatynyň gatnaşmagynda jaýlanmagy bilen tamamlanýar.

Antiki döwürde «Iliada» Aleksandriýanyň dilçi alymlary tarapyndan 24 sany aýdyma, ýagny grekleriň elipbiýiniň sanyna göra bölünipdir. Gomeriň ikinji poemasy «Odisseýa» hem 24 sany aýdymdan ybarat düzülipdir. Bu poemada hem Troýa urşuna gatnaşan Itakanyň patyşasy Odisseýiň syýahaty we başyndan geçiren horluklary barada gürrüň berilýär. «Odisseýa» «Iliadanyň» dowamy bolmasa-da, olaryň ikisi hem biri-biri bilen baglanyşykly. Hekaýa Odisseýiň Ogigi adasynda çeken horluklary bilen başlanýar. Soňra bolsa, onuň başyndan geçenleri Odisseýiň öz adyndan beýan edilýär. Şu yzygiderlikde Odisseýiň 20 ýyl sergezdanlykda bolan döwründe Itaka adasynda bolup geçen ýagdaýlar, Odisseýiň ogly Telemahyň syýahaty we beýleki hekaýalar berilýär. Poemanyň ahyrynda bolsa, Odisseýiň Itaka dolanyp gelşi we ýene-de Itakany dolandyryşy barada gürrüň berilýär.

«Iliada» bilen «Odisseýa» poemalary Gadymy Gresiýanyň taryhy boýunça esasy çeşmeleriň biri hokmünde ähmiýeti uludyr. Poemalarda şol döwrüň taryhy durmuşy açylyp görkezilýär. Biziň bilşimiz ýaly, Troýa hakyky taryhy şäherleriň biri bolupdyr. Troýada geçirilen gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde tapylan maglumatlaryň esasynda, alymlara Troýanyň taryhyny belli bir derejede dikeltmeklik başardýar. B.e. öň III müňýyllykda şäher doly diýen ýaly weýran edilýär. Bu döwür Kiçi Aziýada Hett taýpalarynyň döwletiniň döremegi bilen gabat gelýär. B.e. öň II müňýyllygyň içinde, I müňýyllygyň birinji ýarymynda şäher azyndan dört gezek weýran edilip, täzeden ýene-de dikeldilýär. Weýrançylyk bir tarapdan, ýer titremesi bilen bagly bolsa, ikinji tarapdan, harby çozuşlaryň netijesinde bolupdyr. Troýanyň ýykylman saklanyp galan bölegine göra, diwarlarynyň galyňlygy 12 metre çenli ýetipdir. Troýanyň söwdasy Egeý deňziniň hemme ýerlerinde alnyp barlypdyr, olar has uzakdaky ýurtlar bilen – häzirki Moldawiýa ýaly ýurtlar bilen hem söwda alyp barypdyrlar. Bu döwürde olaryň goňşulary örän güýçli Hett döwleti bolupdyr. B.e. öň XIII–XII asyrlarda Troýa ýene-de weýran edilip otlanylýar, şondan soň troýalylara şaheri täzeden dikeltmek başartmaýar we kiçiräk oturymly oba öwrülip galýar.

**Poemalarda ilatyň durmuş-ykdysady ýagdaýynyň beýan edilişi.** Gomeriň poemalary-da, arheologiýa maglumatlary-da jemgyýetiň durmuş-ykdysady ýagdaýynyň Miken döwri bilen deňeşdireniňde, mazaly pese düşendigine şaýatlyk edýär. Grekler indi daşdan ymarat gurmak sungatyny undupdyrlar. Ýaşaýyş jaýlary agaçdan ýa-da

pahsadan gurlupdyr. Garamaýak ilatyň jaýlary bir otagly ýönekeýje külbelerden ybarat bolupdyr. Hatda begleriň jaýlaryny hem miken hökümdarlarynyň köşkleri bilen hiç bir babatda deňeşdirer ýaly däl. Poemada suratlandyrylýan Itakanyň hökümdary Odisseýiň jaýynyň ýeke-täk goragy agaç haýat bolupdyr. Jaý pahsadan gurlupdyr. Içinde hiç-hili amatlyklar ýok. Otaglaryň poly palçyk bilen suwalypdyr. Jaýyň ortasyndaky açyk ojakda nahar taýýarlanylypdyr. Ojakda ýakylýan oduň tüssesinden ýaňa otagyň diwarlary garalyp gidipdir. Şol bir otagda hem nahar taýýarlanylýar hem begler meýlis edýärler. Soýlan mallaryň kellaýagy we derileri çaşyp ýatyr. Şeýle ýagdaý Miken döwrüniň köşklerindäki durmuş bilen deňeşdireniňde jemgyýetiň has pese gaçandygyndan habar berýär.

Hünärmentçilik, söwda pese düşüp galýar. Miken döwrüniň nepis ýasalan we dürli reňkler bilen çekilen ösümlikleriň we haýwanlaryň owadan suratlary bilen bezelen küýze gaplarynyň ýerine örän gödeňsi ýasalan we bezegi çyzyklardan hem-de tegeleklerden bolan guraksy şekillerden ybarat ýönekeý gaplar peýda bolýar. Indi Miken döwründäki ýaly içi gymmat baha ýaraglardan, altyn, kümüş gaplardan dolduryylan hökümdarlaryň guburhanalary-da gurulmandyr. Söwda ýatyp galypdyr. Gomeriň poemalarynda agzalýan Finikiýa söwdagärleri hem käte peýda bolýar. Olary-da Gomer hakyky söwdagärler däl-de, ýönekeý grekleri aldap, olaryň zatlaryny arzan aljak bolýan mekir adamlar hökmünde suratlandyrýar. Söwda alyş-çalyş häsiýetine eýe bolýar. Alyş-çalyş serişdesi hökmünde gara mallaryň ulanylmagy entek söwdanyň gowşak ösendigine şaýatlyk edýär. Başga ýurtlardan Ellada gymmat bahaly zatlar getirlipdir, olaram juda seýrek bolup, diňe az sanly urug begleri üçin niýetlenipdir. Çünki bu döwürde Krit öz ähmiýetini ýitiripdir, greklerden bolsa heniz söwdagärler gatlagy emele gelmändir, peýdakeş söwdagärler diňe finikiýalylar bolupdyr. Olaram, köplenç, talaňçylyk bilen meşgul bolup aýallary we çagalary ogurlap, gul hökmünde satypdyrlar.

Gomer hünärmentleri – öýlere aýlanyp, adamlaryň döwlen hojalyk gurallaryny bejerip, oba adamlaryň başarmaýan zatlaryny ýasap bermek bilen meşgullanýan ussalar hasaplanýar. Emma olaryň öz şahsy ussahanalary ýok adamlar hökmünde beýan edilýär. Bularyň hemmesi Gomer döwrüniň miken döwri bilen deňeşdirilende hojalygyň we ilatyň durmuş ýagdaýynyň mazaly pese düşendigini görkezýär.

Emma taryhda doly yzagaýdyşlyk bolmaýar. Bu dowürde Gresiýanyň hojalyklarynda umumy pese düşüşlik bolsa-da, soňra möhüm ähmiýete eýe bolan birnäçe täzelikler hem ýüze çykypdyr. Olaryň iň ähmiýetlisi grekleriň demir eretmek we ony işläp bejermek usullaryny özleşdirip başlamaklarydyr. Munuň özi hakyky uly tehniki öwrülişik bolupdyr. Şeýlelik bilen, grekler, giç bolsa-da, demir asyryna aýak basypdyrlar.

Gomer döwründe-de ekerançylyk we maldarçylyk hojalygyň esasy pudaklary bolupdyr. Ýer işläp bejermekde kätmen giňden ulanylypdyr. Sürüm işleri öküzlere tirkelýän kündeler bilen amala aşyrylypdyr. Grekler, esasan, arpa, bugdaý we gök önümleri ösdürip ýetişdiripdirler. Ekin meýdanlaryny dökünläp ekinleri çalgy bilen orup, öküz bilen döwek döwüpdirler, dänäni el degirmeninde üwäpdirler.

Ekerançylyk bilen birlikde Gomerçilik eýýamynda maldarçylyga uly üns berlipdir. Iş mallary bilen süýt berýän mallary köpeldipdirler. Hojalyklarda ulag hökmünde at, eşek, gatyr ulanylypdyr, geçi, goýun ýaly mallary köpeldipdirler. Mallar alyş-çalyşda ölçeg birligi hökmünde ulanylypdyr, şol sanda gymmat bahaly metallary hem alyş-çalyş edilende peýdalanypdyrlar. Baýramçylyklarda geçirilýän ýaryşlarda ýeňijilere baýrak hökmünde paýlanypdyr.

Senetçilikde küýzegärçilik, ýarag ýasamak, agaç işläp bejermek, deri eýlemek, bürünç-demir ussalary, dokmaçylar, altyn-kümüş bilen meşgullanýan zergärler agzalýar. Bu pudaklar aýratyn ähmiýete eýe bolsa-da, olaryň köpüsi entek öý senetçiligi ýagdaýyny saklapdyr. Demir ýaňy özleşdirlip başlanypdyr, poemada agzalýan ýaraglar, esasan, bürünçden ýasalypdyr. Emma «Odisseýa» poemasynda «Iliada» poemasyna garanyňda demriň ady kän tutulýar. Poemalaryň ikisinde-de senetçiler barada gürrüň edilse-de, heniz hünärler boýunça berk zähmet bölünişigi bolmandyr.

Gomeriň poemalarynda ilatyň jemgyýetde meşgullanýan kärleri boýunça durmuşy gatlaklara bölünip başlandygy barada maglumat berilýär. Ilatyň esasy köpçüligini öz ýer paýyny işläp bejermegiň hasabyna ýaşaýan erkin garamaýaklar düzüpdir. Senetçiligiň entek oba hojalygyndan doly bölünip aýrylmandygy sebäpli, olar aýratyn gatlagy emele getirmändir. Gulçulyk ýüze çykyp başlapdyr. Gomeriň poemalaryndaky olaryň aglabasynyň gyrnaklardan bolandygy baradaky maglumatlar, entek gulçulygyň başlangyç döwrüniň bolandygyna şaýatlyk edýär. Gul-gyrnaklary öý hyzmatkärleri hökmünde ulanypdyrlar. Olara

dokma dokadypdyrlar, el degirmeninde bugdaý üwedipdirler, käte bolsa çopan hökmünde-de ulanypdyrlar. Gullar kesekilerden satyn alnan ýa-da ýesir düşen adamlardan ybarat bolupdyr.

**Poemalarda Gresiýanyň jemgyýetçilik gurluşynyň häsiýetlendirilişi.** Gomeriň poemalarynyň maglumatlaryna görä, Miken patyşalygy ýykylandan soň, onuň ornuna kiçiräk ýere eýeçilik edýän ýönekeý oba jemagatlary döräpdir. Grekçe oňa demos diýipdirler. Onuň syýasy we ykdysady merkezi polis bolupdyr. Polis oba hem şäher diýen düşünjäni aňladypdyr. Onuň ilatynyň, esasan, oba hojalygy bilen meşgullanmagy, polisleri oba meňzedipdir. Emma polisiň daşynyň gala bilen gurşalmagy we ilatyň gür ýaşamagy ony şähere meňzedipdir. Polisiň töweregini ilatsyz boş meýdan ýa-da daglyk ýerler gurşap alypdyr. Köplenç halatda, olar uly bolmadyk dag jülgesi ýa-da kiçiräk deňiz adasy bilen çäklenipdirler.

Dag gerişleri ýa-da deňiz suwy polisleriň araçägi bolup hyzmat edipdir. Şeýlelikde, bütin Gresiýa uly bolmadyk dagynyk jemagatlardan (obşinalardan) düzülipdir. Olaryň özara gatnaşyklary seýrek bolupdyr. Köplenç halatda, olar biri-biri bilen duşmançylykly ýagdaýda ýaşapdyrlar. Araçäk çaknyşyklary ýa-da goňşy polisiň örüdäki malyny sürüp gaýtmak adaty ýagdaý bolupdyr. Munuň özi soňra uzak wagtlap Gresiýanyň dagynyk ýagdaýda ýaşamagyna sebäp bolupdyr.

Grek polislarynda urug-taýpa gatnaşykarynyň täsiri güýçli bolupdyr. Greklerde taýpa gurluşy üç basgançakdan düzülipdir. Iň uly birlige fila (taýpa) diýipdirler. Her fila adatça, iki fratriýa (uruga) bölünipdir. Uruglar bolsa birnäçe obalardan (tirelerden) düzülipdir. Halk ýygnagynda filalar we fratriýalar özbaşdak topar bolup çykyş edipdirler. Filalaryň uly bolmadyk ýerleri bolupdyr, ol ýerlerde gök ekin ekipdirler, üzüm ýetişdiripdirler, şeýle-de olaryň «polisi» we galasy bolup şäher hyzmat edipdir. Wagtal-wagtal käbir filalar harby hereketler wagtynda birleşmäge mejbur bolupdyrlar. Urug taýpaçylyk däpleri onuň her bir agzasyny gorapdyr hem penalapdyr. Filalar arasynda gan almak düzgüni saklanypdyr. Filadan daşarda galan adamyny hiç bir kada-kanun onuň özünem, emläginem goramandyr. Oňa islendik tarapdan heläk bolmak howpy abanypdyr. Filalaryň arasynda berk aragatnaşyk bolmandyr. Olary halas edýän ýeke-täk çykalga, ol hem bir polisiň çäginde ýaşamak we bilelikde goranmak bolupdyr. Parahatlyk wagtynda olar özbaşdak durmuşda ýaşapdyrlar. Jemagat (obşina) olaryň içki işine kän goşulmandyr.

Şeýlelik bilen, Gomeriň zamanynda jemgyýet birnäçe uruglara, fratriýalara birleşipdirler. Fratriýalar bolsa filalary–taýpatary emele getiripdirler.

Gomerçilik zamanynda maşgala öňküsi ýaly patriarhal maşgalalardan düzülipdir. Maşgalada atanyň ýeke-täk hökümi ýöräpdir. Esasy baýlyk bolan ýer jemagat eýeçiliginde bolupdyr. Her bir jemagat agzasynyň ondan öz paýyny almaga ygtyýary bolupdyr. Ilki başda jemagatyň ýeri maşgalalaryň sanyna laýyk böleklere bölünipdir. Soňra ony paýlaşmak bije atmak arkaly amala aşyrylypdyr. Şoňa görä-de, maşgalalaryň ýer paýlaryna kler – bije diýipdirler. Bu ýagdaý jemgyýetiň içinde açyk deňsizligiň ýüze çykýanlygyndan habar berýär. Gomeriň poemalarynda klersizler we köp klerliler agzalýar. Munuň özi käbir sebäplere görä, adamlaryň bir böleginiň ýer paýyny ýitirendigini we ýerleriň aýry-aýry adamlaryň elinde jemlenip başlandygyny görkezýär. Durmuşy deňsizligiň ýüze çykmagy, ilki bilen jemagat ýerleri bölünip berlende öňki gyradeňligiň bozulyp başlamagy bolupdyr. Adamlaryň içinde birnäçe ýerlere eýelik edýän adamlar ýüze çykyp başlapdyr. Şeýlelik bilen, jemgyýetiň garamaýak adamlary kem-kemden ýersiz galyp başlapdyrlar. Gomeriň poemalarynda olara klersizler diýilýär. Olar ýer paýyndan kesilen adamlar bolup, baý adamlaryň ýerlerinde hakynatutma işgär hökmünde işlemäge mejbur bolupdyrlar. Şolar ýaly ýer paýy bolmadykara fetler diýipdirler. Olar oba-oba aýlanyp, günlükçilik ýa-da dilegçilik bilen gün görmeli bolupdyrlar. Kähalatlarda fetleriň ýagdaýy iň pes gatlak bolan gullaryňkydan hem ýaramaz bolupdyr. Çünki hojaýyn öz gulunyň näme-de bolsa garnyny doýrupdyr, kesekileriň zorlugyndan gorapdyr. Fet şeýle goragdan hem mahrum bolupdyr.

Eger gullar we fetler jemgyýetdäki iň aşaky gatlak bolan bolsa, onuň ýokary gatlagyny urug begleri düzüpdir. Gomer olara «agata» (rehimdar) ýa-da «aristo» – aristokrat (saýlama adamlar) diýip atlandyrýar. Şahyryň düşünjesine görä, asylzada begler ýönekeý garamaýakdan akyllylygy, ahlak sypaty, gelşikliligi, güýji hem edermenligi bilen olardan mazaly saýlanýar. Olar jemgyýetde agalyk ediji ýagdaýy eýeleýärler. Tanymal begleriň artykmaçlygy olaryň hudaýlar neberesinden bolandyklaryndan ybarat. Şoňa görä-de, Gomer olary «Hudaýa kybapdaş», «Hudaý ýaly» diýen sözler bilen atlandyrýar.

Emma hakykat ýüzünde olaryň artykmaçlygy hudaýlar neberesinden bolmagy däl-de, olaryň baýlygynda bolupdyr.

Gomeriň düşünjesine görä, baýlyk hem tanymallyk şol bir zat. Baý hökman tanymaldyr, tanymal adam bolsa baý bolmaly. Beg adamlaryň baýlygynyň esasy çeşmesi, olaryň ýer paýlarynyň artykmaç bolmagydyr. Jemgyýetiň ýerleri jemgyýet agzalaryna paýlanmanka, ýeriň uly bölegini urug-taýpa begleri – basileýler alypdyrlar. Gomer indi olary «temenos» diýip atlandyrýar. «Temenosyň» ýeriniň möçberi adaty kleriň ýerinden birnäçe esse kän bolupdyr. Galyberse-de, basileý indi uly hukuklardan peýdalanyp başlapdyr, sebäbi bölünip alnan ýeriň eýesi Gomeriň poemalarynda kler däl-de urug begleri – temenos diýlip atlandyrylýar. Temenosyň ýere bolan eýeçiligi klerleriň jemagat ýerinden bölünip berlen ýerinden tapawutlylykda, ýere bolan eýeçilik hususy eýeçilik derejesine ýakynladylypdyr.

Urug begleriniň jemgyýetde esasy orny eýelemegine, olaryň söweş nyzamynda öňde durmagy we söweşde esasy güýç bolmagy sebäp bolupdyr. Çünki diňe beg adamlaryň gymmat baha at, ýarag, esbap edinmäge mümkinçiligi bolupdyr. Önümçilikden erkin tanymal begleriň söweş tälimlerini özleşdirmek üçin türgenleşik etmäge-de mümkinçilikleri bolupdyr. Oňat ýaraglanan we söweş tälimlerine ökde urug begleri söweş nyzamynyň öňünde durupdyrlar. Köplenç halatda, söweşiň ykbalyny-da olar çözüpdir. Şoňa görä-de, söweşde esasy orna eýe bolýan tanymal begler, jemgyýetçilik durmuşynda-da agalyk ediji ýagdaýa eýe bolupdyrlar.

**Jemgyýetiň syýasy guramalary.** «Iliada» we «Odisseýa» poemalary Gresiýanyň Gomerçilik döwrüniň syýasy guramalarynyň gurluşyny öwrenmäge mümkinçilik berýän maglumatlary özünde jemleýär. Gomerçilik döwrüde urug taýpaçylyk ýaly jemgyýeti dolandyrmagyň üç basgançagy: halk ýygnagy, ýaşulular geňeşi, serdaryň häkimiýeti saklanypdyr. Emma bu guramalar jemgyýetiň öňe gitmegi bilen ilkibaşky görnüşinden mazaly özgeripdir.

Halk ýygnagy ýaşamagyny dowam edýär. Ol iň ýokary kanun çykaryjy gurama hasap edilse-de, emeldar begleriň täsirine düşüp, köplenç, olaryň islegine görä mesele çözülipdir. Eger ýygnakda halk öz teklibini öňe süren halatynda, teklipler begleriň bähbidine ters gelse, ýygnak dargadylypdyr. Muňa mysal edip, poemalardaky halk

ýygnagynyň geçişi baradaky parçalara ýüzleneliň. Grekler Troýany gabamagyny dowam edýärler. Uruş uzaga çekýär. Onuň soňunyň näme bilen gutarjagy belli däl. Urşy dowam etdirmelimi ýa-da yza dolanmalymy diýen sorag ýüze çykýar. Meseläni çözmek üçin halk ýygnagy (esgerleriň ýygnagy) çagyrylýar. Ýygnakda ýönekeý esger, garamaýaklaryň wekili Triset çykyş edip urşuň diňe beglere bähbitlidigini, olaryň olja alyp baýamak isleýändiklerini, onuň ýönekeý esgerlere hiç hili peýdasynyň ýokdugyny aýdyp, gabawy bes etmegi we yza gaýtmagy teklip edýär. Emma serkerdeleriň biri ony gorkak hem ýaňra hökmünde aýyplaýar, hatda hasasy bilen onuň ýagyrnysyna ýelmäp goýberýär. Netijede bolsa, ýygnak begleriň islegine laýyk karar çykarýar.

Halk ýygnagynyň ikinji bir beýany Odisseýiň ýurdy Itaka adasyndaky wakalar bilen baglanyşdyrylýar. Itakanyň patyşasy Odisseýiň urşa gidenine 20 ýyl bolupdyr. Onuň ykbalynyň nähili bolandygy belli däl. Itakaly begler Odisseýiň aýalyna öýlenip, onuň mülküne eýe bolmak isleýärler. Olar Odisseýiň malyny iýip maşgalasyna ezýet berýärler. Şeýdip, onuň aýalyny beglerden birine durmuşa çykmaga mejbur etjek bolýarlar. Şeýle ýagdaýda Odisseýiň ogly haraý isläp, halk ýygnagyna ýüz tutýar. Halk ýygnagy çagyrylýar. Ýygnakda çykyş edenler begleriň bu hereketini ýazgarýarlar. Olary bet niýetlerinden el çekdirjek bolýarlar. Emma begler öz isleglerine ters hereket edýän ýygnagy haýbat atmak we gorkuzmak bilen dargadýarlar.

Şeýlelikde, bu mysallarda gomerçilik jemgyýetiň syýasy guramasynyň hakyky demokratiýadan örän özgerendigini görmek bolýar. Hakyky häkimlik iň täsirli hem kuwwatly urug begleriniň elinde jemlenipdir. Olary Gomer basileý diýip atlandyrýar. Soňky awtorlaryň işlerinde basileý sözi adaty patyşa diýmekligi aňladýar. Gomeriň basileýleri-de daşyndan seredeniňde patyşa meňzeýär. Ol patyşalaryň geýminde ile çykýar. Elinde patyşalyk hasasyny göterýär. Kanunlary goramak hem düşündirmek diňe basileýleriň elinde. Uly baýramçylyklarda basileý hudaýlara sadaka bermek däbini amala aşyrýar we ähli jemagatyň abadan durmuşyny hudaýlardan dileg edýär. Halk basileýlere hormat goýýar. Olara iň oňat zatlardan sowgat edilýär, jemagat ýerinden iň uly paý ýerleri berilýär.

Emma örän kuwwatlylygyna we baýlygyna garamazdan, basileýiň häkimligini hakyky patyşa häkimiýeti hasaplamak bolmaz.

Hakykat ýüzünde ol taýpanyň serdary bolupdyr. Bir polisde birnäçe adamyň basileý adyny götermegi-de şonuň bilen düşündirilýär. Öz taýpasynyň çäginde basileý, esasan, ruhanynyň wezipesini ýerine ýetiripdir. Ähli basileýler birleşip, geňeş agzalaryny düzüpdirler we gündelik dolandyryş işlerini bilelikde alyp barypdyrlar. Halk ýygnagynda goýuljak meseleleri taýýarlapdyrlar.

Wagtal-wagtal jemagatyň ähli basileýleri polisiň merkezi meýdançasyna ýygnanyp, halk köpçiliginiň gatnaşmagynda kazyýet işlerini çözüpdirler. Uruş döwründe basileýleriň biri halk ýygnagy tarapyndan baş serkerde saýlanyp, goşuna ýolbaşçylyk edipdir. Uruş wagtynda baş serkerdä buýrugy ýerine ýetirmedik esgerlere ölüm jezasyny bermäge hukuk berlipdir. Emma uruş gutarandan soň, ol öz wezipesini tabşyrmaly bolupdyr. Kähalatlarda has tanymal we abraýly basileýiň uruşdan soň hem öz häkimiýetini saklaýan pursatlary bolupdyr. Onuň harby häkimiýetine baş ruhany we baş kazylyk wezipeleri-de goşulan halatynda, ol adam hakyky patyşa – jemagatyň ýolbaşçysyna öwrülipdir. Beýleki basileýleriň arasynda Odisseý, Agamemnon şeýle ýagdaýy eýeläpdirler. Emma baş basileýiň häkimiýeti örän yrga bolupdyr. Häkimiýetini uzak saklamak, ony nesilden-nesle geçirmek olaryň käbirine başardypdyr. Adatça oňa beýleki basileýleriň bäsdeşligi we duşmançylykly hereketleri hem päsgel beripdir. Olar kimdir biriniň häkimiýetiniň çäksiz güýçlenmegini islemändirler. Şeýlelikde, bu döwürde berk hem durnukly patyşalyk häkimiýeti ýüze çykmandyr.

Gresiýanyň taryhynda Gomer döwri aýratyn orun tutýar. Ozal Miken döwründe emele gelen, emma soň ýykylan siwilizasiýa başga gerimde we başga görnüşde täzeden döräp başlaýar. Köp babatda bu pese düşüşlik döwri bolupdyr. Şol bir wagtda bu döwür grekleriň täzeden çalt ýokary göterilmegi üçin güýç toplaýan döwri bolupdyr. Bu döwürde urug-taýpaçylyk gurluşynyň adaty düzgünleriniň dargap, onuň jümmüşinden siwilizasiýanyň emele geliş pursatlary bolup geçýär. Gresiýanyň soňraky ösüşine uly tasir eden köpsanly tehniki üstünlikler, esasan, demriň önümçilige ornaşdyrylmagy uly ähmiýete eýe bolýar. Bu möhüm üstünlikleriň ählisi grek polisleriniň düýbünden täze taryhy ösüş ýoluna düşmegine şert döredipdir. Ol bolsa öz gezeginde b.e. öňki VI–IV asyrlarda Gresiýanyň medeni we durmuşy ösüşde örän ýokary derejä ýetmegine mümkinçilik beripdir.

IV.

# GRESIÝADA POLIS GURLUŞLY. GUL EÝEÇILIK DÖWLETLERINIŇ KEMALA GELMEGI

**Gresiýa arhaiki döwürde (b.e öňki VIII–VI asylarda)** B.e. öňki IX–VIII asyrlaryň çatrygynda Gresiýada çyňňur üýtgeşmeler bolup geçýär. Ýönekeýje urug dolandyryş guramaly we ýönekeý ykdysadyýetli, ilkidurmuş medeniýetli urug jemgyýetiniň irki gul eýeçilik gurluşyna geçmegi jemgyýetiň dürli-dürli gapma-garşylykly durmuşy gatlaklara bölünendiginden habar berýär. Durmuşy gatlaklaryň arasyndaky gatnaşyklary ýola goýmak üçin, döwlet dolandyryş institutuny döretmek zerurlygy ýüze çykýar. Biri-birinden daşlaşdyrylan ownuk urug we oba jemagatlarynyň täze durmuş-syýasy gurama öwrülmegi, olaryň kem-kemden ykdysady taýdan ösmegi, durmuşy toparlaryň arasynda barlyşyksyz göreşiň başlanmagyna hem-de döwlet dolandyryş ulgamynyň emele gelmegine getiripdir.

Bu döwürde greklerde syýasy ulgamyň düýbünden täze görnüşi – polisler emele gelýär. Bu täze syýasy gurluş gadymy grek jemgyýetiniň, döwletiniň we medeniýetiniň taryhy ösüşiniň esasy mazmunyny düzýär. Polisleriň bir bölegi ozalky döwrüň urug we oba jemagatlarynyň ösüşiniň netijesinde emele gelse, beýleki bölegi koloniýalaşdyryş hereketiniň netijesinde ýüze çykýar. Polis ulgamy Gresiýanyň we Egeý deňziniň adalaryndan Kiçi Aziýanyň, Ortaýer deňziniň we Gara deňziniň kenarlaryna çykarylýar. Netijede, b.e. öň VIII–VI asyrlaryň dowamynda Gresiýada polis gurluşly döwletler doly kemala gelýär, ol pursat Gresiýanyň aglaba şäherlerinde b.e. öň VI asyrda tamamlanýar.

Arhaiki döwür grek halkynyň ruhy galkynyş zamany bolýar. Oňa grekleriň döredijilik işjeňliginiň görülmedik derejede ýokary göterilmegi-de şaýatlyk edýär. Uzaga çeken arakesmeden soň, sungatyň ýatdan çykarylan görnüşleri: ymaratçylyk, heýkeltaraşlyk, suratkeşlik we ş.m. täzeden ösüp ugraýar. Mermerden we beýleki daşlardan örülen öňi sütünli eýwanly ybadathanalar gurlup başlanýar. Daşdan ýonmak ýa-da bürünçden eredip guýmak arkaly grekler öz hudaýlarynyň şekillerini ýasapdyrlar. Gomeriň we Gesiodyň poemalary peýda bolýar. Ilkinji grek filosoflary Fales, Anaksimen, Anaksimendr dünýäniň gurluşy we ähli zatlary emele getirýän ilkibaşky başlangyjy tapmak üçin, düýpli barlag işlerini geçirmäge girişýärler.

Irki polis görnüşli gul eýeçilik jemgyýetiniň we döwletleriň döremegi arhaiki döwrüň taryhy ösüşini emele getirip, grekler 300 ýylyň dowamynda ösüşiň ähli ulgamlarynda diňe bir goňşy halklardan däl, eýsem Gadymy Gündogaryň has ösen ýurtlaryndan hem öňe geçmegi başarýar.

Bu döwürde Gresiýanyň ykdysadyýeti çalt ýokary göterilýär. Onuň esasy pudaklary bolan oba hojalygy, hünärmentçilik, söwda çalt depgin bilen ösýär. Demriň önümçilige ornaşdyrylmagy täze tehniki mümkinçilikleri açýar. Haryt öndürmek, daşary söwda polisleriň ykdysadyýetiniň esasy pudagyna öwrülýär. B.e. öň VIII–VI asyrlarda grek jemgyýetiniň çalt ösmeginiň esasy sebäpleriniň biri-de täze ýerleri özleşdirmek – koloniýalaşdyryş hereketi bilen bagly bolýar. Bu hereket Gresiýany ozalky üzňelikden daşarky dünýä bilen giň aragatnaşyk ulgamyna çykarýar. Olar beýleki halklardan, ylaýta-da, gündogar ýurtlaryndan örän köp zatlary öwrenipdirler. Hususan-da, finikiýalylardan elipbiýi, müsürlilerden we wawilonlylardan matematikany, astronomiýany, lidiýalylardan aýna öndürmegiň syrlaryny, ýene-de ençeme zatlary öwrenipdirler, olary öz durmuşlaryna uýgunlaşdyrypdyrlar hem-de öz milli medeniýetiniň aýrylmaz bölegine öwrüpdirler.

**B.e. öňki VIII–VI asyrlarda Gresiýada senetçiligiň we söwdanyň ösmegi.** B.e. öň VIII–VI asyrlarda Gresiýanyň ykdysadyýetinde uly özgerişler bolup geçýär. Ol ilki bilen oba hojalygyna, önümçilik tehnikasyna, senetçiligi we söwda öz täsirini ýetiripdir. Ykdysadyýetiň esasyny düzýän oba hojalygynda önümçiligiň gurluşy özgerýär. Kem-kemden sürüm ýerleri azalýar. Onuň ornuna köp zähmet talap edýän, emma az ýerden köp girdeji almaga ýardam edýän üzümçilik we zeýtun agaçlaryny ösdürip ýetişdirmeklik giň gerim alýar. Olardan öndürilýän çakyryň we zeýtun ýagynyň bir bölegi bazarda satmak üçin niýetlenip, haryda öwrülýär. Bazar gatnaşygynyň ýüze çykmagy, ekerançylary goşmaça çykdajy etmäge itekleýär. Netijede, ekin meýdanlarynyň giňelmegine, önümçiligiň möçberiniň ösmegine getirýär.

Oba hojalygynyň esasyny ownuk daýhan hojalyklary we asly gelip çykyşlary boýunça urug begleriniň iri mülkleri düzüpdir. Olaryň ýerleri garyplaşan taýpadaşlary tarapyndan işlenilipdir. Kähalatlarda mülkdarlar öz ýerlerini taýpadaşlaryna kärendesine beripdirler, kärendeçiler ýer eýelerine hasylyň 50 göterimine çenli bermäge mejbur bo-

lupdyrlar. B.e. öň VIII–VI asyrlarda Gresiýada polisleriň emele gelýän döwründe ownuk daýhan hojalyklary ilatyň esasy bölegini tutupdyr. Emma döwrüň ahyrynda Gresiýada ownuk daýhan hojalyklarynyň tozmagy iri ýer eýeçiliginiň döremegine getiripdir.

Senetçilik önümçiliginde hem möhüm özgerişler bolup geçýär. Ozal senetçilik önümleriniň köpüsini daýhanlar öz hojalygynda öndüren bolsalar, indi senetçilik şäherlerde jemlenýär. Obada ýaşaýan daýhanlar olary şäher ussalaryndan satyn almaly bolýar. Senetçilik oba hojalygyndan bölünip aýrylýar. Munuň özi bir tarapdan, oba hojalygynyň ýöriteleşmegine getirse, ikinji tarapdan, senetçilik tehnikasynyň ösmegine ýardam edýär. Ylaýta-da, b.e. öň VI asyrda metal işläp bejermek pudagynda uly öňe gidişlikler gazanylýar. Ussalar magdandan demir almaga, ony ýenjip taplamak arkaly polada öwürmäge ökdeläpdirler. Şeýle metaldan gylyç, hanjar, peýkam oklary we zähmet gurallary ýasalypdyr. Ýasalan ýaraglar we zähmet gurallary berkligi we ýokary öndürijiligi bilen tapawutlanypdyr. Demir böleklerini kebşirlemek arkaly birleşdirmek usulynyň açylmagy (Hios adasy) döwrüň uly tehniki üstünligi bolupdyr.

Bürünç işläp bejermegiň usullary hem kämilleşýär. Samosly Roýk we Feodor ýaly ussalar metaly eredip guýmak arkaly ýuka bürünç öndürmegiň usulyny tapypdyrlar. Olardan galkan, tuwulga we beýleki goranyş esbaplary ýasalypdyr. Bürünçden sowut, galkan, dürli gap-çanaklary ýasamaklyk Korinfde ösüp, «Korinf bürünji» diýen ada eýe bolupdyr. Demri we polady almagyň tehnologiýasynyň ele alynmagy bilen demir paltalar, byçgylar, ýer agdarmak üçin azallar ýasalypdyr, bu bolsa tokaý agaçlaryny kesmekde, ekerançylykda ýerleri işlemekde we giňeltmekde ähmiýeti uly bolupdyr. Indi daşlaryň has gaty görnüşlerini goparyp almak, bürünç döwründäki gurallardan has ýeňil we aňsat bolupdyr. Bu öňe gidişlikler greklere magdan daşlaryny has artykmaç öndürmäge ýardam edipdir. Demir ýaraglarynyň giňden öndürilmegi, harby işlerde hem uly özgerişleriň bolmagyna getiripdir. Beglerden (aristokratlardan) düzülýän atly goşunyň ähmiýeti peselipdir, olaryň tersine, indi grek polisleriniň orta gürp ilatyndan düzülýän agyr ýaraglanan goşunynyň ähmiýeti artypdyr.

Gresiýada önümçiligiň gülläp ösýän ulgamynyň biri hem küýzegärçilik bolupdyr. Dürli görnüşli örän gelşikli ýasalan we owadan nagyşlar bilen bezelen küýze önümleri köpçülikleýin öndüri-

lipdir. Ylaýta-da, Korinf we Afina ussalarynyň ýasan küýzeleri uly meşhurlyga eýe bolýar. Küýze gaplaryny gara reňk bilen çekilen şekiller bilen bezemek (gara şekilli küýzeler) ýa-da tutuşlygyna gara reňke boýap, onuň ýüzüni küýzäň öz gyzyl reňki görünýänçä sypjyrmak, soňra olara rowaýaty jandarlary we beýleki şekilleri çekmek (gyzyl şekilli küýzeler) usullary giň ýaýraýar. Şeýle gaplar Gresiýadan has uzaklara äkidilip satylypdyr. Küýzegärçilik ussahanalary grek şäherleriniň köpüsinde işläpdir.

B.e. öň VIII–VI asyrlarda onümçiligiň ähmiýetli pudaklarynyň biri-de gämi gurluşygy bolupdyr. Ol deňiz söwdasynyň ösmegi üçin hem amatly bolupdyr. Şunuň bilen birlikde, amatly kenarýaka ýerlerinde gämi duralgalaryny gurmaklyk hem başlanypdyr. Gresiýada şu döwre çenli uly harby gämiler bolmandyr. Sebäbi grekler henize çenli deňizde uruş alyp barmandyrlar. Emma koloniýalar bilen aragatnaşyk saklamak we harytlary daşamak üçin örän köp ýük hem ýolagçy gämileri gerek bolupdyr. Şonuň üçin, grekler gämileriň dürli görnüşlerini gurupdyrlar. Olar gämileriň küreklerini artdyrypdyrlar, netijede, 50-den 180-çenli küregi bolan gämileri gurupdyrlar. Şeýle gämiler sagatda 10 mile çenli aralygy geçip bilipdir. Gämi ýasamak üçin, örän köp dürli hünärli ussalar (agaç ussalary, metal işleýän hünärmenler, gämilerde ýelkenleri oturtmak boýunça hünärmenler) gerek bolupdyr. Ýyndam hem berk gämileriň peýda bolmagy Gresiýada senetçiligiň ösýändigininiň ýene bir görkezijisi bolup durýar. Eger-de gomerçilik döwründe grek jemgyýetinde polisleriň öz aralaryndaky gatnaşyklar çäkli bolan bolsa, indi olaryň beyleki ýurtlar bilen gatnaşyklary giň gerim alyp başlapdyr.

B.e. öň VIII–VI asyrlarda Gresiýa has uzaklarda esaslandyrylan kolaniýalar bilen söwda gatnaşyklary giňden alyp barypdyr. Ilki başlarda ykdysady taýdan bu koloniýalar öz metropoliýalaryna garaşly bolan bolsa, metrepoliýalar hem koloniýalara belli bir derejede garaşly bolupdyrlar, sebäbi greklerde öndürilýän önümleri koloniýalarda ýerleşdirmeli bolupdyr. Koloniýalarda ýaşaýan grekleriň durmuşynda ulanylýan iň zerur zatlar: zeýtun ýagy, dürli görnüşdäki küýze gaplar, ýaraglar, bezeg şaýlary, mata ýetmezçilik edipdir. Olary Gresiýadan getirmeli bolupdyr. Olaryň ýerine bolsa, metal, agaç, deri, galla, gul alyp gaýdypdyrlar. Bu önümlere koloniýalar bilen goňşuçylykda ýaşaýan ýerli ilat hem uly isleg bildiripdir. Şeýlelikde, Gresiýada öndürilen harytlar koloniýalara, olaryň üsti bilen bolsa,

şol ýurtlaryň ýerli ilatyna ýaýradylypdyr. Şeýle gatnaşyklar Ortaýer deňziniň Sisiliýa adasy bilen, Gara deňziň köp sanly welaýatlary bilen hem alnyp barylypdyr. Söwda işleri Kiçi Aziýanyň Egeý deňzini Ioniý şäherleri bilen, aýratyn hem, Milet şäheri bilen gatnaşyklar ýola goýlupdyr. Milet şäheri hem yzygiderli Propontid, Pont, Italiýa bilen söwda işlerini giňden alyp barypdyr. Günbatarda ilkinji söwda merkezleriniň biri-de, uly bolmadyk Egina adasy bolup, ol Gresiýanyň günbatar bölegini gündogarsynda ýerleşýän Korinf, Sikion we Megara şäherleri bilen baglanyşdyrypdyr. Bu yzygiderli gatnaşyklarda söwdanyň ähmiýeti has hem artypdyr, harytlaryň dürli görnüşleri bilen alyş-çalyş yzygiderli dowam edipdir.

Söwdanyň ösmegi ýeke-täk alyş-çalyş serişdesiniň zerurlygyny ýüze çykarypdyr. Pul (moneta) zikgelemek b.e. öň VII asyrda Lidiýada, Gresiýanyň Egin adasynda ýüze çykypdyr, soňra bolsa grek şäherleriniň köpüsinde zikgelenip başlanypdyr. Şoňa görä-de, zikgelenen teňňeler Kiçi Aziýanyň Grek şäherlerinde giňden ýaýrapdyr. Olar altyndan we kümüşden guýlupdyr we «elektra» adyny göteripdir. Soňraky döwürde Balkan Gresiýasynda lidiýalylaryňka meňzedilip kümüşden pul çykarylypdyr. Bu özgerişler söwda gatnaşyklarynda hasap işlerini ýöretmekde ýeňillik döredipdir. Gresiýada pul hökmünde belli bir agramlykda bolan kümüş bölejikleri peýdalanylypdyr. Olar tegelek bolup, onuň iki ýüzüne-de haýsam bolsa bir hudaýyň şekili ýa-da olaryň şekiliniň alamaty bolan haýwanyň, guşuň şekilini çekipdirler. Mysal üçin, Afina hudaýynyň alamaty bolan baýguşy, Zews hudaýynyň alamaty hökmünde bürgüdi ýa-da ýyldyrymy, Apollonyň alamaty hökmünde guw guşuny we beýlekileri çekipdirler.

Zikgelenen teňňeler peýda bolmazdan ozal, Gresiýada pul hökmünde metal myhjagazlar ulanylypdyr. Olaryň birine obol (myh) diýlipdir, onuň alty sanysy bir drahma hasaplanypdyr, drahma – latynça bir gysym diýmekligi aňladypdyr. Çünki alty sany myh demirjikler bir gysyma sygypdyr. Emma soňra zikgelenen teňňelere hem obol diýlipdir. Bulardan başga-da, köp sanly grek şäherlerinde söwda işlerinde ölçeg birligi hökmünde 60 mine bölünen wawilon talanty girizilipdir we alyş-çalyşda ulanylyp başlanypdyr. Has giň ýaýran egin ölçegi 37,5 kilograma deň hasaplanypdyr, ewbeý talanty 26,2 kilogram hasaplanypdyr. Suwuk zatlaryň ölçegi medimin bolup, 1 medimin – 52,5 litre deň hasaplanypdyr.

Senetçiligiň oba hojalygyndan bölünip aýrylmagy we polisleriň merkezlerinde jemlenmegi, bazar üçin haryt önümçiliginiň giňelmegine alyp barýar. Bu zatlar täze şäherleriň döremegine ýa-da şäherleriň diňe dolandyryş we dini merkezlere öwrülmegine getirmän, eýsem söwda senetçilik merkezleriniň döremegine getiripdir. Senetçiligiň giňelmegi bolsa, haryt önümçiliginiň ýüze çykmagyna we söwdanyň ösmegine şert döredipdir.

Ilatyň içinde senetçileriň sany has artypdyr, ýagny söwdagärler, matroslar, kürekçiler, şeýle-de, ussahana we gämi eýeleri ýüze çykypdyr. B.e. öň VIII–VI asyrlarda Gresiýanyň oba ilaty şäherler bilen ýakyn aragatnaşykda bolupdyr, olar şäherden senetçilik önümlerini alypdyrlar, artykmaç öndüren oba hojalyk önümlerini bolsa şäherlilere satypdyrlar. Şeýlelik bilen, şäherler polisiň durmuş-ykdysady, syýasy we medeni ösüşiň hakyky merkezine öwrülýär. Has dogrusy, bu döwürde Gresiýada hakyky şäher rewolýusiýasy bolup geçipdir.

**Grek jemgyýetiniň durmuşy gatlaklary.** B.e. öň VIII–VI asyrlarda Gresiýanyň ykdysadyýetiniň çalt depginler bilen ösmegi, ähli ilatyň önümçiligiň ol ýa-da beýleki pudagyna goşulmagy dürli durmuşy toparlaryň we gatlaklaryň emele gelmegine alyp barypdyr. Emma bu çylşyrymly pursat uzaga çekipdir. Ganybir garyndaşlyk gatnaşyklary örän uzak saklanypdyr we gatlaklaryň emele geliş pursadyny çylşyrymlaşdyrypdyr. Korinf, Milet, Megara ýaly senetçiligiň we söwdanyň çalt ösýän polislerinde urug gurluşynyň galyndylary tiz dargapdyr. Emma haryt gatnaşygynyň gowşak ösen, oba hojalygynyň agdyklyk edýän Fokida, Fessaliýa, Etoliýa ýaly polislerinde ol bökdelipdir.

Tehniki we ykdysady ösüş durmuşy gatnaşyklarda hem üýtgeşikleriň bolmagyna getiripdir. Bir tarapdan, metal işlenip, ondan ýasalan gurallaryň önümçilikde ornaşdyrylmagy, hususy hojalyklaryň girdejili bolmagyna getiren bolsa, ikinji tarapdan, adamlaryň jemagata (obşina) garaşly bolmagyndan çykarypdyr we hususy eýeçiligiň gutarnykly kemala gelmegine getiripdir. Şeýlelik bilen, Gresiýada gul eýeçilik gatnaşyklarynyň has çalt ösmegine ýol açylypdyr. Özem diňe bir öý hojalyklary üçin däl, eýsem, gönüden-göni önümçilik üçin gullar getirilipdir. Önümçilikde işledilýän gullar, esasan, basylyp alnan ýa-da daşary ýurtlardan satyn alnyp gaýdylan gullaryň hasabyna artypdyr.

Gresiýada arhaiki döwürde durmuşy toparlar: urug beglerinden, oba jemagatynyň garamaýak ilatyndan we az sanly gullar toparyndan

ybarat bolupdyr. B.e. öň VIII–VI asyrlarda Gresiýada urug gurluşynyň dargap, synpy gatnaşyklaryň emele geliş pursady öz ösüşinde iki basgançagy geçýär. Birinji basgançak, b.e. öň VIII–VII asyryň birinji ýarymyny öz içine alýar. Bu döwür urug gurluşynyň galyndylarynyň güýçli bolmagy we urug begleriniň agalyk etmegi bilen, olara elgarama ýagdaýa düşýän garamaýaklaryň köpelmegi bilen häsiýetlendirilýär. Urug begleri dürli sebäplere görä, öz ýer paýyny elinden gidiren urugdaşlarynyň ýerlerini eýeläpdirler. Gullaryň seýrek hem juda gymmat bolmagy sebäpli, olar öz urugdaşlaryny elgarama etmeklige çalşypdyrlar. Ony bolsa olar ýeri göterimine karz berip, süýthorçulyk etmek arkaly amala aşyrypdyrlar. Süýthoruň «eline» düşen bergidar garamaýaklar elgarama edilipdir we begleriň ýerlerinde işledilipdir. Olaryň bergilerini üzüp bilmedik ýagdaýynda gulçulyga satylýan halaty-da az bolmandyr.

Grek jemgyýetiniň durmuşy gatlaklara bölünişiniň ikinji basgançagy b.e. öň VII asyryň ikinji ýarymyny we VI asyry öz içine alýar. Gresiýada bu döwür ykdysadyýetiň çalt depginler bilen ösmegi we şäherleriň berkemegi bilen şertlendirilipdir. Bu ýagdaý grek polislerinde söwdagär-senetçi gatlagynyň köpelmegine alyp barypdyr. Bazarda satmaga niýetlenilen önüm öndürýän ussahanalaryň goşmaça işçi güýjüne mätäç bolmaklary, senetçilik merkezlerinde gullaryň has köpelmegine alyp barypdyr.

Kemala gelýän durmuşy gatlaklaryň bähbitleriniň biri-birinden tapawutly bolmagy, polisiň syýasy durmuşyny çylşyrymlaşdyrypdyr. Urugdaşlaryň ýerleriniň aglaba bölegini elinde jemlän begler, dowam edýän düzgüniň saklanmagyny isläpdirler. Olar söwdanyň, senetçiligiň ösmegine, şäher durmuşynyň barha möwjemegine howatyrlanma bilen garapdyrlar. Köne düzgünleriň tarapdary bolan begler öz baýlyklaryna daýanyp, ösüp gelýän polislerde häkimiýeti öz ellerine alypdyrlar. Urug-taýpaçylyk döwrüniň dolandyryş guramalary bolsa, täze polis dolandyryş ulgamyna uýgunlaşmaga mejbur bolupdyrlar.

Ilatyň esasy köpçüligini düzýän we gitdigiçe begleriň elgaramasyna öwrülýän garamaýak daýhanlaryň bähbidi begleriňkiden tapawutlanypdyr. Olar öz ýaşaýyş durmusynyň esasy çeşmesi bolan ýer paýlarynyň saklanmagyny, şahsy erkinligi we polisiň syýasy durmuşyna gatnaşmaga mümkinçilik berilmegini isläpdirler. Olar gazaply bergidarçylyk düzgünleriniň birneme ýumşadylmagyny, öz

raýatlyk hukuklarynyň kanun tarapyndan berkidilmegini, özlerine döwlet işine gatnaşmaga mümkinçilik berýän dolandyryş guramalarynyň döredilmegini talap edipdirler.

**Söwda-senetçilik gatlagynyň döremegi.** Söwda-senetçilik gatlagy özüniň baýlaşmagy üçin, polisiň ösüşi üçin söwda hem senetçilik bilen meşgullanmagyň bähbitlidigine oňat düşünipdirler. Bu gatlagyň bir böleginiň ep-esli ýer paýlary bolsa-da, senetçilik ussahanasyny saklamagy we söwda etmegi has amatly hasaplap şäherlerde ýaşapdyrlar. Öz zähmetiniň hasabyna ýaşaýan hünärmenler, ownuk söwdagärler, matroslar, ýükçüler, gurluşykçylar hem bu gatlaga goşulypdyr. Düzüminiň örän dürli-dürli bolmagyna garamazdan, söwda-senetçilik gatlagy senetçilik önümçiliginiň giňeldilmeginiň, söwdanyň we pul dolanyşygynyň ösdürilmeginiň, gulçulygyň ýaýramagynyň tarapdary bolupdyrlar. Başgaça aýdylanda, Gresiýanyň ykdysadyýetiniň we medeniýetiniň çalt ösmegine ýardam edýän ugruň tarapdary bolupdyrlar.

Jemgyýetçilik durmuşynda bu gatlagyň täsiri barha artypdyr. Şonuň üçin, olar syýasy häkimiýetden özlerine ýer berilmegini talap edip, begleriň agalygyna garşy göreşe çykypdyrlar. Bähbitleri we islegleri biri-biriniňkä çapraz gelýän gatlaklaryň emele gelmegi, jemgyýetde örän dartgynly ýagdaýy döredipdir. Ol polisleriň köpüsinde gan döküşikli çaknyşyklara alyp barypdyr. Ýeňilen toparyň köpçülikleýin jeza çärelerine sezewar edilmegi, olaryň ýurtdan sürgün edilmegi we emläginiň elinden alynmagy adaty ýagdaýa öwrülipdir. B.e. öň VIII–VI asyrlarda bolup geçen şeýle çaknyşyklaryň netijesinde begleriň häkimiýeti gowşaýar, garamaýaklaryň (Gresiýada olara «demos» diýipdirler) syýasy täsiri barha güýçlenip başlapdyr.

Urug begleriniň syýasy agalygynyň daýançlarynyň biri-de, olaryň harby işde ähmiýetiniň ýokary bolmagy bolupdyr. Çünki, goşunyň zarba urujy güýji bolup söweş arabaly we atly goşun beglerinden düzülipdir. Ýeňil ýaraglanan, garamaýaklardan düzülýän pyýada goşun, diňe kömekçi güýç bolup hyzmat edipdir.

B.e. öň VII asyryň ortalaryna çenli atly we söweş arabaly goşunyň ähmiýeti pese gaçýar. Ilatyň orta gatlagyndan düzülýän pyýada goşun demir ýaraglar bilen ýaraglanan esasy güýje öwrülip başlaýar. At saklamaga gurby ýetmese-de, demir ýaraglary satyn almaga ýagdaýy bolan orta daýhanlardan ybarat, naýzalaryny öňe gezäp duran goplitleriň (agyr ýaraglanan pyýada esgere grekler goplit diýipdir-

ler) göni hatarlary grekleriň esasy söweş nyzamyna öwrülipdir. Şeýle nyzama grek falangasy diýilýär. Goplitleriň Grek polisleriniň esasy harby güýjüne öwrülmegi olaryň jemgyýetçilik ähmiýetiniň artmagyna we syýasy täsiriniň güýçlenmegine alyp barypdyr.

Demosyň ýene bir üstünligi kada-kanunlaryň düzgünleşdirilmegi we kanunlaryň ýazga geçirilmegi bolupdyr. Çünki ozal kazyýet häkimligi begleriň elinde bolup, olar adaty düzgünlerine salgylanmak bilen her bir işi öz bähbitlerine peýdalanypdyrlar. Kanunlaryň ýazylyp, melleklere, şäher meýdançasyna asylyp goýulmagy, begleriň eden-etdiliginiň öňüni almaga ýardam edipdir. Şeýle hem, täze kanunlarda ýere we beýleki emläklere hususy eýeçilik berkidilipdir. Onuň özi begleriň uruglaryna degişli ýerlerini eýelemeginiň öňüni alypdyr.

Kanunlarda bergidarçylyk gulçulygynyň gadagan edilmegi bolsa, demosyň gazanan uly ýeňşi bolup, möhüm ähmiýete eýe bolupdyr. Täze kanunlar polis raýatlarynyň şahsy erkinligini gorapdyr.

**Grek şäherleriniň kemala gelmegi.** Arhaiki döwürde Gresiýada siwilizasiýanyň kemala gelendigini görkezýän möhüm alamatlaryň biri-de şäherleriň ýüze çykmagydyr. Şol döwürde şäher obadan gutarnykly bolünip aýrylýar we ony özüne tabyn edýär. Ol senetçiligiň oba hojalygyndan bölünip aýrylmagy, pul-haryt gatnaşygynyň ösmegi bilen baglanyşykly bolupdyr.

Grek şäherleriniň köpüsi Gomer döwrüniň daşy berkidilen obalaryndan-polislerden ösüp çykypdyr. Olar polis adyny saklasalar-da, ozalkylardan tutýan meýdany, ilatynyň köplügi, ozünde senetçiligiň we söwdanyň jemlenmegi bilen tapawutlanypdyr. Galyberse-de, arhaiki döwrüň polisleriniň köpüsi kiçijik döwletiň paýtagtyna öwrülipdir. B.e. öň VIII–VI asyrlarda has köp ilatly şäherlerden Gündogarda Milet, Günbatarda Korinf hasaplanypdyr. Krit-miken döwrüniň şäherleri bolan Miken, Tirinf ýaly şäherler bolsa öňki ähmiýetini ýitirip, uly bolmadyk oturymly obalara öwrülipdirler.

Şäher durmuşy ilki bilen Kiçi Aziýa polislerinde ösüp başlapdyr. Bu ýerdäki şäherleriň gülläp ösmegini ilki bilen taryhy we geografiki ýerleşişi bilen düşündirip bolar. Kiçi Aziýa şäherleri Balkan Gresiýasy bilen Günogar ýurtlarynyň çatyrygynda ýerleşipdir. Olar gämi gatnaýan deryalaryň boýunda ýerleşip, olaryň tebigy gämi duralgalary ýetik bolupdyr. Kiçi Aziýa şäherleriniň bu amatly ýagdaýy söwda gatnaşyklarynda dellallyk etmäge, Gündogaryň medeniýetini

Günbatara, Günbataryň medeniýetini bolsa Gündogara ýaýratmakda ilkinji şäherler bolupdyrlar. Emma b.e. öň VII asyrda olar Lidiýa patyşalygynyň golastyna düşüpdirler, ýöne lidiýalylar grek şäherlerine artykmaç agram salman, olardan ýagdaýlaryna görä töleg we önüm görnüşinde salgyt alypdyrlar. Olaryň söwda işlerine päsgel bermändirler, tersine söwdany giň gerimde alyp barmak üçin hemaýat edipdirler.

Balkan Gresiýasynda şäher durmuşynyň merkezi «agora» diýip atlandyrylýan meýdança bolupdyr. Agorada halk ýygnagy geçirilipdir. Ol bazar meýdançasy bolup hem hyzmat edipdir. Döwlet edaralary – bulewteriý (şäher geňeşiniň jaýy), dikasteriý (suduň jaýy) we ş.m. edaralar agoranyň töwereginde ýerleşipdir. Hökümetiň täze kanunlary we kararlary şol ýerde ýörite tagtalarda ýazylyp goýlupdyr.

Şäherde hudaýlaryň öýi hasaplanýan buthanalar kaşaňlygy we owadanlygy bilen beýleki jaýlardan tapawutlanypdyr. Onuň içinde hudaýyň daşdan ýonulyp ýasalan ýa-da bürünçden guýlan şekili ýerleşdirilipdir. Şäheriň medetkär hudaýynyň buthanasy şäheriň belent ýerinde – Akrapolda ýerleşipdir. Ol şäheriň iň berkidilen bölegi bolup, döwlet gaznasy hem şol ýerde saklanypdyr.

Grek şäherleriniň durmuşynda sport ýaryşlary uly ähmiýete eýe bolupdyr. Her şäherde türgenleşik geçirilýän meýdançalar bolan, olara gimnaziýa ýa-da poleastr diýlipdir. Ol ýerde ir ertirden giç agşama çenli naýza we disk zyňmak, ylgamak, bökmek, göreşmek we ýumruklaşmak boýunça yhlas bilen türgenleşipdirler. Sport ýaryşlary grekleriň aýdyşy ýaly, agorada ýerleşip, ol her bir baýramçylygyň aýrylmaz bölegine öwrülipdir. Agoralaryň birnäçesi halkara häsiýetine eýe bolupdyr. Ylaýta-da, Istmde geçirilýän we Olimpiýada geçirilýän oýunlar giň meşhurlyga eýe bolupdyr.

Olimpiýa oýunlarynda ýeňmek her bir polisiň abraýy hasap edilipdir. Olimpiýadada ýeňijilere olimpionik diýipdirler. Olara ýurtdaşlary uly hormat goýupdyrlar, ýeňillik beripdirler, döwlet wezipelerine saýlapdyrlar, şäher meýdançasynda heýkelini oturdypdyrlar.

Şäherler öňdebaryjy medeniýetiň ojaklary bolupdyrlar. Hat-ýazuw giňden ýaýrapdyr. 24 harpdan ybarat grek elipbiýiniň döredilmegi sowat öwrenmegi ýeňilleşdiripdir. Sowatlylyk medeniýetiň mundan beýläk ösmegine ýardam edipdir. Şäherde urug-taýpa gatnaşyklarynyň galyndylary oba seredeniňde çalt dargapdyr.

V.

# GRESIÝA «BEÝIK KOLONIÝALAŞDYRYŞ HEREKETI» DÖWRÜNDE (b.e. öň VIII–VI asyrlar)

**Koloniýalaşdyryş hereketiniň başlanmagynyň sebäpleri.** Gomerçilik döwürden soň Gresiýa täze döwre aýak basýar, ol şertleýin «arhaiki döwür» diýlip atlandyrylýar. Bu döwür b.e. öň VIII–VI asyrlary öz içine alyp, grekleriň jemgyýetçilik durmuşynyň esasy ugurlarynda uly öňegidişlikler bolup geçýär. Magdan gazyp almaklyk has giňelýär, esasan hem, demriň we misiň alnyşy artýar. Metal işlemeklik hem, olardan ýasalýan zähmet gurallary hem kämilleşýär. Ekerançylykda hem öňegidişlikler ýüze çykýar, senetçiligiň dürli ugurlarynda, gurluşyk işlerinde, gämi gurluşygynda uly ilerlemeler bolup geçýär.

Ykdysadyýetiň çalt ösmegi grek jemgyýetinde durmuş-emläk deňsizliginiň mundan beýläk çaltlaşmagyna we Gadymy Gresiýada synpy jemgyýetiň hem-de polis görnüşli şäher döwletiniň döremegine ýardam edip, gul-eýeçilik gatnaşyklarynyň ösmegine alyp barýar. Şeýlelik bilen, üç asyryň dowamynda, ýagny b.e. öň VIII–VI asyrlarda Gresiýa gul eýeçilik gurluşyna geçýär. Emma bu hadysa Gresiýanyň ilatynyň dürli geografiki sebitlerde ýaşamagy netijesinde olaryň görnüşleri-de, ösüş derejeleri-de dürli-dürli bolupdyr.

Grek taýpalarynyň içinde, aýratyn hem, Kiçi Aziýada ýaşaýan ioniler özleriniň ösen şäherleri bilen tapawutlanypdyrlar. Bu ýerlerde beýleki ýerlere garanyňda urug gurluşynyň galyndylary we urug begleriniň agalygy has ir ýitip gidipdir. Kem-kemden bu ýagdaýa beýleki ellin şäherleri hem çekilýär. Grekleriň koloniýalçylyk hereketi urug-taýpa gatnaşyklarynyň dargamagyny hem tizleşdirýär.

Keseki ýurtlarda öz oturymly ýerlerini esaslandyrmak gadymy döwletleriň köpüsine mahsus bolupdyr. Emma ol hereket käbir döwletlerde başlangyç ýagdaýynda saklanypdyr. Finikiýada we Gresiýada bolsa has giň gerime eýe bolupdyr. Keseki ýerlerde esaslandyrylan oturym ýerlere (oba, şähere) koloniýa (latynça täze özleşdirilen ýer) diýlipdir, oňa göçüp gidenleriň ata Watanyna metropoliýa (grekçe ene şäher) diýipdirler.

Grekleriň koloniýalaşdyryş hereketiniň giň gerim almagy b.e. öň VIII–VI asyrlara gabat gelýär. Bu döwür grek polisleriniň hem kema-

la gelýän döwri bolupdyr. Bu döwre «Beýik grek koloniýalaşdyryş döwri» diýilýär. Onuň esasy sebäpleri-de şol taryhy döwrüň aýratynlyklary bilen baglanyşyklydyr.

Koloniýalaşdyryş hereketiniň esasy sebäpleriniň biri-de, grek polislerinde ilatyň köpelmegi we belli bir derejede artykmaç ilatyň peýda bolmagydyr. Ol hem öndüriji güýçleriň ösüşiniň umumy derejesine baglylykda ýüze çykypdyr. Ilatyň köpelmegi bilen emläk deňsizligi hem ýitileşipdir. Oba hojalyk gurallarynyň ýönekeý bolmagy, ýeri işläp bejermegiň ýönekeý usullary, Gresiýanyň köp ýerinde topragyň pes hasyllylygy, ýeriň azlygy bularyň hemmesi ilatyň diňe çäkli bölegini eklemäge mümkinçilik beripdir. Urug-taýpa gatnaşyklarynyň dargaýan döwründe, ýeriň köp bölegini begleriň eýelemegi netijesinde, ýersiz galan daýhanlar ýa-ha beglere elgarama bolmaga ýa-da başga ýerlere göçüp gitmäge mejbur bolupdyrlar.

Söwda gatnaşyklarynyň ösýän döwründe, söwdagärleriň deňiz söwda ýollarynyň amatly ýerlerinde ornaşmaga ymtylmaklary, koloniýalaşdyryş hereketiniň ýene bir sebäbi bolupdyr. Çünki söwdagärler diňe öz watandaşlary tarapyndan esaslandyrylan şäherlerde arkaýyn söwda edipdirler. Koloniýanyň ilaty öňi bilen öz metropoliýasyndan getirilen harytlary satyn alypdyrlar.

Koloniýalaşdyryş hereketiniň başlanmagynyň ýene bir sebäbi – grek polislerinde syýasy göreşiň güýçlenmegi bolupdyr. Polisiň kemala gelýän döwründe bu göreş görlüp-eşidilmedik derejede ýitileşipdir. Ýeňilen toparyň adamlary gazaply jeza çärelerine sezewar edilipdir. Şeýle ýagdaýda ýeňlen topar üçin halas bolmagyň ýeke-täk ýoly ýurdy taşlap, koloniýalara göçüp gitmek bolupdyr. Goňşy polisler bilen uruşda ýeňlen şäherleriň ilatynyň hem göçüp gidýän halaty bolupdyr.

Beýik koloniýalaşdyryş hereketine Gresiýanyň hemme sebitleri, ýagny günbatar hem gündogar welaýatlarynyň şäherleri, bütin grek dünýäsi gatnaşypdyr. Ony ilki bilen Kiçi Aziýanyň ösen şäherleri, Balkan ýarymadasynyň şäherleri başlapdyrlar. Aýratyn hem, Kiçi Aziýadaky Milet, Ewbeýa adasyndaky Halkydyka, Megarada-Megara, Balkan Gresiýasynda Korinf şäherleri başlapdyrlar.

**Koloniýalaşdyryş hereketiniň başlanmagy, onuň esasy ugurlary. Uly koloniýalaryň döremegi.** Grekleriň koloniýalaşdyryş hereketi, esasan, üç ugra gönükdirilipdir. Günbatar ugurda Sisiliýa, Italiýanyň

günortasynda we Pireneý ýarymadasynyň günorta böleginde, Demirgazyk-Gündogar ugurda Egeý deňziniň demirgazyk adalarynda we kenar ýakalarynda, Egeý deňzinden Gara deňzine geçilýän bogazlarda, Gara deňziň günorta-gündogar kenarlarynda we demirgazyk kenarlarynda, Kiçi Aziýanyň günorta kenarlarynda we Afrikanyň demirgazyk kenarýaka sebitlerinde, umuman, şu sebitiň hemme deňiz kenarlarynda koloniýalar esaslandyrylypdyr. Siseronyň belleýşi ýaly, grek koloniýalary ägirt uly matanyň gyrasyna jähek çekilen ýaly düzülip emele gelipdir. Şeýlelik bilen, grek koloniýalary şu sebitiň deňiz kenarlarynyň hemme ýerlerinde esaslandyrylypdyr.

Günbatar ugurda köp koloniýalar esaslandyrylýar. Koloniýalaşdyryş hereketini Ewbeý adasynda ýerleşen Eretriýa we Halkyda şäherleri başlapdyr. B.e. öň 774-nji ýýlda Italiýanyň günbataryndaky Pitekussa adasynda ilkinji koloniýa esaslandyrylypdyr. VIII asyryň ortalarynda Ewbeýli adamlar Italiýanyň Kompaniýa welaýatynda Kima (grekçe Kumy) şäheriniň düýbüni tutýarlar. Soňra kumylar Neapol şaherini esaslandyryp, şondan günortadaky kenarlar koloniýalaşdyrylýar.

B. e.öň 735-nji ýýlda Korinfliler tarapyndan Sisiliýada Sirakuzy, Italiýanyň demirgazyk günbatarynda ýerleşýän Kerkir esaslandyrylýar. Sirakuzy şäheri örän gysga wagtyň içinde bu sebitde iň möhüm grek şäherine öwrülýär.




6 Sargyt № 2730

Sisiliýanyň günbatar kenarlaryny koloniýalaşdyrmaklyk Finikiýanyň Afrikadaky koloniýasy bolan karfagenlileriň garşylygyna duçar bolýar. Karfagenliler Sisiliýanyň günbatar böleginde ornaşmaga ymtylýardy. Sisiliýanyň ýerini eýelemek ugrundaky grekler bilen Karfageniň, soňra karfagenliler bilen rimlileriň arasynda uzaga çeken uruşlaryň netijesinde ol ada tutuşlygyna Rimiň garamagyna geçýär.

Netijede, örän gysga wagtyň içinde, Günorta Italiýanyň we Sisiliýanyň kenar ýaka sebitleri koloniýalaşdyrylýar. Şoňa görä-de, şol sebit Beýik Gresiýa diýlip atlandyrylypdyr.

Günorta Italiýada, Tarent aýlagynyň kenarynda Sibaris, Kroton (b.e. öň 709-njy ý.), b.e. öň 706-njy ýylda bolsa, spartalylar tarapyndan ýeke-täk Tarent şäheri esaslandyrylýar. Tarentiň ilkinji ýaşaýjylary (sparta aýallarynyň nikasyz doglan ogullary) rowaýata görä parfeniler diýlip atlandyrylýanlar bolupdyr. Bu ýerler ekerançylyk üçin iň amatly, hasylly ýerler bolup, tiz wagtyň içinde gülläp ösen ellin polisleriniň birine öwrülipdir.

Günorta Italiýa şaherlerinde grekler ornaşyp, metropoliýa bilen ysnyşykly gatnaşykda bolup, medeni taýdan gülläp ösüp, «Beýik Gresiýa» adyna eýe bolupdyr. Italiýanyň günorta sebitlerinden we Sisiliýadan Gresiýa galla, zeýtun ýagy, çakyr, ýüň, öý mallarynyň derisini, beýleki önümleri we gurallary iberipdirler.

B.e. öň VII–VI asyrlaryň sepgidinde grekler Ortaýer deňziniň günbatar sebitlerine aralaşyp, bu ýerde Rony deryasynyň aşak akymynda Massaliý (häzirki Marsel) şäherini esaslandyrýarlar. Fokidalylar Italiýanyň we günorta Galliýanyň kenary bilen ýüzüp, Ispaniýa ýetipdirler. Balear adalarynyň üsti bilen Ispaniýa gidilýän ikinji ýoly hem açypdyrlar. Grekleriň günbatarda iň çetki koloniýasy Atlantik okeanyň kenarynda esaslandyrylan Menesfeý şäheri bolupdyr. Emma Pireneý ýarym adasynyň günortasynda grekleriň ornaşjak bolmaklary şowuz bolupdyr, sebäbi bu ýerleri almak üçin Karfagenli finikiýalylar hem synanyşypdyrlar.

Ortaýer deňziniň günorta kenarlaryny koloniýalaşdyrmaklyk grekler üçin has amatly bolupdyr. Bu sebitiň iň oňat ýerleri finikiýalylar tarapyndan koloniýalaşdyrlypdyr. Grekler diňe Niliň deltasynda Müsür faraonlary tarapyndan bölünip berlen ýerde (Nawkaratis b.e. öň 610-njy ý.), Müsürden günbatarda bolsa Kiren (b.e. öň 632--nji ý.) şäheri esaslandyrylýar. Kiren şaheri liwiýalylaryň içinde grek medeniýetiniň ýaýramagyny tizleşdiripdir.

Koloniýalaşdyryş hereketiniň ýene bir ugry Demirgazyk-Gündogar ugurda amala aşyrylypdyr. B.e. öň VIII asyryň ahyrlarynda VII asyryň başlarynda Egeý deňziniň demirgazygynda ýerleşýän Halkyda ýarymadasy Ewbeý adasyndaky halkydalylar tarapyndan koloniýalaşdyrylýar. Olar bu ýerde 30-dan gowrak oturymly ýerleri esaslandyrypdyrlar. Şol sebäpli oňa Halkydyka diýip at beripdirler, 100 ýyla golaý wagt geçenden soň, bu ýerlere, beýleki şäherleriň adamlary hem aralaşypdyrlar. Korinfliler tarapyndan esaslandyrylan Potideýa soňra uly ähmiýetli şäherleriň birine öwrülýär. Halkydaka özüniň mes toprakly ýeri we tokaýlygy bilen şöhratlanypdyr. Şeýlede, bu ýurtdan Frakiýanyň kenarlary bilen Gresiýa metal äkidilipdir.

B.e. öň VII asyrda miletli grekler Gellespontyň, Propontidanyň we Pontuň kenarlaryny ilatlaşdyrypdyrlar. Bu ýerlerde birnäçe koloniýalar esaslandyrylýar. Gellespontda – Abidos, Propontidada – Kizik (b.e. öň 756-njy ý.), şol asyrda Bosforyň Aziýa kenarynda megaralylar tarapyndan Kalhedon ýa-da Halkedon esaslandyrylýar. Grekler soňra has demirgazyga aralaşyp, Merme deňziniň günbatar kenarynda Wizantiýa (b.e. öň 668-nji ý.) şäherini esaslandyrýarlar. Bu ugurdaky koloniýalary, Samos, Hios, Milet, Megara ýaly şäherler esaslandyrylýar. Ylaýta-da, Milet işjeň hereket edipdir. Onuň esaslandyran koloniýalarynyň sany 100-e ýetipdir diýip hasap edilýär. Gara deňziň günortasynda bolsa Sinop (b.e. öň 631-nji ý.) we Gerakleý (b.e. öň 560-njy ý.) şäherleri esalandyrylýar.

B.e. öň VI asyrda Gara deňziň demirgazyk we gündogar kenarlaryny özleşdirmeklik başlanýar. Bu ýerleri koloniýalaşdyrmak, esasan hem, Kiçi Aziýanyň ioniý grekleri tarapyndan aýratyn hem miletliler tarapyndan geçirilipdir. Bu sebitde b.e. öň VII–VI asyrlaryň sepgidinde Berezan, soňra Olwiýa, Pantikapeý (häzirki Kerçde), Fanagoriýa, Kepy (Taman ýarym adasynyň kenarynda), Feodosiýa (häzirki Feodosiýada), Gara deňziň demirgazyk kenarynda megaralylar tarapyndan Hersones esaslandyrylýar.

Şeýlelik bilen, b.e. öň VI asyrda Gara deňziň kenarlarynda esaslandyrylan grek koloniýalary söwda ulgamynda uly ähmiýetli sebite öwrülýär. Grekler bu ýerlerden galla, mal, balyk, zeýtun ýagyny we beýleki çig önümleri äkidipdirler. Grek şäherleriniň köpüsi bu sebitiň çöregine mätäç bolupdyrlar. Grekleriň senetçilik önümlerine-de ýerli taýpalar isleg bildiripdirler. Bu söwda gatnaşyklary ýerli halkyň

arasyna grek medeniýetiniň ýaýramagyna getiripdir. Soňra b.e. öň V asyrda Kerç aýlagynyň boýundaky grek koloniýalary birleşip, Bosfor patyşalygyny döredipdirler..

Günorta-gündogar ugur boýunça koloniýalaşdyrmak hereketi giň gerim alyp bilmändir. Çünki bu ýerlerde grekler Assiriýa, Müsür we Finikiýa bilen bäsleşmeli bolupdyr. Şoňa görä-de, bu sebitde grekleriň az sanly koloniýalary esaslandyrylypdyr, olar hem söwda saraýlary bolup hyzmat edipdir. Olardan Siriýadaky Al-Mina, Finikiýadaky Sykas şäherleri bellidir.

Grekleriň koloniýalaşdyryş hereketi diňe bir şahsy adamlaryň işi bolman, eýsem döwlet tarapyndan hem amala aşyrylypdyr. Koloniýalaşdyryş hereketine erjel gatnaşýan käbir şäherlerde ýörite wezipeli adamlar döredilip, olara oýkustler diýlipdir. Oýkust koloniýa gitjeklere ýolbaşçylyk edipdir. Koloniýa esaslandyryljak ýerler öňürti oňat öwrenilipdir. Grek koloniýalary ýaşamak üçin amatly, deňze golaý, mes toprakly ýeriň, içmek üçin ýaramly suwuň, gämi duralgasy üçin amatly kenaryň we tebigy taýdan goragy bolan ýerlerde esaslandyrylypdyr. Köplenç halatda, olar köneden gelýän gämi duralgalarynyň ýa-da söwda saraýlarynyň ýanynda esaslandyrylypdyr.

Oýkust şäheri esaslandyrmak bilen baglanyşykly dini däpleri ýerine ýetiripdir, agoranyň, buthanalaryň, ýaşaýyş jaýlarynyň ýerlerini anyklapdyr. Täze koloniýanyň ýeri anyklanan badyna metropoliýadan göçüp gitmäge isleg bildirýänleriň sanawy düzülipdir. Olaryň hataryna metropoliýanyň raýatlary-da, başga şäherlerden gelenler-de ýazylyp bilipdir. Mysal üçin, Miletiň esaslandyrýan koloniýalaryna diňe bir miletliler däl-de eýsem beýleki şäherlerden gelenler hem goşulypdyr.

Koloniýalaryň syýasy gurluşy hem metropoliýanyň gurluşy ýaly bolupdyr. Koloniýalar esaslandyrylandan soň Balkan Gresiýasyndaky ýaly özbaşdak şäher – polis döwletleri bolupdyrlar. Olar metropoliýa garaşly bolmasa-da, onuň bilen berk aragatnaşyk saklapdyrlar. Metropoliýanyň we koloniýanyň ilaty özlerini garyndaş hasap edipdirler. Zerur bolan halatynda birek-birege kömek edipdirler. Koloniýa giden adam metropoliýa gaýdyp gelse, öz raýatlyk hukuklaryny dikeldip bilipdir. Metropoliýa bilen koloniýalaryň arasynda biri-birine garaşly bolmadyk syýasy, ykdysady we medeni gatnaşyklar ýola goýlupdyr. Kähalatlarda bu gatnaşyklar resmi ylalaşyk bilen hem berkidilipdir.

Ykdysady ösüşiň häsiýeti boýunça koloniýalar iki topara bölünipdir. Oba hojalyk ugry bilen ösýän polisleriň, ýer ýetmezçiligi sebäpli göçmäge mejbur bolan daýhanlar tarapyndan esaslandyrylan koloniýalarda oba hojalygy uly orun tutupdyr. Şeýle koloniýalar üçin ýer saýlanylanda-da öňi bilen ýeriniň hasyllylygy we ekerançylyk üçin amatlylygy göz öňünde tutulypdyr. Söwda maksady bilen esaslandyrylan koloniýalar, köplenç, ýerli ilat bilen söwda etmekde araçy bolup çykyş edipdirler. Söwda koloniýalarynda-da ilatyň bir bölegi senetçilik we ýer işläp bejermek bilen meşgullanypdyrlar.

Koloniýalarda urug-taýpaçylyk döwrüniň galyndylary tiz ýitip gidipdir. Ol ýerde döwletiň emele geliş pursady çaltlaşypdyr. Medeniýet erkin bolupdyr we çalt ösüpdir. Şoňa görä-de, grek koloniýalarynyň köpüsi ilki başda az ilatly we garyp obalar bolanlygyndan köp ilatly, güllap ösen baý şäherlere öwrülipdir. Koloniýalar grek jemgyýetiniň umumy ösüşine oňaýly täsir edipdir. Polis gurluşynyň berkemegine, gul eýeçilik gatnaşyklarynyň ösen görnüşiniň kemala gelmegine ýardam edipdir.

Iki ýarym asyr çemesi wagtyň içinde grekler Ortaýer deňziniň kenar ýakalarynyň uly bölegini, Egeý deňziniň gündogar we demirgazyk kenarlaryny, Gara we Azow deňizleriniň kenar ýakalarynyň uly bölegini özleşdiripdirler.

Grek koloniýalary Ispaniýadan Gruziýa çenli, Azow deňzinden Krenaika çenli ägirt uly giňişliklere ýaýrapdyr. Şol koloniýalara daýanyp, grek söwdagärleri «kesekileriň» ýaşaýan has içki sebitlerine-de aralaşypdyrlar.

Grek koloniýalarynyň ýerli halk bilen gatnaşygy dürli häsiýete eýe bolupdyr. Emma ähli ýerlerde olaryň bir-birine täsiri ýetipdir. Grekleriň täsiri ýerli ilatyň ykdysady, durmuş, medeni ösüşine itergi beripdir. Ylaýta-da, olar koloniýalaryň medeniýetinde äşgar yz galdyrypdyrlar. Ýerli halk hem greklere öz täsirini ýetiripdir.

Koloniýalaşdyryş hereketi metropoliýa-da uly täsir edipdir. Gresiýanyň söwdasy hakyky halkara häsiýete eýe bolupdyr. Afinada, Korinfde, Miletde öndürilen harytlar Ortaýer deňzi sebitiniň dürli künjeklerine ýaýrapdyr. Gresiýa altyn, kümüş, galaýy, azyk önümleri, gullar getirlipdir. Bu zatlar grek polisleriniň durmuş ykdysady we syýasy ösüşini çaltlandyrypdyr. Galyberse-de, keseki ýurtlar bilen tanyşmak grekleriň dünýägaraýşyny giňeldipdir, bilesigelijiligi-

ni artdyrypdyr, nätanyş, täsin zatlara gyzyklanma döredipdir. Olar barada oýlanmaga mejbur edipdir. Munuň özi ellin ylmynyň psihologiki esaslary bolup hyzmat edipdir. Koloniýalaşdyryş hereketiniň medeniýetiniň netijesinde, bir-birinden uzakda ýerleşen üzňe sebitleriň bir bitewi ulgama birleşmegine alyp barypdyr.

**Irki grek tiranlary.** B.e. öň VIII–VI asyrlarda Gresiýanyň syýasy ösüşinde, urug beglerini häkimiýetden çetleşdirmekde, söwda-senetçilik gatlagynyň berkemeginde tiranlaryň ähmiýeti uly bolupdyr. Grekler, adatça, gelip çykyşy beglerden bolup, ol ýa-da beýleki polislerde häkimiýeti zor bilen eýelän we dolandyryş guramalaryny özüne tabyn eden adamlara *tiran* diýipdirler.

Tiranlaryň häkimiýeti b.e. öň VII asyrda Korinfde, Megarada, Sikionda, b.e. öňki VI asyrda Miletde, Afinada, Samosda, Beýik Gresiýada – Tarentde, Sirakuzyda we beýleki polislerde berkarar edilipdir. Bu göreşleriň netijesinde hem şaher-döwletleri döräpdir. Köp şäherlerde urug begleriniň agalygyndan demokratik häkimlige geçilende tiranlyk aýratyn bir geçiş basgançagy bolupdyr. Tiranlygyň häsiýetli aýratynlygy, ol hem bir adam tarapyndan zorluk bilen häkimiýetiň basylyp alynmagy bolupdyr. Köplenç ýagdaýlarda tiranlar demosyň serdarlary hökmünde çykyş edipdirler. Olar öz gelip çykyşlary boýunça asylzada beglerden bolup, öz gatlagyndan käbir sebäplere görä ýa-da käbir meselelerde oňuşman bölünip aýrylypdyrlar.

Tiranlar, öz häkimliginiň berkarar bolmagy üçin, urug begleriniň agalygynyň garşysyna gönükdirilen syýasat ýöredipdirler. Tiranlar begleri diňe bir häkimiýetden daşlaşdyrmak bilen çäklenmän, eýsem, olaryň emläklerini elinden almak, sürgün etmek, olardan elgarama adamlary boşatmak ýaly çäreleri hem geçiripdirler. Tiranlar söwdanyň we senetçiligiň ösmegine ýardam bermek, gämileri we gämi duralgalaryny gurdurmak, teňňe zikgelemek, söwda ýollarynyň howpsuzlygyny üpjün etmek bilen söwda senetçilik toparlaryny goldapdyrlar. Olar daýhanlar üçin arzan kredit girizmek, sürgün edilen begleriň ýerini paýlamak, ýer paýyny girew goýan daýhanlary bergiden boşatmak ýaly çäreleri geçiripdirler hem-de ownuk ýer eýelerini goldapdyrlar.

Tiranlygyň gelip çykyşynyň sebäplerini gadymy grek filosofy Aristotel özüniň «Syýasat» atly işinde şeýle häsiýetlendirýär: «Urug begleriniň adalatsyzlygyny, eden-etdiligini halk gerdeninde çekmesin diýip, olaryň garşysyna halk köpçüliginiň içinden birini tiran

goýupdyrlar» diýip belläpdir. Tiranlaryň köpüsi halk köpçüliginiň içinden, halkyň ynamyny ödesin diýlip goýlupdyr. Tiranlar has hem Gresiýada polis döwletleri köpelenden soň, ýüze çykyp başlapdyr. Olardan öňki tiranlar patyşalardan bolup, urug-taýpa gatnaşyklaryny ýatdan çykaryp, despotik häsiýetli häkimligi döretmäge çalşypdyrlar. Tiranlaryň üçünji bir görnüşi, ýokary wezipelere saýlanan adamlardan goýlupdyr. Şeýle-de käbir ýokary hökümdarlyk wezipesine goýlan has baý adamlar – oligarhlar gatlagyndan hem tiran bellenipdir.

Jemgyýetiň şu ýagdaýynda tiranlyk wezipesini almaga diňe isleg ýeterlikli bolupdyr. Mysal üçin, Argosda Fedon we beýlekiler özleriniň patyşalyk häkimliginiň kuwwatyna daýanyp ýeten bolsalar, ioniý tiranlary sol sanda Falarid özleriniň abraýy, hormata mynasyp derejesi bilen ýetipdirler; Panetiý Leontinada, Kipsel Korinfde, Pisistrat Afinada we beýlekiler özleriniň nadaralyk etmekleri bilen tiranlygy eýeläpdirler.

Aristotel tiranlygyň bir-birine gapma-garşy gelýän iki usul bilen saklanýandygyny «Syýasat» atly işinde şeýleräk mazmunda beýan edipdir. Olaryň biri, köplenç ýagdaýda, adaty ulanylýan usul bilen saklanypdyr. Bu usul has tanymal, abraýly adamlary ýok etmek bilen erkin pikirlenýän adamlary ýoldan aýyrmaklyk, ýoldaşlyga, terbiýeçilige we şuňa meňzeş hereketlere ýol bermegi gadagan edýän, umumy bilim bermek maksady bilen açylýan mekdepleri, erkin ýygnaklary gadagan etmek usuly bilen saklanypdyr. Umuman, tiranlar hemme zady şeýle gurnamaly hiç kim biri-biri bilen tanyşmaz ýaly, biri-birini bilmez ýaly etmeli, sebäbi tanyşlyk biri-birine ynam döredýär diýen syýasatdan ugur alypdyrlar.

Tiranlaryň ikinji birleri häkimligi saklamak üçin şäheriň ýaşaýjylary mydama göz öňünde bolar ýaly, olary başga ýerlere gitmez ýaly, öz gapylarynda işlär ýaly etmeli diýen netijä gelipdirler. Diňe şol ýagdaýda olar öz meşgul bolýan işlerini gizläp bilmezler, olar özleriniň gul ýagdaýynda saklanyşyna hem öwrenişerler we hemişe saňa boýun bolarlar. Bu işleri şeýle bir gurnamaly, raýatlar näme gürrüň edýän bolsalar, bize hiç bir zat gizlin galmaz ýaly, olaryň içinde öz adamlaryň bolar ýaly gurnamaly. Bulardan başga-da, tiranlar adamlary biri-biri bilen duşman bolar ýaly öjükdirmegi, dosty dost bilen çaknyşar ýaly, ýönekeý adamlary emeldar begler bilen, baý adamlary öz içindäki baýlar bilen çaknyşar ýaly işi gurnapdyrlar diýip, Aristotel tiranlaryň öz häkimligini saklamak üçin alyp barýan tiranlyk syýasatynynyň esasy manysyny açyp görkezýär.

Tiranlygyň ýene bir görnüşi ol hem köşk işlerini gurnamaklyk bolupdyr. Olar köşk hyzmatkärleriniň hojalyk durmuşlary dargar ýaly edipdirler, şol hyzmatkärleriň emlägi bilen tiranyň jan penakärlerini saklamagy üpjün etmek üçin çäreleri geçiripdirler. Ikinjiden bolsa, olar köşk hyzmatkärleri her günki işler bilen başagaý bolup, tiranyň garşysyna dildüwşük gurmaga elleri degmez ýaly etmegi gurnapdyrlar. Muňa Kipseliň her hili oýunlary geçirip tiranlyk etmegi, Pisistratyň Olimpiýa gurluşygy, Samos adasynda bolsa, Polikratyň gurluşyklary mysal bolup biler.

B.e. öň VII asyrda, tiranlyk häkimligi has guramaçylykly we berk Balkan Gresiýasynda – Korinfde, Megarada, Sikionda ýüze çykypdyr. Tiranlaryň häkimiýeti b.e. öň VI asyrda Miletde, Afinada, Samosda we beýleki polislerde berkarar edilipdir. Kiçi Aziýada we Egeý deňziniň adalarynda tiranlyk beýleki ýerlere garanda has ir ýüze çykypdyr. B.e. öň VII asyryň ahyrlarynda Miletde tiran Frasibul dolandyrypdyr. B.e. öň VI asyryň ikinji ýarymynda Samosda tiranlyk eden Polikrat barada köp sanly maglumatlar saklanypdyr. Polikrat Samosda ýiti synpy göreş döwründe ýokary hökümdar bolupdyr. Polikrat gelip çykyşy boýunça asylzada beglere degişli bolmandyr, ol bürünç önümlerini ýasaýan ussahananyň eýesi bolupdyr. Ol 50 adamdan ybarat ýaragly adamlary jemläp, Samosda häkimligi basyp alýar. Ol ilki başda iki dogany bilen bile dolandyrypdyr, soňra bolsa, ýeke özi tiran bolupdyr. Polikart urug begleriniň garşysyna göreşipdir söwdagärlere we senetçilere gol ýapypdyr. Işeňňirlik bilen içeri we daşary syýasaty alyp barypdyr. Samos Polikratyň döwründe şäher gözel binalar bilen bezelipdir we gülläp ösen şahere öwrülipdir. Şaherde ägirt uly Gery ybadathanasyny gurdurypdyr, şahere suwgeçiriji turbalar çekilipdir. Ol bütin Gresiýa boýunça suratçylara, ýazyjylara we şahyrlara penakärlik edýän hökümdar hökmünde şöhratlanypdyr.

Polikratyň ýarym söwda, ýarym garakçy gämileri Egeý deňzinde agalyk edip, Sisiliýa we Epira çenli baryp ýetipdir. Polikratyň güýçlenmeginden onuň gündogar goňşusy parslar howatyrlanypdyrlar. Parslaryň ýerli häkimi Oroýt Polikraty Aziýa aldap getiripdir we ony tutup öldüripdir hem-de haja çüýläpdir. Polikratyň ölüminden soň, Samos parslara garaşly bolup galypdyr.

Korinfde hem b.e. öň VII asyryň ortalarynda Kipseliň tiranlygy başlanypdyr. Kipsel Korinfde iň täsirli asylzada beglerden bolan

Bakhiadlaryň neberesini kowup çykarypdyr. Kipseliň ogly Periandryň (b.e. öň 62–588-nji ýý.) dolandyran ýyllarynda köp sanly özgerişler geçirilipdir. Kipsel söwda we senetçilik ulgamyny goldap, Korinfi bütin ellin dünýäsinde iň bir ösen döwletiň birine öwrüpdir. Köne urug-taýpa dolandyryş ulgamynda urug emeldarlary agalyk edensoň, Kipsel dolandyryşyň fila – taýpa ulgamyny ýatyryp, şäheri ýerler boýunça dolandyryşy girizipdir. Netijede, şäheriň dürli etraplarynyň her haýsyndan bir bölek bölünip, olardan bir taýpa döredilipdir, bu bolsa urug begleriniň täsirini gowşadypdyr. Galyberse-de, orta we ownuk demokratik gatlagyň bähbitleri göz öňünde tutulyp, gul edinmeklik hem çäklendirilipdir. Täze koloniýalara çykypdyrlar, ýersiz raýatlara ýer bölünip berlipdir. Şeýlelik bilen, köne koloniýalaryň içinde Korinfiň abraýy has ýokary galypdyr. Mysal üçin, Kerkir adasynda Korinf tarapyndan täze pul girizilipdir, harby we söwda gämileri artdyrylypdyr.

Periandryň döwründe Korinf ykdysady taýdan öň görülmedik derejä ýetipdir. Netijede, bütin Gresiýanyň beýleki polisleriniň içinde Korinfiň ýagdaýy has berkäpdir. Periandr Afinaň tasirli urug serdarlary bilen dostlukly gatnaşykda bolupdyr. Miletiň tirany bilen garyndaşlyk gatnaşygyny saklapdyr, şol sanda Müsür faraonlary bilen hem oňat gatnaşykda bolupdyr. Periandr diňe bir ökde syýasatçy bolman, eýsem ylma, sungata hem howandarlyk edipdir.

Sikionda hem b.e. öň VII asyryň birinji ýarymynda aristokratlaryň häkimligi agdarylyp, Ofagorlaryň häkimligi eýeläpdir. Orfagorlaryň tiranlygy Sikionda 100 ýyla çenli agalyk sürüpdir. Olaryň içinde b.e. öń VI asyryň birinji ýarymynda tiranlyk eden Klisfen hem tapawutlanypdyr.

Tiranlar, umuman, urug begleriniň agalygynyň garşysyna gönükdirilen syýasat ýöredipdirler. Begleri diňe häkimlikden daşlaşdyrmak bilen çäklenmän, eýsem emläklerini elinden almak, olaryň elgarama adamlaryny boşatmak ýaly çäreler hem geçirilipdir. Tiranlar söwdanyň we senetçiligiň ösmegine ýardam etmek, gämileri we gämi duralgalaryny gurdurmak, teňňe zikgelemek, söwda ýollarynyň howpsuzlygyny üpjün etmek bilen söwda senetçilik toparlaryny, daýhanlar üçin arzan karz girizmek, sürgün edilen begleriň ýerini paýlamak, ýerini girew goýan daýhanlary bergiden boşatmak ýaly çäreler bilen ownuk ýer eýelerini goldapdyrlar.

Emma tiranlyk Gresiýada uzak dowam etmändir. Tiranlar beglere garşy göreş edip, ilatyň giň köpçüligine bähbitli, ykdysadyýeti ösdür-

mäge gönükdirilen çäreleri geçirýän pursadynda olar ilatdan goldaw tapypdyr. Haçan-da, tiranyň häkimiýeti zabun häsiýete eýe bolup, tiranyň we onuň ýaranlarynyň eden-etdiligi başlananda, ol köpçüligiň goldawyndan mahrum bolupdyr. Tiranlar ýurtdan kowlupdyr ýa-da göreşde heläk bolupdyrlar.

Umuman aýdanyňda, tiranlyk Gresiýada köneçil urug begleriniň agalygyna garşy göreşde möhüm ähmiýete eýe bolupdyr. Ol polis ulgamynyň berkarar bolmagyna ýol açypdyr. Söwda-senetçilik gatlagynyň ösmegine, olaryň jemgyýetde we dolandyryşda täsiriniň güýçlenmegine ýardam edipdir.

Garamaýak raýatlaryň hukuklarynyň kanun esasynda berkidilmegi, bergidarçylyk gulçulygynyň ýatyrylmagy, orta gatlakdan düzülýän agyr ýaraglanan pyýada esgerleriň harby işde ornunyň ýokarlanmagy, syýasy gurama hökmünde halk ýygnagynyň ähmiýetiniň artmagy kem-kemden polisiň raýat ilatynyň jebisleşmegine, ilatyň orta gatlagynyň täsiriniň artmagyna alyp barypdyr.

B.e. öň VI asyryň ahyryna çenli tiranlyk döwlet dolanyşygynyň görnüşi hökmünde ähmiýetini ýitiripdir we ähli polislerde diýen ýaly ýatyrylypdyr.

## VI.
## PELOPONNES B.E. ÖŇ VIII–VI ASYRLARDA

**Peloponnesiň geografiki ýerleşişi. Sparta döwletiniň döremegi.** Gresiýanyň galagoply döwründe emele gelen köp sanly grek döwletleri, urug-tapa gatnaşyklarynyň däbini, adatlaryny saklap, gulçulykly, polisleriň aýratyn bir syýasy gurluşly görnüşini emele getiripdirler. Bu döwletler agrar yzagalak, senetçilik we söwda gatnaşyklary ösmedik hem bolsa, olaryň bütin Gresiýanyň jemgyýetçilik ýaşaýşyna täsiri uly bolupdyr. Olaryň içinde üç asyryň dowamynda (b.e. öň VI–IV asyrlar) Peloponnes bileleşigine ýolbaşçylyk edip, bütin Ellin dünýäsinde lider bolmaga ymtylan Sparta aýratyn orun eýeläpdir.

Bu döwürde grek dünýäsiniň Balkan Gresiýasynda esasy merkezler bolup, Sparta bilen Afina öňe saýlanypdyr. Grek döwletleriniň içinde Afina bilen Sparta ähli babatlarda diýen ýaly biri-birine gapma-

garşy durýan döwletler bolupdyr. Nusgawy Gresiýanyň taryhynda bu döwletler öňdebaryjy döwletler bolup, taryhy çeşmelerde has aýdyň görkezilipdir. Şonuň üçin, Gadymy Gresiýanyň taryhy dersinde Afina bilen Spartanyň taryhyna beýleki ellin döwletleriň taryhyna görä, aýratyn orun berilýär we öwrenilýär.

Sparta Lakonika welaýatynda ýerleşýär. Lakonika diýlip gadymy wagtda Peloponnesiň günorta bölegine aýdylypdyr. Lakonikanyň kenar ýakalary gämiler üçin Balkan ýarym adasynyň beýleki ýerlerine görä, juda amatsyz bolupdyr. Lakonikany Messeni welaýatyndan üç müň metr beýik dag gerişleri kesip geçýär. Demirgazygyny bolsa Merkezi Peloponnesiň beýik daglary kesipdir. Bu ýerden Arkadi welaýatyna barmak üçin, diňe Ewrot derýasynyň darajyk ýerinden geçipdirler. Onuň gündogar tarapy hem dag gerişleri bilen bölünendir. Şeýlelik bilen, Lakonika welaýatyna gury ýer bilen barmasy kyn, geçip bolmajak beýiklikler bilen çäklenipdir. Lakonikanyň tebigy baýlyklaryndan Maleý burnunyň ýanynda demir käniniň üsti açylyp, ol ýerden gadymy döwürden bäri demir alnyp gelinýar.

B.e. öň II müňýyllykda, miken eýýamynda Lakonika, Argolida we Messeniýa welaýatlary, umuman, Peloponnesiň uly bölegi aheýler tarapyndan eýelenipdir. B.e. öň XII–XI asyrlarda Lakonika doriý taýpalarynyň çozuşlaryna duçar bolýar. Soňra bu waka rowaýatlarda berlip, hamala Geraklyň nesilleriniň Peloponnesi eýelemek üçin alyp baran uruşlary hökmünde gürrüň berlipdir.

Doriý taýpalarynyň çozup gelmegi bilen Peloponnesiň ýerli ilaty bolan aheý grekleriniň bir bölegi Kiçi Aziýa, Kipre göçüp gidipdirler, ýene bir bölegi içerki daglyk sebitlere – Arkadiýa welaýatyna gysylypdyr, galan bölegi gelmişekler tarapyndan boýun egdirilipdir we salgyt tölemäge mejbur edilipdir.

Doriler Peloponnesiň has amatly ýerlerinde – Argolide, Korinf geçelgesiniň töwereginde Lakoniýada, Messeniýada ornaşypdyrlar. Aheýleriň esasy bölegi ýurdy taşlap, göçüp gidipdirler. Olar ýeňlen ilaty garaşly adamlara öwrüp, öz eýeçiligi hasap edipdirler. Bu Spartadaky soňky ilotçylyk gatnaşygynyň başyny başlapdyr. Doriler ähli eýelenen ýerleri gyradeň (klerlere) maşgalalara görä bölüpdirler. Klerler 10 müňe barabar bolup, her haýsysy 20 gektara golaý bolupdyr.

Gomeriň poemasynda ýatlanylýan Sparta doriler tarapyndan ýykylyp ýumrulypdyr. Doriler täze ýerde harby merkezi bolan Spartany ýa-da Lakedemony döredipdirler. Esaslandyrylan Sparta dorileriň ilkinji oturymly ýeri bolup, olar özlerini «spartalylar» diýip atlandyrypdyrlar. Sparta bäş sany obalaryň daşy galasyz-komoý birleşmegi netijesinde döräp, özlerinden birnäçe artyk bolan ilatyň üstünden agalyk edipdirler. Bu harby merkez soňra Sparta şäherine öwrülipdir. Sparta şäheri arheologiki tapyndylara görä IX asyrdan ir döremändir. Şeýle ýagdaý Spartadan başga-da, Sikionda, Epidawrda hem ýüze çykypdyr. Ilatyň bir bölegi bolsa dorilere goşulyşyp gidipdirler. Taryhy rowaýatlar bilen oňat tanyşlygy bolan Gerodot Sparta patyşasy Kleomen I-ä «Kimlerden bolarsyň?» diýen soragyna: «Özümi doriý diýip hasap edemok, men aheýlerdendirin» diýen jogabyny öz beýanlarynda ýazýar. Bu getirilýän mysal, öňki aheý taýpa begleriniň gelmişek doriler taýpasynyň agalyk ediji gatlagyna goşulandygyny görkezýär.

**Korinfiň senetçilik-söwda merkezine öwrülmegi.** Arhaiki döwrüň taryhynda Istm ýa-da Korinf geçelgesiniň töwreginde ýerleşen şäherler aýratyn orun tutýarlar. Ylaýta-da, Korinf, Sikion, Megara tapawutlanypdyr. Bu sebitiň tebigy-geografiki şertleri deňizde ýüzmäge we söwdanyň ösmegine amatly ýagdaý döredipdir. Istmiň üstünden Orta Gresiýany Peloponnes bilen birikdirýän ýeke-täk guryýer ýoly geçipdir. Egeý deňzini Ioni we Adriatik deňizler bilen birleşdirýän möhüm deňiz ýoly hem şu ýerden geçipdir.

Korinf we Megara koloniýalaşdyryş hereketine işjeň gatnaşypdyrlar. Korinfliler b.e. öň 734-nji ýylda Sisiliýa adasynda Sirakuzy şäherini we ýene-de birnäçe koloniýany esaslandyrypdyrlar. Megara Egeý deňzi bilen Gara deňzi birikdirýän aýlaglaryň boýunda birnäçe koloniýalary döredipdir. Olardan Halkedan, Wizantiýa soňra uly şäherlere öwrülipdir.

Deňizde ýüzmek, koloniýalary esaslandyrmak hereketine gatnaşmagy Istm sebitindäki şäherlerde senetçiligiň çalt ösmegine itergi beripdir. Korinf küýzegärçilik önümçiliginiň iň uly merkezine öwrülýär. Korinfde ýasalan dürli görnüşdäki küýze gaplara, bürünçden ýasalan önümlere günbatardaky koloniýalarda uly isleg bildirilipdir. B.e. öň VII asyryň ahyrynda Eginada, onuň yz ýanyndan bolsa, Korinfde zikgelenen pullar peýda bolupdyr.

Gresiýanyň ähli ýerlerinde bolşy ýaly, Demirgazyk Peloponnesdäki şäherlerde hem pul-haryt gatnaşyklarynyň ösmegi, durmuşy toparlaryň arasyndaky garşylyklaryň üzül-kesil ýitilişmegine alyp barypdyr. B.e. öň VII–VI asyrlarda Korinfde, Sikionda, Megarada gazaply çaknyşyklar bolup geçýär. Ol çaknyşyklar şol döwürde ýaşan şahyr Feogenidiň goşgularynda has aýdyň suratlandyrylypdyr.

Istm sebitindäki şäherler hem özleriniň syýasy ösüşinde tiranlyk basgançagyny başdan geçiripdirler. B.e. öň VII asyryň 30-njy ýyllarynda Megarada Feagen tiran bolupdyr. Emma onuň häkimligi uzaga çekmändir. Feagen kowlandan soň hem Megarada raýatlaryň özara uruşlary dowam edipdir.

**Argos-Sparta bäsleşigi.** Demirgazyk Peloponnesdäki polisleriň içinde iň güýçlüsi Argos bolupdyr. Ol Miken döwrüniň oturymly ýerleriniň golaýynda, takmynan, b.e. öň XI asyrda peýda bolýar. Arhaiki döwürde Argolidardanyň iň hasylly ýerleri bolan Inah derýasynyň boýlary onuň ygtyýalygyna geçýär. B.e. öň VIII–VII asyrlarda Argos çalt ösüpdir. Ylaýta-da, ol b.e. öň VII asyryň birinji ýarymynda, Fidonyň dolandyran döwründe gülläp ösüpdir.

Özüni gadymy aheý patyşalarynyň nesilleri hasap edip, Fidon «Iliadada» häsiýetlendirilişi ýaly, gadymy «Agomemnonyň beýik döwletini» döretmegi maksat edinýär. Ilki başda Fidon şowly hereket edýär. Ol Argolidanyň uly bölegini, şol sanda, gadymy Mikeniň we Trinfiň ýerlerini özüne tabyn edýär. Günortada Fidon Spartanyň Argolida aýlagynyň golaýyndaky ýerleri almak üçin eden synanşyklarynyň öňüni alýar. B.e. öň 669-njy ýylda Gisiýanyň eteginde bolan söweşde Spartanyň goşuny doly ýok edilýär. Ýeňişden peýdalanyp, Fidon Lakoniýanyň tutuş gündogar kenarýaka zolagyny Spartanyň elinden alyp, Spartany Egeý deňzine çykmakdan mahrum edýär. Günbatar tarapda bolsa, Fidon Zewsiň Olimpiýadaky buthanasyny öz garamagyna alýar. Ol ýerde ähli grekleriň gatnaşmagynda her 4 ýyldan bir gezek geçirilýän Olimpiýa ýaryşlaryna ähli grek dünýäsinden janköýerler gatnaşypdyrlar. Fidon özüni Olimpiýa oýunlaryny esaslandyran gahryman Geraklyň neberesinden diýip yglan etmek bilen, Olimpiýa obasyna öz goşunlaryny girizýär we Olimpiýa oýunlaryna özi ýolbaşçylyk edip başlaýar. Bu töwekgelçilikli hereket Argosyň hökümdarynyň beýleki grek polisleriniň içinde abraýyny ýokary götermäge edilen synanyşyk bolupdyr. Fidon öz golastyna birleşdiren

welaýatlarynda Wawilon ölçeglerine esaslanýan ýeke-täk agram birligini girizýär. Agram birligi hökmünde «obol» diýlip atlandyrylýan demir myhjagazlar ulanylypdyr. Demir myhjagazlar bütin Argosda alyş-çalyş serişdesi bolup hyzmat edipdir. Soňra «Fidon ölçegi» diýlip atlandyrylan agram we ölçeg birligi Gresiýanyň beýleki döwletlerine hem ýaýradylypdyr.

Fidon özüniň içerki syýasatynda monarhiýa häkimligini gurmaga çalyşýar. Şonuň üçin, grek taryhçylary Gerodot, Aristotel Fidony «tiran» hökmünde suratlandyrmaga çalşypdyrlar. Hakykatda ol öz dolandyran ýyllarynda beýleki tiranlardan tapawutlylykda, edenetdilik, tiranlyk zorluklaryny etmändir. Ol Argosda dorileriň häkimligini esaslandyran Temeniň nesilleriniň biri bolup, kanuny taýdan patyşalyk häkimliginden peýdalanypdyr.

Korinfi eýelemäge ymtylmak bilen, takmynan, b.e. öň 657-nji ýylda Fidon onuň içki işlerine gatyşýar we ýaragly çaknyşyklaryň birinde heläk bolýar. Fidon ölenden soň, Argos gowşap başlaýar. Fidonyň döwleti onuň oruntutarlary döwründe dargaýar we b.e. öň VII asyryň ahyrlarynda Fidonyň nesilleri tagtdan çetleşdirilýär. Şondan soň, Argosda patyşalar halk ýygnaklarynda magistratlar hökmünde saýlanyp başlanypdyr, emma patyşanyň hukugy çäklendirilipdir. Hakyky häkimiýet begzada uruglarynyň wekillerinden saýlanan geňeşiň eline geçýär.

B.e. öň VII asyryň ikinji ýarymyndan başlap, Messeni ýerleri basylyp alnandan soň, Peloponnesde Sparta güýçli döwlete öwrülip başlaýar.

**Spartanyň hojalygy we durmuş-ykdysady ýagdaýy.** B.e. öň VIII–VI asyrlarda Peloponnesiň dürli sebitleriniň durmuş-ykdysady ösüşi gyradeň bolmandyr. Onuň esasy sebäpleriniň biri-de welaýatlaryň tebigy-geografiki şertleriniň dürli-dürli bolmagydyr. Mysal ücin, daglyk Arkadiýada b.e. öň V–IV asyrlara çenli ykdysadyýetiň esasyny yzagalak ekerançylyk düzüpdir. Hatda şol döwre çenli bu ýerde ýekeje şäher hem emele gelmändir. Peloponnesiň günorta-günbatar welaýatlary – Lakaniýa, Messeniýa, Elida we Ahaýýa hem ösüşden yza galypdyr. Bu ýerlerde söwda hem senetçilik juda giç ösüp başlapdyr. Peloponnesiň diňe Egeý deňzine we Ioniýa adalaryna golaý ýerleşen demirgazyk-gündogar böleklerinde we Günorta Gresiýada şäher medeniýetiniň ilkinji ojaklarynyň peýda bolmagy pul-haryt gatnaşyklarynyň çalt ösmegine

getiripdir. Doriý taýpalarynyň urug begleri köp ilatly welaýatlary basyp alanlaryndan soň, ýerli ilaty hemişe howp astynda saklamaklyk zerur bolupdyr. Şonuň üçin, bu ýerlerde döwlet ulgamlary ir ýüze çykýar. Emma olaryň hemmesinde, şol sanda Spartanyň döwlet gurluşynda, urug-taýpa gurluşynyň galyndylary uzak wagtlap saklanypdyr.

Sparta şäheri b.e. öň IX asyrda, bu ýere çozup gelen doriler tarapyndan esaslandyrylýar. Ol Lakoniýa welaýatynda Ewrot deryasynyň boýunda ýerleşipdir. B.e. öň IX–VIII asyrlarda spartalylar Lakoniýada agalyk etmek üçin goňşy taýpalar bilen uruş alyp barypdyrlar. Spartalylara Lakoniýany özüne tabyn etmek başardypdyr. Olar ýerli halkyň uly bölegini elgarama edipdirler. Spartanyň bütin taryhynyň dowamynda onuň ýerleri ekerançylyk bilen meşgullanýan ýurt bolup galypdyr. Goňşularyň ýerlerini basyp almak spartalylaryň syýasatynyň esasy ýörelgesi bolupdyr. B. e. öňki VIII asyryň ikinji ýarymynda bu syýasat Messeniýa (birinji Messen urşy) bilen uzaga çeken urşa alyp barypdyr. B.e. öňki VII asyryň ikinji ýarymyndan başlap, Sparta ikinji Messen uruşlaryny alyp barýar. Netijede, basylyp alnan ilatyň durmuşyny has agyr ýagdaýa salýar hem-de Peloponnesde agalyk ediji ýagdaýy eýeleýär.

Spartanyň klerlerinde (bölünen ýerler) ýerlere berkidilen oba ilaty–ilotlar işläpdirler. Ýere berkidilen elgarama ilata spartada ilotlar diýipdirler. Spartada ýere hususy eýeçilik bolmandyr, hemme ýerler jemagatyňky bolup, doly hukukly spartalylar ýerlere deň eýelik edipdirler. Sparta maşgalalary tarapyndan alnan ýerleri böleklere bölüp, satyp bolmandyr, ol ýerleri diňe ulanmaly bolupdyr. Hemme ýerler döwlet eýeçiliginde saklanypdyr.

Sparta döwletiniň düzümine meýletin boýun egen, çetki daglyk etraplaryň ýaşaýjylary hukuklary çaklendirilen ilat hökmünde goşulypdyr. Olara periýekler (töwerekde ýaşaýanlar) diýipdirler. Ilotlardan tapawutlylykda periýekler şahsy taýdan erkin hasaplanypdyr we öz ýaşaýan etrabynda raýat hukuklaryndan peýdalanypdyrlar. Emma spartada olara pes derejeli adamlar hökmünde garalypdyr we döwlet işlerine gatnaşdyrylmandyr. Şeýlelikde, Lakoniýany basyp alan döwründe spartanyň jemgyýetçilik we ykdysady gurluşynyň esasy taraplary kemala gelipdir we üç sany durmuşy toparlar: spartalylar – doly hukukly raýatlar, elgarama edilen ilotlar we erkin, emma hukugy çäklendirilen periýekler emele gelipdir.

**Spartanyň döwlet gurluşy. Spartanyň güýçlenmegi.** Spartanyň köp sanly döwlet dolandyryş guramalary, onuň adatlary spartanyň rowaýaty akyldary, kanunçy Likurgyň ady bilen baglanyşdyrylýar. Rowaýata görä, Likurg adamyň we hudaýlaryň alamatlary bolan adam b.e. öň VIII asyrda Sparta barypmyş. Emma Spartanyň taryhynda ol diňe b.e. öň V asyrda Spartanyň döwlet dolandyryş edaralaryny esaslandyran adam hökmünde ykrar edilýär. Plutarhyň Likurgyň terjimehalynda ýazmagyna görä, Likurg Sparta patyşasynyň daýysy bolup, ýaş patyşany terbiýelmek bilen döwleti hem dolandyrypdyr. Delfiý ybadathanasynyň orakulynyň maslahaty bilen Likurg reteri-Allanyň habaryny, Allanyň iberen kanunyny ilata dilden ýetiren adam hökmünde ykrar edilýär. Plutarhyň berýän gürrüňüne görä, habar-reter arhaiki dilde ýazylyp, spartalylaryň döwlet dolandyryş gurluşynyň esasyny düzüpdir. Şonuň üçin, Plutarhyň işleri öwrenilende eseriň köpsanly rowaýatlara esaslanýandygy ýatdan çykarylmaly däldir. Spartanyň taryhy baradaky käbir maglumatlary Gerodotyň, Fukididiň we Ksenofondyň işlerinde hem berilýär. Ksenofondyň işlerinde bolsa, Spartanyň aristokratik döwlet dolandyrylyşynyň has mahabatlandyrylyp berilýändigi hem ýatdan çykarylmaly däldir.

Emma Likurgyň taryhy şahsyýetdigine ýa-da däldigine garamazdan, häzirki zaman barlagçylaryň köpüsi Likurgyň retrasyny gadymy taryhy çeşme hasap edýärler. Likurg taryhy şahsyýet bolmadyk hem bolsa (ýere we gullara umumy eýeçiligiň girizilmegi, raýatlaryň hemmesine deň ýer paýynyň bölünip berilmegi, ýaşulular geňeşini özgerdip, eforlygyň girizilmegi), ol haýsam bolsa bir döwlet emeldary tarapyndan amala aşyrylyp hudaýlaşdyrylypdyr. Şonuň üçin, Likurgyň ady spartalylar üçin iň adalatly hem rehimdar, öz halkyny we ýurduny söýýän serdar hökmünde mukaddes hasaplanypdyr.

Likurgyň kanunlarynyň iň esasy düzgüni spartalylaryň deňligini tekrarlamakdan ybarat bolupdyr. Şoňa laýyklykda, Spartanyň doly hukukly raýatlarynyň hemmesine «Gyradeňler» diýipdirler. Hakykatdan hem, adamlaryň deňligini saklamak, birisiniň baýap, beýlekisiniň garyp düşmeginiň öňüni almak üçin, spartada dürli çäreler amala aşyrylypdyr. Şu maksat bilen spartada altyn we kümüş pullary ulanmak gadagan edilipdir. Olaryň ornuna Gresiýanyň beýleki polislerinde bir wagt ulanyşdan galan gödeňsi hem agyr demir myhjagazlar

girilizilipdir. Bezeg şaýlaryny satyn almak we ulanmak gadagan edilipdir. Likurg deňsiziligiň soňuna gutarnykly çykmak üçin, ähli hereket edýän emläkleri hem deň bölüp bermäge girişipdir. Bulardan daşary Likurg ähmiýetsiz, artykmaç hasap edilýän senetçiligi hem Spartadan çykarypdyr.

Plutarhyň ýazmagyna görä, Likurgyň geçiren özgertmeleriniň ýene biri, ol hem ýerleri bölmeklik bolupdyr. Sebäbi ýurtda çuňňur deňsizlik höküm sürüpdir ýerler az sanly adamlaryň ellerinde jemlenipdir. Ilatyň esasy bölegi ýersiz galyp, şäheriň syýasy gapma-garşylygyny ýitileşdiripdir. Gapma-garşylyklary ortadan aýyrmak üçin, Likurg spartalylara ähli ýerleri goşup, täzeden ilata deň paýlap bermegi, emläk deňligini döretmegi teklip edipdir. «Adamynyň adamdan artykmaçlygyny onuň edermenliginden, gaýduwsyzlygyndan, batyrlygyndan gözläliň» diýip, Likurg öňe süren tekliplerini durmuşa geçirip başlapdyr.

Söwda we senetçilik bilen meşgullanmak spartaly üçin masgaralaýjy pişe diýlip yglan edilipdir. Ol işler bilen az mukdarda meşgullanmaga diňe periýeklere ygtyýar berilipdir. Durmuş derejesine we wezipesine garamazdan, kanun boýunça ähli spartalylar birmeňzeş ýönekeý jaýlarda ýaşamaly, geýinmeli bolupdyrlar.

B.e. öň VIII–VI asyrlarda öz durnuklylygy bilen tapawutlanýan Spartanyň döwlet gurluşy hem kemala gelýär. Sparta döwletiniň dolandyryş ulgamynyň iň möhüm pudaklary 2 patyşadan ybarat hökümetden, gerusiýa diýlip atlandyrylýan ýaşulularyň geňeşinden we halk ýygnagy – apelladan ybarat bolupdyr.

Spartada irki döwürden başlap, döwletiň başynda iki patyşa – arhageta bolup, olar iki sany dolandyryjy nesilşalygyň nebereleriniň – Ewpipontidleriň we Agiadlaryň wekillerinden goýlup, bir wagtda Sparta hökümdarlyk edipdirler. Patyşalara hudaýlaryň nesillerinden gelip çykan hökmünde garalypdyr. Uruş wagtynda patyşalaryň biri raýatlardan düzülen goşuna ýolbaşçylyk edipdir. Parahatçylyk döwründe sud we dini işlere ýolbaşçylyk edipdirler, olaryň wezipesine ýerleriň paýlanyp berlişine we peýdalanylyşyna gözegçilik etmek hem giripdir. Eger-de patyşalaryň – arhagetalary agzybirligi saklan wagtynda olar çäklendirilmedik häkimlikden peýdalanyp bilipdirler. Emma dolandyryjy sparta emeldarlary her hili ýollar bilen

bularyň biri-biri bilen çaknyşmaklaryny gurnapdyrlar, olaryň agzybirlikde işlemeklerine ýol bermändirler. Şonuň üçin, olaryň oňuşmaýan pursatlary az bolmandyr. Galyberse-de, patyşalaryň ikisi hem gerusiýanyň agzalary bolansoň, olar ýaşulular geňeşi tarapyndan çäklendirilipdir.

Gerusiýanyň düzümine patyşalardan başga ýene-de 28 agzasy bolan gerontlar, ýaşy 60-a ýeten spartalylaryň arasyndan ömürlik saýlanypdyrlar. Gerusiýanyň agzalarynyň saýlanyşy ýönekeý bolup, ol güýçli şowhuna bagly bolupdyr. Halk ýygnagynda dalaşgärlere berilýän gykylyk gaty – güýçli çyksa, ýörite jaýa salnyp daşyndan ýapylan eminler, şol dalaşgäri ýeňiji hökmünde gerusiýanyň agzalygyna tassyklapdyrlar. Döwlet işiniň esasy meseleleri gerusiýada çözülipdir, onda ýokary kazyýetlik işleri-de, harby işlerem, umuman, ýurduň içki işine degişli hemme meseleleri, gerusiýa patyşalaryň gatnaşmagynda bile çözüpdir.

Halk ýygnagy – apella – kämillik ýaşyna ýeten doly hukukly spartalylaryň ählisi gatnaşypdyr. Hakykat ýüzünde halk ýygnagy döwletiň iň ýokary edarasy hasap edilipdir. Likurgyň getiren reterasynda dilden aýdylýan, ýöne hudaý tarapyndan iberilen kanun hökmünde «aram-aram halk ýygnagyny çagyryp, onda hödür edilýän ýa-da yzyna gaýtarylýan meseleler bolsun, ýöne güýjem, häkimiýetem halka degişli bolsun» diýip, Likurg apella uly ähmiýet beripdir. Emma halk ýygnaklarynyň ýönekeý agzalarynyň ýygnaklarda çykyş etmäge, halk bähbitli mesele hödürlemage hukuklary bolmandyr. Olaryň diňe gerontlaryň we patyşalaryň apella hödürlän tekliplerini tassyk etmäge ýa-da yzyna gaýtarmaga hukuklary bolupdyr. Şonuň üçin, apella döwlet dolandyryş ulgamynda gerusiýadan soň ikinji orunda durupdyr. Emma aýratyn, jogapkärli ýagdaýlarda, ýa-da hödürlenýän teklipler düşnüksiz bolan ýagdaýynda halk ýyknaklary teklipleri sese goýupdyr. Ýygnakda teklipleri kabul edenler we garşy bolanlar dürli toparlara bölunipdirler hem-de taraplaryň köplügi çen bilen kesgitlenipdir. Haçan-da halk ýygnagynyň karary döwletiň bähbitlerine ters gelýän hasaplanylsa, onda ýygnak gerusiýa tarapyndan ýatyrylypdyr.

Spartada, bulardan başga-da, halk ýygnagy tarapyndan saýlanýan 5 adamdan ybarat eforat diýlip atlandyrylýan topar bolup, onuň agzalary her ýyl täzeden saýlanypdyr. Efor diýmeklik «asmana seredi-

jiler», «ýyldyzlara seredijiler» diýmegi aňladyp, olar her sekiz ýylda bir gezek gijelerine ýygnanyşyp, asmandan gaçýan ýyldyzlara seredipdirler. Eger-de eforlar asmanyň belli bir ýerine, belli ugur boýunça ýyldyz gaçanyny görseler, onda patyşalaryň birini boşatmaly hasap edilipdir. Şeýlelik bilen, eforlar özlerine ýaramaýan patyşany hökimlikden aýryp bilipdirler. Eforlar patyşalardan käbir ýagdaýlarda hasabat alyp, olaryň kararlaryny ýatyryp bilipdirler. Eforlar gözegçi edara bolup, olaryň tasiri hem häkimligi şeýle bir güýçli bolupdyr, hatda hiç kimden soraman, özlerine ýaramaýan patyşany tagtyndan düşürip, ýurtdan sürgün eden halatlary-da bolupdyr. Spartanyň bütin taryhynyň beýanlarynda eforlar bilen patyşalaryň arasyndaky göreş eriş-argaç bolup geçipdir.

Eforlar gerusiýany we halk ýygnagyny çagyryp, onda başlyklyk edipdirler. Sparta döwletiniň daşary syýasatyny we onuň maliýe ýagdaýyny ýöredipdirler. Bulardan başga-da, eforlar kazyýetiň we polisiýa edaralarynyň işlerini hem ýerine ýetripdirler. Sparta raýatlarynyň tertibine gözegçilik işlerini amala aşyrypdyrlar. Düzgüni sähelçe bozanlara berk temmi beripdirler. Eforlaryň wezipesine ýene-de spartanyň ähli elgarama edilen we garaşly ilatynyň üstünden gözegçilik etmek hem giripdir. Eforlar ýetişip gelýän ýaş spartalylaryň terbiýelenişine berk gözegçilik edipdirler. Olar uly ýaşly adamlaryň hem özüni alyp baryşlaryna gözegçilik edipdirler. Eforlar gözegçilikde hiç hili çäklendirilmedik hukukdan peýdalanyp, spartanyň döwlet we jemgyýetçilik durmuşyna içgin goşulypdyrlar. Şonuň üçin, olar magistratura hem-de aýratyn adamlara öz hökümini ýöredipdirler. Şeýlelikde, eforlaryň elinde, ägirt uly hukuklar jemlenipdir. Likurgyň kanunyndan soň, eforlyk ikinji derejeli edara bolanlygyndan iň ýokary gözegçilik (dolandyryş) edarasyna öwrülipdir. Şonuň üçin, antiki awtorlar eforlaryň häkimligini «tiranlyga ýakyn» diýip ýazypdyrlar. Gerodotyň sözlerine görä hem, eforlaryň tiranlyk häkimligi spartada gürrüňsiz doly agalyk edipdir.

**Spartalylaryň durmuşy we terbiýelenilişi.** Messeniýa basylyp alnandan soňra, sparta jemgyýeti köpsanly ilotlaryň üstünden ýaragyň güýji bilen agalygyny saklaýan esgerler gatlagyna öwrülipdir.

Ilotlaryň zähmetinden peýdalanýan spartalylar önümçilik bilen meşgul bolmandyr. Olar öz wagtyny döwlet işlerine we harby

türgenleşige sarp edipdirler. San taýdan birnäçe esse köp bolan ilotlary boýun egdirip saklamak üçin, güýçli goşun zerur bolupdyr. Ilotlary gorky astynda saklamak üçin, aram-aram olary jezalandyrmak çäresini-de ulanypdyrlar. Ol çärä «kriptiýa» (gizlin uruş) diýipdirler. Oňa ýaş spartalylar gatnaşypdyrlar. Ýaş esgerler obalaryna ýaýrap, olaryň içinden has daýawlaryny we gujurlylaryny yzarlap gizlinlik bilen öldüripdirler.

Ilotlaryň gozgalaň etmek howpy spartalylaryň jebisligini we berk guramaçylygyny talap edipdir. Şoňa görä-de, ýer paýlaşmak çäresinden soň spartada durmuşy özgertmeleriň hem birnäçesi geçirilipdir. Ol özgertmeler kanun çykaryjy Likurgyň ady bilen baglanyşdyrylypdyr. Geçirilýän özgertmeler tiz wagtda döwletiň durkuny düýpli özgerdipdir we spartany berk düzgün-nyzama boýun egýän harby orda öwrüpdir. Likurgyň kanuny esasynda, täze doglan çaga ýörite gözegçileriň barlagyndan geçirilmeli edilipdir. Plutarhyň ýazmagyna görä, kakasy täze doglan çagany eltmeli ýerine – filiniň ýaşulylaryna eltip bermeli eken. Barlagçylar çagany uly hem sagdyn hasap etseler, ony enesine emdirmäge ygtyýar beripdir we bir bölek kler-ýer berlipdir. Eger-de çaganyň fiziki bir kemçiligi bolup, geljekde hakyky esgerlige ýaramajakdygyna göz ýetrilse, ol şol wagt Taýret dagynyň gaýasyndan zyňylypdyr. Olaryň pikirine görä, çaganyň saklanmagy, onuň özi üçin kyn boljak, döwlete ýük boljak hasap edipdirler.

Kanun boýunça her bir spartaly ogly ýedi ýaşa ýetende ýörite mekdeplere (Spartada oňa agel – süri diýipdirler) bermäge borçly bolupdyr. Çagalar ol ýerde ýaşapdyrlar, terbiýe alypdyrlar. Agellerde örän zabun düzgünler höküm sürüpdir. Çagalary her bir kynçylyklara çydar ýaly aýakýalaňaç, hemme pasyllarda ýuka eşikde saklapdyrlar. Terbiýäniň maksady buýruga boýun bolýan we buýruk bermegi başarýan çydamly, rehimsiz we hilegär urşujylary taýýarlamaga gönükdirilipdir. Spartalylar söz sözlänlerinde hem düşnükli, hem gysga, harby buýruklardaky ýaly bolupdyr. Sparta düzgünleriniň tarapdary bolan Ksenofont sparta tertibi baradaky beýanlarynda, «doňdurylyp goýlan heýkellerden ses çykypdyr, emma Sparta ýaşlaryndan ses çykmandyr. Olar gyzlardan hem asylly bolupdyrlar» diýip, sparta ýaşlaryny häsiýetlendiripdir.

Spartanyň bu terbiýeçilik mekdebini geçmeklik, raýatlyk hukugyny almagyň hökmany okuwy bolupdyr. Raýatlyga alnan 20 ýaşly

ýigit göni sissitiýa (ýoldaşlyk birleşigi) girmeli eken. Sissitiýa harby bölüm bolup hyzmat edipdir. Ýoldaşlyk birleşigine täze kabul edilýän ýigit, sýuskeniň – palatadaşlaryň hemmesiniň razylygy bilen kabul edilipdir. Sissitiýa dürli ýaşlardaky oglanlaryň 15-si birleşipdir. Olar her gün bile ýygnanyşyp naharlanypdyrlar. Oňa fiditiý diýlipdir. Sissitiýanyň agzalary klerden alynýan girdejilerinden her aý üçin tölenmeli belli bir möçberde: un, et, çakyr we iýmit önümlerini bermeli eken. Şu berilmeli önümleri berip bilmedik spartaly, Sparta döwletiniň doly hukukly raýaty bolmak hukugyndan kesilipdir. Şonuň üçin, döwlet bu düzgüne hemme erkek adamlaryň gatnaşmagyny gazanmak üçin, berk gözegçilik edipdir.

Uly ýaşly erkek adamlar bolsa gündizlerini kiçi harby birligi düzýän toparlarda geçiripdirler. Olar her aýda öz hojalyklaryndan umumy saçakdan naharlanmak üçin, zerur bolan azyklary getiripdirler we bilelikde günortanlyk edinipdirler. Şeýle naharlanmak düzgünine «sissitiýa» ýa-da «fiditiýa» diýipdirler. Agel we sissitiýa ýönekeý spartalylaryň gündelik durmuşyna gözegçilik etmek üçin amatly şert döredipdir.

Kanunlarda durmuşyň iň ownuk taraplary-da göz öňünde tutulypdyr. Olarda spartalylaryň nähili egin-eşik geýmelidigi sakal-murtuny nähili taraşlamalydygy hem düzgünleşdirilipdir.

Bu çäreler Spartanyň raýat jemagatyny jebisleşdirmekde uly ähmiýete eýe bolupdyr. Onuň özi iň howply ýagdaýlarda-da Spartanyň ýeňiji bolup çykmagyna ýardam edipdir. B.e. öň 464-nji ýylda bolan (3-nji Messen urşy) ilotlaryň ägirt uly gozgalaňynyň basylyp ýatyrylmagy, b.e. öň 431–404-nji ýyllarda bolan Peloponnes urşunda Spartanyň üstün çykmagy onuň aýdyň mysalydyr.

**Spartanyň harby gurluşy. Messen uruşlary.** Spartanyň harby gurluşy Gresiýada iň göreldeli gurama hasaplanypdyr. Spartanyň guryýer goşuny bolsa grek döwletleriniň içinde iň güýçlüsi hasaplanypdyr. Onuň goşunynyň esasyny agyr ýaraglanan pyýada – goplit goşuny düzüpdir. Spartanyň pyýada goşuny hüjüm etmek üçin hem-de goranmak üçin ýaraglar bilen üpjün edilipdir. Olar hüjüm üçin gysga gylyç we naýza bilen ýaraglanypdyr, goranmak üçin bolsa tegelek galkan, tuwulga, arkaňy we döşüňi ýapýan demir sowut esbaplary bilen ýaraglanypdyrlar. Sparta goşunlary ilki başda 5 sany lohlara – toparlara bölünipdir, her bir loh müň esgerden ybarat düzülipdir.

Spartanyň 20 ýaşdan 60 ýaşa çenli erkek raýatlarynyň hemmesi gulluk etmäge borçly bolupdyrlar. Uruş yglan edilen ýagdaýynda eforlar ilatyň haýsy toparynyň harby ýörişe gitmelidigini kesgitläpdir. Messen hem-de grek-pars uruşlaryndan soň, Sparta goşunyna periýekler hem goşulypdyr. Olar goplit bolup hatara durupdyrlar, ýöne spartalylardan aýratyn özbaşyna düzülipdirler. Ilotlar, esasan, harby ýörişlerde Sparta esgerlerine we periýeklere hyzmatkär hökmünde alnypdyr. Gerodotyň ýazmagyna görä, Plateýanyň eteginde bolan söweşde her sparta esgeriniň ýanynda ýedi, her periýek urşujysynyň ýanynda bolsa bir ilot hyzmat edipdir. Olaryň wezipesi uruş meýdanynda heläk bolanlary alyp çykmak we ýaralanan duşmany öldürmek bolupdyr.

Grek-pars uruşlaryndan soň, b.e. öň V asyryň ortalarynda (Üçünji Messen urşy döwründe) bolan ilotlaryň uly gozgalaňyndan soň, sparta goşunynda uly özgertmeler geçirilýär. Goşunyň düzümine periýekler hem goşulandan soň, spartanyň bütin goşuny alty sany mora bölünip, her bir mor dört lohdan ybarat düzülipdir, lohlardaky esgerleriň sany 500-den ybarat edilip, her moh 2 müň esgerden düzülipdir.

Sparta goşuny söweşde falanga (agyr ýaraglanan pyýada esgerleriň söweş nyzamy) durup, birnäçe hatardan jebis düzülipdir. Hüjüm wagtynda falanga nyzamy bozman, birmeňzeş ädimde, harby aýdym aýdyp hereket edipdirler. Hüjüm wagtynda falangany bozan esgere ölüm jezasy berlipdir. Şeýle düzgün falanganyň ähmiýetini ýitirmezlik üçin gerek bolupdyr. Söweşlerde bişişen, türgen hem çydamly esgerlerden düzülen sparta falangasy uzak döwrüň dowamynda «ýeňilmezek goşun» diýen şöhratly ady göteripdir.

Spartanyň taryhynda messen uruşlary diýilýän döwür aýratyn orun tutýar. B.e. öň VIII asyrda Spartada hem ýer ýetmezçiligi ýüze çykýar. Beýleki Grek polisleri bu kynçylykdan çykmak üçin koloniýalaşdyryş hereketine goşulsa, Sparta ony goňşularynyň ýerlerini basyp almagyň hasabyna çözüpdir. Onuň basyp alyjylyk hereketi Spartadan günbatarda ýerleşen giň hem hasylly topragy bolan Messeniýa welaýatyna gönükdirilipdir.

B.e. öň VII asyryň ortalarynda Spartada yzygiderli ilotlaryň gozgalaňlary we tolgunyşyklary bolup durupdyr. Kähalatlarda bu gozgalaňlar spartalylaryň agalygynyň ýykylaýmak derejesine çenli gowşadypdyr. Messeniýa garşy birinji uruş b.e. öň VIII asyryň ilkinji ýarymynda (b.e. öň 743–724-nji ýý.) bolup geçýär. 20 ýyla çeken

gazaply uruşlardan soň, messeniýalylar boýun egdirilýär we alynýan hasylyň ýarysyna barabar bolan agyr salgyt tölemäge mejbur edilýär.

Ikinji Messen urşy b.e. öň VII asyryň birinji ýarymynda (b.e. öň 685–668-nji ýý.) bolup geçip, ol Sparta üçin iň howply gozgalaňlaryň biri bolupdyr. Sebäbi messeniýalylar bilen bir wagtda Sparta garşy Argos çykyş edipdir. Uzaga çeken bu uruşda birnäçe ýeňlişlere sezewar edilen spartalylar, ahyr soňunda Messeniýadan üstün çykmagy başarýar we ýene-de olaryň üstünden öz agalygyny dikeldýär. Messeniýanyň hemme ýerleri täzeden klerlere bölünip, Sparta döwletiniň emlägine öwrülýär, onuň galan ilaty hem ilotlyga geçirilýär.

Messen ýerleriniň eýelenmegi Spartada ýer ýetmezçiligini aradan aýrypdyr. Ikinji Messen urşy tamamlanandan soň, Spartada ýer paýlaşygy geçirlipdir. Plutarhyň ýazmagyna görä, ol bütin Lakoniýany periýekleriň öz arasynda 30 müň bölege bölüpdirler. Sparta şäherine degişli ýerleri bolsa, deň 9 müňe, ýagny spartalylaryň maşgalalarynyň sanyna görä bölüpdirler. Her bir bölek ýer şeýle deň bölünipdir, ýagny olaryň her haýsysy erkek adamlar üçin 70 mediminden arpa, aýallar üçin 12 medimin (ölçeg birligi) möçberde bermeklik girizilipdir. Edil şonuň ýaly hem, suwuk önümleri bermeklik hem anyk kesgitlenipdir, paý ýerleriň bölünmegine ýa-da goşulmagyna ýol berilmändir. Olary bölmek, satmak, sowgat bermek gadagan edilipdir.

Messeniýada ýer bilen birlikde tabyn edilen ilotlar hem paýlanypdyr. Her bir ýer paýyna birnäçe ilot maşgalasy berkidilip, olar öz zähmeti bilen paý eýesini eklemeli bolupdyrlar. Ilotlar her ýylda ýer eýesine galla, un, çakyr we ş.m. önüm görnüşinde salgyt töläpdirler. Salgydyň möçberi alynýan hasylyň ýarsyna barabar bolupdyr. Hasylyň galan bölegini bolsa, ilot özüne galdyrypdyr. Gullardan tapawutlylykda ilotlar hojalyk ýöretmekde erkin bolupdyrlar. Olar maşgalaly ýaşapdyrlar. Salgydyny wagtynda tölese, spartalylar olaryň hojalyk işine goşulmandyr. Spartalynyň iloty öldürmäge ýa-da satmaga ygtyýary bolmandyr. Çünki ýer paýy ýaly ilot hem döwletiň emlägi hasap edilipdir.

**Peloponnes bileleşiginiň döremegi.** Spartanyň daşary syýasaty hem ilotlaryň üstünden agalyk etmeklige gönükdirilipdir. Egerde, Sparta Peloponnesdäki goňşusy bolan Argos bilen uzaga çeken urşy alyp baran bolsa, beýleki goňşulary bilen ir wagtdan ýaranlyk ylalaşygyny baglaşypdyr. Arkadiýanyň Tegeeý şäheri bilen uza-

ga çeken urşuň netijesinde, Sparta tegeeýliler bilen ýaran bolmaga ylalaşypdyr. Ylalaşyga görä, tegeeýliler spartalylara garşy ilotlaryň gozgalaňy bolan ýagdaýda ýa-da goňşy döwletler Sparta çozanda kömek bermeli bolupdyr. B.e. öň VI asyryň ahyrlarynda Sparta ýene-de birnäçe döwletler bilen, özüne bähbitli ýaran tapmak barada ylalaşyk gazanýar. Bu ylalaşyklar geljekde Gresiýanyň taryhynda ähmiýetli orun eýelejek Peloponnes bileleşiginiň esasyny düzüpdir.

Peloponnes bileleşigi oňa goşulýanlaryň hemmesi üçin hem bähbitli bolupdyr. Spartalylar uly ilotlaryň gozgalaňyny basyp ýatyrmakda öz ýaranlaryndan kömek sorap ýüz tutup bilipdir, onuň ýaranlary bolsa Spartany Gresiýada iň kuwwatly döwlet hasaplap, beýleki grek döwletleri bilen uruş bolan ýagdaýynda onuň uly mümkinçilikleriniň bardygyna göz ýetiripdirler, oňa ynanypdyrlar. Sparta bileleşigiň ilkinji döwründen başlap ýolbaşçysy hökmünde hereket edipdir, spartalylar öz ýaranlarynyň içki durmuşlaryna goşulman saklanypdyr. Emma soňra bu ýagdaýlar kem-kemden üýtgäp, Sparta ähli konserwatiw we oligarhiýa döwletleriniň esasy daýanjyna öwrülipdir.

Kuwwatly goşunyna daýanyp, Sparta b.e. öň VI asyryň ortalarynda Peloponnesiň uly böleginde öz agalygyny berkarar edýär. Onuň netijesinde, Gresiýada iň täsirli harby gurama bolan Peloponnes bileleşigi emele gelýär. Ilki başlarda onuň düzümine Peloponnesdäki polisler: Lakonikanyň, Arkadiýanyň polisleri we Elidanyň polisleri giripdirler. B.e öň V asyryň ortalaryna çenli Peloponnesiň ähli polisleri, onuň duşmany Argosdan başga orta Gresiýanyň käbir şäherleri, güýçli Fiwy hem-de Fokidiniň ownuk polisleri goşulypdyrlar. Soňa baka Sparta beýleki grek polislerine, şol sanda Afina hem öz täsirini ýetirmäge ymtylýar. Spartanyň agalyk etmäge ymtylmagynyň esasy sebäbi, ol hem özüniň harby güýjüne ynamynyň bardygyna buýsanmagyndan ybaratdy. Emma ykdysady we medeni babatda ol köp polislerden yza galýardy. Ýaran ýurtlaryň köpüsi, şol sanda Sparta hem agrar polislerdi, senetçiligiň ösüşi juda pesdi, söwda aýlanyşygy hem ýok diýen ýalydy. Emma bu polisleriň içinde has ösen söwda-senetçilik merkezleri bolan: Korinf, Megara, Sikion ýaly polisler hem bardy. Bu şäherler agrar polisler bolsalar-da, Peloponnes bileleşiginiň harby kuwwatyny artdyryp, bütin Gresiýada iň güýçli harby-syýasy bileleşigi emele getirýärdiler.

Agrar polisleriniň oňat taýýarlykly köp sanly goplitlerden ybarat goşuny, Spartada harby deňiz goşuny bilen üsti doldurylýardy. Olaryň

maliýe ýagdaýyny bolsa, Korinf ýa-da Megara ýaly söwda-senetçilik merkezleri üpjün edýärdi.

Bu uly harby bileleşigiň içinde yza galýan agrar polisleriniň hem-de has ösen söwda-senetçilik polisleriniň bolmagy, Peloponnes bileleşiginiň gurluşynyň has gowşak merkezleşmegine getiripdi. Bileleşigiň umumy bir merkezi döredilmändi, umumy maliýe gaznasy hem ýokdy. Bileleşigiň bähbitleri üçin ulanar ýaly polislerden yzygiderli gelip duran töleg hem girizilmändi. Bileleşige girýän polisler özleriniň özbaşdaklygyny saklamagyny dowam etdirýärdiler, olar diňe bir başga polisler bilen däl, eýsem ylalaşyga girýän polisler bilen hem uruş alyp baryp bilýärdiler.

Olaryň esasy borçlary diňe uruş döwründe daşary syýasaty hem-de harby hereketi ylalaşykly alyp barmaklykdy. Şonuň üçin, harby ýöriş döwründe her polis belli bir möçberde esger, atly goşun, harby gämileri we pul tölegini bermeli bolupdyrlar. Polisleriň her haýsynyň ýörişe iberen goşunyny özi ýarag bilen, azyk önümleri bilen üpjün etmeli bolupdyrlar, olaryň goşun serkerdeleri hem özlerinden bellenipdir.

Peloponnes bileleşiginiň ýokary guramasy bileleşige girýänleriň hemmesiniň Spartada sparta eforlarynyň ýolbaşçylygynda geçirilýän umumy ýygnagy bolupdyr. Polisleriň ululygyna ýa-da kiçiligine garamazdan, olaryň her haýsynyň bir sesi bolupdyr. Bileleşigiň çykaran karary sparta apellasy (halk ýygnagy) tarapyndan tassyklanypdyr. Bileleşigiň ähli goşunlaryna sparta patyşasy ýolbaşçylyk edipdir. Harby gämilere-de spartalylar serkerdelik edipdir.

Peloponnes bileleşigine agza bolmaklyk meýletin bolupdyr, ondan çykmaklyk hem erkin ýagdaýda çözülipdir. Myşal üçin, Peloponnes bileleşigine Korinf, Megara, Fiwi ýaly polisler oňa erkin ýagdaýda giripdirlerem, çykypdyrlaram. Şonuň üçin, bu bileleşik 200 ýyl töweregi saklanypdyr.

Sparta uzak ýyllaryň dowamynda bileleşigiň harby-syýasy kuwwatyna daýanyp, Gresiýada iň güýçli döwletiň birine öwrülýär hem-de b.e. öň V–IV asyrlarda grek dünýäsinde aýgytly orna eýe bolup, hemme polislerde aristokrat toparlaryny goldap, oligarhlaryň daýanjyna öwrülýär.

**Peloponnesde tiranlygyň ýüze çykmagy.** Korinfde we beýleki şäherlerde tiranlaryň häkimiýeti berk bolupdyr we has uzaga çekipdir. B.e. öň 637-nji ýylda Korinfde Kipsel tiran bolýar. Aristotel ony

«demosyň serdary» diýip atlandyrypdyr. Ol belli bir derejede halkdan goldaw tapypdyr, şonuň üçin ol özüniň häkimlik eden döwrüni goragsyz – penakäriz geçiripdir. Ol öz häkimiýetini ogly Periandra geçiripdir (b.e. öň 627–585-nji ýý.). Ol özüni iň gazaply tiranlaryň biri hökmünde tanadypdyr. Periandr öz garşydaşlary bolan urug beglerini gazaply yzarlapdyr. Olaryň birnäçesini jezalandyryp öldüripdir ýa-da şäherden kowup çykarypdyr. Hatda olaryň maşgalasyndan hem birnäçesini heläkläpdir. Periandr urug begleriniň galan bölegine sport bilen meşgullanmagy, üýşüp oturşyk etmegi, gul, bezeg şaýlaryny we ş.m. zatlary satyn almagy, şähere göçüp gelmegi gadagan etmek bilen, olaryň hukuklaryny çäklendiripdir. Taryhy işlerde Periandr gazaply, rehimsiz tiranlaryň biri hökmünde suratlandyrylýar.

Periandr rehimsiz tiran hasap edilse-de, ol başarjaň syýasatçy bolupdyr. Onuň döwründe Korinf gülläp ösýän şähere öwrülipdir. Ol Gresiýadan günbatardaky koloniýalara gidýän söwda ýollarynda agalyk ediji ýagdaýy eýeläpdir. Ol Egeý deňziniň demirgazyk sebitlerinde ornaşmaga-da synanyşypdyr. Periandr 40 ýyl töwregi häkimiýeti öz elinde saklapdyr. Ol öz häkimiýetini ýegeni Psammetihe miras goýupdyr. Emma tiz wagtdan Psammetih öldürilýär. Psammetihiň öldürilmegi bilen Korinf gowşapdyr. Bu döwürde Korinf bilen goňşy käbir şäherlerde hem tiranlyk ýüze çykyp, olar hem 100 ýyl çemesi tiranlyk häkimligini elde saklapdyrlar.

B.e. öň VI asyryň ahyrlarynda Demirgazyk Peloponnesiň şäherlerinde tiranlyk agdarylandan soň, aram oligarhiýa häkimiýeti berkarar edilýär. Häkimiýet baý söwdagärleriň, süýthorlaryň, iri ussahana eýeleriniň eline geçýär.

## VII.
## GADYMY ATTIKA.
## AFINA DÖWLETINIŇ DÖREMEGI

**Attikanyň geografiki ýerleşişi we gadymy ilaty.** Afinanyň antiki döwrüniň jemgyýeti we döwletiň nusgawy görnüşiniň taryhy barada Gresiýada taryhy maglumatlar has doly saklanypdyr. Arhaiki döwrüň başynda Afina köp babatda Ioni şäherlerinden we Peloponnesden yza galypdyr, emma döwrüň ahyrlarynda ol grek polisleriniň arasynda hojalyk, syýasy we medeni ösüşi boýunça iň ýokary dere-

jä ýeten uly we güýçli döwletleriň birine öwrülýär. Afinanyň ýokary galmagyna b.e. öň VI asyryň içinde ýardam eden beýik özgerdijiler Solon hem Klisfen bolupdyrlar. Olar tarapyndan amala aşyrlan demokratik özgerişler diňe Afinanyň däl, eýsem bütin Gresiýada demokratik dolandyryşyň ornaşmagyna ýol açýar. Şoňa görä-de, Gresiýanyň taryhy bilen demokratiýanyň döreýiş we ösüş basgançaklaryny öwrenmeklik her bir jemgyýet üçin zerurlykdyr hem gyzyklydyr.

Attika üç tarapyny suw gurşap alan daglyk ýarym ada bolup, ol üçburçluk şekilinde Egeý deňzine süsňäp girip, günbataryny Saroniý aýlagynyň suwy gurşap alýar. Ewrip bogazy bolsa, ony Ewbeý adasyndan bölüp aýyrýar. Onuň merkezi bölegi dag gerişleri bilen örtülendir. Kefis derýasy bolsa jülgäni ikä bölüp, düzlügi deňiz bilen birleşdiýär. Onuň günorta-günbatar kenarynda Fales, Munihiý, Pireý gämi duralgalary ýerleşipdir. Dag ulgamlary Attikany Marafon, Elewsin, Mesogeý jülgelerine bölüpdir. Daglarda gurşun, kümüş, demir we beýleki metallaryň ýataklary ýerleşýär. Ýeriň daşlyk we az hasyllylygy, tebigy baýlyklar we amatly deňiz duralgalary Attikada senetçiligiň we söwdanyň ir ösmegine ýardam edipdir. Ekerançylyk üçin amatly bolan Afina şäheriniň daşyny gurşap alan Pedion, Afinadan demirgazyk-günbatarda ýerleşýän Mesogeýa, demirgazyk-gündogarynda bolsa Elewsina düzlügi we Ewripiň kenarynda ýerleşýän Marafon düzlükleri bolupdyr. Bu düzlüklerde, esasan, bugdaý ekipdirler, ýöne gallaçylykda has giň ýaýran arpa ekini kän ekilipdir. B.e. öň VI asyrdan başlap, oba hojalygynda üzümçilik we zeýtun agaçlaryny köpeltmeklik giň gerime eýe bolupdyr.

Attikanyň ilaty özüni awtohton – ýerli ilat hasap edipdir. Olar ioni taýpalaryna degişli bolupdyr. Has irki döwürde Attikada pelasylar, hat-da kariler ýaly grek däl taýpalar hem ýaşapdyrlar, soňra (b.e. öň II müňýyllykda) bu ýerlere grekler-ioniler ornaşypdyrlar. Filosof Platon öz çykyşlarynyň birinde: «Attikanyň ilaty gelmişekler däldir, olar awtohtonlardyr, Attikanyň topragy olar üçin öweý eje däl-de enesidir» diýip, öwünmek bilen belläpdir. Fukidid bolsa «Attikanyň topragynyň hasylsyzlygy basybalyjylary özüne çekmändir, şonuň üçin, onuň ilaty üýtgemän öňküligine galypdyr...» diýip ýazýar. Gerodot hem afinalylary iň gadymy halk hasaplapdyr, ol ellinlerden ýeke-täk ýerini üýtgetmän gelen halkyň afinalardygyny belläpdir. Gerodot afinalylary öz işleriniň birinde berýän rowaýatlaryna görä,

Attikanyň gadymy ýaşaýjylary pelasgiler, soňra kekropitler, Kekrop patyşanyň ady bilen atlandyrlypdyr, ondan soň, Ionyň taýpa serdary bolan döwründen başlap (ol Attika gelip Erehteý patyşanyň gyzyna öýlenipdir), olara ioniler diýilipdir.

Fukididiň habaryna görä, Attikanyň ilaty şol döwürde aýratyn polislerde (oba ýa-da şäher) ýaşapdyrlar. Parahatçylyk döwri olar biri-biri bilen seýrek gatnaşyk edipdir we häli-şindi öz aralarynda urşupdyrlar.

Attikanyň we onuň baş şäheri Afina barada taryhy maglumatlar az. Gazuw-agtaryş işleriniň maglumatlaryna görä bu ýerde heniz miken döwrüne degişli berkidilen oturymly ýer bolupdyr. Gomer döwri barada hem maglumatlar azdyr. Ol döwürde birnäçe jemagat ýerleri bolup, kem-kemden Afinanyň daşyna birleşipdirler. Şeýle birleşikler Gresiýada sinoýkizm adyny alypdyr.

Rowaýatlarda Teseý patyşa bolansoň, Attikanyň hemme şäherleriniň geňeşini we wezipe ýerlerini ýatyryp, sinoýkizmiň üsti bilen ähli ilaty bir şäheriň daşyna birleşdiripdir, geňeş geçirer ýaly bir öý döredipdir. Attikanyň bir welaýata birleşmesi b.e. öň II müňýyllygyň ahyrlaryndan başlap uzaga çekenem bolsa, ol kem-kemden amala aşyrylypdyr.

Afina Attikanyň beýleki ýerlerine garanda çalt ösüpdir. Afina meýletin we güýç ulanmak arkaly Attikanyň galan ilatyny özüne birleşdiripdir. Rowaýata görä, bütin Attikany Afina birleşdiren Teseý Afinanyň medetkäri, hudaý aýal Afinany tutuş Attikanyň hudaýy diýip yglan edýär we onuň hormatyna Sinoýki baýramçylygyny girizýär.

Sinoýkizm syýasaty diňe bir Afinany güýçlendirmän, eýsem heniz gomerçilik döwürde başlanan urug gatnaşyklarynyň dargamagyny çaltlandyrypdyr. Bu döwrüň täzelikleriniň biri-de taýpalarda ýöredilýän işleriň bir bölegi, Afinada täze döredilen merkezi dolandyryş edarasynyň umumy geňeşine berilmegidir. Netijede, ýönekeý özara gatnaşykda bolan Attikanyň taýpalary birleşip, bir bütewi halky emele getiripdirler. Attikanyň ilatynyň bir şähere birleşmegi, Afinada umumy raýat hukugynyň ýüze çykmagyna getiripdir. Indi beýleki taýpalaryň ýerinde bolýan raýatlar hem Afina raýat hukugy berlip, olar hukuk taýdan deňleşipdirler. Şeýlelik bilen, bu bütewilik bir tarapdan, urug gatnaşyklarynyň dargamagyny tizleşdiren bolsa, ikinji

tarapdan, geljekde Attikanyň başga taýpalarynyň Afina raýatlygyna kabul edilmekleri üçin, ädilen ilkinji ädim bolupdyr.

B.e. öň VIII–VII asyrlarda Attikanyň birleşdirilmegi öndüriji güýçleriň çalt ösmegine, senetçiligiň ekerançylykdan bölünip aýrylmagyna, söwdanyň ösmegine ýardam edipdir. Urug-taýpa gatnaşyklary çalt dargapdyr. Ilat käri boýunça geomorlar (ekerançylar) demiurglar (senetçiler) toparlaryna bölünipdir. Urug begleri – ewpatritler özbaşyna bir gatlak bolup ewpatritler (asylzadalar) diýen ady alyp, olardan saýlanyp öňe çykypdyr.

**Attikada urug gurluşynyň dargamagy. Ilatyň durmuşy gatlaklary.** Sinoýkizm syýasatyndan soň hem Attikada gadymy urug bölünişigi saklanyp gelipdir. Attikanyň ähli ilaty dört fila (taýpa) bölünipdir. Filalar bolsa öz gezeginde fratriýalara (uruglara), olaram öz gezeginde birnäçe tirelere bölünipdir. Garamaýak ilaty demos – jemagat diýip atlandyrylypdyr. B.e. öň VIII–VII asyrlarda Attikada emläk deňsizliginiň mundan beýläk güýçlenmegi tizleşipdir. Ewpatritleriň ykdysady esaslaryny Afinanyň töwereginde ýerleşýän iň oňat hasyl berýän ýerler düzüpdir. Afinada urug gatnaşyklarynyň täsiri entek güýçli bolupdyr: ýerler entek urugyň ygtyýarlygynda saklanypdyr. Emma täze gatnaşyklar ýüze çykyp, öz täsirini ýetirip başlapdyr. Ewpatritleriň içinden söwda hem süýthorçulyk bilen meşgullanýan gatlak döräpdir. Attikada, şeýle hem, bütin Gresiýada has baý, täsirli urug begleriniň sany nesilme-nesil azalypdyr. Pul aýlanyşygynyň güýçlenmegi urug gatnaşyklarynyň dargamagyny diňe bir aşaky gatlagyň içinde tizleşdirmän, eýsem ýokarky gatlagyň içinde hem tizleşdiripdir. Ewpatritleriň az bölegi baýlaşypdyr, olaryň täsiri hem artypdyr. Emma esasy bölegi garyplaşyp, aşaky gatlaklara goşulypdyrlar. Umuman, Afinada b.e. öň VIII–VII asyrlarda täsirli hem baý ewpatrit uruglary we maşgalalary az hem bolsa, olaryň elinde hemme baýlyk, güýç we häkimlik jemlenipdir.

Attikada ewpatritleriň garşysyna erkin ilatdan ybarat bolan demos durupdyr. Demosyň düzüminde öz ýerlerinde işleýän ownuk we orta daýhanlar, ownuk senetçiler, söwda-senetçilik gatlagyň gurply wekillerinden ybarat söwdagärler, gämi eýeleri girip, olar emele gelýän döwletiň düzüminde ewpatritler ýaly wezipe almaga çalşypdyrlar.

Attikada we Afinada başga jemagatlardan (obşinalardan) gelip ýaşaýanlar filanyň, fratriýanyň we urugyň düzümine girip bilmän

ýörenler az bolmandyr. Olar urug jemgyýetinden daşarda galyp, arassa adamlar hasaplanman, aýratyn bir topary – metekleri emele getiripdirler. Afinada raýatlyk hukugy bolmadyk metekler erkin, emma başga polislerden göçüp gelenler hasaplanypdyr. Olar senetçilik we söwda bilen meşgullanypdyrlar. Emma olara Attikanyň ýerinde jaý satyn almak we ýer-mülk edinmek gadagan edilipdir. Meteklere syýasy hukuklar hem berilmändir. Olar aýratyn salgyt-metekoýon salgydyny tölemeli bolupdyrlar. Iň aşaky gatlak bolan gullar syýasy we ykdysady hukuklardan doly mahrum edilipdir. Olaryň sany hem ýyl-ýyldan köpelipdir.

Attikanyň ýerinde geçirilen arheologiýa barlaglarynyň maglumatlaryna görä, jemagat ýerleri kem-kemden Afina birleşdirilipdir. Gadymyýetde her bir polisiň öz hudaýlary bolup, özara uruşlarda ýeňlen jemagatyň hudaýlary hem ýeňenleriň hudaýlary hasaplanypdyr. Emma Afina Akropolynda hudaýlaryň heýkelleriniň goýulmagyna garamazdan, olar ikinji derejeli hudaýlar hasaplanypdyr. Attikanyň ýerleriniň birleşdirilmegi bilen, birleşdirilen welaýatlaryň hudaýlarynyň heýkelleriniň Afina hudaýynyň ebedilik odunyň ýanynda yzygiderlikde goýulmagy, Attikanyň welaýatlarynyň haýsy wagtda Afina birikdirlendigini kesgitlemäge alymlara mümkinçilik beripdir.

Ilkinji birikdirlen welaýatyň biri hem deňiz kenaryndaky Paraliýa bolup, olaryň penakär hudaýy Poseýdona akropolda Afina ybadathanasynyň ýanynda sežde edilýän mukaddes ýer berlipdir. Tiz wagtdan Attikanyň demirgazyk böleginde ýerleşýän daglyk Diakriýa ýerleri birikdirlip, olaryň medetkär hudaýy Teseýiň heýkeli hem akropolda Poseýdonyň ýanynda goýlupdyr, Teseý Attikanyň rowaýatyna ymykly giren hudaýlaryň biri bolupdyr. Şeýlelikde, Afina akropoly Elewsin, Demetriý we beýleki medetkär hudaýlaryň heýkelleri bilen doldurylypdyr. Eger-de öňler her welaýatyň öz ýerli dini baýramlary bolan bolsa, indi umumy Attika dini baýramçylyklary ýüze çykypdyr. Şeýle baýramçylyklaryň biri-de, Afina şäheriniň penakär hudaýynyň baýramçylygy bolan «Panafiniý» baýramçylygy bolup, ol umumyhalk baýramçylygyna öwrülipdir.

Sinoýkizm diňe bir Afinany güýçlendirmän, eýsem urug gatnaşyklarynyň dargamagyny tizleşdiripdir. Özgerişler ilki bilen dolandyryşda bolup, Afinada merkezi dolandyryş edarasy döredilip, Afinada geçirilýän geňeşe ýerlerden gelipdirler. Indi Afinada taýpalaryň

birleşip, bir bütewi halkyň döremegine mümkinçilik beripdir. Attikada bolup geçen özgerişler urug gatnaşyklarynyň dargamagyna gönükdirlen ilkinji ädim bolupdyr. Emma sinoýkizmden soň hem Attikada urug, taýpa we tire gatnaşyklary uzak wagtlap saklanypdyr.

**Döwletiň edara edilişi.** Afinada köne urug dolandyryş ulgamy täze jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ýüze çykmagy bilen dolandyryşa gabat gelmändir. Şonuň üçin, dolandyryşda düýpli özgerişler geçirmeli bolupdyr. Gadymy döwürlerde Attikada ýokary häkimlik basileýlere degişli bolupdyr. B.e. öň VIII asyryň içinde Afinada patyşa häkimligi ýatyrylýar. Häzirki döwrüň alymlary Afinada dolandyryşyň patriarhal patyşalyk görnüşinden kem-kemden aristokratik respublika gurluşa geçişini kesgitlemäge çalyşýarlar. Mysal üçin, W.W. Latyşewanyň ýazmagyna görä, Afinada monarhiýa dolanyşygy patyşa Kodryň Attikany dorilerden halas etmek üçin başyny başlan (b.e. öň 1068-nji ý.) wagtyndan öň hem bar eken. Emma Kodr patyşanyň ornuna mynasyp adam ýok diýlip, Afinada patyşalyk ýatyrylypdyr diýip, ol rowaýaty tekrarlaýar.

Patyşa häkimligi ýatyrylandan soň, Afinany ewpatritlerden saýlanan arhontlar dolandyrypdyr. Şeýlelik bilen, ýerine ýetiriji häkimiýet arhontlaryň elinde bolupdyr. Ilki başlarda arhontlyk wezipesi ömürlik bolup, olaryň 12-si b.e. öň 753-nji ýyla çenli dolandyrypdyrlar. Şol ýyldan başlap, arhontlar 10 ýyllyk saýlanypdyr we b.e. öňki 683-nji ýyla çenli olaryň 7-si dolandyryp, olaryň 4-si Kodryň neberesinden bolup, galanlary başga baý asylzadalar maşgalasyndan saýlanypdyrlar. B.e. öň 683-nji ýyldan başlap arhontlar bir ýyllyk saýlanypdyrlar. Arhontlaryň bir ýyllyk girizilmegi köneden gelýän dolandyryş ulgamyna gutarnykly zarba urupdyr. Şonuň üçin, Afinada geçirilen bu özgerişler uly özgerişleriň biri hasap edilýär. Şol wagtdan hem Afina döwletinde respublikan gurluş girizilipdir diýip hasaplamagyň mümkindigini belläp, alym W.W. Latyşewa monarhiýa dolandyryşyň gelip çykyşynyň basgançaklaryny yzarlamaga çalyşýar.

Afinada ilki başlarda bir arhont saýlanypdyr, soňra bolsa 9 adamdan ybarat arhontlar toparyny döredipdirler, esasy häkimiýet birinji arhontyň elinde bolupdyr: 1) baş arhont – arhont eponim (ýyla at berýän), birinji arhontlaryň ady bilen ýyl ýazgylary alnyp barlypdyr; 2) arhont – basileý bolup, ol ruhanylyk wezipesini hem-de kazyýetçilik wezipelerini ýerine ýetiripdir; 3) arhont – polemarh afina halk goşunyna serkerdelik edipdir;

4) galan 6 arhontlar – fesmofetler kanunlary goraýjy bolup, köp sanly kazyýet işleri boýunça toparlara ýolbaşçylyk edipdirler. Arhontlyk wezipesi hormatly wezipe bolup, ol diňe arhontyň özi üçin bolman, eýsem oňa degişli urugyň, filanyň, fratriýanyň abraýy hasalanypdyr. Gulluk möhletini tamamlan arhontlar areopaga agza bolup giripdirler.

Afinada ekklesiýa – halk ýygnagy iň ýokary dolandyryş guramasy hasap edilipdir. Emma onuň hukuklary kem-kemden çäklendirlipdir. Ýaşulularyň geňeşi – areopag uly ähmiýete eýe bolupdyr. Irki döwürde oňa urug-taýpa aksakgallary gatnaşypdyrlar. Emma soňra ol urug begleriniň guramasyna öwrülipdir. Şonuň üçin, oňa arhontlar hem gatnaşyp başlapdyrlar, sebäbi arhontlaryň wezipe wagty tamamlanandan soň, olar kanuny taýdan döwletiň iň ýokary guramasy bolan geňeşe giripdirler. Areopag iň ýokary gözegçilik we kazyýet guramasy hasaplanyp, ähli häkimiýet onuň elinde jemlenipdir. Areopagyň geňeşi uruş hudaýyna – Areýa bagyşlanan baýryň üstünde geçirilipdir. Şondan hem, geňeşiň ady areopag bolup galypdyr.

B.e. öň VIII–VII asyrlarda kemala gelýän Afina polisinde agalyk ediji ýagdaýy urug begleri – ewpatritler eýeläpdir. Olar öň ildeşlerine degişli jemagat ýerleriniň köpüsini eýeläpdirler. Ýerini gideren garamaýak ilat ewpatritleriň gol astyna düşüpdir. Gadymdan gelýän däbe görä ewpatritler adat kanunlaryny bilýän hem-de olary düşündirýän adamlar bolup hyzmat edipdirler. Şonuň üçin, olar islendik meseläni kanunlaryň üsti bilen öz bähbitlerine çözüp bilipdirler.

Areopagyň agzalygyna we arhont wezipelerine diňe Afinanyň has täsirli ewpatrilerinden goýlupdyr. B.e. öň VIII–VI asyrlarda Attikada halk ýygnagy bolan ekklesiýa çagyrylypdyr. Täze döwrüň ýygnaklary gomerçilik döwrüniň halk ýygnaklaryndan tapawutlanypdyr. Eger-de öňki halk ýygnaklarynda jemgyýetiň hemme erkek göbeklisi gatnaşan bolsalar, indi ýygnaklara diňe arhontlaryň çagyran adamlary gatnaşyp bilipdirler. Şonuň üçin, bu döwürde Afinada geçirilýän halk ýygnaklary urug begleriniň gulak asyjy ýygnagy hökmünde işläpdir. Bu döwürde Attikada häkimligiň diňe urug begleriniň elinde jemlenendigini aýtmak bolar.

**Durmuşy garşylyklaryň ýitileşmegi. Kilonyň dildüwşügi.** Haryt-pul gatnaşyklarynyň ösmegi bilen Afina öz daşary syýasatyny güýçlendirip başlapdyr. Ilki bilen harby gämileri edinmek zerurlygy ýüze çykýar. Harby gämileri ýasamak üçin pul serişdesini toplamaly

bolupdyr. Attikanyň ähli ýeri 48 sany etraplara bölünipdir. Her etrap bir harby gämini ýasadyp, ony doly ýaraglandyrmaly hem-de esgerler bilen üpjün etmeli edilipdir, olardan başga-da, etraplar iki sany atly esgeri hem bermeli edilipdir.

Bu döwürde Afina deňze çykmaga mümkinçilik bolmansoň, Salamin adasy üçin, Megara bilen uruş alyp barypdyr. Attikanyň içki syýasy durmuşynda bolsa, demos bilen ewpatritleriň arasynda güýçli göreş dowam edipdir. Bu ýagdaý b.e. öň VII asyryň 30-njy ýyllarynda Kilonyň ýolbaşçylygynda gozgalaň turmagyna getiripdir. Kilon Megaranyň tirany Feageniň giýewsi bolup, Olimpiýa oýunlarynyň ýeňijisi hökmünde uly abraýdan peýdalanypdyr. Ol Zewsiň hormatyna geçirilýän baýramçylykda halk köpçüliginiň üýşmeleňinden peýdalanyp, öz tarapdarlary bilen döwlet agdarylyşygyny geçirmek maksady bilen, Akropoly basyp alýar, emma halk köpçüligi olary goldamaýar.

Ewpatritler bolsa tiz jebisleşip Akropoly gabapdyrlar. Kilon gaçyp, özüni halas edipdir, onuň tarapdarlaryna bolsa, Afina ybadathanasyny taşlasalar zat diýilmejekligi duýdurylypdyr. Emma ybadathanadan çykylan wagty olaryň hemmesi öldürilipdir, käbirleri bolsa Akropolyň içinde öldürilipdir. Akropoly gabanlara Alkmeonidler urugynyň wekilleri ýolbaşçylyk edipdir hem-de şäheriň penakäri hasaplanýan Akropolda gan döküpdirler. Soňra bu etmişleri üçin, bütin Afinanyň taryhynda olaryň duşmanlary öz syýasy göreşlerinde, mümkin bolan ýagdaýda, öz uruglaryna ysnat getirenler hökmünde, olary ýazgaryp çykyş edipdirler. Kilonyň çykyşy durmuşy gapma-garşylyklary ýitileşdiripdir. Kilon ýurtdan kowlandan soň hem syýasy göreş dowam edipdir.

Ewpatritleriň demosa ilkinji eglişigi Drakontyň kanunlarynyň ýazga geçirilmegi bilen başlanypdyr. Şoňa çenli Afinada ýazgy kanunlary bolmandyr. Kazyýet işleri adat kanunlary esasynda alnyp barlypdyr. Kanunlaryň ýazgysy bolmansoň, ewpatritlerden bolan kazylar adat kanunlaryny özleriçe, adalatsyz çözüpdirler. Bu ýagdaý sebäpli, demos gatlagy ulanylýan adat kanunlarynyň ýazylmagyny talap edipdirler.

**Drakontyň kanunlary.** Begleriň ykdysady ýagdaýynyň berkemegi, olaryň jemgyýetde agalyk ediji ýagdaýy eýelemegi, dolandyryş guramalaryny eline almagy bir tarapdan, urug guramalarynyň dargaýandygyny görkezýän bolsa, ikinji tarapdan, olaryň öz agalygyny saklamak üçin, urug-taýpaçylyk dolandyryş guramalaryny täze dö-

8 Sargyt № 2730

würe uýgunlaşdyrmaga, olardan başarjaň peýdalanmaga çalyşýandyklaryny görkezýär.

Demosyň tabşyrmagy bilen b.e. öň 621-nji ýylda birinji arhont Drakonta dowam edýän kanunlara tazeden seredip, olary ýazga geçirýär. Drakontyň bu tabşyrygy ýerine ýetirmegi bilen «Drakontyň kanuny» diýilýän kanun ýüze çykýar. Bu kanunlar ewpatritleriň agalygyna garşy urlan ilkinji uly zarba bolýar. Drakont diňe bir köneden dowam edýän kanunlary ýazmak bilen çäklenmän, eýsem ol şol döwre mahsus täze kanunlaryň hem birnäçesini goşupdyr. Mysal üçin, Drakontyň kanunynlarynda öldürilen adamyň aryny almak üçin dowam edýän gan almak däbi ýatyrylypdyr. Kazyýet işleri boýunça, günäkär adamlara jeza bermekligiň täze düzgünleri girizilipdir. Bilkastlaýyn adam öldüren bilen tötänlikde adam öldüreniň arasynda tapawut goýlupdyr. Kanunlarda hususy eýeçiligi goramaga aýratyn orun berlipdir. Kesekiniň emlägine el uran adam gazaply jeza – ölüme höküm edilipdir. Hatda kesekiniň bakjasyndan gök önüm ogurlan adama-da ölüm jezasy höküm edilipdir. Bu çäreler urug gurluşy döwrüniň bilelikdäki eýeçilik däbiniň garşysyna, emele gelýän hususy eýeçiligi goramak üçin zerur bolupdyr.

«Drakontyň kanuny gan bilen ýazylan» diýip, grekler häsiýetlendiripdirler. Grekleriň gürrüňine görä, näme üçin sähel zat üçin ölüm jezasyny girizendigi Drakontdan soralanda, sähelçe ogurlyk edenleriň oňa mynasypdygyny, agyr günäler üçin bolsa, ondan ýokary jezany oýlanyp durmagyň gereginiň ýokdugyny Drakont aýdypdyr. Ölümden başga jezanyň bolmazlygy ilkinji grek kanunlarynyň juda ýönekeý ýazylandygyna güwä geçýär. Emma muňa garamazdan, Drakontyň kanunynyň taryhy ähmiýeti uly bolupyr.

Drakontyň kanunlary täze döwlet düzgünleriniň girizilmeginiň tarapdarlary bolan durmuşy gatlaklaryň, ylaýta-da, ewpatritleriň köne adata daýanyp, eden-etdiliginden kösenýän garamaýaklaryň uly üstünligi bolupdyr. Şeýle-de, kanunlaryň ýazylmagy ewpatritleriň elinde bolan kazylaryň eden-etdiligini hem çäklendiripdir.

Emma ilatyň esasy köpçüliginiň ýagdaýy öňküsi ýaly agyrlygyna galýardy. Çünki esasy eklenç çeşmesi bolan ýer ewpatritleriň elinde jemlenipdi. Bu ýagdaý halk köpçüliginiň närazylygyny ýitileşdiripdir.

B.e. öň VII asyryň ahyrynda Afinada durmuşy garşylyklar örän ýitileşýär. Ol islendik pursatda ganly çaknyşmalara alyp baryp biljekdi. Şeýle ýagdaýa göz ýetiren ewpatritler eglişige gitmäge, ýagdaýy

kadalaşdyrmak wezipesini ýüklemek bilen Solony (b.e. öň 594-nji ý.) arhont saýlamaga mejbur bolupdyrlar.

**Solonyň özgertmeleri we Afina demokratiýasynyň düýbüniň tutulmagy.** Kanunlaryň ýazga geçirilmegi demosyň afina daýhanlaryny we söwda-senetçilik gatlagyny kanagatlandyrmandyr. B.e. öň VII–VI asyrlarda oba hojalygynyň ýagdaýy maddy hem-de hukuk taýdan juda agyrlaşypdyr. Ol kynçylyklar barada Aristoteliň «Afina politiýasy» we Plutarhyň «Solonyň terjimehaly» atly eserlerinde beýan edilipdir. Bu eserleriň bir taraplaýyn ýazylandygyna garamazdan, Attika daýhanlarynyň tozdurylýandygy beýanlarda aýdyň berlipdir. Bu döwürde ýerler urug eýeçiliginde bolansoň, ony satyp bolmandyr, birine bergi üçin ýa-da wesýet edip galdyryp hem bolmandyr.

Emma süýthorçulyk bilen meşgullanýan ewpatritler munuň hem ugruny tapyp, jemagat adamlaryna ýer paýlaryny girewine goýanlary üçin pul berip, olary bergä batyrypdyrlar we olaryň ýerlerinde atlary ýazylan «bergi daşlaryny» dikip çykypdyrlar. Bergidar wagtynda bergisini bermese, onda olaryň ýeri ellerinden alnypdyr, emma kanuny taýdan, ýer jemagatyňky hökmünde durupdyr. Daýhan öz ýerinde işläpdir, ýöne alýan girdejisinden bir bölegini hojaýyna bermeli bolupdyr. Şeýle daýhanlara pelatlar ýa-da gektemorlar (altydan biri) diýlipdir, ýagny bergidar adamalar alýan hasylynyň altydan bir bölegini hojaýyna bermeli bolupdyrlar.

Aristoteliň berýän maglumatyna görä, Attikada Solonyň özgertmeleriniň öň ýanynda (b.e. öň VI asyryň başynda) ekerançylyk bilen meşgullanýan ilat köpçülikleýin baý ewpatritlere bergidar bolupdyrlar. Olar ewpatritleriň ýerini özleriniň şahsy erkinligini girewine goýup pul karz alypdyrlar. Baý emeldarlarlaryň bergidarçylyk kanuny esasynda bergidary, onuň çagalaryny Attikadan daşary ýerlere gulçulyga satmaga çenli hukuklary bolupdyr.

Aristotel özüniň «Afina politiýasy» işinde «Umuman, (Afinada) döwlet gurluşy oligarhiýa gurluşly bolupdyr, emma iň esasy zat garyplaryň diňe bir özleri däl, eýsem olaryň çagalary, aýallary hem bakna ýagdaýda galypdyrlar. Olara pelatlar we gektemorlar diýlipdir, sebäbi bergidarlar ýerlerde kärendesine işläpdirler. Eger-de kärendeçi kärende hakyny wagtynda bermese, onda olaryň özlerinem, çagalarynam baknalyga öwrüpdirler» diýip ýazýar.

Syýasy häkimiýeti öz ellerinde jemlän ewpatritlere garşy diňe bir bakna edilen adamlar garşy bolman, eýsem ilatyň söwda--senetçilik bilen meşgul bolýan gatlagy hem garşy çykypdyr. Sebäbi emeldarlaryň bir böleginiň baýlaşmagynyň esasy çeşmesi deňiz söwdasyndan gelipdir. Şonuň üçin, olar deňiz söwdagärleri bilen goşulyşypdyrlar. Bu ýagdaý ewpatritleriň agalygyna garşy jemgyýetiň beýleki gatlaklarynyň hem garşy çykmagyna getiripdir. Netijede, has uzakdan görýän ewpatrit toparlary, demosa käbir eglişikleri edip, häkimligi saklap boljaklygyna düşünipdirler.

Takmynan, Drakontdan 25 ýyldan soň, b.e. öň 594-nji ýylda syýasy meýdana Solon çykýar. Görnükli syýasy işgär, akyldar we şahyr Solon emele gelen çylşyrymly ýagdaýa oňat düşünipdir. Gelip çykyşy boýunça patyşa Medontidler neslinden bolan Solon köp syýahatçylyk edip, Gresiýanyň we Kiçi Aziýanyň köp ýerlerinde bolupdyr, söwda bilen meşgullanypdyr. Plutarhyň sözlerine görä, ol baý bolmaga çalşypdyr. «Meniň baý bolasym gelýär, emma haram gazanylan baýlykdan ýognasym gelenok» diýer eken diýip, Plutarh Solonyň ahlak taýdan arassa adam bolandygyny belleýär.

Solon Afinanyň söwda-senetçiler gatlagynyň çekýän kynçylygyny oňat bilipdir. Ol Afinada ewpatritleriň köne adatlaryň saklanyp galmagyny isleýändigine, ýönekeý garamaýaklary ezmegiň hasabyna baý-bezemen ýaşaýandyklaryna, ykdysady we medeni ösüşe päsgel berýändiklerine, şonuň esasynda bolsa jemgyýetde howply ýagdaýy emele getirýändiklerine oňat göz ýetiripdir. Afinanyň şöhratly geljegini üpçün etmek üçin, umumy ykdysadyýetiň ýokary götermelidigine, ekerançylygyň ösdürmelidigine, senetçilige giň ýol açmalydygyna, söwda gatnaşyklarynyň giňeltmelidigine, ilatyň söwda-senetçilik bilen meşgullanýan orta gatlagy üçin, amatly hojalyk şertleriniň döredilmelidigine, döwletiň syýasy işlerine giň halk köpçüliginiň gatnaşmagyny ýola goýmalydygyna ol oňat düşünipdir. Salamin adasynyň Megaralylaryň elinde galmagyny islemedik Afina ýaşlaryny Megara garşy watançylyk ruhy galkynyşda görüp, Solon şäher meýdançasyna çykyp özüniň «Salamin» goşgusyny okap, afinaly raýatlary urşa çagyrypdyr. Netijede, ýene Megara bilen uruş başlanypdyr. Harby herekete ýolbaşçylyk etmeklik Solona tabşyrylypdyr, bu uruş afinalylaryň ýeňşi bilen tamamlanypdyr. Şondan soň, Solon Afinada iň meşhur adamlaryň biri hökmünde tanalyp başlapdy.

Giň hukuklary almak bilen, b.e. öň 594-nji ýylda birinji arhont saýlanandan soň, Solon Afina jemgyýetini we döwletini kämilleşdirmäge gönükdirilen maksatnamalary amala aşyrmak üçin, özgertmeler toplumyny geçirmäge başlaýar.

Ykdysadyýet babatdaky çäreler Afinanyň hojalygyny işjeň, girdejili etmäge gönükdirilýär. Attikanyň oba ýerlerini suw bilen üpjün etmek çäreleri amala aşyrylýar. Zeýtun agaçlarynyň meýdanyny giňeltmek üçin, zeýtun ýagyny daşary ýurtlara satmaga ygtyýar berilýär. Şol bir wagtda daşary ýurda galla çykarmak gadagan edilýär. Bu çäreler soňra zeýtun ýagyny öndürýän pudagyň gülläp ösmegine, onuň köp girdeji getirmegine ýardam edipdir.

Solon senetçiligiň ösmegine itergi berjek çäreleri-de geçiripdir. Ol eger atasy ogluna öz hünärini öwretmese, garransoň ogly ony eklemekden ýüz döndermäge ygtyýar berýän kanuny hem çykarypdyr.

Kiçi Aziýanyň we Ewbeý adasynyň Ioniý şäherleri bilen söwda gatnaşyklarynyň ösmeginiň netijesinde, Solon bu welaýatlarda ýaýran egin pul (teňňe) ulgamyny ýatyryp, ewbeý teňňesini dolanyşyga girizýär. Pul özgertmesiniň esasynda köne 70-73 egin drahmasy Solonyň girizen 100 ewbeý teňňesine deň bolupdyr. Muňa garamazdan, Solon alyş-çalyşda hereket edýän teňňaniň umumy möçberini artdyrypdyr, bu bolsa pul aýlanşygynyň mundan beýläk ösmegine ýardam edipdir. Solon girdeji getirmeýän zatlary, ýagny mallary köp möçberde öldürip sadaka bermegi, gymmat düşýän guburhanalary gurmagy hem gadagan edýän kanunlary girizipdir.

Solonyň durmuşy häsiýetli özgertmeleri-de uly ähmiýete eýe bolupdyr. Bu ugurdaky çäreler Afina şäheriniň jemgyýetçilik gurluşynyň düýpli özgermegine alyp barypdyr.

Bergidarçylygy ýatyrmak baradaky kanun Solonyň iň möhüm çäreleriniň biri bolupdyr. Şol döwürde garyp düşen adamlar ýer paýyny girewine goýmak bilen karz almaga mejbur bolupdyrlar. Bergi üçin girewine goýlan ýerleriň bir çetinde girewine goýlan ýerdigini görkezýän ýazgy daşlaryny dikipdirler. Attikanyň ekin meýdanlary şolar ýaly «bergi daşlaryndan» dolupdyr. Bergidarçylygy ýatyrmak barada kanun kabul edilipdir, meýdanlardan «bergi daşlary» zyňlyp taşlanypdyr. Solonyň bu geçiren çäresine «sisahfiýa» – borçlary silkip taşlamak kanuny diýlipdir. Şol kanun esasynda bergidarçylyk gulçulygy hem ýatyrylypdyr. Bergileriň ýatyrylmagy we bergisi üçin

erkin adamy gula öwürmegiň gadagan edilmegi, urug beglerine garşy urlan uly zarba bolupdyr. Çünki olar öň bergidar adamlaryň ýerini almak we olary gula öwürmegiň üsti bilen baýlaşýardylar. Indi bergidar bergisini erkinligini ýitirmek bilen däl-de, diňe öz emlägini berip hasaplaşyp bilipdir. Attikadan beýleki ýerlere bergisi üçin gulçulyga satylan bergidarlar hem jemgyýetiň hasabyna satyn alnyp watanyna getirilmeli edilipdir.

Attikada we beýleki grek polislerinde bergidarçylyk baknalygyň ýatyrylmagynyň taryhy ähmiýeti uludyr. Jemgyýetiň durmuş-ykdysady esaslaryny opurýan jemgyýetiň erkin adamlarynyň gulçulyga geçirilmegi ýatyrylandan soň, Gresiýada gulçulygyň mundan beýläk ösmegi, diňe keseki ýerlerden getirilýän gullaryň hasabyna artdyrylypdyr.

Solon karz göterimini hem çäklendirip, abraý gazanypdyr. Bu çäreler Afinanyň ilatynyň esasy köplügini düzen daýhanlaryň ykdysady ýagdaýyny berkitmäge gönükdirlipdir. Solon emlägi, ýeri erkin wesýet etmäge ygtyýar berýän, mülküň möçberini çäklendirýän kanunlary girizipdir. Plutarh «Solonyň terjimehaly» atly işinde: «Solon şeýle-de wesýet baradaky kanuny çykaryp, uly şöhrata eýe bolýar. Öňler muňa mümkinçilik ýokdy, merhumyň emlägi we öý hojalygy öz urugynyň ygtyýarynda galdyrylypdyr; indi kanunlar islendik adama, eger-de onuň kanuny çagalary bolmasa, ol öz emlägini kime bereýin diýse bermäge hukuk berýär» diýip ýazýar. Şeýlelik bilen, Attikada urug ýer eýeçiligi hususy eýeçilik bilen çalşylýar. Ýerleriň jemagat eýeçiliginden boşadylmagy netijesinde, ýerleriň iri ýer eýeleriniň--ewpatritleriň ellerinde jemlenmegine ýol açylýar. Netijede, Solonyň kanunlary ilki başda ýer özgertmeleriniň netijesinde emeldarlaryň ýitiren ýerleriniň öwezini dolmaga doly mümkinçilik döredipdir.

Solonyň özgertmeleriniň ahyrky netijesi Attikada syýasy özgertmeleriň geçirilmegine getirmegidir. Ol Afina halk ýygnagynyň işjeňleşmegine alyp barypdyr. Halk ýygnagy ozal hem wagtal-wagtal çagyrylypdyr. Emma ol ýygnaklar begleriň islegine görä hereket edipdir. Solonyň döwründe ýagdaý düýpgöter özgerýär. Halk ýygnagynda möhüm döwlet meseleleri çözülip başlaýar. Beglere garşy gönükdirilen kanunlar kabul edilýär. Solonyň kanunlarynyň köpüsi demosda – halk ýygnaklarynda kabul edilipdir. Bu çäreler urug gurluşyna ýene-de bir urlan urgy bolupdyr. Öň bellenilişi ýaly, Solondan öň

ähli syýasy hukuklar ewpatritleriň elinde bolupdyr. Solon raýatlaryň syýasy hukuklaryny kesgitleýän timokratik özgertmeler diýlip atlandyrylýan (time – emläk baýlygy esasynda) özgertmesini girizýär.

Halk ýygnagynyň işini oňat guramak maksady bilen, Solon emläk baýlygy esasynda bütin Attikanyň raýat ilatyny dört sany topara bölüp, 400-leriň geňeşini döredýär. Oňa Attikanyň ilatynyň 4 taýpasynyň her birinden 100 adam saýlanypdyr. Birinji topara öz ýerlerinden, bagyndan, bakjasyndan 500 medimin (1 medimin 52,5 litre deň çakyr, ýag) girdeji alýan adamlar goşulypdyr. Ikinji topara 300 medimin alýan hojalyklar, ýagny söweş atyny edinip bilýänler goşulypdyr. Üçünji topara 200 medimin girdeji alýan ortagürp daýhanlar – zewgitler (goşa öküziň eýesi) goşulypdyr. 200 mediminden az alýan we girdejisi bolmadyk ähli galan raýatlar–fetler dördünji topara goşulypdyr. Döwletiň raýatlarynyň hukuklary we borçlary olaryň ýer eýeçiliginiň möçberine görä kesgitlenipdir. Her toparyň adamlarynyň özlerine degişli hukuklary we borçlary kesgitlenipdir. Birinji we ikinji toparyň adamlary atly goşunda gulluk edipdirler. Ýokary wezipelere saýlanypdyrlar. Zewgitler agyr ýaraglanan pyýada goşunda gulluk edipdirler. Käbir wezipelere saýlanypdyrlar. Fetler ýeňil ýaraglanan kömekçi pyýada goşuny düzüpdirler. Olara diňe halk ýygnagynda ses bermäge ygtyýar berlipdir. Ilatyň taýpalara, uruglara bölünmegini Solon ýatyrmandyr. Emma olar indi ozalky ähmiýetini ýitiripdir.

Solonyň döreden 400-leriň geňeşi halk ýygnagynda garaljak meseleleri taýýarlapdyr. Geňeş gündelik döwlet işleriniň beýleki meselelerini hem çözüpdir. Halk ýygnagyna Afinanyň uly ýaşly raýatlarynyň hemmesi gatnaşyp bilipdir. Ekklesiýa döwletiň ähli wezipeli adamlaryny saýlapdyr, emma döwletiň ýokary guramasy bolan arhontlar diňe birinji toparyň raýat adamlaryndan saýlanypdyrlar. Netijede, 400-leriň geňeşiniň döredilmegi begleriň hökümet guramasy bolan areopagyň häkimiýetini çäklendirip bilmändir. Areopag döwletiň ähli guramalarynyň üstünden diňe bir gözegçilik etmän, eýsem olary jenaýata hem çekip bilipdir. Şeýlelik bilen, emläk esasynda geçirilen özgertmeler döwleti dolandyrmaga baý we gurply adamlaryň gelip çykyşlaryna garamazdan, köpçülikleýin gatnaşmaklaryna mümkinçilikleri döredipdir. Emma Attikanyň gurply ilatynyň esasy bölegini öňküler ýaly ewpatritler saklap galypdyr.

Solonyň özgertmeleri Afinanyň harby guramasyna hem täsir edipdir. Her toparlaryň raýatlarynyň harby gulluk wezipeleri we olary özleriniň hasabyna ýaraglandyrmaklyk girizilipdir. Birinji iki topary harby ýörişlere gidýän atly esgerler düzüpdir, zewgitler agyr ýaraglanan pyýada (goplitlar) goşunda, fetler bolsa ýeňil ýaraglanan goşunda gulluk edipdirler. Olar harby gämilerde esgerlik wezipesini ýerine ýetirmän hyzmatçy wezipesini ýerine ýetiripdirler. Bulardan başga-da, ýokarky iki topardaky goşunyň üstüne jemgyýetçilik (liturgiýa) işleri ýagny baýramçylyklary gurnamaklyk, döwlete hemme tarapdan üpjün edilen harby gämileri bermeklik ýüklenipdir. Ozallar polisiň harby güýjüniň esasyny begler düzen bolsa, indi goşun ilatyň orta gatlagyndan düzülýän agyr ýaraglanan pyýada esgerlerden (goplitlerden) düzülipdir.

Fetlere diňe halk ýygnaklaryna gatnaşmaklyk hukugy berlipdir hem-de Solon tarapyndan döredilen kazyýet işlerine – geliýa saýlanyp bilipdirler. Geliýa wezipeli adamlaryň hasabatlaryny barlamak, raýatlaryň arasyndaky köp sanly jedelleri çözmek işlerini alyp barypdyr. Bu Afinyda ýokary kazyýet guramasy bolup hereket edipdir. Kazyýet işleriniň emläksiz raýatlardan ybarat geliýa berilmegi Aristoteliň pikirne görä, Solonyň geçiren demokratik çäreleriniň iň esasylarynyň biri bolupdyr.

Polisiň barha çylşyrymlaşýan maliýe işlerine ýolbaşçylyk etmek üçin täze wezipeler döredilipdir. Olaryň içinde Afinada 11 adamdan ybarat polisiýa gulluguny amala aşyrýan topar döredilýär. Solonyň çäreleriniň esasy mazmuny giň halk köpçüliginiň gatnaşmagynda dolandyrylýan döwlet gurluşyny döretmekden ybaratdyr. Grekler döwlet meseleleriniň halk köpçüliginiň – demosyň çözülmegine gatnaşyp bilýän döwletine demokratiýa diýipdirler.

Solonyň özgertmeleriniň netijesinde, soňra Afinanyň gülläp ösmegine getiren polis demokratiýasynyň binýady tutulýar. Solonyň özgertmelerini öz ähmiýeti boýunça Afinanyň taryhynda hakyky rewolýusiýa hökmünde häsiýetlendirmek bolar.

Solonyň özgertmeleri hem Afinada içerki göreşi togtadyp bilmeýär. Çünki ol özgertmeler diňe bir urug beglerini däl, eýsem ilatyň iň garyp gatlagyny hem kanagatlandyrmandyr. Garamaýak ilata ýokarky üç gatlaga berlen syýasy hukuklar berilmeýär, garamaýak ilat geçirilen özgertmelerden ýerleriň täzeden paýlanylmagyna garaşýardy, emma olaryň ol arzuwlary başa barmaýar.

Häzirki döwrüň alymlarynyň pikirine görä, Solonyň geçiren özgertmeleri ylalaşdyryjy özgertmeler hasap edilýär. Ne demos, ne-de ewpatritler ondan kanagatlanypdyr. Halk köpçüligi ýerleriň bölünmegini talap edipdir. Baý emeldarlar bolsa Solonyň kanunlarynda demosa artykmaç egilişik edildi diýip närazylyk bildiripdirler. Emma Solonyň kanunlary esasynda ewpatritler ýene-de birnäçe ýyllaryň dowamynda agalyk ediji ýagdaýda saklanandyklaryna düşünmändirler.

Netijede, Afina jemgyýetiniň dürli gatlaklarynyň Solonyň kanunlaryndan nägileligi, Solonyň öz wezipesini taşlap, Afinadan gitmegine sebäp bolupdyr. Solon «Men edil möjek kimin it sürüsiniň içinde pyrlanmaly boldym» diýip Afinadaky biri-biri bilen duşmançylykly toparlaryň içinde öz düşen ýagdaýyny häsiýetlendiripdir« diýip, Aristotel «Afina syýasaty» işinde ýazypdyr. Şeýle ýagdaýda-da Solon öz çykaran kanunlaryny üýtgetmegi islemändir. Ol özüne duşman gazanmajak bolup çalşypdyr, soňra-da 10 ýyllap ýurduna dolanmajagyny aýdyp, Müsüre syýahatçylyk etmäge gidipdir.

B.e. öň VI asyryň 80-nji ýyllarynda Afinada syýasy göreş ýene-de güýçlenýär. Syýasy tertipsizlikler sebäpli, aýry-aýry ýyllarda arhontlary saýlamak hem başa barmandyr. Şoňa görä-de, ol ýyllar Afinanyň taryhyna arhontlaryň saýlanylmadyk ýyllary hökmünde giripdir. Syýasy göreş has hem şol ýyllarda, Afinada ýüze çykan üç sany syýasy toparyň arasynda güýçlenipdir. Olaryň birinjisine pedeiler (düzlük ýerleriň ýaşaýjylary), ikinjisine paraliler (kenarýaka sebitiň ýaşaýjylary), üçünjisine diakriler (daglyk ýerleriň ýaşaýjylary) diýipdirler. Pedeiler iri mülkdarlar bolup, esasan, olar gadymy begleriň neberelerinden düzülipdir. Olara Likurg ýolbaşçylyk edipdir. Olar Solonyň kanunlarynyň ýatyrylmagynyň tarapdary bolupdyr. Paraliler Alkmeonid Megaklyň ýolbaşçylygynda şäheriň gurply adamlaryndan, senetçilerden, orta daýhanlardan düzülip, Solonyň kanunlarynyň saklanmagyny isläpdirler. Diakriler ownuk ýer eýeleri, şäher garyplary – fetler bolup, Pisistratyň ýolbaşçylygynda özlerine ýer paýlanmagyny we syýasy hukuklaryň berilmegini talap edipdirler.

**Pisistratyň tiranlygy.** Pisistrat gadymy Afinanyň asylzada uruglaryndan gelip çykypdyr. Ol Frakiýanyň altyn käniniň eýesi bolyp, iň baý adamlaryň birine öwrülýär. Pisistratyň ýokary galmagy Salamin ugrunda bolan uruşda başlanypdyr. Pisistratyň ýokary galmagyndan çekinen ewpatritler onuň janyna kast etmekligi gurnapdyrlar, emma ol

başa barmandyr. Şondan soň, diakrileriň talap etmekleri zerarly, halk ýygnagy Pisistrada jan penakärlerini berýär. Penakärler diakrileriň daýhanlaryndan bolup, olar taýak bilen ýaraglanypdyrlar. Pisistrat daýhanlaryň gollamagyna we taýakçylaryň kömegine daýanyp, b.e. öň 560-njy ýylda Afinada häkimligi basyp alýar. Netijede, bu syýasy göreş diakrileriň ýeňmegi bilen tamamlanýar. Emma onuň häkimligi ilki başlarda berk bolmandyr. Häkimiýeti eline alan Pisistrat ony berkitmek çärelerini amala aşyryp başlaýar. Onuň Attikanyň daýhanlarynyň bähbitlerini goraýan syýasaty, ewpatritleriň-pedeileriň we paralileriň närazylygyny döredipdir. Pisistirat tiran hökmünde birinji gezek 5 ýyl dolandyrýar, altynjy ýylda Likurgyň we Megaklyň tarapdarlary birleşip ony kowýarlar. Emma bu birleşen toparlaryň öz arasynda göreş güýçlenip, olaryň ylalaşygy uzaga çekmändir. Ewpatritler tarapyndan gysylyp başlanan paralileriň serdary Megakl çykgynsyz ýagdaýda Pisistrat bilen gepleşik geçirip, onuň öz gyzyna öýlenmegine ylalaşýar we Pisistratyň häkimiýet başyna gaýdyp gelmegine kömek edýär.

Ikinji gezek Pisistrat ýedi ýyl dolandyrýar, emma diakriler bilen paralileriň arasynda ýene-de bölünişik bolup geçýär. Netijede, Pisistrat Afinadan ýene-de kowulýar. Pisistrat bilen onuň tarapdarlarynyň köpüsi şäherden gidipdirler. Frakiýanyň Pankeýdäki altyn käninden köp girdeji alan Pisistrat öz serişdesiniň hasabyna goşun toplaýar we Ewbeý adasyndaky Eretriýa şäheri bilen ylalaşyk baglaşyp, fessaliýanyň we fiwylileriň kömek bermegi bilen Attikanyň kenaryna, Marafon jülgesiniň ýanyna düşýär. Ol öz harby güýjüne we diakrileriň goldawyna daýanyp, ýene-de Afinada häkimýeti basyp alýar we tiran hökmünde ömrüniň ahyryna çenli (b.e. öň 527-nji ý.) dolandyrýar.

Pisistratyň häkimliginiň sosial esaslaryny diakriler düzüpdir. Ol häkimlige gelmäge ýardam eden Afinaly daýhanlaryň isleglerini öz syýasy duşmanlaryndan alnan ýerleriniň hasabyna kanagatlandyrýar. Mundan başga-da, Pisistrat Afinaly daýhanlara döwlet gaznasyndan pes göterimde karz pul bermekligi hem girizýär. Pisistrat olaryň tölemeli salgytlaryny hem ýeňledýär, Attikanyň daýhanlarynyň durmuş ýagdaýynyň gowulanmagy üçin, başga-da kabir çäreleri geçirýär. «Ol oba hojalygynyň garyp adamlary dok bolar ýaly, olary öňünden pul bilen üpjün edipdir» diýip, Aristotel öz işinde ýazýar.

Psistratyň döwründe Solonyň kanunlary dowam etdirilýär. Emma olaryň üstünden Pisistratyň ýeke-täk hökümdarlygy berkakar edilýär.

Pisistrat göçme kazyýet edaralaryny hem döredýär. Kazylar obalara baryp, daýhanlaryň jedellerini ýerinde çözüpdirler. Bu olary wagt ýitirip, şähere gatnamakdan halas edipdir. Pisistrat Attikanyň ähli ilaty üçin girdejiniň $\frac{1}{10}$ bölegi möçberinde döwlet salgydyny girizýär. Pisistrat daşary ýurda satmak üçin öndürilän senetçilik önümlerini artdyrmaga ýardam edýän çäreleri hem geçiripdir. Ol uly möçberli gurluşyk işlerini alyp barypdyr. Akropolda Afina bagyşlap, geljekki Parfenonyň ýerinde Pallada ybadathanasyny, şäheri suw bilen üpjün etmek üçin ýapyk suw geçirijini gurdurýar. Pisistrat Olimpiadada Zewsiň ybadathanasynyň düýbüni tutýar. Elewsinde Demetriniň ybadathanasy we beýlekileri gurdurýar. Pisistrat Afinanyň daşary söwdasyny ösdürmek üçin Egeý deňzinde işjeň syýasat ýöredýär. Deňiz söwdasynyň ösmegi üçin, gämi gurlyşygyny-da çaltlaşdyrýar. Şeýlelik bilen, Afina şäheri uly gurluşyklaryň merkezine öwrülýär.

Pisistrat medeniýetiň we sungatyň ösmegi üçin hem alada edýär. Ol Afina iň tanymal şahyrlary, sungat ussatlaryny çagyrýar. Panafineý baýramçylygy ýaly baýramçylyklary hem uly dabara bilen geçirilip başlanýar. Ozal obalylaryň baýramy bolan Dionisiý baýramçylygy hem döwlet derejesinde geçirilip başlanýar. Baýramçylykda aýdylýan aýdymlar, oýnalýan sahnalar grek teatrynyň başlangyjyny goýýar.

Pisistrat daşary syýasaty hem üstünlikli alyp barypdyr. Onuň esasy maksady – Egeý deňzinden Gara deňzine geçilýän aýlaglary öz eline alyp, möhüm deňiz söwda ýollarynda ornaşmakdan ybarat bolupdyr. Pisistrat Frakiýanyň kenaryndaky baý Pangeý magdan ýataklaryny eýeleýär. Lemnos, Imbros adalarynda ornaşýar. Gellespontyň Aziýa kenaryndaky Sigeý şaherini basyp alýar. Pisistrat Naksos we Samos adalarynyň tiranlary bilen hem dostlukly gatnaşygy ýola goýýar. Pisistratyň daşary syýasatdaky üstünlikleri Afinanyň halkara abraýyny ýokary göterýär.

Pisistrat aradan çykandan soň onuň häkimligini ogullary Gippiý hem Gipparh miras alýarlar. Emma olara häkimiýeti uzak saklamak başartmaýar. B.e. öň 514-nji ýylda dildüwşüklik netijesinde Gipparh öldürilýär. Şol sebäpli, Gippiniň zabun düzgünleri girizmegi ilatyň nägileligini döredýär. Gippiniň dörwünde Afina hökümdarlarynyň daşary syýasaty hem şowsuzlyga uçraýar. Pars patyşalygy Kiçi Aziýadaky grek şäherlerini, Egeý deňziniň adalaryny basyp alýar.

Şeýle ýagdaýda Pisistrat tarapyndan kowlan tanymal alkmeonidler urugynyň wekilleri, halkyň nägileliginden peýdalanyp, Klisfeniň ýolbaşçylygynda Gippä garşy göreş başlanýar. Olar öz serişdesine goşun edinip, Beotiniň we Ewbeýiň aristokratik hökümetleri bilen ylalaşyk gazanyp, Spartadan hem kömek soraýarlar. Sparta patyşasy Kleomonyň Attika açyk harby goşun çekmegi bilen Afina gabalýar. Gippiý boýun egmäge mejbur bolýar. Ol ýurtdan kowulýar we Pars döwletine gidýär. Afinadan kowlan Isagoryň ýolbaşçylygynda aristokratik hökümet döredilýär.

Şeýlelik bilen, b.e. öň 510-njy ýylda Afinada tiranlyk ýykylýar. Pisistratyň we onuň ogullarynyň tiranlygy Afina üçin uly ähmiýete eýe bolupdyr. Tiranlar belli bir derejede öz bähbitlerini arasa-da, olaryň döwlet düzgünlerini berkitmek, ykdysadyýeti, medeniyeti ösdürmek, ilatyň dürli gatlaklarynyň bähbidini deň tutmak baradaky syýasaty Afina jemgyýetiniň umumy ösüşine oňaýly täsir edýär.

**Klisfeniň kanunlary. Polis demokratiýasynyň gurulmagy.** Gippiý kowlandan soň, Afinada ýene-de raýatlyk urşy başlanýar. Isagoryň ýolbaşçylygyndaky topar Sparta goşunynyň kömek bermegi bilen häkimýeti ele alýar. Spartalylaryň talap etmekleri netijesinde, Klisfen Afinadan gitmäge mejbur bolýar. Onuň garyndaşlaryndan we tarapdarlaryndan 700 maşgala Afinadan kowulýar. Isagor Solonyň kanunlaryny ýatyryp, aristokratik dolandyryşy girizmäge synanyşýar. Sparta goşunlary Afinada b.e. öň 508-nji ýyla çenli saklanyp, bu ýerde iki ýyllap diýen ýaly terrorçylyk işlerini geçirýär. Emma Klisfeniň ýolbaşçylygynda diakrileriň we paralileriň uly gozgalaňy turup spartalylar Afinadan kowlup, Ewbeýa adasy bolsa basylyp alynýar, ol ýerdäki aristokratlaryň ýerleri bolsa, afinalylara paýlanyp berilýär. Klisfen hem onuň tarapdarlary häkimiýet başyna dolanyp gelýärler. Klisfeniň häkimiýet başyna gelmegi bilen, Afinada demokratiýa görnüşli döwlet gutarnykly berkarar edilýär.

B.e. öň 508–500-nji ýyllar aralygynda Klisfen Afinada özgertmeler toplumyny geçirýär. Olaryň netijesinde aristokratik urug gurluşynyň galyndylary doly ýok edilýär. Ilatyň taýpa (fila) alamaty boýunça 4 bölege bölünişi ýatyrylýar. Onuň ornuna ilat ýaşaýan ýeri boýunça böleklere bölünýär. Attika 3 welaýata: Kenarýaka, içerki Attika hem-de Afina onuň töweregi bilen bölünipdir. Her welaýat öz içinde 10 bölege

(tritta) bölünýär. Her welaýatdan bir bölek alnyp bir fila (etrap) döredilipdir. Şeýlelik bilen, Attika jemi 10 fila bölünipdir. Täze filalaryň bütewi serhedi bolmandyr, çünki onuň bölekleri Attikanyň dürli ýerlerinde dagynyk ýerleşipdir, olaryň ilaty Afinanyň belli bir ýerinde ýygnak geçirmek üçin jemlenipdir. Özgertmäniň maksady – taýpalary, tireleri garyşdyryp, taýpa begleriniň jemgyýete ýetirýän täsirini gowşatmak bolupdyr. Şeýlelik bilen, Attikanyň ilaty garyşdyrylypdyr we taýpa begleriniň garamaýak ilata täsiri ýok edilipdir.

Trittiler hem ownuk oba birliklerine – demlere bölünipdir. Klisfeniň döwründe Attikada 100 sany demler bolupdyr, wagtyň geçmegi bilen olaryň sany has hem artypdyr. Demler şol bir wagtyň özünde hojalyk, dolandyryş, dini, harby we syýasy edaralaryň ornuny tutupdyrlar. Her bir Afina raýaty doglan gününden demler bilen bagly edilipdir. Haçan-da, onuň 18 ýaşy dolanda saýlaw hasabyna alýan demarh, ony raýat we harby sanawyna goşupdyr. Haçan-da, Afina döwletine wepaly boljakdygy barada kasam içenden soň, ony harby gullugy geçmek üçin goşupdyrlar. Şondan soň, ol kazyýet ýygnagynda çykyş etmäge hem hukuk alypdyr. Ol 20 ýaşyna ýetende ähli raýatlyk hukugyna eýe bolupdyr. Klisfeniň konstitusiýasy boýunça raýatyň hukugy urug boýunça kesgitlenmän, deme degişliligi bilen kesgitlenipdir.

Klisfen merkezi dolandyryş ulgamynda hem özgeriş geçirýär. Ol 400-leriň geňeşini ýatyryp, onuň ornuna 500-leriň geňeşini (10 sany täze filanyň hersinden 50 adam saýlanýar) döredip, Afinanyň ýokary döwlet dolandyryş guramasyny döredýär. 500-leriň geňeşiniň hukuklary birneme giňeldilýär. Olar ilki bilen yzygiderli mejlisiň geňeşini geçirip durar ýaly edilýär, ikinjiden, Geňeş agzalary diňe bir Halk ýygnagynyň meselelerini taýýarlaman, eýsem gündelik işler bilen hem meşgul bolupdyrlar. Aristokratlardan ybarat areopagyň hukuklary hem çäklendirilýär we kem-kemden kazyýetçilik edarasyna öwrülýär.

Klisfeniň kanunyna görä, Afina goşunyna ýolbaşçylyk etmeklik hem özgerdilýär. Ozal goşuna arhont-polemarh ýolbaşçylyk eden bolsa, indi 10 adamdan ybarat strategler (serkerdeler) topary döredilipdir. Oňa her filadan bir adam 1 ýyl möhleti bilen saýlanypdyr we gezekli-gezegine baş serkerde bolupdyrlar. Bu wezipä gaýtadan saýlanmaga hem ygtyýar berlipdir.

Ýola salnan düzgünleri gorap saklamak, häkimiýeti haýsydyr bir täsirli adamyň basyp almagynyň önüni almak maksady bilen, ostrakizm (küýze döwügi boýunça ses bermek) kazyýeti döredilýär. Bu halk ýygnagynyň ýörite çagyrylyşy bolup, onda dowam edýän düzgüne howp salýan adam barmy diýen sorag goýlupdyr. Eger-de şeýle adam bar diýlip hasap edilse, ýygnaga gatnaşýanlaryň eline küýze döwügi berilipdir. Her kim howply hasap edýän adamsynyň adyny oňa ýazyp, ýörite çelege atypdyrlar. Eger-de şol bir adamynyň ady ýazylan küýze döwükleriniň sany köplük bolsa, ol adam 10 ýyl möhlet bilen Afinadan kowlupdyr. Emma onuň emlägine degilmändir, wagty dolandan soň, ol Afina gelip we ähli raýat hukuklaryny alyp bilipdir.

B.e. öň VI asyrda Afina uly hem köp ilatly şähere öwrülýär. Onda senetçilik, söwda, gurluşyk we beýleki işler bilen meşgullanýan köpsanly hünärmen ilat ýaşapdyr. Olaryň bir bölegini beýleki şäherlerden göçüp gelenler – metekler düzüpdir. Olara mülk edinmek, halk ýygnagyna gatnaşmak gadagan edilipdir. Klisfen metekleriň hem uly toparyny Afina raýatlarynyň sanawyna goşupdyr.

Syýasy ulgamda Afinada geçirilen demokratik özgermeler, başynda urug aristokratlary durýan köp sanly grek şäherleriniň närazylygyny döredipdir. Afina garşy Spartadan, Fiwiden, Holkydadan we Eginden ybarat bolan bileleşik garşy çykýar. Özüne ýaran gözlän afinalylar parslardan kömek soramaga mejbur bolýarlar. Parslar Afina pars patyşasynyň ýokary häkimligini ykrar etse, kömek bermäge razydyklaryny aýdypdyrlar. Afina ilçilerine baş bolan alkmeonidler urugy olaryň teklibini kabul edipdir, emma bu ylalaşyk halk ýygnagy tarapyndan kabul edilmändir. Netijede, afinalylaryň ýeke özleri birleşen topara garşy uruşmaly bolupdyr. B.e. öň 506-njy ýylda Spartanyň ýolbaşçylygyndaky bileleşigiň goşunlary Attika çozup girýärler. Emma bileleşigiň ýolbaşçylarynyň özara oňuşmazlygy sebäpli, bu bileleşik tiz dargaýar. Afinalylar bolsa halkidalylara hem-de fiwililere berk zarba urýar we olaryň goşunlary derbi-dagyn edilýär. Netijede, Afina uruşlarda diňe bir bileleşige girenleriň çozuşyny yza gaýtarman, eýsem öz döwletiniň ýerini hem giňeldýär. Afina hökümeti parslaryň Afinada Gippiniň häkimligini dikeltmek barada eden tekliplerini hem ret edýär. Umuman, Afinanyň içeri we halkara ýagdaýy belli bir derejede Klisfeniň özgertmeleri netijesinde artypdyr we berkäpdir.

Klisfeniň döwründe hem Afinyda ýer ýetmezçiligi dowam edipdir. Bu meseläni kesekileriň hasabyna çözmek synanyşygy amala aşyrylypdyr. B.e. öň 506-njy ýylda Afina çozuş eden halkydalylary afinalar ýeňlişe sezewar edenden soň, olar Ewbeý adasyndaky Halkyda şäheriniň bir bölegini basyp alýar. Netijede, Afinanyň ýersiz raýatlarynyň 4 müňüsine Halkydadan alnan ýerlerden ýer paýlanyp berilýär we ol ýerlere göçürilýär. Bu syýasat bir tarapdan, ýer meselesini çözmäge ýardam etse, ikinji tarapdan, Afinanyň orta daýhanlar gatlagyny berkidýär.

Klisfeniň we onuň tarapdarlarynyň kanunlary Afina jemgyýetiniň taryhynda ähmiýeti juda uly bolupdyr. Ol Solon tarapyndan başlanan özgertmeleri tamamlapdyr. Grekleriň özleri Klisfeni grek demokratiýasyny esaslandyryjy hasaplapdyrlar. Mysal üçin, Aristotel «Afiny politiýa» atly işinde «Afina döwleti Klisfenden soň, Solonyň döwründäkä garanda ep-esli derejede demokratiýalaşdy» diýip ýazýar. Hakykatdan hem, Klisfeniň özgertmeleri urug gurluşynyň ymykly dargamagyny tamamlaýar. Ol Attikada demokratik polis görnüşindäki döwletiň we jemgyýetiň gutarnykly kemala gelmegine getiripdir. Şeýlelik bilen, b.e. öň VI asyrda emeldar toparlaryň ýolbaşçylarynyň, ellin dünýäsiniň beýleki welaýatlarynyň häkimligi demosyň häkimligi bilen çalşylýar. Demosyň özi dürli-dürli durmuşy gatlaklardan ybarat bolsa-da, syýasy hukuklary almak üçin bütewiligini saklapdyr. Klisfenden öň Attikada esasy gapma-garşylyk emeldarlar bilen halk köpçüliginiň arasynda bolan bolsa, indi gapma-garşylyk gullar bilen erkin adamlaryň arasynda bolupdyr. Netijede, Gresiýada ilkinji gezek gutarnykly gul eýeçilik döwleti kemala gelýär.

## VIII.
## B.E. ÖŇKI VIII–VI ASYRLARDA GRESIÝANYŇ MEDENIÝETI

**Grek hudaýlary we dini garaýyşlaryň kemala gelmegi.** Grek medeniýeti ruhy gymmatlyklaryň täze ulgamynyň döremegi bilen utgaşypdyr. Ruhy gymmatlyklaryň täze ulgamynyň esasy taraplary grek ylmyny durmuşy bähbitlere gönükdirmek bolupdyr. Adamyň şahsyýetine sarpa goýmak, tebigat bilen göreşde onuň işjeňligini we başarjaňlygyny şöhlelendirmek, raýat bilen polisiň aýrylmaz

baglanyşygyny, adamyń erkinliginiň iň ýokary ahlak derejesidigi baradaky düşünjeler ruhy gymmatlyklaryň esaslaryny düzüpdir.

Täze grek medeniýeti boş ýerden emele gelmändir. Onuň başlangyjy krit-miken eýýamyna, gomerçilik döwrüne we gadymy gündogar halklarynyň medeniýetlerine esaslanypdyr. Grekler ol başlangyçlary başarjaň peýdalanypdyrlar, öz durmuşlaryna laýyk edip özgerdipdirler. Tutuşlygyna alanyňda b.e. öň VIII–VI asyrlarda kemala gelen grek medeniýeti çuňňur milliligi bilen tapawutlanypdyr.

Grekler medeniýetiň ähli pudaklarynda: hat-ýazuwda, edebiýatda, şekillendiriş sungatynda, binagärçilik we dini ulgamda, filosofiýa we ylmy-bilimlerde uly üstünlikleri gazanypdyrlar.

Grekleriň işläp düzen dini ulgamynda hudaý barada düşünje gadymy Müsür, Derýa aralygy halklarynyňkydan düýpli tapawutlanýar. Olaryň düşünjelerine görä, hudaýlar ägirt uly gudratly güýje eýe bolsalar-da, ähli zada erk edip bilmeýärler. Olar iň ýokary güýç diýip, ykbala boýun bolupdyrlar.

Grekleriň düşünjesine görä, hudaýlar adamlaryň hojaýyny, gazaply jeza berijiler däl-de, olaryň medetkäri, kyn durmuşda kömek-goldaw berijiler hasaplanypdyr. Olar hudaýlaryň adamlara ýakynlygyna, käte olaryň adamlar bilen nika gatnaşygynyň bolýandygyna hem ynanypdyrlar. Hudaý bilen ynsanyň nikasyndan önenlere olar gahrymanlar diýipdirler. Ýarym hudaý ýarym adam gahrymanlar adamlaryň ýaşamagyna päsgel berýän nägehanlary ýok edendiklerine we başga-da köp edermenlikleri görkezendiklerine ynanypdyrlar.

Grekler hudaýlardan tapawutlylykda gahrymanlar baky ýaşamaýarlar diýip düşünipdirler. Olaryň dinindäki gahrymanlaryň sany onlarça bolup, olar hakda dürli rowaýatlar düzüpdirler. Grekler öz hudaýlarynyň adamlaryň durmuşyna gatyşmagy, olaryň biri-biri bilen gatnaşygy barada gürrüň bermegi oňat görüpdirler. Netijede, greklerde ertekilere we gürrüňlere baý rowaýatlar toplumy emele gelipdir. Grek ýazyjy-şahyrlarynyň, heýkeltaraşlarynyň we suratkeşleriniň köpüsi öz eserleriniň sýužetini rowaýatlardan alypdyrlar.

Grekleriň düşünjesinde adamlar bilen hudaýlar elmydama arabaglanyşykda bolupdyrlar, belli-belli ybadathanalardaky ruhanylar hudaýlar bilen aram-aram söhbetdeş bolup bilýär diýip düşünipdirler. Şeýle ruhanylaryň mesgenine Gresiýada orakul diýipdirler. Olar gel-

jekde boljak zatlar barada hudaýlara ýüz tutup, olardan jogap alyp bilýärler diýip hasap edipdirler. Delfdäki Apollonyň, Epirdäki Zewsiň ybadathanalary Gresiýada belli orakullar hasap edilipdir.

Grekler öz hudaýlaryny kaşaň öýlerde ýaşaýan görmegeý hem daýaw adamlar görnüşinde göz öňüne getiripdirler. Hudaýlaryň şekilini ýasamak, olaryň öýlerini gurmak grek heýkeltaraşlarynyň aýal hem erkek adamlaryň şekilini ýasamakda, ymaratçylaryň owadan ymaratlary gurmakda kämilleşmegine uly ýardam edipdirler.

B.e. öň V–IV asyrlarda Elladada şekillendiriş sungaty görlüp-eşidilmedik derejelere göterilipdir. Grek heýkeltaraşlarynyň şeýle döreden kämil eserleri soňky nesiller üçin hem nusga bolup hyzmat edipdir.

**Greklerde çyzykly hatyň we edebiýatyň ýüze çykmagy (b.e. öň VIII–VI asyrlar).** B.e. öň II müňýyllykda aheý grekleri çyzykly hat diýlip atlandyrylan ýazuwy ulanypdyrlar. Gomer döwründe ol tagaşyksyz ýazuw ýatdan çykarylypdyr. Haryt önümçiliginiň we söwdanyň ösmegi hatyň ýüze çykmagyna mümkinçilik döredipdir. Rowaýata görä, grek elipbiýiniň gahrymanlary: Agememnonyň ýegeni Palmed ýa-da Finikiýadan Beotiýa göçüp gelen, Ýewropanyň dogany Kadm bolupdyr. Soňky rowaýat taryhy hakykata ýakyn gelýär, sebäbi hemme maglumatlarda berlişine görä, grekler elipbiýini finikiýalylardan alypdyrlar. Grek harplarynyň: «alfa», «beta», «gamma», «delta» atlary grek dilinde hiç bir zady aňlatmandyr. Emma semit dilinde olar anyk zatlaryň atlaryny aňladypdyr, ýagny alef – «mal – janly», bet – «öý», gimel – «düýe», dalet – «gapy» we şm. aňladypdyrlar. B.e. öň IX–VIII asyrlaryň çäginde finikiýa elipbiýiniň esasynda täze grek elipbiýi döredilipdir. Ol 24 harpdan ybarat bolup, onuň esasy aýratynlygy elipbiýiň içinde çekimli harplaryň ýörite belgiler bilen aňladylmagy bolup, olar sowat öwrenmegi we hat ýazmagy ýeňilleşdiripdir.

B.e. öň VIII–VI asyrlarda grek edebiýaty hem ösüp başlaýar. Greklerde ilki bilen poeziýa görnüşindäki epiki eserler peýda bolýar. Ol halk döredijiliginden, hudaýlar hem gahrymanlar hakyndaky rowaýatlardan gözbaşyny alypdyr. Epiki eserler aedler – aýdym aýdyjylar tarapyndan ýatdan aýdylypdyr. Hat-ýazuw peýda bolanyndan soň, olar ýazga geçirilýär. Grek edebiýatynyň ýüze çykyş taryhy «Iliada» we «Odisseýa» poemalarynyň kimiňkidigine garamazdan, Gomerden we Gesiodan alyp gaýtmaklyk ylymda kabul edilipdir. Gresiýanyň

9 Sargyt № 2730

iň oňat epiki eserleri bolan «Iliada» we «Odisseýa» poemalary b.e. öň VI asyrda ýazga geçirilipdir. Toparlaýyn poemalar we Gomeriň gimnleri (senasy) ýaly eserler toplumy-da epiki poemalara ýakyndyr. Toparlaýyn poemalar, ýagny şol bir waka dürli poemalardan (mysal üçin, Troýa urşy barada poemalar, şol bir wagtda patyşa baradaky poemalardan) ybarat bolupdyr. Gomeriň gimnleri gahrymanlaryň we hudaýlaryň hormatyna aýdylýan dabaraly aýdymlary öz içine alypdyr. Epiki eserleriň awtory Gomer hasap edilse-de, olaryň hemmesi bir adam tarapyndan däl-de, birnäçe awtorlar tarapyndan döredilipdir.

Awtory anyk bolan ilkinji gerk poemasy b.e. öň VIII–VII asyrlaryň sepgidinde peýda bolan Beotiýaly Gesiodyň «Zähmet we günler» hem-de «Teogoniýa» atly eserleridir. Olaryň birinjisinde Beotiýa daýhanlarynyň çekýän zähmeti we güzeranlary hakda gürrüň berilýär. «Teogoniýa» poemasynda hudaýlaryň şejeresi, dünýäniň ýaradylyşy barada rowaýaty gürrüň edilýär. Gesiodiň bu poemasy umumy ellin rowaýatlarynyň taryhynyň esasyny özünde jemleýär we umumy grek rowaýatynyň ýüze çykmagynda esasy basgançak bolup hyzmat edýär.

B.e. öň VII asyryň başynda Grek poeziýasynda aýry-aýry adamlaryň duýgularyny, aladalaryny beýan edýän liriki poeziýa ýüze çykýar. Onlarça uly şahyrlar öňde baryjy polislerde – Megarada, Lesbosda, Argosda, Hiosda, Samosda, Afinada, hatda yza galak, Fiwide we Spartada ýüze çykýar. Bu ugurdan ilkinji eser döreden grek şahyrlary Farosly Arhiloh, Lesbosly Alkeý we Safo bolupdyr. Olar söýgi, tebigatyň gözellikleri, durmuşyň şatlyklary barada ýazypdyrlar. B.e. öňki VI asyryň ahyrynda V asyrda liriki poeziýanyň aşak düşen wagty bolup, olar täze döwrüň demokratik talaplaryny ödäp bilmändirler. Gresiýanyň iň soňky liriki şahyry «Ak ganatly guwlar» atly işiň awtory fiwili şahyr Pandr (b.e. oň 518-422-nji ýý.) bolupdyr. Pandr öz aýdymlaryny Olimpiýa, Pifiý we beýleki ýaryşlarda üstün çykan ýeňijileri wasp edýän dabaraly goşgulary düzüpdir hem-de uly şöhrat gazanypdyr.

B.e. öň VI asyryň ortasynda grek edebiýatynda Grek basnýa žanrynyň ýüze çykmagyny Samosly emeldarlaryň küýki guly Ezopyň ady bilen baglanyşdyrylýar. Bütin ömrüni tabynlykda geçiren Ezop öz garaýşyny, pikirini gizlinlikde saklamaly bolupdyr. Ezopyň basnýalarynyň köpüsi haýwanlar barada bolup, olar adamlaryň gylyk-häsiýetini açyp görkezipdir. Edebiýatda bu ugur

ezop dili adyny alýar. Hakykatda Ezopyň ömürbeýany häzirki wagtda toslama ýaly kabul edilýär. Onuň basnýa toplumynyň dünýä edebiýatyna eden täsiri juda uly hasaplanylýar. Bu basnýa toplumy biziň zamanymyza Wizantiýanyň edebiýatçylary tarapyndan täzeden işlenen görnüşi gelip ýetipdir. Ezopyň basnýasynyň mazmuny gadymy döwre degişli hasaplanylýar.

Bu döwrüň syýasy wakalary Afinaly syýasy işgär, arhont Solonyň goşgularynda düşnükli dilde beýan edilipdir. Watançylyk temasy, watana bolan söýgi temasy Spartaly Tritiýniň eserlerinde beýan edilýär. Umuman, b.e. öň VIII–VI asyrlarda Elladanyň syýasy-jemgyýetçilik we ykdysady ösüşi Gresiýada edebiýatyň güýçli derejede ösmegine mümkinçilik döredipdir.

**Gresiýada binagärlik we heýkeltaraşlyk sungatynyň ýüze çykmagy we ösmegi.** B.e. öň VIII–VI asyrlarda Gresiýada şäherleriň köpelmegi gurluşyk we binagärçilik sungatynyň ösmegine ýardam edipdir. Täze döredilen grek koloniýalarynda şäherler belli bir biçüw boýunça: göni köçeli, ýaşaýyş we jemgyýetçilik binalarynyň toplumy, senetçilik toplumlary, merkezi meýdança aýyl-saýyl edilip gurlupdyr. Elladada has kuwwatly ymaratlar, ybadathanalar gurlupdyr.

Şäherleri suw bilen üpjin etmeklige aýratyn üns berlipdir. B.e. öň VII asyryň ortalarynda Megarada ilkinji suw geçiriji gurlupdyr. Soňra has kämil suw geçirijiler Korinfde, Afinada we beýleki şäherlerde gurulýar. Samosdaky suw geçirijini gurmak üçin dagyň içini köwüp, uzynlygy 1 km çemesi bolan otük (tonnel) gurupdyrlar.

Jaý gurujylar jemgyýetçilik jaýlaryny, ylaýta-da, Hudaýyň öýi hasaplanýan buthanalary üýtgeşik gelşikli hem kaşaň gurmaga uly üns beripdirler. Netijede, grek binagärlik sungaty uly üstünliklere eýe bolupdyr. Arhaiki döwrüň iň belli ybadathanalarynyň biri-de Kiçi Aziýanyň Ioni şäherinde gurlan Artemida ybadathanasydyr. Gadymyýetde bu ybadathana ýedi täsinligiň biri hasap edilipdir. Onuň gurluşygyna greklerden daşary Kiçi Aziýadaky Lidiýa döwletiniň patyşasy Krez hem köp harajat çykarypdyr. Bu ybadathananyň gurluşygy taryhçy Plininiň berýän maglumatyna görä, 120 ýyl dowam edipdir. Ol maglumatlarda ybadathananyň binagär ussalarynyň atlary hem berilýär. Ony başlan ilkinji ussalar Knossly Hersifon we onuň ogly Metaren bolan bolsa, gurluşygy tamamlanlar Efesli Demetriý we Peoniý bolupdyrlar.



**Afina Akrapolynyň şekili**
**(b.e. öň V a.)**



**Efesdäki köşgüń harabaçylygy**
**(b.e. öň 2000–1500-nji ýý.)**

Ybadathana Efes şäheriniň demirgazyk-gündogarynda 2 km daşlykda, ýer titrände täsir etmez ýaly batgalyk ýerde gurlupdyr. Onuň aşagyna bolsa basgylanan kömür guýlupdyr, soňra bolsa ýüň bilen düşelipdir. Ybadathana şol wagtlar Efesden daşda bolmadyk ýerde ak mermer daş käniniň üstüniň açylmagy bilen ol mermer daşyndan gurlupdyr.

Ybadathananyň tutýan meýdany ägirt uly bolup, onuň ini 55 metr, uzynlygy 110 metre ýetipdir. Onuň dört tarapy eýwanly 127 sany sütünden ybarat bolupdyr. Ybadathananyň oň tarapynda iki setirden sütünler galdyrylyp, olaryň her haýsy 8 sütünden düzülipdir, sütünleriň beýikligi 18 metre ýetipdir.

Bu ybadathana başyndan köp gowgalary geçirmeli bolupdyr. B.e. öň 356-njy ýylda Gerostrat diýen bir grek öz adyny şöhratlandyrjak bolup Efesdäki Artemidanyň ybadathanasyny otlapdyr. Efesliler bu ybadathanany täzeden öňki ölçeginde dikeldipdirler. Ol birnäçe asyr halka hyzmat edipdir. Emma 263-nji ýylda gotlar çozup, bu ybadathanany talapdyrlar we ony ýumrupdyrlar. Şondan soň, ol dikeldilmändir.

Gresiýada her bir şäheriň öz medetkär hudaýy bolupdyr. Şäheriň medetkär hudaýynyň ybadathanasy onuň güýjüniň-kuwwatynyň, ösüşiniň görkezijisi hasaplanypdyr. Şeýle binagärçilik toplumy Perikliň döwründe gurlan Afina Akrapoly hasaplanypdyr. Olardan – Egine adasynda parslardan üstün çykylmagynyň hormatyna gurlan ybadathana ýadygärligi Olimpiadada guralýan Zewsiň ybadathanasy grekleriň binagärçilik sungatynyň näderejede ösendigine güwä geçýär. Daş-töweregi sütünler bilen gurşalan binagärçiliginde ymaraty

owadan oýma şekiller we heýkeller bilen bezelipdir. Ybadathana gurluşygyny kämilleşdirmek ýolunda grek binagärçiliginde order – akym ulgamy diýilýän ulgam kemala gelipdir.

Binagärlikde order ulgamy b.e. öň VII asyrda Peloponnesiň ösen polislerinde ýüze çykýar we b.e. öň VI asyrda has kämilleşýär. Ol ymaratlaryň dürli bölekleriniň biri-birine berk kybapdaş bolmagy, sütünleriň giňden tutulmagy, diwarynyň we üçek böleginiň biri-birinden aýyl-saýyl bolmagy, ymaratlaryň şekiller we heýkeller bilen bezelmegi olara aýratyn gözellik beripdir. Ilkinji ýüze çykan order dorileriň orderi bolup, bu orderde gurlan ymaratlar birneme pesräk gurlup, olar düýpli hem agyr görnüpdir. B.e. öň VI asyrda ýüze çykan Ioni orderindäki ymaratlar bolsa, syrdam hem ýeňil görnüpdir.

Gresiýada ybadathana we beýleki jemgyýetçilik ymaratlaryny heýkeller bilen bezemeklik bolsa kem-kemden heýkeltaraşlyk sungatynyň ösmegine itergi beripdir. Heýkeller ilki bilen ybadathanalarda goýlupdyr. Ybadathana haýsy hudaýa bagyşlanan bolsa, şol hudaýyň heýkeli hem ybadathanada oturdylypdyr. Şeýlelik bilen, irki döwürde heýkeltaraşlyk sungaty dini häsiýete eýe bolupdyr. Soňra heýkeltaraşlar gahrymanlaryň, b.e. öň VII asyrdan başlap bolsa Olimpiýa oýunlarynyň ýeňijileriniň heýkellerini ýasap başlapdyrlar. Heýkelleriň umumy ülňüsi – daýaw, gelşikli, gujurly, sagdyn hem ýaş erkek adamy ýalaňaç görnüşde şekillendirmek zerur bolupdyr. Şeýle heýkele kuros ýa-da Apollon diýipdirler. Heýkeltaraşlykda ikinji bir çeperçilik ugur ol hem uzyn eşikli dik duran Hudaý aýal ýa-da her bir maşgala ojagynyň goragçysy – enäniň şekili döredilipdir.

B.e. öň VI asyryň ahyrynda heýkeltaraş Kritiý we Hesiot «Tirany öldürijiler»atly heýkeller toplumyny döredipdirler. Olar Garmodiýa bilen Aritogitonyň edermenlikleriniň üsti bilen erkin raýat aňyýetini şekillendiripdirler. Heýkeltaraş beýik Miron bolsa öz döredijiliginde ýaşaýşyň köp taraplylygyny şöhlelendirmäge çalşypdyr. Ol bürünçden heýkeller toplumynyň içinde oba durmuşyny hem görkezmegi başarypdyr (Mysal üçin, «Gaçyp barýan sygyr») ýa-da adamyň örän inçe içki gynanjyny (Mysal üçin, Afina bilen Mariny bürünç toplumy) görkezmegi başarypdyr. Ol «Diskobol» atly eserinde ýaş ýigidiň disk zyňyp duran heýkelini ýasap, onda ýigidiň ägirt uly janly hereketi, bedeni çigin-çigin edilip görkezilipdir. Heýkelşynaslaryň içinde Perikliň

dosty Fidiý aýratyn tapawutlanypdyr. Onuň döreden eserleriniň içinde Zewsiň Olimpiadadaky heýkeli gadymyýetiň ýedi täsinliginiň biri hasaplanypdyr. Fidiniň daşynda bir topar okuwçylary ýetişip, olar bilen Fidiý Parfenonyň diwarynyň boýy bilen 276 metr uzynlykdaky «Friz» atly işi, uly lenta çekilen ýaly şekilleriň (barelýefler) giden bir toplumy döredilipdir. Olar gadymyýetiň heýkeltaraşlyk sungatynyň genji-hazynasy hasaplanylýar.

**Greklerde filosofiki nazaryýetiň ýüze çykmagy.** Grek medeniýetiniň ösüşiniň ýene bir görkezijisi filosofiki nazaryýetiniň ýüze çykmagydyr. Irki grek filosofiýasyna naturfilosofiýa diýýärler. Çünki ol hakyky filosofiki garaýyşlar bilen bir hatarda, dürli takyk ylymlaryda öz içine alypdyr. Bu döwüriň filosoflary, köplenç, matematika, astronomiýa ýaly tebigat baradaky bilimleri bilen köp meşgullanypdyrlar. Has ösen filosofiýa mekdepleri Kiçi Aziýa Ioniýasynda we Beýik Gresiýada ýüze çykypdyr. Ioniýaly filosoflar Fales, Anaksimandr, Anaksimen dünýäniň gelip çykyşyny tebigy ýol bilen düşündirmäge synanyşypdyrlar. Olar daş-töweregi gurşap alan dünýäniň özenini düzýän ilkibaşky jisimi tapmaga synanyşypdyrlar. Fales ähli zat suwdan başlaýar diýse, Anaksimen howany başlangyç hasap edipdir. Anaksimandr bolsa dünýäniň ähli zatlary apeýron diýip atlandyrylýan iň kiçijik böleklerden düzülýär diýen pikiri öňe sürüpdir. Efesli filosof Geraklit hemme zat otdan başlanýar diýip hasap edipdir. Geraklit şeýle-de dialektika diýlip atlandyrylýan, hemme zatlaryň hereketdedigi baradaky filosofiki taglymatyň başyny başlapdyr. Ol «ähli zat akýar» – ýagny hereket edýär, üýtgeýär diýip düşündirýär.

Asly Samos adasyndan bolan, Italiýadaky Kroton şäherinde ýaşan Pifagor başga filosofiki nazarýeti işläp düzüpdir. Ol dünýäniň esasyny, ähli zadyň tertibini maddy zatlar däl-de, sanlar, ýagny materiýa bilen baglanyşykly bolmadyk diňe oýuňdaky (ýadyňdaky, pikiriňdäki) mukdar gatnaşyklary düzýär diýip hasap edipdir.

Irki grek filosoflarynyň nazarýeti dünýäni anyk düşündirmäge synanyşýan ylym bolupdyr. Ol dini düşünjelerden azat, adamyň güýjüne we başarjaňlygyna ynanmak, ýaşaýşa höwes döretmek ýaly düşünjelere esaslanypdyr. Umuman, irki grek medeniýeti polisiň kemala gelmeginiň kanunalaýyk jemlemesi bolupdyr. Polis ulgamy Gresiýada ilki Peloponnesiň ösen welaýatlarynda, birneme soňrak bolsa, Attikada berkarar bolupdyr.

# IX.

# GREK-PARS URUŞLARY WE ONUŇ NETIJELERI

**Pars döwletiniň döreýşi we olarda geçirilen özgertmeler.** Grek--pars uruşlary (b.e. öň 500–449-njy ýý.) Gresiýanyň nusgawy döwrüniň (b.e. öň V–IV asyrlar) täze taryhyny açýar. Ol dünýä taryhynyň harby çaknyşyklarynyň iň uzak dowam eden urşudyr. Grekleriň bu uly howpuň öňünde birleşmekleri we uruşda üstün çykmagy, olaryň diňe bir halkara ýagdaýynyň güýçlenmegine we abraýynyň artmagyna getirmän, eýsem ýurduň içinde hem durmuş-syýasy we ykdysady taýdan uly özgertmeleriň amala aşyrylmagyna getiripdi. Has dogrusy, bu ýeňiş Gresiýada polis gurluşynyň demokratiýalaşmagyna, ykdysadyýetiň we gulçulygyň nusgawy görnüşine geçmegine getiripdi.

Parslaryň Ahemeni döwleti b.e. öň VI asyrda emele gelýär. Bu döwleti esaslandyran Kir II (b.e. öň 559–530-njy ýý.) hasaplanýar. Kir uly pars taýpa birleşigine baş bolup, b.e. öň 550-nji ýylda Midiýa patyşalygyny basyp alýar. Midiýa öz garaşsyzlygyny ýitirip, ahemenileriň döwletiniň düzümine goşulýar. Midiýa basylyp alnandan soň, parslaryň bu döwleti tiz kuwwatlanyp başlaýar. Ahemeniler Ermenistany, Kappadokiýany we bütin Kiçi Aziýany, şol sanda Lidiýa patyşalygyny hem özlerine tabyn edýär.

Öz döwletiniň çäklerini günbatara giňeltmek bilen, Kir b.e. öňki 538-nji ýylda Wawilony basyp alýar we özüni Wawilonyň patyşasy diýip yglan edýär. Ortaýer deňziniň gündogar kenaryndaky Finikiýa şäherleri uruşsyz Kire tabyn bolýarlar. Ortaýer deňzinden tä Hind derýasynyň kenarlaryna çenli ägirt uly ýerleriň halklary we taýpalary parslar tarapyndan basylyp alynýar. Kir Müsüre ýöriş geçirmäge taýýarlanyp başlaýar, emma öz patyşalygynyň demirgazygynda, Kaspi deňziniň gündogar kenarlaryny eýeläp oturan sak hem-de massaget taýpalary bilen bolan söweşde ýeňlip, heläk bolýar. Müsüri basyp alan Kiriň oruntutary Kambis (b.e. öň 530–522-nji ýý.) Peleuziniň eteginde bolan söweşde (b.e. öň 525-nji ý.) iň soňky Müsür faraony Psammetih III goşunyny derbi-dagyn edýär we Memfis şäherini gabaýar. Memfis eýelenenden soň, Müsür uly Pars döwletiniň düzümine goşulýar. Müsür halkynyň soňky garşylyk görkezmeleri ýarag güýji bilen basylyp ýatyrylýar.

Kambis Müsürdekä yzynda gozgalaň turandygy baradaky habary eşidip, ýola düşýär, emma ýolda belli bolmadyk sebäplere görä ol ölýär. Şondan soň Pars döwletinde tagt üstünde ýiti göreş başlanýar, şonuň bilen bir wagtda parslar tarapyndan basylyp alnan welaýatlarda hem garaşsyzlyk ugrunda gozgalaňlar başlanýar. Bu göreşde Gistapsyň ogly Dariý I (b.e. öň 521–486-njy ýý.) ýeňiji bolup çykýar. Dariý I gozgalaňlary basyp ýatyrýar. Oňa öz häkimligini berkidip, pars ýerlerini has hem giňeltmeklik başardýar.

**Pars döwletiniň dolandyryş ulgamy.** Pars döwletinde ýokary, çäklendirilmedik häkimlik patyşa degişli bolýar. Ol parslaryň baş hudaýy bolan Ahuramazdanyň ogly hasap edilýär. Patyşa häkimliginiň kuwwatyny görkezmek üçin, köşkde uly şowhunlary geçirmeklige aýratyn ähmiýet berilýär. Pars patyşalary has bezemen eşikleri geýipdirler, kellelerinde altyndan täç göteripdiler. Patyşalar halk köpçüligine käýarym görnäýmeseler, kän bir görünmegi halamandyrlar.

Patyşanyň ýanyna hiç hili päsgelsiz diňe alty sany begzadanyň girmäge hukugy bolupdyr. Patyşany pars goşunlarynyň iň saýlama esgerleriniň on müňüsi «ölmez-ýitmezler» diýlip atlandyrylýan esgerleri gorap saklapdyrlar we harby ýörişlerde penakärlik edipdirler. Olaryň 1-nji müňlügi pars begzadalaryndan düzülip, olar patyşanyň şahsy goragçylary bolup gulluk edipdirler. Olaryň galanlary Eýranyň dürli taýpalaryndan we elamlylardan düzülipdir. Olara «ölmez-ýitmezler» diýilýändiginiň sebäbi bu goşun bölüminden biri heläk bolan ýagdaýynda onuň ýerine hökman bir esger goşulypdyr, şonuň üçin, bu goşun bölümi hemişe 10 müňlügine saklanyp gelipdir. Patyşa daşyndaky gurşap ýörenlerden özüne maslahatçylary, ýerli häkimleri, serkerdeleri we emeldarlary belläpdir.

Basylyp alnan ýurtlarda gozgalaňlaryň öňüni almak üçin goşun bölümleri ýerleşdirilipdir. Adatça, olar dürli halklaryň wekillerinden düzülipdir. Emma olarda ýerli ilatyň wekilleri bolmandyr. Sebäbi ol goşun, esasan, ýerli halkyň gozgalaňyny basyp ýatyrmaga niýetlenilipdir. Mysal üçin, pars patyşalary Müsürde 10–12 müňden ybarat goşuny ýerleşdiripdirler. Takmynan şonça möçberdäki esgerler Wawilonda saklanypdyr.

Dariý I Ahemeniler döwletinde welaýatlary dolandyrmagyň täze ulgamyny girizýär. Berk döwlet dolandyryş ulgamynyň döredilmegi ahemenilere basylyp alnan ýurtlaryň üstünden gözegçilik etmäge, sal-

gyt ýygnalyşyny tertibe salmaga we goşunyň sanyny artdyrmaga mümkinçilik beripdir. Pars döwletiniň bütin ýerleri 20 sany satraplyga (welaýatlara) bölünipdir. Satraplyklar indi Eýranyň düzümine girýän ozalky özbaşdak döwletleriň çäklerinde döredilýär. Olaryň başynda patyşa satraplary (patyşalygy goraýjy – häkimler) goýlupdyr. Satrap wezipesi Kiriň, Kambisiň dolandyran ýyllarynda hem bolupdyr.


**Pars patyşasynyň geýnişi**

Emma ozal satrap wezipesine gadymy Assiriýa we Midiýa imperiýalaryndaky ýaly ýerli ilatdan bolan adamlar bellenipdir. Indi satrap wezipesi diňe parslardan bolan beglere berlipdir. Olara diňe raýat häkimligi ynanylypdyr. Satrap özüne tabşyrylan welaýatynda hojalyga ýolbaşçylyk edipdir, kazyýet işini amala aşyrypdyr, salgyt ýygnapdyr, ýerli emeldarlaryň üstünden gözegçilik edipdir. Satraplara mis we kümüş pullary zikgelemäge ygtyýar berlipdir. Parahatçylyk döwründe içerki tertip-düzgüni saklamak üçin, satrabyň ygtyýarynda uly bolmadyk harby bölüm bolupdyr. Emma satraplyklarda döwlet goşuny hem ýerleşdirilip, olaryň başynda merkezden bellenen serkerdeler durupdyr, olaryň satraplara hiç hili garaşly ýeri bolmandyr, olar gös-göni patyşanyň garamagynda bolupdyr. Käbir satraplar harby serkerdelere garaşly edilipdir, beýlekileri harby häkimligi hem ýöredipdirler. Satrabyň gulluk möhleti çaklendirilmändir. Satraplaryň we harby serkerdeleriň üstünden gözegçilik etmek hem-de her welaýata patyşanyň adyndan gelýän permanlary satraplara we serkerdelere ýetirmek üçin, kätipler iberilipdir. Patyşa kätipleri satrabyň häkimliginde bolýan zatlary patyşa ýetirip durmaly bolupdyr. Bulardan başga-da, satraplaryň, serkerdeleriň we «patyşa kätipleriniň» üstünden gözegçilik etmek üçin, patyşanyň köp sanly içalylar topary hem işläpdir.

Öz içerki awtonomiýasy bolan ýurtlar uly satraplyklara goşulypdyrlar. Olar iň çetdäki etraplar bolansoň, pars hökümdarlary olaryň içerki işlerine kän bir goşulyşyp durmandyr. Olaryň üstünden diňe ýerli patyşalaryň (Kipr, Finikiýa, Kilikiýa şäherleri), hanlaryň we taýpa serdarlarynyň (efiopiýalylar we başgalar) üsti bilen dolandyrypdyrlar. Patyşanyň Suzydaky merkezi dolandyryş guramasy-

na meňzeş edaralar satraplyklarda-da döredilipdir. Olarda köp sanly emeldarlar, mürzeler, kazyýet işlerini alyp barýan sülçüler, salgyt ýygnaýjylar, jarçylar gulluk edipdir.

Bu uly hem çylşyrymly döwlet dolandyryş ulgamynyň merkezi, patyşanyň bolýan we döwletiň paýtagty hasaplanýan Persepol we Suzy şäherleri bolupdyr. Pars döwletiniň ähli welaýatlaryny birikdirýän ýollar çekilipdir. Bu täze çekilen ýollar merkezden ýerlere goşun çekmekligi hem ýeňleşdiripdir. Ol ýollaryň iň ähmiýetlileriniň biri-de «patyşa ýoly» diýlip atlandyrylýan ýol bolup, ol Suzy şäherini günbatardaky Sardy we Efes şäherleri bilen birleşdiripdir. Bu ýollaryň her 20–30 kilometrinde duralgalar gurlupdyr. Olarda patyşanyň taýýar hat äkidijileri we atlar saklanypdyr. Has zerur habarlary wagtynda ýetirmek üçin, bir duralgadan ikinji duralga çenli – estafeta arkaly habar berlipdir. Gerodotyň habar bermegine görä, iberilýän habarlar Sardy şäherinden Suza çenli alty günde ýetirilipdir.

Parslar döwlet edaralarynda esasy orny eýeläpdirler. Olaryň ellerinde raýat we harby wezipeler jemlenipdir, ol wezipeler tabyn edilen ýurtlaryň hemmesinde diýen ýaly parslaryň ellerinde jemlenipdir.

Pars döwletiniň durmuş-ykdysady esaslary özüniň köp görnüşliligi bilen tapawutlanypdyr. Kiçi Aziýada, Elamda, Wawilonda, Siriýada, Finikiýada we Müsürde Ahemenileriň uly döwleti emele gelmezinden öň, özleriniň döwlet mekdepleri – institutlary bolupdyr. Emma bu döwletiň düzümine ykdysady taýdan ösen ýurtlardan başga-da, ýaňy urug gatnaşyklarynyň dargaýan döwrüni başdan geçirýän çarwa arap, skif we beýleki taýpalar hem giripdirler. Şonuň üçin, bu uly Pars döwletinde hukuk ulgamynyň we institutlarynyň dürli görnüşleri işläpdir. Hünärmenler gadymy kanuny ýygyndylaryny öwrenipdirler, dürli ýurtlarda hereket edýän kanunlar bir tertibe salnypdyr.

Parslarda öňden gelýän adaty hukuklar soňra patyşanyň esasy kanunlaryna öwrülipdir. Patyşa iň zerur işleri çözmek üçin täze kanuny girizip, kazyny täzeden belläp bilipdir. Parslaryň ýaşaýyş durmuşlarynda ýedi urugyň wekillerinden ybarat düzülen patyşa geňeşiniň tutýan orny has-da uly bolupdyr.

**Salgyt ulgamynda geçirilen özgertmeler.** Kiriň hem Kambisiň döwründe tabyn edilen ýurtlar patyşa sowgat getirmek bilen çäklenipdirler. Şoňa görä-de, Dariý I b.e. öň 519-njy ýylda täze salgyt düzgünini girizýär. Täze düzgün boýunça her bir satraplyk belli bir möçber-

de belli bir pul salgydyny tölemäge borçly edilipdir. Satraplyklarda salgyt tölemekden diňe agalyk ediji parslar boşadylypdyr.

Parslara tabyn halklardan bir ýylda ýygnalýan salgydyň umumy möçberi 7740 wawilon talantyna (232 tonna golaý) barabar kümüş bolupdyr. Bu salgydyň köp bölegi ykdysady taýdan has ösen: Kiçi Aziýa, Wawilon, Siriýa, Finikiýa we Müsür ýaly ýurtlaryň halklary tarapyndan tölenipdir. Salgyt pul görnüşinde hem ýygnalypdyr. Nagt puly bolmadyk adamlar öz ýerini we beýleki emläklerini ýa-da maşgala agazalaryndan birini girewine goýup, süýthorlardan pul karz almaga mejbur bolupdyrlar. Kähalatlarda bolsa öz çagalaryny hem bergidarçylyk gulçulygyna goýmaly bolupdyrlar.

Oňat ýollaryň gurulmagy söwda gatnaşyklarynyň ösmegine ýardam edipdir. Alyş-çalşy ýeňletmek üçin, pul özgertmesiniň zerurlygy ýüze çykypdyr. B.e. öň 517-nji ýylda Dariý I döwletiň hemme ýerleri üçin ýeke-täk pul birligini girizýär. Onuň esasynda agramy 8,4 gr bolan darik diýlip atlandyrylýan gyzyl teňňeler zikgelenipdir.

Pars darikleri söwda aýlanyşygynda köp asyrlap dünýänyň bazarlarynda esasy pul bolup hyzmat edipdir. Ondan başga-da agramy 5,6 gr kümüş pullar girizilipdir. Kümüş pullar söwda dolanyşygynda esasy ulanylýan pul bolupdyr. Olar, esasan, Kiçi Aziýa ýurtlarynda zikgelenipdir. Ownuk pul birligi hökmünde mis pullar hem goýberilipdir. Gyzyl pul diňe ýurduň paýtagtynda patyşanyň buýrugy bilen zikgelenipdir. Satraplyklara we şäherlere kümüş hem mis pullary çykarmaga ygtyýar berlipdir. Pullaryň hemmesinde pars patyşasynyň şekili ýerleşdirilipdir.



**Ahemenileriň altyndan guýlan teňňesi**

Kümüş pullar harby ýörişler wagtynda hakyna tutma goşun bilen hasaplaşmak üçin pars köşklerinde, Kiçi Aziýanyň grek şäherlerinde, awtonom şäherlerde we ýerli patyşalaryň köşklerinde zikgelenipdir. Emma b.e. öň VI–V asyrlarda Pars patyşalygynyň köp ýurtlarynda, Egeý deňziniň kener ýaka ýurtlarynda, Sisiliýadan başlap, bütin Ortaýer deňziniň gündogar kenaryndaky şäherlerde, tä Müsüre çenli ýurtlarda söwda dolanyşygynda grekleriň kümüş teňňeleri esasy orny eýeläpdir.

Hatda Wawilonda hem zikgelenen teňňeler köp möçberde ulanylmandyr, olar diňe grek şäherleri bilen söwda etmek üçin peýdalanylypdyr. Döwlete degişli gymmat bahaly metaly zikgelemek diňe patyşanyň ygtyýarynda bolupdyr. Olaryň köp bölegi diňe guýma görnüşinde saklanypdyr. Döwlete salgyt hökmünde gelýän pullar onlarça ýyllaryň dowamynda patyşanyň gaznasynda saklanyp, olar dolanyşykdan aýrylypdyr. Olaryň diňe az bölegi hakynatutma esgerler bilen hasaplaşmak, köşk işgärlerine ýa-da dolandyryş edaralaryndaky işgärlere iş haklaryny tölemek üçin yzyna, dolanyşyga goýberilipdir. Şonuň üçin, söwda dolanyşygynda zikgelenen pullar azlyk edipdir. Bu ýagdaýlar haryt-pul dolanyşygyna uly zyýan ýetiripdir, önüm bilen hasaplaşmaga ýa-da öndürilýän önümler bilen çalyşmaga mejbur edipdir. Önüm görnüşindäki salgytlar dürli-dürli bolupdyr. Olar galla, iýmiş, at bilen altyn hem-de kümüş bilen hasaplaşylypdyr. Mysal üçin, Kappadokiýa pul salgydyndan daşary 150 sany at, 2 müň sany gatyr, 50 müň goýun bermeli bolupdyr. Lidiýa bolsa, olardan iki esse artyk salgyt tölemeli bolupdyr.

Pars patyşalygynyň kuwwaty goşuna bagly bolupdyr. Goşunyň özenini parslar hem midiýalylar düzüpdir. Olar 20 ýaşdan başlap, harby gulluga çekilipdir. Pars patyşalarynyň goşunda geçiren özgertmeleri netijesinde goşun atly hem pyýada esgerlerden düzülipdir. Atly goşunda tanymal adamlar gulluk edipdirler. Pyýada goşun daýhanlardan hem senetçilerden düzülipdir. Pars goşunlarynyň esasy ýaragy peýkam bolupdyr. Atly esgeriň demirden naýzasy, bürünçden galkany we iki sany demirden ýasalan peýkamy bolupdyr. Goşunyň bu iki görnüşiniň bilelikde hereket etmegi parslara köp uruşlarda uly ýeňiş getiripdir.

Pars patyşalarynyň alyp baran uruşlarynda, döwletiň gündogar sebitinde ýaşaýan eýranlylaryň tutýan orny has uly bolupdyr. Aýratyn hem, Orta Aziýanyň sag taýpalary – ahemenileri hemişelik hereket edýän sap atly peýkamçylar bilen üpjün edipdirler. Emma harby bölümlerde, möhüm strategiki ýerlerde, galalarda ýokary harby wezipeleri diňe parslar eýeläpdirler.

**Dariý I harby ýörişleri. Grek-pars urşunyň başlanmagynyň sebäpleri.** Grek-pars uruşlarynyň başlanmagyna birnäçe ýagdaýlar sebäp bolýar. Grek-pars uruşlary Ahemeniler döwletini esaslandyran Kir II döwründe şineläp başlaýar. B.e. öň 546-njy ýylda Kir II ta-

rapyndan Lidiýa patyşalygy basylyp alynýar. Şonuň bilen birlikde, ozal Lidiýa patyşalygyna degişli bolan Kiçi Aziýada ýerleşýän grek şäherleri parslaryň gol astyna geçýär. Kiçi Aziýanyň günbatarynda ýerleşýän grek şäherleri özleriniň Lidiýa hökümdarlarynyň döwründäki şertleri üpjün edilse, Kir II tabyn boljakdyklaryny duýdurýarlar. Emma Kir II Miletden başga şäherlere eglişik etmek islemeýär. Tiz wagtdan Miletde hem parslaryň dikmesi oturdylýar. Parslar tabyn edilen grek şäherlerini hemme tarapdan gysyp başlaýar. Birinjiden, grek şäherlerinden alynýan salgyt Lidiýa patyşalarynyň ýygnaýan salgydy bilen deň bolupdyr. Ýöne şol pullar öňki ýaly dolanyşyga goýberilmän, pars hökümdarynyň hazynasynda biderek ýatan baýlyga öwrülipdir. Bu bolsa Grek şäherleriniň söwda işini gaty çäklendiripdir. Ikinjiden, tabyn edilen şäherleriň ilaty gurluşyk işlerinde işledilipdir, kähalatlarda olar Suza we Persepola iberilipdir. Ilat harby ýörişlere hem gatnaşmaly bolupdyr. Şäherleriň hökümdarlary pars dikmeleri bilen çalşyrylypdyr.

Dariý I dolandyran döwründe Ahemeniler döwleti özüniň gülläp ösýän döwrüni başdan geçiripdir. Dariý I häkimiýeti berkidip, uly özgertmeleri amala aşyryp, döwletiň ýerlerini giňeltmäge başlaýar. B.e. öň 517-nji ýylda parslar Hindistanyň demirgazyk günbatar çäklerini eýeleýärler. Şol bir wagtyň özünde Egeý deňziniň içindäki adalary basyp almaklyk başlanýar. Bu ýerde Samos adasynda güýçli hem baý döwlet ýerleşipdir. Bu ada hem parslar tarapyndan b.e. öň 517-nji ýylda basylyp alnýar. Dariý I b.e. öň 516-njy ýylda uly harby gämileri toplap, Gara deňziň kenarlaryna tarap ugraýar. Onuň günorta kenarynda ýaşaýan dürli taýpalar we grek şäherleri hiç hili garşylyk görkezmän, parslara tabyn bolýarlar.

Dariý I döwründe yzygiderli alnyp barylan uruşlaryň netijesinde parslaryň uly döwletiniň serhetleri gündogarda Hind derýasyndan başlap, günbatarda Egeý deňzine, demirgazykda Ermeni ýurdundan başlap, günortada Nil derýasynyň birinji bosagasyna çenli uzalyp gidipdir. Netijede, Ahemenileriň döwleti b.e. öň VI asyryň ahyrlaryna çenli dünýäniň iň uly döwletine öwrülip, onlarça halklary bir döwletiň düzümine birikdiripdir.

Kiçi Aziýanyň grek ilaty şäherlerinde öz agalygyny berkitmek üçin parslar bu şäherleriň içki işlerine goşulyşyp başlapdyrlar, ola-

ra ýerli emeldarlardan bolan, öz adamlaryny häkimlige goýmaga çalşypdyrlar. Bu hökümdarlar bolsa öz gol astyndaky şäherlerdäki demokratik hereketleri zabunlyk bilen basyp ýatyrypdyrlar.

Wakalaryň ýitileşmegine Dariý I b.e. öň 513–514-nji ýyllardaky Frakiýanyň üsti bilen Günbatar we Demirgazyk Gara deňzine – skiflere garşy ýörişi hem itergi beripdir. Pars patyşasy Frakiýanyň we galla baý Garadeňiz kenarlaryny eýelemäge ymtylypdyr. Patyşanyň bu maksady amala aşýan ýagdaýynda, parslaryň Gellespontyň kenarlarynda we Kiçi Aziýadaky grek şäherlerinde agalygyny berkitmäge ýardam edip biljekdi hem-de olaryň balkan Gresiýasyna täsirini berkitjekdi.

Bu ýörişe dürli taýpalardan ybarat guryýer goşuny gatnaşýar. Samosly grek, arhitektor Mandrakolyň ýolbaşçylygynda Bospordan we Dunaýdan Ýewropa tarap pars goşunlary geçer ýaly köpri salynýar. Dariý I ony gorap saklamaklygy bolsa, harby ýörişe gatnaşýan greklere tabşyrypdyr.

Skif ýerlerine çozup giren pars goşuny uzak ýörişe taýýar däldi, skifleriň atly goşuny parslary ýurduň içindäki çöllüklere çekip, olara ynjalyk bermändirler. Skifler ähli obalaryny boşadyp sähralyklara çekilipdirler parslar skifler bilen söweş eder ýaly olaryň esasy güýjüne duş gelmändir. Gerodotyň ýazmagyna görä, ýöriş iki aýa çekipdir. Ktesiý bolsa 15 günlük ýöriş barada gürrüň berýär. Skifleriň bu uruş usuly pars goşunyny agyr ýagdaýa salýar, goşuny çörek bilen üpjün etmeklik kynlaşyp, açlyk başlanýar. Dariý I ýaraly we keselli esgerlerini taşlap, yza gaýtmaga mejbur bolýar.

Şeýlelik bilen, parslaryň skif ýörişi doly şowsuz tamamlanýar. Bu ýagdaý Dariý I harby abraýyny öz golastyndaky halklaryň içinde peseldip, ýurduň dürli ýerlerinde uly kynçylyklary döredipdir. Emma Megabaz serkerdäniň ýolbaşçylygynda Frakiýada galdyrylan goşun, ol ýerdäki taýpalary özlerine tabyn edipdir. Parslaryň agalygyny frakiýalylar, olaryň goňşusy bolan Makedoniýa patyşasy Aminta I hem ykrar etmeli bolupdyrlar. Indi Balkan Gresiýasyny basyp almak üçin, parslara ýol açylypdyr.

Uruş howpy açyk duýulýar. Bu döwürde Gresiýanyň özünde-de ýagdaý has çylşyrymlaşypdy. Grek polisleriniň köpüsi parslar bilen urşa döwtalap däldiler. Şu meselede birnäçe syýasy toparlar

peýda bolýar. Polisleriň birentegi (ekerançylyk bilen meşgullanýan polisler) parslardan gorkup, onuň bilen uruşmazlygyň tarapdary bolupdyrlar. Polisleriň ikinji topary öz içki uruşlarynda parslardan haraý isleýärdileri. Diňe ykdysadyýetinde söwda esasy orun tutýan we gündogar bilen deňiz söwdasyny alyp barýan polisler urşuň tarapdarlarydy. Aýratyn hem, urşuň tarapdarlary bolup, Sparta bilen Afina polisleri çykyş edýärler.

Parslaryň Gresiýa ýakynlaşmagyna garamazdan, grek şäherleriniň özara alyp barýan uruşlary gowşamandyr, tersine, parslaryň grekleriň içki meselesine gatyşmagyny ýeňilleşdiripdir. Mysal üçin, Sparta Afina garşy urşa başlanda Klisfen parslara kömek sorap ýüz tutýar hem-de Afinanyň üstünden parslaryň agalygyny ykrar etmäge we olara «ýer we suw» bermegi wada berýär. Netijede, parslar grekleriň içki işlerine gatyşyp başlaýar.

Grek-pars uruşlarynyň aýgytly döwrüniň (b.e. öň 500–478-nji ýý.) wakalary Gerodotyň «Taryh» atly işinde beýan edilýär. Gerodot uruşdan soňky döwürde ýaşan hem bolsa, onuň urşa gatnaşan adamlar bilen gürrüňdeş bolmaga mümkinçiligi bolupdyr. Ol söweşiň bolan ýerlerini baryp görüpdir, dilden maglumat ýygnapdyr, gahrymanlaryň hormatyna dikilen ýadygärlikler we käbir resminamalar bilen tanşypdyr. B.e. öň V asyryň ortalarynda uruş hereketleriniň gidişi barada Fukididiň işlerinde maglumat berilýär. Şeýle hem, Eshiliň «Parslar» atly tragediýasynda, Aristoteliň «Afiny politiýasy» eserinde maglumatlar berilýär. Köp sanly harby we syýasy işgärleriň terjimehalyny ýazan Plutarhyň işlerinde grek-pars urşunyň gahrymanlary Femistokl, Aristid, Kimon barada giňişleýin maglumat berilýär. Uruş barada b.e. öň V asyra degişli bolan az sanly ýazgy ýadygärliklerinde hem maglumatlar saklanypdyr.

Grek-pars urşy Kiçi Aziýadaky grek şäherlerinde parslara garşy gozgalaň bilen başlanýar. Mileti wagtlaýyn dolandyrýan Aristagor parslaryň ynamyna girmek üçin, Egeý deňzindäki Naksos adasyna ýöriş edýär. Onuň ýolbaşçylygynda pars gämileri şowsuzlyga uçraýar. Özüne jeza berilmeginden gorkan Aristagor grek şäherlerini gozgalaňa çagyryp, gozgalaňa baş bolýar. Miletlileriň kömek sorap ýüz tutmasyna, Balkan Gresiýasyndan diňe Afina we Eretriýa şäherleriniň ilaty kömek beripdirler. Milete kömek üçin Afina 20 triýer, Eretriýa 5 triýer iberýär.

Gozgalaňçylar kömek gelmegi bilen işjeň herekete başlap, b.e. öň 499--njy ýylyň tomsunda öňki Lidiýa patyşalygynyň paýtagty Sardy şäherine ýöriş edýärler. Şäherde ýangyn bolup, ýerli ilatyň mukaddes hasaplaýan Kibelýa buthanasy ýakylýar. Bu bolsa, ýerli ilatyň greklere garşy aýaga galmagyna sebäp bolýar. Netijede grekler Sardydan çykyp gidýärler, afinalylar öýlerine gaýdýar. Efesiň eteginde bolan söweşde grekleriň ýeňilmegine garamazdan, gozgalaň güýjeýär. Gozgalaňa Wizantiýa Kariýa we Kipr adasy hem goşulýar. Emma grekleriň arasynda agzybirlik bolmandyr. Netijede, parslara grek şäherlerini ýeke-ýekeden eýelemäge mümkinçilik bolýar. Parslar ilki Kiprde, soňra Propontidada we Gellespontda gozgalaňlary basyp ýatyrýar. Göreşi diňe Milet dowam etdirýär. Aristagor ýeňşe bolan ynamyny ýitirip, Frakiýa gaçyp gidýär, tiz wagtdan şol ýerde hem ölýär. Gozgalaňçylaryň arasynda agzalalyk güýçlenip, olar bir-birine ýardam etmän söweşi taşlap gidip başlapdyrlar. Mysal üçin, b.e. öň 497-nji ýylda Lada adasynyň ýanynda bolan deňiz söweşinde samoslylar we lesboslylar söweşi taşlap gidipdirler. Netijede, söweş pars gämileriniň doly ýeňşi bilen tamamlanýar. Şunuň bilen Miletiň hem ykbaly çözülýär. B.e. öň 495-nji ýylda parslar Miletiň diwarynyň düýbüni köwüp, ony ýumurýarlar we şähere girýärler. Şäher tozdurylýar, köp adam gyrylýar, müňlerçe aýallardyr çagalar gul edilip satylýar. Lesbos, Hios, Tenedos adalary we beýleki grek şäherleriniň ilaty gulçulyga satylýar. Ioni şäherleri tozýar. Şondan soň parslar bilen çaknyşyk gönüden--göni açyk urşa geçýär. Munuň üçin, iki tarapda hem ýeterlik sebäpler ýüze çykypdy.

**Mardoniniň, Datisiň we Artaferniň harby ýörişleri.** Kiçi Aziýadaky gozgalaňy basyp ýatyrandan soň, Parslar Balkan Gresiýasyna ýörişe taýýarlanyp başlaýar. B.e. öň 493-nji ýylda Dariý I ýegeni we giýewisi Mardoniý uly guryýer goşuny we deňiz gämileri bilen ýörişe ugraýar. Mardoniý Gellespont geçelgesinden geçip, Frakiýanyň kenarlary bilen günbatara hereket edýär. Ýolda daýanç berkitmeleri döredilýär, olarda ätiýäçlyk üçin azyk we ot-iým saklanypdyr. Käbir frakiýa taýpalary garşylyk hem görkezipdirler. Makedoniýanyň patyşasy Aleksandr parslary dostlukly garşylap, olara tabyn bolýar. Pars gämileri Halkydykanyň günorta kenarynda Afon burnunyň ýanyna ýetende deňizde güýçli tupan başlap, pars gämileriniň 300-den gowragy heläk bolýar. Parslaryň pyýada goşunyna frakiýalylar uly

zarba urýar. Netijede, bu ýöriş şowsuz tamamlanýar, Mardoniý yzyna dolanmaga mejbur bolýar. Ýöne bu şowsuzlyk parslaryň Gresiýa ýöriş etmeklerinden ünsüni sowup bilmeýär. B.e. öň 492-nji ýylda Dariý I özüniň tabynlygyndaky ähli kenarýaka şäherlere gämili ýöriş gurap, Kiçi Aziýanyň kenarlaryna ugratmagy buýurýar. Gresiýanyň dürli şäherlerine «ýer we suw» bermeklerini talap edip, pars ilçilerini Gresiýa iberýär. Bu talabyň ýerine ýetirilmegi Dariý I tabyn bolmagyny aňladýardy. Afinada we Spartada pars ilçileri öldürilýär. Grekler ilçileri öldürmek bilen, öz garaşsyzlyklary üçin göreşjekdigini duýdurypdyrlar. Emma tiz wagtdan Saronik aýlagynda ýerleşýän Egina güýçli gämisiniň bardygyna garamazdan, parslara tabyn bolmaga mejbur bolýar. Egina Afina golaýdy hem-de onuň duşmanydy. Şonuň üçin, Afina Spartanyň kömek bermegi bilen Eginadan göztussagy almagy başarýar we Eginany bitaraplaşdyrýar. Pars ilçilerini guýa taşlap öldüren spartalylardan, günäsini ýeňletmek üçin, ölümini boýnuna alan birnäçe tanymal adamlar Dariý I ýanyna iberilýär. Emma Dariý I olary kabul etmändir. B.e. öň 490-njy ýylda parslar täze ýörişe başlaýar. Ähli goşun gämilere ýüklenilýär, atlary äkitmek üçin ýörite gämiler taýýarlanýar. Bu gezek goşuna baştutan edilip Datis we Sardyň satrapynyň ogly Artafern bellenilýär. Olar bilen ýörişe bir wagtky Afinadan gaçyp gelen tiran Gippiý hem ugraýar. Gämiler Kiçi Aziýadan Egeý deňziniň adalarynyň üsti bilen Ewbeýa adasyna tarap ugraýar. Delos adasynda parslar ilata degmejegini yglan edip, adany eýeleýärler. Naksos adasy hem eýelenip, ilaty gulçulyga satylýar. Şäherleriň köpüsi parslara garşy söweşmän tabyn bolanlaryny kem görmändirler. Ewbeýa adasy eýelenýär, ada Attika çozmak üçin, iň ýakyn hem amatly ýer bolupdyr. Adada Eretriýa şäheri ugrunda söweş başlanýar, emma şäheri goraýjylaryň arasynda agzalalyk ýuze çykýar. 4 müň afinaly kleruhlar şäherden çykyp gidýär. Netijede, parslara hüjüm edip, şaheri almak başardýar. Şäher tozdurylýar, ilaty gulçulyga satylýar. Ewbeýadan Attika ugran pars gämileri Gippiniň maslahaty bilen Saronyk aýlagyna däl-de, demirgazyga Marafon düzlügine baryp düşleýär. Afinalylar Sparta çapar iberip, derrew ýörişe çykypdyrlar. Çaparyň 200 km ýoly iki günde geçeni biderek bolýar. Spartalylar gadymy dini-däplerine görä, diňe 10 günden soň ýörişe çykyp biljekdiklerini aýdypdyrlar. Şeýlelikde, parslaryň garşysyna afinalylaryň ýeke özleri söweşmeli bolýar. Marafon jülgesine diňe Plateýa şäherinden 1000 adam kömege gelipdir.




**Esasy söweslerde pars we grek goşunlarynyň ýerleşisi.**
**Marafon söweşi**

B.e. öň 490-njy ýylyň 13-nji sentýabrynda Afinadan 40 km uzaklykdaky Marafon jülgesinde grekler bilen parslaryň ilkinji uly çaknyşygy bolup geçýär. Oňa 10000 afinaly we 1000 plateýaly goşun gatnaşýar, Afina goşunyna serkerde edilip, Miltiad bellenilýär. Miltiad geçmişde parslar bilen bile bolup, olaryň uruş tilsimlerine belet bolupdyr.

Datisiň we Artafeniň ýörişleri hem-de Marafonyň etegindäki söweş barada Korneliý Nepotyň ýazgylarynda gyzykly maglumatlar berilipdir. Onda Dariý I Ýewropadan Aziýa dolanyp gelenden soň, onuň ýakyn ýoldaşlarynyň maslahat bermegi bilen Gresiýany basyp almak üçin, 500 sany gämini ýaraglandyrypdyr. Bu gämileriň serkerdesi edilip Datis bilen Artafen bellenip, olara 200 müň esger, 10 müň atly goşun berilýär. Patyşanyň serkerdeleri öz gämilerini Ewbeýa getirip, Eretriýany basyp alýar. Onuň ähli ilaty ýesir alnyp, Aziýa patyşanyň ýanyna iberipdirler diýip, Korneliý Nepot ýazýar.

Korneliý Nepotyň beýanlarynda Marafon söweşiniň gidişi barada hem giňden maglumatlar galdyrylypdyr. Ol pars serkerdesi Datis saýlanyp alnan Marafon meýdanynyň parslar üçin amatsyzdygyna gözi ýetse-de, ol öz goşunynyň artykmaçlygyna daýanyp, spartalylardan kömek gelmänkä, grekler bilen söweşmäge howlugypdyr. Datis söweş meýdanyna 100 müň pyýada, 10 müň atly goşuny hatara düzüpdir. Bu söweşde afinalylar gahrymançylygyň iň ýokary ussatlygyny görkezip, pars goşunlaryny derbi-dagyn edip, parslary şeýle bir gorkuzypdyrlar welin, olar öz gelip düşen ýerlerine tapman, eýsem gämileriniň duran ýerlerine zordan özlerini atypdyrlar.

Spartalylar 13-nji sentýabrda ýörişe çykýar, parslar bolsa entek kömek gelip ýetmänkä, esasy zarbany urmak maksady bilen, atly goşuny gämilere ýükläp, Afina tarap ugraýar. Bu ýagdaý Afina serkerdesi Miltiada mälim bolýar. Ol amatly pursatdan ýerlikli peýdalanýar, öz goşunlarynyň ýerleşen beýikliginden aşakda ýerleşýän Marafon jülgesine düşýär. Parslaryň atly goşunynyň ýokdugy grekler üçin uly ýeňillikdi. Parslaryň san taýdan agdyklygyny nazarda tutup, Miltiad goşunyň falangasyny parslaryň goşunynyň tutýan falangasyna deňlejek bolup, onuň orta bölegini gowşadyp, iki gapdalyny güýçlendirýär. Parslaryň goşuny, esasan, peýkamçylardan bolup, olar 100 metrlikden duşmana uly zeper ýetirip bilýärdiler. Şol sebäpli, Miltiad esgerlerine hüjüm başlan badyna duşman bilen aralygy ylgap geçmegi buýurýar, şeýdilen ýagdaýynda parslaryň peýkamyndan az zyýan çekiljekdi.

Söweş grekleriň hüjümi bilen başlanýar. Parslar grekleriň ortadaky toparyny böwüsýär, ýöne iki gapdaldaky grek esgerleri böwsüp geçen parslaryň daşyna aýlanyp, olary gyrgynçylyga berýärler. Şeýlelikde, parslar ysgyndan gaçyp, söweş meýdanyny taşlamaga mejbur bolýarlar. Olaryň köpüsine pars gämilerine münüp gaçmak başardýar, 7 sany gämi ele düşýär. Gerodotyň habar bermegine görä, şol söweşde parslardan 6400 adam, afinalardan we onuň ýaranlary bolan plateýalylardan 192 esger heläk bolýar, şol sanda greklerden bir serkerde we arhont-polemarh Kallimah hem heläk bolýar. Bu maglumatlarda plateýalylar we gullar hasaba alynmandyr. Gämi bilen Afina tarap giden goşun şähere golaýlanda, Miltiad hem esgerleri bilen gelip ýetişýär. Pars gämileri Afina hüjüm edip bilmän, yzyna dolanýar. Şeýlelikde, Marafon jülgesinde bolan söweşde grekler ajaýyp ýeňiş gazanýar, ýeňşiň ruhy taýdan ähmiýeti juda uly bolýar. Bu ýeňiş grekleriň özlerini hem geň galdyrypdyr, olarda ýeňşe bolan ynam täzeden döreýär. Parslar üçin bu ýeňliş däldi, diňe başa barmadyk synanyşyk hasaplanýardy. Şonuň üçin, uruş howpy öňküligine saklanyp galýardy.

**Kserksiň Gresiýa ýörişi.** Marafon söweşinden soň parslar 10 ýyllap diýen ýaly Gresiýa garşy ýöriş etmändirler. Ahemeniler döwletinde içki tolgunyşyklar güýçlenýär. Müsürde, Wawilonda gozgalaňlar bolýar, üstesine-de b.e. öň 485-nji ýylda Dariý I aradan çykýar. Onuň ýerine tagta çykan ogly Kserkse (b.e. öň 485–465-nji ýý.), tolgunyşyklary ýatyrmak üçin, birnäçe ýyl gerek bolýar. Ýurdy doly eline alandan we berkleşenden soň, Kserks ýene-de Gresiýa garşy ýörişe taýýarlanyp başlaýar.

Gresiýada gürrüňi edilýän döwürde wakalar şeýleräk bolupdy. Marafon söweşinden soň, afinalylar parslara kömek beren grek şäherleriniň ilatyny jezalandyryp başlaýarlar. Marafon söweşiniň gahrymany Miltiad Paros adasyna garşy söweşde şowsuzlyga uçrap, ol suda berilýär. Sud onuň hyzmatyny nazarda tutup aklaýar, ýöne 50 talant möçberde jerime tölemeli edilýär. Söweşde ýaraly bolan Miltiad tiz wagtdan ölýär we jerimäni onuň ogly Kimon tölemeli bolýar.

Bu döwürde Afinada iň ukyply we öňdengörüji döwlet işgärleriniň biri bolan Femistokl syýasy meýdana çykýar. Femistoklyň kakasy ruhany, ejesi bolsa aşaky gatlakdan bolupdyr. Ol her bir işden örän gowy baş alyp çykypdyr, aýratynam, öňdengörüjiligi bilen tapawutla-

nypdyr. Onuň başarjaňlygyna, ukybyna öz döwründe taryhçy Fukidid örän ýokary baha beripdir. Femistokl parslar bilen geljekde urşuň boljakdygyna doly göz ýetiripdi. Ol Gresiýa howp diňe bir parslar tarapyndan däl, eýsem goňşy Egin polisi tarapyndan hem abanýandygyna oňat düşünýärdi. Eginlileriň şol döwürde ýeterlik derejede harby gämisi bolup, ol Afinanyň birinji duşmanydy. Şol sebäpli, Femistokl Afinanyň güýjüni güýçli deňiz gämilerini edinmekde görüp, öz harby taslamasyny hödürleýär. Ol bu howpuň öňüni almak üçin, greklere üstünlikli uruş gerekdigini düşündirmäge çalyşýardy. Femistokl Afinany berkitmek üçin, Pireý portunyň düýbüni tutýar. Bu portuň düýbüniň tutulmagynyň Afina üçin nähili ähmiýetiniň bolandygy, Peloponnes urşy (b.e. öň 431–404-nji ýý.) döwründe has aýdyň görkezdi. Femistokl güýçli harby gämisiniň döredilmeginiň zerurdygyna gözi ýetip, onuň serişdesiniň aladasyny edip başlaýar. Bu möhüm işde Femistokla b.e. öň 483-nji ýylda Lawriýa daglaryndan baý kümüş magdan käniniň tapylmagy uly kömek edýär. Oňa magdan käninden gelýän girdejileri harby gämisiniň gurluşygy üçin sarp etmäge, halk maslahatynyň karary bilen rugsat berilýär. Netijede, b.e. öň 480-nji ýylda Afinada kuwwatly deňiz gämisi peýda bolýar. Ondan öň kümüş käninden gelýän girdejiler raýatlaryň arasynda paýlanypdyr.

Kümüş känleri barada, onuň peýdalanyş ýollary barada Aristotel «Afina politiýasy» atly işinde şeýleräk ýazgylary galdyrypdyr. «Arhont Nikodemiň döwründe Maronide kümüş käniniň üsti açylýar, bu magdan käniniň işlenilmegi netijesinde şäheriň gaznasyna 100 talant galypdyr. Adamlar ony halka paýlamagy maslahat berýärler, emma Femistokl oňa ýol bermändir. Emma ol baýlygy näme üçin peýdalanjagyny aýtman, pullary ýüz sany baý afinalylaryň her haýsyna bir talantdan karzyna bermegi teklip edýär. Eger-de olaryň harç eden pullary dogry tapylyp makullanylsa, olary döwletiň hasabyna çykdajy etmegi, eger-de pullar biderek zatlara harçlanyp olar makullanylmasa, onda karzyna berlen adamlardan pullary gaýtaryp almagy teklip edýär. Şeýdip, Femistokl pullary halka bermän gerekli ýere peýdalanmagy meýilleşdirýär hem-de baýlardan alnan pullara Femistokl 100 sany triýer-harby gämileri ýasamagy buýurýar, ýagny 100 adamyň her biri bir triýer gurmaly edýär. Salaminiň eteginde parslar bilen söweşen afinalylar, şol triýerler bilen söweşdiler» diýip, ol öz beýanyny tamamlaýar.

Uly gämi gurluşygynyň başlanmagy bilen, Attikanyň garyp ilatyna işlemäge we gulluk etmäge uly mümkinçilik döreýär. Her bir meseläniň halk ýygnagynyň garamagyna berilmegi Afinada demokratiýanyň ösüşine itergi berýär.

Afinanyň ikinji bir görnükli döwlet işgäri Aristid bolupdyr. Ol gury ýer goşunyny güýçlendirmegiň tarapdary bolup çykyş edýär. Onuň hem sebäbi Aristid iri ýer eýeleriniň wekilidi we şolaryň bähbidinden ugur alýardy. Emma ol Femistokla garşy syýasy göreşde asgyn gelýär we Afinadan kowulýar.

Bu döwre çenli gowy taýýarlyk gören Kserks täze ýörişiň ugruna çykýar. Ol ýörişe ugramazdan öň, güýçli diplomatik işleri amala aşyryp, grek şäherleriniň köpüsiniń söweşsiz tabyn bolmagyny gazanýar. Afinanyň özünde hem parslara tabyn bolmak meýilleri güýçlenýär. Aristokratlaryň döwlet agdarlyşygyny edip, parslara boýun egmek isleýän toparynyň dildüwşüginiň üsti açylýar. Şeýlede bolsa, köp grek şäherleri söweşe taýýarlanyp başlaýar. Bu gezek howpuň uludygyna göz ýetiren Sparta hem söweşe taýýarlyk görýär. B.e. öň 481-nji ýylda merkezi Korinfde, Spartanyň baştutanlygynda umumy ellin bileleşigi döredilýär. Bileleşigiň harby geňeşi döredilipdir. Afinanyň kuwwatly flotynyň bolmagyna garamazdan, deňizde we gury ýerde söweşe serkerdelik etmek Sparta tabşyrylýar.

Gresiýa Kserksiň ummasyz goşun bilen ýörişe ugrandygy barada habar gelende, Afina ähli kowlan adamlary yzyna çagyrýar. Grekler ilki 10000 esgeri Fessaliýanyň serhetlerine ugradýar. Ýöne Fessaliýada we Makedoniýada grekler üçin howply ýagdaý döreýär. Şonuň üçin Femistokl parslary demirgazyk we Orta Gresiýanyň serhedinde garşylamagy ýüregine düwýär. Grekler Fermopil geçelgesini goramagy karar edýärler. Bu ýerde dag gerişleri deňze gaty ýakyn gelýärdi we parslaryň atly goşuny üçin hereket etmäge mümkinçilik azdy. Şeýle hem, bu ýerde Fokidalylar bir wagt fessaliýalylara garşy söweşde goranyş diwarlaryny gurupdy. Sparta patyşasy Leonidiň baştutanlygynda 300 spartaly, 1000 periek we bileleşigiň goşun toparlaryndan ybarat bolan 4000 adam Fermopile iberilýär. Leonide ýolda hem esgerler goşulyp, onuň goşuny 7200 adama ýetýär. Şeýlelik bilen, Leonid Fermopilde goranyş guraýar. Şol bir wagtda 271 triýerden ybarat grek gämileri hem Ewbeý adasynyň demirgazyk kenaryna gelýär. Oňa spartaly Ewribiad ýolbaşçylyk edipdir. Afina gämileriniň

serkerdesi Femistokl, agzybirligi saklamak üçin ýolbaşçylygy Ewribiada berýär. Deňizde başlanan söweşlerde parslara üstünlik gazanmak başartmaýar.

Gury ýer söweşine Kserksiň özi ýolbaşçylyk edýär. Onuň az sanly grek goşunyny haýbat bilen boýun egdirjek bolmagy peýda bermeýär. Leonid beýleki dag ýodalaryny 1000 adamly fokida esgerleri bilen bekläp, söweşe taýýar bolup durýar. Söweş başlanýar, Leonid esgerleri tiz-tizden çalşyp durýar we yzly-yzyna edilýän hüjümleri serpikdirýär. Ikinji gün ahyrlanda Fessaliýaly bir adam parslara dag ýodalaryny görkezmegi we olary grekleriň arkasyna geçirmegi boýun alýar. Kserks gije goşunyň bir bölegini grekleriň arkasyna iberýär. Dag geçelgesini goraýan fokidalylar üstüni duýdansyz basdyrýar we çar tarapa gaçýar. Leonid bu işden bihabar galýar. Ol bu habary eşidende ýanynda spartaly, fiwili esgerleri we meýletin galanlary alyp galyp, beýlekileri goýberýär. Şeýlelikde, grekler deň bolmadyk söweşe girýär. Leonid söweşiň başynda ölýär. San taýdan gaty az bolmagyna garamazdan, grekler gazaply garşylyk görkezýärler. Olaryň ählisi wepat bolýar. Spartalylaryň bu gahrymançylygy, parslaryň güýjüniň köp wagtlap saklanmagyna, Attikada täze güýçleriň jemlenmegine, onuň ilatynyň göçürilip ýetişmegine mümkinçilik döredýär. Leonidiň heläk bolandygyny eşiden grek gämileri günorta, Saronik aýlagyna, Salamin adasyna tarap gaýdýar.

**Salamin söweşi.** Kserks Attika çozup girýär. Afinany eýeleýär, Akropoly goran az sanly grekler wepat bolýar. Ýöne parslar gelmezden öň, ilatyň köpüsi Salamin adasyna we Egina göçüp ýetişýär. Grekleriň esasy güýji Istm geçelgesinde jemlenýär. Spartalylar gämileri hem şu ýere getirmegi talap edýär. Şu ýerde söweşiň iki hili meýilnamasy öňe sürülýär. Femistokl esasy söweşi deňizde geçirmegi teklip edýär. Spartalylar esasy söweşi Istm geçelgesinde geçirmegi teklip edýärler. Ahyr Femistoklyň teklibi kabul edilýär. Femistokl parslary öz oýlan meýilnamasy boýunça hereket etdirmek üçin, özüniň wepaly guluny Kserksiň ýanyna iberýär. Ol gul gaçyp gelen adam hökmünde grekleriń Salamin aýlagyndan gitmäge taýýarlanýandygyny Kserkse habar berýär. Iberilen gul Femistoklyň tabşyrygy boýunça grek gämilerini Salamin aýlagyndan çykmanka gabamagy we olaryň üstüne çozmagy Kserkse maslahat berýär. Kserks öz gämilerini Salamine sürýär. B.e. öň 480-nji ýylyň 28-nji

sentýabrynda Salamin söweşi başlaýar. Bu deňiz söweşine grekleriň 350–380 triýerlerden ybarat gämileri, parslaryň 800 gämisi gatnaşýar. Femistoklyň görkezmesi boýunça grek gämileri çalt we okgunly hüjüm edip, söweşi başlaýar. Pars gämileri agyr bolany üçin, näbelet ýerlerinde gowy hereket edip bilmeýär. Munuň tersine, ýeňil trierler çalt hereketler bilen pars gämilerini gark edip başlaýar. Grekler söweşde «abordaž we taran» usullaryny ulanýarlar, ýagny duşman gämisine geçip söweşmek usulyny ulanypdyrlar. Salamin söweşinde parslar ýeńilip, 200-den gowrak gämisini ýitirýärler. Şeýlelik bilen, söweş hem tamamlanýar. Grekler bu söweşde bary-ýogy 40 triýer ýitiripdirler. Salamin söweşinde grekleriň üstün çykmagynyń uly ähmiýetiniń bolandygyny sońraky üstünlikler hem güwä geçýär. Deňiz söweşine spartaly Ewribiad ýolbaşçylyk etse-de, ýeňşiň baş gahrymany Femistokla berilýär. Spartada ony uly hormat bilen garşylapdyrlar, gaýdanda bolsa ony 300 esger Attikanyń serhedine çenli ugradypdyr. Spartada entek hiç bir daşdan gelen şeýle hormata mynasyp bolmandyr. Salamin söweşinden soň, Kserks öz gämileri bilen yzyna gaýdýar. Gresiýada gury ýer goşuny bilen Mardoniý galýar.

B.e. öň 479-njy ýylda Mardoniý ýene Attika ýöriş edýär. Attikanyň ilaty ýene Salamine göçýär. Mardoniý Attikany talaýan wagty, peloponnesliler Istmde hereketsiz durupdyrlar. Gazaba münen afinalylar, eger peloponnesliler tiz herekete başlamasalar, parslar bilen ýaraşyk baglaşjakdyklaryny duýduranlaryndan soň, spartalylar ýaş patyşa Pawsaniniň ýolbaşçylygynda goşun ugradýarlar. Pawsaniý grekleriň birleşen güýçleri bilen Kiferon dagynyň etegine gelýär we Istm geçelgesini bekleýär. Grekleriň güýç görkezmegi netijesinde Mardoniý Attikadan Beotiýa gitmelidi, sebäbi ol ýer parslaryň atly goşunynyň hereket etmekleri üçin has amatly ýerdi. Bu ýerde b.e. öňki 479-njy ýylda Plateýanyň eteginde söweş bolup geçýär. Gerodot bu söweşi beýan edende pars goşunynyň sanyny has artdyryp görkezýär. Gerodotyň maglumatlaryna görä, grekleriň 38700 agyr ýaraglanan goşuny, 34500 ýeňil ýaraglanan goşuny, bulardan başga-da goşuna hyzmat edýän 35 müň spartaly ilotlar bolupdyr. Parslaryň hem şonçarak ýa-da köpräk goşuny bolupdyr. Söweş iki tarap üçin hem ýitgili bolupdyr, parslaryň atly goşuny üçin daglyk ýerde söweşmek agyr bolupdyr, grekler hem düz meýdana düşmänsoňlar parslar grekleriň aristokratik topary bilen parslaryň tarapyna geçirmek üçin

gepleşige geçipdirler. Emma onuň üsti açylyp, dildüwşüjiler öldürilipdir. Grekler Delos adasynda duran harby gämilerini Kiçi Aziýanyň ýerlerine iberip, duşmanyň tylynda, Ioniý şäherlerinde gozgalaň turuzmaga synanyşýarlar. Az wagtdan Plateýada söweş başlanypdyr. Parslar grekleriň hemme goşunyny suw bilen üpjün edýän çeşmäni gömüpdirler. Suwsuz galan grekler Plateýanyň ýakynyndaky çeşmä, açyk ýere geçmelidiler. Bu ýagdaýyň howuplydygyna düşünen Pawsaniý bu wezipäni gije geçirmegi makul bilýär. Parslar bolsa şoňa garaşyp, hüjüme geçýärler. Parslaryň jöwenek ýaly ýagan oklaryndan sparta goşunlary agyr ýitgilere sezewar bolan hem bolsalar, olar söweş nyzamyny bozman hereket edipdirler. Parslar ýakyn gelenlerinde spartalylar garşylyklaýyn hüjüme geçýärler. Iki goşunyň garpyşyp uruşan wagtynda Mardoniý heläk bolýar, pars goşunlarynyň hatary bozulyp kem-kemden yza, öz berkidilen lagerine çekilmek bilen bolýarlar. Emma bu olary halas etmändir, söweşe ýetişip gelen afinalar parslaryň galasyny zabt edip alypdyrlar. Söweş parslaryň ýeňilmegi bilen tamamlanýar. Pars goşunynyň merkezine serkerdelik eden Artabaz goşunyň bir bölegini alyp, Wizantiýa geçmegi başarýar. Soňra grek gämisi Sparta patyşasy Leotihidiň we afinaly Ksantipiň afinany syýasy we döwlet işgäri Perikliň baştutanlygynda Mikale burnunyň ýanynda pars gämileriniň jemlenen ýerine hüjüme geçilip, olar ýene-de ýeňlişe sezewar edilýär. Soňky ýylda bolsa Sparta patyşasy Pawsaniý grek harby gämileri bilen Kipr adasyna, Wizantiýa we parslaryň elinde galan beýleki şäherlere garşy hüjüme geçýär. Gämileriň esasy bölegi afinalylara degişlidi. Bu ýeňişlerden soň Paňsaniý özüni has hem ýokary tutup, başga zatlary meýilleşdirip başlaýar. Ol Wizantiýany eýelände köp sanly pars beglerini ýesir alýar, olaryň içinde patyşanyň garyndaşlaryndan hem bolup, olary gizlin ýagdaýda Kserksiň ýanyna iberýär. Olar bilen Pawsaniý öz diýen adamsyny ýörite hat ýazyp ugradýar. Ol barada Fukidid şeýle ýazýar: «Sparta serkerdesi, Pawsaniý Wizantiýada ýesir alnanlaryň siziň garyndaşyňyzdygyny bilip, ýesirleri size iberýär we özi hem siz bilen garyndaş bolmak isleýär. Şol sebäpli, sen garşy bolmasaň, oňa gyzyňy aýallyga ber. Eger-de, sen, şony etseň, ol seň kömek bermegiň bilen Spartany we bütin Gresiýany seniň häkimligiňe tabyn etmegy wada berýär. Egerde, sen şu teklipleriň amala aşyrylmagyny isleýän bolsaň, onda ol gepleşer ýaly öz ynamdar adamlaryňdan birini ibermegiňi teklip edýär». Patyşa

özüne ýakyn adamlaryň halas bolanyna gaty begenip, şol wagt Pawsaniý ýanyna Artabazy hat ýazyp ugradýar hem-de wada edilen zatlaryň amala aşmagy üçin, oňa mümkin bolan bar zatlary peýdalanmagy hemme zat şowly bolsa, onuň üçin hiç zat gaýgyrmajagyny ýazýar. Emma Pawsaniniň pars patyşasy bilen gizlin gatnaşygy uly närazylyk döredýär. Bileleşigiň harby gämileriniň serkerdeleri Pawsaniýa garşy dildüwşük gurnaýarlar. Sparta hökümeti Pawsanini derrew yzyna çagyrýar. Ol sud edilip, ölüme buýrulýar, emma soňra ol aklanyp, jerime tölemeli edilýär. Şondan soň ol harby gämilere ýolbaşçylyk etmäge goýberilmändir. Şeýlelik bilen, grek-pars uruşlarynyň aýgytly döwri tamamlanýar. Mundan beýläk grekleriň özleri hüjüme geçipdirler.

**Birinji Afina (Delos) deňiz bileleşigi.** Grek-pars urşunyň dowamynda ähli grek goşunlaryna ýolbaşçylyk etmeklik spartalylara degişli bolansoň, olar demokratik hereketleri basyp ýatyrypdyrlar we grek polislerini dürli ýollar bilen kemsidipdirler. Şeýle ýagdaýda soýuzdaşlaryň talap etmegi bilen, goşuna ýolbaşçylyk etmek Afinanyň eline geçýär. Spartaly goşunlar bolsa, muňa gahar edip, uruşdan çykýar. Bu döwürde Gresiýada Afinanyň ýolbaşçylygynda Peloponnes bileleşigine garşy durup biljek, grek polosleriniň täze bir harby-syýasy bileleşigi döredilýär. Oňa Delos deňiz bileleşigi ýa-da Birinji Afina deňiz bileleşigi diýlip atlandyrylýar. Bu bileleşik b.e. öň 478-nji ýylda parslardan azat edilen Kiçi Aziýa we Egeý deňzindäki adalaryň polisleriniň birleşmeklerinde emele gelýär.

Bileleşigiň agzalarynyň hemmesi deň hukukly diýlip yglan edilipdir, emma ilkibaşdan esasy orun Afina degişli bolupdyr. Sebäbi onuň ähli bileleşigiň harby gämilerinden hem köp, 300 trierden ybarat harby gämileri bolupdyr. Oňa girýän döwletler harby gämilerden başga-da 10 000 pyýada we 1000 atly esger saklamagy karar edýärler. Kiçiräk şäherler urşa gönüden-göni gatnaşmakdan boşadylyp, olar üçin diňe pul tölegi girizilipdir. Töleg (foros) ýygnamak işi Aristide ynanylýar, ilkibaşda oňa 460 attika talanty tölemeli edilipdir. Bilelişigiň puluna afinalylar täze-täze gämileri gurupdyrlar hem-de Egeý deňzinde agalyk ediji orny eýeläpdirler. Delos bileleşigi grek şaherleriniň parslara garşy bilelikde uruş alyp barmagy üçin döredilýär. Grek-pars uruşlarynyň ahyryna çenli bu harby bileleşik Gresiýanyň V asyr taryhyna täsir eden kuwwatly deňiz bileleşigine öwrülýär. Afina deňiz bileleşiginiň taryhyny iki döwre bölüp bolar. Onuň birinji

döwri, (b.e. öň 478–454-nji ýý.) bileleşiginiň öňünde parslaryň golastyndaky grek polislerini azat etmek bolupdyr. Ikinji döwri, Afinanyň bileleşikde ýeke-täk hojaýyn hökmünde öňe saýlanmagy bilen Delos bileleşigini b.e. öň V asyryň ikinji ýarymynda grek dünýäsinde iň bir kuwwatly, uly döwlete öwrülmegine getirmegidir. Şeýlelik bilen, b. e. öňki V asyryň 30-njy ýyllaryna çenli Gresiýada iň uly syýasy bileleşige öwrülip, onuň düzümine polisleriň 300-e golaýy giripdir.

Afina bileleşigi Peloponnes bileleşigine garanda has çylşyrymly gurama bolupdyr. Ilki bilen bularda bütewi bir maliýe ulgamy döredilip, her ýyl polisler tölenmeli (foros) töleglerini öz ykdysady ýagdaýyna görä tölemeli edilipdir. Baý polisler köp möçberde töleg töläpdirler. Bileleşige polislerden gelýän tölegleriň umumy möçberi her ýylda 460–600 çenli kümüş talanta ýetirilipdir, her ýylda bileleşigiň gaznasyna 12-den 15,6 tonna çenli gymmat bahaly metal gelipdir. Gresiýanyň şol döwürdäki möçberine görä, bu ummasyz uly baýlyk bolup, 6 aýyň dowamynda 5 müňlük goplit goşuny we 40 müň ýeňil ýaraglanan goşuny we 200 sany harby gämi saklamaga mümkinçilik beripdir.

Forosyň möçberi her 4 ýyldan bir gezek seredilip, kabul edilen möçberdäki tölegler Afina geliýasynda tassyklanypdyr. Bileleşigiň gaznasy Afinadaky akropolyň Parfenonda saklanypdyr. Tölegleri jemlemek üçin, bileleşigiň ähli ýerleri bäş sany okruga – welaýata bölünipdir. Olar: 1. Frakiýa welaýaty–Egeý deňziniň demirgazyk kenar ýakasynyň we Ewbeý adalaryndan ybarat bolupdyr; 2. Gellespont welaýaty–Meremer deňziniň kenarlaryndaky we bogazlarda ýerleşýän şäherlerden durupdyr; 3. Egeý deňziniň adalaryndan ybarat welaýatlar; 4. Ioniý welaýaty bolup, ol Kiçi Aziýanyň şäherleriniň uly bölegini öz içine alypdyr; 5-nji, Kariý welaýaty Kiçi Aziýanyň günorta-günbatar böleginde ýerleşýän polisleri özüne jemläpdir. Her welaýatda forosyň gelşine ýörite gözegçi – ruhany we onuň iki sany kömekçisi gözegçilik edipdir. Bileleşigiň agzalarynyň birinden töleg gelmedik ýagdaýynda oňa jerime salnypdyr. Bileleşigiň dörän ilkinji döwründe ýygnalan serişdeler bileleşigiň harby gämilerini we halk ýygymyny saklamaga gönükdirilipdir. Delosda geçýän ýygnak bolsa, gaznany bölüji hasap edilipdir. Emma b.e. öň 454-nji ýylda parslar howp salýar bahanasy bilen bileleşigiň gaznasy Delosdan Afina geçirilýär. Bileleşigiň gaznasy Afina geçirilenden soň, ýygnalýan serişdelere diňe Afinanyň geliýasy eýelik edipdir. Olar serişdeleri

bileleşigiň bähbitlerine ulanman, eýsem Afinanyň harby gämileri we afina goplitleri üçin ulanypdyrlar. Afina ähli gelýän pul serişdelerini diňe öz şäheri üçin, hiç kimden ätiýäç etmän, bileleşige girýän polisleriň tekliplerine gulak asman hereket edipdir. Afinanyń bu hereketi, bileleşige girýän polisleriň närazylygyny döredipdir. Bulardan başga-da, b.e. öň 427-nji ýylda Afina Peloponnes urşunda harby hereketleri güýçlendirmek üçin, özbaşdak hereket edip forosyň tölegini iki esse galdyryp, onuň möçberini 1300 talanta çenli ýetirýär. Netijede, bileleşige girýän polisleriň närazylygyny güýçlendiripdir.

Afina deňiz bileleşiginiň içinde bileleşigiň ykdysady bitewüligini döretmäge çalşypdyrlar. Geçirilen ykdysady çäreleriń netijesinde bileleşige girýän polisleriń ykdysadyýetiniń gowulanmagyna getiripdir. Netijede, b.e. öň V asyr Gresiýanyň senetçilik önümleriniň ykdysady taýdan ösen döwri bolupdyr, söwda giňäpdir, pul aýlanyşygy artypdyr. Afina bileleşiginiň düzümine hojalyk gatnaşyklaryny ýola salmaga ymtylýan, senetçilik we oba hojalyk önümlerini, çig mallaryny çalyşmaga isleg bildirýän ykdysady taýdan ösen şäherler giripdirler. Bütin Egeý deňziniň kenarýaka sebitlerini öz içine alýan Afina harbysyýasy deňiz bileleşigi ykdysady bitewüligi döretmäge amatly şert döredipdir. Ykdysady gatnaşyklary döretmek üçin, ölçeg we agram birligini girizipdirler, teňňäniň (moneta) täze Afina ölçegi girizilipdir. Afinanyň Pireý gämi duralgasy bütin Egeý dünýäsinden gelýän harytlaryň geçýän ýerine öwrülipdir. Pireýiň üsti bilen ähli bileleşige girýän polisleriň şäherlerine harytlar dargadylypdyr. Sonuň üçin Afina özüniň ýetmeýän harytlary bilen hemişe doly üpjün bolupdyr. Pireý b.e. öňki V asyryň 40-njy ýyllaryna çenli kiçijik şäherden deňiz söwdasynyň merkezine öwrülýär. Pireý duralgasy giňeldilýär, oňa barýan ýerler bentler bilen berkidilýär, täze ammarlar salynýar, deňiz kenarlary bolsa, daş bilen düşelip, şäher gurlup, has ulalýar. Pireýe we Afina ähli ýerlerden dürli işewür adamlar gelip, iň gelim-gidimli şäherlere öwrülýär.

Afina bileleşigine girýän polislerde demokratik hereketleri goldap, olara kömek berip durupdyr, demokratik edaralaryň ähmiýeti artyp başlapdyr. Ilki bilen hem halk ýygnaklarynyň ähmiýeti artypdyr. Gerek ýerinde Afina beýleki polislerdäki demokratik başlangyçlara diňe bir syýasy goldaw bermän, eýsem harby taýdan kömek beren wagtlary hem az bolmandyr. Mysal üçin, b.e. öň 440-njy ýylda Afina Samos adasynyň içki işlerine goşulyp başlapdyr. Samos adasy iň baý

adalaryň biri bolup, Afina bileleşiginde Hios we Lesbos adalary ýaly bileleşigiň gaznasyna töleg tölemändir. Ol diňe gerek wagtynda öz harby gämilerini we goplitlerini bermeli bolupdyr. Samosyň güýçli harby gämisi bolup, afinalylar olaryň içki işlerine goşulman gelipdirler. Emma Samosda häkimiýet oligarhlaryň (iň baý adamlaryň) toparyna degişli bolupdyr. Afina munuň bilen uzak wagtlap ylalaşyp gelmeli bolupdyr, amatly ýagdaý ýüze çykanda bolsa, Afina demokratlarynyň ýolbaşçysy Perikl olaryň içerki işlerine gatyşýar we oligarhlaryň häkimligini güýç bilen agdaryp, demokratik dolandyryşy girizýär. Emma samoslylar Afina garşy gozgalaň turuzýar. Perikl güýçli harby gämileri bilen gelip, 9 aýa golaý, gozgalaňçylar bilen uruş alyp barmaly bolýar. Gozgalaň basylyp ýatyrylýar, Samosyň şäherleriniň diwarlary düzlenip, samoslylaryň harby gämileri bolsa ýok edilýär, oligarhlaryň ähli baýlyklary ellerinden alynýar, olaryň köpüsi öldürilip, galanlary bolsa sürgün edilýär. Demokratik düzgüniň girizilmeginiň beýleki polislere hem täsiri uly bolup, olar ýerli oligarhlaryň häkimlik ugundaky göreşini basyp ýatyrypdyr.

Afina deňiz bileleşigini berkitmek hem-de Afinanyň öz içki meselelerini çözmek maksady bilen, bileleşige girýän polislerde Afina kleruh syýasatyny girizipdir. Kleruhlar diýlip, Afinada aşaky ýersiz raýatlar gatlagyndan bolanlara aýdylyp, olary ýerli etmek üçin, bileleşige girýän Afinanyň ýaranlarynyň iň oňat hasyl berýän ýerlerinden bölüp, ýer beripdirler. Olar şol ýerlerde uly hojalyklary gurnap, baý ýer eýelerine öwrülipdirler. Özleriniň gurply bolmaklary üçin, olar Afina demokratlaryna bergili bolup, goňşy polislerde Afina häkimiýetleriniň esasy durmuşy daýanjyna öwrülipdirler. Afina kleruhlaryna bileleşige girýän ýurtlaryň köp şäherlerinde: Ewbeýada, Samosda, Naksosda, Androsda, Lesbosda, Lemnosda, Imbrosda, Frakiýa ýarym adasynda Hersonesde we beýleki ýurtlarda ýer-ýurt berlip oturdylypdyr. B.e. öň V asyrda Afina öz ýaran ýurtlaryna 10 müň kleruhlaryny çykaryp, olary ýerli edipdir. Bu az ýerli ýa-da ýersiz kleruhlaryň çykarylmagy bir tarapdan, Afina demokratiýasynyň beýleki polislerde berk daýanjyna öwrülen bolsalar, ikinji tarapdan, Afina häkimiýeti şäheriň içerki ýagdaýynyň asuda bolmagyny gazanypdyr.

Afina bu uly bileleşigiň diňe bir ýolbaşçysy bolman, eýsem bileleşige girýän polisler üçin paýtagt şäher hökmünde uly şäherleriň birine öwrülýär. Bu ýere grek dünýäsiniň polislerinden işewür adamlar, söw-

dagärler gelipdirler. Afina hökümeti şäherde bileleşigiň paýtagt şäheri hökmünde uly möçberde gurluşyk işlerini alyp barypdyr. Netijede, Afina deňiz bileleşigi öň grek dünýäsinde belli bolmadyk täze federatiw gurluşly uly Afina döwletine öwrülýär. Afina döwleti federatiw gurluşly döwleti döredip, dagynyklygy, polis gurluşyny ýeňip geçmäge synanyşyk edipdir. Bu birleşigiň döremegine esas bolup ösen gul eýeçilik önümçilik gatnaşygynyň bolmagy, Gresiýanyň ykdysadyýetiniň ýokary göterilmegi hem-de pul-haryt gatnaşygynyň ösmegi sebäp bolupdyr.

**Grek-pars uruşlarynyň tamamlanmagy.** Grek-pars urşunyň ahyrky döwürlerinde Gresiýada uly özgerişler bolup geçýär. Öňki urşuň gahrymanlarynyň biri Femistokl b.e. öň 471-nji ýylda galplyk bilen gurlan ostrakizm suduna salynansoň ýurtdan gaçyp gitmäge mejbur bolýar. Ol ömrüniň ahyryna çenli (b.e. öňki 465-nji ý.) Kiçi Aziýada Kserksiň gullugynda bolýar. Kserks oňa üç şäheri dolandyrmagy beripdir. Spartaly Pawsaniniň ykbaly hem şeýleräk bolýar. Parslara garşy uruş dowam edýär. Grekler ähli ýerden parslary kowup çykarýar, şol sanda, Kiçi Aziýadaky grek şäherleri hem azat edilýär.

Spartalylar uruşdan çykandan soň, Afina goşunyna Miltiadyň ogly Kimon ýolbaşçylyk edýär. Kimon Frakiýadan parslary kowup çykarýar. Egeý deňzinden köp adany azat edýär. Wizantiýa şaherini eýeleýär. Wizantiýanyň eýelenmegi bilen ioniler ýene-de parslara garşy gozgalaňa başlaýar. Greklere jogap hökmünde parslar täze goşun ýollaýar. Parslaryň garşysyna ugran Kimon b.e. öň 469-njy ýylda Ewrimedontyň ýanynda pars gämilerini ýeňlişe sezewar edýär we söweş hereketleri biraz wagtlap kesilýär. Tiz wagtdan Kimon hem ostrakizm sudy netijesinde ýurtdan kowulýar.

B.e. öň V asyryň 60-njy ýyllarynyň ahyrlarynda pars agalygyna garşy baş göteren müsürlilere kömek bermek üçin, Afina öz harby gämilerini iberýär. Kipr adasyndaky grek şäherlerini hem azat etmäge synanyşylýar.

Müsürde başlanan gozgalaň ýeňilýär. Bu gozgalaňa kömek berjek bolup, Afina köp möçberde gämi we adam ýitgilerine sezewar bolýar. Ýöne Afinanyň deňiz kuwwaty entek güýçlüdi. B.e. öňki V asyryň 50-nji ýyllarynda Afina dolanyp gelen Kimonyň baştutanlygynda ýene-de Kipr adasyny azat etmäge synanyşyk edilýär. Parslar Müsürde uruş hereketlerini alyp barsalar-da, Gresiýa garşy uruş hereketlerini başlamak niýetleri ýokdy. Muňa garamazdan, Kimonyň tarapdarlary

Afina halk ýygnagynda Kipre we Müsüre täze harby gämileri ibermek barada karar çykardýarlar.

Soňky söweş b.e. öň 449-njy ýylda Kipriň Salamin şäheriniň golaýynda bolýar. Kimon bu ýörişde heläk bolýar. Parslar ýeňilýär. Pars patyşasy Artakserks I Afina ýaraşyk teklip edýär. Afina bu teklibi kabul edýär we Perikliň bajasy Kalliniň ýolbaşçylygyndaky topar Suzy şäherine ugraýar. Suzyda parslar bilen ýaraşyk baglaşylýar, bu ýaraşyk taryhda Kalliý ýaraşyk şertnamasy adyny alýar. Onuň şertine görä, parslar Gellesponta we Propontida öz gämilerini ibermezlige, Kiçi Aziýadaky grek şäherlerine, pyýada üç günlük ýoldan golaýda goşun saklamazlyga borçlanýar. Afina bolsa Kiprden el çekmäge, Müsüre kömek bermezlige borçlanýar we Kiçi Aziýa şäherlerinden goşunlaryny çykarmaly edilýär. Kalliý ýaraşygy Afina abraý getirmeýär. Baglaşylan Kalliý ýaraşyk şertnamasy, konserwatorlar tarapyndan umumygrek bähbitlerine dönüklik etmeklik hasalanypdyr. Kalliý gepleşiklerinden dolanyp gelenden soň, oňa 50 talant möçberinde jerime salynýar, bu salnan agyr jerimäni, soňra Kalliniň ogly tölemeli bolýar. Şeýlelik bilen, b.e. öň 500–449-njy ýyllar aralygynda dowam eden grek-pars uruşlary, grekleriň doly ýeňiş gazanmagy bilen tamamlanýar.

Grek-pars uruşlarynda Gresiýanyň ýeňiş gazanmagy ilki bilen grekleriň öz watanyny goranlygy bilen düşündirilýär. B.e. öň V asyrda grek şäherleriniň durmuş-ykdysady ösüşi Pars döwletine seredeniňde has ýokarydy. Pars goşunlary zor bilen birikdirlen halklardan we hakyna tutulan esgerlerden ybaratdy. Grek goşunlary bolsa, sap watançy güýçlerdi. Grekleriň ýaragynda hem-de olaryň uruş alyp baryş hereketinde (taktikasynda) artykmaçlyk bardy. Şonuň netijesinde hem, kuwwatly duşmana garşy göreşde üstün çykýar.

Grek-pars uruşlary Gresiýanyň taryhynda uly öwrülişik döwri boldy. Öň öz arasynda duşmançylyk edýän köpsanly grek şäherleri özara urşy bes edip, umumy duşmana garşy göreşde birleşdiler. Hut şu döwürde umumy ellin raýdaşlygy kemala gelip başlady.

Grek-pars uruşlary, aýratyn hem, Attika uly täsir etdi. Uruş döwründe Attikada demokratik dolandyryş kemala gelýär. Uruşda ele salnan baý oljalar, köp sanly gullar hojalygyň dürli pudaklarynyň ösüşine uly itergi berýär. Bu uruş Gresiýada gul eýeçilik jemgyýetiniň kemala geliş pursadyny çaltlandyrýar. Uruşdan soň, Egeý deňziniň kenar sebitlerinde syýasy ýagdaý düýpli özgerýär. Öňler Sparta esasy

orun eýelän bolsa, indi Afina hem onuň bilen deňleşýär. Diňe bir deňleşmegem däl, eýsem Gresiýada agalyk etmek ugrunda Sparta bilen bäsleşip başlaýar.

Grek-pars uruşlary diňe bir Gresiýa täsir etmän, eýsem Beýik Gresiýa, ýaňy emele gelip başlan merkezi Sirakuzy şäheri bolan Sisiliýa hem täsir edipdir. Sisiliýada döwlet ýeke-täk hökümdarlar bolan tiranlar tarapyndan dolandyrylypdyr. Sisiliýa tiranlary iri ýer eýeleri bolan gamorlara garşy çykyş edýän daýhanlara daýanyp, olaryň arkasyndan häkimligi basyp alypdyrlar.

Urşuň Gresiýa üçin has zyýanly ýeri birinjiden, uruş döwründe Sparta bilen Afinanyň arasynda bäsdeşlik güýçlenýär. Uruşdan soň Afinanyň güýçlenmegi bilen bu bäsdeşlik has hem ýitileşýär we Kalliý ýaraşygyndan (b.e. öň 449-njy ý.) dogry 18 ýyl geçenden soň (b.e. öň 431-nji ý.), Peloponnes urşy başlaýar.

Grek-pars uruşlary ýyllarynda Sisiliýanyň grek şäherleri öz garaşsyzlygyny saklap bilipdirler. Bu ýerde tiranlaryň häkimligi gurlupdyr. Aýratyn hem, olaryň içinde has tanymal tiranlar Deýnomenidleriň neslinden bolan Gelon (b.e. öň 491–478-nji ýý.), onuň dogany Gieron (b.e. öň 478–466-njy ýý.) hem-de onuň gaýyn atasy Feron dagynyň dolandyran ýyllarynda Sisiliýadaky grekleriň ýerleri tiranlaryň häkimligine geçip, olaryň häkimligi Sisiliýa-da ýaýrapdyr. Emma Feron tarapyndan kowlan Gimeri şäheriniň tirany karfagenlilere kömek sorap ýüz tutýar, bu bolsa karfagenlilere Sisiliýa çozup girmeklerine bahana bolýar.

B.e. öň 480-nji ýylda Sisiliýanyň tirany Gelon Gimeriň eteginde karfagenlilerden üstün çykýar. Karfagenden üstün çykmaklyk Gelona köp möçberde baýlyk getirýär, ol karfagenlilerden 2 müň talant töleg alyp, köp sanly gullary we beýleki baýlyklary edinýär. Sirakuzy şäherinde kaşaň köşkler, binalar gurlup, baýramçylyklar geçirilýär. Gelonyň dogany Gieronyň döwründe Sirakuzy gülläp ösýär, ol Gresiýanyň dürli şäherlerinden iň tanymal ýazyjylary, şahyrlary we suratçylary çagyryp getiripdir. Sisiliýany onuň dolandyryjy hökümdarlaryny wasp etmekde ady belli şahyrlar–Simonid, Pindar, Eshil we beýlekiler özara bäsleşipdirler. Sirakuzy häkimlerine garşy çykanlar ýurtdan çykarylypdyr, gulçulyga satylypdyr. Umuman, Sisiliýa tiranlary b.e. öň V asyrdan tä b.e. öňki IV asyryň ortalaryna çenli ýurdy karfagenlileriň, afinalylaryň hüjümlerinden goramaly bolupdyrlar.

## X.
# AFINA DEMOKRATIÝASYNYŇ GÜLLÄP ÖSMEGI

**Gresiýada b.e. öň V asyrda gul eýeçilik gatnaşyklarynyň ösmegi.** B.e. öň V asyrda Grek döwletlerinde gul eýeçilik gatnaşyklarynyň gülläp ösen döwri, gullaryň jemgyýet üçin zerur wagty, olaryň sanynyň artan döwri bolupdyr. Emma Gresiýanyň möçberinde gullaryň umumy sanyny anyklamak kyn. Sebäbi şol döwrüň awtorlarynyň berýän maglumatlary hem biri-birine çapraz gelýär. Mysal üçin, Aristoteliň berýän maglumatynda – diňe Eginde 470 müň guluň barlygy nygtalýar. Beýleki awtorlaryň berýän maglumatlarynda Korinfde 460 müň, Attikada 400 müň gul bolupdyr, emma bu maglumatlar anyk, ynamly maglumatlar hökmünde kabul edilmän gelinýär. Muňa garamazdan, täze döwrüň alymlary, gadymyýetiň maglumatlaryna we arheologiýa barlaglarynyň berýän netijelerine görä, antiki polisleriň gullarynyň sanyny has azaldyp görkezýärler. Mysal üçin, Ýulius Beloh özüniň «Grek-rim dünýäsiniň ilaty» atly işinde Egindäki gullaryň sanyny 70 müň, Korinfde 80 müň gul, Afinada bolsa 100 müň erkin ilat, 30 müň metekler bilen 100 müň gul bolandygyny belleýär. Eduard Meýer «Gadymyýetiň taryhy», fransuz alymy G. Glots, rus alymlary R.P. Wipper we M.M. Hwostow dagynyň berýän sanlary Ýulius Belohdan sähelçe tapawut edýän bolaýmasa, olaryň berýän maglumatlary hem uly bir tapawut edip duranok.

Grek polislerinde gullaryň esasy bölegini grek däl halklar tutupdyr. Grek polisleriniň köpüsinde bergidarçylyk gulçulygy ýatyrylýar. Şonuň üçin, gulçulygyň esasy çeşmesi, antiki taryhyň bütin dowamynda grek däl döwletler we taýpalar bilen alnyp barlan uruşlar bolupdyr. Il içinde saklanyp galan gürrüňlere görä, Ewrimedont söweşinde parslar ýeňlenden soň, grekler 20 müň guly ýesir alypdyr. Ýesir alnan gullar Gresiýanyň dürli şäherlerinde gul bazarlarynda satylypdyr. Gul bazarlary Hiosda, Efesde, Samosda, Delosda we beýleki grek şäherlerinde bolupdyr.

Gulçulygyň ýene bir çeşmesi, ol hem gullaryň tebigy köpelmegi bolupdyr. Gullaryň çagalary olaryň enesi kimiň guly bolsa, ol şonuň

11 Sargyt № 2730



Parfenonyň daşky görnüşi



Afina Akrapoly. B.e. öň V asyr

guly hasaplanypdyr. Gullaryň ýagdaýy hemme ýerde birmeňzeş bolmandyr. Käbir ýagdaýlarda gul öz hojaýynynyň ynamyna girensoň, onuň ýagdaýy has oňat, erkin adam bolmasa-da, özüni erkin adamlar ýaly alyp barypdyrlar. Mysal üçin, Perikliň guly Ewangel öz hojaýynynyň ynamyna girip, onuň hojalygyny ýöredipdir. Beýleki gullara eýelik edip, ol Afinada birinji adam hasaplanýan adamyň öýünde işläpdir.

Afinada hem-de beýleki grek şäherlerinde döwlet gullary diýlip atlandyrylýan gullar bolup, olar aýratyn topary düzüpdirler. Olar beýleki raýatlaryň gullaryna garanda has oňat ýagdaýda bolupdyrlar. Döwlete degişli gullaryň zähmeti jemgyýetçilik gurluşyklarynda peýdalanylypdyr. Gullaryň köpüsi döwlet emeldarlarynyň ýanynda mürze, jarçy bolup işläpdirler. Afinada döwlete degişli skif gullaryny polisiýa işlerinde hem ulanypdyrlar.

Grek polisleriniň gülläp ösen döwründe, gul zähmeti hojalygyň ähli ulgamlarynda ulanylypdyr, olar gul eýeleriniň hojalygynda işledilipdir. Orta gurply gul eýeleriniň elinde 10–20 guldan kän gul bolmandyr. Belli bolşy ýaly, Aristoteliň 13 guly bolupdyr, onuň okuwçysy Feofrastyň 10, Strabonyň 6, dilewar Lisiniň bolsa 12 guly bolupdyr. Bu adamlaryň hemmesi orta we ortadan ýokary üpjünçilikde bolan gul eýeleri hasaplanypdyr. Baý Afinaly gul eýeleriniň gapysyndaky gullaryň sany 50-ä çenli ýetipdir. Bu gullaryň bir bölegine hünär öwredilip, olaryň öndürýän önümleri hojalyklarda ulanylypdyr ýa-da hojaýynlar tarapyndan bazarda satylypdyr.

B.e. öň V–IV asyrlarda Gresiýada gullary dürli hünärlerde işledilip, girdeji alnypdyr. Bu döwürde hünärmen guluň bahasy 150 drahma hasaplanypdyr, guluň her günki girdejisi bir obola barabar bo-

lup, onuň ýyllyk girdejisi 300 iş güni hasap edilende, guluň öz satyn alnan bahasynyň 30-50 goterimini gaýtaryp beripdir. Afina dilewary Demosfeniň ýarag kärhanasynda 32 gulunyň her haýsysy ýylda 30 min, ýagny 100 drahma girdeji beripdirler.

Grek gul eýeleriniň içinde ýüzläp diýen ýaly gul saklaýanlary bolup, olar gullaryň zähmetinden köp möçberde girdeji alypdyrlar. Mysal üçin, b.e. öň V asyryň ikinji ýarymynda Afinada belli syýasy işgär bolup işlän Nikiniň 1000-e barabar guly, ikinji bir Afina baýlarynyň biri Gipponikiň 700 guly bolup, olary kärendesine işlemäge beripdir hem-de olardan arassa 10 göterim girdeji alypdyr. Bular ýaly mysallar Gresiýanyň taryhynda köp gabat gelýär.

Gullary ezmekligiň ýene bir usuly, ol hem gullary özbaşdak işlemäge goýberip, olardan girdeji alnypdyr. Gula özbaşdak ýaşamaga ygtyýar berlipdir. Olar ýaly gullar öndürýän önümini bazarda satypdyrlar, hojaýyna girdejini köp beripdirler, sebäbi gul gazanýan girdejisiniň belli bir möçberini hojaýyna bermeli bolupdyr. Şeýle ýagdaýda işleýän gullar wagtyň geçmegi bilen hojaýyna bermeli bergisini üzüp, özüniň erkinligini hem gazanyp bilipdirler. Umuman, gullaryň zähmeti grek döwletleriniň hojalyklarynyň hemmesinde diýen ýaly giňden ulanylypdyr. Gulçulyk polisleriň hemmesinde giňden ornaşypdyr. Gulçulyk adamlaryň aňyna hem ornaşypdyr. Hatda Aristotel ýaly beýik alymlar hem jemgyýeti gulçulyksyz göz öňüne getirip bilmändir. Netijede, b.e. öň V–IV asyrlarda gul eýeçilik gatnaşyklary özüniň ösüşinde ýokary derejä ýetip, nusgawy döwri başdan geçirmeli bolupdyr.

Gresiýada gul eýeçlik gatnaşyklarynyň ösmegi, gullary ezmeklik we dürli ýollar bilen girdeji almaklyk Gresiýanyň ykdysadyýetiniň gülläp ösmegine getirýär. Bu ýagdaý Afina döwletiniň ýokary galmagyna, onuň birleşdiriji merkez hökmünde öňe çykmagyna mümkinçilik berýär. Afina konfederasiýasynyň çäginde, ägirt uly ykdysady zolagyň döredilmegi, durmuş-ykdysady ýagdaýlaryň birmeňzeşligi, döwlet dolandyryş ulgamynyň belli bir derejede merkezleşdirilmegi we polis dagynyklygynyň hem belli bir derejede ýeňlip geçilmegi, b.e. öň V asyrda Gresiýanyň taryhy ösüşinde uly hem-de oňyn öňegidişlik bolýar. Bu bileleşigiň saklanmagyna diňe bir paýtagt Afina şäheri gyzyklanman, eýsem Afina bileleşigine girýän ýönekeý polisleriň esasy köplügi gyzyklanypdyr, sebäbi bileleşige agza bol-

maklyk, olaryň ykdysady taýdan gülläp ösmegine, olarda demokratik düzgünleriň pugtalanmagyna we medeniýetiň ösmegine ýardam edipdir.

**Delos bileleşiginde Afinanyň ýeke-täk agalygyna garşy göreşiň başlanmagy.** Wagtyń geçmegi bilen bileleşige girýän hemme polisler Afinynyň agalyk etmegini isläp durmandyrlar, olar bileleşikden çykmaga ymtylypdyrlar. Afina deňiz bileleşiginden çykmaga, esasan hem iri we kuwwatly polisler tarapyndan synanyşyk edilýärdi. Şeýle polislerde, köplenç ýagdaýda, oligarhlar dolandyryp, olar demokratik düzgünler bilen ylalaşmandyrlar. Afinanyň güýçlenýän agalygyna garşy ilkinji gezek Egeý deňziniň uly adasy hasaplanýan Naksosda (b.e. öň 469-njy ýylda), Fasosda (b.e. öň 465-nji ýylda) we Ewbeýa adasyndaky Halkyda şäherinde (b.e. öň 446-njy ýylda) gozgalaňlar we çykyşlar bolup geçýär. Bu çykyşlar harby güýçler bilen basylyp ýatyrylýar. Afina eskadralary saýlama goplitler bilen gozgalaň eden şäherleri tertibe salypdyrlar, şäherleriň diwarlary ýumrulyp, gozgalaňy gurnanlar bolsa, ýok edilipdir. Bulardan daşary gozgalaň eden şäherleriň ilaty, uruş döwründe ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak üçin töleg (kontribusiýa) tölemeli edilipdir, özlerine bolsa Afina wepaly boljakdyklary barada kasam içdirilipdir. Kasam bozulan ýagdaýynda olar raýatlyk hukugyndan kesilip, emläkleri bolsa ellerinden alnypdyr.

Afinanyň agalygyna garşy b.e. oň 440-njy ýylda Samos adasynda, b.e. öň 427-nji ýylda Lesbos adasynda çykyşlar bolupdyr. Afina bileleşiginden çykmak üçin edilen synanyşyklar basylyp ýatyrylandan soň, şol polislerde demokratik tertipleriň girizilmegi bilen hem tamamlanypdyr. Grek polislerinde häkimiýet başyna demokratlaryň gelmegi, ilki bilen Afina üçin bähbitlidi, sebäbi demokratik dolandyryşly polisler Afina daýanýan bolsalar, olar hem Afinanyň esasy daýanjyna öwrülýärdiler. Afina bileleşigine girýän polisleriň köp bölegi, grek polisleriniň harby-syýasy we ykdysady bileleşiginiň saklanmagynyň tarapdarydylar. Sebäbi bu bileleşigiň saklanmagy polisleriň köpüsiniň howpsuzlygyny üpjün etmek üçin amatlydy.

**Perikl. Afina demokratiýasynyň gülläp ösmegi.** Afina bileleşiginiň saklanmagy Afinanyň kuwwatyny artdyrýardy. Afinanyň ulalmagynda, onuň kuwwatynyň artmagynda, şol döwrüň görnükli döwlet işgäri bolan Perikliň bitiren işleri aýratyn ähmiýete eýedir. Perikl b.e. öň 495-nji ýylda baý Afinaly emeldaryň maşgalasynda dogulýar. Ol oňat terbiýe we bilim alyp öz döwrüniň görnükli dilewarlarynyň

hem-de döwlet işgärleriniň biri bolup ýetişýär. Perikl b.e. öň V asyryň 60-njy ýyllaryna çenli Afina demokratiýasynyň görnükli ýolbaşçylarynyň derejesine çenli baryp ýetýär. Şeýle-de, Afina goşunynyň görnükli serkerdeleriniň biri bolýar hem-de ömrüniň ahyryna çenli Afina demokratiýasyna gulluk edýär.

Perikliň öz tarapdarlary bilen geçiren özgertmeleri Afinada demokratiýanyň gülläp ösmegine getirýär. Ol öz egindeşi Efialt bilen aristokratik Areopagyň ýykylmagyna we halk ýygnagynyň hukugynyň giňelmegine ýardam edýär. Perikliň gatnaşmagynda möhüm amala aşyrylan çäreleriň biri-de wezipeli adamlara, kazylara – geliýanyň ýygnaklaryna gatnaşýanlar üçin, 500-leriň geňeşiniň agzalaryna zähmeti üçin hak tölemekligiň girizilmegidir. Döwlet tarapyndan hak tölemekligiň girizilmegi wezipelerde aşaky gatlagyň adamlarynyň işlemekleri üçin mümkinçilik döredipdir. Bu örän möhüm çäre Perikldeň soň hem amala aşyrylyp gelnipdir.

Soňra b.e. öň IV asyrdan başlap, Halk ýygnaklaryna gatnaşýany üçin garamaýaklara hem hak tölemek girizilipdir. Perikl, onuň ýakyn ýoldaşlary we pikirdeşleri polisleriň hemmesiniň hukuklarynyň deňligini gazanmak esasy wezipe hasaplapdyrlar. Afina bileleşigine goşulýan polisleri Afinanyň ýolbaşçylygynda hukuklarynyň deňligini gazanmak üçin, ýörite syýasy ulgam döredipdir, ony wagyz edipdirler. Perikl Afina şäheriniň bütin Elladanyň syýasy merkezine öwrülmegi üçin köp işleri geçiripdir. Şonuň üçin, afinalylar onuň alyp barýan syýasatyny goldapdyrlar, oňa ynanypdyrlar hem-de ol birinji strateg hökmünde 15 ýylyň dowamynda Afina döwletine (b.e. öň 444–429-njy ýý.) ýolbaşçylyk edipdir. Afinada iň ýokary wezipe – serkerdelik bolupdyr. Afinanyň taryhynda Perikl ýaly 15 ýylyň dowamynda yzly-yzyna saýlanan serkerde bolmandyr. Şonuň üçin, bu döwre grek taryhynda «Perikliň altyn asyry» hem diýipdirler.

Perikl öz tekliplerini hemişe halk ýygnagynda teklip edipdir, halk ýygnagy olary makullap kabul edenden soň, ol teklipleri durmuşa geçirmäge çalşypdyr. Bu döwürde Afinanyň syýasy ulgamy zorluk bilen hiç bir karary halkyň boýnuna dakmaga mümkinçilik bermändir. Şoňa görä-de, teklip edilýän pikirleriň halk üçin, döwlet üçin bähbitlidigine ynandyrmak gerek bolupdyr. Ol bir adamyň hökümdarlygy däl-de, eýsem paýhasly dolandyrylýan we durmuşa gönükdirilýän demokratiýa bolupdyr.

Perikliň içerki syýasaty Afinada demokratiýany berkitmäge we ösdürmäge, ilatyň garyp gatlagyny iş bilen üpjün etmäge, edebiýaty, sungaty ösdürmäge gönükdirilipdir. Perikliň teklibi bilen Afinada uly gurluşyk işleri alnyp barlypdyr. Ol garamaýak adamlary eklenç bilen üpjün edipdir, gurluşyklarda dürli hünärli adamlara iş tapylypdyr. Şol döwürde Afina akrapolynda tanymal binagärler we heýkeltaraşlar: Iktin, Kallikrat we Fidiý dagy işläpdirler. Olar tarapyndan döredilen ajaýyp Parfenon buthanasy, akrapola çykylýan mermer basgançaklar gurlupdyr. Akrapol Fidiniň döreden heýkelleri bilen bezelipdir. Ýörite saz ýaryşyny geçirmek üçin, uly ymarat – odeon gurlupdyr. Ony görmäge Gresiýanyň ähli ýerlerinden gelipdirler.

Perikliň kleruhlar barada alyp barýan syýasaty (Afina bileleşigine girýän polisleriň ýerlerinden bölüp alyp, Afina raýatlaryna paýlamak) hem iki taraplaýyn häsiýete eýe bolupdyr. Ýer alyp göçüp gidenler Afinada raýatlyk hukugyny saklapdyr. Bu syýasatyň netijesinde az ýerli we ýersiz Afina daýhanlary ýer alypdyrlar. Olar baran polislerinde Afinanyň daýanjyna öwrülipdirler. Emma bu syýasat bileleşige girýän polisleriň, şeýle-de kynçylyk döredýän ýer meselesini çylşyrymlaşdyrypdyr. Perikl döwründe Frakiýadaky Hersonese 1000, Naksosa 500, Androsa 250 we beýleki ýerlere hojalyklaryň 10 müň töweregi göçürilipdir.

Perikl döwletiň we baý adamlaryň hasabyna uly baýramçylyklary gurapdyr. Onda garamaýak adamlara mugt nahar berlipdir. Azyk önümleri paýlanypdyr, mugtuna teatr we beýleki tomaşalar görkezilipdir. Netijede, adamlar agyr zähmetden soň, ruhy taýdan dynç alypdyrlar.

Perikl döwründe Pisistrat tarapyndan döredilen göçme kazylar (sudlar) dikeldilýär. Ol ýerli jedelleriň çözülmegini tizleşdiripdir. Perikliň döwründe Afina deňiz bileleşiginde Afinanyň täsiri has hem artypdyr, bileleşige täze agzalar goşulypdyr. Bu bolsa şol polisleriň içerki asudalygynyň saklanmagyna ýardam edipdir.

Perikliň ýakyn ýoldaşlary we maslahatçylary filosof Anaksagor, alym Damon, grekleriň beýik heýkeltaraşy Fidiý, grek taryhçysy Gerodot dagy bolupdyr. Perikl Afina şäherine bütin Gresiýadan iň tanymal adamlary: alymlary, heýkeltaraşlary, suratçylary, ýazyjylary, filosoflary çagyrypdyr, olaryň işlemekleri üçin mümkinçilik döredipdir. Perikliň döwründe Afina şäheri dünýäniň iň gözel şäherleriniň birine öwrülipdir.

Afina demokratiýasy Perikliň döwründe gülläp ösüpdir. Emma Afina demokratiýasy diýilýän demokratiýa hem çäkli bolupdyr. Demokratiýa köpçüligiň häkimiýeti bolupdyr we aristokratlara garşy goýlupdyr. Afina demokratiýasy köpçüligiň gatnaşmagynda edara edilýän döwlet bolan hem bolsa, ol «köpçülik« ilatyň 20 göteriminden geçmändir. Çünki ähli ilatyň 40 göterimini hiç hili hukugy bolmadyk gullar tutupdyr. Erkin adam bolan metekler ilatyň 10 göterimini tutup, olar hem syýasy hukuklardan mahrum edilipdir. Afinada aýallar ilatyň 15 göterimini tutup, olar hem syýasy işlere gatnaşmandyrlar, aýallaryň durmuşy öý hojalygy bilen çäklenipdir. Afinada çagalar 8 göterimden, aristokratlar bolsa 7 göterimden geçmändirler. Häzirki zaman alymlarynyň berýän maglumatlaryndan çen tutsań, Afinada şol döwürde ýaşaýan ilatyń umumy sany 250 müńden geçmändir. Diýmek, Afinada azyndan 100 müń gul saklanypdyr. Şeýlelikde, Afina demokratiýasy diňe az sanly Afina raýatlarynyň hukuklaryny aňladypdyr. Şoňa göräde, oňa gul eýeçilik demokratiýasy diýilýär. Ol mazmuny boýunça ilatyň örän çäkli bölegini öz içine alypdyr.

Perikliň Afinanyň häkimiýet başynda bolan döwründe geçirilen ähli özgerişlerden soň, döwletiň iň ýokary edarasy halk ýygnagy hasaplanypdyr ýa-da ekklesiýa bolupdyr. Ekklesiýa Perikliň döwründe hemişe hereket edýän iň ýokary edara bolupdyr. Ol Afinada aýda iki gezekden dört gezege çenli geçirilipdir. Ekklesiýada kanunlar ara alnyp maslahatlaşylypdyr, hemme zerur meseleler: uruş we ýaraşyk meseleleri çözülipdir. Şäheri azyk bilen üpjün etmeklige seredilipdir, wezipeli adamlaryň hasabatlary diňlenip, hasabatlar kabul edilipdir, döwletiň iň ýokary gözegçiligi amala aşyrylypdyr, sud işlerine we ş.m. işlere seredilipdir.

**Afinanyň deňiz bileleşiginiň daşary syýasaty.** Perikliň döwründe Afinanyň daşary syýasaty hem üstünlikli bolupdyr. Ägirt uly güýje we serişdelere eýelik edýän deňiz bileleşigi güýçli derejede daşary syýasaty alyp barýar. Onuň esasy maksady – mundan beýläk deňiz bileleşigine Egeý deňziniň galan adalaryny çekmek, Gresiýanyň syýasy täsirini Beýik Gresiýa ýerlerine, Günorta Italiýa we Sisiliýa ýetirmek, Gara deňiz sebitlerine aralaşmak hem-de Peloponnes bileleşiginiň täsirini gowşatmakdan, olara Afinanyň täsirini ýetirmekden ybarat bolupdyr.

Emma bu maksatlary amala aşyrmaklyk, Spartanyň we onuň ýaranlarynyň biri bolan Korinfiň güýçli garşylygyna duçar bolýar. B.e.

öň 440–430-njy ýyllaryň içinde Gresiýada emele gelen bu iki güýçli harby bileleşigiň arasynda syýasy we diplomatik göreş has güýçlenýär.

Afinalylaryň uly üstünlikleriniň biri-de, Korinfiň we Spartanyň garşylygyna garamazdan, goňşy Egin adasyna Afinanyň goşun sürüp (b.e. öň 458-nji ý.), eginlileri derbi-dagyn etmegi we olaryň şäherini basyp almagy bolýar. Eginlileriň goranyş diwary ýykylyp aýrylýar, özlerine bolsa köp möçberde töleg salynýar hem-de afinalylaryň tertip-düzgünleri girizilýär. Egin Afina deňiz bileleşigniň agzasy bolup, her ýylda 30 talant foros tölemäge mejbur edilýär. Afina bu gapma-garşylygyň hökman Sparta bilen çaknyşyga getirjekdigine düşünip, Afina bilen Pireýiň arasyny birleşdirýän uzyn goranyş diwaryny salýar. Afina indi gury ýerden hiç hili howp abanmaz ýaly edilýär, deňizde bolsa olaryň öz gämileri agalyk edýärdi.

Afina hökümetiniň ýene-de bir üstünligi, ol hem Spartanyň duşmany bolan Peloponnesdäki Argos bilen doslukly gatnaşygy ýola salmagy bolýar. Bu üstünliklerden soň, afinalylaryň Egeý deňzindäki agalygyna hiç kim dawa edip biljek däldi, olaryň täsiri bu sebitlerde berk ornaşypdy. Gysga wagtyń içinde gazanylan harby we diplomatik üstünlikler Peloponnes bileleşigine ýolbaşçylyk edýän spartalylaryň agalygyna uly howp salýardy. Şonuň üçin, sparta hökümeti afinalylara garşy urşy ilki başlamak barada karar kabul edýär. B.e. öňki 457-nji ýylda Fokida bilen Doridäniň arasynda başlanan uruşdan peýdalanyp, Spartalylar Orta Gresiýa 20 müňlük goşun iberýär. Doride ähli dorileriň watany hasap edilip, olara kömek bermeklik bolsa spartalylara bahana bolýar. Spartanyň esasy maksady – Afinanyň täsirini gaçyrmak we Afina garşy çykyş etmäge taýýar fiwililere harby kömegi bermekden ybaratdy. Şonuń üçin Sparta fiwililere kömek bermek üçin, öz goşunlaryny iberýär.

Haçan-da, saprtalylaryň Orta Gresiýa ýöriş edenligi aýan bolansoň, afina hökümeti hem Beotiýa argoslylary hem-de fessaliýalylary goşup, 14 müňlük goşun iberýär. Şeýlelik bilen, Gresiýanyň taryhynda dowamly hem uly bolmadyk çaknyşyklar bolup, aram-aram ylalaşyk baglaşylyp ol b.e. öňki 457-445-nji ýyllary öz içine alýar. Netijede, Gresiýada Kiçi Peloponnes ýa-da «Birinji Peloponnes» urşy diýilýän uruş başlanýar.

Ilkinji uly söweşleriň biri Tanagre söweşi bolup, fessaliýalylaryň atly goşunynyň urşuň iň aýgytly döwründe, afinalylara dönüklik edip,

spartanyň tarapyna geçmegi, afina goşunynyň derbi-dagyn edilmegine getirýär. Emma afinalylar tiz özüni dürsäpdir. Iki aýdan soň Afina goşuny Mironidiň ýolbaşçylygynda Beotiýa çozup girýär we Enofitiň eteginde bolan söweşde Spartanyň ýarany fiwilileri derbi-dagyn edýär hem-de afinalylar Egini eýeleýärler. Spartanyň ýagdaýy barha gowşap, onuň Peloponnesdäki 100 ýyllyk agalygy agdarylan derejä ýetýär.

B.e. öň V asyryň ortalaryna çenli Gara deňiz sebitlerindäki grek şäherleri ýerli taýpalar bilen ýakyndan gatnaşyklary ýola goýup, bu ýerlerde ösen we baý polislere öwrülýärler. Bu ýerleri Afina deňiz bileleşigine birikdirmeklik Afina üçin ykdysady taýdan hem, syýasy taýdan hem uly ähmiýetli boljakdy, bileleşigiň kuwwaty has hem artjakdy. Galyberse-de, bu sebitler öň hem grekleriň Ioniý şäherleriniň koloniýalary bolupdylar. Ioniý şäherleri bolsa Afina deňiz bileleşiginiň agzalary bolup durýardylar. Şonuň üçin, Gara deňiz sebitlerinde grek şäherleri hem öz metropoliýalarynyň yzyna eýerip, Afina deňiz bileleşigine goşulmalydyr diýilýän syýasat wagyz edilýärdi.

Emma Afinada demokratik gurluşyň tarapdarlarynyň agalygy uzaga gitmändir. Afinalylaryň Müsürdäki alyp baran syýasatynyň şowsuzlyga düşmegi, olaryň Sparta bilen alyp baran göreşinde gazanan üstünliklerini zyňyp taşlapdy. Bu wakalardan birnäçe ýyl öň (b.e. öň 460-njy ý.) Müsürde parslaryň agalygyna garşy gozgalaň başlanýar. Gozgalaňyň serdary liwiýaly Inar afinalylara kömek sorap ýüz tutýar. Afina hökümeti ýeňillik bilen Müsüriň çöregini alaryn diýip, Inara kömek bermegi karar edýär we Müsüre 200 trierden ybarat harby gämilerini ugradýar. Afina goşuny gozgalaňçylar bilen birigip, pars goşunyna aýgytly zarba urýar, pars goşunlary Memfis şäherinde goranyşa geçýär. Şäheri gabamak uzaga çekýär, oňa çenli pars patyşasy uly goşun ýygnap, Müsüre ugraýar. Netijede, Afina goşuny we gozgalaňçylar doly derejede derbi-dagyn edilýär. Afina goşunynyň bir bölegi, olaryň deňiz gämileriniň esasy bölegi ýok edilýär. Fukididiň belleýşi ýaly, «Beýik ýöriş» agyr, pajygaly ýagdaýa düşüp doly ýok edilýär. Ýene-de Gresiýanyň üstüne parslaryň çozmak howpy abanýar. Parslar tarapyndan howpuň abanmagy afinalylara bahana bolýar. Olar Afina deňiz bileleşiginiň gaznasyny (b.e. öňki 454-nji ýylda.) Delosdan Afina geçirilmegini gazanýarlar.

Harby şowsuzlyklar Gresiýada demokratiýanyň abraýyny, şonuň bilen olaryň ýolbaşçylarynyň hem abraýyny gaçyrýar. Şol sebäpli, os-

trakizm syýasaty netijesinde Afinadan sürgün edilen aristokratlaryň serdary Kimonyň möhleti gutaryp, Afina dolanyp gelýär. Ol b.e. öň 454-nji ýylda hem strategik wezipesine saýlanýar. Kimon we onuň pikirdeşleri parslaryň garşysyna iki sany iň güýçli döwletiň, ýagny Spartanyň Afina bilen ylalaşyk gazanmagyň zerurlygyna göz ýetirýärler. Bu syýasat demokratiýanyň duşmanlary üçin amatsyzdy, sebäbi olar demokratiýa garşy islendik wagty spartalylardan kömek alýardylar. Emma Kimonyň tarapdarlary herniçik bolsa-da b.e. öň 453-nji ýylda Sparta bilen 5 ýyllyk ýaraşyk baglaşmagy gazanýar. Sparta hökümeti Afinanyň Megarany eýelemeklerini ykrar edýär, emma afinalylar mundan beýläk Peloponnesde bolýan demokratik hereketi goldamakdan el çekmeli edilýär. Şeýlelikde, Sparta bilen ýaraşyk baglaşmaklyk Afinany agyr ýagdaýa salýar. Afina Peloponnesdäki iň ýakyn ýarany bolan Argosdan el çekmeli bolýar. Şondan soň argoslylar Sparta bilen uruş alyp barmaga hiç hili mümkinçiligi bolmaýar. Netijede, olar b.e. öň 451-nji ýylda Sparta bilen 30 ýyllyk ýaraşyk şertnamasyny baglaşmaga mejbur bolýar.

Kimon ölenden soň hem Afinada oligarhlaryň häkimligi dowam edýär. Afinada oligarhlaryň ýolbaşçylygyna Kimonyň giýewsi, Melesiýanyň ogly Fukidid geçýär. Emma oligarhlaryň ýagdaýy hem berk bolmandyr. Halk ýygnagy syýasy taraplaryň haýsy birine ses berjeklerini bilmän garaşýardylar. Şeýle ýagdaýda demokratlaryň serdary Perikl umumy ellin kongresini çagyrmagy meýilleşdirýär, onda deňizde erkin ýüzmekligi üpjün etmek hem-de parslar tarapyndan ýumrulan mukaddes ýerleri dikeltmek göz öňünde tutulýardy. Perikl umumy ellin kongresini çagyrmak bilen, Afina deňiz bileleşigini umumygrek bileleşigine öwürmegi maksat edinýärdi. Emma Sparta we onuň ýaranlarynyň hereketi netijesinde bu kongresi çagyrmak başa barmaýar.

Spartalylar diňe bir umumy grek kongresiniň çagyrylmagyna päsgel bermän, eýsem b.e. öň 448-nji ýylda Orta Gresiýa täze ýöriş geçirýär. Bu ýerde Sparta Afinanyň ýarany bolan Fokida uly zarba urýar. Spartanyň bu hereketi Afina halk ýygnagynyň gözüni açýar. Afinanyň esasy köpçüligi bolan Afina raýatlary, Spartany goldaýan Afina syýasatçylarynyň hiç mahal Afinanyň bähbidini goramajakdyklaryna gutarnykly göz ýetirýärler. Şol wagtdan häkimlik we Afinanyň daşary syýasatyny ýöretmeklik uzak wagtlap Perikliň we onuň pikirdeşleriniň eline geçýär.

# XI.
# PELOPONNES URŞY
# (b.e. öň 431–404-nji ýý.)

**Urşuň sebäpleri we bahanasy.** Afinanyň gülläp ösmegi iki sany gapma-garşy duran harby bileleşikleriň arasynda uzaga çeken syýasy we diplomatik göreş ahyr soňunda urşuň başlanmagyna alyp barypdyr. Bu uruş taryhda Peloponnes urşy adyny alyp, ol bütin grek dünýäsini öz içine alýar. Hatda grek däl döwletleri: Makedoniýa, Frakiýa, Persiýa ýaly döwletleri hem özüne çekipdir. Peloponnes urşunyň taryhy boýunça gadymy çeşmeler Fukididiň we Ksenofondyň işleridir. Olar şol wakalaryň döwürdeşleri bolup, urşuň köp wakalaryna gatnaşypdyrlar we olary beýan edipdirler. Grek polisleriniň ähli durmuşy we syýasy gapma-garşylyklary 27 ýyla çeken özara uruşda has hem ýitileşýär we Gresiýanyň agyr çökgünlige düşmegine getirýär.

Fukidid (b.e. öň 460–395-nji ýý.) Peloponnes urşy döwründe serkerde wezipesinde bolup, urşuň taryhyny b.e. öň 411-nji ýyla çenli beýan edipdir. Onuň 8 kitabynyň 7-si Peloponnes urşuna bagyşlanypdyr. Taryhyçy we harby serkerde Ksenofont (b.e. öň 430–355-nji ýý.) hem «Gresiýanyň taryhy» atly işinde urşuň soňky döwrüni we soňky wakalaryny beýan edipdir.

Bu döwürde Afina döwletiniň syýasy taryhy barada möhüm maglumatlar Aristoteliň «Afina syýasaty» işinde, Diodoryň «Taryhy kitaphana» atly işinde saklanyp galypdyr. Plutarh şol döwrüň görnükli serkerdeleri we döwlet işgärleri bolan Perikliň, Alkwiadyň, Nikiniň, Lisandryň terjimehalyny ýazyp galdyrypdyr. Afina jemgyýetiniň içindäki syýasy göreş Aristofanyň «Parahatçylyk», «Atlylar», «Guşlar», «Bulutlar» ýaly komediýalarynda çeper tymsallaryň üsti bilen beýan edilýär.

Gresiýanyň gurluşy we durmuş-syýasy ýagdaýy boýunça biri-birinden tapawutlanýan iki sany harby-syýasy bileleşigiň döremegi we olaryň arasyndaky garşylyklaryň ýitileşmegi gutulgysyz urşa alyp barýardy.

Afina deňiz bileleşigi bilen Peloponnes bileleşiginiň arasynda b.e. öň 431-nji ýylda başlanan we b. e. öňki 404-nji ýyla çenli dowam eden uruş «Peloponnes urşy» adyny alýar. Urşuň başlanmagyna alyp baran düýpli ykdysady, syýasy we durmuş sebäpleriň birnäçesi

ýüze çykypdyr. Ykdysady babatda Afina we onuň ýaranlary senetçilik, söwda, haryt hojalygy ýaly ykdysadyýetiň girdejili görnüşlerini ösdürmäge ymtylýardy.

Sparta we onuň ýaranlarynyň aglabasy yzagalak, oba hojalygynyň ösdürilmeginiň köneçil ýöredilmeginiň tarapdarydylar. Şoňa görä-de, gul eýeçilik ykdysadyýetiniň girdejili görnüşini, täzeçil alyp barýan polisler Afinany, agrar hojalygyň tarapdarlary bolsa Spartany we Peloponnes bileleşigini goldaýardylar.

Syýasy meselelerde Afina bilen Spartanyň arasyndaky garşylyk has hem ýiti häsiýete eýe bolupdyr. Afina Gresiýada demokratiýanyň daýanjy hasap edilýärdi. Sparta, tersine, oligarhiýa düzgüniniň tarapdarlaryny goldaýardy.

B.e. öň V asyryň 2-nji ýarymynda Afinanyň we onuň syýasatynyň esasy duşmany Korinf bolupdy. Ýokarda agzalan sebäplerden başga-da, bu garşylygy ykdysady sebäpler has-da ýitileşdirýärdi. Korinf Peloponnes bileleşiginiň iň güýçli senetçilik-söwda polisidi. Ol esasan günbatar bilen, ýagny Sisiliýa we Italiýa bilen söwda edýärdi. Entek Afinanyň ykdysady bähbitleri Egeý deňzinde we Gara deňziň kenarlarynda jemlenen wagty, garşylyk o diýen güýçli däldi. Haçan-da, Perikliň zamanyndan başlap (b.e. öňki 443-430-njy ýý.), Afinanyň günbatara, Beýik Gresiýa täsirini ýaýradyp başlamagy garşylygy has hem ýitileşdirýär. Şoňa görä-de, Korinf harby ýol bilen Afinany ýok etmegi Peloponnes bileleşiginden talap edip başlaýar. Sparta örän kuwwatly Afinanyň garşysyna urşuň ýeňil bolmajagyny oňat bilýärdi. Şeýle-de bolsa, Afinanyň mundan beýläk güýçlenmegi Spartanyň agalygyna howp salýardy. Şonuň üçin uruş gutulgysyzdy. «Urşuň sebäbi Korinfiň talaby däl-de, Spartanyň Afinanyň kuwwatynyň artmagyndan heder etmegi diýip hasap edýärin» – diýip, Fukidid ýazypdyr.

B.e. öň V asyryň 30-njy ýyllarynda garşylyk örän ýitileşdi we urşuň başlanmagy üçin sähelçe bahana ýeterlikdi. Üç sany waka urşuň başlanmagyna bahana bolupdy. Onuň *birinjisi*, Italiýanyň kenarlaryna barýan demirgazyk-günbatarda – deňizde agalyk etmeklikdi. B.e. öň V asyryň 30-njy ýyllarynda Adriatik deňziniň gundogar kenarynda bir wagtlar Kerkirliler tarapyndan esaslandyrylan Kerkir adasyndaky Epidamn şäherinde demokratlar bilen oligarhlaryň arasynda özara uruş başlanýar. Demokratlar üstün çykýar. Şäherden kowlanlar ýerli halk bilen birleşip, şähere çozuş edýärler hem-de kömek sorap Ko-

rinfa ýüz tutýarlar. Kerkir bilen Korinfiň arasynda bir eýýämden bäri Ioni deňzinde agalyk etmek ugrunda bäsdeşlik gidýärdi. Mundan peýdalanan Korinf höwes bilen Epidamne goşun iberýär. Kerkirliler bolsa Afina ýüz tutup, bileleşige kabul etmeklerini we Kerkire gelip kömek bermeklerini haýyş edýärler. Afinalar hem kömek bermäge ýaýdansa-da, razylyk beripdirler. Kerkir adasy bilen materigiň arasyndan geçýän bogazda kerkirliler bilen korinflileriň arasynda gandöküşikli uruş (b.e. öň 433-nji ý.) başlanda, Afinanyň harby gämileri oňa goşulyp, kerkirlileri derbi-dagyn bolmakdan halas edýär. Şeýlelik bilen, Epidamn şäheriniň üstünde Korinf bilen Kerkiriň arasynda başlanan uruş Afina-Korinf urşuna öwrülýär.

*Ikinji* bir bolan waka Halkydyka ýarym adasynda ýerleşýän Potideýiň üstünde başlanýar. Potideýa korinfliler tarapyndan esaslandyrylan hem bolsa, Afina deňiz bileleşiginiň agzasydy. Korinf öz gezeginde Potideýany Afina bileleşiginden çykmaga öjükdirýär. B.e. öň 433-nji ýylda Potideýa Korinfden, Peloponnes bileleşiginden kömek sorap ýüz tutýar. Peloponnesden Potideýe 2000 meýletinçiler kömege gelýär. Emma gazaba münen Afina Potideýa goşun ibermek bilen ony gaýtadan bileleşige girmäge mejbur edýär. Bu bolýan wakalar taraplaryň dawaly meseleleri mundan beýläk gepleşik arkaly çözüp bolmajakdygyna doly göz ýetirdýär.

*Üçünji* bir waka Afinalylaryň Megaranyň garşysyna geçiren çäresidi. Megara Korinfiň meçew bermegi bilen Afina bileleşiginden çykýar. Emma onuň çäginde söwda etmegi dowam etdiripdir. Ilki başda Afina oňa üns bermese-de, b.e. öňki 432-nji ýylda gaçgak gullary gizleýär bahanasy bilen, Megaraly söwdagärlere Afina we oňa ýaran ýurtlarda söwda etmegi gadagan edýän karar çykarýar. Ol ýagdaý Megaranyň ykdysadyýetine uly zarba urýar. Megara Afinanyň ganym duşmanyna öwrülýär. Peloponnes bileleşiginiň ýygnagynda Megara we Korinf ýene-de Afina garşy tiz uruş yglan edilmegini talap edýär.

Potideýiň we Megaranyň Peloponnes bileleşigine, aýratyn hem, korinflileriň Afinalylara garşy gaýragoýulmasyz çäre görülmegini talap etmegi, Spartanyň aýgytly çäre görmegine alyp barýar. B.e. öň 432--nji ýylda Spartanyň halk ýygnagy afinalylaryň 30 ýyllyk şertnamany bozmakda günäkärdigi barada karar kabul edýär. Soňra bolsa, Peloponnes bileleşiginiň maslahaty çagyrylyp, onda Afina garşy uruş başlamak barada karar kabul edilýär. Emma, gyşyň gelmegi bilen olar

gyş aýlaryny urşa taýýarlyk üçin peýdalanýar, iki tarap hem biri-birini günäkärläp, netijesiz diplomatik gepleşikleri alyp barýarlar.

Sparta afinalylardan Potideýany gabamaklygy bes etmegi we Egine awtonomiýa bermekligi, Megara söwdagärleri baradaky kararlaryň ýatyrylmagyny, Afinanyň ýaranlaryna bileleşikden erkin çykmaga ygtyýar berilmegini talap edýär. Spartalylar, şeýle-de ýurtdan Perikliň kowulmagyny talap edipdirler. Afinalylar Spartanyň ýekeje talabyny hem kabul etmändirler.

B.e. öň V asyryň 30-njy ýyllarynyň ahyrlaryna çenli Afinada syýasy ýagdaýlar has dartgynly ýagdaýa baryp ýetýär. Perikliň köp wagtlap ýeke özi Afinanyň içeri we daşary syýasatynyň gitmeli ugruny kesgitläp gelensoň, ýurduň dürli gatlaklarynyň we toparlarynyň arasynda närazylyklaryň ýüze çykmagyna we onuň garşydaşlarynyň (oppozisiýa) janlanmagyna getiripdir. Garşydaş topara Kleon ýolbaşçylyk edipdir. Ilki başda olar Perikliň alyp barýan syýasatyny tankyt etmän, eýsem onuň egindeşleriniň garşysyna çykyş edipdirler, soňra bolsa onuň özüne hüjüm edip, ony abraýdan düşürmekçi bolýarlar.

Garşydaş topar ilkinji bolup, Perikliň halypasy filosof–materialist Anaksagory dine ynamsyzlyk etmeklikde aýyplapdyrlar. Perikliň ikinji bir syrdaşy görnükli heýkeltaraş Fidini Pantenionda Afinanyň heýkelini ýasamak üçin berlen gymmat bahaly daşlardan gizlemekde aýyplap, ony suda geçirýärler. Oňa hiç hili subutnama tapylmansoň, ol dini ýoýmakda günäkärlenipdir, ýagny Afinanyň elindäki galkanynda özüni we Perikliň şekilini çekmekde aýyplapdyrlar. Netijede, Anaksagora jerime salynýar, Fidi bolsa türmä salnyp, ol şol ýerde hem ölýär. Perikliň garşysyna geçirilen bu hüjümler Perikli biynjalyk etmän durmandyr, ol peloponnesliler bilen alyp baran göreşinde, Afina halkyny öz daşyna jemlemekligi maksat edipdir.

Afina Sparta bilen urşuň gutulgysyzdygyna göz ýetirýär we oňa açyk taýýarlanyp başlaýar. Urşa taýýarlanmaklyk bilen Perikl bu urşuň ýeňiş bilen tamamlanjagyna ynanýardy. Delos bileleşigi Gresiýada iň uly syýasy bileleşik hasaplanýardy. Afina deňiz bileleşigine Kerkirden başga-da, Beýik Gresiýanyň we Sisiliýanyň käbir polisleri goşulyşypdylar. Afina bileleşigine gelýän tölegleriň möçberi bolsa bir ýylda 600 talanta, ýagny 15 tonna kümşe baryp ýetipdir.

Harby gämileriň gurluşy dowam etdirilýärdi. Uruş alyp barmak üçin iň zerur serişdeler jemlenilýär. Bu serişdeler meteklerden alynýan salgytdan, gümrük pajyndan gelýän girdejilerden, Lawrion, Amfimondaky altyn, kümüş känlerinden gelýän girdejilerden, Afina bileleşiginiň agzalarynyň töleýän tölegleriden ýygnalypdy.

Afinalylar urşa çenli şäheri Pireý bilen birleşdirýän uzyn gorag diwaryny gurup gutarýar. Indi uruş başlanaýan halatynda Attikanyň ilatyny gala ýygnap, zerur zatlary deňiz üsti bilen getirip boljakdy.

Afinanyň halk ýygnagy Spartanyň talaplaryny ýerine ýetirmekden ýüz öwrenden soň, bu iki bileleşigiň arasynda uzaga çeken uruş başlanýar. Urşuň başynda Afinanyň harby güýji 400 tiriýer (harby gämi), guryýer goşuny 30 müň, olaryň 13 müňi goplitlerden (agyr ýaraglanan pyýada esgerler), 1200 atly goşun, bulardan başga-da 16 müň esger ýörite garnizonda saklanypdyr. Spartanyň deňiz gämileri Afinanyňka garanda iki esse az bolupdyr, emma pyýada goşuny 60 000 esgerden ybarat jemlenipdir.

Harby güýçlerden ugur alyp, Perikl serkerde hökmünde uruş hereketlerini meýilleşdirýär. Meýilnama gury ýerde çaknyşyklardan gaça durmaklygy, duşmany deňizden gabap, kenarýaka ýerlerini tozdurmagy, netijede, olary boýun bolmaga mejbur etmekligi göz öňünde tutýardy. Şeýlelik bilen, uruş hereketleri başlanýar.

**Arhidam urşy we Nikiý ýaraşygy.** Peloponnes urşy iki döwre bölünýär: 1. Arhidam urşy diýlip atlandyrylyp, ol b.e. öň 431–421-nji ýyllary öz içine alýar. 2. Sisiliýa ýöriş we Dekeleý urşy diýlip atlandyrylýar ol b.e. öň 415–404-nji ýyllary öz içine alýar. B.e. öň 421–415-nji ýyllar aralygyndaky döwür wagtlaýyn ýaraşyk döwri bolup, bu döwürde uruş hereketleri togtadylypdyr. Uruş hereketleri Gresiýanyň hemme ýerlerinde, ýagny Egeý deňziniň içinde, Pelopannesde, Orta Gresiýada, Sisiliýada alnyp barylýar.

Harby hereketleri fiwililer başlapdyr. Olar Afina bileleşiginiň agzasy bolan Plateýe duýdansyz çozuş edýärler. Emma plateýliler olary gabap ýok edipdirler. Şondan biraz soň, Sparta patyşasy Arhidam 60 müň goşun bilen Attika çozup girýär. Obalary otlamak, ekin meýdanlaryny tozdurmak bilen Arhidam Afinany aýgytly söweşe çykmaga mejbur etmek isleýär. Emma Perikliň maslahaty bilen Attikalylar şäher

galasyna girip goranyşa geçipdirler, goşun söweşe çykmandyr. Arhidam söweş etmän, yzyna gaýtmaly bolýar. Şondan soň Perikl öz gämilerini ugradyp, Spartanyň birnäçe kenarýaka ýerlerini tozdurýar. Onuň guryýer goşuny bolsa, Megaranyň mülklerini tozdurýar.

Arhidamyň goşunlary b.e. öňki 430-njy ýylda Attika ikinji gezek çozýar. Attikanyň ilaty ýene-de gala ýygnanyp, goranyşa geçýär. Emma şäherde adamlaryň juda köp toplanmagy ýokanç keseliň ýaýramagyna getiripdir. Örän köp adam heläk bolupdyr. Bu ýagdaý adamlaryň Perikliden närazy bolmagyna alyp barypdyr. Birnäçe ýylyň dowamynda Perikl ilkinji gezek serkerdelige saýlanmandyr. Perikl soňky ýyl ol wezipä saýlanypdyr, emma ýokanç kesel degip, özi hem heläk bolýar. Ýokanç kesel b.e. öň 426-njy ýyla çenli dowam edipdir. Ol Afina uly zyýan ýetiripdir. Ilatyň takmynan $\frac{1}{4}$ bölegi, şol sanda 5000 töweregi söweşjeň esgerler heläk bolýar. Afinalylar köne ýarany Plateýa kömek edip bilmändirler. Birnäçe wagt goranyşdan soň ony duşman eýeläpdir. Olar şäheri doly ýumrup ilatyny bolsa gulçulyga satypdyrlar.

Afinanyň agyr ýagdaýyndan peýdalanyp, Sparta Afina bilelelişigini gowşatmaga çalyşýar. Entek b.e. öň 432-nji ýylda Halkydyka Potideýasynda gozgalaň turýar. Afinadan iberilen goşun 2,5 ýyllap ol ýerde saklanmaga mejbur bolýar. B.e. öň 428-nji ýylda bolsa, iň baý polisleriň biri bolan Lesbos Afina bileleşiginden çykýar. Lesbosyň aristokratik topary Spartadan kömek sorap ýüz tutýarlar. Lesbosyň bileleşikden çykmagy Afina üçin uly ýitgi boljakdy. Şoňa görä-de, ol aýgytly hereket edip, 100 gämini Peloponnesiň kenaryna ugradýar. Bu bolsa peloponneslileriň goşunynyň deňiz üsti bilen Lesbosa iberilmeginiň öňüni alýar, Lesbosyň içine iberilen goşun onuň esasy şäheri Mitleni eýeleýär. Onuň ähli berkitmeleri ýumrulýar. Gozgalaňa sebäpkär hökmünde Mitlen aristokratlarynyň 1000-si jezalandyrylýar. Mitlene uly jerime salynýar. Onuň ýeriniň bir bölegi elinden alnyp, 2700 sanysy göçürilip getirilen afinaly daýhanlara paýlanýar. Bu gazaply çäreler Afina deňiz bileleşiginden çykmaga meýil edýän beýleki polisleri gorkuzypdyr.

Ýokanç kesel sebäpli, Afina uly ýitgi çeken hem bolsa, onuň harby deňiz güýçleri öz kuwwatyny saklaýardy. Potideýadaky we Lesbosdaky ýeňişler, esasan, harby deňiz güýçleriniň kömegi bilen

gazanylypdy. Afina gämisi Gresiýanyň günbatar tarapyndaky suwlarda hem agalyk ediji ýagdaýy eýeleýärdi.

Afina bileleşigine girýän polislerden alynýan tölegiň iki esse (ýylda 1300 talanta ýetýär) artdyrylmagy Afinanyň maliýe ýagdaýyny hem gowulandyrýar. Emma Afinanyň öz içinde raýatlaryň arasynda jebislik bolmandyr. Kleopyň ýolbaşçylygyndaky topar urşy işjeň dowam etdirmegi talap etse, Nikiniň topary urşy bes edip, ýaraşyk baglaşmagyň tarapdary bolupdyr. Afinanyň kynçylyklary ýeňip, harby üstünlikleri gazanmagy halk ýygnagynda Kleopyň tarapdarlarynyň üstün çykmagyna alyp barypdyr.

Bu döwürde harby hereketler, esasan, Gresiýanyň günbatar welaýatlarynda bolup geçýär. B.e. öň 426–424-nji ýyllar aralygynda bolan uruşlarda Afina üstün çykypdyr. Mysal üçin, b.e. öňki 426-njy ýylda Afinanyň goşuny Solliniň ýanynda bolan agyr söweşde, ilkinji gezek gury ýerde 3 müň çemesi sparta goplitlerini derbi-dagyn edip, ýeňiş gazanýarlar.

Günbatarda Spartanyň esasy ýarany bolan Sirakuzynyň garşysyna iberilen goşun hem üstünlikli hereket edýär. Bu üstünlikler Korinfiň galla bilen üpjün edilmegine uly howp salypdyr.

Şu döwürde Sparta tarapyndan meçew berlen aristokratlar Kerkir adasynda gozgalaň edip, häkimiýeti ele alyp, Spartanyň tarapyna geçipdirler. Emma Afina tarapyndan iberilen harby deňiz güýçleriniň kömegine daýanyp, b.e. öň 425-nji ýylda demokratlar häkimiýeti ýene-de gaýtaryp ellerine alypdyrlar hem-de Afina bileleşiginiň agzasy bolup galypdyrlar.

Afinalylaryň esasy üstünligi b.e. öň 425-nji ýylda Messeniýanyň günbataryndaky Pilos şäherini eýelemegi bolupdyr. Spartadan ejir çeken ilotlar gaçyp, Afinanyň tarapyna geçip başlapdyrlar. Ylaýta-da Afina goşunlarynyň Spartadan bary-ýogy 75 km uzaklykda ýerleşen Pilosy eýelemegi, Sparta üçin örän howply ýagdaý döredipdir. Şonuň üçin, Sparta düzüminde begzada maşgalalardan bolan saýlama goşuny Pilosa ugradypdyr. Spartalylar Pilosa barylýan aýlagyň öňünde ýerleşen Sfakteriýa adasyny eýeläp, ol ýerden Pilosa gelýän Afina gämilerini bökdemekçi bolýarlar, emma afinalylar deňiz söweşinde üstünlik gazanyp, adadaky spartanyň pyýada goşunyny gabaýar. Dynuwsyz atylýan peýkamlaryň we zyňylýan naýzalaryň zarbyna döz

gelmedik Spartalylar boýun egýär. Ýeňilmezek hasap edilýän goşun şowsuzlyga uçraýar, asla ýesir düşmeýän Sparta esgerleriniň 292-si, şol sanda 120 sany begzada ýesir düşýär.

B.e. öň 424-nji ýylda Lakoniýanyň günortasyndaky Kiferanyň eýelenmegi Afinanyň iň soňky harby üstünligi bolupdyr. Spartanyň ýagdaýy üzül-kesil ýaramazlaşýar. Sparta ýaraşyk sorap, Afina ýüz tutýar. Emma gutarnykly ýeňşe umyt baglan Afina ony kabul etmeýär. Afina öz güýjüne artykmaç baha berip, garşydaşynyň mümkinçiliklerine kembaha garapdyr. Sparta tiz aýňalyp, Peloponnes bileleşigi boýunça ýaranlarynyň güýçlerini jemläp, Afinanyň gowşak ýerinden zarba urýar. Sparta serkerde Brasidiň ýolbaşçylygynda meýletinler toparyny Halkidika ugradýar. Brasid gizlinlik bilen hereket edip, bütin Gresiýanyň içinden geçýär we hiç hili ýitgä sezewar bolman, hemme goşuny bilen demirgazykda peýda bolýar. Bu ýerde Brasid Makedoniýany öz tarapyna çekmegi başarýar. Afinanyň ýarany Amfipol şäherini gabap, ony boýun egmäge mejbur edýär. Bu sebitde hereket edýän Fukididiň ýolbaşçylygyndaky Afinanyň harby gämileri, oňa garşy hiç hili çäre görüp bilmeýär. Amfipolyň elden gitmegi bütin Frakiýa kenarýaka sebitinde Afinanyň agalygyna howp salýardy. Şoňa görä-de Afina Kleopyň ýolbaşçylygynda Amfipola uly goşun iberýär. B.e. öň 422-nji ýylda bolan gazaply söweşde spartalylar üstün çykypdyr. Emma goşun serkerdeleriň ikisi-de Brasidam, Kleonam söweşde heläk bolýarlar. Şondan soň, Sparta Amfipoly elinde saklasa-da artykmaç üstünlik gazanyp bilmändir. Iki tarap hem urşuň dowam etdirilmeginiň peýdasyzlygyna gözleri ýetip, ýaraşyk baglaşmagyň zerurlygyna düşünipdirler.

Ýaraşyk b.e. öň 421-nji ýylda baglaşylýar. Ýaraşyk baglaşmak üçin, Afina tarapdan düzülen topara Nikiý ýolbaşçylyk edipdir. Şoňa görä-de oňa «Nikiý ýaraşygy» diýlip at berlipdir. Şertnama laýyklykda taraplar eýelän şäherlerinden goşunlaryny çykarmagy, ýesirleri gaýdyp bermegi, gaçgak gullary kabul etmezligi borç edinýärler. Emma bu ylalaşyk hiç tarapy hem kanagatlandyrmandyr. Çünki ol urşa alyp baran düýpli sebäpleri aradan aýyrmandyr. Şoňa görä-de, Nikiý ýaraşygy 50 ýyl möhlet bilen baglaşylan hem bolsa, ol diňe wagtlaýyn arakesme bolup, uruş hereketleri täzeden başlanypdyr.

**Peloponnes urşunyň ikinji döwri.** Şertnama laýyklykda Afina hemme spartaly ýesirleri goýberipdir. Emma Sparta Amfipoldan

goşunyny çykarmandyr. Afinalylar hem oňa jogap edip Pilosy ellerinde saklapdyrlar. Sparta bileleşiginiň agzalary: Korinf, Fiwy, Megara bu ýaraşykdan närazy bolupdyrlar. Netijede, bu dartgynly ýagdaý gaýtadan urşuň başlanmagyna alyp barypdyr.

Nikiý ýaraşyk şertnamasyndan närazy bolan Afina täzeden uruş hereketlerine başlaýar. Öz esasy harby güýjüni saklap galan Afina b.e. öň 415-nji ýyla çenli uruş üçin, täze serişdeleri toplamagy başarýar. Afina Günbatardaky ýerlerde, ylaýta-da, Sisiliýada öz agalygyny dikeltmegi maksat edinýär. Çünki Egeý deňzi sebitinde ol öz agalygyny berk saklaýardy. Bu sebitde oňa garşy çykyş etmäge Sparta milt hem edip biljek däldi. Emma Günbatarda ýagdaý çylşyrymlydy. Afina bu sebitde Kifera, Pilos, Nawpakt, Kerkir ýaly möhüm ýerleri eýelän hem bolsa, Sisiliýada we Beýik Gresiýada onuň täsiri örän gowşapdy.

Afina b.e. öň 415-nji ýylda 200 trier, 10 müň goplit we 27 müň ýeňil ýaraglanan esgerlerden ybarat uly goşun jemleýär hem-de Nikiniň, Lamahyň we Perikliň ýegeni Alkiwiadyň ýolbaşçylygynda Sisiliýa ugratmaga taýýarlaýar. Sisiliýadaky Sigest şäheriniň goňşularyna garşy göreşde kömek sorap, Afina ýüz tutmagy ýörişe bahana bolýar. Ýörişiň esasy maksady – bütin Sisiliýanyň üstünden Afinanyň agalygyny berkarar etmekden ybaratdy.

Afina goşuny Sisiliýa gelip, Sirakuzyny gabaýar. Emma ol başdan şowsuz bolýar. Sisiliýadaky şäherleriň hiç birisi-de, hatda onuň ozalky ýaranlary-da Afinany goldamandyrlar. Galyberse-de, Sirakuzylylara Peloponnesden uly goşun kömege gelýär. Afinalylaryň goşunlarynyň ýagdaýy ýaramazlaşyp başlaýar. Kömek üçin Afinalydan iberilen goşmaça goşun hem (65 trier-gämi, 1200 goplit) ýagdaýy özgerdip bilmändir. Sirakuzyny gabaýan guryýer goşuny gabawy aýyryp, adanyň içerki sebitlerine çekilmäge mejbur bolýar. Olary yzarlap gelýän Sirakuzylylaryň goşuny bilen bolan çaknyşykda afinalylar doly ýeňilýär. Olaryň köpüsi ýesir düşýär. Serkerdeler Nikiý we Demosfen hem ýesir düşýärler. Lamah heläk bolýar. Sisiliýa iberilen goşunyň ýeňilmegi Afina üçin düýpli helákçilik bolupdyr. Mundan beýläk uruş hereketlerinde hemme artykmaçlyklar Spartanyň eline geçipdir. Bu artykmaçlygy Sparta Peloponnes urşunyň ahyryna çenli saklamagy başarypdyr.

Galyberse-de, Sparta uruş alyp barmagyň täze usulyny ulanýar. Ol Attika bir bada uly goşun iberip, soňra hem yzyna çagyryp durman,

eýsem Afina ýakyn ýerde ýerleşýän Dekeleýa galasyny eýeläp, ol ýerde öz goşunynyň bir bölegini galdyrýar. Ol goşun häli-şindi çozuş edip, Afinanyň töwereklerini tozdurypdyr hem-de Afinada galagoply ýagdaýy döredipdir. Afina gullarynyň uly topary bu ýagdaýdan peýdalanypdyrlar hem-de gaçyp, Spartanyň tarapyna geçipdirler. Fukididiň berýän maglumatyna görä, gysga wagtyň içinde 20 müň töweregi gul Dekeleýa galasyna gaçyp barypdyr. Bu ýagdaý Afinanyň senetçilik önümçiligine uly zyýan ýetiripdir. Emma oňa garamazdan, Afinany doly ysgyndan düşürmek başartmandyr. Afinalylar içerki mümkinçiliklerini tijemek we bileleşikdäki ýaranlarynyň bileleşige bermeli töleginiň hasabyna täze gämileri gurup, söweşe taýýarlyk görüpdir.

Afinadan doly üstün çykmak üçin, Sparta Afina deňiz bileleşigini dargatmak gerekdi. Şonuň üçin spartalylara güýçli harby gämiler gerekdi. Emma gämi gurmak üçin, Spartanyň özünde-de onuň ýaranlarynda-da hiç hili serişde ýokdy. Şol sebäpli Sparta şu çaka çenli grekleriň umumy duşmany hasaplanýan pars döwletine kömek sorap ýüz tutýar. Elbetde, parslar üçin Afina bileleşiginiň dargadylmagy gerekdi. Gresiýanyň gowşamagy Kiçi Aziýadaky grek şäherleriniň üstünden pars agalygyny gaýtadan dikeltmäge mümkinçilik berjekdi. Şoňa görä-de, parslar Afina ýeňlenden soň, Kiçi Aziýadaky grek şäherlerini gaýtaryp bermek şerti bilen Sparta pul kömegini bermegi wada edýär.

B.e. öň 412-nji ýylda parslaryň beren pulunyň hasabyna Sparta harby gämileri gurmaga girişýär. Sparta gämileriniň Egeý deňzinde peýda bolmagy bu sebitdäki Afina bileleşigine girýän polislere uly täsir edýär. Olaryň birentegi gozgalaň edip, Afina bileleşiginden çykýar. Ylaýta-da, Hiosyň bileleşikden çykmagy Afina uly zyýan ýetiripdir. Netijede, Afina bileleşigine doly dargamak howpy abanýar. Onuň üstesine-de Sparta gämileriniň başynda serkerde edilip, ol ýurda gaçyp gelen Alkiwiadyň goýulmagy ýagdaýy has çylşyrymlaşdyrýar. Çünki ol dönügiň Afinanyň harby syrlaryny duşmana paş etmegi uruş hereketlerinde Afinanyň şowsuzlyklara düşmegine alyp barýar.

Afina doly heläk bolmak howpy abanypdyr. Şeýle agyr ýagdaýda afinalylar örän sabyrly hem paýhasly hereket edipdirler. Afina bileleşigine girýän polislerden alynýan töleg azaldylypdyr. Olaryň hukuklary giňeldilipdir. Boşan döwlet gaznasyny doldurmak üçin, Afina Gara deňizden Egeý deňzine geçýän ýük gämilerinden, olaryň harydynyň 5 göterimini gümrük pajy hökmünde alyp başlaýar. Onuň

hasabyna Afina täze harby gämileri gurdurýar we olary haýal etmän, Egeý deňzine ugradýar. Afina gämileriniň peýda bolmagy bu ýerde ýagdaýy birneme kadalaşdyrýar. Ilki bilen hem Afina bileleşiginiň dargamagynyň öňi alynýar.

Emma Afinanyň içinde syýasy toparlaryň arasyndaky agzalalyk güýçlenýär. Aristokratik toparlar harby şowsuzlyklar sebäpli, demokratlary aýyplap çykyş edipdirler. B.e. öň 411-nji ýylda aristokratlar baý söwdagärler bilen birleşip, döwlet agdarylyşygyny guraýarlar. 500-leriň geňeşi dargadylýar. Häkimiýet Antifontyň, Kritiniň we Frameniň ýolbaşçylygynda döredilen oligarhlar toparynyň (400-leriň geňeşiniň) eline geçýär. Afina demokratiýasynyň esasy guramalary ýatyrylýar. Demokratlary yzarlamak başlanýar. Oligarhlaryň hökümeti Afina raýatlarynyň-da, onuň bileleşigine girýän ýaranlarynyň-da güýçli närazylygyny döredipdir. Oligarhlar öz ýagdaýyny berkitmek üçin, ýaraşyk baglaşmagy sorap, Sparta ýüz tutýarlar. Emma Sparta olary kabul etmändir.

Oligarhlaryň hereketi Afina gämileriniň serkerdeleriniň we matroslarynyň güýçli garşylygyna sezewar bolupdyr. Afinanyň deňiz güýçleri oligarhlaryň häkimiýetini ykrar etmändir. Şeýlelikde, b.e. öň 411–410-njy ýyllarda Afinada iki häkimiýet – oligarhlaryň 400-ler geňeşi we esasy düşelgesi Samosda ýerleşen Afina deňiz güýçleriniň ýolbaşçylarynyň häkimiýeti hereket edipdir. Afinada syýasy agzalylyk Afina bileleşigine hem zyýanly täsir edipdir. Bileleşigiň agzalarynyň birentegi ondan çykypdyr. Aýratyn hem, Gara deňze geçilýän bogazlaryň ugrundaky polisleriň, Spartanyň tarapyna geçmek meýilleri Afina uly zyýan ýetirjekdi. Çünki Afina ol ýerden geçýän ýüklerden ýeterlikli gümrük pajyny alýardy. Şoňa görä-de, bogazlara Samosdaky Afina gämileriniň uly bölegi ugradylýar. Harby gämilere Spartadan Afinanyň tarapyna geçen Alkiwiad ýolbaşçylyk edipdir. Alkiwiada pars satraplarynyň biri Tissafern hem kömek edipdir. Afinalylaryň gämileri b.e. öň 411-nji ýylda Abidosyň ýanynda, b.e. öňki 410-njy ýylda bolsa Kizigiň ýanynda bolan söweşde ýeňiş gazanypdyr. Bogazlaryň üstünden gözegçilik etmek ýene-de Afinanyň eline geçýär.

Demokratiýanyň tarapdary bolan deňiz güýçleriniň ýeňşi Afinadaky syýasy ýagdaýa-da öz täsirini ýetiripdir. 400-leriň geňeşi ýatyrylyp, oligarhlaryň häkimiýeti agdarylýar. Dolandyryşyň demokratiýa ulgamy doly dikeldilýär. Afina deňiz bileleşigi hem birneme berkeýär. Bu ýagdaý bilen Sparta hem, parslar hem ylalaşyp biljek däldi. Şoňa

görä-de, parslar Sparta gämi gurmak üçin ýene-de serişde goýberýär. Afina gämileri Egeý deňzinde we bogazlarda seresap hereket edipdir. B.e. öň 406-njy ýylda Arginus adalarynyň golaýynda Afina gämileri spartalylaryň harby gämileri bilen söweşip, ýeňiş gazanýar, emma ony berkidip bilmeýär. Bu onuň iň soňky ýeňşi bolýar. B.e. öň 405-nji ýylda Egospotamosyň golaýyndaky söweşde Afina gämileri spartalylar tarapyndan doly ýok edilýär. Şondan soň, Afinada uruş üçin goşunam, gämi-de, serişde-de galmandyr. B.e. öň 404-nji ýylda Afina deňizden hem gury ýerden hem gabalýar. Birnäçe aýdan soň bolsa, ysgyndan düşen şäherliler boýun egmäge mejbur bolýarlar.

Ýaraşygyň şertini Sparta kesgitläpdir. Şertnama görä Afina deňiz bileleşigi dargadylýar. Afina harby gämileri ýok edilýär. Afinanyň gorag diwary ýumrulýar. Afinadan kowlan adamlara gaýdyp gelmäge ygtyýar berilýär, demokratiýa gurluşy ýatyrylýar. Häkimiýet 30 adamdan ybarat spartaparaz toparyň eline berilýär. Bütin Gresiýada hojaýynlyk etmäge daraşýan kuwwatly Afina Peloponnes urşundan soň, ýönekeý polisleriň birine öwrülýär.

Afinanyň ýeňilmegine näme sebäp bolduka? Onuň esasy sebäbi Afina demokratiýasynyň yzygiderli syýasat ýöredip bilmänligidir.

Afina deňiz bileleşiginiň gowşaklygy, onuň içindäki oňşuksyzlyklar Afinanyň şowsuzlygynyň ýene bir sebäbi bolupdyr.

Polisiň doly hukukly raýatlarynyň çäkliligi, uruşda köp adamyň heläk bolmagy Afinany ysgyndan düşüripdir.

Afinanyň ýeňilmeginiň ýene bir sebäbi, afinalylar öz güýjüne artykmaç baha berip, garşydaşynyň mümkinçiliklerine kembaha garamagy bolupdyr. Parslaryň Sparta maddy taýdan kömek bermegi-de, onuň üstün çykmagyna uly ýardam edipdir.

Ýaraşyk şertnamasy baglaşylandan soň, Afinada häkimiýeti eline alan 30-lar, Akropolda ornaşan Sparta goşunyna daýanyp, eden-etdilik hereketlerine başlapdyr. Ksenafontyň ýazmagyna görä, «Otuzlar» Afina begleriniň emlägini elinden almak maksady bilen, olaryň 1500 raýatyny jezalandyrypdyrlar. Otuzlaryň gazabyndan gorkup, köp adamlar Fiwi, Megara, Argos we ş.m. goňşy polislere gaçyp gitmäge mejbur bolupdyrlar. Fiwä giden Afina demokratlary, ol ýerde fiwilileriň goldaw bermegi bilen harby topar döredipdirler we araçäkde ýerleşen Fiwi galasyny basyp alypdyrlar. Afinadan we Attikanyň beýleki ýerlerinden demokratiýanyň tarapdarlary goňşy

Fiwi şaherine ýygnanypdyrlar. Olaryň başynda Frasibul durupdyr. «Otuzlaryň» we spartalylaryň iberen harby toparlarynyň üstüne duýdansyz çozup, Frasibul olary derbi-dagyn edipdir. Soňra ol Pireý portuny basyp alýar. «Otuzlar» Afinany taşlap gaçypdyrlar we Spartadan kömek almaga synanyşypdyrlar. Afina demokratlaryna garşy göreşde fiwililer şeýle-de, Spartanyň soýuzdaşy Korinfliler hem Spartany goldamandyrlar. Şoňa görä-de Sparta serkerdesi Pawsaniý afinalylara öz aralarynda oňuşmagy teklip edip, «otuzlary» goldamandyr (b.e. öňki 403-nji ýyl). Şeýlelikde, spartalylar Afinanyň içki işine goşulmakdan saklanmaly bolupdyr. «Otuzlar» we olaryň ýaranlary jezalandyrylyp, Afinada demokratik düzgünler dikeldilipdir.

## XII.
## GREK TARYHYNYŇ NUSGAWY DÖWRÜNIŇ MEDENIÝETI

**Grek medeniýetiniň kemala gelmeginiň aýratynlyklary. Hat-ýazuwyň ýüze çykmagy.** B.e. öň V–IV asyrlarda grek medeniýeti Gadymy dünýäniň iň ösen medeniýetleriniň birine öwrülýär. Medeni ösüşi boýunça Gresiýanyň hemme polisleri deň bolmandyr. Demokratik polislerde sowatlylyk giň ýaýrapdyr. Çünki demokratiýa gurluşy raýatlardan syýasy işjeňligi, düşünjeliligi, sowatlylygy, özbaşdak pikir edip bilmegi talap edipdir. Bu bolsa döwlet resminamalaryna düşünmek üçin zerur bolupdyr. Resminamalary okap bilmek, oňa akyl ýetirmek we olaryň üstünde oýlanmak, grek akyldarlarynyň döredijiligine möhüm itergi beripdir. Grek medeniýetiniň kemala gelmeginiň möhüm şertleriniň biri-de ýurduň tebigy-geografiki şertleriniň aýratynlyklarydyr. Gresiýanyň tebigaty aňsat eklenji ündemän, tersine zähmet çekmeklige itergi beripdir, ýaşaýyşa zerur zatlary öndürmek üçin, köp zähmet çekmegi, başarjaňlygy we oýlanyşykly hereket etmegi talap edipdir.

Grekler keseki ýurtlarda mekan tutunan hem bolsalar, olaryň hemmesi özlerini bitewi halk diýip hasap edipdirler. Olar özlerini ellinler, öz watanyny bolsa Ellada diýip atlandyrypdyrlar. Ellinleriň umumy dili, adatlary, gadymy rowaýatlary, dini, bitewi hat-ýazuwy bolupdyr. Şäherler öňdebaryjy medeniýet ojaklary bolupdyr. Hat-ýazuw giň ýaýrapdyr. 24 harpdan ybarat grek elipbiýiniň döredil-

megi sowat öwrenmäni ýeňilleşdiripdir. Sowatlylyk medeniýetiň mundan beýläk ösmegine ýardam edipdir. Şäherlerde urug-taýpa gatnaşyklarynyň galyndylary-da oba garanda çalt dargapdyr.

Halk ýygnaklarynda, kazyýet işlerinde yzygiderli çykyş edip durmak, syýasy we kazyýet jedellerine gatnaşmak raýatlaryň syýasy düşünjesini artdyrypdyr, dilewarlyk ussatlygyny ösdüripdir. Kleon, Perikl, Demosfen ýaly görnükli dilewarlaryň b.e. öň V–IV asyrlarda Gresiýada öňe çykmagy ýöne ýerden däldir.

Gadymy grek medeniýeti dünýä medeniýetine goşan uly goşandy bilen, ajaýyp nusgalary döredip, soňraky nesilleriň medeniýetine eden düýpli täsiri bilen tapawutlanýar.

Grek medeniýeti şol döwrüň öňdebaryjy önümçilik usulynyň esasynda döräpdir. Gresiýanyň gul eýeçilik ykdysadyýeti medeniýetiň ösmegi üçin zerur maddy şertleri döredipdir. Gresiýadaky mülkdarlar, kärhana eýeleri önümçiligi ýola salmaga gös-göni gatnaşypdyrlar. Şol sebäpli-de, olar umumy medeniýetiň ösmegi bilen gyzyklanypdyrlar. Polisiň esasy ilaty orta gatlaklardan düzülipdir. Durmuş-syýasy taýdan işjeň gatlagy düzen bu topar, medeni gymmatlyklary döretmäge hem-de oňa düşünmäge oňaýly ýagdaýy döredipdir.

Medeni ösüşi boýunça Gresiýanyň hemme polisleri deň bolmandyr. Demokratiýa görnüşli dolandyryş guramasy bolan polisler has öňe gidipdir. Çünki demokratiýa gurluşy raýatlardan syýasy işjeňligi düşünjeliligi, sowatlylygy, özbaşdak pikir edip bilmegi talap edipdir.

Grek medeniýetiniň ösmegine ýene bir itergi beren zat ol hem bu ýerde güýçli ruhanylar guramasynyň bolmanlygydyr. Gadymy Gündogar ýurtlarynda olar ruhy döredijiligi, esasan, öz elinde saklapdyrlar. Sowat, ylym, bilim, sungat olaryň eýeçiliginde bolupdyr. Köplenç halatda, halk köpçüligi ondan daşlaşdyrylypdyr. Gersiýada dini däpleriň, adatça, saýlanýan gullukçylar tarapyndan ýerine ýetirilmegi, kuwwatly ruhanylar guramasynyň ýüze çykmagyna böwet bolupdyr. Bu sowatlylygyň, terbiýäniň, dünýägaraýşyň, medeniýetiň ähli ulgamlarynyň erkin häsiýetde bolmagyna we onuň çalt ösmegine ýardam edipdir. Demokratik polislerde sowatlylyk giň ýaýrapdyr. Çünki ol döwlet resminamalaryna düşünmek üçin zerur bolupdyr. Resminamalary okap bilmek, oňa akyl ýetirmek we olaryň üstünde oýlanmak grek akyldarlarynyň döredijiligine möhüm itergi beripdir. Grek medeniýetiniň kemala gelmeginiň möhüm şertleriniň biri-de

ýurduň tebigy-geografik şertleriniň aýratynlyklarydyr. Gresiýanyň tebigaty aňsat eklenji üpjün etmän, tersine, zähmetsöýerlige ugrukdyrypdyr. Ýeriň daşly hem az hasylly bolmagy, ony ekin ekmäge taýýarlamak üçin daşdan hem jeňňelden arassalamak, tebigy baýlyklaryň ýeriň astynda, çuň ýerleşmegi we ş.m. ýaşaýyşa zerur zatlary öndürmek üçin köp zähmet çekmegi, başarjaňlygy we oýlanyşykly hereket etmegi talap edipdir.

Gresiýanyň tebigaty deňiz bilen berk baglanyşyklydyr. Ol aýry-aýry adamlaryň edermenligi, tutuş ýurduň durmuşynda ägirt uly orun tutupdyr. Deňiz iýmit çeşmesi hem-de beýleki ýurtlar bilen birleşdirýän ýol bolup hyzmat edipdir. Deňizde ýüzmek diňe bir söwda bähbitlerine däl, eýsem keseki ýurtlaryň üstünlikleri bilen tanyşmaga, halklaryň medeniýetde gazananlaryny öwrenmäge-de uly ýardam edipdir. Emma deňizde ýüzmek batyrlygy, başarjaňlygy, ýörite bilimleri talap edipdir. Has uzak ýerlere syýahat etmek üçin amatly gämileriň gurulmagy zerur bolupdyr.

Grek medeniýetiniň aýratyn gözelligi ýurduň tebigatynyň gözelligi bilen baglydyr. Belent bolmadyk daglyk, ýaşyl baýyrlyklar we içinden çeşme-çaýlar akyp geçýän jülge, olaryň ýaşyl tokaýlar we otlar bilen örtülmegi, daglaryň ak mermer gaýalary, dury asman hem mawy deňiz ýakymly reňkleriň utgaşmasyny döredipdir. Şoňa görä-de, grek medeniýetiniň ähli pudaklarynda tebigat duýgusy, tebigata ýakynlyk aýratyn aýdyň ýüze çykypdyr.

Grek medeniýetiniň we sungatynyň kemala gelmegindäki şu aýratynlyklar onuň ägirt uly üstünliklere eýe bolmagyna, onuň soňky dünýä medeniýetine uly täsir etmegine ýardam edipdir.

Grekler b.e. öň II müňýyllygyň aýagynda ýüze çykan gadymy hat-ýazuwyny, gadymy Krit we Miken şäherleri ýykylandan soň ýatdan çykarypdyrlar. Olar b.e. öň IX–VIII asyrlarda finikiýalylaryň ýazuwy bilen tanşypdyrlar. Onuň esasynda hem özleriniň 24 harpdan ybarat elipbiýini işläp taýýarlapdyrlar.

Ellinler rowaýatlary we poemalary, taryhy eserleri, ylmy işleri papirus ýapraklaryndan taýýarlanan kitaplara ýazypdyrlar. Olar kitaplaryň gadyryny oňat bilipdirler, olara düşünip göçüripdirler we aýawly saklapdyrlar.

**Grek dininiň we jemgyýetçilik baýramçylyklarynyň aýratynlyklary.** Din grek medeniýetiniň aýrylmaz bölegi bolup, beýle-

ki gadymy halklarda bolşy ýaly, grekleriň dini hem olaryň dünýägaraýşynyň, ahlak sypatlarynyň, çeper döredijiliginiň dürli görnüşleriniň we ugurlarynyň esasyny düzüpdir. Arhaiki döwürde kemala gelen örän baý grek mifologiýasy, hudaýlaryň we gahrymanlaryň özara gatnaşygy we adamlar bilen aragatnaşygy baradaky köpsanly rowaýatlary, tebigatyň gara güýçlerine garşy göreşýän güýçli, batyrgaý adamlaryň çeper keşbini döredipdirler. Şol eserler hem b.e. öň V–IV asyrlardaky ajaýyp grek edebiýatynyň ösmegi üçin esas bolup hyzmat edipdir.

Hudaýlary we gahrymanlary gelşikli, gujurly hem gözel adamlar görnüşinde göz öňüne getirmek heýkeltaraşlyk sungatyna nusgalyk bolupdyr. Hudaýlar täsin jaýlarda ýaşaýandyrlar diýen düşünje bolsa örän ajaýyp ymaratlaryň gurulmagyna ýardam edipdir. Grek binagärleri öz ähli başarjaňlygyny hudaýlaryň öýi hasaplanýan buthanalary kämil derejä ýetirmäge gönükdiripdirler.

B.e. öň V–IV asyrlarda dini däpleriň iň esasy, polisiň baş hudaýynyň hormatyna geçirilýän baýramçylyklar bolupdyr. Ol hudaýyň şekilini götermek bilen geçirilýän dabaraly ýörişden başlanypdyr. Dabaraly ýöriş baş hudaýyň ybadathanasynyň işiginde sadaka niýetlenen haýwanlary gurban bermek bilen tamamlanypdyr. Soňra baýramçylyk nahary (sadaka berlen haýwanlaryň etinden taýýarlanylan) berlipdir. Ýaş türgenleriň ýaryşlary guralypdyr. Hudaýlaryň durmuşy bilen bagly rowaýatlar esasynda sahnalar görkezilipdir. Bu çärelere raýatlaryň köpüsiniň gatnaşmagy olara ählihalk häsiýetini beripdir.

B.e. öň V asyrda polisleriň köpüsinde baş hudaýyň hormatyna geçirilýän baýramçylyga polisiň kuwwatynyň, baýlygynyň we üstünlikleriniň gözden geçirilişi hökmünde garalypdyr. Olaryň dini häsiýeti birneme gowşap, jemgyýetçilik syýasy we aňyýet tarapy güýçlenipdir. Baýramçylyklarda sport ýaryşlarynyň we medeni çäreleriň orny giňelipdir. Olara ählihalk bolup taýýarlanylmagy medeni döredijilige uly itergi beripdir. Afinada onuň penakär hudaýy Afinanyň hormatyna, ösümlikleriň we çakyryň hudaýy Dionisiň hormatyna, Zewsiň hormatyna Olimpiýada geçirilýän Olimpiýa baýramçylygy, Apollonyň hormatyna Delfde geçirilýän Pifiýa baýramçylygy, Poseýdonyň hormatyna Korinfde we Istmde geçirilýän baýramçylyklar umumy grek baýramçylygy häsiýetine eýe bolupdyr.

Olaryň arasynda dört ýyldan bir gezek geçirilýän Olimpiýa baýramçylygy, ylaýta-da uly meşhurlyga eýe bolupdyr. Irki döwürde ol hem, esasan, dini häsiýetli baýramçylyk bolupdyr. Emma b.e.

öňki VI asyrdan başlap, dini dessurlar onuň açylyş däbine öwrülipdir. Onuň esasy bölegini sport ýaryşlary düzüpdir. Pifiýa baýramçylygy bolsa, sazandalaryň (kifara, awlos) ýaryşyna öwrülipdir. Afinadaky Panafineý we Dionisiň hormatyna geçirilýän baýramçylyklarda teatr oýunlarynyň orny has artypdyr.

**Grek mekdepleri.** B.e. öň VII–VI asyrlarda Egeý deňziniň gündogar kenarlarynda ýerleşen Ioniýa welaýatynyň Milet, Galikarnas we beýleki grek ilatly şäherleri ylmyň merkezleri bolupdyr. B.e. öňki V–IV asyrlarda grek medeniýeti gadymy dünýäniň iň ösen medeniýetleriniň birine öwrülipdir. Grekler dünýä medeniýetine uly goşant goşan halk bolupdyr. Emma medeni ösüşi boýunça Gresiýanyň hemme polisleri deň bolmandyr. Demokratiýa gurluşly dolandyryşy bolan polisler has öňe gidipdirler. Çünki demokratiýa gurluşly raýatlardan sowatlylygy, özbaşdak pikirlenmegi talap edipdir. Halk ýygnaklarynda çykyş edip durmak raýatlaryň syýasy düşünjesini artdyrypdyr, dilewarlyk ussatlygyny ösdüripdir. B.e. öň V–IV asyrlarynda Gresiýada Perikl, Demosfen, Eshin ýaly görnükli dilewarlar öňe çykypdyr.

Gresiýadaky iň gowy mekdepler Afinada bolupdyr. Öz hukuklaryny amala aşyrmak we borçlaryny berjaý etmek üçin raýatlara sowat gerek bolupdyr. Erkin grekleriň ogullary ýedi ýaşyndan başlap, pedagogyň eline berlipdir (pedagog – grekçeden terjime edilende çagany mekdebe äkidiji adam bolýar). Pedagog her gün çagany mekdebe äkidip, onuň ýazuw esbaplaryny we saz guralyny götermeli bolupdyr.

Senetçileriň we daýhanlaryň çagalaryna diňe okamagy we ýazmagy öwredipdirler. Olar ýaş wagtyndan başlap, öz ene-atalaryna kömek bermeli bolupdyrlar. Baý adamlaryň çagalary 18 ýaşyna çenli gimnaziýada okuwyny dowam etdiripdirler. Gimnaziýa oglanlar 12 ýaşdan berlip, ol ýerde fiziki maşklary, 15–18 ýaş aralykda bolsa harby tälimleri öwrenipdirler. Mekdep harby söweşijileri taýýarlapdyr. Okuwçylar gimnaziýada köp ylgamak, göreşmek, bökmek, disk we naýza zyňmak bilen meşgullanypdyrlar. Grek mekdeplerinde okuwçylar on müňlerçe setirden ybaratdygyna garamazdan, Gomeriň ″Iliada″ we ″Odisseýa″ poemalaryny ýatdan bilipdirler. Okuwçylar köplenç ýüzüne ýukajyk mum çalnan tagtajyklara ýazypdyrlar. Ujy ýiti metal taýajyk bilen mumuň ýüzüne harplary ýazypdyrlar. Taýajygyň beýleki tarapy kütek bolup, onuň bilen ýazan hatlaryny öçüripdirler. Ýaş ýigitler tans etmegi, aýdym aýtmagy, saz çalmagy

öwrenipdirler. Grekler tans edip, aýdym aýdyp bilmeýän adamy bilimli hasaplamandyrlar.

Mekdeplerde okuwçylardan ýaşulylary görenlerinde olar bilen hoşamaý bolmagy, köçede olara ýol bermegi berk talap edipdirler. Ýalta we gulak asmaýan okuwçylara gaýyş we gamçy bilen temmi beripdirler. Gresiýada gyzlary okatmak üçin mekdep bolmandyr. Olara diňe öýde el işini we hojalygy ýöretmegi öwredipdirler.

Amatly gämileriň gurulmagyny çaltlandyrypdyrlar. Grek medeniýetiniň we sungatynyň kemala gelmegindäki şu aýratynlyklar, onuň ägirt uly üstünliklere eýe bolmagyna we dünýä medeniýetine täsir etmegine ýardam edipdir.

**Grek teatry we edebiýaty.** Gresiýada teatr iki ýarym müň ýyl mundan ozal döräpdir. Olar baýryň eteginde çadyr dikipdirler, oňa grek dilinde «skene» diýipdirler. Aktýorlar onuň içinde geýimlerini çalşyrýan ekenler. Soň-soňlar çadyra derek kiçeňräk jaý gurup başlapdyrlar. Oýun görkezilende oňa dekorasiýa asypdyrlar.

Kendir matanyň ýüzüne çekilen bir-iki sany sütün ybadathanany, iki sany agaç bolsa tokaýy aňladypdyr. Tomaşaçylaryň oturýan ýerine teatron diýipdirler. Artistler etekdäki tegelek meýdançada oýnapdyrlar. Oýun oýnalýan ýerine orhestro diýipdirler. Onuň öňünde meýdança gurupdyrlar oňa «orkestr» diýlipdir. Onuň üstünde aktýorlar we hor (köpçülik bolup aýdym aýtmak) topary çykyş edýän eken. Baýryň ýapgyt tarapynda tomaşaçylar üçin agaçdan oturgyçlar edipdirler, soň-soňlar ol oturgyçlar daşdan edilipdir.



**Grek teatrynyň daşky görnüşi**

B.e. öňki V-IV asyrlaryň aýagynda teatr oýunlary açyk meýdanlarda görkezilipdir. Teatrlar ähli grek şäherlerinde diýen ýaly gurlupdyr. Teatr grek sözünden «tomaşa görkezilýän ýer» diýmekligi aňladypdyr. Oýun bir artist bilen horuň arasyndaky gepleşik (dialog) görnüşine eýe bolupdyr.

B.e. öňki V asyrda ýene-de iki artist goşulypdyr. Indi artistleriň sany artypdyr, horuň sany kemelipdir. Artistler ýerine ýetirýän keşbine laýyk her hili nikaplar (maska) geýipdirler. Bir artist bir oýnuň dowamynda birnäçe keşbi ýerine ýetiripdir, şonuň üçin ol birnäçe gezek nikabyny çalyşmaly bolupdyr. Hudaýlaryň hem gahrymanlaryň rollarynda oýnanlarynda artistler beýik ökjeli aýakgap geýipdirler. Grek teatry polisiň ähli raýatlaryna niýetlenipdir we olarda onlarça müň ýer bolupdyr.

Afinadaky Akropolyň ýanyndaky Dionisiň teatryna 17 müň tomaşaçy ýerleşipdir. Efesdäki teatr has äpet bolup, onda 60 müň tomaşaça ýer bolupdyr. Teatr gündelik durmuşyň adaty bölegine öwrülipdir. Afinada ýörite teatr gaznasy döredilip, ondan döwlet ilatyň garyp gatlagyna teatra girmek üçin töleg puluny beripdir.

Gadymy grek teatrlarynda oýunlar ýylda 2–3 gezek görkezilipdir we olar üç günläp dowam edipdir. Adamlar teatrda uzak gününi geçirmeli bolupdyrlar. Teatrda şahyrlar, aktýorlar we hor öz aralarynda ussatlyklary boýunça ýaryşypdyrlar. Baýramçylyk gutarandan soň, tomaşyçylar tarapyndan saýlanan eminler olaryň ýeňijilerini yglan edipdirler. Käwagtlar erkek adamlar aýal-gyzlaryň roluny hem



**Tragiki we masgarabazlyk nikabynyň şekili**



**Pil süňkünden ýasalan gadymy heýkel**




**Gadymy grek teatr peteginiň şekili**

ýerine ýetiripdirler. Aktýorlar her hili nikaplary geýip, öz ýerine ýetirýän keşbine laýyk gelýän: aýaly, erkegi, gahar-gazaby, ýalbarmagy, şadyýanlygy hem sussupesligi aňladyp bilipdirler.

**Tragediýa.** Teatrlarda Gresiýanyň iň zehinli dramaturglarynyň eserlerinden oýunlar, tragediýalar görkezilipdir. Oňat pýesa üçin tomaşaçylar awtory uly şowhun bilen gutlapdyrlar. B.e. öň V asyrda iň tanymal dramaturglary Eshil, Sofokl, Ewripid we Aristofan dagy bolupdyrlar.

Tragediýa diýilýän söz «geçileriň aýdymy» diýmegi aňladypdyr. Ilki-ilkiler ekerançylar Dionisiň hormatyna geçirilýän baýramçylyk günleri obalaryň we şäherleriň köçelerinde dabaralar gurapdyrlar. Olar Dionis hakyndaky rowaýatlary aýdym edip aýdypdyrlar, rowaýatlardan tutuş sahnalary oýnap görkezipdirler. Dionisiň hemralary bolan satiralary şekillendirip görkezmek üçin olar geçi derilerini geýipdirler. Ýygy-ýygydan şadyýan degişmeler arkaly şäheriň ýa-da obanyň raýatlaryny gülkünç ýagdaýda şekillendiripdirler. Adatça, tragediýalarda hereket edýänler rowaýatlaryň gahrymanlary bolupdyrlar. Tragediýalarda adamlaryň arasyndaky ýiti göreşi, olaryň görkezen edermenliklerini, köplenç, heläk boluşlaryny şekillendiripdirler.

Elewsinli Eshil (b.e. öň 525–456-njy ýý.) grek tragediýasynyň atasy hasaplanypdyr. Ol Afinanyň jemgyýetçilik durmuşyna işjeň gatnaşypdyr. Grek-pars uruşlaryna gatnaşypdyr. Onuň ýazan 90 töweregi pýesasyndan 7-si saklanyp galypdyr. Olardan «Parslar», «Prometeý» we «Oresteýa» pýesalary aýratyn tapawutlanypdyr. «Parslar» eseri «Salamin» söweşi baradaky taryhy gürrüňlere esaslanypdyr. Beýleki pýesalar mifleriň esasynda ýazylypdyr. Emma olara awtor täzeçe öwüşgin beripdir. Eshil öz eserlerinde polis düzgünleriniň dabaralanyşyny, grekleriň batyrgaýlyk, watançylyk häsiýetlerini şöhratlandyrýar. «Parslarda» grekleriň erkinlik ugrunda göreşi beýan edilse «Prometeýde» – ýaşaýyş ugrunda, täze medeni üstünlikler ugrunda adamlaryň göreşi şöhlelendirilýär. Onuň ýazan tragediýalarynyň biri «Zynjyr bilen bag-

lanan Prometeý» diýlip atlandyrylypdyr. Tragediýa teatrda oýnalyp görkezilipdir. Onda Zewsiň buýrugy boýunça Gefest Prometeýi zynjyr bilen gaýa baglap, ony kükreginden çüýläp goýýar. Prometeý özüniň adamlara ot getirip berendigini, olara öý gurmagy, haýwanlary eldeki etmegi, «sanamak ylmyny we hat-sowat» öwredendigini adamlara gürrüň berýär. Munuň üçin Zews Prometeýe gahar-gazap edipdir. Adamlar hudaýlary ýazgarypdyr, Prometeýe duýgudaşlyk bildiripdirler, emma ony geçirimli bolmaga çagyrypdyrlar. Prometeý bolsa «Zewsiň hyzmatkärine» ruhubelentlik bilen şeýle diýipdir:

Hiç bir jeza bilen, mekirlik bilen
Zews maňa syrymy aýtdyryp bilmez.
Goý, ýyldyrym bolup, böwrümden geçsin,
Goý, ol arlabersin, sarsdyryp ýeri,
Ak ganat ýel bolup, baglasyn gögi,
Goý, ýegsan eýlesin bütin dünýäni,
Meni syndyrmaz ol, aýtmaryn oňa
Kim sebäpli häkimlikden dynjagyn.

Gök gürläp, ýyldyrym çakyp durka, zynjyra baglanyp goýlan Prometeýi gaýa bilen bilelikde ýeriň ýuwutmagy bilen tragediýa tamamlanýar. Grek tragediýalary batyrgaý, merdana, öz Watanyna wepaly, borjuna ygrarly adamlary taryplapdyr, rehimsizligi, gedemligi hem-de galplygy ýazgarypdyr.

«Orosteýa»–adamyň ýaşaýyş durmuşynyň manysy baradaky filosofiki eserdir. Eshil erkin we päk ahlakly durmuş diňe polisiň adalatly kanunlarynyň höküm sürýän ýerinde mümkindir diýen pikiri öňe sürýär.

Afinaly dramaturg Sofokl (b.e. öň 496–406-njy ýý.) 120 çemesi pýessa ýazypdyr, olardan hem ýedisi saklanyp galypdyr diýen maglumatlar bar. «Patyşa Edip» we «Antigona» pýesalary onuň iň oňat eserleridir. Olarda Sofokl iň wajyp – adamyň jemgyýetdäki we älemdäki orny meselesini gozgaýar. Adam hudaýlaryň elindäki oýunjakmy ýa-da öz ykbalynyň hojaýynymy? Edip patyşanyň we onuň gyzy Antigonanyň mysalynyň üsti bilen Sofokl bu soraga özüçe jogap berýär. Edip adalaty we halk tarapyndan oňat görülýän patyşa. Emma oňa garamazdan, ol kuwwatly hudaýlaryň elindäki oýunjak. Ol hudaýlaryň kesgitleýşi ýaly jenaýat etmeli. Haçan-da hemme zat

aýan bolansoň, ol özüniň keç ykbaly bilen ylalaşman, ýurduny taşlap gidýär. Jebir çekýär we öz günäsini ýuwýar. Şeýdip, ol hudaýlar tarapyndan kesgitlenilen ykbalyň agyr urgusyny ýeňip geçýär. Hudaýlardan üstün çykýar. Sofokl adamyň erkiniň hem kuwwatynyň çäksizdigini wasp edýär.

**Sofoklyň «Antigona» tragediýasy**

Tragediýanyň esasynda gadymy rowaýat bolup, grek şäheri Fiwiniň patyşasynyň ýanyna jellatlar bir gyzy getirýärler. Ýaşajyk Antigonanyň günäsi nämekä? Onuň dogany häkimiýet ugrundaky göreşde öz şäheriniň üstüne goşun sürüpdir. Emma onuň goşuny ýeňlipdir, özi bolsa söweşde ölüpdir. Onuň meýdini bolsa Fiwiniň patyşasy ýyrtyjy guşlara iýmäge bermegi onuň aýal doganyna buýrupdyr. Antigona doganyny jaýlasa, öldüriljegine gözi ýetse-de, ol buýrugy bozup, doganynyň üstüni gum bilen gömüpdir. Hemme grekler ýaly, ol hem ölen adamyň ruhy diňe jaýlanandan soň, ynjalyk tapýarmyş diýen düşünjä ynanypdyr. Bu işden soň, oňa diňe ölüm garaşýardy.

Antigonany halas etmek üçin, onuň adaglysy, patyşanyň ogly hem çykyş edýär. Fiwiniň hemme raýatlary bu gyzyň günäsini ykrar edenoklar diýip, patyşanyň ogly atasyny yrjak bolupdyr, emma başa barmandyr. Antigona heläk bolupdyr, şonuň bilen patyşanyň ogly hem, aýaly hem özlerini heläkläpdirler. Gahar-gazaba atlanan patyşa gyzy diriligine gömmegi buýrupdyr. Bir köp bilmiş dana adam mukaddes däp-dessurlary bozýandygy hem rehimsizligi üçin, patyşadan o dünýäde ar alynjakdygyny öňünden aýdypdyr. Patyşa Antigonany azat etmegi ýüregine düwüpdir. Emma ol eýýäm öldürilipdir. Hemme zadyň boljagy bolandan soň, patyşa özüniň hem ölümini diläpdir.

*«Antigona» tragediýasynda horuň aýdýan aýdymyndan*

Ägirt güýç kän bu jahanda,
Barysyndan güýçli ynsan.
Okdurylýar olar, ýeňilmezler
Gök ummanda tursa tupan…
Söz döretdi. Ýol mysaly,
Pikir-oýy erkin onuň.
Kanunlaram – erki onuň…
Bela-beter asgyn ondan,
Öňden görer dana kişi.
Uýmasa çyn-hakykata,
Ýeňilmejek patyşa-da
Ýegsan bolar ahyrsoňy.

Salaminli Ewripidiň (b.e. öň 480–406-njy ýý.) döredijiligi grek dramaturgaýasyny täze üstünlikler bilen baýlaşdyrypdyr. »Medeýa» pýesasy oňa uly meşhurlyk getiripdir. Onda Ýasonyň aýaly, Kolhida patyşasynyň gyzy Medeýanyň wagşyýana ar alşy teswirlenýär. Ewripid mährem enäniň, ar almak maksady bilen, öz çagalaryny heläk edende-de öz garyşykly içki duýgularyny inçelik bilen teswirleýär. Ewripidiň döredijiliginde adamyň joşgunly hyjuwdan doly içki dünýäsini çeper teswirlemek usuly ýokary derejä ýetirilýär. Onuň döredijiligindäki bu täze ugur soňky grek edebiýatynyň, dünýä edebiýatynyň ösüşine-de uly täsir edipdir.

Umuman, b.e. öň V asyrda ýaşan grek tragediýaçy şahyrlaryň döredijiligi, Gadymy dünýäniň çeperçilik sungatynyň uly üstünligi bolupdyr. Ony dünýä edebiýatynyň dürli ugurlarynyň ösüşini kesgitlän uly açyş hökmünde häsiýetlendirmek bolar.

**Komediýalar.** Gadymy döwrüň grek komediýalarynda, jemgyýetdäki syýasy hem ideologik göreş giňden açylyp görkezilipdir. Gülküli çykyşlardan komediýalar – keýp göteriji oýunlar emele gelipdir. Komediýa (ýaňsy häsiýetli, gülküli eserler) ugru-da uly gyzyklanma döredipdir. Komediýa diýmek «şadyýan obalylaryň aýdymy» diýmegi aňladypdyr. Komediýalar tomaşaçylary diňe şatlandyrmak bilen hem çäklenmändir. Olarda Halk ýygnagynda başlanan göreş dowam etdirilipdir. Komediýalaryň awtorlary öz garşydaşlaryny kezzap, ýalançy, körzehin adamlar keşbinde görkezipdirler. Tomaşaçylar oýundaky keşpleriň öz zamandaşlaryndan kimdigini aňyp bilipdirler.

Afinaly Aristofanyň komediýalary many-mazmun jähtden özüniň ýitiligi, gazaply kinaýalylygy bilen tapawutlanypdyr. Aristofanyň «Guşlar» komediýasy has hem bellidir. Pýesalaryň awtorlary iňňän uly hormata eýe bolupdyrlar. Şonuň üçin, Afina teatrynda Eshile we Sofokla ýadygärlik heýkelleri oturdylypdyr.

Gresiýada teatry «uly ýaşlylaryň mekdebi» diýip atlandyrypdyrlar. Biziň eýýamymyzyň V asyrynda ýaşan bir akyldar tragediýalaryň awtorlaryny «parasatlylygyň serdarlary» diýip atlandyrypdyr. Ol Dionisiň hormatyna obalarda geçirilýän baýramçylyklardaky şadyýan aýdymlardan we tomaşalardan gelip çykypdyr. Islendik şahsyýeti tankyt etmäge mümkinçilik berýän Afinanyň demokratik gurluşy, komediýanyň ösmegine has oňaýly şert döredipdir. Halk ýygnagynyň, 500-leriň geňeşiniň, kazyýet mejlisiniň köpçüligiň

13 Sargyt № 2730



**Gerodot. Gadymy grek heýkeli**

gözüniň öňünde geçirilmegi, komediýaçy awtorlara baý maglumat beripdir. B.e. öň V asyrda Afinada syýasy meseleleriň halk köpçüliginiň gatnaşmagynda çözülmegi irki komediýalaryň syýasy häsiýete eýe bolmagyna sebäp bolupdyr.

Aristofanyň (b.e. öň 450–388-nji ýý.) döredijiliginde syýasy komediýa ýokary derejä ýetirilipdir. Onuň 11 komediýasy saklanyp galypdyr. Komediýalarda afinanyň ilatynyň dürli gatlaklarynyň durmuşy, Afina jemgyýetiniň iň wajyp meseleleri: soýuzdaşlar bilen gatnaşyk, uruş we parahatçylyk meseleleri, wezipeli adamlaryň parahorlugy, serkerdeleriň kütekligi, halk ýygnagynyň käbir kararlarynyň gülkünçligi öz beýanyny tapypdyr. Aristofan Peloponnes urşunyň iň kyn döwrüni başdan geçiripdir. Şol sebäpli, bu döwrüň iň wajyp meseleleri onuň komediýalarynda şöhlelendirilipdir. Mysal üçin, b.e. öňki 421-nji ýylda ýazan «Parahatçylyk» atly komediýasynda Afinanyň harby toparynyň Afinany Peloponnes urşuna çekip, gülläp oturan ýurdy ýumruşlarynyň üstünden gülüpdir. Komediýada esasy hereket edýän gahryman üzümçilik bilen meşgul bolýan Trigeý tezek togalaýan tomzaga münüp asmana galýar we afinalylaryň agyr güne düşenliginiň esasy sebäbini bilýär. Ýagny parahatçylyk hudaýy bir jülgede gulplanyp goýlupdyr, şonuň üçin, ol afina polisine öz baýlygyny üzümçilige, zeýtun agaçlaryna, derýalara we deňizlere berip bilmändir. Trigeý parahatçylyk hudaýyny boşadandan soň, adamlar parahat ýaşap, gülüp-oýnaşyp, iýip-içip şadyýanlykda ýaşapdyrlar. Diňe urşuň günäkärleri bolan ýarag ýasaýanlar agyr pikire batyp, şadyýan bolup bilmändirler. Aristofan öz komediýalarynda filosofiki meseleleri gozgamandyr. Emma ol gündelik durmuşdan alynýan hakyky wakalary beýan edipdir. Şu babatda onuň döreden komediýalary grek taryhy üçin gymmatly taryhy çeşme bolup hyzmat edýär.

Tragediýa we komediýa eserleri çeper edebiýatyň şygryýet görnüşine degişlidir. Onuň kyssa görnüşli eserlerini taryhçylar döredipdirler. Gadymy döwürde taryha ylym däl-de, çeper kyssa hökmün-

de garalypdyr. Gerodotyň, Fukididiň, Ksenofontyň taryhy eserleri b.e. öň VI–V asyrlarynyň grek kyssalarynyň ajaýyp nusgalary bolupdyr. Isokratyň, Demosfeniň, Platonyň we Aristoteliň eserleri-de çeper kyssa görnüşde ýazylypdyr.

## XIII. GADYMY GREK AKYLDARLARY. GRESIÝADA BINAGÄRÇILIK WE HEÝKELTARAŞLYK SUNGATYNYŇ ÖSMEGI

**Gadymy grek akyldarlary.** Tebigatyň, adamzat jemgyýetiniň we pikirlenmäniň ösüşiniň umumy kanunlary hakyndaky ylym bolan filosofiýa, jemgyýetiň belli bir derejede kämil ýagdaýa ýetende ýüze çykyp bilipdir. Jemgyýetiň irki ösüş basgançaklarynda filosofiýa din bilen bagly bolupdyr. Dini dünýägaraýyşdan bölünip aýrylmak hakyky filosofiki ylmyň başlangyjynyň ýüze çykmagyna alyp barýar. B.e. öň VII–VI asyrlarda grek filosofiýasy ähli ylymlary öz içine alýan umumy bir ders bolupdyr. Onuň bu basgançagyna naturfilosofiýa diýilýär. Grek naturfilosofiýasynyň esasy wekilleri b.e. öň VII–VI asyrlarda Ioniýada ýaşan Fales, Anaksimandr we Anaksimen dagy bolupdyr.

B.e. öň V asyrda ýaşan filosoflar: Anaksagor, Empedokl hem naturfilosofiýa däbini dowam etdiripdirler. Emma grek jemgyýetiniň we medeniýetiniň ýokary derejä ýetmegi b.e. öň V asyryň II ýarymynda filosofiýanyň beýleki ylymlardan bölünip özbaşdak ylma öwrülmegine alyp barypdyr. Ilkinji gezek özbaşdak ylym hökmünde Parmenidiň we onuň yzyna eýerijileriň işlerinde arassa filosofiki meseleler öňe sürlüpdir.

Görnükli alymlaryň biri asly Samos adasynda ýaşan Pifagor (b.e. öň 580–500-nji ýý.) ähli zadyň başlangyjynyň sanlardygyny belläpdir. Onuň pikirine görä, tebigatda hemme zat ýaşaýar hem-de üýtgeýär, diňe sanlar hemişelik üýtgewsiz galýarlar diýip belläpdir. Pifagor diňe sanlar hemme zadyň esasyny düzýändigi hakyndaky pikiri öňe sürýär. Ol matematika we filosofiýa ylymlary bilen meşgullanmaklygy, adamyň ýaşaýşynyň iň ýokarky baş maksady hasaplapdyr. Durmuş Olimpiýa oýunlary ýalydyr, onda birnäçeleri şöhrat we ýeňiş baýragyna

ýetmäge çalyşsa, birnäçeleri bolsa ondan peýda gözleýändir, üçünjileri, hakyky filosoflar, akyldarlar bu ýerde dynç alyp dünýä haýran galyp keýp alýandyrlar. Dünýä syn edip, oňa düşünmek diňe akyldarlara mahsusdyr, bu bolsa ähli keýpden we sylag-hormatdan hem ýokarydyr diýip, ol özüniň durmuşa bolan garaýşyny beýan edipdir.

B.e. öň V–IV asyrlarda Gresiýada soňky döwrüň esasy filosofiki ugurlary bolan ulgamlar işlenip düzülipdir. Ol ulgamlar Rim we Orta asyr Ýewropa filosofiýasyna binýat bolup hyzmat edipdir. Grek medeniýeti aýratyn hem nusgawy döwürde öňe uly ädim ädipdir. Ol dünýäniň medeni döredijilik ulgamyny täze başlangyçlar we ajaýyp eserler bilen baýlaşdyrypdyr. Netijede, ol üstünlikler soňky nesilleriň medeni durmuşynyň ösmegine badalga bolup hyzmat edipdir.

Sofistler – parasatlylygyň mugallymlary diýlip atlandyrylýan grek filosoflarynyň döredijiliginde filosofiýa meseleleri mundan beýläk işlenipdir we ösdürilipdir. Olaryň arasynda iň tanymallary Abderaly Protogor (b.e. öň 480–411-nji ýý.) we Leontinli Georgiý (b.e. öň 483–376-njy ýý.) bolupdyrlar. Sofistleriň aýry-aýry wekilleriniň garaýyşlarynyň dürli bolmagyna garamazdan, olaryň ählisini akyl ýetirmegiň meseleleri bilen meşgullanmaklary birleşdiripdir. Adamyň bilimine ynanmak bolarmy, olar hakykaty şöhlelendirýärmi? diýen meseleler olary gyzyklandyrypdyr. Olar akyl ýetirmegiň iň möhüm guraly adamyň duýgusydygyny tassyklapdyrlar. Emma olar akyl ýetirmekde paýhasyň ähmiýetine kembaha garapdyrlar. Her bir adamyň daşarky täsiri kabul edişiniň tapawutlydygy sebäpli, şeýle ýol bilen alynýan bilimiň ynamsyzdygyny sofistler tassyklapdyr. Sofistler ebedi hakykaty, şol sanda dini ynançlaryň-da hakykatdygyny inkär edipdirler. Bu garaýyşlar polisleriň ýolbaşçylaryny biynjalyk edipdir. Şol sebäpli Afinada sofistleri ýurtdan kowup çykarypdyrlar.

Jemgyýetçilik durmuşynyň çylşyrymlaşmagy, ylmy-bilimleriň toplanmagy, filosofiýanyň mundan beýläk ösmegine itergi beripdir. Netijede, b.e. öň V asyryň ahyrynda IV asyryň içinde Gresiýada filosofiýanyň 3 sany gutarnykly ugurlary–Lewkippiň – Demokritiň materializm ugry, Sokratyň – Platonyň idealizm ugry we Aristoteliň filosofiýa nazaryýeti işlenilip düzülýär.

Miletli Lewkippiň (b.e. öň 500–440-njy ýý.) we Abderli Demokritiň (b.e. öň 460–370-njy ýý.) işläp düzen materializm ugry, grek ylmynyň örän uly üstünligi bolupdyr. Olar dünýäniň gurluşynyň

atomlar taglymatyny, ýagny dünýädäki barlyklaryň ählisi iň kiçijik, bölünmeýän bölejiklerden – atomlardan (atom – grekçe bölünmeýär diýmek) düzülýär diýen pikiri öňe sürüpdirler. Atomlar elmydama hereketde bolýarlar. Dyngysyz hereket netijesinde atomlar biri-biri bilen birleşip, maddy zatlary emele getirýändigini tekrarlapdyrlar. Soňra olaryň dargamagy bolup geçýär we barlyklar ýitýär. Demokrit diňe bir göze görünýän zatlaryň däl, eýsem ruhy we aňyýet durmuşy hem atomlardan düzülýär, hatda hudaýlar hem atomlaryň özboluşly görnüşlerinden durýar diýip tassyklapdyr. Mysal üçin, Baş hudaý Zewsi ýukajyk ot atomlaryň birleşmesinden durýar, diýip hasap edipdir. Demokritiň akyl ýetirmek baradaky taglymatynda, onuň iki basgançakdan düzülýändigi hakyndaky pikir öňe sürülýär. Birinji basgançakda, zatlar barada duýgynyň üsti bilen başlangyç maglumat alynýar, ikinji basgançakda paýhasyň üsti bilen duýgy boýunça alnan maglumatlar derňelip, hakykata göz ýetirilýär diýip tassyklapdyr.

Şeýlelikde, Lewkipp we Demokrit gurşap alan dünýäni, şol sanda akyl ýetirmäni hem maddy esasda düşündirýän materializm ugruny esaslandyrypdyr. Filosofiýanyň idealizm ugruny Sokrat (b.e.öň 471–399-njy ýý.) we onuň okuwçysy Platon (b.e. öň 427–347-nji ýý.) esaslandyrýarlar. Onuň hakyky ady Aristokl bolupdyr. Sokrat öz pikirini dilden aýdypdyr. Şoňa görä-de, onuň filosofiki garaýyşlary Platonyň eserleriniň üsti bilen öwrenilýär, onuň işlerinde Sokratyň filosofiki pikirleri çözülýär. Platon baky ýaşaýan taňrynyň paýhasy sazlaşykly gurlan, kämil dünýäni ýaradypdyr. Ol dünýä adamdan bidin ýaşaýar we adam oňa duýgusy we adaty paýhasy bilen akyl ýetirip bilmeýär. Ol barada diňe aýry-aýry adamlar hudaý tarapyn berlen üýtgeşik ukyby bilen az-owlak aňlamalary esasynda käbir zatlary bilýärler diýip tassyklaýar.



**Aristotel. Gadymy grek heýkeli**

Käbir «Hakdan içen» akyldarlar tarapyndan aňylýan taňrynyň dünýäsi, maddy zatlardan däl-de, eýsem, öz peýwagtyna ýaşaýan ideýalardan durýar diýip, Platon tassyklaýar. Ol «bizi gurşap alan, bitertip hem garşylyklardan doly, adalatsyz maddy dünýä

aňyrdaky hakyky taňrynyň dünýäsiniň diňe öçügsi salgymydyr» diýip düşündiripdir. Platonyň pikiriçe, filosofyň hakyky wezipesi taňrynyň kämil dünýäsine akyl ýetirmekden ybarat bolup durýar. Platonyň «Döwlet» we «Kanunlar» atly eserleri Gresiýanyň şol döwürdäki taryhy şertlerinde kämil, nusga bolarlyk döwletiň syýasy gurluşyny işläp düzmäge bagyşlanypdyr. Olarda hakykatda mümkin bolmajak hyýaly döwletiň nusgasy hödürlenipdir.

Görnükli grek filosoflarynyň biri-de Stagirli Aristoteldir (b.e. öň 384–322-nji ýý.). Aristotel Platonyň okuwçysy bolupdyr. Emma soňra Platonyň filosofiýasyndan arany üzüp, öz filosofiki nazaryýetini döredipdir. Aristotel köp taraply alym bolup fizika, astronomiýa, medisina, zoologiýa ýaly ylymlar bilen hem meşgullanypdyr. Şolaryň esasynda öz filosofiki ulgamyny döredipdir. Aristoteliň taglymatyna görä, dünýäniň esasyny materiýa – göze görünýän, duýup ýa-da aňyp bolýan barlyk düzüpdir. Emma ol barlyk üýtgewsiz element bolup durýar diýip ol tassyklapdyr. Ösmek, dünýäniň dürli-dürli görnüşlerini emele getirmek üçin oňa daşyndan, hudaý tarapyn ilkinji itergi gerek. Ilkinji itergiden soň materiýa ösüp başlaýar we dürli görnüşli zatlara öwrülýär diýen pikiri ol öňe sürüpdir.

Şeýlelikde, Aristoteliň filosofiýasynda materializm bilen idealizmiň esasy düşünjeleri goşulyşýar. Çünki onda materiýanyň ilki başky barlygy ykrar edilýär. Şol bir wagtyň özünde onuň ösüşi, dürli görnüşlere öwrülişi Taňrynyň paýhasy bilen berlen itergiden başlanýar diýlip, aň-ideýa (materiýadan daşarky güýç) ykrar edilýär.

Aristoteliň pikirlenmegiň usulýeti baradaky taglymaty hem düýpli işlenilen ulgamdyr. Oňa Aristoteliň formal logikasy diýilýär. Onda hadysany bölekleýin öwrenmek esasynda düýpli netije çykaryp, oňa akyl ýetirmegiň ýoly görkezilýär.

Aristotel jemgyýetiň syýasy ulgamyny öwrenmäge-de uly üns beripdir. Ol öz şägirtleri bilen şol döwürde mälim bolan 158 döwletiň syýasy gurluşyny öwrenipdir. Biziň günlerimize çenli olardan diňe «Afina syýasaty» atly işi saklanyp galypdyr. Ol barlaglaryň netijesinde Aristotel «Syýasat» diýen işini ýazypdyr. Onda döwlet, onuň mazmuny, görnüşleri we kämil döwlet gurluşy barada nazaryýet berilýär. Onuň dogry (monarhiýa, aristokratiýa, demokratiýa) we nädogry (tiraniýa, oligarhiýa) döwlet gurluşlary baradaky nazaryýeti hem uly ähmiýete eýedir.

Grek medeniýeti b.e. öň V–IV asyrlarda öňe uly ädim edýär. Nusgawy döwürde Gresiýada, geljekki döwrüň esasy filosofiki ugurlary işlenip düzülýär we gadymy Rim hem-de orta asyr Ýewropa filosofiýasyna binýat bolup hyzmat edýär. Ol dünýäniň medeni döredijilik ulgamyny täze başlangyçlar we ajaýyp eserler bilen baýlaşdyrýar. Umuman, grek medeniýeti geljekki nesilleriň medeni durmuşynyň ösmegine başlangyç bolup hyzmat edýär.

**Binagärlik we sungat.** B.e. öň V–IV asyrlar Grek binagärligiň we heýkeltaraşlygyň ýokary derejä ýeten döwri bolupdyr. Ol döwürde dünýä medeniýetini baýlaşdyran iň ajaýyp eserler döredilipdir. Grek şäher gurluşygy sungatynyň iň ýokary üstünligi öňünden meýilleşdirilýän biçüwde şäher gurmak sungaty bilen baglanyşykly bolupdyr. Şäherde jaý gurmak esasy düzgünleri Miletli Gippodam tarapyndan işlenip düzülipdir. Gippodamyň şäherinde jaýlar biri-biri bilen göni burç esasynda kesişýän göni köçeleriň ugrunda ýerleşipdir. Onda aýratyn şäher merkezi göz öňünde tutulyp, ol ýerde hökümet jaýlary, bazar meýdany, gezelenç etmek üçin ýokarsy bassyrmaly meýdança ýerleşipdir. Teatr, stadion, gimnaziýa şäheriň hökmany alamatlary bolupdyr. Şäher deňze ýakyn bolsa, abadanlaşdyrylan deňiz duralgasy göz öňünde tutulypdyr. Suw geçirijiler we hapa suwy akdyryjy ulgamlar gurlupdyr. Şäheriň dini we dabara merkezi Akrapol bolupdyr. Ol ýerde şäheriň esasy ybadathanasy ýerleşipdir. Baýramçylyklarda oňa dabaraly ýöriş guralypdyr. Sadaka aýdylan mallar gurban edilipdir.



**Olimpiýa. Merkezde Zewsiň buthanasy**

Gippodamyň düzgünini diňe täze gurlan şäherlerde berjaý etmek mümkin bolupdyr. Emma Afina, Korinf, Efes ýaly öz akymyna dörän köne şäherlerde egri-bugry darajyk köçeler, topbak-topbak ýerleşen ýaşaýyş jaýlary, olaryň arasynda aralary açygrak ýerleşen ybadathanalar agdyklyk edipdir. Emma b.e. öň V–IV asyrlarda olarda-da täze kysymly şäherleriň alamatlary peýda bolýar. Akropol we agora täze ymaratlar bilen bezelýär. Senetçilik ussahanalary şäheriň daşyna çykarylýar.



**Ýarag bilen ylgamak**

Grek binagärliginiň ösüşiniň esasy görkezijisi ybadathana bolupdyr. Hudaýyň öýi hasaplanýan ybadathana iň ajaýyp desga bolupdyr. Onuň örän dürli-dürli görnüşlerini gurupdyrlar. Ybadathanalar sütünleriň sanyna laýyklykda birnäçe görnüşe bölünipdir. Prostil – işik tarapy sütünli hem eýwanly, peripter – dört tarapy sütünli hem eýwanly, tolos – töweregi sütünli hem eýwan bilen gurşalan tegelek we ş.m. görnüşli ybadathanalar giňden ýaýrapdyr. Uly ybadathanalaryň içki gurluşy iki bölekden düzülipdir. Esasy uly otagda hudaýyň heýkeli ýerleşdirilipdir. Onuň arkasyndaky otagda buthana emlägi, döwlet gaznasynyň baýlygy saklanypdyr. Sütünleriň ýokarsyndaky kese ýatýan naw hem-de diwarlaryň ýokarky bölegi heýkeller bilen bezelipdir. Şeýle tertipde gurlan Afinadaky Parfenon, Olimpiadadaky Zewsiň ybadathanasy grek hem dünýä binagärçiliginiň genji-hazynasyna öwrülipdir. Grek binagärçiliginiň kämil derejä ýetendiginiň ýene bir görikezjisi örän sazlaşykly ymaratlar toplumlarynyň gurulmagydyr. Olaryň içinde Afina Akropoly, Delfdäki ybadathanalar toplumy özüniň ajaýyplylygy bilen tapawutlanypdyr.

Grekler heýkeltaraşlyk sungatynda-da uly üstünliklere eýe bolýar. Olar dürli ymaratlary, ybadathanalary dürli heýkeller bilen bezäpdirler. Ybadathananyň esasy otagynda – şäherleriň medetkäri hasaplanýan hudaýyň heýkeli ýerleşdirlipir. Diwarlaryň ýokarky böleginiň iç hem daş tarapy oýma şekiller bilen bezelipdir. Fronton diýlip atlandyrylýan girelge tarapynyň ýokarky bölegi toplumlaýyn heýkellerden doldurlypdyr. Heýkeller dürli maksatlara (dini, aňyýet, bezeg) niýetlenipdir. Iň köp ýaýran görnüş parahat oturan hudaýyň (aýal-erkek) kuwwatly hem gelşikli şekili bolupdyr. B.e. öň V–IV asyrlarda grek ussalary daşdan, agaçdan, şirmaýydan, metaldan, dürli görnüşli heýkelleri ýasapdyrlar.

B.e. öň V–IV asyrlarda ellin sungaty ýokary derejede gülläp ösüpdir. B.e. öň V–IV asyrlaryň heýkeltaraşlary arhaiki döwürde agdyklyk eden hereketsizlik ýagdaýyny ýeňip geçmegi başarypdyrlar. Olaryň heýkellerinde janlylyk hem hereket duýgusy örän oňat ýüze çykarylypdyr. B.e. öň V asyrda ellin sungatynyň esasy merkezi Afinada ýerleşipdir.

Grek heýkeltaraşlyk sungatynyň iň ajaýyp eserleri Mironyň «Disk zyňyjy» we Fidiniň ýasan Olimpiadadaky Zewsiň heýkeli bolupdyr. Grekler öz ýaşaýyş jaýlarynyň ýönekeýligine garamazdan, jaýlaryny wazalar we toýundan bişirilip ýasalan kiçeňräk heýkeljikler bilen bezemegi gowy görüpdirler. Attikada ýasalan wazalar Gresiýada iň gowy wazalar hasap edilipdir. Afinaly suratçylar wazalaryň ýüzüne öz zamanynyň ýaşaýşyndan, rowaýatlardan, Gomeriň poemalaryndan, dürli awtorlar tarapyndan ýazylan tragediýalardan we komediýalardan sahnalary çekipdirler we bezäpdirler.



**Disk zyňyjy we gamçyly emin**

B.e. öň V asyrda şekilleri gyzgylt toýnuň ýüzüne gara lak bilen çekipdirler. Mundan başga-da, şekiliň düşegini gara lak bilen reňkläp, onuň özüni tebigy reňkde taýýarlapdyrlar, olara gyzyl şekilli wazalar diýip at berlipdir.

Döwrüniň iň beýik heýkeltaraşy Fidiý Afina Akropolynyň gurluşygyna ýolbaşçylyk edipdir. Gurulmaly Akropolyň taslamasy halk ýygnagy tarapyndan tassyklanypdyr. Akropolda gurlan binalar we heýkeller b.e. öň V asyrda grek sungatynyň täji hasap edilýär. Grekler Afinany öz ýurdunyň iň gözel şäheri hasaplapdyrlar. Gadymy ýazyjylaryň biri: «Eger sen Afinany görmedik bolsaň, onda sen tentek, eger görübem oňa haýran galmadyk bolsaň, onda sen – eşek, eger meýletinlik bilen ol ýerden giden bolsaň, onda sen göhert!» diýip, Afinany wasp edipdir.

Gadymy taryhçylaryň biri Afinada heýkelleriň adamdan köpdügini belläpdir. Grek şäherleriniň diňe bir ybadathanalarynda däl, eýsem köçelerinde we meýdançalarynda hem heýkeller oturdylypdyr. Greklerde mermerden ýasalan heýkeller adam bedenine meňzeş reňk bilen reňklenipdir, bürünç heýkellere bolsa reňkli daşlardan göz ýasapdyrlar. Käbir agaç heýkelleriň daşyna adam bedeniniň reňkine meňzeş pil süňkünden ýasalan plastinkalar ýelmenipdir.

Afinaly heýkeltaraş Mironyň döreden «Disk zyňyjy» heýkelini synlanyňda edil häziriň özünde ol dikelip, çiginlek goly bat alyp, disky uzaga zyňaýjak ýaly bolup görünýär.

Ellin heýkeltaraşlary hudaýlary, gahrymanlary, öz zamandaşlaryny görmegeý adamlaryň keşbinde şekillendiripdirler. Heýkeltaraşlar

adamyň diňe bir gözelligini däl, eýsem merdanalygyny, edermenligini görkezmäge çalşypdyrlar. Gomeriň söweşýän gahrymanlaryny şekillendirmek bilen, olar Watanyň garaşsyzlygyny goran öz zamandaşlaryny şöhratlandyrypdyrlar. Ellinler öz Watanyny şöhratlandyran raýatlaryň: serkerdeleriň, şahyrlaryň, ýaryşlarda üstün çykanlaryň heýkellerini şäheriň has hormatly ýerlerinde goýupdyrlar. Daşyna daş diwarlar salnan Akropol şäheriň üstüne abanyp dur. Akropolyň girelgesiniň garşysynda aýal hudaý Afinanyň ägirt uly heýkeli oturdylypdyr. Ony Fidiý bürünçden guýupdyr. Bu heýkel Marafon söweşinde olja alnan serişdeleriň hasabyna bina edilen eken. Onuň gapdalynda şäheriň penakäri bolan Afinanyň – gyz hudaýynyň, hormatyna bina edilen ägirt uly Parfenon ybadathanasy gurlupdyr. Onuň umumy möçberi 2 müň inedördül metre barabar, ýagny taraplary 30/70 wetr bolupdyr. Ony gurujylar-binagärçiler Iktin bilen Kallikrat bolupdyr. Parfenonyň içinde beýikligi 12 metre barabar Afina – gyz hudaýynyň heýkeli oturdylypdyr. Ony hem heýkeltaraş Fidiý ýasapdyr. Heýkeliň ýüzi, elleriniň we aýaklarynyň daşy pil süňkünden ýasalan plastinalar bilen örtülipdir. Afina hudaýynyň lybasy zerden taýýarlanypdyr. Baýramçylyk günleri Parfenonyň ýanynda janly öldürilip, sadaka beripdirler. Akropol Afinanyň jemgyýetçilik hem dini merkezi bolup hyzmat edipdir.

Rowaýata görä, Afina şäherine has gymmat baha sowgat eden hudaý onuň medetkäri bolmaly eken. Poseýdon öz gürzüsi bilen gaýany uranmyş weli, ondan çeşme akyp başlanmyş. Afina – gyz hudaýy öz naýzasyny ýere sanjanmyş weli, edil şol ýerden zeýtun agajy gögerip çykanmyş. Şeýlelik bilen, Afina hudaýy şäheriň medetkäri bolanmyş. Bu rowaýatda Afinada zeýtun agajyny ösdürip ýetişdirmeklige nähili uly ähmiýet berlendigine göz ýetirmek bolýar.

XVII asyra çenli gadymy Parfenon oňat ýagdaýda saklanyp gelipdir, emma şol asyryň ahyrlarynda wenesialylaryň türkler bilen urşan döwründe oňa uly zeper ýetrilipdir. Ondaky saklanyp galan heýkelleriň köpüsi Angliýadan gelen iňlis alymy Eldijin Angliýa äkidip, soňra olary Britan muzeýine tabşyrypdyr.

**Olimpiýa oýunlary.** Gresiýada geçirilýän baýramçylyklaryň arasynda Olimpiýa baýramçylygy ylaýta-da uly meşhurlyga eýe bolupdyr. Irki döwürde ol, esasan, dini häsiýetli baýramçylyk bolupdyr. Emma b.e. öňki VI asyrdan başlap dini dessurlar onuň açylyş däbine öwrülipdir. Onuň esasy bölegini sport ýaryşlary

düzüpdir. Peloponnesiň gözel jülgesinde ýerleşen Olimpiýa meýdançasynda geçirilýän oýunlar has-da meşhur eken. Olimpiýa oýunlary Zewsiň hormatyna dört ýylda bir gezek tomus pasly geçirilip, 5 gün dowam edipdir, oýnuň olimpiýa ady hem şundan gelip çykypdyr.


**Disk zyňyjy.Mironyň ýasan heýkeli**

Arabalarda çapyşmak örän howply ýaryş bolupdyr. Olar aýlaw meýdanynyň daşyna 12 gezek aýlanyp çykmaly eken. Atçaparlar arabanyň üstünde dik durup, atlary çapdyrýan eken. Ýaryşyň eminleri oýunlarda üstün çykanlary zeýtun agajynyň şahalaryndan taýýarlanylan wenoklar bilen sylaglapdyrlar (ýeňijiniň boýnuna atylypdyr). Olimpiýa oýunlarynda grekleriň iň güýçli atletleri: ylgamak, bökmek, göreşmek, disk we naýza zyňmak boýunça ýaryşypdyrlar. Ýaş ýigitleriň ýaryşy üçin, ýörite bir gün bellenipdir.

Ýaryşda üstün çykan öz şäherine gaýdyp gelende, ony şäheriň bütin ilaty garşylapdyr. Öz şäherini şöhratlandyran adamlaryň şanyna şäherde onuň heýkelini bina edipdirler. Ýeňijiler salgytlardan boşadylyp, ömrüniň ahyryna çenli olary döwlet ekläpdir. Oýunlarda ýaryşmaga ähli erkin ellinleriň hukugy bolupdyr. Ýöne oýunlara birnäçe ýyllap taýýarlanmaly bolýan eken, daýhanlaryň we senetçileriň sport bilen köp aýlap meşgullanmaga wagty bolmandyr. Şonuň üçin, oýunlara, esasan, gurply adamlar gatnaşypdyrlar. Aýallara Olimpiýa oýunlaryna gatnaşmaklyk beýle-de dursun, hatda olara tomaşaçy bolup stadiona barmaklyk hem gadagan edilipdir. Zenanlar Olimpiýa oýunlaryna barsa, oňa ölüm jezasy berlipdir. Grekler üçin Olimpiýa mukaddes ýer hasaplanypdyr.

Olimpiýa stadionyň ortarasynda äpet ybadathana bolup, onuň içinde Zewsiň ägirt uly heýkeli goýlupdyr, ony heýkeltaraş Fidiý ýasapdyr. Zewsiň ybadathanasynyň töwerek-daşynda bolsa hudaýlaryň, gahrymanlaryň hem-de oýunlarda üstün çykanlaryň heýkelleri ýerleşdirilipdir. Olimpiýa oýunlary mahalynda Gresiýada özara uruşlar togtadylypdyr. On müňlerçe adamlar arabaly, atly, pyýada



**Olimpiýa aýlawynda. Heýkeltaraş Mironyň ýasan heýkeli**

Olimpiýa oýunlaryna barypdyrlar. Oýunlara bolsa diňe bir Gresiýanyň özünden däl, eýsem koloniýalardan hem tomaşaçylar gatnaşypdyrlar. Olimpiýa oýunlaryna gelen müňlerçe tomaşaçylaryň öňünde öz eserlerini okamak üçin ýazyjylar, şahyrlar gatnaşypdyrlar.

Gerodot bu ýerde ilkinji gezek öz ýazan «Taryh» işini sesli okap beripdir. Grekler ýyl hasabyny ilkinji Olimpiýa oýunlarynyň bolan wagtyndan başlap ýöredip başlapdyrlar. Rowaýata görä, ilkinji Olimpiýa oýunlary b.e. öň 776-njy ýylda bolupdyr. Ýaryşyň ilkinji gününde bäsleşige gatnaşýanlar hudaýlara sadaka berip, ýaryşlarda dogruçyl bäsleşjekdikleri barada, eminler bolsa bäsleşikler boýunça dogruçyl netije çykarjakdyklary barada kasam içipdirler. Galan üç günüň dowamynda bolsa ýaryşlar geçirilipdir. Ýaryşyň iň soňky güni ýeňijilere baýraklar gowşurylypdyr. Ýaryşlaryň köpüsi stadionda geçirilipdir.

Gresiýada olimpiýa oýunlarynda ýeňiji bolanlar üçin grek şäherlerinde oturdylan heýkeller grek ýaşlaryny terbiýelemekde uly ähmiýeti bolupdyr. Ýaş ýigitler olimpiýa oýunlaryna erjellik bilen taýýarlanypdyrlar, öz saglyklaryny berkidipdirler.

## XIV.
## GRESIÝA B.E. ÖŇ IV ASYRYŇ BIRINJI ÝARYMYNDA

**Polis gurluşynyň çökgünlige düşmegi.** Peloponnes urşy juda uzaga çekip, Gresiýa uly maddy zyýan ýetirýär. Aýratyn hem Afina we Afina deňiz bileleşigine giren polisler agyr weýrançylyga sezewar edilýär. Hatda ýeňiji bolup çykan Sparta hem özünuň öňki kuwwatyny ýitirýär. Spartanyň gowşamagy diňe bir uruş döwründe köp sanly spartalylary ýitirmegi bolman, eýsem täze durmuşy ýagdaýlarda agalyk ediji spartalylar mazaly azalyp, özleriniň nesilme-nesil geçip gelýän ýerlerini–klerlerini ellerinden giderip, doly hukukly bolmadyk raýatlara öwrülipdirler. Olar ýeňilmezek esger

hökmünde hem özleriniň öňki derejedäki ähmiýetini gaçyrypdyrlar. Ikinji tarapdan bolsa, indi bütin Gresiýada köp bolmasa-da, has iri ýer eýeleri döräpdir. Olar, aýratyn hem, şäherlerde çalt köpelipdir, şäherlerde gul zähmetini peýdalanýan senetçilik ussahanalary has giňäpdir, uruş hereketleriniň dowam etmegi ýarag ussahanalarynyň giňelmegine getiripdir.

Bu ýagdaý b.e. öň IV asyryň başynda grek polisleriniň gutarnykly durmuşy we syýasy taýdan çökgünlige düşmegine getiripdir. Onuň düýp mazmuny, grekleriň öňki polis ulgamynyň syýasy we durmuşy gatnaşyklardan el çekmekligi bolupdyr. Bu bolsa polisleriň syýasy-durmuş birleşiginiň çökgünlige düşmeginiň ilkinji alamaty bolup, ol gatnaşyklar täze ýagdaýda, grek jemgyýetiniň mundan beýläk ösüşini kanagatlandyryp bilmändir. Şonuň üçin, şäher-döwletlerini çäklendirmejek täze jemgyýetçilik-syýasy dolandyryş ulgamyna geçmek zerurlygy kanuny taýdan ýüze çykýar. Bu ýagdaýy ykrar eden grek polisleri bütin Ellada boýunça agalyk etmek üçin özara uruşlara başlapdyrlar.

Emma özara uruşlaryň başlanmagy şäherlerde senetçilik ussahanalarynyň giňelmegine, köp möçberde ýarag öndürilmegine alyp barypdyr. Demir ussahanalarynyň eýeleri iň baý adamlara öwrülipdir. Mysal üçin, ady belli dilewar Demosfeniň kakasynyň iki sany ergasteriýasy – ussahanasy bolup, olaryň birinde ýarag (gylyç), ikinjisinde bolsa mebel ýasalypdyr. Onuň birinji ussahanasynda 33 sany ýokary hünärli gullar işledilipdir. Olaryň her haýsynyň hojaýyna getirýän ýyldaky arassa girdejisi 30 *min,* ýagny 13 kg kümüş bolupdyr. Ikinji ussahanada bolsa 20 gul işläp, olaryň her haýsysy ýylda 12 *min* girdeji beripdir. Attika ölçeginde 1 talant 26,2 *kg* kümüş hasaplanypdyr. Bir talant 60–*mine* deň bolupdyr. 1 *mina* 100 drahma, 1 drahma bolsa 6 obola – 1 obola –bir gysym demir myhjagaza deň bolupdyr. Bir guluň bahasy bolsa 60-dan 360 drahma çenli barypdyr.

B.e. öň IV asyrda döwletiň wezipeli adamlarynyň iş haky: kazylara bir günki ýygnakda bolany üçin 3 obol, ähli ilata halk ýygnaklaryna gatnaşanlary üçin, ilki başda 1, soňra 2, iň soňunda 6-dan 9-a çenli (ýygnagyň görnüşine görä) obol tölenipdir. Her adamyň gündeki harajaty 3 oboldan geçmändir.

Ksenofontyň ýazmagyna görä, Afinada ownuk hojalyklaryň hususy emlägi 5 *min* (Sokratyň emlägi), Plutarhyň işinde iri hojalygyň (Difiliň ) emlägi 160 talant, Peloponnes urşuna çenli Afinanyň 1 ýyl-

ky girdejisi 1 müň talant, emma b.e. öň 422-nji ýyla çenli 2000 talant, b.e. öň IV asyryň ahyryna çenli bolsa 1200 talanta ýetipdir. Şu hasaplamalar uly Demosfeniň girdejisiniň ep-esli ýokarydygyny görkezýär. Onuň girdejisi Sokratyň emläginden 8 esse köp, Afinada iň baý Difiliň baýlygynyň 1/200 çenlisine eýelik edipdir.

Senetçilik önümçiliginiň ösmegi, öz gezeginde söwda hem kredit gatnaşyklarynyň giňemegine ýardam beripdir. Söwda işleri uly möçberde, lomaý görnüşde alnyp barlypdyr. B.e. öň IV asyra degişli süýthorçulygyň giň gerim alşy, gadymy bankirleriň, hatda giden bankir hojalyklarynyň ýüze çykmagy, olaryň kredit işlerini bütin Elladanyň möçberinde alyp barandyklary baradaky maglumatlar güwä geçýär, olar şol döwrüň söwda-kredit gatnaşyklarynyň ýagdaýyna düşünmäge mümkinçilik berýär. Iri hususy eýeçilik hojalyklarynyň ösmegi, jemgyýetde adamlaryň aýratyn toparynyň has baýlaşmagyna, galan ilatyň bolsa has garyplaşmagyna getiripdir. Antiki döwürde daýhanlaryň we senetçileriň tozmagy iri önümçiligiň ýa-da söwdanyň ösmegi, ykdysadyýetiň täsiriniň kapitalizm döwründe aýgytly ähmiýetiniň bolşy ýaly, ownuk kärhanalary, söwdagärleri bazardan gysyp çykarmandyr. Ilatyň esasy böleginiň tozmagyna diňe bir Elladanyň ykdysadyýeti sebäp bolman, eýsem ondan daşgary ýagdaýlar, has dogrusy, yzygiderli alnyp barylan uruşlar güýçli täsir edipdir.

Peloponnes urşynyň netijesinde, aýratyn hem Afina deňiz bileleşigine giren polisler uly zyýan çekipdirler, şonuň ýaly, Sparta hem hemme tarapdan diýen ýaly, öňki kuwwatyny ýitirip ysgyndan gaçypdyr. Şeýlelikde, Gresiýada ýokary gatlagyň içinde duşmançylykly syýasy toparlaryň ýüze çykmagyna, dildüwşükleriň bolmagyna getirýär. Mysal üçin, Ksenofondyň «Gresiýanyň taryhy»atly işinde, şeýle toparlar barada ýeterlikli maglumatlar getirilýär. Dildüwşükleriň hemmesi b.e. öň IV asyryň birinji on ýylynda bolup geçýär. Spartalylar üçin iň howply dildüwşük b.e. öň 399-njy ýylda, heniz Sparta bilen Elladanyň arasynda uruş gidýän döwründe bolýar. Başynda baý Kseniň durmagynda ýerli oligarhlar, Spartanyň peýdasyna döwlet agdarylyşygyny geçirmek üçin, duýdansyz ýagdaýda demokratlaryň üstüne çozup, adam gyrgynçylygyna eltipdirler. Emma halk guramaçylykly birleşip, olara garşy göreşip, olary ýurtdan gaçyp gitmäge mejbur edipdir.

Soňra b.e. öň 397-nji ýylda Spartanyň özünde hem dildüwşükler ýüze çykýar. Dildüwşükleriň hereketi döwründe, Peloponnes urşunda

öz hukuklaryny elden gideren ýarym hukukly raýatlaryň syýasy taýdan ähmiýeti ýokary galyp başlapdyr. Şu ýagdaýdan peýdalanan, ýokary gatlaga degişli bolmadyk spartaly Kinadon gozgalaň etmegi, ilaty ýaraglandyrmagy meýilleşdirýär. Gozgalaňçylar ähli ilotlary, periýekleri, ýerlerini we kiçi senetçilik ussahanalaryny ýitiren ýarym hukukly raýatlary islendik ýaraglar bilen ýaraglandyryp, öz hojaýynlaryny öldürip, köneden gelýän gurluşy üýtgetmegi meýilleşdiripdirler. Emma dildüwşükligiň üsti açylýar. Kinadon we onuň ýoldaşlaryndan gazaply öç alynýar. Onuň boýnuna demir galkan asylyp, eli daňylýar we bütin şäher boýunça aýlap, gamçy bilen ýenjilip öldürilýär. Gozgalaňa gatnaşanlaryň hemmesi agyr jeza duçar edilýär. Netijede, bu hereket hökümet tarapyndan rehimsiz basylyp ýatyrylýar.

Şular ýaly hereket b.e. öň 392-nji ýylda Korinfda hem bolup geçýär. Bu ýerde emeldar begleriň demokratlara garşy dildüwşügi gurnalýar. Olar Korinfi Sparta garşy durýan bileleşikden çykarmaga we Sparta bilen ylalaşyk baglaşmaga çalşypdyrlar. Emma demokratlar olaryň bu meýline garşy durup, asylzada beglerden öç almagy maksat edinipdirler. Olar baý adamlar üçin has howply, ýagny ýerleri täzeden bölmeli, bergileri ýatyrmaly diýen şygary öňe sürýärler hem-de ony amala aşyrmaga girişýärler. Olar Artemid hudaýynyň hormatyna geçirilýän baýramçylygyň iň soňky gününde, ähli ilat şäher meýdançasyna ýygnanan wagtynda, öňünden atlary belli edilen adamlar kim tarapyndan öldürilmeli bolsa, yşarat edilip ýekän-ýekän öldürip başlapdyrlar. Nämäniň nämedigine düşünen käbir begler agoradaky hudaýyň heýkeline ýykylyp, ondan kömek hantama bolupdyrlar, beýlekileri bolsa agoradaky mukaddes oduň ýanyna ylgapdyrlar, emma muňa garamazdan, olaryň hemmesi ybadathanada demokratlar tarapyndan öldürilýär.

B.e. öň 370-nji ýylda Argosda hem ýurdy bulaýan emeldarlar tarapyndan ilat ejir çekipdir. Spartalylar Lewktrahyň eteginde bolan söweşde ýeňlenden soň Peloponnesde başagaýlyk başlanypdyr. Argosda emeldar begleriň hereketine garşy ilat taýak bilen ýaraglanyp, atly-abraýly adamlaryň 1200-ni ýenjipdirler, olaryň emlägini öz aralarynda paýlaşypdyrlar. Jezalandyrylanlaryň diňe 30-sy demokratlara garşy hereketi başlamakda günäkär bolaýmasa, galanlary tötänden ýenjilen adamlar bolup çykypdyr. Bu pajygaly wakany Diodor özüniň taryhy işinde giňden beýan edipdir. Gresiýanyň bu ýagdaýy polis döwletleriniň syýasy we ykdysady çökgünlige düşendiginden habar berýär.

B.e. öň V asyryň ahyrlaryna çenli özara uruşlar tamamlanan hem bolsa, polis gurluşly döwletleri öňküsi ýaly kämillik ýagdaýyna ýetirmek başa barmandyr. Şeýlelik bilen, Gresiýanyň taryhynyň bu döwründe, grek polisleri hemme tarapdan pese düşýär, muňa bolsa ilki bilen polisleriň içerki ýagdaýynyň gowşamagy, deňsizligiň has güýjäp, garşylyklaryň ýitileşmegi sebäp bolýar. B.e. öň V asyryň 30--njy ýyllarynda başlanan Peloponnes urşy bolsa, ony diňe tizleşdirýär.

Emma emlägini elinden gideren, hukuksyz raýatlara bu ýagdaýdan başga bir çykalga tapylypdyr. Ol hem Gresiýanyň ilatyna harby hünär edinmäge, uruşlara gatnaşyp baýlyk edinmäge mümkinçiligiň açylmagy bolupdyr. Her bir ellin raýaty harby hünär edinipdir. Ellinleriň harby sungaty we harby ylmy şol zamanda ilkinji orny eýeläpdir. Emläksiz grekler islendik döwlete hakynatutma esger bolup, gulluga durupdyrlar. Muňa bolsa şol zamanlar isleg juda güýçli bolupdyr. Netijede, Gresiýa hakynatutma esgerler bilen bütin Ortaýer deňiz sebitini üpjün edýän esasy ýurda öwrülýär.

Gresiýanyň pars döwleti bilen, bu uly döwletiň bir bölegini, esasan hem, günbatardaky ýerlerini dolandyrýan pars satraplary bilen galtaşmagy, grek hakynatutma esgerleriniň parslar tarapyndan özara uruşlarda peýdalanmaklaryna mümkinçilik beripdir. Mysal üçin, b.e. öň 401-nji ýylda Kiçi Aziýanyň satraby, pars patyşasy Artakserksiň dogany Kiçi Kir greklerden hakynatutulan 10 müň goşun bilen, patyşa tagtyny basyp almaga synanyşýar. Grek hakynatutma goşuny Wawilona ýakyn ýerde, Kunaksyň eteginde bolan uruşda üstün çykýar. Emma Kiçi Kir bu söweşde heläk bolýar. Greklerden hakyna tutulan goşun bolsa, Kiçi Aziýanyň üsti bilen Gara deňze çekilip, Wizantiýa özlerini atypdyrlar. Şol ýerden bolsa, her kim öýli-öýüne dargapdyrlar. Taryhçy Ksenofont bu söweşe hakynatutma goşuna serkerde bolup gatnaşypdyr, şonuň üçin, ol bu ýöriş barada hem-de goşunyň geçip giden ýurtlary barada «Anabasis» atly işinde gyzykly maglumatlary beýan edýär.

Gresiýanyň syýasy durmuşy hem özara uruşlar zerarly pese düşýär. Kiriň greklerden ybarat hakynatutma goşunynyň ýörişi Spartanyň Ahemeniler döwleti bilen çaknyşmagyna alyp barýar. Sparta hökümeti Gresiýada esasy döwlet bolmak üçin, Kiçi Aziýanyň greklerini goramak bahanasy bilen, bütin Ellada boýunça goşun

jemlemegi yglan edýär. B.e. öň 397-nji ýylda görnükli serkerde, Spartanyň patyşasy Agesilaýyň ýolbaşçylygynda Kiçi Aziýa umumy Ellin harby ýörişi bolup geçýär, emma bu ýöriş şowsuz tamamlanyp, hiç-hili netije bermändir. Spartanyň bu sowsuzlugyny bütin Elladanyň duşmançylykly güýçleri peýdalanypdyrlar. Bu güýjüň başynda bolsa, fiwililer durupdyr, oňa Afina, Argos we Korinf hem goşulypdyrlar. Parslar hem fiwilileriň tarapynda durup, Sparta garşy uruşda grekleriň özlerini peýdalanmaga çalşypdyr. Indi grek döwletleri, düýnki duşmany bolan parslar bilen ýakynlaşmaga mejbur bolýarlar, sebäbi parslar olara karzyna pul bermegi gysganmandyr. Parslaryň beren puluny, aýratyn hem, Afina peýdalanýar. Afinalylar şäheri Pireý deňiz çykalgasy bilen birleşdirýän uzyn diwar galdyryp, özüniň guryýer kuwwatyny berkidýär. Afinanyň harby gämileriniň serkerdesi Konon pars gämilerine ýolbaşçylyk etmegi öz üstüne alýar hem-de açyk pars patyşasynyň gullugynda durýar.

B.e. öň 395–387-nji ýylda bolup geçen Korinf urşy diýilýän uruş hem Spartanyň juda gowşanlygyny görkezipdir. Sparta-peloponnes goşunyna Lisandryň serkerdelik etmeginde Beotiýa garşy ýörişe ugraýar, emma b.e. öň 395-nji ýylda Galiartyň eteginde bolan gandöküşikli uruşda Sparta goşuny derbi-dagyn edilýär. Bu söweşde Lisandr heläk bolýar. Sparta agyr ýagdaýa düşensoň, Kiçi Aziýadaky Agesilaýyň yzyna, Ellada dolanmagy baradaky buýrugy iberýär. Netijede, Kiçi Aziýada ähli gazanylan üstünlikler puç bolýar.

Agesilaý guryýer bilen Ellada gelinçä, Konon afina-pars harby gämilerine serkerdelik edip, b.e. öň 394-nji ýylda Knidanyň eteginde spartalylaryň we onuň ýaranlarynyň deňiz güýçlerini derbi-dagyn edýär. Emma Afina, Fiwi, Argos we Korinfiň birleşen güýçleri Korinf geçelgesine we Beotiýa gelip ýeten Agesilaýyň goşunynyň hüjümini duruzmaga synanyşýarlar. Emma b.e. öňki 394-nji ýylyň ýazynda we güýzünde bolan çaknyşyklarda Sparta soýuzdaşlardan üstün çykmagy başarýar. Ýöne spartalylar bu ýeňişden peýdalanyp bilmändir. Netijede, Korinf geçelgesi Afinanyň, Argosyň we Korinfiň birleşen demokratik güýçleriniň elinde galýar. Sparta bolsa Peloponnesde ýeke, gabaw ýagdaýynda galmaly bolýar.

Bularyň hemmesi parslara grekleriň içki işlerine has içgin gatyşmaga mümkinçilik berýär. Sparta bolsa, bu ýagdaýda öz ilçisini

(b.e. öň 392-nji ý.) aralykçy bolmaga hem-de kömek bermeklerini sorap, Persiýa iberýär. Netijede, b.e. öň 387-nji ýylda spartalylaryň ilçileri serkerde Kononyň ýolbaşçylygyndaky afinalylaryň ilçileri bilen Suzyda duşuşýarlar. Spartalylar gepleşikde parslaryň öz üstlerinden we bütin Elladanyň üstünden agalyk etmeklerini ykrar etmäge çenli baryp ýetipdirler. Olar bütin Kiçi Aziýadaky grek polisleriniň parslara berilmegine ylalaşýarlar. Konon Elladanyň garaşsyzlygyny goramaga, hatda Kiçi Aziýadaky grek polisleriniň garaşsyzlygyny gorap saklamaga çalyşýar. Bu gepleşige ýolbaşçylyk edýän pars satraby Konony parslara dönüklikde aýyplap, ony gazamada basdyrýar, tiz wagtdan soň ol şol ýerde hem öldürilýär.

Pars satraby Tribaz ellin ilçilerine patyşanyň gelen kararyny okap berýär. Onda: «Aziýanyň ähli şäherleri, Klazomen we Kipr adalary patyşa Artakserkse degişli bolmaly hem-de ululy-kiçili galan grek döwletleri Lemnosdan, Skiros we Imbrosdan galanlary awtonom ýagdaýda bolmaly. Eger-de haýsam bolsa döwletleriň biri şu ylalaşykdan ýüz dönderse, men özümiň ähli guryýer we deňiz güýçlerim bilen, ähli baýlygym bilen urşa başlaryn» diýip, ilçileri razy bolmaga mejbur edýär. Netijede, pars patyşasy Spartanyň kömegi bilen grekleriň üstünden öz häkimligini gögerdýär. Sebäbi Afinanyň ne-de Fiwiniň, ne-de beýleki grek polisleriniň hiç biriniňem Pars-Sparta bileleşigine garşy uruş hereketlerini alyp barmaga ýagdaýy ýokdy. B.e. öň 386-njy ýyldaky Antalkidler ýa-da Suzy şertnamasy, bütin Gresiýany parslara tabyn bolmaga mejbur edýär. Parslar 100 ýyl mundan öň Dariniň we Kserksiň Gresiýa garşy uly harby ýöriş geçirip, ýetip bilmedik maksatlaryna ýetýär. «Bu ýaraşyk däl-de, dönüklik we Gresiýa edilen gargyşlar» diýip, Plutarh «Agesilaý» diýen işinde baglaşylan ýaraşyk barada onuň Gresiýa ýetiren zyýany barada ýazgarypdyr.

**Fiwiniň ýokary galmagy. Ikinji Afina deňiz bileleşigi.** Sparta umumy grek bähbitlerine garşy durup, Gresiýada özüniň agalygyny dikeldip başlaýar. Ilki bilen hem Peloponnesdäki ähli polisleriň Sparta tabyn bolmaklaryny gazanýar. Spartanyň esasy ünsi, onuň duşmanlary bolan Afina, Fiwä hem-de Halkida ýarym adasynda öňe saýlanan Olinfa – polisyna garşy gönükdirlipdi. Sparta b.e. öň 382-nji ýylda Olinfa garşy harby ýöriş geçirýär, ýüzüniň ugruna-da dönüklik edilmegi bilen Fiwiniň merkezi berkitmesi bolan Kadmeýi basyp alýar we ol ýerde sparta goşunyny ýerleşdirýär. Fiwide terrorçylyk

geçirilip, Fiwiniň demokratlary derbi-dagyn edilýär. Fiwili köp sanly demokratlar özlerini Afina gaçyp atypdyrlar, beýlekileri bolsa, Fiwide galyp ýurdy taşlap gidenler bilen gizlin syýasy gatnaşyk saklapdyrlar. Olaryň hemmesi amatly ýagdaýa garaşyp, fiwi oligarhlarynyň garşysyna çykyş etmäge, gizlin ýagdaýda spartadan azat bolmak üçin taýynlyk görüp başlapdyrlar.

Afinada ýene-de birleşdiriji hereket güýçlenýär, bu bolsa täze bir bileleşigiň ýüze çykmagyna getirýär. Oňa bolsa b.e. öň 379-njy ýylda Fiwide bolup geçen waka uly itergi berýär. Fiwide oligarhlardan ybarat häkimiýet fiwilileriň galasy bolan Kadmeýede galdyrylan 1,5 müň sparta goşunynyň goldawyna daýanypdyrlar. Ilki başda Afina baran ýaş fiwilileriň 12-si sparta garşy göreşe birleşipdir, soňra bu gizlin hem howply işe ýene-de 100 töweregi adam goşulypdyr.

B.e. öň 379-njy ýylda Fiwä gelen emigrantlaryň 12-si Pelopidiň ýolbaşçylygynda daýhan eşigine girip, Fiwä gelýärler we fiwili tarapdarlary bilen birleşýärler. B.e. öň 379-njy ýylyň gyşynda, olaryň bir topary Pelopidiň ýolbaşçylygynda tansçy gyzlaryň eşigine girip, sparta serkerdeleriniň meýlis geçirýän otagyna baryp, olary we olaryň ýoldaşlarynyň hemmesini öldürýärler. Gozgalaňçy fiwililer sparta goşunyny Fiwiden kowup, Afina bilen ylalaşyk gazanýar. Spartanyň gozgalaňy basyp ýatyrjak bolmagy başa barmandyr, tersine, bütin Gresiýada spartalylara garşy ählumumy ýigrenç döreýär. Gozgalaňy şäheriň bütin ilaty goldaýar, oligarhlaryň düzgünleri ýatyrylýar, spartalylar bolsa Fiwiden we bütin Beotiýadan kowlup çykarylýar. Şondan soň, Beotiýa bileleşigi dikeldilýär, ýokary häkimlik beotiýalylardan ybarat bolan halk ýygnagyna baş bolan we halk ýygymyna serkerdelik edýän ýedi adamdan ybarat beotiýalylaryň geňeşiniň ygtyýaryna berilýär.

Fiwi demokratlarynyň ýolbaşçylary Pelopid we Epaminond dagy bolupdyrlar. Epaminond grek taryhynyň iň bir görnükli şahsyýetleriniň biri bolupdyr, emma Fiwide häkimiýet demokratlaryň eline geçýänçä ol öýde oturypdyr, şonuň üçin, spartalylaryň ýurtdan kowulmagy diňe Pelopidiň ýolbaşçylygynda bolup geçýär. Emma şondan soňky üstünlikleriň hemmesi Epaminond bilen Pelopidiň bilelikde gazanan üstünlikleri bolupdyr. Olar ýaşlygyndan başlap, dostlukly gatnaşykda bolupdyrlar. Epaminondyň asyl gelip çykyşy fiwi asylzadalaryndan bolsa-da, özüniň syýasy garaýyşlary boýunça demokratiýanyň tarapdarylarynyň iň güýçlüleriniň biri bolupdyr.

Bu wakadan soň Sparta hökümeti Beotiýa goşun iberip, Fiwiniň demokratlaryny jezalandyrmak isleýär. Sparta goşunynyň serkerdesi Sfodriý ýüzüniň ugruna Pireý portuny almaga çalşyp, şowsuzlyga uçraýar. Sebäbi uruş yglan etmezden, Spartanyň Afina çozmagy bütin afinalylarda gahar-gazap döredipdir hem-de Sparta garşy harby herekete başlap, fiwililere uly goldaw beripdirler.

Bu emele gelen amatly ýagdaýdan peýdalanan Afina b.e. öň 378--nji ýylda ikinji Afina bileleşigini döretmäge girişýär. Bu bileleşik birinji bileleşige garanda gowşak we agzalary az bolup, awtonomiýa we federasiýa esasynda gurulýar. Bileleşige 70 sany şäher we adalar goşulypdyr. Emma Kiçi Aziýadaky grek şäherleri parslaryň golastynda bolany üçin, bu bileleşige girip bilmändirler.

Ikinji Afina deňiz bileleşiginiň kararynda: pars patyşalygynyň golastynda bolmadyk Balkanda we adalarda ýaşaýan ellinler afinalylar we onuň ýaranlary bilen ýaran bolmak isleýän bolsalar, olaryň awtonomiýasy we erkinligi, islendik döwlet dolandyryş ulgamyny saklap, olara Afinanyň goşun bölümlerine tölegini tölemän goşulmaga ygtyýar berlipdir. Afinalynyň hiç birine özi üçinem, döwlet üçinem bileleşige giren polisleriň ýerinde mülk edinmäge, öý we ýer edinmäge, ýeri satyn we kärendesine almaga ygtyýar berilmeýändigi yglan edilýär. Eger-de dürli ýollar bilen satyn ýa-da kärendesine alsa, ýaranlykda duranlar ol barada jemgyýetiň ýygnagyna ýüz tutsa, onda onuň agzalary emlägiň bir bölegini arz edene, ikinji bölegini bolsa bileleşige girýänleriň hemmesiniň peýdalanmagyna berlipdir. Egerde kimem bolsa biri gury ýerde ýa-da deňizde bileleşige girýänleriň biriniň üstüne uruş etse, afinalylar we onuň ýaranlary çozuşa sezewar edilene özleriniň güýçleriniň ýetdiginden kömek bermeli bolupdyr. Şu ylalaşygyň bir maddasy döwlet adamsy ýa-da aýratyn adamlar tarapyndan bozulsa, ol adam ylalaşygy bozan adam hökmünde raýatlyk hukugyndan kesilip, emlägi elinden alynmaly, özüne bolsa ölüm jezasy berilmeli ýa-da ýurtdan çykarylmaly diýlen düzgün kabul edilipdir. Emma ikinji Afina deňiz bileleşigi 23 ýyl (378–355-nji ýý.) saklanyp, soňra bolsa dargapdyr.

Afina bileleşigi ilki başlarda özaralarynda hem-de fiwililer bilen dostlukly gatnaşykda bolupdyrlar. Sparta Beotiýa ýöriş etmekden çekinip, harby hereketleri deňizde başlapdyr. Emma Sparta gämileri Afi-

na bileleşigi bilen bolan birnäçe çaknyşyklarda ýeňilýär. Şondan soň, Sparta hökümeti ýaraşyk baglaşmaga mejbur bolýar. Pars patyşasynyň aralykçy bolmagy bilen b.e. öň 371-nji ýylda Spartada grek döwletleriniň hemmesiniň wekilleri ýygnanypdyrlar. Sparta bu uly wekilçilikli ýygnakda Fiwiden Beotiý bileleleşigini dargatmagy talap edýär. Epaminond eger-de Sparta Peloponnes şäherlerinden el çekse, Fiwi hem Beotiýa bileleşiginden el çekjekdigini aýdýar. Sparta öz döwletiniň çäklerinden daşary ähli ýerlerden öz harby bölümlerini çykarmaga razylyk bermändir. Netijede, Sparta bilen Fiwiniň arasynda ýene-de uruş başlanýar. Emma kongresde bileleşikleriň ikisi hem, ýagny Peloponnes birleleşigene gönüburçluk Afina bileleşigem ykrar edilipdir.

Ýöne Fiwi bütin Beotiýada özüniň agalygyny ykrar etdirmäge çalyşýar. Emma Fiwiniň bu talabyna Sparta düýbünden garşy çykýar. Fiwiniň wekili demokrat Epaminond kongresi taşlap çykyp gidýär. Netijede, gepleşik başa barmaýar. Sparta bolsa, heniz bütin Peloponnesde agalygyndan el çekmänsoň, özüniň esasy harby güýçlerini Beotiýa ugradýar. Emma Epaminond Beotiýada harby özgertmeleri geçirensoň, has güýçli zarba urujy bölümleri we goplitleri agyr ýaraglanan täze pahna gönüburçluk görnüşinde gurnamagy girizýär. Şeýlelikde, Lewktriniň eteginde bolan söweşde spartalylaryň goşuny derbi-dagyn edilýär, Sparta patyşasy–Kleombrot söweşde heläk bolýar.

Lewktrihiň eteginde Spartanyň ýeňilmegi onuň harby taýdan gowşaklygynyň üstüni açýar. Sparta bilen ýaran bolan ähli şäherler ondan bölünip aýrylýar we olarda demokratik düzgünler ornaşdyrylýar. Orta Gresiýanyň köp şäherleri Beotiýa bileleşigine goşulýar. Peloponnes bileleşiginiň dargap başlamagy bilen, Peloponnesiň ähli ýerlerinde ilotlaryň, periekleriň, erkin grekleriň gozgalaňlary başlanýar. Her şäher, her bir döwlet iki sany biri-birini ýok etmäge taýýar partiýalara: demokratlara we oligarhlara bölünipdirler. Bu syýasy göreş bütin Elladada syýasy ýagdaýy üýtgedýär. Afina bilen birlikde Beotiýanyň merkezi hökmünde Fiwi hem birinji orna çykýar. Peloponnesiň özünde Sparta garşy Arkadiýa welaýaty hem çykyş edip öz awtonomiýasyny yglan edýär. Afina bolsa Arkadiýa bileleşiginiň we Beotiýanyň güýçlenmeginden howatyrlanyp, Arkadiýa kömek bermekden saklanýar. Afinany fessaliýanyň tirany

Ýasonyň hereketleri hem biynjalyk edip başlapdyr, sebäbi Ýason Orta Gresiýanyň geçelgesini eýeläp, Delfi hem-de onuň baý hazynasyny eýelemäge ymtylýar. Emma Ýasonyň maksady amala aşman galýar. Delfe ýöriş geçirmäge taýynlyk görülýän wagty Ýason dildüwşüji aristokrtalar tarapyndan öldürilýär. Ýason öldürilenden soň, onuň oruntutarlarynyň we aristokratlaryň arasynda başlanan uruş Fessaliýany mazaly gowşadýar.

Haçan-da, Afina Arkadiýa kömek bermekden ýüz öwrensoň, Beotiýa bileleşigi b.e. önki 370-nji ýylda Arkadiýa kömek bermek üçin, Pelopidiň we Epaminondyň ýolbaşçylygynda uly möçberde goşun iberýär. Sparta zordan diýen ýaly bu uly güýjüň öňünde durmagy başarýar. Spartanyň agyr ýagdaýyndan peýdalanan Messeniýa hem ondan bölünip aýrylýar. Arkadiýada bolsa demokratik özgerişler geçirilip, Arkadiýanyň iň ýokary guramasy şol bileleşigiň geňeşi we halk ýygnagy hasaplanýar.

Özleriniň doly derbi-dagyn bolmagyndan howatyrlanan Sparta Afina kömek sorap ýüz tutýar. Afina hem özüniň iň ýakyn goňşusy Fiwiniň güýçlenmeginden çekinip, Sparta bilen ýakynlaşýar. Bu ýagdaý urşuň netijeli gutarmagyny we Beotiýa bileleşiginiň ykbalyny kesgitläpdir. Arkadiýa şäherleri olaryň täzeden dikelden Mantineý şäheriniň daşyna birleşip, Sparta we Afina bileleşigine goşulmaklaryna alyp barýar. Şeýle ýagdaýda Epaminond uly goşun bilen Peloponnese ýöriş edýär. B.e. öň 362-nji ýylda Mantineýiň eteginde iki sany bileleşigiň arasynda esasy söweş bolup geçýär. Söweşde fiwililer üstün çykýar, emma bu ýeňiş olara juda gymmat düşýär. Fiwilileriň köpüsi, şol sanda Epaminond Polipid söweş meýdanynda wepat bolýarlar. Fiwiniň Gresiýada täsiri peselip başlaýar.

Netijede, Gresiýada iki sany güýçli döwletler Sparta we Fiwi öz täsirlerini ýitirip, birinji döwlet bolmak ugrundaky göreşden kesilýärler. Bu ýagdaýdan peýdalanan afinalylar Afina deňiz bileleşigini dikeltmäge girişýär. Şu maksat bilen olar Halkydyka ýarymadasynda güýçli depginde iş alyp barýarlar. Emma olar bu ýerde öz garaşsyzlygyny saklamaga çalyşan halkydykalylaryň güýçli garşylygyna duçar bolýarlar. Afinanyň kleruhlaryny başga ýerlere çykarmagy, tölegleriň artdyrylmagy, bileleşigiň geňeşiniň hukuklarynyň çäklendirilmegi bileleşige girýän şäherlerde b.e. öňki 357-nji ýylda Afina garşy gozgalaňlaryň

başlanmagyna getirýär. Netjede, «Ýaranlaryň urşy» (b.e. öň 357–355-nji ýý.) diýilýän uruş başlanyp, Ikinji deňiz bileleşiginiň dargamagyna getirýär.

Gresiýada Peloponnes, Beotiýa we Afina deňiz bileleşikleriniň dargamagy ýene-de Gresiýanyň dagynyk ýagdaýda galmagyna getirýär. Ksenofondyň ýazmagyna görä, Mantineýiň etegindäki söweşden soň, Gresiýada beýleki ýerleri özüne tabyn etmäge ýekeje-de ukyply döwlet galmandyr. Grek polisleriniň hiç biriniň umumy grek döwletini döretmäge güýç-kuwwaty galmandyr. Bu döwre çenli bolsa demirgazykda täze Makedoniýa döwletiniň ösüşi güýjäp başlaýar.

## XV.
## MAKEDONIÝANYŇ ÝOKARY GÖTERILMEGI

**Makedoniýa patyşalygynyň ýokary göterilmegi.** Grek şäherleriniň gülläp ösüşi uzaga çekmändir. Heniz Perikliň ýaşap ýören döwründe Elladanyň üstünden agalyk etmek ugrunda, grek şäherleriniň arasynda özara uruşlar başlanypdyr. Balkan ýarymadasynda kiçiräk dagly ýurt bolan Makedoniýa Gresiýanyň demirgazyk-gündogarynda, Egeý denziniň demirgazyk-günbatar sebitlerinde ýerleşipdir. Bu ýurt grek polislerinden has yza galyp, syýasatdan daşda durupdyr. Etniki gurluşy boýunça olar greklere ýakyn halk bolupdyr. B.e. öň V asyra çenli Makedoniýada ýönekeý jemgyýetçilik gatnaşyklary saklanypdyr. Bularda b.e. öňki V asyryň ahyrlarynda b.e. öňki IV asyrda gomerçilik döwrüniň alamatlary saklanypdyr. Makedoniýanyň Argeadlar nesilşalygynyň patyşalary bir wagtyň özünde ýokary ruhany, kazylar hem serkerdeler bolupdyrlar. Makedoniýada urug begleriniň täsiri uly bolup, olara patyşanyň ýoldaşlary – getaýrlary diýipdirler. Urug begleriniň ellerinde uly ýerler – mülkler jemlenipdir. Feopompanyň berýän maglumatlaryna görä, patyşanyň 800 getaýrlarynyň ýerleri 10 müň baý ellinleriň eýelik edýän ýerinden köp bolupdyr. Zerur meseleleriň hemmesini patyşa beglerinden ybarat geňeş agzalary bilen çözüpdir.

B.e. öň V asyrdan başlap, Makedoniýada urug gatnaşyklary dargap başlaýar, aýratyn hem, grekler bilen söwda gatnaşyklarda bolan Halkydykanyň şäherlerinde urug gatnaşyklary tiz dargap başlaýar.

B.e. öň V asyrda Aşaky Makedoniýanyň patyşalarynyň golastynda käbir welaýatlar birleşip başlapdyr. Makedoniýany birleşdirmek hereketi patyşa Aleksandr I (b.e. öň 495–450-nji ýý.) döwründe başlanýar. Grek-pars urşy ýyllarynda Makedoniýa köp sanly harby wakalaryň merkezinde bolýar. Mardoniniň we Kserksiň Gresiýa ýörişi döwründe Aleksandr parslara garşy durmaga mümkinçiligi bolmansoň, parslara goşun hem azyk bermäge we olaryň agalygyny ykrar etmäge mejbur bolýar. Parslar ýeňlenden soň bolsa, Aleksandr grekler bilen ýakynlaşmak syýasatyny ýöredýär. Ol grek medeniýetini Makedoniýa ýaýradyjylaryň biri bolupdyr. Şonuň üçin, grek ýazyjylary öz eserlerinde Aleksandr I grek medeniýetini ýaýradyjy hökmünde ellinleriň dosty hasaplapdyrlar.

Makedoniýanyň ýokary göterilmegi patyşa Perdikkiniň gyrnak aýalyndan bolan Arheleýiň (b.e. öň 413–399-njy ýý.) dolandyran ýyllarynda başlanýar. Fukididiň ýazmagyna görä, Arheleý özünden öňki geçen patyşalaryň sekizisinden hem köp iş bitiripdir. Ol deňze ýakyn ýerde, ýurduň täze paýtagty – Pella şäherini esaslandyrýar. Ol öňki galalary berkidip, täzelerini gurýar, harby özgertmeleri geçirýär. Soňra harby özgertmeler Filipp II tarapyndan tamamlanýar. Umuman, Arheleý Makedoniýada merkezleşdirilen döwleti gurmagyň başyny başlaýar. Arheleý öz köşgüne grek emeldarlaryny çekipdir. Emma b.e. öňki 399-njy ýylda dildüwşüjiler tarapyndan öldürilen Arheleýden soň, ýurtda uzaga çeken syýasy göreş başlanyp, patyşalar yzly-yzyna tagtdan agdarlypdyr.

Özara uruşlardan grekler we grek däl goňşular peýdalanmaga ymtylypdyrlar. Emma bu döwürde patyşa häkimiýetini, diňe urug beglerinden bizary çykan erkin daýhanlar goldap çykyş edipdirler. Sebäbi patyşa häkimiýeti diňe bir emeldar beglerden däl, eýsem ol bütin ýurdy daşarky howpdan, mysal üçin, frakiýalylaryň we illiriýalylaryň çozup girmeklerinden hem gorap bilipdir.



**Filipp II-niň altyn teňňesi**

**Filipp II-niň häkimiýet başyna gelmegi we özgerişleriň geçirilip başlanmagy.** B.e. öň IV asyryň ortalaryndan başlap, ýagdaýlar üýtgäp başlapdyr. Makedoniýa patyşalygynyň tagtyna edenli hem paýhasly Filipp II (b.e. öň

359–336-njy ýý.) çykypdyr. Filipp II heniz çaga wagtynda Gresiýa düşýär. Fiwi bilen bolan uruşda Makedoniýa ýeňlişe sezewar bolup, Makedoniýanyň iň baý maşgalalarynyň çagalaryny zamunlyga (ýesirlige) bermeli edilýär. Filipp hem şolar bilen Gresiýa gitmeli bolýar. Şeýlelikde, Filipp grek medeniýeti, grek durmuşy bilen, şol sanda grek goşunynyň gurluşy bilen içgin tanyşýar.

Ýurduna dolanyp gelenden soň, Filipp tagt ugrundaky syýasy göreşe gatnaşýar. Ol ilki öz ýegeni ýaşajyk Amintiniň ýanynda bolup, döwleti dolandyrýar. Soňra bolsa goşuna daýanyp, döwlet agdarylyşygyny geçirýär we patyşa diýlip yglan edilýär. Filipp II döwründe Makedoniýanyň ýerleri bir bütewi döwlete birleşdirilýär. Döwleti merkezleşdirmek ugrunda köp sanly özgerişleri geçiriýär.

Netijede, Makedoniýa döwleti diňe bir grek dünýäsinde däl, eýsem uly pars döwleti bilen bäsleşip, iň kuwwatly döwletiň birine öwrülýär. Filipp ilki bilen döwletiň ykdysadyýetini ösdürmäge gönükdirilen çäreleri geçirýär. Şäherleriň ykdysadyýetdäki ähmiýetiniň ýokarydygyny göz öňünde tutup, täze şäherleri esaslandyrýar we oba ilatyny şäherlere göçürýär. Täze şäherler diňe bir ykdysady ähmiýetli bolman, eýsem olar harby-strategiki ähmiýetli ýerlerde gurulýar. Filipp metal känleriniň işine köp üns berýär, öz goşunyny ýaraglandyrmak üçin demir känleriniň işini ýola goýýar. Makedoniýada altyn çykýan baý ýerleriň bolmagy Filipp II tylla teňňeleri zikgelemäge mümkinçilik beripdir. Netijede, Filipp II her ýylda 1000 talant altyn almagy başarýar. Bu bolsa, oňa uly möçberde altyn teňňeleri zikgelemäge mümkinçilik berýär. Täze zikgelenen altyn pullar pars dariklerini bazarlardan gysyp başlaýar we makedoniýalylara uly girdeji getirýär. Altyn, kümüş teňňeleriň uly gaznasyny edinen Filipp II Egeý deňzindäki, Gara deňiz bilen Ortaýer deňizinde bolýan söwda gatnaşyklaryna erjel gatnaşyp başlaýar. Filipp II harby kuwwatyny artdyrmaga üns berip, uly gämi gurluşygyny alyp barýar.

**Filipp II-niň harby özgertmeleri.** Filipp II harby işlerde uly özgertmeleri geçirýär. Öňki wagtal-wagtal zerurlyk ýüze çykan wagtynda ilat ýygymyndan düzülýän goplitleriň we hakynatutma goşunyň ýerine, indi hemişelik goşun döretmäge girişýär. Filipp II Makedoniýanyň hemme welaýatlaryndan erkin makedon ekerançylaryndan birnäçe ýyllyk goşun gullugyna alyp, olar bilen ýörite türgenleşik işleri geçirýär. Her bir esgere kellä geýilýän tuwulga (şlem), tegelek galkan,



**Makedoniýa falangasy. Häzirki döwrüň şekili**

gysgajyk gylyç we naýza berlipdir. Ilki bilen agyr ýaraglanan pyýada goşunyň düzümi, onuň hatara düzülişi üýtgedilýär. Eger-de öňler makedon serkerdeleri goşunynyň front tarapyny 1000 esgere çenli uzalyp, 12 hatardan bir bütewi falanga düzen bolsa, Filipp II bu goşuny 16 hatardan biri-birine ýakyn falangalara bölüşdiripdir. Bu bolsa goşunyň hereket ediş ýagdaýyny, falangalaryň söweş wagtynda täzeden düzülmegini ýeňilleşdiripdir. Falangalarda duran esgerleriň naýzalary alty metre ýetrilip, grek goplitleriniňkä garanda ep-esli uzaldylypdyr. Pyýada goşunyň zarba uruş güýjüni artdyrypdyr. Egerde duşman hataryň ýeňsesine aýlansa, onda yzky hatardaky esgerler ýeňillik bilen yzyna öwrülip, duşman bilen ýüzbe-ýüz uruşmaga mümkinçilik bolupdyr. Söweş wagtynda ilkinji alty hataryň esgerleri naýzalaryny öňündäki hatarda duranlaryň egnine goýupdyrlar. Ilkinji hatarda duran her bir söweşiji duşmana gönükdirilen alty sany naýza bilen gorag astyna alnypdyr.

Iň oňat ýaraglanan goşun makedon begleriniň – aristokratlarynyň atly goşuny bolupdyr. Goşunyň belli bir möçberi hakynatutma esgerlerden düzülipdir we oňat ýaraglandyrylypdyr. Filipp II agyr ýaraglanan atly goşunyny – geýtarlary hem güýçlendiripdir. Atly goşun diňe bir goplitleriň gapdalynda esasy güýç hökmünde hereket etmän, eýsem olara zerurlyk ýüze çykanda özbaşdak meseläni çözmäge hem ygtyýar berlipdir. Makedon goşunynda her dürli ýarag atýan toparlar hem hereket edipdir, hüjüm edilende daş zyňyp galalary ýumrujy gurallar bilen ýaraglandyrylypdyr.

Filipp II döwlet dolandyryş ulgamynda hem özgerişleri geçirýär. Ilki bilen ýarym garaşly knýazlyklar ýok edilýär. Makedon aristokratlarynyň köpüsi köşge çagyrylyp, olara döwlet we harby işler berlip, merkezi häkimiýete tabyn bolar ýaly edilýär. Makedon emeldarlarynyň düzümine aşaky gatlakdan edenli hem ukyply adamlardan çekilip köpeldilýär. Has baý adamlaryň çagalaryndan wepaly ýörite harby topar düzülipdir. Olar patyşanyň janpenakärleri bolup

hyzmat edipdirler. Bu çäreler döwlet häkimliginiň merkezleşmegini we patyşa häkimliginiň ähmiýetini artdyrypdyr.

Goşunyň täzeden düzülmegi, olaryň öňat ýaraglandyrylmagy we sanynyň artdyrylmagy, pul özgertmeleriniň geçirilip, altyn, kümüş teňňeleriň çykarylmagy patyşa häkimiýetini berkidipdir. Netijede, kuwwatly Makedon monarhiýasy emele gelip, ol b.e. öňki IV asyryň ortasynda Balkan ýarymadasynda iň güýçli döwletleriň birine öwrülýär we öz bähbidini arap grek polisleriniň özara dawalaryna içgin gatnyşyp başlaýar.

Filipp II döwletiň demirgazyk serhetlerini frakiýalylardan we illiriýalardan goramagy üpjün edip, öz täsirini Halkydykanyň şäherlerine ýetirip başlaýar. Ol ýeserlik bilen diplomatik hereketleri edip, frakiýalylary satyn alýar we olar bilen ylalaşyk gazanýar. Illiriýa garşy uruşda bolsa, uly bolmadyk molos taýpasynyň patyşasynyň gyzy Olimpiada öýlenýär hem-de olar bilen ýaranlyk barada ylalaşyk gazanýar. Şondan soň, ol illiriýa goşunlaryny derbi-dagyn edýär we demirgazyk günbatar sehedinden hiç hili howp abanmaz ýaly olar bilen ýaraşyk baglaşýar.

**Filipp II-niň grek meselesine goşulmagy.** B.e. öň IV asyryň 50-nji ýyllarynyň ortalaryndan başlap, Filipp II gündogar tarapa, frakiýalylaryň Egeý deňziniň kenaryna hereket edip, bu ýerde Filippi şäherini esaslandyrýar. Emma Halkydykanyň hem-de Frakiýanyň patyşalary, şol sanda, Afina hem Makedoniýa garşy birleşipdirler. Emma Afina öz içindäki dawalar bilen başagaý bolup, öz ýaranlaryna hiç hili goldaw berip bilmändir. Netijede, Frakiýa goşunlary derbi-dagyn edilýär. Indi Halkydyka bileleşigi Makedoniýa uly howp salyp durmandyr. Olaryň ýeriniň bir bölegi bolsa Makedoniýa tarapyndan eýelenýär.

Makedon patyşasy grek gul eýeleriniň goldawyna daýanyp, Orta Gresiýanyň içerki işlerine goşulyşyp başlaýar. Filipp II pese düşen grek şaherlerini yzly-yzyna basyp alyp başlapdyr. Filipp II şäherlileriň bir bölegini berim-peşgeş bilen öz tarapyna çekýän wagtlary hem seýrek bolmandyr. Ol «Altyndan ýüklenen eşek, alyp bolmajak galany hem alýandyr» diýip öz çykyşlarynda aýdar eken. Afinada ýaşan ýazyjy Isokrat «Baýlar duşmanlardan beter öz raýatlaryndan gorkupdyrlar. Baýlar öz goşlaryny garyplara berenlerinden, deňze taşlanyny gowy görüpdirler; garyplaryň bolsa höwes edýäni baýlaryň öýüni talamak bolupdyr» diýip ýazypdyr. Baýlar garyplaryň talaňçylygyndan dynmak üçin, makedonlylara tabyn bolanlaryny kem görmändirler.

Isokrat «Ýurdy halas etmegiň ýeke-täk çykalgasy patyşa Filipp II meýletin tabyn bolmaklykdyr» diýip, özüniň «Filipp» diýen işinde ýazypdyr. Ol makedon hökümdaryny ähli ellinleri birleşdirip, olar bilen bile pars patyşasynyň garşysyna ýöriş etmäge çagyrypdyr. Grek polisleriniň syýasy çökgünlige düşmekleri netijesinde, öňden gelýän polis birleşikleri dargap başlapdyr. Özara uruşlar grek şäherlerini halys pese düşüripdir. Emma özara uruşlar dowam etdirilipdir. Şeýle uruşlaryň biri-de, köp polisleri özüne çeken «Mukaddes uruş» (b.e. öň 355–346-njy ýý.) diýlip atlandyrylýan uruş bolupdyr. Bu urşuň başlanmagyna bolsa fokydalylaryň serhet ýakasynda delflilere degişli bolan Apollon ybadathanasy bolupdyr. Umumy grek ybadathanasy bolan Apollona fokidalylar çozup, onuň 100-lerçe ýyllaryň dowamynda jemlenen 10 müň talant altyn hem kümüş baýlygyny basyp alypdyrlar. Bu köp mukdardaky pula bolsa fokydanyň serkerdesi – strategi Filomel 20 müňden ybarat hakynatutma goşun jemläp, özleriniň Delfidäki ybadathana bolan hukuklaryny goramaga başlaýar. Bu ýerli ähmiýetli başlanan uruş umumy grek urşuna öwrülýär. Uruş dowründe bolsa, taraplar özlerine ýaran gözlemäge başlaýarlar. Bu ýagdaý Filipp II grekleriň içki işine goşulyşmagyna amatly ýagdaý döredýär. Filipp II bu uruşda umumygrek mukaddesligini goraýjylaryň tarapynda durmagy, oňa erkin hereket etmäge mümkinçilik beripdir. B.e. öň 352-nji ýylda Filipp fokydalylaryň goşunlaryny çym-pytrak edýär. Hem-de özüniň Apollon hudaýyna bolan söýgüsini görkezmek üçin, fokydalylaryň ýesir düşen 3 müň esgerini serdary bilen gyrgynçylyga berýär.

Bu ýeňiş Filipp II-niň abraýyny has-da galdyrýar. Bütin Fessaliýa bolsa, oňa tabyn edilýär. Filipp II-niň abraýynyň Gresiýada ýokary göterilmegi Afinada biynjalyk döredipdir. Makedon goşunlarynyň Orta Gresiýa geçmeginiň öňüni almak üçin, afinalylar Fermopl geçelgesini eýeläp, Filipp II goşunlarynyň Fessaliýada saklanmagyny gazanypdyrlar. Emma b.e. öň 348-nji ýylda Filipp duýdansyz ýagdaýda Halkydyka we Günorta Frakiýa çozup girýär we olaryň iň uly şäheri bolan Olinfi basyp alýar. Afinalylaryň 17 trierden ybarat harby gämileri, 300 sany atly goşuny we 4 müň goplitden ybarat kömege iberen goşuny wagtynda ýetişmändir.

Afina Frakiýadan we Halkydykadan el üzmeli bolýar we uruşdan çykýar. Mundan peýdalanan Filipp II ýene-de Orta Gresiýanyň içki

işlerine goşulýar. Fiwilileriň çagyrmagy bilen ol makedon goşunlaryny Fokydanyň ýerine salýar hem-de Fermopl geçelgesiniň gözegçiligini ele alýar. Şeýlelikde, 10 ýyla çeken Mukaddes uruş b. e. öňki 346-njy ýylda tamamlanýar. Netijede, grek polislarynyň gowşamagy bolup geçýär hem--de Makedoniýa patyşasynyň Gresiýa täsiri has güýçlenýär.


Demosfeniň heýkeli

Afina bilen ylalaşyk gazanandan soň, Filipp II fiwilileriň haýyş etmekleri bilen Fokidanyň üstüne çozup girýär. Fokydanyň şäher galasy ýumrulýar, ilaty obalara göçürilip, şäherlerde ýaşamak gadagan edilýär. Özlerini bolsa her ýylda ybadathanadan alan baýlyklaryny (ýylda 60 talant) yzyna bermek üçin borçly edilýär. Bu ýeňişlerden soň, ol grekleriň içki işlerine goşulyşmaga resmi taýdan mümkinçilik alýar.

**Afinada syýasy partiýalaryň göreşi. Heroneý söweşi.** B. e. öňki 344-nji ýylda Peloponnesiň birnäçe şäherleri Sparta garşy göreşde Filippden kömek sorap ýüz tutýarlar. Emma öz ýurdunyň azatlygyny we erkinligini hemme zatdan ýokary tutýan grekler hem az bolmandyr. Afinada Filipp II-niň barlyşyksyz duşmanlarynyň biri dilewar Demosfen (b.e. öň 384–322-nji ýý.) bolupdyr. Ol Peloponnesiň şäherlerine aýlanyp, ilaty Makedoniýanyň kömeginden el çekmäge çagyrýar, emma onuň bu çagyryşlary başa barmaýar. Filipp II Epire, Ewbeýadaky Etoliýa öz täsirini ýetiripdir. Fessaliýa bolsa Makedoniýa garaşly bolup galýar. Şondan soň, grekler Demosfeniň çagyryşlaryna gulak asmaly bolupdyrlar.

Demosfeniň çagyryşlaryny ilki bilen Kerkir, Ewbeýa adasynyň şäherleri, Korinf – onuň koloniýalary we beýleki käbir şäherler kabul edipdirler. Greklere maliýe taýdan parslar hem kömek bermegi wada berýär. Bu kömege Demosfen bilen beýleki demokratlaryň ýolbaşçylary uly ähmiýet beripdirler. Emma diňe bir Afinadaky syýasy partiýalar däl, eýsem, beýleki polisleriň syýasy partiýalary hem Makedoniýany goldamagyň tarapdarlary bolup çykyş edipdirler. Olaryň içinde filosof Isokrat ilkinjileriň biri bolup, Makedoniýa birleşmegiň

tarapdary bolup çykyş edipdir. Afinadaky dilewarlardan we syýasy işgärler bolan Ebul, Eshin, Fokion we başgalar goşulypdyrlar.

Makedoniýanyň tarapdarlary Afina halk ýygnagynda çykyş edip makedonlylaryň bähbidine birnäçe kararlary kabul etdiripdirler. Olar Afinany goramak üçin goşmaça harajadyň berilmegine hem päsgel beripdirler. Filipp II Afinada öz tarapdarlaryna sowgat bermegi gysganmandyr. «Siz altyn teňňeleri alyp watanyňyza dönüklik etdiňiz» diýip, Demosfen Eshine ýüzlenipdir. Eshiniň ýeke-täk özi gije we gündiz Filipp bilen gepleşip duranyny görüp, Fokida, Frakiýa, Fermopla, Gellesponta bir söz bilen aýdanyňda iň amatly ýerlere dönüklik etdiňiz, Eshin bolsa köp gezek ölüme buýrulmaga mynasypdyr» diýip ýüzlenipdir. Demosfeniň syýasy maksatnamasy ähli güýçleri we maddy serişdeleri jemläp, Filipp II garşy goýmakdan ybarat bolupdyr. Ol Afinada güýçli harby gämileri, Afina raýatlaryndan ukyply söweşiji goşuny jemlemek, grek polisleriniň bileleşigini döretmek üçin öz ähli ukybyny gaýgyrmandyr.

Uruş Frakiýadaky Hersonesde (b.e. öň 341–338-nji ýý.) başlanýar. Frakyýa iberilen serkerdeleriň biri Frakiýa şäherlerine garşy harby herekete başlaýar. Filipp II muňa närazylyk bildiripdir. Emma Afinalylar oňa üns bermän, harby herketini dowam etdirýär. Filipp II hem Perinfi (Propontide) we Bosbor deňziniň kenaryndaky Wizantiýa şäherlerini (b.e. öň 340-njy ý.) gabaýar. Eger-de Filipp II-ä üstünlik gazanmak başardan bolsa, Gresiýa bu ýerden getirilýän çörekden kesiljekdigi ikuçsyzdy, ol bolsa köp sanly grek şäherlerini çörekden kesip biljekdi. Bu göreş grek şäherlerini Makedoniýa garşy birleşmäge mejbur edip biljekdi.

Demosfen halk ýygnagynda Filipp II-ni basybalyjy hökmünde paş edipdir we grek şäherlerine aýlanyp, Makedoniýa garşy aýgytly göreşe aýaga galmaga grekleri çagyrýar. Ol «Biz urşa taýýarlanmaly. Hatda ähli beýleki ellinler gul bolmaga razy bolaýanlarynda-da biz azatlyk ugrunda göreşmelidiris» diýip, ol halka ýüz tutýar. Netijede, bu başlanan uruş grek şäher döwletleriniň Filipp II garşysyna harby bileleşiginiň emele gelmegini tizleşdirýär. Düzüminde Afina, Hios, Rodos we beýleki adalary bolan grekleriň birleşen gämileri Gellesponta tarap ýörişe başlaýar. Deňizde güýç gürrüňsiz grekleriň tarapynda bolansoň, Wizantiýanyň ýanynda bolan söweşde Filipp II--niň goşuny derbi-dagyn edilýär. Filipp II Frakiýany eýelejek bolma-

gy hem şowsuz tamamlanýar. Bu üstünliklerden soň, Afinada hem, Gresiýanyň beýleki şäherlerinde hem Makedoniýa garşy göreşýän partiýalar güýçlenýär. Oňa Afinaň ýolbaşçylygynda Fiwi, Ewbeýa, Korinf, Megara, Ahaýa we beýleki şäherler birleşipdirler, 40 müňe çenli goşun hem-de güýçli harby gämiler jemlenipdir.

Emma bu üstünliklere garamazdan, Filipp II grekleriň içki işlerine goşulmagyna bahana tapylýar. Ýene-de täzeden Mukaddes uruş başlanýar. B.e. öň 338-nji ýylda Heroneý şäheriniň ýanynda Filipp II-niň goşuny bilen grekleriň birleşen goşunynyň arasynda aýgytly söweş bolup geçýär. Demosfen afinalylaryň hatarynda ýönekeý esger bolup söweşipdir. Söweş gazaply bolup, uzaga çekipdir. Afinalylara ilkibada Filipp II goşunlaryny gysmak başardypdyr. Emma makedoniýalylar grek goşunynyň sag ganatyny yzyna serpikdirmek, olaryň atly goşunyna bolsa afinalylaryň üstüne arka tarapdan hüjüme geçmek başardýar. Şeýlelikde, oňat gurnalan we ýaraglanan makedon goşuny öz edermen serkerdeleriniň ýolbaşçylygynda bu söweşde üstün çykýar. Olaryň arasynda Filipp II-niň ogly Aleksandr has tapawutlanypdyr.

Heroneýde bolan söweşiň netijesinde bütin Gresiýa Filipp II-ä tabyn edilipdir. Filipp bu ýeňişden soň, özüniň diplomatik ukybyny ulanyp, grek şäherlerini talatmandyr, ilata basybalyjy hökmünde gelen däl-de, eýsem grek şäherleriniň dosty we bütin Gresiýanyň bir bütewi döwlete birleşmegi barada alada edýän patyşa hökmünde özüni görkezmäge çalşypdyr. Filipp II-niň bu syýasaty grek şäherleriniň köpüsinde goldaw tapýar we Gresiýada onuň tarapdarlarynyň güýçlenmegine getirýär. Wakalaryň zamandaşy bolan Demosfeniň aýtmagyna görä, «Heroneý söweşinde wepat bolanlaryň meýitleri bilen grekleriň azatlygy-da ýere gömülipdir».

**Korinf Kongresi we onuň kararlary.** Filipp II-niň syýasy üstünlikleriniň biri-de täze harby-syýasy bileleşigi – Korinf ligasyny döretmegi bolupdyr. Bu bileleşik federatiw başlangyçda esaslandyrylypdyr. Emma bu bileleşik ony döreden Filipp II-den we onuň ogly Aleksandrdan soň ýaşamandyr. Korinf Kongresiniň birinji mejlisi b.e. öň 338-nji ýylyň güýzünde geçirilip, täze bileleşik esaslandyrylýar. Birinji ýygnanyşykda grekler bilen Makedoniýanyň arasynda ýaraşyk baglaşylandygy yglan edilýär. Kongresiň esasy maddalarynyň biri-de Elladada diňe bir raýat ylalaşygy gazanylman, eýsem syýasy taýdan hem ylalaşyk gazanylandygy yglan edilýär. Kongresiň karary

ylalaşyga goşulan polisleriň öz aralarynda uruş etmegi gadagan edýär. Eger-de bu karar bozulan ýagdaýynda, onda çozuşa sezewar edilen döwlete ylalaşyga girýän döwletleriň hemmesiniň kömege barmaklygy borçly edilýär. Ellin döwletleriniň hemmesinde çäkleriniň bozulmajakdygy hem wada berilýär. Kongresiň kararlary ellinleriň erkinligini, töleglerden boşadylýandygy, başga polislerde harby bölümleriň ýerleşdirilmejekdigi barada karar kabul edilýär. Emma ylalaşyga girýän döwletler, bileleşigiň goşunyna harby gämileri hem-de goşun bermäge borçly edilýär. Taryhçy Ýustiniň berýän maglumatlaryna görä, makedoniýa goşunlary we oňa tabyn goňşy halklaryň goşunlary hasaba alynmanda, diňe ellin bileleşigine goşulan döwletlerden 200 müň pyýada we 15 müň atly goşun jemlenipdir.

Täze ellin bileleşiginiň umumy geňeşi – sinedrion döredilipdir, ellinler oňa özleriniň umumy geňeşi bilen giripdir. Geňeşe Makedoniýadan Filipp II girip, ol bileleşigiň serdary diýlip yglan edilýär. Sinedrionda grek döwletleriniň syýasy mümkinçiligine we ilatynyň möçberine görä wekilçilik edipdirler. Şeýlelikde, Sinedrion ellin bileleşiginiň iň ýokary syýasy guramasy hökmünde döredilýär. Oňa bileleşigiň syýasy ýagdaýyna gözegçilik etmek, uruş barada we oňa serkerde bellemek, ähli jedelli meseleleri çözmekde adalatly kararlary kabul etmek ýaly meseleler ýüklenilýär.

Sinedrionyň taryhy çeşmelerde belli bolan iki sany geňeşi (b.e. öň 337–336-njy ýý.) bolup geçýär, bu geňeşleriň ikisi hem makedon patyşasynyň çagyrmagy bilen geçirilipdir. Korinf kongresiniň kararynda görkezilişi ýaly, ýurduň syýasy ýagdaýynda üýtgeşiklik bolan ýagdaýynda, ýagny polisleriň parahat durmuşy bozulan ýagdaýynda, sinodrion tertibi bozana bileleşigiň gegomony – makedon patyşasy bilen bile çäre görmelidigi ýazylypdyr. Bu kararlar ellinleriň sinedrionyny – geňeşini dolulygyna diýen ýaly makedon patyşasyna garaşly edilmegine getiripdir.

Täze bileleşikde her bir mesele çözülende sinedrion ellin wekilleriniň özygtyýarly guramasy hökmünde bolaýmaly ýaly görülýär. Hakykat ýüzünde bu guramanyň ähmiýeti grekler üçin juda uly hem bolmandyr. Sebäbi sinedrionyň ähli hereketi makedon patyşasy tarapyndan kesgitlenipdir. Korinf Kongresinde Filipp bileleşigiň ýolbaşçysy, guryýer we deňiz güýçleriniň serkerdebaşysy diýlip resmi taýdan yglan edilipdir. Filipp diňe bir harby güýçlere ýolbaşçylyk etmän,

eýsem syýasy ýolbaşçy wezipesini hem amala aşyrypdyr. Şonuň üçin ähli meseleleri, şol sanda, geňeşiň mejlisini çagyrmagy hem ellinleriň sinedriony çözmän, eýsem makedon patyşasy çözüpdir.

Korinf Kongresinden öň Filipp parslara garşy urşa başlajakdygyny we bu meseläni grek jemgyýeti bilen maslahatlaşjakdygyny aýdyp, ýene-de öz gegemonlyk derejesini peýdalanyp, grekleri özüne garaşly ýaly edip goýýar. B.e. öň 337-nji ýylyň tomsunda Korinf Kongresiniň ikinji mejlisi açylýar, oňa diňe sinedrionyň agzalary çagyrylýar. Kongres uruş meselesine seredýär hem-de parslara garşy urşy başlamaklygyň zerurlygy baradaky patyşanyň teklibi – ýüzlenmesi geňeşe hödürlenýär. Teklip geňeşe gelenler tarapyndan makullanýar we uruş baradaky mesele çözülýär. Soňra bolsa, «Urşy alyp barmak üçin Kongrese gelenler makedon patyşasyna baş serkerdelik wezipesini hem-de adatdan daşary hukuklaryň berilýändigi baradaky karary gowşurypdyrlar» diýip, taryhçy Diodor öz taryhy ýazgylarynda beýan edýär.

Filipp II-niň syýasy döredijiliginiň iň ýokary nokada ýeten wagty b.e. öň 338–337-nji ýyllarda Korinf kongresini döredip bilmegidir. Filipp bu ugurda özüniň ähli syýasy we harby ukybyny görkezmegi başarýar. Onuň döreden syýasy bütewilik guramasy diňe bir Makedoniýanyň taryhy üçin däl, eýsem bütin Balkan Gresiýasy üçin hem taryhy ähmiýetli wakalaryň biri hasaplanylýar. Şeýlelikde, makedon patyşasyna bütin Gresiýanyň üstünden öz agalygyny amala aşyrmaklyk başardýar. Ikinji tarapdan, bütin Gresiýada özara uruşlaryň hem soňuna çykylýar. Emma bu birleşige Balkanda bütewi grek-makedon döwleti girdi ýa-da hakyky grek-makedon bileleşigi (soýuz) emele geldi diýip aýtmak kyn, sebäbi bu bileleşik diňe zorluk bilen, güýç bilen döredilipdi.

Kongresiň maglumatlary esasynda taryhda parslara garşy başlanan urşuň ellin grekleriniň teklibi ýa-da islegi bolman, eýsem diňe makedon patyşasy Filipp II arzuwy, islegi boýunça başlanandygyny aýdyp bolar. Ony kongresiň karary hem subut edýär.

**Demosfeniň ömrüniň ýazuw beýanyndan**

Demosfeniň çagaka saglygy gowşak we keselbent eken. Hatda jahyl çykandan soň hem saglygynyň gowşaklygy üçin ol ýaňsylanar eken. Onuň kalbynda dilewar bolmak höwesi döräpdir. Emma onuň dili ýaşlygyndan pel-

tegräk bolupdyr, onuň dem alşy hem gowşak eken. Demosfen gaty utanjaň bolup, märekeden çekinip, geplemegini dessine bes edýän eken. Ol özüne päsgel berýän kemçilikleri yhlas bilen türgenleşmek arkaly ýok edipdir. Öz utanjaňlygyny ýok etmek üçin deňiz kenaryna baraga-da güýçli ýel turup durka we deňiz tolkun atýarka onuň güwwüldisine sesini goşup, geplemegi öwrenýär eken. Demosfen özüni märekäniň şowhunyna-da öwrenişdiripdir. Üstesine-de, Demosfende geplän wagty eginlerini silkmek häsiýeti bolupdyr. Şonuň üçin, ol otagyň ýokarsyndan gylyç asyp, ony edil gerdenine çenli sallap, gymyldasa deger ýaly edip goýup, onsoň söz sözlär eken. Şeýdip, özüni gylyjyň ýaralaýmagyndan gorkup, ol egnini silkmekligini goýupdyr.

Demosfen kellesiniň saçyny ýarysyna çenli syryp, iki-üç aýlap jaýdan çykmaz eken, gijelerine ýatman söz sözlemegi öwrenýär eken. Ol keýpini götermek üçin diňe suw içýär eken.

## XVI. MAKEDONIÝALY ALEKSANDRYŇ ULY DÖWLETINIŇ DÖREÝIŞI

**Filipp II-niň öldürilmegi we Aleksandryň tagta çykmagy.** Filipp II Gresiýany özüne boýun egdirip, parslaryň garşysyna ýörişe taýýarlanypdyr. Makedoniýalylar we grekler ol ýerdäki mes toprakly ýerleri we gullary, pars patyşalarynyň edil ertekilerdäki ýaly tükeniksiz baýlygyny basyp almagy ýüreklerine düwüpdirler. Garyp düşen grekler üçin, Filipp II-niň goşunynda gulluk etmek özlerini eklemek üçin ýeke-täk serişde bolupdyr B.e. öň 336-njy ýylda ilkinji gezek makedon goşunlary Kiçi Aziýa geçirilýär. Emma ýörişe taýýarlyk görülýän wagtynda Filipp II öz ýakyn adamlarynyň biri bolan Pawsany tarapyndan öldürilýär. Patyşanyň penakärleri ony hem şol wagt öldüripdirler. Şeýlelik bilen, Filipp II-niň näme üçin öldürilendigi taryhda üsti açylman galýar. Adamlar bu işiň parslar tarapyndan gurnalandygyny çak edipdirler. Käbir alymlar Filippiň ölüminde onuň aýrylyşan aýaly Olimpiadanyň (Aleksandryň ejesi) eli bardygyny çaklaýarlar. Başga birleri, dildüwşüge onuň ogly Aleksandryň hem gatnaşan bolmagyny çen edýärler, emma bu barada hiç-hili maglumat taryhy çeşmelerde ýok.

Filipp öldürilenden soň, makedon begleri tagty Aleksandra bermek islemändirler, emma 20 ýaşly Aleksandry goşunyň esasy bölegi goldap, ony tagta çykarýar. Ol gujurly, batyr, emma örän gaharjaň adam eken.

Aleksandr özüniň ajaýyp ukyplylygy bilen tapawutlanypdyr we örän oňat bilim alypdyr. Onuň mugallymy Afinadan çagyrylyp getirilen, öz döwrüniň iň görnükli alymlarynyň biri Aristotel bolupdyr. Aleksandryň iň gowy görýän ýazyjysy Gomer, söýgüli gahrymany bolsa Ahilla bolupdyr. Aleksandr gürrüňsiz gadymy dünýäniň iň ukyply we iň beýik serkerdeleriniň biri bolýar.

Aleksandryň tagta çykan döwri, ýurduň biynjalyk döwri bolýar. Köp şäherlerde Makedoniýanyň duşmanlary işeňňirleşip başlaýar. Makedoniýa goşulan polisler yzly-yzyna Ellin bileleşiginden çykyp başlapdyrlar. Afinada ýene-de Demosfeniň täsiri güýçlenip başlaýar. Ol Filippiň ölümini şatlyk bilen garşylap, hudaýlara şükür edipdir. Emma Gresiýadaky toparlar jebisleşmänkäler Aleksandr Gresiýa goşun sürüp gelipdir. Ol Fessaliýa bilen ylalaşyk gazanýar, Korinf kongresiniň kararlaryny täzeden tassyklaýar. Şondan soň, ol Makedoniýanyň demirgazyk serhedine howp salýan frakiýalylaryň garşysyna ýörişe gidýär.

Aleksandryň Gresiýadan gitmegi bilen, bu ýerde ýene-de Makedoniýanyň agalygyna garşy hereket başlanýar. Grekleri hemme tarapdan pars döwleti goldapdyr. Gresiýada «Aleksandr ölüpdir» diýen habar hem ýaýradylýar, bu bolsa Fiwide, peloponnesiň şäherlerinde gozgalaňlaryň başlanmagyny tizleşdiripdir. Afinada hem gozgalaňa taýynlyk görlüp başlanýar.

Gresiýadaky ýagdaýlar Aleksandra habar berlende, ol Frakiýadaky urşy tamamlapdyr we 14 günüň içinde Fiwi şäherine gelip ýetýär. Şäher hüjüm edilip alynýar hem-de weýran edilýär, diňe ybadathanalara degilmän galýar. Aleksandr özüniň söýgüli şahyry bolan Pindaranyň jaýyna degmändir. Afinalylara bolsa Demosfeniň we Makedoniýanyň garşysyna göreşýän beýleki ýolbaşçylaryň berilmegini talap edipdir. Diňe Aleksandryň Afinadaky tarapdarlarynyň haýyşy bilen, olara degilmän, günäleri geçilipdir.



**Aleksandr Makedonskiniň kelle heýkeli**

Aleksandr Makedonskiniň ady bilen baglanyşykly uly bolmadyk taryhy döwür, bütin Gresiýanyň we Gündogar ýurtlarynyň taryhynda ägirt uly ähmiýetli döwür bolýar. Aleksandryň basybalyjylykly ýörişleri netijesinde Ýakyn we Orta Gündogarda özboluşly durmuş-ykdysady, syýasy we medeni gatnaşyklar emele gelýär. Täze eýýam – -ellinçilik eýýamynyň başy başlanyp, grekleriň antiki taryhy döwri bolsa tamamlanýar.

**Aleksandryň Gündogara ýörişi.** B.e. öň 334-nji ýylda Aleksandr Makedoniýany öz goşunynyň bir bölegini yzynda gozgalaň bolanda ulanmak üçin, uruşlarda şöhrat gazanan serkerdeleriň biri bolan Antipatra tabşyryp, Aziýa tarap ýörişe ugraýar. Aleksandr 60 sany harby gämileri bilen 30 müň pyýada we 4,5 müň atly grek-makedon goşunlaryny alyp, Gellespontyň üstünden, hiç hili päsgelçiliksiz geçýär. Diodoryň ýazmagyna görä, Aleksandr Kiçi Aziýanyň kenaryndaky Troýa şäherine ýetip, gäminiň üstünden ilkinji bolup öz naýzasyny ýere sanjyp, gämiden böküp düşüpdir. Şol ýerde ol: «Hudaýlar maňa basylyp alnan Aziýany gowşurdy» diýip öz goşunyna ýüzlenipdir.

Kiçi Aziýada şol wagt diňe Lidiýa, Kappadokiýa we Frigiýa satraplyklarynyň goşunlary bolup, olar grek hakynatutma goşuny bilen Aleksandryň hüjüminiň öňüni almaga 40 müň goşun bilen çykypdyrlar.

Makedon goşunlarynyň Aziýa geçmeklerine päsgel berip bilmedik pars goşunlary, Propontida guýýan Granik derýasynyň kenaryny eýeläpdirler. Aleksandryň goşuny hem Granik derýasynyň günbatar



**Aleksandryň Granik derýasyndan geçişi**

kenaryna baryp ýetipdir. Şu ýerde hem grek goşunlary bilen pars goşunlarynyň arasynda ilkinji gezek söweş bolup geçýär. Gün ýaşyp barýardy, şonuň üçin, ýaşuly serkerde Parmenion Aleksandra ertire çenli garaşmagy, daňdanlar bolsa duşmanyň üstüne çozmagy, maslahat beripdir. Aleksandr: «Deňiz tolkunlaryndan päsgelsiz geçen biziň goşunlarymyz üçin, şujagaz derýadan gorkmaklyk gaty utanç bolar» diýip, çozmak üçin surnaý çalmagy buýruk berýär. Aleksandryň atly goşuny derýany böwsüp geçip, derýanyň kenarynyň bütin boýy bilen ýerleşdirilen pars goşunlaryny bölekleýin derbi-dagyn edýär. Aleksandra güýçli garşylygy grek hakynatutma goşunlary beripdir, emma olaryň bir bölegi gabalyp heläk bolýar, goşunyň ikinji bölegi (2 müň adam) bolsa, ýesir alynýar we parslara garşy umumygrek urşuna dönüklik edenler hökmünde ýazgarylyp, Makedoniýa agyr işlerde işledilmäge ugradylýar.

Bu söweşde Aleksandr pars goşunlarynyň arasyna düşüpdir. Parslaryň serkerdesi, Dariniň giýewsi Spifrobat Aleksandr bilen başa-baş söweşmäge mümkinçilik bolany üçin, hudaýa şükür edip, Aleksandry öldürmekçi bolýar. Ol Aziýany halas etjekdigine ynanyp, Aleksandryň üstüne hüjüm edýär, emma patyşa çiş bilen pars serkerdesini urup ýetişýär. Şol wagt ýykylan Spifrobadyň dogany Resak Aleksandryň üstüne aty bilen çapyp barýar we onuň kellesindäki tuwulgasyny (şlemini) urup, onuň kellesini ýaralaýar. Resak ikinji gezek Aleksandryň kellesini aljak bolanda Aleksandryň Gara lakamly dosty Klit, aty bilen ýetişip, Resagyň elini kesendigini, taryhçy Sisiliýaly Diodor bu wakany öz taryhy işinde beýan edipdir. Şeýlelik bilen, Aleksandr ýene-de birnäçe söweş gurnap, pars goşunlaryny derbi-dagyn edýär we Granik derýasynyň kenaryndaky söweşi ýeňiş bilen tamamlaýar. Soňra Aleksandr Ortaýer deňziniň kenar ýakasyny syryp, Sardy şäherine barýar, bu şäher söweşsiz greklere tabyn bolýar. Grek şäherleriniň köpüsi Aleksandra garşylyk görkezmändirler. Aleksandr diňe Miletde we Galikarnasda hakynatutma grek goşunlary bilen çaknyşmaly bolupdyr.

Aleksandr grek şäherlerini «garaşsyz hem erkin» diýip yglan edýär. Bu ýerdäki ellinleriň esasy bölegi Aleksandryň tarapyna geçipdirler. Şondan soň Aleksandr deňiz kenary bilen Siriýa tarap süýşüp başlaýar. Aleksandryň bu syýasaty pars hökümetini has-da biynjalyk edipdir. Parslaryň patyşasy Dariniň III uly goşun ýygnap, patyşanyň gözi hem gu-

lagy diýilýän, garadan gaýtmaz 10 müňlük goşuny hem alyp, Aleksandry garşylamaga çykýar. Dariniň bu ýygnan goşunynyň 600 müň adamdan geçýändigini has ösdürip grek taryhçylary habar berýärler.

B.e. öň 333-nji ýylyň güýzünde Dariniň uly goşun bilen Pinar diýen derýanyň gözbaşynda, Issa şäheriniň eteginde ýerleşýär. Aleksandr bu habary eşidip yzyna öwrülmeli bolýar. Tiz wagtdan bolsa, uruş başlanýar. Aleksandryň ýolbaşçylygynda makedon goşunlarynyň söweşi pars goşunlarynyň çep ganatyny we Dariniň söweşýän merkezi ganatyny kyn ýagdaýa salýar. Dariý söweşi taşlap gaçmagy söweşiň ykbalyny makedonlylaryň peýdasyna çözüpdir. Aleksandryň eline ummasyz kän goş, ýarag, ýesir, şol sanda Dariý III-niň ejesi, aýaly we çagalary ýesir düşüpdir. Bu bolup geçen söweşiň taryhy, ondaky her bir hereket rim taryhçysy Arrianyň «Aleksandryň ýörişleri» atly işinde has düýpli gürrüň berilýär.

**Aleksandryň Müsüri basyp almagy.** Aleksandr özüne garşylyk görkezenleriň ählisini rehimsizlik bilen gyrypdyr ýa-da gula öwrüpdir. B.e. öň 332-nji ýylda 7 aýlap gabap Aleksandr Finikiýadaky Tir şäherini hem basyp alýar, olaryň 8 müňüsi söweşde wepat bolýar, 30 müň adam gul edilip satmaga buýruk berilýär. Finikiýanyň beýleki ellinleşen şäherleri Aleksandryň häkimiýetini ykrar edýärler. Bu wakalardan soň, Dariý III Aleksandr bilen gepleşik geçirmäge synanyşýar. Ol Aleksandryň ähli eýelän ýerlerini bermegi we ýaraşyk baglaşmagy teklip edýär, emma Aleksandr onuň teklibini kabul etmän, ýörişini dowam etdirýär. Aleksandr Müsüri hem söweşsiz eýeläpdir. Aleksandr Müsürdaki Siwa oazisinde ýerleşýän Amon hudaýynyň ybadathanasyna zyýarat edip, ol ýerde sadaka beripdir hem-de Müsür ruhanylaryny öz tarapyna çekipdir. Müsür ruhanylary Aleksandry «Amon hudaýynyň» ogly, özüni bolsa gadymy faraonlaryň oruntutary, Müsüriň faraony diýip yglan edipdirler. Aleksandryň Müsürde geçiren çäreleriniň biri-de Müsüriň Ortaýer deňziniň kenarynda, Nil derýasynyň deňze guýýan ýerinde Aleksandriýa (b.e. öň 332-nji ý.) şäheriniň düýbüni tutmagydyr. Bu şäher soňra diňe bir Müsürde däl, eýsem Ortaýer deňiz sebitinde-de, bütin Aziýada-da iň uly ykdysady we medeni merkezleriň birine öwrülýär.

**Gawgamel söweşi. Wawilonyň, Suzynyň, Ekbatanyň basylyp alynmagy. Pars patyşalygynyň synmagy.** B.e. öň 331-nji ýylda Aleksandr Makedonskiý Müsürden Palestinanyň we Siriýanyň

üsti bilen Deýaaralygyna we Wawilona tarap ugraýar. B.e. öň 331-nji ýylyň güýzünde Assiriýanyň ýumrulan paýtagty Ninewiýanyň ýakynynda, Gawgamel diýen obanyň ýanynda parslaryň ykbalyny çözen gadymyýetiň iň uly söweşleriniň biri bolup geçýär.

Parslaryň patyşasy Dariý III Aleksandryň Müsürde bolan 1,5 ýylynyň dowamynda, öz golastynda bolan ähli halklardan köp sanly goşun jemläpdir. Aleksandr hem Müsürde öz goşunynyň üstüni doldurýar, emma parslaryň goşun sany makedon goşunlaryndan köp bolupdyr. Söweş atly goşunyň çaknyşygy bilen başlanypdyr. Parslaryň ýiti çalgylar berkidilen onlarça söweş arabalary duýdansyz hüjüme okdurylypdyr. Emma makedon atyjylary söweş arabalaryny desine ýok edipdirler.

Aleksandr atly goşun bilen parslaryň goşunlarynyň ortasyna, Dariniň duran ýerine aralaşypdyr. Makedon falangasy hem parslary gysyp, gazaply öňe süýşüpdir. Dariý ýene-de Issanyň ýanydaky söweşden gorkup gaçyşy ýaly, söweşi taşlap gaçypdyr. Ony gören goşun hem onuň yzy bilen başagaý bolup, söweş meýdanyndan gaçypdyrlar.

Emma edil şol pursat parslaryň saýlama goşun bölümi grek-makedon goşunlarynyň çep ganatyna ýolbaşçylyk edýän Parmenionyň goşunyny gysyp başlapdyr. Bu agyr ýagdaýy Aleksandra ýetiripdirler. Aleksandr atly goşun bilen duşmanyň çozup gelýän goşunlarynyň üstüne okdurylypdyr. Gazaply tutluşykdan soň, pars goşuny söweş meýdanyny taşlap gidipdirler.

Gawgamel söweşinden soň, pars goşunlarynyň garşylygy gutarnykly syndyrylýar. Dariniň täze goşun ýygnamaga mümkinçiligi bolmansoň, Midiýa gaçyp gidýär. Üstün çykan makedoniýalylar duşmany yzarlap, Pars patyşalygynyň esasy şäherlerini – Wawilony we Suzyny eýeläpdirler. Soňra Persepol şäheri hem basylyp alynýar. Bu ýerde makedonlylar pars patyşalarynyň ähli hazynasyny ele salypdyrlar. Basylyp alnan olja juda köp eken. Hazynanyň umumy möçberi 120 müň talanta barypdyr, alnan altyny we gymmat bahaly zatlary daşamak üçin 3 müň düýe, goşa


**Parslaryň söweş arabalary**

öküze tirkelen arabalaryň 1 müňi gerek bolupdyr. Plutarh özüniň «Aleksandr» diýen işinde «Aleksandr ýeňişden soň Aziýanyň patyşasy diýlip yglan edilýär; ol hudaýlara niýetläp uly sadaka berýär, dostlaryna baýlyk paýlaýar, öýleri berýär, köpüsine bolsa wezipe berýär» diýip ýazypdyr. Şeýlelik bilen, Aleksandr parslaryň agalygynyň soňuna çykýar.

Aleksandr ýerli häkimlige makedon serkerdelerinden we parslaryň atly beglerinden belläp, Persepol şäherini doly talaýar we otlaýar. Şondan soň, ol demirgazyk-günbatara, Midiýanyň paýtagty Ekbatana tarap ugraýar. Tiz wagtdan bolsa, Aleksandr Kaspi derwezesinden hiç hili garşylyksyz geçip, Parfiýa we Baktriýa daglyk ýerlerden hem geçýär. Patyşa Dariý Baktriýanyň satraby Bessiň ýolbaşçylygynda gurnalan dildüwşüjileriň eline düşýär. Aleksandr Dariniň yzyndan ýetip gelen wagtynda Dariý Bess tarapyndan öldürilip köçä taşlanypdyr. Dildüwşüjiler tarapyndan Bess Artakserks IV ady bilen Pars patyşasy diýlip yglan edilýär. Emma Bess Aleksandryň janpenakärleriniň biri bolan Ptolomeý Lag tarapyndan tutulýar. Baktriýanyň begleriniň uly geňeşinde Aleksandr Bessi Dariý III-niň janyna kast etmekde günäkärläpdir. Bess ölüme buýrulyp, Ekbatanda jezalandyrylyp öldürilýär.

Dariniň ölümi bilen Ahemenileriň nesilşalygy hem ýaşamagyny bes edýär. Aleksandr Dariniň gyzyna öýlenip, pars tagtyna çykýar. Şeýlelikde, Makedoniýa bilen Pars patyşalygy bir döwlete birleşdirilýär. Aleksandr Ahemenileriň kanuny taýdan oruntutary we «beýik patyşa» diýlip yglan edilýär. Aleksandryň patyşa diýlip yglan edilmegini makedon patyşasynyň ýoldaşlary – getaýrlar patyşanyň hyzmatkärleri derejesine düşürilmegini halamandyrlar. Aleksandryň tarapyna geçen pars satraplarynyň Aleksandra täsiri artyp başlapdyr. Olar köşkde makedon däpleriniň ýerine gündogar dessurlarynyň girizilmegini, makedon begleriniň mertebesini peseldýär diýip düşünipdirler. Şu ýagdaý hem Aleksandryň makedon begleri bilen arasyna tow düşmegine getiripdir. Patyşa Gündogara ýörişi dowam etdirmegi talap edýär, emma makedon begleri ýörişi bes etmegi, patyşanyň ýanyndan parslaryň kowulmaklaryny talap edipdirler. Aleksandr olar bilen razylaşmandyr. Netijede, b.e. öň 330-njy ýylda ilkinji gezek Aleksandra garşy dildüwşük bolup, onuň üsti açylýar. Ol Parmenionyň we onuň ogly Filotyň jezalandyrylmagy bilen tamamlanýar. B.e. öň 328--nji ýylda bolsa, patyşanyň meýlis ýygnanyşygynda Aleksandryň iň ýakyn dosty, Granik söweşinde ony halas eden Klit patyşanyň parslar

bilen ýakynlaşmagyny oňlamaýandygyny ýüzüne aýdan soň, Aleksandr gaharyna ony hem öldüripdir.

**Aleksandryň Orta Aziýa ýörişi. Halk gozgalaňlary. Spitamen.** Pars patyşalygy dargan hem bolsa, onuň aýry-aýry welaýatlary garşylyk görkezmeklerini dowam etdiripdir. Aleksandr Gündogara ýörişini Girkaniýa (Kaspi deňziniň günortasy) we Merkezi Aziýa dowam etdirýär. Ol Baktriýadan Sogdylaryň ýurduna ugraýar, Oks (Amyderýa) derýasyny geçip, Marakandanyň (häzirki Samarkandyň ýerinde) üsti bilen demirgazyk-gündogara Ýaksart (Syrderýa) derýasyna tarap ýola düşýär. Ýaksardyň ägirt uly giňişliginde skif taýpalary ýaşap, olar öňki pars serhetlerine hem mydama howp salyp durupdyrlar. Aleksandryň goşuny hem bu ýerlerde örän agyr ýagdaýa düşýär. Bu ýerleriň halky hemişe erkin ýaşapdyrlar, şonuň üçin hem, olar greklere diýseň gaýduwsyz garşylyk görkezipdirler. Aleksandr ýerli halk bilen aragatnaşyk saklamak üçin, ýerli baýlaryň biriniň gyzyna öýlenipdir, olardan ýerli häkimleri belläpdir hem-de öz tarapyna çekmäge çalyşypdyr. Muňa garamazdan, bu ýerlerde basybalyjylara garşy halk gozgalaňlary başlapdyr.

Ýerli begzada hem harby serkerde Spitamen basybalyjylara garşy halk gozgalaňyna baş bolup göreşe başlaýar. Gozgalaň b.e. öň 329-njy ýylda başlanýar. Spitamen ep-esli goşun ýygnapdyr, oňa parahat oturan ilat hem goşulýar. Gozgalaňçylar Marakanda şäherinde goýlup gidilen grek goşunlaryny derbi-dagyn edýärler, olaryň galanlary bolsa galada goranyşa geçip, daşyndan kömege garaşmaly bolýar. Aleksandr Syrderýadaky gozgalaňy basyp ýatyryp, 3 müň pyýada, 800 sany atly goşuny Marakanda kömege iberýär. Aleksandryň özi bolsa, Eshatyda Aleksandriýa şäheriniň gurluşygyna başlap, daşy 9 km bolan giňlikde gala salýar. Galada urşa ýaraman galan esgerleri, ýesirleri hem-de ýerli we makedon goşunlaryndan isleg bildirenlerini ýerleşdirýär. Arrianyň ýazmagyna görä, bu uly gala 20 günde salnyp tamamlanypdyr.

Aleksandr başlanan gozgalaňyň möçberine göz ýetirmändir. Spitamen grek-makedon goşunynyň gelmegi bilen Marakanda şäherinden çekilipdir, grekler bolsa gozgalaňçylaryň yzyndan kowupdyrlar, emma amatly wagt gelende Spitamen garşylyklaýyn hüjüme geçipdir. Grekler Arrianyň aýtmagyna görä, Zerewşan derýasynyň bir adasyna gaçypdyrlar, emma bu ýerdäki skifler we Spitameniň atly goşuny olary gabap, peýkam oklary bilen atyp ýok edipdirler.




Spitamen ýerli halkyň goldamagy bilen ýene-de Marakanda şäherini gabaýar. Aleksandr esasy güýçleri bilen Ýaskart derýasyndan yzyna gaýdyp gelende, Spitamen ýene-de Marakanda şäherini taşlap çöle çekilipdir. Aleksandr öň skifler bilen bolan sähra uruşlaryndan netije çykaryp, Spitameni yzarlamandyr, emma şäher halkynyň erkek göbeklisini uçdantutma gyrmagy buýruk berýär. «Ölüme buýrulan 30 sany şäheriň emeldar begleriniň, ölümden çekinmän aýdym aýdyp ölüme baryşlaryny gören makedonlylar, olaryň batyrlygyna haýran galypdyrlar» diýip, Kwint Kursiý Ruf Aleksandr baradaky ýazgylarynda ýatlaýar. Bu gozgalaň döwründe grek-makedonlylar uly ýitgilere sezewar bolýar. Spitameniň ýörite düzülen çozujy toparlary grek-makedon goşunynyň uly ýitgilere sezewar bolmagyna getiripdir. Gozgalaňçylar basybalyjylara bir gün hem ynjalyk bermändir.

Aleksandr gozgalaňy basyp ýatyrmak üçin, bar bolan 20 müň goşunyny 5 topara bölüpdir hem-de Sogdyň içinden geçip, gabat gelen obalaryň we şäherleriň adamlaryny gyrgynçylyga beripdir. Grek taryhçysy Diodor Sisiliýskiniň ýazmagyna görä, «Aleksandr gozgalaň eden sogdylary yzarlap, 120 müň adamy gyrypdyr». Netijede, bu gyrgynçylykdan soň, Aleksandr öz grek-makedon goşunyny saklamak üçin, bu ýurtda abat şäher galmandygy sebäpli, ol şäherleri dikeltmek we täzeden gurmak barada serkerdelerine buýruk beripdir. Bu döwürde Spitamen özüniň 600 atlysy bilen Aleksandryň arka tarapyna, Baktriýa

geçip, grekler bilen gahrymanlarça uruş alyp barypdyr. B.e. öň 328-nji ýylda Spitamen 3 müň goşun bilen ýene-de Sogda ýöriş edýär, söweşde iki tarapdan hem uly ýitgiler çekilýär. Şondan soň, Spitamen çöle çekilmekçi bolýar, emma sähra taýpalarynyň serdarlary dönüklik edip, onuň kellesini kesipdirler hem-de ony Aleksandra iberipdirler. Şeýdip, olar üstlerine gelýän makedon howpunyň öňüni almak isläpdirler. Spitameniň haýynlyk bilen öldürilmegi gozgalaňyň gowşamagyna alyp barýar. Aleksandr uly kynçylyk bilen gozgalaňy basyp ýatyrýar.

Aleksandr b.e. öň 328–327-nji ýylyň gyşyny Sogdyda geçirmeli bolýar. Ol ýerli baýlary we zoroastrizmiň ruhanylaryny öz tarapyna çekmek üçin, alyp barýan syýasatyny düýpgöter üýtgetmeli bolupdyr. Mysal üçin, b.e. öň 327-nji ýylyň güýzünde daglyk ýerlerde ýerleşýän käbir galalar alnanda, olary goraýan ýerli beglerden bolan Oksiart, Sisimitr we Horieni diňe bir jezalandyrman, eýsem olaryň hemme baýlyklaryny hem gaýtaryp beripdir. Aleksandr ýerli baý gatlagyň wekillerini, hanlaryny, beglerini pul hem-de derbi-dagyn edilen gozgalaňçylaryň emlägini we ýerlerini paýlamak bilen öz tarapyna çekipdir. Ýerli halky öz tarapyna çekmek üçin, Aleksandr ýerli begler bilen ýakynlaşmaga çalşyp, Oksiartyň gyzy Roksana öýlenýär, şeýdip, ol ýerli ilat bilen garyndaşlyk gatnaşygyny hem açypdyr.

Şeýlelik-de, 3 ýylyň (b.e. öň 330–327-nji ýý.) dowamynda alnyp barlan uruşlaryň netijesinde, Pars patyşalygynyň gündogar serhetleri Aleksandryň döwletiniň düzümine goşulýar hem-de parslaryň agalygy grek-makedonlylaryň agalygy bilen çalşylýar. Amyderýanyň sag kenary tutuşlygyna makedonlylar tarapyndan basylyp alynýar. Rowaýata görä, Aleksandr Zerewşan derýasynyň ýokary sebitlerine çenli baryp ýetipdir, onuň şeýledigine şol ýerdäki kölüň adynyň «Iskender köli» diýilmegi hem güwä geçýär. Bu döwürde diňe Horezm özüniň garaşsyzlygyny saklap bilipdir. B.e. öň 228–227-nji ýyllarda «Aleksandr Baktriýada gyşlanda, onuň ýanyna Horezm şasy Farasman 1500 atlysy bilen gelip, kolhlara we amazonkalylara garşy bile ýöriş etmegi teklip edipdir» diýip, grek taryhçysy Arrian habar berýär.

Uruş döwründe örän köp obalar we şäherler weýran bolýar, bütin ýurt – ägirt köp adam we maddy heläkçiliklere sezewar edilýär. Bu bolan işler Aleksandr Makedonskiniň ýörişleriniň diňe bir tarapy. Gresiýanyň we Makedoniýanyň Ahemeni patyşalygyndan üstün çykmagy, belli bir derejede ösen gul eýeçilik jemgyýetiniň, yzagalak durmuş-ykdysady

gatnaşykly jemgyýetden ýokarydygyny görkezýär. Netijede, Pars patyşalygynda täze döwlet emele gelýär.

Aleksandr syýasy, ykdysady we medeni ösüşi boýunça dürli derejelerde durýan welaýatlary grek jemgyýetine ýakynlaşdyrmak maksady bilen, Gündogaryň öňki ýokary gatlakdan durýan emeldarlaryny ýurdy dolandyrmaga çekmek syýasatyna uly üns berýär. Şeýle-de, ol söwdanyň ösmegine, gurluşyk işlerini güýçlendirmäge hem uly üns berip başlaýar. Antik taryhçylarynyň ýazmagyna görä, grekler tarapyndan diňe Baktriýada we Sogdyda 8-den 12-ä çenli Aleksandriýa şäherleri salnypdyr. Olaryň içinde: Eshatadaky Aleksandriýa, Ariý Aleksandriýasy, Oks derýasynyň boýundaky Aleksandriýa (Termeziň töwereginde), Baktriýa şäheriniň ýanyndaky Aleksandriýa, Margiana Aleksandriýasy (häzirki Baýramalynyň ýerinde) we beýleki şäherler esaslandyrylypdyr, bu şäherleri Aleksandr ýerli halkyň gozgalaňlardan goranmak maksady bilen hem esaslandyrypdyr.

**Aleksandryň Hindistana ýörişi we Wawilona dolanyp gelmegi.** Pars patyşalygynyň iň gündogar serhedi Hind derýasy hasaplanypdyr, şol ýerden hem Hindistanyň ýerleri, hindi patyşalarynyň – rajalaryň mülkleri başlanypdyr. Bu patyşalyklaryň özara uruşlary seýrek bolmandyr. Aleksandr hindileriň şol ýagdaýyndan hem peýdalanypdyr.

B.e. öň 327-nji ýylyň ýazynda ýerli halklardan üsti doldurylan goşun bilen, Aleksandr Hind derýasynyň bir şahasy bolan Gidasp derýasyna baryp ýetipdir. Bu ýerde Por patyşanyň mülki ýerleşipdir. Aleksandryň ilçileri Por patyşanyň ýanyna baryp, Aleksandra meýletin tabyn bolmagy duýdurypdyrlar. Por patyşa Aleksandra tabyn bolmakdan boýun towlaýar. Şondan soň, Aleksandr ähli güýjüni Pora garşy sürüpdir. Gandöküşikli söweşde Poruň goşuny ýeňilýär, ol köp adamsyny, pillerini we harby ýaraglaryny ýitirýär. Taryhy maglumatlara görä makedonlylar bu söweşde 70 müňe çenli ýesir alypdyrlar.

Grek-makedon goşunlary ýörişi dowam etdirip, Gifasis derýasyna baryp ýetipdirler. Emma Hindistanyň içki ýerlerine mundan beýläk ýöriş etmäge mümkinçilik bolmandyr. Bu ýerlerde tropik ýagynlary başlanyp, derýalar joşupdyr, ýerleri suw basypdyr, goşunyň barýan ýerlerindäki suwlar bolsa zäherli ýylanlardan dolup, esgerler heläk bolupdyr. Goşunyň sany bolsa ep-esli azalypdyr, ýokanç keseller ýaýrap başlapdyr, «älemi basybalyjylar» harby ýörişden halys ýadapdyrlar.

Antiki taryhçylar (Arrian, Kursiý Ruf, Diodor) Aleksandryň Hindistana bolan ýörişini örän aýdyň beýan edipdirler. Mysal ücin Diodoryň işinde «Makedonlylaryň diňe az bölegi ölmän galypdyr, urşuň bolsa soňy görnenokdy, haçan tamamlanjagam belli däldi. Uzak ýollary geçen atlaryň bolsa toýnaklary gyrlyp gutardy, sansyz-sajaksyz bolan söweşlerde esgerleriň ýaraglary küteldi. Esgerleriň hiç birinde grek eşiklerinden zat galmady, diňe hindileriň biri-birine çala çatylan hopul-sopul eşikleri, basybalyjylaryň tenlerindäki ýara düşen ýerini ýapýardy. Asmandan apy-tupan gatyşykly dyngysyz ýagýan ýagyn 70 günläp dowam etdi» diýlip ýazylypdyr.

Aleksandr ýörişi dowam etdirmek üçin, öz esgerlerini ynandyrmaga çalşypdyr. Ol dünýäni basyp alandan soň, olary Makedoniýa alyp barjakdygyna wada berýär. Emma goşun ähli berilýän wadalara garamazdan, ýörişi bes etmegi talap edýär. Aleksandr hem Wawilona barmagy goşuna wada berýär. Goşun täze ýoldan, Pars patyşalygynyň günorta welaýatlarynyň üsti bilen Wawilona gitmeli edilýär. Netijede, goşun gämilere mündürilip, Hind derýasynyň aşaky akymyna ugradylýar.

Goşun diňe 9 aýdan soň, derýanyň aşaky akymyna baryp ýetýär. Bu ýerde uly sadaka berlip, toý tutulandan soň, goşun ikä bölünýär. Goşunyň bir bölegi Hearhyň ýolbaşçylygynda deňiz bilen Ýewfrat derýasynyň aşaky akymyna tarap ugraýar. Ikinji bölegi Aleksandryň ýolbaşçylygynda Gedroziýa (häzirki Bulujystan) çöllügi, Karmaniýa we Parsuanyň üsti bilen Wawilona barmaly edilýär. Iki goşun biri-birini goldap, azyk we suw bilen üpjün etmekligi meýilleşdiripdirler.

Çölden geçmek Aleksandra juda agyr düşüpdir, onuň goşuny doly diýen ýaly hatardan çykyp barýardy. Goşun suw ýetmezçiliginden, açlykdan, öwrenişilmedik tebigatdan, dürli kesellerden, ýylanlaryň çakmagyndan, wagşy taýpalaryň çozuşlaryndan bizar bolupdy. Atlar we düýeler yssydan hem-de agyr goşdan ýadap ýykylyp galýardy. Yssy sebäpli, gijelerine ýöriş etmeli bolýardy. Daglar bolsa deňiz kenary bilen gitmäge Aleksandra päsgel berýärdi, şonuň üçin deňizdäkiler bilen aragatnaşyk hem ýitirilipdi. Aleksandra üçünji aýyň içinde lüti çykan makedon goşunlary bilen zordan Pars aýlagyna ýetmek başardýar. Şu ýerde deňiz bilen gaýdanlar hem 80 günden soň, dört sany gämilerini ýitirip, Pars aýlagyna zordan gelip ýetýärler hem-de Aleksandryň goşuny bilen birigýärler.

Bu yza gaýdyşlykda Aleksandryň goşunynyň $\frac{1}{3}$ bölegi ýolda gyrlypdyr. Onuň bu ýitgisi 10 ýylda geçirilen söweşleriň hiç birinde-de bolmandyr. Aleksandryň goşuny zordan Wawilona gelipdir. Şeýlelik-de b.e. öň 325-nji ýylda 10 ýyllyk ýöriş tamamlanýar.

Aleksandr basyp alnan ýurtlarynyň ähliside öz häkimiýetini pugtalandyrmak üçin 30-a barabar şäherleriň düýbüni tutupdyr we olarda grek hem-de makedon goşularynyň bölümlerini ýerleşdiripdir. Şäherleriň birentegi Aleksandriýa diýlip atlandyrylypdyr. Gresiýadan göçürilip getirilen grekleriň hasabyna şol şäherleriň ilatynyň üsti ýetirilipdir. Iki goşunyň birikmegi sebäpli, Aleksandr goşunyň ruhuny götermek üçin, dabaraly baýramçylyk geçiripdir.

**Aleksandryň döwleti berkitmek baradaky geçiren çäreleri.** Aleksandryň öňünde ýurdy tertibe salmak, öz golastyndaky ýerleri, ýurtlary we halklary täzeden gurnamak wezipesi durupdyr. Aleksandryň täze döwleti möçberi boýunça pars döwletinden hem uludy, onuň imperiýasynyň düzümine Gresiýa, basylyp alnan welaýatlar, ýurtlar, şeýle-de, Hindistanyň bir bölegi birikdirilipdi. Täze patyşalygyň paýtagty hökmünde döwletiň merkezinde ýerleşýän, dünýäniň iň uly şäherleriniň biri hasaplanýan Wawilon saýlanyp alynýar. Imperiýanyň syýasy gurluşy ahemenileriň döwründäki ýaly galdyrylýar. Ýurt diňe bir satraplyklara bölünmän, eýsem köne satraplyklary dolandyrýan emeldar-satraplar hem saklanylýar.

Döwletiň durmuş-ykdysady gurluşynda uly bir özgerişler bolmasa-da, ýurduň ykdysadyýeti has tiz ösüp başlaýar. Makedonlylaryň döwründe, aýratyn hem, ellinçilik döwründe natural hojalygyň agalyk edýän ýurdunda söwda hem gul eýeçilik gatnaşyklary aralaşýar. Aleksandryň goşunlary söwda ýollarynyň çatryklarynda täze şäherleri (Aleksandriýa) gurupdyrlar, olaryň käbirleri häzirki günlere çenli saklanypdyr. Täze esaslandyrylan şäherlerde diňe bir harby bölümler ýerleşmän, eýsem söwdagärler, hünärmenler we senetçiler ýerleşipdirler. Bu şäherlerde grekler bilen birlikde beýleki halklar hem ýaşapdyr.

Aleksandra täze döreden döwletini berkitmek aňsat düşmändir. Ilki bilen Aleksandra grek-makedonlar bilen parslaryň arasyndaky gapma-garşylygy aýyrmak gerekdi, iň bolmanda garşylygy gowşatmalydy. Aleksandr pars beglerini goşuna we döwlet işlerine çekipdir. Öz goşunynyň üstüni parslaryň 30 müň pyýada goşuny bilen doldurypdyr.

Sogdylar, baktriýalylar we parslar grek-makedon goşunynda özbaşyna bir atly bölüm bolup giripdir. Mundan başga-da, Aleksandr grek-makedonlylar bilen parslary ýakynlaşdyrmak maksady bilen, 10 müň esgerini pars gyzlaryna öýlendirýär. Aleksandryň iň ýakyn egindeşleriniň hem 80-si pars begleriniň gyzlaryna öýlenipdirler. Aleksandryň özi Baktriýanyň hökümdarynyň gyzy Roksana öýlenen hem bolsa, gündogar däbi boýunça Dariý III-niň gyzyna hem öýlenýär.

Aleksandr goşun maslahatyny geçirip, olaryň hemmesiniň bergilerini öz serişdesiniň hasabyna tölejekdigini, olaryň toplan baýlyklaryny bolsa, dolulygyna öýlerine äkitmäge mümkinçilik berjekdigini wada berýär. Bu wadalary üçin Aleksandr 20 müň talant harajat etmeli bolýar. Aleksandr pars esgerlerine ýüzlenip, olary ýeňlen esgerler hasap etmeýändigini, tersine olary özüniň egindeşleri ýaly görýändigini, hut özüniň parslaryň dessuryny kabul edip, parslary makedonlaryň däbini-dessuryny kabul etmäge mejbur etmändigini aýdýar. Indi bolsa özüniň janpenakärlerini diňe makedonlylardan alman, eýsem parslardan hem aljakdygyny aýdýar we 1 müň sany ýaş parslardan özüne janpenakärleri alýar. Ol parslary makedonlylaryň söweş ukubynda söweşmegi öwretmegi esgerlerine tabşyrýar. Muny makedon serkerdeleri öz mertebelerini peseldilen hasap edipdirler hem-de patyşanyň olary şeýle peseldip masgaralanyndan jeza bereniň gowudygy barada çykyş edipdirler. Aleksandr gahar edip, goşunyň ýene-de 11 müň weteranyny gullukdan boşadypdyr. Gullukdan boşadylanlaryň başynda serkerde Krateri goýup, oňa Antipatryň ýerine Makedoniýany dolandyrmagy tabşyrýar. Antipatra bolsa goşuna täze alnanlary jemläp, Krateriň ýerine gelmegi buýurýar.

Aleksandr Aziýanyň patyşasy bolandan soň, diňe öz grek--makedon goşunlaryna daýanyp, ýurdy dolandyryp bilmejegine gowy düşünipdir. Oňa Alynky Aziýanyň ilatynyň goldawy gerekdi, aýratyn hem, pars begleriniň goldawy gerekdi, sebäbi olaryň Dariý III ýeňilmegine garamazdan, Eýranda hem Alynky Aziýada jemgyýetçilik-syýasy ýagdaýlary berkdi. Aleksandr kem-kemden pars durmuşynda ýaşamaly bolýar. Ol parslaryň eşigini kabul edip, öz ýakyn adamlaryndan hem şony talap edipdir. Ol pars patyşalary ýaly 300-e çenli aýal saklapdyr. Aleksandryň köşgündäki greklerem, makedonlylar hem öz dessurlaryny parslaryň dessurlary bilen çalşypdyrlar. Indi olar Aleksandryň ýanyna baranlarynda parslar ýaly

egilip, hormat goýup, onuň elini ogşamaly edilipdir. Emma erkin grekler ýa-da makedoniýalylar üçin bu däp juda agyr bolupdyr, sebäbi olar özlerini hiç bir adamynyň golasty hasaplamandyrlar. Olar: Filot, Klit ýa-da Kallisfen patyşany döwletiň birinji adamsy hasap etseler-de, özleriniň biri hasap edip, islendik wagt patyşanyň ýanyna girip ýoldaşlar kimin gürleşip bilipdirler. Emma ellinleriň däp-dessurlary indi geçmişde galypdy. Emma Aleksandr diňe grek-makedonlylara pars adatlaryny öwretmän, eýsem parslara-da grek däplerini öwretmäge çalşypdyr. Aleksandr pars çagalarynyň 30 müňüsini alyp, olara grek bilimini, makedon harby tilsimatlaryny öwretmegi buýrupdyr. Şeýle-de, onuň buýrugy bilen Dariý III-niň çagalary hem terbiýelenipdir.

Aleksandryň bu syýasaty, halklaryň etniki tapawudyny aradan aýyrmaga gönükdirilipdir. Ol Ýakyn Gündogaryň hemme halklarynyň goşulyp, üýtgeşik bir dilli, bir medeniýetli jemgyýeti döretmäge gönükdiripdir. Emma Aleksandryň bu syýasaty güýçli garşylyga duçar bolýar. Aleksandry hudaýlaşdyrmak baradaky syýasat bolsa, onuň daşyndaky grek-makedon ýoldaşlarynyň arasyndaky gatnaşygyny çuňlaşdyryp, oňa palta urupdy. Aleksandryň imperiýasy bütewi bir ykdysady bolmadyk döwletleriň hataryna goşulýardy. Şeýlelik bilen, Aleksandryň goşunynda onuň alyp barýan syýasatyndan närazy adamlar ýüze çykypdy. Aleksandry Ýokarky Makedoniýadan bolan ýakyn aristokratlar goldaýardylar, emma Aşaky Makedoniýadan çykanlar Aleksandra duşmançylykly garaýardylar.

Aleksandr ilkinji gezek b.e. öň 330-njy ýylda öz ýakyn adamlarynyň dildüwşük gurnanlaryna duçar bolupdy. Olar Aleksandry güýç bilen ýok etmegi we öz diýen adamsyny patyşa tagtyna çykarmagy niýet edinipdiler. Emma bu dildüwşüjileriň üsti açylyp, Aleksandr olary jezalandyrypdy. B.e. öň 328-nji ýylda patyşanyň ýanynda aýratyn hyzmatda durýan makedon begleriniň maşgalalaryndan bolan ýaşlaryň, Aleksandra garşy dildüwşük geçirjek bolmaklary hem başa barmandy. Şeýle ýagdaýdaky uly döwlet gürrüňsiz ýykylmalydy, Aleksandryň ölümi bolsa, ony tizleşdirjekdi.

**Aleksandryň ömür ýazgysyndan**

Aleksandr heniz juwan wagtynda Filipp II-niň ýeňişleri hakynda eşidip gynanýar eken. Ol öz ýoldaşlaryna:«Kakam ähli ülkeleri basyp alyp ýetişjek, maňa bolsa hiç hili beýik hem ajaýýp işleri bitirmek başartmaz» diýipdir.

Gordyý şäherinde bir söweş arabalarynyň ýüpi daňylanda gaty çiginedilip daňlan eken, muňa «Gordyý çigin» diýipdirler. «Bu çigni çözen adam bütin Aziýanyň häkimi bolar» diýipdirler. Köp adam ony çözmäge synanyşypdyr, emma ony çözüp bilmändirler. Aleksandr hem bu çigni çözjek bolup synanyşypdyr, emma onuň synanyşygy hem şowsuz bolupdyr. Şonda Aleksandr eline gylyjyny alypdyr-da ony kesipdir. «Gordyý çignini kesmek» diýmeklik hem şondan gelip çykypdyr, munuň özi haýsydyr bir bulaşyk meseläni dessine çözmek gerekdigini aňladypdyr.

Aleksandryň goşunlary çölden geçende suwsuzlykdan gaty horluk çekipdir. Patyşa üçin bir az suw getiripdirler. Aleksandr suwy içmekden ýüz dönderipdir we «bu suw meniň ýeke özüm üçin köp, esgerleriň hemmesi üçin bolsa az» diýipdir-de, suwy çägä döküp goýberipdir.

## XVII. MAKEDONIÝALY ALEKSANDRYŇ MONARHIÝASYNYŇ ÝYKYLMAGY. ELLINÇILIK DÖWLETLERIŇ DÖREMEGI

**Aleksandryň monarhiýasynyň dargamagy.** Grek-makedon basyp alyşlary netijesinde Balkan ýarymadasyndan Hind derýasyna çenli aralykda ägirt uly döwlet emele gelipdir. Gündogaryň patyşalaryna öýkünip, Aleksandr öz daş-töweregini geň galdyryjy bezeg bilen gurşapdyr: onuň egin-eşigi gymmat baha daşjagazlar bilen bezelipdir, kellesine bolsa täç geýipdir. Aleksandr özüni hudaý diýip hasaplamagy we aýagyna ýykylyp tagzym etmegi diňe bir ýerli halklardan däl, eýsem öz ýakyn adamlaryndan hem talap edipdir. Aleksandr öz öňünde täze uly maksatnamalary meýilleşdirýär. Ol Arabystanyň kenarlaryny barlamak, Ýewfrat derýasynda suw gurluşyk işlerini geçirmek, çölleri suwarmak, Wawilonda, Delosda, Delfde we beýleki ýerlerde äpet ybadathanalary gurmaklygy maksat edinýär. Şol şäherlerde ybadathanalaryň düýbi tutulýar. B.e. öň 323-nji ýylda täze ýörişlere taýynlyk görlüp ýörlen wagty, heniz Nearhyň gämileri Makedoniýa ugramanka, patyşanyň ölümi baradaky habar ýaýraýar. Aleksandr garaguş agyryly bolansoň, tutgaýy tutup, şondan hem ölýär. Käbir maglumatlara görä, oňa awy berlipdir hem diýilýär.

Aleksandryň şahsyýeti barada köp sanly powestler, romanlar we rowaýatlar jemlenipdir we ýazylypdyr. Olaryň köpüsi saklanyp häzirki günlere çenli ýetirilipdir. Aleksandr baradaky işler onuň serkerde-

leri Ptolomeý hem Aristobul tarapyndan düzülipdir. Bu serkerdeleriň ýazan işleriniň esasynda biziň eýýamymyzyň I asyrynda Ruf Kursi hem-de ikinji asyrda ýaşan Arrian tarapyndan düýpli işler ýazylypdyr. Aleksandryň taryhy baradaky köp sanly rowaýatlaryň we romanlaryň ýazylmagy üçin, köşk taryhçysy Kallisfen tarapyndan düzülen we ýazylan eserler hem taryhy çeşmeler bolup hyzmat edýärler.

Aleksandr ölenden soň, ýeke-täk gurnalan güýç bolup, onuň goşuny galypdyr. Has demokratik pyýada goşun köp ýeňilliklere eýe bolan makedon goşunyndaky patyşanyň janpenakärlerini we pars beglerinden düzülen atly goşuny it ýigrenen ýaly ýigrenipdirler. Goşun birnäçe özbaşdak bölümlerden ybarat bolup, olarda biri-biri bilen duşmançylyky bolan serkerdeler ýolbaşçylyk edipdirler.

Aleksandryň egindeşleriniň içinde diri galanlardan Perdikka, Antipatr, Ptolomeý, onuň ogly Laga, Ewmen, Antigon we beýlekiler has uly abraýdan peýdalanypdyrlar, olaryň täsiri hem uly bolupdyr. Olar güýçli, garadangaýtmaz we şöhratparaz adamlar bolup, döwletde birinjiligi hiç kime bermek islemändirler. Olaryň her biri özüni iň güýçli hasap edip, hamala Aleksandr ölüm ýassygyndaka özüniň ýüzügini we patyşalygyny oňa wesýet edenmiş diýip çykyş edipdirler.

Ahyr soňunda, jedelli çykyşlardan soň, Aleksandryň garry egindeşi bolan Perdikke döwletiň regenti, ýagny Aleksandryň ogly ýetişýänçä, onuň döwletini dolandyryjysy diýlip yglan edilýär. Patyşa diýlip, Filipp II-niň binika doglan ogly, kemakyl Filipp diýlip atlandyrylýan Arridiý yglan edilýär. Patyşa diýlip Roksanadan dünýä injek çaga oglan bolsa, ol hem patyşa diýlip yglan edilýär.

Soňra bolsa, Aleksandryň mirasy onuň serkerdeleriniň arasynda, onuň «mirasdarlarynyň» (grekçe diadohlaryň) arasynda paýlaşylýar. Şondan soň, serkerde Ptolomeý Aleksandryň meýdini müsür Aleksandriýasyna äkidip, ony sarkafagda tabyda salyp jaýlapdyr. Tiz wagtdan kemakyl Filipp öldürilýär, soňra ýaşajyk Aleksandr hem ejesi Roksana bilen bile öldürilýär. Diadohlaryň döwleti hiç bir özara baglanyşyklary bolmadyk, ýarag güýji bilen birleşdirilen ýurtlar we taýpalar bolupdyr. Şonuň üçin, olaryň arasyndaky parahat gatnaşyklar bozulyp, ýene-de özara uruşlar başlanypdyr.

Aleksandr heniz jaýlanmanka serkerdeleriň arasynda häkimiýet ugrunda göreş tutaşypdyr. Aleksandryň serkerdeleri özara uruşlara başlap, ýer-ýurt üçin biri-birine duşman bolup galypdyrlar. Netijede,

Aleksandryň döwleti birnäçe patyşalyklara dargaýar. Olaryň esasylary Makedoniýa, Müsür we Siriýa-Selewkiler, ownuk patyşalyklar – Pergam, Rodos, Bosfor bolupdyr. Täze dörän patyşalyklarda Aleksandryň egindeşleri özlerini patyşa diýip yglan edipdirler, olaryň häkimiýeti miras boýunça atasyndan ogluna geçipdir. Bu patyşalar hem Aleksandr ýaly Gündogarda köp sanly şäherleriň düýbüni tutup, olarda makedon goşunlary, Gresiýadan göçüp gelenler we ýerli ilat ýerleşdirlipdir.

ELLINISTIK DÖWLETLER (b.e. öňki III-II asyrlarda)




**Selewkileriň ellinçilik döwleti.** Emele gelen ellinçilik döwletleriň içinde özüniň ýeriniň ululygy we içki gurluşy boýunça iň çylşyrymly döwlet Selewk I – Ýeňiji (b.e. öň 308–280-nji ýý.) tarapyndan esaslandyrylan Selewkiler döwleti bolupdyr. Selewk Aleksandryň edenli we şöhrat gazanan serkerdeleriniň biri bolupdyr. Aleksandrdan soň, Selewk Hindistana garşy täzeden ýöriş geçiripdir. Bu döwürde Hindistanda Çandragupta (grekçe Sandrakotta) ähli rajalaryň ýerlerini birleşdirip, uly Hindi patyşalygyny döredipdir. Selewk Çandragupta garşy rajalaryň närazylygyny peýdalanyp, Hindistanda birnäçe ýeňiş gazanýar, şol ýeňişleri üçin hem oňa hormatly «Ýeňiji derejesi» berilýär. Emma Günbatarda ýagdaýlaryň çylşyrymlaşmagy, hindi patyşasy bilen ýaraşyk baglaşmaga Selewk mejbur bolýar. Ylalaşyga görä, Çandragupta Penjapdaky öz mülküni doly saklaýar, ondan daşary hem Gedrozyny, Arahozyny we Parapamsidanyň gündogar welaýatlaryny goşmaça alýar. Şonuň üçin, Çandaragupta Selewke min-

netdarlyk bildirip, 500 sany urşujy pilleri sowgat berýär. Selewk bolsa, Çandraguptanyň gyzyna öýlenip, hindiler bilen garyndaşlyk açýar.

Hindi patyşalygy bilen baglaşylan şertnama b.e. öň 305-nji ý. Selewkiň elini Gündogardan boşadýar. Ol heniz b.e. öň 312-nji ýylda Wawilonda berkişipdir. B.e. öň 301-nji ýylda aýratyn hem, Ipse şäheriniň eteginde bolan söwesden soň, Selewkiň döwletine Siriýa, Derýaaralygy, Ermenistan we Kiçi Aziýanyň günorta sebitleri goşulýar. Şeýlelik-de, Selewkiň döwletiniň düzümine Ahemeniler döwletiniň ýerleriniň uly bölegi birikdirilýär. B.e. öňki 300-nji ýylda Selewk özüniň 10 müň esgerleri üçin, Siriýadaky Oront derýasynyň boýunda Antiohiýa şäherini esaslandyryp, ony ýurduň paýtagt şäherine öwürýär. Antioh şäheri Ortaýer deňzi ýurtlaryny Hindistan we Hytaý bilen birleşdirýän söwda we senetçilik merkezine öwrülýär. Ellinçilik döwrüniň ahyrlaryna çenli Antioh şäheri 300–400-e çenli ilatly uly şähere öwrülýär.

Selewkiler döwletiniň ikinji bir paýtagt şäheri Selewki şäheri bolup, ol Ýewfrat derýasy bilen Tigr derýasynyň ýakynlaşýan ýerinde gurlupdyr. Selewki şäheri ellinçilik şäherleriniň içinde Aleksandriýadan soň, iň gözel hem uly şäheriň birine öwrülýär. Strabonyň ýazmagyna görä, onuň ilaty 600 müňden geçipdir. Bu şäherde grekler, makedoniýalylar, siriýalylar, parslar, ermeniler, ýewreýler we hindiler ýaşapdyr. Şäheriň öz dolandyryş guramasy bolupdyr. Onuň ýokary guramasy emläk baýlyklary esasynda 300 adamdan ybarat saýlanýan şäher geňeşinden we halk ýygnagyndan ybarat bolupdyr.

Selewkiň döwleti ägirt uly ýerleri öz içine alansoň, ol özüni kanuny taýdan Aleksandryň oruntutary hasap etmäge haklydy. Imperiýany öňki derejesine eltmek üçin, oňa diňe öz watany bolan Frakiýa we Makedoniýa ýerlerini birikdirmek gerekdi. Şonuň üçin, Selewk b.e. öň 281-nji ýylda döwletiň Aziýa bölegini ogly Antioh I (b.e. öň 281–61-nji ýý.) tabşyryp, Ýewropa harby ýörişi gurnaýar. Makedoniýany eýelemek Selewke miýesser etmeýär. Ýörişe ugraljak wagtynda ol Müsür patyşasynyň dogany Ptolemeý Kerawn tarapyndan öldürilýär.

Selewkiň ölümi bilen ellinçilik döwletleriň arasynda duşmançylyk güýçlenýär. Bu ýagdaýdan Makedoniýadan demirgazykda ýerleşýän köp sanly halklar peýdalanypdyrlar. Gallilar – keltler b.e. öň 278-nji ýylda Apennin we Balkan ýarymadalaryna bosup girip, Makedoniýany,

Gresiýany we Frakiýany tozdurypdyrlar. Soňra 20 müň goşun bilen olar Kiçi Aziýa baryp ýetipdirler. Olar iki ýylyň dowamynda bu ýerleri hem tozdurypdyrlar. Kiçi Aziýa şäherleri şeýle ýagdaýda Selewk Nikatoryň ogly Antioh I daşyna birleşmäge mejbur bolupdyrlar. B.e. öň 275-nji ýylda Kappadokiýada bolan gandöküşikli söweşde Antioha gallileri derbi-dagyn etmek başardýar. Emma Kiçi Aziýada ýagdaýlar kynlaşansoň Antioh käbir welaýatlardan we şäherlerden el çekip, olara keltlerden goranmagy özlerine tabşyrýar. Selewkileriň döwleti patyşa Antioh II (261–246-njy ýý.) döwründe gündogar halklarynyň gozgalaňlary netijesinde ep-esli gowşaýar, netijede Selewki döwletinde Baktriýa we Parfiýa bölünip özbaşdak döwletler emele gelýär.

Selewkileriň Müsürdäki Ptolemeýler döwleti bilen ýeke-täk agalyk ugrundaky alyp baran uruşlary hem şowsuz bolýar. B.e. öň 217-nji ýylda Selewki patyşasy Antioh III (b.e. öň 223–187-nji ýý.) Ptolemeýlerden Finikiýany we Kelesiriýany gaýtaryp aljak bolmagy hem ýeňilmek bilen tamamlanýar. Emma Antioh III Gündogara geçiren ýörişleri şowly bolýar. Onuň käbir elden gideren ýerleri yzyna gaýtarylyp alynýar. Antioh III-niň Hindistana ýörişi bolsa oňa juda köp baýlyk getiripdir. Antioh III Makedon patyşasy Filipp V bilen ýakynlaşyp, onuň bilen ýaran bolýar hem-de Finikiýa we Palestina ýerlerinden Müsür goşunlaryny gysyp çykarýar. Netijede, bu sebitdäki ownuk döwletler Selewki döwletine birikdirilýär. Antioh III Müsüre hem çozup girýär. Emma Antiohyň mundan beýläk güýçlenmeginden howatyrlanan Rim bu işlere goşulýar. Rimiň goşulmagy bilen Selewkileriň patyşasy Antioh III Müsürden çykyp gitmeli bolýar. B.e. öň 190-njy ýylda Magneziniň eteginde bolan söweşde bolsa, rimliler Antiohyň goşunyny derbi-dagyn edýär we olaryň Alynky Aziýadaky täsiriniň soňuna çykýar. Selewki döwleti b.e. öň II asyryň ortalaryna çenli has hem gowşaýar.

Antioh III-den soň Selewkileriň ýerleri has kiçelýär, irginsiz uruşlar we gozglaňlar döwleti mazaly gowşadýar. B.e. öň III asyryň ortalarynda Gündogarda dörän Parfiýa türkmen döwleti, edenli Mitridat I-niň (b.e. öň 171–138-nji ýý.) we Mitridat II-niň (b.e. öň 123–87-nji ýý.) dolandyran döwürlerinde Selewkiler döwleti has hem gowşaýar. Selewkileriň şowsuzlyga uçramagyna Rimiň goşulmagy uly täsir edipdir. Rim Selewki döwletini bölmek maksady bilen, oňa garşy durýan Alynky Aziýanyň hemme döwletlerini goldapdyr. Emma

selewkilere esasy zarbany Parfiýa urup, onuň Ýewfrat derýasyna çenli ýerlerini elinden alýar. B.e. öň 64-nji ýylda Selewkiler döwletiniň galan bölegi hem özbaşdak ýaşamaga ukybyny ýitirip, ýaşamagyny bes edýär. Onuň ýerleri: Midiýa, Derýaaralygy – Mesopotamiýa, häzirki Eýran ýerleri Parfiýa döwletine birikdirilýär. Parfiýa patyşalary indi hiç zatdan çekinmän, Günbatara tarap hereket edip, selewkileriň galan ýerlerini hem basyp almaga başlapdyr. Emma Parfiýanyň Günbatara hereketi, olaryň rimliler bilen çaknyşmagyna alyp barýar. B.e.ön 64-nji ýyldan başlap, dünýa agalygy ugrunda köp asyrlara çeken Rim-Parfiýa bäsdeşligi başlaýar.

**Selewkileriň içerki ýagdaýy.** Ägirt uly ýerleri özüne birikdiren Selewki döwletini bir merkezden dolandyrmak kyn bolupdyr. Düzümine goşulan halklar hem dürli dillerde gürläp, taryhy ösüşiň dürli basgançaklarynda ýaşapdyrlar. Döwletiň serhediniň juda uly bolmagy bolsa, ony goňşy halklaryň çozuşlaryndan gorap saklamagy kynlaşdyrypdyr.

Döwletiň merkezi bölegi onuň gülläp ösen döwründe hem gadymy merkezler bolan Wawilon we Assiriýa ýerleri bolup galypdyr. Bu ýerlere Kiçi Aziýanyň, Siriýa we Finikiýa ýerleriniň şäherleri goşulyp, ellinizim döwründe täzeden ösen şäherlere öwrülipdirler. Siriýanyň ýerindäki Arameý şäherleriniň ýaşaýyşlary bolsa, söwda kerwenleriniň gelşine bagly bolupdyr. Bu ýerdäki şäherler Finikiýa ýurdy bilen serhetdeş bolup, Ortaýer deňzine birleşýän senetçilik we söwda şäherleri bilen ýakyndan gatnaşyk saklamaga mümkinçilik beripdir. Emma olaryň gündogar böleginde köp sanly çarwa, ýarymçarwa oturymly taýpalar ýerleşipdir. Bu halklary birleşdirmek üçin, selewkiler öz harby güýjüne hem-de kenarýaka ellinçilik şäherlerine daýanmaly bolupdyrlar. Aleksandryň harby ýörişleri döwründe şäherleriň düýbüniň tutulyşy ýaly, Selewk Nikator we onuň oruntutarlary hem köp sanly şäherleri esaslandyrypdyrlar.

Selewkiler döwründe gurlan şäherler, esasan, döwletiň günbatar sebitlerinde gurlupdyr. Olar öz döreden döwletiniň çäklerinde 150-den gowrak şäherleri esaslandyrypdyrlar. Diňe Selewk I özi 60-a golaý şäheri esaslandyrypdyr, şolaryň 16-sy Selewkiň kakasy Antiohyň adyny göteripdir, 9-sy bolsa Selewki diýlip atlandyrylypdyr. Selewkileriň syýasy paýtagty Oront derýasynyň boýunda gurlan Antioh şaheri bolupdyr. Bu şäherler polis görnüşindäki şäherler bolup, özleriniň awtonomiýa gurluşyny, magistratlaryny we şäher

dolandyryş guramalaryny döredipdirler. Emma olar nusgawy döwrüň polisleri ýaly garaşsyz bolman, Selewkileriň ýerli hökümdarlarynyň gözegçiliginde bolupdyrlar. Selewkilere Egeý deňziniň kenar-daryndaky şäherlere (Tir we ş.m.) we ondan gündogara Hindistana we Hytaýa gidýän söwda ýollaryna eýelik etmeklik örän ähmiýetli bolupdyr. Uzak Gündogar bilen söwda gatnaşyklarynyň güýçli depginde alnyp barlandygy barada Hindistanda, Hytaýda we Mongoliýada üsti açylan köp sanly grek teňňeleri we senetçilik önümleri subut edýärler. Han nesilşalygynyň hytaýyň sungat eserleriniň grek sungatyna ýetiren täsiri hem az bolmandyr, grekleriň ellinçilik döwrüniň sungaty ony başdan geçiripdir. Günbatar Eýranda hem köp sanly grek amforlarynyň aýratyn hem, Rodos amforlarynyň (küýze döwükleri) tapylmagy, selewkiler döwründe söwda gatnaşyklarynyň giň gerim alandygyna güwä geçýär.

Söwda ýollary, esasan, Kiçi Aziýanyň, Siriýanyň kenarýaka şäherlerinden Ýewropa we Gündogar ýurtlaryna uzap gidipdir. B.e. öň II asyrda çöl üsti bilen Pars aýlagyna we Hindistana gidýän söwda ýollary dikeldilipdir. Bu döwürde Damask, Gaza, Pýotr şäherleri söwda merkezlerine öwrülýärler. Siriýanyň söwdagärleri bolsa, Rodos we Delos adalarynyň üsti bilen Ýewropa ýurtlaryna gidipdirler hem-de olar bilen söwda gatnaşyklaryny saklapdyrlar.

Selewkileriň içki gurluşy Ptolemeýler döwletiniň gurluşyna ýakyn bolupdyr. Selewkilerde şäherler we şäher ilatynyň orny Ptolemeýleriň şäherlerinden has tapawutly bolupdyr. Bu bolsa selewkileriň hojalyk ýaşaýşyna öz täsirini ýetiripdir. Selewkileriň häkimligi Ptolemeýleriňki ýaly hojalyga doly eýelik etmändir. Selewkilerde patyşa ýerlerinden daşary emeldarlaryň we şäherleriň öz ýerleri bolupdyr. Döwletiň esasy ulgamy bolan söwda şäherleriň we söwda birleşmeleriniň ellerinde bolupdyr. Şäherler öz teňňelerini erkin zikgelemäge hukukly bolupdyrlar. Emma Gündogaryň monarhiýasy bilen grekleriň polis gurluşynyň goşulmagy selewkilerde has aýdyňlygy bilen ýüze çykypdyr.

Selewki döwletinde ybadathanalar hem uly ýerlere eýelik edipdirler, olarda köp sanly gullar hem kärendeçiler işläpdir. Ybadathanalaryň öz düzgünnamasy hem-de berk bellenilip geçilýän baýramçylyklary bolupdyr. Ybadathanalaryň başynda patyşa neslinden bolan ruhanylar oturypdyrlar. Bulardan başga-da, Selewkileriň

ägirt uly ýerinde selewkileriň häkimligini ykrar eden taýpalar ýaşap, olar öz serdarlary tarapyndan dolandyrylypdyr. Selewki döwletinde patyşanyň ýerinde ekerançylar işläp, olar salgyt hem-de töleg tölemeli bolupdyrlar, üstesine-de olaryň öz ýaşaýan ýerlerinden özbaşdak çykyp gitmäge hukuklary bolmandyr. Salgyt hasylyň ondan bir bölegini tutupdyr. Hasylsyzlyk ýyllary döwlet uly zyýan çekipdir. Daýhan bu ýagdaýda hem hasylyň bäşden dört bölegini alyp galyp bilipdir. Emma ýer salgydynyň bir bölegi pul bilen tölenmeli bolupdyr, önüm görnüşindäki töleg hem az bolmandyr.

Selewkileriň döwletinde işçi zähmeti hem giňden peýdalanylypdyr. Siriýadaky Selewki, Wawilon we Suzy şäherleri gullaryň iň köp saklanýan şäherleri bolupdyr. Patyşa Selewk Nikator öz döwletini 72 sany welaýata bölüpdir, olar parslaryň agalygy döwründäki ýaly satrap atlaryny saklapdyr. Her satraplygyň başynda satrap ýa-da serkerde durupdyr. Selewkilerde agyr ýaraglandyrylan atly goşun bolupdyr, söweşlerde piller kän ulanylypdyr.

Selewkileriň iň uly gazanan üstünlikleriniň biri-de, olarda hakyky sene-kalendary ýöredilipdir. Emma bu ilkinji senenama däldir, sebäbi finikiýanyň käbir şäherleri hasaba alnyp, kalendary ulanyp başlapdyrlar. Emma selewkileriň senenamasy has giňden kabul edilen ilkinji senenama bolupdyr. Ol magistrat – eponim hasabyndan hem, patyşalaryň tagta çykyp ýyl hasabyny täzeden ýöredişlerinden hem düýbünden tapawutly bolupdyr hem-de dogry senenama bolup hyzmat edipdir. Sene selewkileriň eýýamyndan hasaplanyp başlapdyr, emma bularda hem iki sene ulanylypdyr. Wawilonda birinji ýyl b.e. öň 311-nji ýylyň I Nisan aýyndan, ýagny mart-aprel aýlaryndan başlanypdyr. Şol ýyl Selewkiň Wawilony eýelemegi bilen ilkinji gezek täze ýyl baýramçylygy hasaplanypdyr we bellenipdir. Siriýada bolsa bu sene makedonlylaryň täze ýyly I Dion (oktýabr) aýy bilen gabat gelipdir, şonuň üçin, ol b.e. öň 312-nji ýyl hasaplanypdyr. Şeýlelik bilen, täze seneleriň bäş aý töweregi aratapawudy bolupdyr. Selewki sene hasaby Aziýada giňden peýdalanylypdyr, ony ýewreýlerem, Siriýanyň hristianlary hem köp ýyllaryň dowamynda ulanypdyrlar. Ol Parfiýada we onuň basyp alan ýurtlarynda hem ýöredilipdir. Selewkileriň ellinçilik döwleti özüniň ýaşan 250 ýylynyň dowamynda taryhda şäherleri gurmakda, koloniýalaşdyryş işinde, söwda-senetçiligi ösdürmekde hem-de kalendar hasabyny döretmekde uly yz galdyrypdyrlar.

**Ellinçilik Ptolemeýleriň döwleti.** Ähli ellinçilik döwletleriniň içinde iň berki we kuwwatlysy Müsür patyşalygy bolupdyr. B.e. öň III asyryň ahyryna çenli Ptolemeý Lagyň nesilleri Müsürde ornaşypdyrlar. Müsürde Ptolemeýler nesilşalygyny Ptolemeý I Soter (b.e. öň 305–282-nji ýý.) esaslandyrýar. Onuň oruntutarlary döwründe Ptolemeý Fladelfiň (b.e. öň 282–246-njy ýý.) we Ptolemeý III Ewergetiň (b.e. öň 246–222-nji ýý.) dolandyran ýyllarynda Müsür öz ösüşiniň iň kuwwatly döwrüni başdan geçirýär. Müsüre Nil derýasynyň jülgesinden başga-da, Efiopiýa, Finikiýa, Palestina, Kipr adasy, Kiçi Aziýanyň günorta kenary we Gellespontyň käbir şäherleri giripdir. B.e. öň III asyryň ortalarynda, Müsür Ortaýer deňiz sebtinde gürrüňsiz dünýä agalygyna bäsdeşlik edip biljek ýeke-täk döwlete öwrülýär.

Ellinçilik Müsüriň syýasy gurluşy gadymy despotiki düzgüne ýakyn bolupdyr. Ptolemeýler müsür faraonlarynyň döwlet dolandyryş guramalaryndan özlerine gereklisini alyp, täze ýagdaýlara kybapdaş gurupdyrlar. Mysal üçin, Müsür şäherleriniň dolandyryş guramalary edil grekleriň şäher dolandyryş guramalary ýaly döredilipdir. Ptolemeýlere Müsürde güýçli harby-býurokratik dolandyryş ulgamyny döretmek başardýar, bu bolsa olara 275 ýyllap saklanmaga mümkinçilik beripdir. Ptolemeýleriň patyşasy döwlet meselelerini ýeke-täk çözüp, çäklendirilmedik häkimiýete eýe bolupdyr. Müsür Ýokarky we Aşaky Müsüre bölünip, onuň paýtagty Aleksandriýa şäheri bolupdyr. Müsürde ýurduň nomlara bölünişi saklanypdyr. Olaryň sany dürli döwürlerde 40-dan 45-e çenli ýetipdir. Nomlaryň başynda serkerdeler durupdyr. Ilki başlarda olaryň elinde diňe harby-syýasy häkimligi bolan bolsa, kem-kemden nomlukdaky hojalyk we kazyýet hukuklaryny hem öz ellerine alypdyrlar. Şeýlelik bilen, serkerdeler nomarhy häkimlikden gysyp çykarypdyrlar. Müsürde nomluklar etraplara bölünip, olaryň başynda bolsa emeldarlar oturypdyr.

Döwletiň gaznasy Aleksandriýada ýerleşipdir. Maliýe ulgamynyň başynda baş gaznaçy – dioýket oturypdyr. Müsür Ptolemeýleriniň döwlet emeldarlary dürli derejelere eýe bolupdyrlar. Birinji, iň ýokary derejede «patyşanyň garyndaşlary», olaryň yzynda «patyşanyň dostlary», olardan soň ýöne «dostlary» diýilýän derejeler bolupdyr.

Patyşa häkimliginiň gelip çykyşy, patyşalar Ptolemeý II we onuň aýaly Arsinoý döwründen başlap hudaýlaşdyrylypdyr. Müsürde patyşalaryň atlarynyň ýanyna elmydama nähili hem bolsa bir ýakym-

ly at dakylypdyr. Mysal üçin, Soter – halas ediji, Ewerget – bereketli, Filometr – enesine hormat goýýan, Fladelf – uýasyna mähriban ýaly lakamlar berlipdir. Patyşalaryň hudaýlaşdyrylmagy bolsa, patyşanyň abraýyny galdyryp, patyşanyň häkimlikde eden-etdiliginiň hem-de köşkde dildüwşükleriň öňüni almaga gönükdirilipdir.

**Müsüriň ykdysadyýetiniň ösmegi.** Ellinçilik döwründe hem Müsüriň ykdysadyýetiniň esasyny suwarymly ekerançylyk tutupdyr. Suwaryş ulgamlary giňeldilipdir. Yurduň girdejisini artdyrmak maksady bilen, Ptolemeýleriň hemme patyşalary suw ulgamyna uly üns beripdirler. Kanal çekipdirler, batgalyklar guradylyp, Faýum oazisi özleşdirilipdir. Müsüriň ähli ýerleri patyşanyňky hasap edilipdir. Emma patyşa öz ýerleriniň bir bölegini öz ýakyn adamlaryna, garyndaşlaryna bölüp beripdir. Bulardan başga-da, ybadathana ýerleri bolupdyr hem-de kleruhlaryň – harby esgerleriň ýerleri bolupdyr, olara hem patyşa tarapyndan eglişik edilip hyzmatlary üçin ýer berlipdir.

Faraonlaryň döwründäki ýaly, Ptolemeýleriň döwründe hem patyşanyň ýeriniň köp bölegi kärendeçilere ýa-da patyşanyň ýerinde işleýän ekerançylara kärendesine bölüp berlipdir. Patyşanyň ýerinde işleýän ekerançylar Müsürde ilatyň esasy bölegini tutupdyr. Patyşanyň ýerinde işleýän ekerançylar ýere eýeçilik edip bilmändirler, şonuň üçin öz işleýän ýerlerini satmaga beýle-de dursun, eýsem öz islegi boýunça işläp hem bilmändirler, hatda olar ýerleri taşlap gidip hem bilmändirler.

Patyşanyň ekerançylaryndan başga-da, Müsürde ýeri bolmadyk, emma günlükçilik edýän gatlak hem bolupdyr. Bulardan başga-da, Müsürde ýer paýyny alýan, sylag berilýän gatlak bolup, olar hem döwlet tarapyndan görkezilen möçberde ekmeli diýlen ekini ekmeli bolupdyrlar. Taryhy maglumatlara görä, asly greklerden bolan Apolloniý diýen emeldar patyşadan 30 müň arur (1 arur 027 gektar) sylag hökmünde ýer alypdyr. Ýerleriň bir bölegini ol kärendeçä berip, galan iň oňat ýerlerini bolsa, ýeri dolandyryjynyň üsti bilen işledipdir we dolandyrypdyr. Kärendä berilýän ýerlerde galla ekilipdir, galan ýerlerde bolsa üzüm, kädi, mindal hem-de tehniki ekinler: pagta, kenep, zygyr ýaly ekinler ekilipdir. Apollon öz adamlarynyň üsti bilen söwda işlerine hem gatnaşypdyr, göterimine pul berip süýthorçulyk edipdir, ol senetçilik ussahanalaryna hem eýeçilik edip, ummasyz köp girdeji alypdyr.

Ptolemeýleriň döwletinde salgytsyz hiç bir hojalyk ulgamy ýa--da senetçilik kärhanasy bolmandyr. Haryt getirmek, harytlary çy-

karmak, bir etrapdan ikinji bir etraba geçmeklik, satmak ýa-da satyn almak üçin, şeýle-de telekeçilik işleriniň ähli görnüşleri boýunça ilat salgyt tölemeli bolupdyr. Bulardan başga-da, hökmany berilmeli salgytlar ýere bolan salgyt, önüm görnüşinde, baga, üzümçilige, pul bilen salgyt tölenilipdir, ybadathanalar ücin alynýan salgyt, erkek adamlar üçin janbaşyna salgyt, hojalyk salgytlary bolupdyr. Bulardan başga-da, mal üçin salgyt, bent gurmak, köpri gurmak, ýol we kanal gurluşyklary üçin, emeldarlary saklamak üçin, araganaşyk we ş.m. salgytlar girizilipdir. Ptolemeý II Filadelfiň döwründe her ýylky önüm görnüşindäki girýän salgyt 600 müň gektolitr çörege barabar bolupdyr, pul salgydy hem nagt görnüşinde 15 müň kümüş talanta ýetipdir. Ptolemeýleriň Müsür döwletinde üstaşyr geçýän söwdadan girýän girdejisi hem ykdysadyýetiň esasy çeşmesi bolupdyr. Müsüriň Gyzyl deňzindäki gämi portlarynyň üstünden Hytaýdan, Hindistandan, arap ýurtlaryndan getirilýän harytlar geçipdir. Ol gelýän harytlar, esasan, gurluşyk harytlary, metal, gymmat bahaly daşlar, pil süňki, düýeguşlaryň ýelegi bolupdyr. Kiçi Aziýadan, Palestinadan, Siriýadan we beýleki welaýatlardan getirilýän çig mallar Müsür ussahanalarynda täzeden işlenip, gymmat bahadan beýleki ýurtlara satylypdyr. Taýýar önümler Müsüriň ähli welaýatlaryna we şäherlerine ýaýradylypdyr.

Müsüriň esasy söwda ýoly Nil derýasy bolup, ol kanallaryň we söwda ýollarynyň üsti bilen Egeý deňzini Nubiýa, Liwiýa ýurtlary bilen, Müsür Aleksandriýasy bilen birleşdiripdir. Ptolemeýler tarapyndan dikeldilen Nehonyň kanaly bilen Ortaýer deňzi, Gyzyl deňiz bilen birleşdirilipdir. Bu ýerde harytlar diňe patyşa gämileri bilen daşalypdyr, onuň üçin bolsa söwdagärler salgyt tölemeli edilipdir. Ähli gämi we guryýer ulagly söwdagärler, döwlet üçin haryt daşap zähmet borçlaryny ýerine ýetirmeli edilipdir. Olar öz ulaglary bilen getirilýän harytlary Gyzyl deňzinden Ortaýer deňzine daşamaly bolupdyrlar. Gelýän harytlaryň hemmesi Aleksandriýa şaherinde jemlenipdir, şol ýerden bolsa dünýäniň ähli ýurtlaryndan gelýän söwdagärler harytlary satyn alyp, öz ýurtlaryna alyp gidipdirler.

Aleksandriýany Faros adasy bilen birleşdirmek üçin, daş çekilip deňziň içi bilen ýol ýasalypdyr. Bu ýerde beýikligi 140 metrden beýik bolan dünýäniň ýedi täsinliginiň biri hasaplanýan Aleksandriýa maýagy gurlupdyr. Bu maýak gelýän gämilere duralga girmek üçin ýoluna ýagtylyk beripdir. «Bütin Aleksandriýa şäheri arabaly, atly geç-

ýänler üçin iň amatly, biri-birini kesýän köçeler ulgamy bilen gurlupdyr. Her haýsysynyň ini 100 futa, ýagny 31 metre barabar bolan iki sany köçe biri-birini kesýän ulgamlardan ybarat gurlupdyr. Şäherde örän owadan jemgyýetçilik jaýlary we patyşa köşkleri ýerleşip, olar şäheriň ähli tutýan ýeriniň dörtden bir bölegini diýen ýaly tutupdyrlar. Şäheriň köşkleri biri-biri bilen birleşdirilip salnypdyr, bu ýerde gurlan jaýlar gämi duralgasy bilen hem birleşdirlipdir. Patyşa köşgüniň bir bölegi adamlar gezelenç eder ýaly, seýil bagyndan, geňeş geçirilýän jaýdan, onuň gapdalynda bolsa ýene-de bir uly otagdan ybarat gurlupdyr. Ol ýerde alymlar üçin naharhana, onuň bilen ýanaşyk dünýä belli Aleksandriýa muzeýi ýerleşýär» diýip, gadymy grek geografy Strabon öz ýazgylarynda bu şäheriň binagärçilik gurluşyny geň görüp beýan edipdir.

Döwletiň güýjäp, kuwwatlanan döwri, esasan, ilkinji Ptolemeýleriň döwri bolupdyr. Döwleti esaslandyryjy Ptolemeý I Soter öz döwletini berkitmek maksady bilen, Müsüriň töweregindäki ýerleri basyp alýar. Ol özüniň pul ulgamyny döredipdir. Müsüre grekleri çekipdir, uruşlarda hakynatutma goşunlary peýdalanmak üçin, olara ýer bölüp beripdir. Ptolemeý I Soteriň özi hem ýazyjy bolup, medeniýetiň ösmegine köp üns beripdir. Aleksandriýada kitaphana we muzeý açypdyr. Ptolemeý II döwründe hem ýurduň ýerleri giňeldilipdir. Ol hem ylma we medeniýete uly üns beripdir. Onuň köşgüne ady belli şahyrlar, alymlar, lukmanlar jemlenipdir. Aleksandriýa kitaphanasy has hem baýlaşypdyr. Ptolemeý III hem Aziýa harby ýörişleri geçirip uly üstünlikleri gazanypdyr. Aleksandriýa kitaphanasyny giňeldipdir. Bu ýerde alym Eratosfen işlär ýaly ähli mümkinçilikleri döredip beripdir. Pars aýlagyna ekspedisiýa gurnapdyr.

Müsüriň jemgyýetçilik gurluşynyň aýratynlyklarynyň biri-de Müsüriň bütin taryhynyň dowamynda ruhanylaryň we ybadathanalaryň täsiri juda uly bolupdyr. Emma ilkinji Ptolemeýleriň döwründe olaryň hukuklary gysylypdyr, özlerini hudaýlaryň ýerdäki wekilleri hasaplaýan Ptolemeýler dini ynançlary berkitmek işlerinde, ybadathanalary bejermekde we täzelerini gurmakda köp işleri öz üstüne alypdyrlar. Olar Fiwi we beýleki şäherlerde täze ybadathanalary salypdyrlar. Ilkinji Ptolemeýleriň döwründe ruhanylaryň hukuklary gysylan hem bolsa, soňky Ptolemeýleriň dolandyran ýyllarynda olaryň täsiri ýene-de patyşalardan ýokarda bolupdyr.

Ybadathana guramalary, patyşa häkimligine uly howp salyp bilipdir. Müsür ybadathanalary ägirt uly ýerlere eýelik edipdirler.

Olaryň senetçilik ussahanalary, gullary gymmat bahaly zatlary we köp möçberde dürli görnüşdäki ulaglary bolupdyr. Her bir ybadathana özbaşyna bir awtonomiýa bolup özüniň düzgünnamasy, kanuny we geçirýän dini däp-dessury bolupdyr. Iň täsirli ybadathanalaryň ruhanylary wagtal-wagtal ýygnanyşyp öz gurultaýlaryny (sinod ýygnagy) geçiripdirler. Ptolemeýleriň agalyk süren ýyllarynda bu gurultaýlaryň geçiriljek ýeri we onuň maksatnamasy patyşa tarapyndan kesgitlenilipdir. Gurultaýyň geçişine patyşanyň ýerli häkimi tarapyndan gözegçilik edilipdir.

B.e. öň III asyryň ahyrlaryna çenli Müsür Ortaýer deňzinde iň uly döwletleriň biri hasaplanypdyr. Ptolemeýleriň daşary syýasaty hem üstünlikli bolup, olar bütin Egeý deňziniň demirgazyk kenarlaryna – Frakiýa, Kiçi Aziýanyň Finikiýa kenarlaryna öz täsirini ýetirmäge çalşypdyrlar. Özüniň ýeňişleri bilen şöhrat gazanan Ptolemeý Ewerget Derýa aralygyna aralaşyp, Hindistany basyp almagy hem arzuw edipdir. Müsür Ptolemeýleriniň iň soňky ýeňşi b.e. öň 217-nji ýylda Alynky Aziýanyň Kelesiriýa welaýatynyň Rafiý şäheriniň eteginde bolup geçýär. Ptolemeý IV Siriýanyň patyşasy Beýik Antioh III goşunyny derbi-dagyn edýär. Emma Müsüriň giň gerimde uruş hereketlerini alyp barmaga hiç hili serişdesi, mümkinçiligi bolmansoň, yza çekilmäge mejbur bolýar. Indi olaryň bar ünsi Müsürde öz häkimligini berkitmeklige gönükdirilýär. Uruş hereketleriniň döwründe ilata salynýan salgytlar, zähmet borçlary halk gozgalaňlaryna getiripdir. Gozgalaňlara kähalatlarda goşun hem goşulyp, Ptolemeýleriň häkimligine uly howp salypdyr, bu gozgalaňlar 20 ýyla çenli dowam edipdir. Gozgalaňlaryň esasy merkezi Orta Müsürde we Niliň Deltasynda bolup geçipdir.

Has howply gozgalaň Ptolemeý V Epifanyň (b.e. öň 204–180-nji ýý.) oruntutary Ptolemeý VI Filometriň (b.e. öň 180–145-nji ýý.) döwründe bolup geçýär. Bu gozgalaň b.e. öň 165–164-nji ýyllarda Aleksandriýada köşk emeldarlarynyň biri bolan Dionosiý Petosarapis tarapyndan turuzylýar. Petosarapisiň başlan gozgalaňy ilki başdan şowsuz bolýar. Ol şondan soň hakynatutma goşuna daýanyp, Aleksandriýa şaheriniň bir çetinde täze söweşe taýýarlanýar, emma onuň goşuny ýene-de derbi-dagyn edilýär. Petosarapis Aleksandriýa şäherini taşlap, Ýokarky Müsürde hem gozgalaň turuzýar. Emma bu gozgalaňlaryň hemmesi rehimsizlik bilen patyşa Ptolemeý Filometor tarapyndan basylyp ýatrylýar.

Ptolemeýleriň döwletinde turan halk gozgalaňlary Müsür halkynyň köpçülikleýin gyrylmagyna getiripdir, boş ýatan ýerlerde zorluk bilen işledilipdir, agyr salgytlar salnypdyr, adamlar ýarym işlenen ýerleri taşlap çöle gaçyp gidipdirler. Ýerleriň taşlanyp gidilmegi döwlete uly zyýan ýetiripdir. Müsürde makedonlylaryň agalyk eden ýyllary, ýerli halk üçin, ähli öňki daşary ýurtlularyň – efiopiýalylaryň, assiriýalylaryň, parslaryň agalyklaryndan hem agyr bolupdyr. Olaryň halka salan köp görnüşli salgytlary ilaty halys gurpdan düşüpdir, halkyň makedoniýalylara bolan ýigrenji juda güýçli bolupdyr.

Döwletiň içki ýagdaýynyň gowşap başlamagy, daşary syýasatyň şowsuzlyklara uçramagyna getiripdir. Müsüriň söwdadan gelýän girdejisiniň has pese gaçmagyna sebäp bolupdyr. Bu bolsa, tagt üstünde göreşiň başlanmagyna sebäp bolupdyr. Patyşa häkimligi mundan çykalga gözläp, ýene-de müsür ruhanylary bilen ýakynlaşmaga, olar üçin ýeňillikleri bermäge mejbur bolýar.

Patyşalaryň ruhanylar bilen ýaran bolmagy, Ptolemeýleriň agalygyny az-kem uzaldypdyr, emma ony çökgünlikden – krizisden halas etmändir. Müsür öňki kuwwatyny pese gaçyryp, tagt üstünde dawalar barha güýçlenipdir. Ptolemeý XII ölenden soň, tagt onuň gyzy Kleopatra geçipdir. Kleopatranyň (b.e. öň 51–30-njy ýý.) dolandyran ýyllarynda, b.e. öň I asyryň ikinji ýarymynda häkimlik has hem gowşaýar. Kleopatranyň öz dogany bilen tagt üstünde alyp baran ganly söweşleri, Müsüri halys tozdurypdyr. Netijede, rimlileriň Müsüri basyp almaklaryna getiripdir. Aksi şäheriniň eteginde bolan söweşde rimlilerden ýeňlenden soň, Kleopatra b.e. öň 30-njy ýylda öz janyna kast edip ölýär. Müsür özbaşdak döwlet hökmünde ýaşamagyny bes edýär we Rim imperiýasynyň düzümine goşulýar. Şeýlelikde, Müsüriň Rime birleşdirilmegi bilen onuň gadymy döwrüniň taryhy hem tamamlanýar.

**Ellinçilik Pergam patyşalygy.** Pergam patyşalygy Kiçi Aziýanyň demirgazyk-günbatar burçuny we Ýewropa böleginiň kenarýakalaryny eýeläpdir. Ilki başlarda Pergam Lisimahyň eýeçiliginiň, soňra selewkileriň düzüminde bolup, b.e. öňki III asyryň 80-nji ýyllarynda bolsa olardan bölünip aýrylyp, 150 ýyllap (b.e. öň 284–133-nji ýý.) özbaşdak döwlet hökmünde ýaşaýar. Pergam patyşalygy Kiçi Aziýanyň uly bolmadyk iň oňat medeni zolagyny – Frigiýa, Misiýa, Lidiýa, Kariýa, Pisidiýa we Pamfiliýanyň bir bölegini eýeläpdir. Pergamyň goňşulary we duşmanlary wifinler we gallylar – galatlar bolupdyr.

Pergam patyşalygyny esaslandyryjy asly grek Fileter bolup, Lisimah oňa selewkiler bilen bolan uruşda Pergam şäherini goramagy tabşyrýar. B.e. öň 284-nji ýylda Fileter Akropoly we Lisimahyň Pergamda saklaýan gaznasyny eýeleýär. Ol b.e. öň 263-nji ýylda öz ýegeni Ewmene-Attalidiň ogluna Pergamy we ähli gaznany wesýet edýär. Şeýlelik bilen, Ewmen Attalitden Pergamyň Attalidler nesilşalygy başlanýar. Ewmen I b.e. öň 263–241-nji ýyla çenli döwleti dolandyrýar. Ilki Ewmen I-den soň Attal I (b.e. öň 241–197-nji ýý.) patyşa bolýar. Attal sebitiň halkara ýagdaýyndan peýdalanmagy başarypdyr. Selewkileriň gowşamagy we olaryň Ptolemeýler bilen alyp barýan duşmançylykly gatnaşyklary, Attala Pergamyň eteginde galatlar – gallylar bilen bolan söweşde üstün çykyp uly ýeňiş gazanmaga mümkinçilik berýär. Attal I döwründe Pergam selewkilerden gutarnykly azat bolup, özbaşdak döwlet bolýar we Attal patyşa derejesini alýar. Pergamyň selewkilere garşy alyp baran urşunda, olary Rim goldapdyr. Pergam patyşalygynyň gülläp ösen döwri Attal I-niň oruntutary Ewmen II (b.e. öň 197–159-njy ýý.) dolandyran ýyllarynda bolup geçýär. Pergam 190-njy ýylda Magnesiýanyň eteginde rimliler Antioh III goşunlaryny derbi-dagyn edende olary goldap çykyş edýär, şol döwürden başlap ol özüniň ösüş döwrüne aýak basýar.

Pergamyň gülläp ösmegini birinjiden, onuň iň amatly ýerde ýerleşmegi bilen düşündirip bolar. Ikinjiden, Pergam tebigy baýlyklara iň baý ýurtlaryň biri bolupdyr. Üçünjiden, bolsa Antioh III goşunynyň rimliler tarapyndan derbi-dagyn edilmegi, Pergama Demirgazyk-Günbatar söwda ýollaryny öz eline almaga we juda köp girdejileriň gelmegine getiripdir. Pergamyň bol hasylly topragy onuň Müsürden soň daşary ýurtlara galla çykarmakda ikinji orny eýelemegine getiripdir. Pergamyň ýerleri goýunlaryň iň oňat tohumyny köpeltmäge mümkinçilik beripdir. Pergamyň dokma ussahanalarynda iň oňat matalar dokalyp, daşary ýurtlara çykarylypdyr. Pergamda deri eýlenip, hat ýazar ýaly ýokary derejede pergament öndürilmegi, onuň şöhratyny has-da ýokary galdyrypdyr. Netijede, Pergam Müsüriň öndürýän papirus kagyzyny dünýä bazarlardan gysyp çykaryp başlapdyr.

Attalidleriň diplomatiýasy olary islendik kyn ýagdaýdan üstün çykmaga mümkinçilik beripdir. Olar iň kuwwatly döwletler bolan Selewkileriň, Ptolemeýleriň, Antigonlaryň we rimlileriň arasynda barýan göreşleriň içinden özlerini alyp çykypdyrlar. Öz wagtynda

Rimiň kuwwatyna göz ýetiren Pergamyň patyşalary Rimiň tarapynda durup, olardan goldaw tapypdyr. Iň soňky Attalidlerden bolan Attal III diňe Rimi goldaýan toparlaryň goldawy bilen ýurdy dolandyrypdyr. Ýurtda agalyk ediji gatlaga garşy hereketler başlanypdyr, şolara garşy göreşmek üçin hem Attal wesýetnama ýazyp galdyrypdyr. Şol wesýetnama görä, Attal öz patyşalygyny Rime tabşyrypdyr. B.e. öň 133-nji ýylda Attal aradan çykýar, Pergam bolsa Rime geçýär. Emma Attal III doganoglany Aristonik özüni Pergamyň kanuny taýdan mirasdüşer patyşasy hasaplap, Pergamyň tagty ugrunda göreşe başlaýar. Bu göreşe Pergamyň erkin ilaty, ähli gullar goşulypdyrlar. Aristonigiň tarapdarlary özlerini geliopolit diýip atlandyrypdyrlar, ýagny Gün patyşalygynyň raýatlary hasaplapdyrlar. Ol ýeňişden soň azat we erkin raýatly döwleti esaslandyrmagy arzuw edipdir. Aristonik birnäçe şöweşlerde üstün çyksa-da, ahyrynda ýeňlipdir. Pergam gutarnykly Rimiň golastyna geçýär. Şol döwürden başlap, Pergamyň taryhy Rimiň taryhy bilen bile öwrenilýär.

Attalidleriň paýtagty deňizden 3 km daşlykda, 335 metrlik beýik baýryň üstünde ýerleşensoň, bu ýerde şäher gurmak mümkinçiligi bolmandyr. Emma binagärçilere biri-birinden ýokarda üç sany şäher gurmaklyk başardypdyr. Olar özara merdiwanlar bilen birikdirilipdir.

Iň ýokarky şäherde döwletiň dolandyryş edaralary ýerleşipdir. Ol ýerde Dionisiň ybadathanasy bilen iki gat agora hem salnypdyr. Ýokarky meýdanda Zewsiň we Afina hudaýlarynyň uly altary ýerleşipdir. Bu meýdançada kitaphana, ondan ýokarda bolsa köşk we uly ammar gurlupdyr. Olardan aşagrakda bolsa teatr ýerleşipdir.

Ortaky şäherde iň oňat ýerasty geçelgeli gimnasiýa (umumy okuwlar bilen birlikde söweşijileri taýýarlaýan mekdep) salnypdyr. Bu ýerde Gery patyşa aýalynyň we Demetri hudaýynyň ybadathanasy ýerleşipdir. Aşaky şäherde giňden tutulan agora ýerleşip, onuň daşy iki gat jaýlar bilen gurşalyp, bazar merkezi bolupdyr. Şäher Afina bilen bäsleşipdir.

Attalidler Pergamy ellinçilik döwrüň Afinasyna öwürmäge çalşypdyrlar. Onuň kitaphanasy Aleksandriýa kitaphanasy bilen bäsleşipdir. Patyşanyň köşgi bolsa heýkeller bilen bezelip, muzeýe öwrülipdir. Bu ýerde iň uly teatr sungaty gülläp ösüpdir.

Pergamda halk ýygnagy işläp, wezipeli adamlar Pergamyň raýatlaryndan saýlanypdyr. Pergamyň patyşasy hem beýleki ellinçi-

lik döwletleriň patyşalary ýaly hudaýlaşdyrylypdyr. Patyşanyň esasy daýanjy greklerden hakynatutma we ýerli ilatdan bolan goşun bolupdyr. Pergam patyşalygy iň baý döwletleriň biri bolup, onuň gaznasy hemişe diýen ýaly altyndan doly bolupdyr. Döwletiň girdejisi Pergamyň üstünden geçýän söwda kerwenlerine salynýan salgytlardan, ýerli söwdagärlerden we senetçilik ussahanalardan alynýan, ýerden we şäherlerden gelýän salgytlardan, şeýle-de, patyşa hojalygyndan girýän girdejilerden ybarat bolupdyr. Patyşa iň uly mülkdar bolup, onuň ýerinde gullar işledilipdir. Ýerler daýhanlar tarapyndan hem işlenipdir, ýerden peýdalananlary üçin, olar döwlet gaznasyna salgyt tölemeli bolupdyrlar.

Salgytdan girýän girdejileriň bir bölegini Pergam patyşalary öz şäherlerini bezemäge, suw turbalaryny geçirmäge, ybadathanalary salmaga harçlapdyrlar. Iň ownuk şäherlerde hem, mysal üçin, Prienada iň baý ybadathana, teatr, suw basseýni, halk ýygnagy üçin uly zal, sport meýdançalaryny gurupdyrlar. Pergamyň medeni ýadygärlikleriniň biri-de Pergam kitaphanasy bolup, onda golýazmalaryň 200 müňi saklanypdyr.

**Ellinçilik Rodos.** Ellinçilik döwri Ortaýer deňziniň ykdysadyýeti üçin bütin Rodos adasy we onuň esasy merkezi bolan Rodos şäheri üçin hem iň bir amatly ýagdaýy döredipdir. Özüniň geografiki ýerleşişi boýunça, Rodos gadymy egeý döwründen başlap, Ortaýer deňiz sebtinde Günbatar bilen Gündogaryň arasynda söwda alyş-çalyşda esasy orny eýeläpdir. Rodos Müsürden, Kiprden gelýän söwda ýollarynda ýerleşipdir, ol şeýle-de Siriýa we Finikiýa söwda ýollarynyň çatrygynda ýerleşensoň, kerwen ýollaryny Gresiýanyň kenarýakalary bilen birleşdiriji ýagdaýy eýeläpdir. Ellinçilik döwürde Aleksandriýa şäheriniň esaslandyrylmagy we gadymy söwda ýollarynda ýerleşen Tir şäheriniň Aleksandr tarapyndan ýykylmagy hem Rodosyň gülläp ösmeginde aýgytly orny eýeläpdir.

Rodos adasy ellinçilik ýurtlarynyň içinde iň ösen söwda senetçilik merkezleriniň birine öwrülipdir. Ol barada gadymy awtorlaryň (Strabon, Polibiý) ýazyp galdyran işleri, üsti açylan teňňeler we arheologiki tapyndylar subut edýär. Rodosdan tapylan köp sanly tagmaly küýze (amfor) ýazgylary, bu ýurduň dünýäniň köp şaherleri we ýurtlary bilen söwda gatnaşyklaryny alyp barandygyna güwä geçýärler. Rodos Egeý deňziniň adalary bilen, Siriýa, Palestina, Pergam, Günorta Italiýa, Sisiliýa, Karfagen ýurtlary, Aleksandriýa, Suzy şäherleri

bilen söwda edipdir. Bulardan başga-da, Rodosyň tagmaly, bellikli küýze bölekleriniň, Gara deňziň demirgazyk we günbatar çäklerinde ýerleşen grek şäherlerinden tapylmagy, grekleriň b.e. öň VIII–VI asyrlarda Gara deňiz kenarlarynda esaslandyran koloniýalary bilen hem söwda gatnaşyklaryny saklandyklaryna güwä geçýär.

Rodosyň esasy söwdasy, Ortaýer deňziniň günbatar ýerlerinden-Beýik Gresiýadan we Afrikadan (Karfagenden we Nubiýadan) getirilýän galla bilen bagly bolupdyr. Rodosyň söwdagärleri senetçilik önümlerini hem-de gul söwdasyny edipdirler. B.e. öň II asyrda Rodosyň ýyllyk girdejisi 8500 talanta ýetipdir, ýagny Pireýiň b.e. oň IV asyrdaky söwdasyndan 4 esse köp söwda dolanyşygyny amala aşyrypdyr.

Rodosa dünýäniň hemme ýerlerinden köp möçberde pul gelipdir, sebäbi grek şäherlerinde we beýleki sebitlerde yzygiderli döwlet agdarylyşyklary bolansoň, ol ýurtlardaky täjirçilik bankirlerine garanda, Rodos bankirleri has durnukly we ynamly bolupdyr. Rodosda söwda baradaky kanunlar daşary ýurt söwdagärlerini we maliýe işgärleriniň hukuklaryny gorapdyr.

Rodosyň syýasy gurluşy baradaky maglumatlar ýüzleý öwrenilendir. Onuň esasy şäheri Rodos atlandyrylypdyr. Bu şäher b.e. öň V asyryň ahyrlarynda esaslandyrylypdyr. B.e. öň 407-nji ýylda, garaşsyz şäherler bir bütewi Drodos döwletine birleşipdirler. Rodos döwletiniň düzümine diňe bir Rodos girmän, eýsem, Egeý deňziniň adalary, Kiçi Aziýanyň kenar ýakalary hem giripdir. Rodosyň konstitusiýasy görnüşi boýunça demokratik bolsa-da, mazmuny boýunça oligarhiýa konstitusiýasy bolupdyr. Strabonyň aýtmagyna görä, «Rodoslylar halk (demos) barada aladalanypdyr, emma döwleti halk dolandyrmandyr. Baý adamlar gadymy däp boýunça ähli mätäç adamlary iýmit bilen üpjün edipdirler. Şeýlelik bilen, garyp adamlar ýaşamak üçin kömek alypdyrlar, şäherde adam ýetmezçiligi bolmandyr, aýratyn hem, deňizde ýüzýänçiler köp bolupdyr».

Rodos döwletiniň ýokary guramasy halk ýygnagy we geňeş hasaplanypdyr. Hakykat ýüzünde döwlet alty sany pritanlaryň elinde bolupdyr, ýagny döwletiň iň ýokary wezipeli adamlarynyň hem-de her ýyl saýlanýan geňeşiň başlyklarynyň ellerinde bolupdyr. Döwletiň ähli galan wezipe eýeleri pritanlara garaşly bolupdyrlar. Pritanlar bolsa emeldar begleriň – aristokratlaryň uly bolmadyk topary tarapyndan saýlanypdyr.

Rodos üçünji Makedon urşundan (b.e. öň 17–168-nji ýý.) soň, pese gaçyp başlapdyr. Bu uruşda Rodos Makedoniýa bilen ýaran bolupdyr. Makedoniýadan üstün çykandan soň, rimliler Rodos döwletine bolan garaýşyny üýtgedipdirler. Olar indi Delos adasyny goldap, ony esasy söwda portlaryň biri diýip yglan edipdirler. Şondan soň, Rodosyň söwdasynyň esasy bölegi Delosyň eline geçipdir. Rodos bolsa barha garyplaşyp, pese gaçypdyr.

Rodosyň medenýetiniň taryhy öz ähmiýeti boýunça Pergamdan pes bolmandyr. Rodosçylar heýkeltaraşlykda, şahyrçylykda, ylymda we dilewarlykda uly şöhrata eýe bolupdyrlar. Rodoslylaryň mermerden döreden «Laokoon» atly heýkel toplumlary dünýä belli toplumlaryň biridir.

Ellin dünýäsi Gündogaryň we Günbataryň gadymy nusgawy döwletleri bilen çäklenmändir. Gündogarda, Orta Aziýada şeýle döwletleriň biri Parfiýa we Baktriýa döwletleri bolupdyr; Afrikada –Kiren, Nubiýa we Karfagen; Apennin ýarym adasynda Rim; Balkan ýarymadasynda käbir frakiýa taýpalarynyň bileleşigi we garaşsyz grek şäherleri; Gara deňziň günorta kenarynda Pont, Gara we Azow deňizleriniň demirgazyk kenarlarynda Bosfor patyşalyklary ellinçilik görnüşdäki döwletler we halklar hasaplanýarlar.

**Ellinçilik Bosfor döwleti.** B.e. öň IV asyryň ikinji ýarymynda Bosfor patyşalygy Kuban derýasynyň sag kenar ýakasyna ep-esli giňäpdir. Aýratyn hem, patyşa Spartak II (b.e. ön 349/48–344/43-nji ýý.) we patyşa Persid I (b.e. öň 349/48–310/09-njy ýý.) döwründe Bosfor patyşalygynyň düzümine Kubandan demirgazykda ýerleşýän taýpalar birleşdirilipdir. Patyşa Persid I uzak wagtlap döwleti dolandyran ýyllarynda Bosfor patyşalygynyň gülläp ösen döwri hasaplanýar. Bosfor döwleti öňküsi ýaly galla, balyk, deri, sütükli deri we gullary daşary ýurtlara çykarypdyr. Gallany iri ýer eýeleri bolan grekler we ellinleşen ýerli ilat öndüripdir. Gallany daşary ýurda çykarmak üçin, ýerli ilatdan hem satyn alnypdyr. Bosfor patyşalygynyň ykdysadyýetinde grekleriň öz önümleri, aýratyn hem altyndan we kümüşden ýasalan şaý-sepler, keramika önümleri, ýarag önümleri uly orun tutupdyr. Bosfor patyşalygynyň çäklerinden çykarylyp, bu harytlar bütin Demirgazyk Gara deňiz sebitlerine ýaýradylypdyr.

Arhelogiki barlaglaryň netijesinde skif depelerinden dürli görnüşli grek ýaraglary, bezeg şaýlary, grek gaplary tapylýar. Olar has irki Ioni Gresiýasynyň hem-de Afina senetçileriniň önümleri bolupdyr.

Giçki döwre degişli tapyndylaryň içinde ýerli önümler agdyklyk edip, olaryň iň iri merkezleriniň biri-de Pantikapeý bolupdyr.

Bospor patyşalygynyň gülläp ösýän döwri uzaga çekmändir. B.e. öň IV asyryň ahyrlarynda, esasan hem, b.e. öň III asyryň birinji ýarymynda agyr çökgünligiň alamatlary ýüze çykyp başlaýar. Bu döwürde bütin Demirgazyk Gara deňiz sebitlerinde ýerleşen grek şäherlerine we Bosfor patyşalygyna garşy duşmançylykly taýpa birleşmeleriniň döremegi netijesinde, bu ýerde uly özgerişler bolup geçýär.

Gerodotyň zamanynda, Don derýasynyň aňyrsynda ýaşan güýçli hem garadan gaýtmaz sarmat taýpalary, birnäçe uly birleşikleri döredipdirler we Günbatara hereket edip, skif taýpalaryny öz ýerlerinden gysyp çykarypdyrlar. Antiki dilewarlaryň biriniň bellemegine görä, «Olar skifleriň ýurdunyň esasy ýerlerini tozdurypdyrlar we ýeňilenleri uçdantutma gyryp, ýurduň uly bölegini çöllüge öwrüpdirler»diýip belläpdir. Sarmatlaryň gysmagy netijesinde, skifler Dnepr we Dunaý derýalaryna baryp ýetipdirler. Olar Krym daglarynyň eteklerinde we sähralyklarynda jemlenipdirler. Bu ýerde b.e. öň III asyryň ikinji ýarymynda, Hersonesiň arka ýüzünde merkezi Neapol (häzirki Simferopol şäheriniň çäginde) bolan güýçli Skif patyşalygyny döredipdirler. Bu döwlete skif patyşasy Skilur baş bolupdyr.

Bosfor bu döwürde ykdysady taýdan has hem gowşapdyr. Üstesine-de Ptolemeýleriň ellinçilik Müsür döwleti Bosfor bilen bäsleşip, Gresiýany öz gallasy bilen üpjün edip başlapdyr. Bosforyň galla çykarmaklygy azalandan soň, onuň ýagdaýy has hem gowşaýar. Bu ýagdaý döwleti maliýe çökgünligine düşüripdir. Şondan soň, Bosforyň hakynatutma goşun bilen hasaplaşmagy hem kynlaşýar. Netijede, öň Bosfor hökümdarlaryndan ezýet görýän taýpalar merkezi häkimiýetden ýüz öwrüp başlapdyrlar. Bu bolsa b.e. öňki II asyryň ahyrlarynda Bosforda ýiti syýasy we durmuşy garşylyklaryň ýüze çykmagyna getiripdir.

Döwletde bolup geçýän ýagdaýlary düzetmäge güýji ýetmedik dolandyryjy topary, iň soňky Spartokidler nesilşalygynyň wekili bolan patyşa Perisad V (125–109-njy ýý.) kömek sorap, Pont patyşasy Mitridat Ewpatora ýüz tutmaly bolýar. Soňra bolsa ol Mitridatyň peýdasyna öz tagtyndan el çekmeli bolýar. Emma Bosforyň giň köpçüligi skifler we skiflerden bolan gullar muňa garşy bolup, 107-nji ýylda

gozgalaň turuzýarlar. Patyşa Perisad tutulyp öldürilýär, ýurdy tertibe salmak üçin, Mitridat öz serkerdesi Diofanty uly goşun bilen Bosfora iberýär. Gozgalaňçylar Diofanty hem öldürmekçi bolanlarynda ol zordan Pont patyşalygyna gaçyp, öz janyny halas edýär. Häkimlik gozgalaňçylaryň serdary Perisadyň köşgündäki guly Sawmagyň ygtyýaryna geçýär. Sawmak gysga wagtyň içinde öz şekili çekilip, ady ýazylan puluny hem zikgeläp ýetişýär. Sawmagyň häkimligi bir ýyla çenli dowam edipdir. Diofant köp möçberde deňiz we guryýer goşunyny jemläp, ikinji gezek Bosfora gelýär. Ol gozgalaňçylaryň şäherlerini basyp alýar, Sawmagy bolsa ýesir alyp, Ponta iberýär. Bosfor gozgalaňçylaryna gazaply jeza berenden soň, bu ýurtda Mitridatyň häkimligi ýene-de dikeldilýär. Ilatyna bolsa 200 talant kümüş we 180 müň medimin galla tölegini tölemeli edilýär. Netijede, Bosfor Pont patyşalygynyň düzümine birikdirilýär. Bosfor Pont patyşalygynyň düzüminde galýar, ol diňe Mitridatyň goşunynyň rimliler tarapyndan derbi-dagyn edilenden soň, öz garaşsyzlygyna eýe bolýar.

## XVIII.
## ELLINIZM DÖWRÜNIŇ MEDENIÝETI

**Ellinizm barada düşünje.** I.G. Droýzeniň «Ellinizmiň taryhy» (1833–1843-nji ýý.) atly işi çap edilmegi bilen, Aleksandryň dargan monarhiýasynyň ýerinde dörän täze döwletlere ellinçilik döwletler diýip atlandyrylýar. Ellinçilik döwletlere Müsürden Grek-Baktriýa patyşalygyna çenli, Nubiýadan tä Bosfora çenli ägirt uly ýerler goşulypdyr. Ellinizm döwrüni alymlar dürli-dürli kesgitleýärler. Barlagçylaryň esasy bölegi ellinizmiň başlangyjyny Aleksandryň ölümi (b.e. öň 323-nji ý.) bilen baglanyşdyrýarlar. Käbirleri bolsa, Heroneý söweşinden (b.e. öň 338-nji ý.) başlanýandygyny aýdýarlar, üçünji birleri, 301-nji ýylda bolan Ipse söweşinden başlanýandygyny tekrarlaýarlar. Ellinçilik döwletleriniň taryhy b.e. öňki II–I asyrlarda rimlileriň Ortaýer deňziniň Gündogar bölegini basyp almaklary bilen tamamlanýar.

Ellinçilik medeniýeti grek we gündogar medeniýetiniň birleşmegi hem-de biri-birine täsiri esasynda emele gelip, grekleriň öňki medeniýetinden üýtgeşik, özboluşly bolupdyr. Ellinçilik döwründe ylymda, bilimde, aýratyn hem, matematika we tehniki ylymlarynda uly açyşlar bolup geçýär. Edebiýatda şygryýet ulgamynda, komediýa we roman

ýazmaklyk aýratyn orny eýeläpdir. Ellinizm döwründe Rodos, Antiohiýa, Pergam, Aleksandriýa ýaly täze medeni ojaklar ýüze çykýar.

Ellinçilik Siriýa-Selewki döwletiniň hökümdarlary Makedoniýadan we Gresiýadan göçürilip eltilen ýa-da meýletin baran adamlardan welaýatlary dolandyrýan serkerdeleri, kazylary we häkimleri belläpdirler. Esgerlerine gulluk edeni üçin, ýer, beglere bolsa uly mülkleri bölüp beripdirler. Daýhanlar öz öndürýän önümlerinden: galladan, zygyr ýagyndan ybarat agyr salgytlary patyşa üçin tölemäge we patyşanyň, begleriň hem-de esgerleriň ýerlerini işläp bejermäge borçly edilipdir.

Ýerli ruhanylar hem patyşanyň esasy daýanjyna öwrülipdirler. Patyşalar ybadathanalaryň ýerine we gullaryna degmändirler, şeýle bolansoň, ruhanylar olary hudaýlar diýip yglan edipdirler.

Makedon we grek esgerleri Gündogarda mes toprakly ýerleri basyp alypdyrlar. Alynky Aziýa ýerlerine hem-de Müsüre tiz wagtdan grek we makedon söwdagärleri, senetçileri baryp, söwdany öz ellerine alypdyrlar, uly ussahanalary, werfleri we täze şäherleri gurupdyrlar. Ylaýta-da, kerwen ýollarynyň çatrygyndaky, kenar ýakasyndaky şäherler ykdysady taýdan baýlaşypdyr we ösüpdir. Bu şäherleriň hemmesinde gul bazarlary bolupdyr, şäherlerde gullaryň sany barha köpelipdir. Ýerli ilatdan bolan gul eýeleri grekleriň dilini, däp-dessurlaryny, adatlaryny kabul edipdirler. Şonuň ýaly hem, grekler ýerli halklaryň medeniýetini, däp-dessurlaryny kabul edip başlapdyrlar. Bu döwletlerde döwlet dolandyryş ulgamynyň gurluşynda hem biri-birine meňzeşlikler ýüze çykypdyr. Grekleriň – ellinleriň medeniýetiniň täsiri binagärçilige, heýkeltaraşlyga, şekillendiriş sungatyna hem ýetipdir. Şonuň üçin, XIX asyr Ýewropa alymlary bu dörän täze medeniýete ellinizm medeniýeti diýip at beripdirler.

Ellinçilik döwründe grekleriň Gündogar ýurtlaryna koloniýaçylyk hereketi giň gerim alýar. Bu döwürde Gündogarda 170-den gowrak grek polisleriniň şäherleri ýaly şäherler esaslandyrylýar. Emma polis gurluşly şäherler hem öz häsiýetini üýtgetmeli bolýar. Gullary we beýleki garaşly edilen ilaty özlerine tabyn ýagdaýda saklamak üçin, olara güýçli merkezleşdirilen häkimlik gerekdi. Şonuň üçin, polisler özlerini käbir awtonomiýa ýagdaýda saklan hem bolsalar, olar öz garaşsyzlygyny ýitirip, patyşa häkimligine tabyn bolmaly bolupdyrlar. Köp sanly polisler b.e. öň III–I asyrlarda Kiçi Aziýada

we Siriýada ýerleşip, öz garaşsyzlyklaryny ýitiripdirler. Bu polisler heniz Aleksandryň basybalyşlaryndan öň haryt gatnaşykly, ösüşi boýunça has ýokary derejä ýeten polisler bolupdyrlar.

Ellinçilik Gündogar ýurtlarynda ilatyň has gurply gatlagy polis gurluşynyň saklanmagynyň tarapdarlarydy, sebäbi polisleriň raýatlary oba ilatyndan tapawutlylykda, olaryň hususy ýer edinmäge hukuklary bolupdyr. Ellinçilik döwletleriň ýerleri oba etraplaryna degişli bolupdyr. Etraplaryň halky, esasan, ýerli ilatdan bolup, olar polis ilatyndan tapawutlylykda agyr töleg tölemeli edilip, agyr ýagdaýda ýaşapdyrlar.

Uly döwletleriň döredilmegi, köp möçberde gullaryň getirilip durulmagy, haryt gatnaşyklarynyň mundan beýläk-de ösmegi, ýerleri gezekleşdirip ekin ekmekligiň girizilmegi, magdan senagatynyň ösmegi, zähmet bölünişiginiň mundan beýläk çuňlaşmagy, täze şäherleriň ýüze çykmagy, tehnikanyň we ylmyň ösmegi ellinçilik döwrüniň esasy aýratynlyklary bolup, bu döwür ellinizm Gündogarynyň, şeýle hem, grek dünýäsiniň ösüşiniň aýratyn basgançagy diýmäge mümkinçilik berýär. Emma garaşly ilatyň mundan beýläk ezilmeginiň güýçlenmegi, süýthorçulygyň güýjemegi, gutarnyksyz dowam edýän ellinçilik döwletleriň arasyndaky özara uruşlar ellinçilik döwletleriň ykdysady taýdan ösüşini bökdäpdir.

Ortaýer deňziniň bu döwrüniň döwletleriniň taryhy, ellinçilik döwletleriň jemgyýetçilik gurluşynyň belli bir döwrüni şöhlelendirýärler. Ellinçilik döwürde hem bu döwletlerde hojalygyň gul eýeçilik esaslary saklanyp galýar, emma oba hojalygynda we senetçilikde doly erkin däl adamlaryň, ýagny ýarymgaraşly ilatyň zähmeti agdyklyk edipdir. Ellinçilik jemgyýetiň syýasy gurluşy üçin bolsa, nusgawy polis gurluş bilen gadymy Gündogar monarhiýa dolandyryşyň iki görnüşiniň aýratynlyklary göz öňünde tutulypdyr. Döwletiň harby ulgamynda we raýatlykdaky ýokary wezipelerde, harby ekerançylyk emeldarlary, patyşanyň «garyndaşlary» we «dostlary» agalyk ediji synp hökmünde öňe saýlanypdyr.

Droýzenden başlap, taryhçylaryň köpüsi ellinizmi häsiýetlendirenlerinde, esasan, medeniýetiň ösüşine ähmiýet beripdirler. Elbetde, ellinçilik döwründe medeniýetiň goşulyşmagynyň ähmiýeti uly bolupdyr. Mysal üçin, ellinçilik döwründe umumy grek dili emele gelipdir, ylym we tehnika ep-esli derejede öňe gidipdir. Emma diňe medeni ösüşi bu

döwrüň esasy aýratynlygy hasaplan taryhçylar bu meselä bir taraplaýyn çemeleşip, onuň syýasy tarapyny ýatdan çykarypdyrlar. Sebäbi ellinçilik döwür antiki döwriň durmuş-ykdysady we syýasy ösüşiniň täze kanunalaýyk basgançagy bolup, gadymy jemgyýetiň täze taryhy döwürde ösüşini aňladýar. Şol bir wagtda ellinizmde diňe bir grek medeniýetiniň Gündogar halklarynyň içinde ýaýramagyny görmeli däl-de, eýsem gündogar halklarynyň medeniýetiniň hem greklere eden täsirini ýatdan çykarmaly däl. Ellinizm medeniýeti iki medeniýetiň grek hem gündogar medeniýetleriniň sintezi bolup durýar. Bu medeniýetiň ýüze çykmagy, çökgünlige (krizise) düşen grek polisleriniň özara uruşlaryň netijesinde syýasy we medeni taýdan öňe gitmäge mümkinçiliklerden kesilmegi, bütewi grek döwletiniň bolmazlygy, ikinji tarapdan, Gündogaryň yzagalak jemgyýetçilik gurluşynyň dargap başlamagy netijesinde emele gelýär. Ellinizm halklaryň dini garaýyşlaryna-da täsir etmän durmandyr. Mysal üçin, Müsürde ellinleşdirilen Müsüriň Serapis hudaýy ýüze çykýar ýa-da Grek-Baktriýa patyşalygynda asly grek Menandr (b.e. öň 165–130-njy ýý.) buddizmi kabul edip, onuň wagyzçylarynyň biri bolupdyr. Grek medeniýeti Gündogar halklarynyň arasynda ilki bilen agalyk ediji ýokarky gatlagyň arasynda ýaýrapdyr, emma ilatyň esasy köpçüligi bolan aşaky gatlak hemişekileri ýaly öňki medeniýetine we öňden gelýän dini ynançlaryna wepaly bolup galypdyr.

Ellinleşen patyşalar gadymy Gündogar despotiýasyna mahsus häsiýetleri kabul edipdirler. Olar iň iri ýer eýeleri bolup, olaryň ýerlerinde köp sanly gullar işledilipdir. Patyşalaryň daşyny grek-makedon we pars gullukçy begleri gurşap alypdyr. Indi haýsy halka degişlidigine garamazdan, grek dilinde sözleýän bilimli her bir adam ellin hasaplanypdyr. Gullukçy ellinlerden bolan adamlaryň hemmesi öz ellerinde uly ýerleri we köp sanly gullary saklapdyrlar.

**Aleksandriýa şäheri. Faros maýagy.** Müsür patyşalygynyň paýtagty Aleksandriýa Ortaýer deňziniň kenar ýakasyndaky şäherleriň iň ulularynyň biri bolupdyr. Ony Aleksandr Nil derýasynyň deltasynda esaslandyrypdyr. Bu ýere Nil derýasy bilen Müsürden galla we papirus, Nubiýadan bolsa, altyn we pil süňküni getiripdirler. Söwdagärler Nil derýasy bilen Gyzyl deňzi birleşdirýän kanal arkaly uzakdaky Hindistan bilen söwda gatnaşyklaryny alyp barypdyrlar.

Şäheriň alkymyndaky Faros adasynda beýikligi 140 metre ýetýän maýak gurlupdyr. Ol Heopsyň (146,6 m.) piramidasynyň beýik-

liginden sähelçe pes bolupdyr. Aleksandriýa maýagynyň ähmiýeti uly bolupdyr. Deňziň kenarlary ýalpak, suwuň aşagynda bolsa uly dag gerişleri bolupdyr. Maýak şol päsgelçiliklerden geçmek üçin, deňizden gelýän gämilere duralga nireden girmelidigini görkezýän eken. Gijelerine uly ot ýakylyp, onuň şöhlesi ýagty demre düşüp, deňzi ýagtyldýan eken. Bu maýak harby gala hökmünde ulanylypdyr, onuň beýikliginden deňiz uzaklyklaryna seredilipdir. Grekler ony dünýäniň ýedi täsinlikleriniň biri hasaplapdyrlar. Müsüre başga ýerlerden gurluşyk agaçlaryny, kümüş, her hili reňkleri, gymmat bahaly çakyr getiripdirler. Müsürden bolsa däne, papirus, pil süňklerini, inçeden dokalan nepis matalary, çüýşeden edilen her hili gap-gaçlary alyp gidipdirler. Şäheriň bazarlarynda dürli ýurtlardan getirilýän harytlar satylypdyr. Aleksandriýa şäheriniň daş düşelen göni köçeleri, teatry, kaşaň salnan patyşa köşkleri, gimnasiýalary bolupdyr.

**Ellinçilik döwründe ylmyň we bilimiň ösmegi. Ellin döwrüniň alymlary.** Aleksandryň amal eden işleriniň netijesinde siwilizasiýanyň ýokary galmagy bilen, bilim ulgamy giň gerime eýe bolýar. Täze döwletleriň patyşalarynyň öz paýtagt şäherlerinde kitaphanalary açmaklarynyň aýratyn ähmiýeti bolupdyr. Grekleriň elinde papirusyň soňra bolsa pergament önümçiliginiň jemlenmegi köp möçberde kitaplaryň çykarylmagyna we ýaýramagyna getiripdir. Aleksandrdan öň käbir tiranlar kitap ýygnamak üçin, pul hem goýberip başlapdyrlar. Mysal üçin, Aristotel özüniň hususy kitaphanasyny esaslandyran bolsa, Isgender Zülkarneýin munuň üçin harajat çykarmany gysganmandyr. Döwlet kitaphanalary indi Antiohiýada we Pergamda, soňra bolsa Rodosda, Smirnede açylypdyr. Emma olaryň içinde iň baý kitaphana Aleksandriýada Ptolemeý I tarapyndan esaslandyrylan we Ptolemeý II tarapyndan doly enjamlaşdyrylan kitaphana bolupdyr. Ptolemeý I kitaphanadan başga-da, Museýony – alymlaryň assosasiýasyny esaslandyrypdyr. Şol wagtdan başlap, Afina filosofiýanyň merkezi bolan hem bolsa, Aleksandriýa şäheri dünýä ylmynyň we edebiýatynyň merkezine öwrülipdir. Museýonyň başynda ruhany durup, alymlar ähli beýleki işlerden boşadylypdyr hem-de Ptolemeýiň hasabyna ýaşapdyrlar we işläpdirler. Timon olary «ketekde naharlanýan towuklar» diýip atlandyrypdyr. Museýon Ewerget II tarapyndan ýapylypdyr, emma soňra ýene-de açylypdyr. Kitaphana tagt mirasdaryny terbiýeleýän resmi kitaphanaçy goýlupdyr. Gresiýadan

we Gündogar ýurtlaryndan gelýän gämiler ylmy eserleri, edebiýatlary bu şähere getiripdirler, emma olar tertibe salynmandyr, kitaplar diňe Ptolemeý II döwründe tertibe salnypdyr. B.e. öň III–I asyrlara çenli Aleksandriýa kitaphanasynda papirusa we pergamente ýazylan kitaplaryň 700 müňe golaý kitap toplumlary saklanypdyr. Rim konsuly Antoniý Kleopatra üçin, Pergam kitaphanasyndan 200 müňe çenli kitap toplumyny Aleksandriýa kitaphanasyna beripdir. Aleksandriýa kitaphanasy b.e. 272-nji ýylynda ýapylyp, onuň bir bölegi Awrelian tarapyndan Bruheýon (Aleksandriýada kitaphananyň ýerleşýän ýeri) ýakylanda ýok edilipdir.

**Gadymy kitaphanalaryň taryhyndan**

Bir gezek Müsür patyşasy Ptolemeý ady belli ýazyjylaryň golýazmalarynyň nusgasyny göçürmek üçin afinalylardan haýyş edipdir. Afinalylar Eshiliň we Sofoklyň golýazmalarynyň ykbalyndan gorkup, şol işler üçin ummasyz köp (500 kg kümüş) girew goýmaklygy talap edipdirler. Ptolemeý bermeli puly berip, golýazmalary alypdyr we olary hat göçürijilere bermän, eýsem ömürlik saklamak üçin Aleksandriýa kitaphanasyna tabşyrypdyr. Patyşa golýazmalary yzyna bereninden, aldawçy bolanyny we öz kümüşlerini ýitirenini kem görmändir.

Aleksandriýa şäheriniň kitaphanasy bilen birlikde Kiçi Aziýadaky Pergam şäheriniň kitaphanasy hem dünýä belli kitaphana öwrülipdir. Müsür Patyşasy bu kitaphananyň barha artýan şöhratyny görüp, Pergama papirus kagyzyny satmagy gadagan edipdir. Şondan soň, b.e. öň II asyrynda Pergamda ýaşajyk mallaryň derisinden, hat ýazar ýaly, gön işlemegi ýola goýupdyrlar. Hat ýazar ýaly bu önüme soňra pergament ady dakylypdyr. Pergamentiň köp ýurtlara ýaýramagy bilen, ol papirusyň ýerini tutupdyr.

Bu beýik eýýamyň kitaphanaçylary Efesli Zenodot, Rogosly Apolloniý, Wizantiýaly Eratosfen, Aristofan, Samofrakiýaly Apolloniý we Aristarh bolan, olaryň dördüsi edebiýatçylar bolupdyr. Zenodot, Aristofan we Aristarh dagy Gomeriň eserleriniň üstünde işläpdirler, Gomeriň eserleriniň häzirki bize belli beýanlarynyň esasy bölegi Aristarha degişlidir. Alymlaryň käbirleri komediýalaryň we tragediýalaryň üstünde işläp, olary tertibe salypdyrlar. Olar işlere düşündiriş beripdirler, tankydy ýazgylary ýazypdyrlar, has del sözleriň sözlügini döredipdirler. Aleksandriýaly Didim tarapyndan Demosfena (b.e. öň 40-njy ý.) düşündiriş ýazylypdyr. Bu kitap Demosfen barada ýazylan düýpli eser bolup, taryhy maglumatlardan

doldurylypdyr. Didim ähli awtorlar barada diýen ýaly ýazypdyr. Aýtmaklaryna görä, ondan öňem, soňam hiç kim şeýle kän kitap (3500 bukja daňylary) ýazmandyr. Ellinçilik döwrüniň ýazyjylary ylma we filosofiýa degişli işlerini jemlänlerinde, olaryň sany 1100 ýetipdir, emma olaryň köpüsiniň diňe atlary saklanypdyr. Ellinçilik döwrüniň edebiýatlarynyň hem esasy bölegi ýitirilipdir ýa-da ýanypdyr.

Ellinçilik döwründe dilewarlyk sungatyna aýratyn üns berlipdir. Aýratyn hem, syýasy ugurda owadan sözlemek Aleksandrdan soň bütin bir asyrlap dowam edipdir. Dinarh we Demosfeniň ýegeni Demohar Demosfeniň döwrüniň iň dilewar adamlary bolupdyrlar. Emma Demetriý Falerskiý (b.e. öň 317–307-nji ýý.) hem dilewarlykda aýratyn hormata eýe bolup, Demosfenden pes bolmandyr, Arat Sikionly (b.e. öň 271–213-nji ýý.) has hem belli dilewar bolupdyr. Ol özüniň uzak wagtlap döwlet işlerinde işlän döwründe Afinada geçirilen Aheý bileleşiginiň ýygnaklaryny şeýle bir tertipde saklapdyr, hatda ony şeýle saklamaklyk Demosfena hem başartmandyr. Emma onuň çykyşlarynyň hiç haýsysy biziň günlerimize gelip ýetmändir. Plutarhyň aýtmagyna görä, ol dilewarlyk sözleýşinden el çekip, näme hakynda pikirlenen bolsa, şol barada hem çykyş edipdir. Şeýle çykyşlar bolsa, dilewarlaryň çykyşyna öwrenişen adamlara has täsirli bolupdyr. Edil şolar ýaly, Pirriň ministri bolan Kineýi hem onuň döwürdeşleri Demosfen bilen bir hatarda goýupdyrlar.

Ähli ýazylýan işleriň içinde, taryhy eserler aýratyn orna eýe bolupdyr. Aleksandrdan soň Aziýanyň ägirt uly giňişliklerinde iki nesil bu ulgamdaky ösüşiň şaýatlary bolupdyr. Emma bu döwrüň taryhçylarynyň işleriniň hemmesi diýen ýaly ýitirilipdir, ol işler soňky awtorlar tarapyndan peýdalanylypdyr, şol awtorlaryň işlerinden biz şeýle işleriň ýazylandygyna göz ýetirýäris.

Aleksandr barada köp sanly wakalaryň şaýady bolan, onuň serkerdeleri hem hakyky maglumatlaryň esasynda taryhy işleri ýazypdyrlar. Mysal üçin, Ptolemeý I (b.e. öň 301-nji ýyldan soň) Aleksandryň taryhyny öz ýazan «Gündeligi» we beýleki resmi maglumatlaryň esasynda ýazyp, öz ýatlamalary we bellikleri bilen üstüni dolderypdyr.
Aleksandryň we ellinçilik döwrüniň taryhy köp sanly taryhçylar tarapyndan ýazylan hem bolsa olaryň köpüsi ýitirilipdir ýa-da başga taryhçylaryň işlerinde berlen maglumatlarda saklanypdyr. Aristoteliň ýegeni Kallisfen Aleksandryň gahrymançylyklaryny mahabatlandyryp,

onuň taryhyny ýazypdyr. B.e. öň 280-nji ýylda Pontly Nimfis diodohlaryň taryhyny ýazypdyr, emma ol iş hem ýitirilipdir. Wizantiýaly Demetriý gallylaryň Aziýa çozuşlary barada gysgarak maglumatlary beripdir. Proksen Epirde Pirriň dolandyran döwrüni beýan edipdir, Pirriň özi bolsa ýatlamalar kitabyny galdyrypdyr.

Aleksandrdan 50 ýyl geçenden soň we ondan soňky döwür barada Ewmeniň garyndaşy, Ieronim Ewmen ölenden soň harby serkerde bolup işläp, Aleksandryň ölüminden tä Pirriň döwrüne çenli bolan wakalaryň taryhyny beýan edipdir. Onuň bu işi Diodoryň işiniň we Arrianyň «Diodohlar» atly işiniň esasyny düzüpdir, şeýle-de onuň işi Plutarhyň «Ömürbeýanlar» atly işinde Ewmen we Demetriý baradaky maglumatlary bölekleýin peýdalanypdyr. Ieronim harby wakalaryň senelerini dogry görkezip, Fukidid ýaly ýyllar boýunça belläpdir. Ieronim öz döwrüniň beýik taryhçysy bolup, Antigonlar nesilşalygy barada takyk maglumatlary beripdir, onyň üsti bilen biz belli bir derejede Makedoniýanyň taryhyna göz ýetrip bilýäris. Aziýadaky Selewkilerde-de, Müsürdäki Ptolemeýlerde-de şeýle ýokary derejeli taryhçylar bolmandyr, diňe ilkinji Selewkilerde ýokary derejeli hünärmen taryhçylar bolupdyr. Umuman, ellinçilik döwründe Gresiýada onlarça taryhçylar bolup, dürli temalarda iş ýazyp, şol döwrüň taryhy wakalaryny, görnükli döwlet işgärlerini, ylymda yz galdyran alymlaryň taryhy açyşlaryny şöhlelendiripdirler.

B.e. öň II asyr Polibiniň (b.e. öň 198–117-nji ýy.) asyry bolup, syýasatda-da, Aheý bileleşigindäki uruşlarda hem onuň täsiri uly bolupdyr. Pindi söweşinden soň Rime äkidilip, ol ýerde Sisipion Emil we Panesiýa bilen dostlaşýar. Ol Gresiýa b.e. öň 146-njy ýylda dolanyp gelýär. Onuň taryhy b.e. öň 221–146-njy ýyllar aralygyny beýan edýär. Onuň ýazan 5 kitabynyň diňe 1-nji kitaby, galan kitaplarynyň bolsa esasy bölekleri saklanyp galypdyr. Emma taryhçy Liwiý onuň eserlerinden peýdalanypdyr. Polibiý arhiw maglumatlaryndan hem-de köp sanly resmi çeşmelerden peýdalanypdyr, emma onuň ylmy taýdan taýýarlygy bolmandyr. Ol güýçli syýasatçy bolansoň, syýasatçylar üçin özüniň syýasy işlerini hem ýazypdyr. Polibiý geçmişden geljek üçin sapak alyp boljakdygyna berk ynanypdyr, emma güýçli syýasatçylygyna garamazdan, ol öz işlerinde Aheý bileleşiginiň gurluşyny ýazmaklygy ýatdan çykarypdyr. Polibiniň esasy temasy Rimiň Ortaýer deňzi ugrundaky alyp baran uruşlary bolupdyr. Emma ol Rimiň

basybalyjylykly ýörişlerini mahabatlandyran hem bolsa, Gannibal barada hakykaty ýazmaga çalşypdyr. Polibiý öz zamanyna we adamlaryna oňat düşünipdir. Ol Gresiýanyň hem, şol sanda Rimiň hem içki ýagdaýyny oňat bilipdir. Polibiý wakalaryň sebäplerine çuňňur göz ýetirip bilmese-de, olar barada netije çykarmakdan çekinmändir. Taryhyň ýeke-täk maksady hakykaty açyp görkezmeklikdigini tekrarlapdyr. Şonuň üçin hem, Gadymy Gresiýanyň taryhyndan işleýän görnükli rus alymy W.S. Sergeýew «Polibiý grek taryhçylarynyň iň beýikleriniň içinde ikinji ýerde durýan taryhyçydyr» diýip gadymy taryhçylara baha beren Memmzeniň Polibiý barada beren kesgitlemesini getirýär.

B.e. öň III asyryň başlarynda ruhanylar Wawilonly Beros hem-de Müsürli Manefon öz ýurtlarynyň taryhyny greklere ýeter ýaly synanyşypdyrlar. Emma hemme taryhçylar Gündogar ýurtlarynyň taryhyny ýazmaga höweslenip durmandyr. Grekler «Awesta» barada, Berosyň «Astralogiýasy» barada habarly bolupdyrlar, olar b.e. öň 300-nji ýylda ýazylan müsürlileriň ýyl senenamasyndan we baýramçylyklaryndan hem habarly bolupdyrlar. Ptolemeý I döwründe Abderydan Gekateý grek dilinde Müsür barada iş ýazypdyr.

B.e. öň III asyryň ahyrlarynda Aleksandriýada köp sanly şahsyýetler barada ömürbeýançylar ýüze çykypdyr. Olaryň içinde iň täsirli ömürbeýançy Satir (b.e. önki 220-nji ý.), Germipp dagy bolupdyr, şol awtorlara öýkünip, Aleksandriýada köp möçberde ömürbeýanlar baradaky maglumatlar toplanypdyr, emma olarda tankydy garaýyşlar bolmandyr. Soňra bu maglumatlar Plutarh tarapyndan peýdalanyp, sungat barada iş ýazypdyr, emma onda ýalan bilen hakykat garyşdyrylypdyr, olaryň haýsy hakyky şahsyýetdigi hem bilinmän galypdyr. Muňa garamazdan, ellinizm ömürbeýançylarynyň içinde has görnüklileriniň biri, asly Karyst şäherinden bolan heýkeltaraş Antigony (b. e. öň 225-nji ý.) öňe çykarypdyr. Antigon b.e. öňki III asyryň filosoflarynyň ömürbeýanlaryny ýazyp nesillere galdyrypdyr .

Ellinçilik döwrüniň geografiýa ylmy hem gülläp ösüpdir. Eratosfeniň «Geografiýa» işinde, awtoryň öz döwründe belli bolan dünýäni beýan edipdir. Ol Aleksandr, Patrokl, Megasfen, Pifiý tarapyndan tanyşdyrylan Ortaýer deňzi sebitini, onuň töweregindäki welaýatlary belläpdir. Şol sebitleriň çet-gyralary bolsa, Eratosfen tarapyndan çak bilen bellenipdir. Ol Günorta Afrika we Hindistan ýarymadasy barada, Gangadan gündogardaky ýerler ýa-da Ýewropanyň we

Aziýanyň demirgazyk ýerleri barada hiç zat ýazmandyr. Emma onuň Ýewfratdan gündogardaky ýurtlar baradaky beýanlary adamlara köp asyrlap diýen ýaly hyzmat edipdir. Onuň giçki döwürdeşi Anatarhid Knidskiý Gyzyl deňziniň kenarlary we onuň halklary barada örän gyzykly hasabat galdyrypdyr. Artemitli Apollodor Baktriýa we Gündogar Türküstan barada ýazypdyr. Köp syýahat eden Efesli Artemidor (tak. b.e. öň 100-nji ý.) geografiýadan umumy eser döredipdir, onuň işinden Srabon hem peýdalanypdyr. Posidonyň işinde hem geografiýa barada köp möçberde ýazgylar galdyrylypdyr. Häzirki wagtda Strabonyň Günbatar Ýewropa halklary barada berýän maglumatlary, Ispaniýanyň tebigy baýlyklary barada Posidonyň işinden alnandygy ykrar edilýär.

Biziň eýýamymyzyň I asyryna degişli hem bolsa, Tiberiniň döwründe özüniň köp tomluk «Geografiýa» kitaby üçin biz Strabona has köp minnetdar bolmalydyrys. «Strabon ýaly awtorlar taryhda az-az bolsa gerek» diýip, awtorlar belleýärler. Strabonyň «Geografiýasynyň» üsti bilen biz şol döwre göz ýetirýäris. Strabon alymlaryň belleýşi ýaly, özbaşdak alym bolmandyr, ol özünden öň geçenleriň işlerini täzeden işläpdir. Emma onuň işlerinde köp sanly saklanyp galan maglumatlar örän zerur meselelere – geografiki taglymatlara, grek polislerine, ykdysadyýete degişli bolupdyr. Ol Gündogar Aziýanyň içki welaýatlary barada köp bilipdir. Onuň kitabynda Aleksandryň we Rodosyň mahabatlandyryp beýan edilişini, Kappodokiýanyň patyşalary we german ruhanylary, hindi fakirleri barada giňden hem yzygiderli beýan edilýär. Onuň işlerinde Frakiýa we Persiýa barada, olaryň baýramçylyklary hakynda, Britaniýa ýa-da Kaspi deňziniň barlanyşy we olarda ençeme beýleki ýurtlar hem-de halklar barada maglumatlar saklanypdyr. Gerodotdan soň şular ýaly owadan sözlenip, gyzykly ýazylan başga kitabyň bolmandygy barada kesgitleme berilýär.

B.e. öň III asyrda ylymlaryň we bilimleriň ösmegine doly mümkinçilik döräpdir. Mysal üçin, Aleksandriýada açylan muzeý diňe Müsüriň ylmy mekezi bolman, eýsem bütin Ortaýer deňiz sebitinde iň uly ylmy merkezleriň biri hasaplanypdyr. Muzeýiň manysy «hudaýlaryň (muzalaryň) ýaşaýan ýeri» diýmekligi aňladypdyr. Muzalar kimlerkä? Grek rowaýatlarynda olar dokuz sany aýal doganlar – hudaýlar eken. Olar sungatyň, ylmyň we edebiýatyň penakäri hasaplanypdyr. Muzeýde meşhur alymlaryň, şahyrlaryň bir topary işläpdir. Geometriýa ylmynyň düýbüni tutan Ewklid, görnükli grek alymy Arhimed we beýleki alymlar

Müsür patyşasynyň çagyrmagy bilen özlerini we Aleksandriýa şäherini şöhratlandyrmak üçin gelipdirler. Olara mugt jaý, nahar, ylmy iş etmek üçin ýörite otag beripdirler. Alymlar we şahyrlar özara duşuşyp, ylmy açyşlary bilen biri-birini tanyşdyrypdyrlar. Mysal üçin, Aristarh Samosly taryhda ilkinji bolup, Ýeriň Günüň daşyndan aýlanýandygy baradaky çaklamasyny aýdypdyr. Geograf Eratosfen bolsa Ýer şarynyň daşyna aýlanyp boljagyny öňünden aýdyp bilipdir. Ewklid matematika ylmynyň ösmegi üçin uly işleri edipdir. Onuň ady belli «Başlangyç» atly kitaby müň ýyllap diýen ýaly geometriýadan okuw kitaby bolupdyr. Şöhrat gazanan alym hemme zatdan beter bilime uly ähmiýet beripdir. Ylym almak üçin ýeňil ýoluň ýokdugyny belläpdir. Bir gezek patyşa Ewklidi ýanyna çagyryp, «Siz geometriýadan hemmelerden oňat baş çykarýarsyňyz diýýärler. Men Müsüriň patyşasy, şu ylmy öwrenesim gelýär, emma meniň wagtym ýok: meniň egnimde döwlet aladalary ýatyr. Çaltyrak maňa şu ylmy öwrediň!» diýipdir. Ewklid oňa «Wah, hökümdarym! Geometriýa ylmyna patyşalaryň ýoly ýok-da!» diýip, jogap beripdir.

Aleksandriýada asman ýyldyzlaryna gözegçilik edilýän obserwatoriýa merkezi we uly kitaphana bolupdyr. Bu ýerde astronomlar we geograflar Ýer şarynyň töwereginiň möçberini hasaplap çykarypdyrlar. Olar gadymy müsürlileriň we wawilonlylaryň ylmy gazananlaryndan peýdalanyp, ýylyň dowamlylygynyň diňe bir sagadyny däl, eýsem, minudyna çenli hasaplapdyrlar. Mysal üçin, Sipparly Kidiniý bir ýylyň dowamlylygyny 365 güň, 5 sagat 41 minut, 4,16 sekunt hasap edip, ol häzirki hasaplamalardan 7 minut 16 sekund tapawut edipdir.

Şeýlelik bilen, ellinçilik döwri diýlip atlandyrylýan döwürde ýaşan döwletleriň (b.e. öň IV asyryň ahyrlary, b.e. öň 30-njy ýyllary) Günbataryň we Gündogaryň ylym-bilimleriniň birleşmegi bolup geçýär. Bu döwürde deňizde ýüzmegiň we gurluşygyň ösmegine, matematikanyň, tebigat bilimleriniň, geografiýanyň hem-de astronomiýanyň ösmegine uly ýol açylypdyr.

Ýygy-ýygydan bolup duran uruşlar we halk gozgalaňlary olary gowşadypdyr. Ortaýer deňziniň gündogaryndaky grek-makedon ellinçilik döwletlerini gowşadypdyr. Göräýmäge kuwwatly döwletler hasap edilse-de, bu döwletler gowşak döwletler bolupdyrlar. Şonuň üçin, olar özlerine howp salýan täze basybalyjylara – Gündogardan Parfiýa, Günbatardan Rime garşy durup bilmändirler we ol döwletleriň golastyna düşüp, öz ýaşamaklaryny bes edipdirler.

## Gadymy Gresiýanyň taryhynyň esasy seneleri

| | |
|---|---|
| B.e. öň III–II müňýyllyk. | Krit-Miken siwilizasiýasy. |
| B.e. öňk XI–IX asyrlar. | Gomerçilik döwür. |
| B.e. öň X asyr. | Spartanyň esaslandyrylmagy. |
| B.e. öň 743–724-nji ýyl. | Birinji Messen urşy. |
| B.e. öň 685–668-nji ýyl. | Ikinji Messen urşy. |
| B.e. öň VIII–VI asyrlar. | Arhaiki döwür. Polisleriň ýüze çykmagy. |
| B.e. öň VIII–VI asyrlar. | Gresiýada koloniýalaşdyryş hereketi. |
| B.e. öň 753–683-nji ýyl. | Arhontlaryň onýyllyk möhlet bilen saýlanan döwri |
| B.e. öň 683-nji ýyl. | Arhontlaryň birýyllyk möhlet bilen saýlanyp başlan wagty. |
| B.e. öň VI asyryň ortasy. | Peloponnes bileleşiginiň döredilmegi. |
| B.e. öň 621-nji ýyl. | Drakontyň kanunlary . |
| B.e. öň 610–546-njy ýyl. | Filosof Anaksimandr. |
| B.e. öň 594-nji ýyl. | Afinada Solonyň özgertmeleri. |
| B.e. öň 560–527-nji ýyl. | Pisistratlaryň tiranlygy. |
| B.e. öň VI asyryň ortalary. | Ilkinji taryhçylar (logograflar). |
| B.e. öň 525–456-njy ýyl. | Dramaturg Eshiliň ýaşan we döredijilikli işlän döwri. |
| B.e. öň 508-nji ýyl. | Klisfeniň özgertmeleri. |
| B.e. öň 500–449-njy ýyl. | Grek-pars uruşlary. |
| B.e. öň 485–425-nji ýyl (takm.) | Taryhyň atasy Gerodotyň ýaşan ýyllary. |
| B.e. öň 460–395-nji ýyl. | Serkerde hem taryhçy Fukididiň ýaşan ýyllary. |
| B.e. öň 500–494-nji ýyl. | Kiçi Aziýa grekleriniň parslara garşy gozgalaňy. |
| B.e.öň 490-njy ýyl. | Marafon söweşi. |
| B.e. öň 430–355-nji ýyl. | Serkerde we taryhçy Ksenofontyň ýaşan ýyllary. |
| B.e. öň 480-nji ýyl. | Kserksiň Gresiýa ýörişi we Salamin söweşi. |

| | |
|---|---|
| B.e. öň 479-njy ýyl. | Plateýanyň etegindäki söweş, parslaryň Gresiýadan kowulmagy. |
| B.e. öň 478–477-nji ýyl. | Delos bileleşiginiň döremegi (Afina deňiz bileleşigi). |
| B.e. öň 449-njy ýyl. | Kalliý ýaraşygy. |
| B.e. öň 457–446-njy ýyl. | Kiçi Peloponnes urşy. |
| B.e. öň 431–404-nji ýyl. | Peloponnes urşy. |
| B.e. öň 443-nji ýyl. | Afinada Perikliň dolandyryp başlamagy. |
| B.e. öň 431–421-nji ýyl. | Arhidam urşy. |
| B.e. öň 413–404-nji ýyl. | Dekeleý urşy. |
| B.e. öň 412-nji ýyl. | Spartanyň Parslar bilen ýaran bolmagy. |
| B.e. öň 411-nji ýyl. | Afinada oligarhlaryň döwlet agdarylyşygy. |
| B.e. öň 404-nji ýyl. | Afinanyň ýeňilmegi; Afina bileleşiginiň dargadylmagy. |
| B.e. öň 427–347-nji ýyl. | Filosof Platonyň ýaşan ýyllary. |
| B.e. öň 400–387-nji ýyl. | Spartanyň parslar bilen urşy. |
| B.e. öň 387-nji ýyl. | Platonyň Akademiýasynyň esaslandyrylmagy. |
| B.e. öň 378-nji ýyl. | Ikinji Afina deňiz bileleşiginiň döremegi. |
| B.e. öň 384–322- nji ýyl. | Filosof Aristoteliň ýaşan ýyllary. |
| B.e. öň 384–322-nji ýyl. | Dilewar Demosfenyň ýaşan we işlän döwri. |
| B.e. öň 365–300-nji ýyl. | Matematik Ewklidiň ýaşan ýyllary. |
| B.e. öň 287–212-nji ýyl. | Fizik we matematik Arhimediň ýaşan ýyllary. |
| B.e. öň 357–355-nji ýyl. | Ikinji Afina deňiz bileleşiginiň dargamagy. |
| B.e. öň 359–336-njy ýyl. | Filipp II-niň Makedoniýada patyşalyk etmegi. |
| B.e. öň 334–325-nji ýyl. | Aleksandryň goşunynyň Gündogara ýörişi. |
| B.e. öň 334-nji ýyl. | Granik söweşi. |
| B.e. öň 333-nji ýyl. | Issa söweşi. |
| B.e. öň 332–331-nji ýyl. | Aleksandryň Müsürde bolmagy. |
| B.e. öň 331-nji ýyl. | Gawgameliň etegindäki söweş. Wawilonyň, Suzynyň we Persopolyň basylyp alynmagy. |
| B.e. öň 330–328-nji ýý. | Gündogar Eýrany we Orta Aziýany basyp almagy. |
| B.e. öň 327–325-nji ýyl. | Aleksandryň Hindistana ýörişi. |
| B.e. öň 323-nji ýyl. | Aleksandryň ölümi. |
| B.e. öň 312-nji ýyl. | Selewkiň derýa aralygyny basyp almagy. |
| B.e. öň 396–361-nji ýyl. | Antioh I patyşalyk etmegi. |
| B.e. öň 281-nji ýyl. | Patyşa Selewkiň öldürilmegi. |
| B.e. öň 280-nji ýyl. | Aheý bileleşiginiň döremegi. |

18 Sargyt № 2730

| | |
|---|---|
| B.e. öň 241-nji ýyl. | Pergam patyşalygynyň döremegi. |
| B.e. öň 200–120-nji ýyl. | Taryhçy Polibiniň ýaşan ýyllary. |
| B.e. öň 196-njy ýyl. | Flaminiň Gresiýanyň Makedon agalygyndan azatlygyny yglan etmegi. |
| B.e. öň 146-njy ýyl. | Makedoniýanyň Rim welýatyna öwrülmegi. |
| B.e. öň 133-nji ýyl. | Pergamyň Rime birleşdirilmegi. |
| B.e. öň 90–21-nji ýyl. | Diodor Sisiliýskiniň ýaşan ýyllary. |
| B.e. öň 64-nji ýyl. | Rimiň Selewkileriň döwletini basyp almagy. |
| B.e. öň 27-nji ýyl. | Gresiýada Rim welaýaty Ahaýýanyň döredilmegi. |
| B.e. 46–126-njy ýyl. | Ýazyjy Plutarhyň ýaşan ýyllary. |
| B.e. 95–170-nji ýyl. | Taryhçy Arrianyň ýaşan ýyllary. |

## PEÝDALAKYLAN EDEBIÝATLAR


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. – Aşgabat, 2007.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, Halky söýmek bagtdyr. – Aşgabat, 2007.

3. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Eserler ýygyndysy. I tom.– Aşgabat, 2007.

4. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Täze galkynyş eýýamy. Wakalaryň senenamasy. – Aşgabat, 2007.

5. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I-nji tom. – Aşgabat, 2008.

6. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. II-nji tom. – Aşgabat, 2009.

7. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. III-nji tom. – Aşgabat, 2010.

8. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. IV-nji tom. – Aşgabat, 2011.

9. Türkmenistanyň Prezidenti G.M. Berdimuhamedowyň XIX Halk Maslahatynda sözlän sözi. //Miras. 2007. N1.

10. Türkmenistanyň XX Halk Maslahatynyň mejlisi.// Watan, 2007, 31-nji mart.

11. «Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň Permany.// Türkmenistan, 2007, 16-njy fewral.

12. «Bilim – terbiýeçilik edaralarynyň işini kämilleşdirmek hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary. //Türkmenistan, 2007, 5-nji mart.

13. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Umumymilli «Galkynyş» Hereketiniň we Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň nobatdan daşary V gurultaýlarynyň bilelikdäki mejlisinde sözlän sözi. – Aşgabat, 2007.

14. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal. – Aşgabat, 2007.

15. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyryşy. I–II tom. – Aşgabat, 2010.

16. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri. III–IV tom. – Aşgabat, 2012.

17. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan melhemler mekany. Aşgabat, 2011.

18. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Älem içre at gezer. – Aşgabat, 2011.

19. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Janly rowaýat. – Aşgabat, 2011.

20. История древней Греции./ Под редак. В. И. Авдиева и Н.Н. Пикуса. – М., 1962.

21. История древней Греции. /Под редак. В. И. Кузищина. – М., 1986, изд. 2-е 1996, изд 3-е, 2003.

22. *Сергеев В.С.* История древней Греции. Изд. 3-е. – М., 1963; Изд. 4-е. – М., 2002.

23. *Гомер.* Илиада. Пер. Н.И. Гнедича. Л. 1990.

24. *Гомер.* Одиссея. Пер. В.А. Жуковского. М. 1986.

25. *Андреев Ю.В.* Раннегреческий полис (гомеровский период). – Л., 1976.

26. Античная Греция. Проблеми развития полиса. Т.1–2. – М.,1983.

27. *Фролов Е.Д.* Рождение греческого полиса. – Л., 1988.

28. *Доватур А.И.* Рабство в Аттике VI–V вв. до н. – Л., 1980.

29. *Молчанов А.А.* Социалные структуры и общественные отнощениия в Греции II тыс. до. н.э. – М., 2000.

30. *Яйленко В.П.* Греческая kолонизация VII–III вв. до н. э. – М., 1982.

31. *Бенгтсон Г.* Правители эпохи эллинизма. / Перевод с немецкого. Е.Д. Фролова – М., 1982.

32. *Лурье С.Я.* Демокрит. Тексты. Реревод. Исследования. Л., 1970.

33. *Есхил.* Трагедии. Пер. В.Иванова. М., 1989.

34. *Арриан.* Поход Александра. Рер. М.Е. Сергеенко. СПб. 1993.

35. *Дройзен И.Г.* История эллинизма. Т.1–3. – СПб., 1997–1999.

36. *Кошеленко Г.А.* Греческий полис на эллинистическом Востоке. – М., 1979.

37. *Колобова К.М.* Древняя Спарта (X–VI вв. до н. э.) Л., 1957.

38. *Колобова К.М.* Возникновение и развитие Афинского государсва (X–VI вв. до н. э.) Л., 1958.

39. *Колобова К.М.* Древний город Афины и его памятники. Л., 1961.

40. *Молчанов А.А.* Социалъные структуры и общественные отношения в Греции II тыс. до н. э. М., 2000.

41. Историки античности: в двух томах. Том I., Древняя Греция. – М., 1989.

42. *Щифман И.Щ.* Александр Македонский. – Л., 1988.
43. *Маринович Л.П.* Греки и Александр Македонский. – М. 1993.
44. *Бикерман Е.* Государство Селевкидов. – М., 1985.
45. Словарь античности. / Под. ред. В.И.Кузищина. – М., 1989.
46. *Геродот.* История в девяти kнигах. – Л., 1972. (Переиздан.: – М., 1993.).
47. *Аристотель.* Политика. Афинская полития. – М., 1997.
48. *Демосфен.* Речи. Т. 1–3. – М., 1994.
49. *Ксенофонт.* Греческая история. – СПб., 1993.
50. *Полибий.* Всеобщая история. Т. 1–3. СПб., 1994–1995.
51. *Фукидид.* История. Т. 1–2. – СПб., 1994.
52. Ораторы Греции. Сост. М.Л. Гаспаров. – М., 1985.
53. *Курций Руф Квинт.* История Александра Македонского. – М., 1993.
54. *Зелин К.К.* Борьба политических группировок в Аттике в VI в. до. н. э. М., 1964.
55. *Непонт, Корнелий. О* знаменитых иноземных полководцах. Пер. Н.Н. Трухиной. – М.. 1992.
56. *Радциг С.И.* История дренегреческой литературы. Изд. 5-е М., 1982.
57. *Фролов Э.Д.* Греческие тираны (до н. э.). – Л., 1972.
58. Политическая история Ахеменидской державы. – М. 1985.
59. *Полевой В.М.* Искусство Греции. Древний мир. – М., 1970.
60. *Щофман А.С.* Распад империи Александра Македонского. – Казань, 1984.
61. История древней Греции. /Под редак. В. И. Авдиева. – М., 1972.
62. *Маркин С.П.* Гомер и его поэмы. – М., 1964.
63. *Тарн. В.* Эллинистичесая цивилизация. – М., 1969.
64. *Сизов С.К.* Ахейский союз. История древнегречесского федеративного государства (281–221 гг. до н.э.). – М., 1989.
65. Исследования по истории Афинской морской державы. – М., 1976.
66. Античные риторики. Под ред. А.А. Тахо-Годи. М. 1988.
67. Түркменистаның тарыхы. 1-нжи том. – Ашгабат, 1959.
68. *B. Esenow, G. Ataýewa.* Gadymy dünýä taryhy. – Aşgabat, 2010.

## MAZMUNY

Giriş. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 7
I. Gadymy Gresiýanyň taryhy çesmeleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 18
II. Gresiýa Krit we Miken siwilizasiýalary döwründe . . . . . . . . . . 40
III. Gresiýa Gomerçilik zamanda (b. e. öňki XI–IX asyrlar) . . . . . 57
IV. Gresiýada polis gurluşly gul eýeçilik döwletleriniň
kemala gelmegi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 69
V. Gresiýa «Beýik koloniýalaşdyryş
hereketi» döwründe (b.e. öň VIII–VI asyrlar) . . . . . . . . . . . . . . . . 79
VI. Peloponnes. b.e. öň VIII–VI asyrlarda . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 90
VII. Gadymy Attika. Afiny döwletiniň döremegi . . . . . . . . . . . . . 106
VIII. B.e. öň VIII–VI asyrlarda Gresiýanyň medeniýeti . . . . . . . 128
IX. Grek-Pars uruşlary we onuň netijeleri . . . . . . . . . . . . . . . . . 135
X. Afina demokratiýasynyň gülläp ösmegi . . . . . . . . . . . . . . . . . . 161
XI. Peloponnes urşy (b.e. öň 431–404-nji ýý.) . . . . . . . . . . . . . . 171
XII. Grek taryhynyň nusgawy döwrüniň medeniýeti . . . . . . . . . . 183
XIII. Gadymy Grek akyldarlary. Gresiýada binagärçilik
we heýkeltaraşlyk sungatynyň ösmegi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 195
XIV. Gresiýa b.e. öň IV asyryň birinji ýarymynda . . . . . . . . . . . . 204
XV. Makedoniýanyň ýokary göterilmegi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 215
XVI. Makedoniýaly Aleksandryň uly döwletiniň döreýişi . . . . . . . . 226
XVII. Makedoniýaly Aleksandryň monarhiýasynyň
ýykylmagy. Ellinçilik döwletleriň döremegi. . . . . . . . . . . . . . . . 241
XVIII. Ellinizm döwrüniň medeniýeti . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 261
Gadymy Gresiýanyň taryhynyň esasy seneleri . . . . . . . . . . . . . . . 272
Edebiýat . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 275
Gadymy Gresiýanyň taryhy boýunça peýdalanylan
edebiýatlar. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 277

*Berdi Esenow, Hojaberdi Çakanow*

# GADYMY DÜNÝÄ TARYHY
## (GRESIÝA)

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

Redaktor *H. Sapargulyýew*
Teh. redaktory *O. Nurýagdyýewa*

Çap etmäge rugsat edildi 03.04.2013.
Ölçegi 60 x 90 1/16. Şertli çap listi 17,5.
Şertli-reňkli ottiski 52,5. Hasap-neşir listi 17,7.
Çap listi 17,5. Sany 600. Sargyt № 2730.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744004. Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.